AGAGELDI ALLANAZAROW



# OJAK



Aşgabat
«Ylym» neşirýaty
2008

UOK 894.361
A 48

**Agageldi Allanazarow. Ojak: romanlar we nowellalar.**
**Ylym neşirýaty 2008 ýyl.**

Türkmenistanyň häzirki zaman, Beýik Galkynyşlar eýýamynyň tanymal ýazyjylarynyň biri Agageldi Allanazarowyň «Ojak» atly bu kitabyna onuň soňky ýyllarda döreden «Sürgünler», «Düwlen» romanlary bilen birlikde nowellalarynyň hem birnäçesi girizildi.

«Sürgünler» romanynda XX asyryň başlarynda Türkmenistanyň günorta etraplarynda ýarym çarwa, ýarym daýhan hojalyklaryň täze sowet hökümetini kabul edişleri, kolhoz gurluşygy, bu ugurda alnyp barlan zorlukly, gödek syýasatlar netijesinde paýhyn edilen, tozdurylan maşgalalaryň agyr pajygasy taryhy maglumatlar esasynda beýan edilýär. Roman türkmen halkynyň bellibir döwürdäki taryhy bolmak bilen birlikde ol öz okyjylaryny häzirki parahat durmuşyň— Beýik Galkynyşlar eýýamymyzyň gadyryny bilmeklige, mertebesine dokunmaklyga çagyrýar.

«Düwlen» romany ýazyjynyň soňky ýyllarda döreden eserleriniň biri bolup, onda ykbal tüweleýine düşen we durmuş ýoly asla garaşylmadyk ýerlerden gelip çykan türkmen ýigidi Balkandyr nemes gyzy Bertanyň dartgynly ykbaly yzarlanýar.

KBK 84. Tür 7

© Allanazarow A., 2008.

# ÝAZYJYDAN

Men häzirki okyjylara hödürleýän iki romandan we birnäçe nowellalardan ybarat kitabymy otuz ýyldan gowrak wagt bäri ýazyp gelýän eserlerimiň dowamy hasap edýärin. Ähli ýazan kitaplarymy özünde jemleýän ol kitabyň ady «Ojak». Ynsan ojagy, onuň keramatydyr mukaddesligi barada anyk haçan pikir edip ugranlygym ýadymda ýok, ýöne ir bolmaly, ol meniň çagalyk ýyllarym bilen bagly bolmaly.

...Otuzynjy ýyllaryň «basha-bas, tutha-tutlugy» biziň maşgalamyzyň hem üstünden ätläp geçmändir. Meniň atam Orazgeldidir onuň inisi «kulakçylyga» çekilip, maşgalasy bilen olaryň hersi bir ýerden — Orazgylyç Özbegistandan, Orazgeldi Gazagystanyň Akmolla oblastyndaky 31-nji sürgün barakçylygyndan çykarylypdyr. Meniň kakamdyr ejem hem on alty ýylyň agyr sergezdançylygyndan soň, pida baryny çeke-çeke şol ýerden ata Watana gaýdyp gelen adamlardyr. Şonuň üçinem ynsan mukaddesligi, onuň ojagy barada pikir öwürmek maňa gandan geçen bolmagy-da juda ahmal. Ynsan öz ojagyna hyýanat eden adamy onuň kimligine, derejesine seretmezden halamaýar, hiç haçan unutmaýar.

Bu dowzahyň içinden gaýdyp gelenleriň gürrüňlerinden meniň çagalykda gulaklarym ganypdy. Pikirimde özümem olar bilen telim gezek şol ot-ýalnyň içinde gezipdim.

Şonuň üçinem meniň öwran-öwran ynsan ojagy barada pikir öwrüp, köwsarlap, eser döredip ýörmegim, agyr söweşden aman sypyp, indem bir çetde ýarasyny ýalap oturan gurda meňzeýänligini pikir edýärin.

Ynsan ojagy barada oýlanan mahalym her gezek diýen ýaly guş durmuşy bilen bagly bolan bir gören hadysam ýadyma düşýär... Şonda guşlaryň howsalaly we hasratly jürküldileri meniň ünsümi özüne çekipdi. Ine, bir görsem, harasat bir bag şahasyn-

daky guş höwürtgesini ýere alyp düşüpdir. Höwürtgäniň içinde-de heniz doly ganat-per ýasanyp, uçmaga ýetişmedik guş çagalarynyňam birnäçesi bar bolsa näme!

Biçäre ata hem ene serçe şonda öz dargan höwürtgesiniň daşynda jürküldeşip, haýygyşyp şeýlebir janlaryny ýakyp köwsarlap, pelesaň urýarlar welin, köňüller lerzan alýar. Meniň bolsa ol hadysa ojagy ýykylyp, yzanda-çuwan edilip, alnyp gidilen öz mähribanlarymy ýadyma salýar.

Bu wagta çenli maňa eýýäm şol özümiň kalbymda besläp ýören «Ojak» atly eserler toplumymyň ençeme kitaplaryny ýazyp, okyjylara ýetirmek hem miýesser etdi. Olardan: «Ýedi däne», «Iner ýüki», «Gyr atyň howalasy», «Çat açan menzil», «Kalbyma hem alysa syýahat», «Çöl kanuny», «Ak ýelken» ýaly onlarça kyssa eserlerimi we çagalara niýetlenen «A» ýazýan», «Çölüň deňiz günleri», «Şol bir gezek uçan it», «Güneşli gämi» ýaly ençeme kitaplarymy ýatlap bilerin. Ol eserler dürli döwürlerde dünýäniň 14 diline 5 milliondan gowrak san bilen ýaýrapdy.

Men bu kitabyma giren «Sürgünler» romanymyň üsti bilen şol ýyllarda ýaşan öz maşgalamyzyň hem-de ýeneki beýleki ykbaldaş maşgalalaryň mysalynda şol adamzadyň başyndan inen bu betbagtlygy görkezmäge çalyşdym. Olar şol ot-ýalnyň içinde hem öz mertebe mynasybetliklerini saklan gaýratly ynsanlar bolupdyrlar.

Ýygynda giren «Düwlen» atly romanda bolsa ykbal tüweleýine düşen we durmuş ýoly asla garaşylmadyk ýerlerden gelip çykan Balkandyr Bertanyň dartgynly ykbaly yzarlanylýar. Dünýäde iki hasabyň barlygy, ol hasabyň biri ynsanyň öz arasynda ýöreýän hasap bolup, ikinji hasabyň Taňrynyň hasabydygy görkezilmäge çalşylýar.

Şeýle-de bu kitaba meniň soňky ýyllarda ýazan durmuşy nowellalarymyň hem birnäçesi girizildi. Bular hem meniň şol arsyz wagtdan bäri ýazyp ýören «Ojak» eserimiň özboluşly ýetnesi bolar diýip tama edýärin.

*Watandan jyda düşüp, yat ýurtlarda galan: mähriban atam -- Orazgeldi Kymyş -- Gaplaň oglunyň, enem -- Oguljuma Mämmet han -- Düýeji gyzynyň ýagty ýadygärligine bagyşlaýaryn.*



# SÜRGÜNLER

ROMAN

***1917-1930-njy ýyllarda Türkmenistandan baý--kulak diýlip sürgün edilenleriň sany 900 müňden gowrak adamdy, şol ýyllar ýat illerden mesgen gözläp, ýurtdan çykanlaryň sany 4 milliondan geçdi.***

***(Taryhy maglumat)***

## BIRINJI BÖLÜM

Kymyş duzçynyň maşgalasyna degişli alty ganat ak öýleriň üçüsi obanyň ileri başynda hatar gurşup, tegelenişip otyrdylar. Öýler bir-birleriniň golaýynda, üstesine-de, töwerekdäki beýleki öýlerdenem birneme beýigräkde tutulyp, tüýnükleriniň hem ýerli-ýerden asmana uzap çowlanyp durşy bilen olar adaty gümmezekläp, gupba bolup oturýan öý tüýnüklerine däl-de, bile biten ýaly bolşup oturan, hatarly metjit-medrese gümmezlerini ýada salýardylar.

Öz gözbaşyny obadan allowarrada Murgabyň alkymyndan çykyp, onuň bol suwunyň bir bölegini bölüp özüne alýan jar şondan soň ýene biraz düzlük bilen towlanyp akýardy-da, onuň kert bolup gutaran ýerine ýetibem ýene-de, harsa şol ýerde köw berip, ýeňseligine demirgazyga tarap öwrülýärdi, ol ýerdäki Pendi baýyrlary bilen Söýünaly obasynyň aralygyndaky ýazgyn meýdan bolup oturan peslige inip, ondanam Kymyş duzçynyň öýleriniň oturan depesiniň aşak etegini ýalap, lummurdap joşgunly akýardy.

Kymyş duzçynyň öýleriniň oturşy-da onuň kalby ýaly heserli hem buýsançlydy.

Söýünaly obasynyň ilersini demirgazyk-günortalygyna ýumrulanyşyp, ýaýlyp gidýän Pendi baýyrlary dykylyşyp gelip, eýemsirenişip oturan bolsa, onuň gaýra tarapyny Garabil baýyrlyklary öz günorta gitdigiňçe barha başy asmana göterilýän depeleri bilen gabalap otyrdylar. Şonuň üçinem Söýünaly adaty obalaryň birine däl-de, ähmiýetli, töweregine seleň beg diwarlaryny aýlap oturan gala-berkitmelere has meňzeşdi. Gijelerine bu töweregiň baýyrlary bir ýerlerden gelip, obanyň gapdalynda dem-dynç almak üçin ýük ýazdyryp, çöküp oturan, tizden daň atmanka ýene oňa ýüklerini urşup, ýeriň pessi bilen bu ýerden göterilip gidibererli kerwen düýelerine meňzeşip otyrdy.

Öýleriň ortakysynda Kymyş duzçynyň özi, kempiri, öý-işikli ogullarynyň ese-boýa galan çagalary bilen ýaşasa, gapdaldaky öýleriň hersinde onuň bir ogly çülpe çagalarydyr öz keýwanylary bilen ýaşaýardylar.

Söýünalylylar indi bu derede iki-üç är ömründen bäri otyrdylar. Obanyň töweregindäki ähli ekin ýerlerini olar jeňňeldir doňuz agynap ýören jork batgalyklaryň elinden alyp, ony ençeme ýyllaryň dowamynda öz gara zähmetleri bilen bol hasyl önýän ekinzarlyklara öwrüpdiler. Şonuň üçin bolsa gerek, söýünalylylar obalaryna höwrügip, öz ertirki ykballaryny hem onuň bilen berk baglaşyp ýaşaýardylar. Kymyş duzçy haýransyz mal-mülküň, haýbatly il begliginiň eýesi bolmasa-da, mynasybetli hem mertebeli ýaşaýardy. Onuň maşgalasy söýünalynyň orta gurply hojalyklaryň birisidi. Özi-de Kymyş duzçy bu ýagdaýyny kyrk ýyla golaý wagtyň dowamynda, kyrk ýaşynyň içinde Gurban baýyň 28 ýaşly gyzy Oguljemala öýlenip, soňra ondan önüp-örňän iki ogluny hem ösdürip ýetişdirip, özüniň gün-güzeran aladalaryna gatyp, iliň gözüniň öňünde halal gara zähmeti bilen diş-dyrnak

bolup gazanypdy. Has-da oňa edeni rowaç alyp, sygyr maly düşüpdi. Häzir onuň ýüze golaý gara maly bolup, çekenede hem ýüzden gowrak maýda maly bardy. Indi telim ýyldan bäri onuň oglanlarynyň gelinleri gapylarynda on sekiz-ýigrimi sany göleli sygyr sagýardylar. Kymyş duzçy öňem-ä öýleneni bäri güni özünden ötmeýän adam däldi welin, ol ogullaryny asyl-degerli ýerlerden öýlendirensoň, hasam özüni tutup, gurplanypdy.

Ol ogullarynyň ulusyna mertebeli Mämmet han düýejiniň gyzlarynyň birisini, körpe ogluna Ýaz baýyň gyzlarynyň mynasybetli birini alyp beripdi.

Şeýdibem, ine, altmyş ýyldan gowrak wagta çeken ýetde-gütde durmuşdan soň, Kymyş baýyň ömrüniň häzirki mynasybetli, döwletli döwrany başlanypdy. Kymyş duzçynyň özi welin bu wagta çenli ýaşy paýawlap, ýagşy gojalypdy: ak sakgally, eli hasaly, boldan tikilen ak mytgal köýnegiň üstünden ýeňiljek ýalaňtar don geýip gezýän, ýagyrnysy biraz küýkeren, perişdesypat ýagşyzada öwrülipdi.

Barybir, ol gojalany bilenem öýüň güzerany bilen bagly aladalardan çetde galyp bilmeýärdi, oglanlary meýdan işinde mahaly mal-hala seredişerdi. Eşegini münüp gidip, ony hykyladyp otdan mas ýükläp gelibermesi hem bardy.

Jepakeşlik bilen, ýerli-ýerden maşgala aladalaryna bagly işleri özlerinden bilip, gamyny edip ýören oglanlaryna gojanyň beýdip, garry halyna ota-çöpe bulaşyp ýörmegi ýaramazdy. Olar kakalarynyň öz gojalygy bilen bolmagyny isleşip, wagtal-wagtal oňa:

— Akga, indi siz oturyberseňizem bolardy, edip ýörüs-ä özümiz! — diýşip, birhili, indiden soň atalaryny azaba gatyp ýörenleri üçin özleriniň müýnürgeýändiklerini hem oňa duýduryardylar.

Adatça, gojalyk menziline özüni atdym hasap edenleriň köpüsi soňra kem-kemden özlerini bese atandyklaryna, ahyr-

soňy gidilmeli soňky ýola taýynlanýandyklaryna ynanýardylar we sadakadan-sadaka, toýdan-toýa, ýeneki bir çakylyklara, gurbanlyga gezýän ýaly, topar tutuşyp ýören oba sopularyna öwrülýärdiler. Näme üçindir, beýdip sopusyrap ýörmegem Kymyş duzçynyň göwnüne jaý däldi. Ol öýde töre çekilip, ajala garaşýan ýaly bolup gömlüp oturmagy bolsa asla-da halamaýardy. Kymyş duzçy käte öz ýagdaýy barada: «Asyl, men Jemalyň ýanyndan çykman, şeýdip bir hepde-on gün otursam, şonda onuň gepini gepläp zenan aladalaryna goşulyp, özümi eline oklaw-elek alyp, kendirik başyna çöküp, eläp-ýugrup aýala öwrülip barýan ýaly duýýaryn» diýip, Jemal mamanyň hem çetine degip geplärdi. Jemal mama hem şonda bada-bat: «Hä, hany, saňa dagy oklaw-kendirik ynanjak bolup oturan barmy?» diýip, onuň kese gepiniň jogabyny oturan ýerinde basdaşlarça agyz deňäp nagt ederdi.

Her gezek il arasynda Kymyş duzçynyň rysgal-döwletliligi, gönençli güzerany barada gürrüň bolanda «Bir akan ýerinden akarmyş aryk» diýlip, onuň kiçi taýpasy bäşbelalara degişli garry atalary Muhammetgylyç serdar ýatlanardy.

Emma bir öwrümde öz aşagyna dolap alan durmuş labyry bäşbelalara, olaryň Kymyşyna hem wagty bilen ýazylganlyk bermändi.

Ýogsam, käbir bagty getirenler ýaly, onuň hem öýi ata -babasyndan mal-mülk, baýlyk galsa galaýmaly maşgaladandy. Saryklar Maryda oturýan döwürleri maşgalanyň garry atasy Muhammetgylyç serdar il içinde «pylankes» diýilýän derejeli adam bolup gezipdi. Özi-de şol döwrüň rowaýata öwrülen gürrüňleriniň arasynda Muhammetgylyç serdaryň ady köp halatlarda, bir döwürde han bolup sarygyň öňüne düşen baýraçly Gyrmyzy keliň adynyň ýanynda agzalardy. Gürrüňlerde ýaşlary dürli bolsa-da, bu iki il janköýeri agzybirlikde sarygyň hanlygyny bileleşip sürüp, ýurdy daşky duşmanlardan gorap bilen, ýerli begleriň bir-birlerine

raýdaşlygyny gazanyp, il-güne on bäş, ýigrimi ýylam bolsa arkaýyn ýaýnap ýaşamaga mümkinçilik döreden adamlardygyny olaryň gazanan dynçlygyndan soň halkyň mallarynyň artyp baýandyklary, çöllerde-de goýunlaryň öz yzlaryna üç-dört guzy tirkäp gezendigi aýdylýar. Şol ýyllarda sarygyň göterimräk baýlary baýly-gyny göterinip bilmän, öýleriniň maňlaýyna altyndan horaz ýasadyp dakypdyrlar. Ýöne Gyrmyzy keldir Muhammetgylyç serdar parhatçylygy gazanmak üçin näçe jan etseler-de, töwerekde Hywa ýaly güýjüne baýrynyp, dünýäni özüne bakna etmek isleýän hanlyklaryň bolany üçin, olara hem hemişe il başyny beladan gutarmak başardybam durmandyr.

Bu döwürde Hywa öz bäsdeşi Buharanyň, şeýle-de gazagyň, garagalpagyň, owgan tireleriniň üstüne häli-şindi yrsarap, ýörişler edip durupdyr. Tireleri ezberlik bilen bir-birleriniň garşysyna goýup gyrlyşdyrypdyr. Bu halklar Hywadan:

— Dogan bilen dogany,
Sen ýagy eden, Hywa!
Ýalançynyň töründe
Dowzah bolup biten Hywa[1]

— diýip, dat edipdirler.

Şol hökmürowan Hywa hany ýene bir gezekde Marynyň üstüne ýygyn çekip gelip, oňa talaň salypdyr, ahmallygyny aldyran Gyrmyzy keli bolsa ýesir alypdyr. Muhammetgylyç serdar bu döwürde neberesiniň bir bölegi bilen Pendi çölünde ýazlagda, mal başynda gezip ýören eken.

Muhammetgylyç serdaryň aman galanlygyndan habarly Gyrmyzy kel, onuň bu habary eşitse ýöne ýatmajagyna ynanýanlygy üçin, bendi bolup, il arasy bilen sürlüp baryl-

[1] *Garagalpak halk döredijiliginden terjime.*

ýan hem bolsa «Näden-nä bolarkan?» diýip umytda bolupdyr. Hywa hany ýolda her gezek goşun ýolbaşçylaryndan: «Nähili, onsoň, ol boýnuýogyn türkmen hany?» diýip soran mahaly, oňa her gezek: «Han hezretleri! Ol-a wagtal-wagtal: «Muhammetgylyç atly serdarym bardyr!» diýip, başyny dik tutup barýar» diýip habar beripdirler. Oljasy oňan Hywa hany şol wagt bu söze judabir üns hem berip durmandyr, gaýtam: «Eşek ogrusy türkmen samrasa samrabersin, men ony Hywa eltip, ile göz edip dardan asaryn welin, ana, onsoň essini agdyryp, dilini ýuwdup, sallanyp duran türkmeniň bardyr» diýip, päl edipdir.

Muhammetgylyç serdar şonda habar düşenine mähetdel Tejen töwereginde oturan teke, burkaz, Ýolöten töwereginde oturan salyr beglerine habar iberip, özi hem töweregini jemläp, gyssagly ýola düşüpdir.

Hywa ýetmäge bir günlük ýol galanda duşmanyň gapdalyndan aýlanyp, onuň öňünde jemlenişip, garaşyp bukuda ýatan türkmenler ir säher bilen özlerini «Ýurda atdyk» diýip arkaýynlaşan goşunyň üstüne duýdansyz dökülipdirler. Ýene-de: «Ýatanyň üstüne turan gelmesin» diýleni bolupdyr. Duýdansyz zarba duşup, ýan berip ugran goşun soňra elem-ebtat bolup gaçyp ugrapdyr. Muhammetgylyç serdar ýigitleri bilen bir oýuň içinde Hywa goşunlaryna garyşyp söweşip ýörkän, Gyrmyzy kele duşupdyr. Ol dessine:

— Eý, han, ýaragyňa-da, iliňe-de eýelik et indi özüň! — diýip, bir gylyjy oňa bakan oklapdyr. Gyrmyzy kel özüne niýetlenen gylyjy höwes bilen howada gapyp alypdyr. Ýigitleriň biri bolsa hana dessine at eltip beripdir. Arkasy alnyp, depesi gök dirän Gyrmyzy kel şundan soň, gaçyp barýan duşman üstüne at salyp barşyna olaryň hersiniň depesinden gylyç inderen mahaly, şol ýolboýy özüniň toty ýaly gaýtalap gelýän jümlesini ýene-de hetjikläp, buýsançly gaýtalapdyr:

— Aýtdym-a men size, porsy hywalylar: «Muhammetgylyç atly

serdarym bardyr!» diýip, ynanmadyňyz, indi bolsa özüňizden görüň!

Agyr goşunyny gyrdyryp, özüni zordan köşgüne atan Hywa hany şundan soň Muhammetgylyç serdary özüniň aňrybaş duşmany diýip yglan edipdir. Bu bolsa soňra Muhammetgylyç serdar bilen Hywanyň arasyndaky elli ýyla golaý wagta çeken ganly duşmançylyk bolupdyr.

Şundan ýedi-sekiz ýyldan soň, Gyrmyzy kelem dünýäden ötüpdir. Muhammetgylyç serdar bolsa Lebaba gidip, Buhar emiriniň hyzmatynda durmaly bolupdyr. Şeýdibem, onuň Hywa hany bilen gaýduwsyz garşylygynyň ikinji hem örän uzaga çeken agyr döwri başlanypdyr...

Ömrüniň paýawlan döwürleri Muhammetgylyç serdar ýene-de dolanyp gelip, öz Marydaky nebereleriniň arasynda ýaşapdyr. Togsandan geçen garry atasyny bäş-alty ýaşly Kymyşyň özem görüpdi. Onuň hemişe öz bolýan öýüniň töründe ganaty döwlen bürgüt ýaly küýkeribräk, düýrügip, ümürläbräk oturmasy bardy. Ol saryýagyzdan goýungözli, syrylan süýnmegräk kelleli, çuw ak sakgally bir adamdy. Kymyşyň gözünde onuň şu surat-keşbi galypdy. Ol Maryda nebereleriniň arasynda özbaşyna bir öýde «Totam ene» diýlip ady tutulýan aýaly bilen bolýardy.

Totam ene saçyndan ýaňy ak giren, orta boýly, nurana aýaldy. Ol Muhammetgylyç serdaryň iň kiçi aýaly bolup, şonuň bilen bir öýde, özünden önen iki gyzydyr rysgaly bile bolan agtygy Mülkamanyň oglanlarynyň hem iki ulujasyny ýanyna alyp, özleri üçin ýörite tutulan altyganat uly öýde ýaşaýardylar.

Totam ene çagalaryna, agtyklaryna yhlasly bolşy ýaly, öz goja adamsyna hem yhlaslydy: oňa arassa, tämiz geýimler geýdirip, agzyna ýaran tagamlar bişirip, oraza-namazyna hemaýatda bolup, mähirdir alada bilen gurşap ýaşardy.

Totam enäni Muhammetgylyç serdara minnetdarlyk hökmünde onuň ýedi aýalynyň üstüne berenlerinde gyzyň bary-

ýogy on dört ýaşy bardy. Muhammetgylyç serdar bolsa ol döwürde elliden geçen, henizem jahyl ýigit bolup, gylyç syryp, at segredip ýören adamdy. Adaty maşgala gurlanda öz ýakasy, öz etegi bolşup, gyz maşgalalaryny öz biri-birlerine berýän hojalar bu gezek endiklerini öz islegleri bilen bozupdylar. Muňa-da Muhammetgylyç serdaryň şol döwürlerde pygamberimiziň nesli diýip, juda gerek bolanda öwlatlara eden uly ýardamy sebäp bolupdy.

...Şol gezegem wagtal-wagtal öz içinden harasat tapyp, çaýkanyp durýan Buhara çaý-çanak bolup çaýkanypdy. Halk ýene-de Buhara emirine garşy baş göteripdi. Buhara emirini tagtdan düşüreris diýen tama bilen baş göterenler bu gezek, esasanam, şäherde we onuň töwereklerinde ýaşaýan öwlat tire-taýpalary bolupdylar. Ýöne bal iýip, badam gemrip, bal gününe batyp ýören emir aňsatlyga saňa öz tagtyny berýärmi? Bu gezegem ýene emire dürli ýollar bilen bu gozgalaňy basyp ýatyrmak başardypdy. Ol soňra gozgalaňçylardan zalymlyk bilen öç alypdy. Bu gozgalaňa ýolbaşçylyk eden hoja-seýitlere ol hasam zabun darap, olary yzarlap, gyryp, zyndanlara salyp sütem edipdi. Soňra köşk taryhçysy Agehi bu gozgalaňy ýatlap: «Şol günler Buhara darlaryndan sallanyp duranlar, meýdanlarda meýdine çaň syradyp ölüp ýatanlaram şol başbozar hojalardy» diýip ýazýar.

Hojalaryň şundan soň gaçarlaryny aldyryp, hemaýat gözläp, Muhammetgylyç serdary hossar tutunyp ýanyna barmaklaryna hem hut şu pajygaly ýagdaý sebäp bolupdyr. Buhara emiriniň ynamdar goşun serkerdeleriniň biri Muhammetgylyç serdar şol döwürde özüniň dürli milletlerden bolan ýedi aýalynyň bäşisi: iki täjik, özbek, gazak, türkmen aýallary, bala-çagalary bilen bir bölek bolup, özüniň Buharanyň etegindäki galasynda ýaşaýan eken.

Emir serkerdesine sarpa goýýanam bolsa, onuň hojalaryň öňüne düşüp, öz huzuryna ötünje gelmegini halamandyr.

— Be, serdar, sen nireden bularyň toruna çörňeşip ýörsüň? — diýip, ondan nägile bolupdyr.

— Emir hezretleri, boljak iş bolupdyr. Bularam indi özleriniň bozgaklara goşulanlaryna gaty ökünýärler, onsoňam bular, gurbany gitdigim, Muhammet aleýhissalam pygamberimiziňem neberesi bolup durlar. Bulary paýhynlasaňyz, pygamberimiziň ruhy: «Ol ýerde biziň hormatymyz ýokmudy?» diýip, nägile bolmazmy eýsem?

Pygamberiň, ol dünýäniň ýatlanmagy emiri birneme ýumşadypdyr. Ol ahyry:

— Serdar, indi sen şeýdip bularyň öňüne düşüp geleňsoň, raýyňy ýykmaýyn, ýöne Buhara töwereginde men bulary goýmakçy däldirin... Öldürmäýin, ýöne özüň nirä äkitseň äkit, gözüm bir görmesin! — diýipdir.

Muhammetgylyç serdar olary uly kerwen edip göçürip, öz ýurdy Mara getiripdir. Bu akym, aýdyşlaryna görä, soňam hojalaryň Mara gelmesi ygam-sagym iki-üç aýa çekipdir.

Maryda serdaryň yzyna düşürip gelen ýygnyny görüp, ýerli adamlar onuň eden işini halamandyrlar.

— Aý, serdar akga, on ýagşy, ýigrimi ýagşy, munça-da bir hoja bormy? Halk munça hojany nädip götersin? — diýşipdirler.

Şonda Muhammetgylyç serdar hojalara öz neberesiniň ýabyny görkezip: «Häzir-ä düzüliň şunuň boýuna, Çakan ýabyň suwy içmegimize ýetse bor, ekin ekmän, çöle mal çykarybereris» diýýär. Töwerekdäki ildeşlerinden biraz öýkeläp, olara hem: «Sizem ölmän oňsaňyz bolýar» diýipdir. Şu ýerde bile oturylyp ýaşalandan soň, Muhammetgylyç serdaryň kowumdaşlaryna «çakanlar» adyndan başga-da, soňra Maryda ýörgünli bolan «hojabegiler» diyen at hem şonda galypdyr. Emma bu at saryklar Marydan Pendä göçensoňlar biraz unudylypdyr. Diňe çakanlaryň bir bölegi bolan bäşbelalaryň adynyň töwereginde bu lakam bellibir derejede saklanyp

galypdyr.

Muhammetgylyç serdar has-da il içinde özüniň togsan alty ýaşynda görkezen iň soňky hyzmaty bilen bellidi. Soňky Mary dawalarynyň birinde saryklar öz hanlary Pakyr işany hanlykdan düşürip, onuň ornuna on dokuz ýarym ýaşynyň içindäki baýraç Sary hany söweş meýdanynda at üstünde özlerine han göteripdirler.

Şol pursatda öz halkynyň ähli ýüküni egninde duýan Sary han töweregine seredip, biraz terpenip, arka gözläp, geçmişdäki öz iliniň ile baş bolan är kişilerini ýat edip durup:

— Wah, şu mahal ýol kesmäge Gyrmyzy kel, Muhammetgylyç serdar bolan bolsady — diýipdir.

Şonda töweregini gallap duran serdarlaryň içinden biri oňa:

— Ahow, Sary han, Gyrmyzy hanyň-a tapasyň ýok welin, seniň ol diýýän Muhammetgylyç akgaň-a, derdiňe ýarajagyny-ýaramajagyny bilemok, aýatda-ha diridir — diýip, oňa garaşmadyk habaryny aýdypdyr.

Sary han bu habara diýseň begenipdir. Ol Magsut han, Aganýaz serdar ýaly goşunbaşylaryna: «Söweşi dowam etdiriberiň, Muhammetgylyç akga diri bolsa, onda halky uly ýitgisiz alyp çykmagyň bir alajy bolar» diýip, özi töwereginiň bir bölek atlysy bilen şol ýerden göni salgy berlen Söýünaly obasyna depip serdar bilen duşuşmaga howlugypdyr.

Sary han Muhammetgylyç serdaryň bolýan öýüniň öňünde atdan düşüp, aýagyny at basdyranlygyny mälim edip, dyzanaklap, onuň bosagasyndan giripdir hem onuň ilkinji sözi:

— Akga, iliňi halas et! — diýen haýyş bolupdyr.

Muhammetgylyç serdar Sary han bilen görşüp-gürleşip, ony tanansoň, olaryň arasynda ýene-de şeýle tutma-tuturak gürrüň bolupdyr. Serdar:

— Inim Sary, men bir aýagyny göre sokup oturan adam,

sanalgy demim bar — diýse, Sary han:

— Serdar akga, ýöne, şeýle-de bolsa, siz bolmasaňyz, häzir öňe düşüp biljek başga adam ýok. Demiňiz sanalgam bolsa, şol gutarýança gaýrat ediň! diýipdir.

— Onda meni diňle, Sary han! Ýagdaý beýle bolsa, ýagyň gazabyndan bellibir derejede hem bolsa çekilmek gerek bolar. Halky alyp, ýazlag ýurdumyz Pendä tarap çekilmeli. Bir ýany suw edip, Murgap boýuny alyp, ýokary göterilmeli bolarsyň. Eger meni öňe salmakçy bolsaň, onda meniň üçin töweregi, üsti keçe bilen basyrlan bir araba-da taýynlat, özi-de millet, köne endigimiz boýunça, bapma-bap ýöremeli bolar. Ýol kesmek üçin öňden Söýünaly-Bedeň ýöresin. Sag ganatdan pyçakly jantaýlar, duşman sizi böwsüp geçäýende hem onuň bilen deň darkaş gurmaga. Göçüňizi, bek ildir, horasan jemläp gelibersin...

Gürrüň şu ýere ýetende, Sary han durup bilmän, wagty bilen öz taýpasynyň ady tutulmansoň: «Biziň baýraçlar nireden ýöremeli, akga?...» diýipdir. Muhammetgylyç serdar oňa ýüzugra elini salgap: «Baýraç—bitik» diýleni. Siziňkiler ýag ýalap ýören han ilidir, sürülsin-de, ortarakdan ýöräbersin» diýip jogap beripdir.

Sary han şol haýyşa tutup otyrka bir sözünde seniň bu hyzmatyňy ýanyşdyrys diýen manyda oňa: «Serdar akga, tä Ýeriň ýüzünden saryk gutarýança, olar adam başyna bir put däne saňa bergilidir!...» diýibem äht edipdir.

Şeýdibem, Sary hana garry serdaryň maslahaty bilen pähim-paýhasly hereket edip, öz halkyny ezberlik bilen hemişelik derbi-dagyn bolup gitmekden halas edip, onuň uly bölegini sag-aman Pendä aşyrmak başardypdyr. Söýünaly hem şol Muhammetgylyç serdaryň Marydan yzyna düşürip gaýdan obalarynyň birisi bolupdy.

Ata-babadan mal-mülk miras galma nire, zat nire, gaýta, Marydan gaýdylansoň, Muhammetgylyç serdaryň maşgalasy

durmuşda kemsiz büdrän, öz öňki tabyny ýitirip, halys gallaç galan tozgun maşgalalaryň biri bolupdyr. Pendä gelnip, bir ýerde ýer tutulyp oturylyp-oturylmanka öýüň kakasy Mülkaman Mary söweşleriniň birinde alan agyr ýarasyndan ýogalypdy. Onuň wepat bolanyna bir ýyl bolup-bolmanka hem maşgalanyň ejesi, goç ýigidi saýalap, barly beg ojagynyň hatyrasynda ýaşan ene öz ýitgilerine döz gelmän, bäş ogul, bir gyzy döküp, älemden ötüpdi. Muhammetgylyç serdaryň özüniň-ä ýolda nirede depin edilenligi hem belli bolmandyr. Gaýta, serdaryň ölümi hakynda eşidip, halk howsala düşüp çaşyp gider diýen gorky bilen onuň ölümi baradaky habar hem bellibir wagta çenli halkdan gizlin saklanypdyr. Göç Ýolötenden geçen uçurlary serdaryň agtygy Mülkaman atasynyň soňky döwür geýen buhary mesisini, hemişeki gylyç dakynyp gezen bir tarapy demir halkaly gaýyş kemerini öýe getirip: «Şulary bir düwünçege düwüp, belli ýerde goý!» diýip, aýalyna beripdir. Öý eýesi zenan garry gaýyn atasyna bir zat bolanyny şondan aňypdyr.

Ýakyn hossarlaryndan jyda düşensoň, Muhammetgylyç serdaryň maşgalasynyň ýagdaýy «Ýetimiňki—ýetmez gün» diýleni bolupdyr hem-de atalarynyň doganoglany Akmuhammet çakanyň oraçasynyň gapdalynda öz öýlerini dikip oturypdyrlar.

Şundan soň ederini bilmeýänem, öz hakyny almaýanam, ýörär ugrun aňmaýanam şu bäş ýetimek bolupdyr. Şol ýyllarda doganlaryň bäşisiniň bäş ýerden obany söm-söm syryşyp, garynlaryny otaran ýerlerinde günlükçilik edişip ýörenlerini görüp, obanyň käbir bimessebräk adamlary, olaryň utgaşyk atlaryny ýaňsylap: «Eý, ýetimekler, adyňyza seretseň-ä, siziň biriň Arnagylyç, biriň Özbekgylyç, Muhammetgylyjyňyz, Jumagylyç bilen Ödegylyjyňyzam bar, ýöne agyn gylyç bolşup dursuňyz, özüňiz welin bir aşpyçakça-da ýok-la siziň!» diýip, olaryň nalajedeýinlikleriniň üstünden gülerdiler.

Muhammetgylyç serdaryň neberesi Mary dawasyndan soň wagty bilen aýňalyp, özüne gelip bilmedik maşgalalaryň biri bolupdy. Aýny gerek wagty: «Ony eýdiň, muny beýdiň!» diýip, ýol salgy berjek ata-enäniň hem düňderilip-düňderilip ölüp gitmekleri, ýetimleri orta ýolda serdary okdan uçan goşunyň bolşy ýaly, alasarmyk bir ýagdaýa salypdy. At ýerinde aty, hossar ýerinde hossary bolmasa, adam ogluna bir ýykylansoň galmak asla aňsat düşmeýän eken.

Bäş dogan, bäş ýetimek gara günlerine kaýyl bolşup, bäş tirkeş bolup, sansyz-salasyz ýaşap ugraýarlar.

Wagtal-wagtal olary ýatlap, artdyranyndan-süýşüreninden alyp, horasanlylara durmuşa çykarylan aýal doganlary gelip giderdi. Ýuwup-ardyp, atasy öýüni öý etmäge, doganlarynyň hal-ýagdaýyny düzetmäge çalşardy.

Doganlyga galanda bolşy ýaly, onuň öz öýlerine edýän aladalarynyň hemmesi ýürekdendi. Ol doganlaryny aýak üstüne götermek üçin, olara jany ýanyp, örtenip käýinerdi. «Sizdenem bir Hywany sarsdyran Muhammetgylyç serdaryň nesli bolarmy? Beýdip sansyz bolup ýörseňiz, kim size gül ýaly gyzyny rowa görer!» diýibem käýinerdi. Doganlarynyň halyna zenanlarça kemsinip aglardy...

Aý-ýyl geçip, eger-de Magsut hanyň şol dabarasy dag aşan toýy bolmadyk bolsa doganlar, belki, gaflat ukusyndan soňam wagty bilen oýanmasa-da oýanmazdylar. Toý diýseň takyr kelle togarlanmaýarmy näme? Onda-da Magsut ýaly bellibir döwürde han bolup, öz tiresiniň öňüne düşüp, kyn pursatlarda ýol kesip gezen mertebeli adam toý edende?! Beýle adamyň jarçysynyň sesem belent çykýar. Onsoňam beýle adamyň toýunam hemmeleriň şol bir wagtda öz toýlary hasap etmek häsiýeti bar. Ýetimleriň biri Ödegylyç hem şol gezek toý dabarasyna gelip, garylyp-gatylanlaryň biri boldy. Gulja-ganlybaşyň[1] aýal-erkeginiň bary bu gün hyzmatdady. Mal diýseň, bir ýere sürlenip getirilip soýlup dur. Gazanlarda

[1] *Gulja-Ganlybas — taýpa atlary.*

palaw, çekdirme taýynlanyp, oglan-uşaklary, gelen myhmanlary tapgyr-tapgyr naharlap, hezzet-hormat edilýär. Ak esgi, sary esgi atynan zenanlar, gelin-gyzlar, çagalar bilen kowçum-kowçum boluşyp toýa gelýärdiler. Zenanlaryň mylaýym sesleri çagalaryň şowhunly, erkekleriň gatyraw sesleri bilen goşulyşyp, barha joşgunly eşidilýärdi...

Ödegylyç hem gelip, gazan-tabagyň töwereginde tagamly bişen nahardan doýansoň, göreş tutulýan ýere geldi. Halk bolsa eýýäm ortadaky göreş tutuljak ýeriň töwereginde halka atyp, döwre gurap, wag berşip otyrdy. Ödegylyjam gelip, märekäniň yzragy bolup, bir amatlyrak ýerde oturdy. Eger atyma gelse, onuň özüniňem göreşe çykaýmak niýeti hem ýok däldi. Onuň ozalam onuň-munuň toýunda göreş tutup, güýç synanyşyp alaýmasy bardy. Ol näme üçin bu toýda göreş tutmaly dälmişin? Onda-da Magsut han ýaly rysgal-döwletli, mertebe-mynasybetli adamyň toýunda! Ödegylyç soňa-baka bu hyýala halys berlenini hem duýman galdy.

Magsut hanyň toýuna Mary-Tejenden, Sarahs-Maşatdan, Kerki-Ýolötenden atly begzadalaryň gelmegi toýy il içinde has hem mertebeläpdi. Beýle toýuň baýragynyň hem at, düýeden kiçi mal bolmajagy belli zat. Magsut hanyň toýuna Ýolötenden ýanynyň bir bölek atlysy, ýakyn adamlary bilen taýpanyň baş hany Sary han hem gelipdi. Sary hany söweş meýdanynda, at üstünde geçen maslahatda sarygyň hanlygyna hödürlänleriň biri hem Magsut han bolupdy. Sary han hem 1868-nji ýylda tiräni ikä bölüp, ýer-suw bähbidi üçin Amanýap degresine geçende, Pendide galan halkyna baş bolmagy Magsut hana ynanyp gidipdi. Şonuň üçinem sarygyň baş hany bu toýa asla gelmän biljek däldi. Göreş boljak ýeriň bir ýanynda, han-begleriň oturyp göreş synlajak ýerlerine haly-palaslar düşelip, ýörite taýyn edilip goýlupdy. Ödegylyç haly-düşekleriň baýyr-ýapysyny ýaz günlerine meňzedip, gül öwsüp, gözellik bolup oturanyny gözügidijilik bilen synlady. Onýança-da

ýeňseden: «Hany, ýoldan sowluň, hanlar göreş ýere gelýärler» diýip, alakjaşyp, han-begleriň öňlerine düşüp gelýän herdemhyzmat howlukmaç, göterim ýigitleriň birnäçesi peýda boldy. Olar ýerli-ýerden: «Süýşüň, süýşüň» diýşip, gyssanyp, alabasga düşüşip ýörüşlerine geçiljek ýeri gallap oturan adamlaryň käbirini ellerindäki gamçy bilen sähelçe kak-sokam edibem goýberýärdiler. Şonda arkasyny gamçy sähelçe ýalap geçenleriň biri-de Ödegylyç boldy. Olam omzap, töweregindäkiler ýaly öňe-öňe süýşdi. Haçan-da Ödegylyç gelýär diýilýän adamlary görmek üçin ýeňsesine öwrülip, egniniň üstaşyr sereden mahaly Magsut handyr Sary hanyň iki-ýeke basyşyp, özara söz alşyp, alysdan gelen beg-begzadalara baş bolup, aňyrdan gelýändiklerini gördi. Onýança-da olaryň öňünde ikiýana çawjap, ýol açandan bolup gelýän jigitleriň biri: «Süýş, süýş diýilýär size! Sary han dagy göreş görmäge gelýär, süýş!» diýip, kimseleri depip gyssady. Ol edenini az görýän ýaly, adamlaryň süýşýänini görse-de, eliniň gyzgynyna şarpyldadyp, gamçyny hem çalyp goýberýärdi. Ödegylyjyň hem arkasy ot çabran ýaly bolup gitdi. Ol şonda oturan ýerinden nädip turanyny-da duýman galdy. Eli gamçyly jigidiň üstüne hyrs ýaly çalasynlyk bilen topulyp, onuň elindäki gamçysyny gaňryp aldy-da, ony dyzyna urup, iki bölüp, galgadyp, hol beýläk zyňdy. Öýkeli hüňürdedi:

— Gelse gelipdir-dä Sary han. Bolsa özümiz ýaly, bolmasa paşmagymyz ýaly adamdyr-da.

Adamlar ýerli-ýerden gelşip, jigit bilen Ödegylyjy aralan wagty Sary han hem töwereginiň adamlary bilen bu ýere ýakyn gelipdi. Degenek ýigidiň mertebe kemsidiji bu gepi onuň hem gulagyna ilipdi. Sary han südenekleşenleriň gapdalyna gelende, ganyny gaçyryp duran Ödegylyjyň ýüzüne dikanlap, aýak çekdi. Hiç hili söz diýmän, ony biraz siňňin synlady-da:

— Hä, ýigit, sen ýaňy bir gepiňde: «Sary han bolsa

özümizçe, bolmasa paşmagymyzça» diýdiň welin, hany, indi gepiňi bir saýhallap ber maňa! Bu diýen gepiňe jogap berip biljekmi, onsoň, sen? — diýdi.

Ödegylyjyň gahar ugruna aýdyp goýberen sözüniň Sary hanyň çetine degendigi belli boldy. Ödegylyç birbada oňa näme jogap berjegini bilmedi. Sary han bilen birtopar adamyň özüne ümürlenişip bakyp durmagy onuň birbada howuny basypdy. Gepläp, başyny bir bela satyn alandygyna düşünipdi. Indi nädibem bolsa bu ýagdaýdan baş alyp çykmak gerekdi. Bu gepiň ýöne ýere döremänligini Sary han hem han paýhasy bilen öz ýanyndan pikir edipdi. Ol:

— Sen kimlerden bolarsyň? — diýip, çakyny alarman bolup, ýene-de soragyny dowam etdirdi.

Ödegylyç içinden hanyň sorag berip, özüni azysynyň astyna almak üçin, atyma getirmekçi bolýandygyny aňdy. Içki sarsgynyny duýdurman, oňa ata-babasyna meňzäp, merdemsi jogap bermäge çalyşdy:

— Meniň garry atama, han aga, Muhammetgylyç serdar diýýärler...

Töwerekde duran adamlar Muhammetgylyç serdaryň ady geçensoň, Sary hanyň sähelçe aşak bakyp, nämedir bir zatlary ýatlajak ýaly bolanlygyny, hanyň ýüzüniň ýagtylyp, gaşlarynyň hem gerlendigini gördüler. Soňam han: «Ýigid-ä dilinden bela galaý-dow» diýip duran märekäniň öňünde egnine ýelbegeý alan, köşek ýüňünden dokalan çäkmeniniň ýakasyndan tutup, ony çep eli bilen aldy-da:

— Muhammetgylyç akga sarygyň bergisi köpdür! — diýip, mertebeläp, ony Ödegylyjyň egnine atdy. Halky geň galdyryp, şundan soň ýene-de topar bilen öz ýoluny dowam etdirdi.

Sary han ýaly adamyň mertebelän adamy, hany, onsoň, ünssüz galýarmy?! Şu wakadan köp wagt geçmänkä, söýünalyly söwdagärler, doganlar — Zaýyr çöpçüdir Taýyr çöpçi Ödegylyjy

çagyryp, ony öz kerwenlerine ýükçi edip işe alýarlar. Şeýdibem, Ödegylyjyň durmuşynda täze bir ömür başlanýar. Ol kerwen bilen Hyrat, Meýmene, Mary, Maşat, Hywa bazarlaryna gatnap, ili görüp, ýurt synlap başlaýar. Ýene bir gezekde Buhara baranda, garry atasy Muhammetgylyç serdaryň ol ýerde galan neberesini tapyp, atasynyň täjik, gazak, buhar jöhitlerinden, özbek aýallaryndan bolan nesilleri bilen täzeden gatnaşyk açýar.

Söwdagär doganlaryňam bu garadangaýtmaz ýigide göwünleri ýetýär. Bir ýyldan ol öz dogumy bilen kerwen ýanynda bilen ýöreýän on atlydan ybarat goragyň başy bolýar. Şeýdibem, ýetimleri serdar atalarynyň ruhunyň goldaýanlygy, Sary han bilen bolan duşuşygyň bulara düşenligi belli bolýar. Köp wagt geçmänkä Ödegylyjyň talaby bilen Arnagylyç Alaşa baýyň aýal doganyny, Özbekgylyç Kelje baýyň gyzyny, Jumagylyç Dowlat baýyň gyzyny alyp gaçyp, «Ýetim oglan öz göbegini özi keser» edip öýlenýärler. Ýetimler ilki bir salym gaýyn taraplarynyň gazaplaryndan çeträk bolmak üçin jeňňelde, gizlinräk ýerlerde ýaşap gezýärler. Ödegylyjyň, onuň doganlarynyň Taýyr çöpçi bilen Zaýyr çöpçi arkasyny alyp, ara düşensoň gyzlaryň hem hossarlary bilen ylalaşyk gazanylýar. Öýlenen ýigitler oba gelip, il-güne gatylyşyp ýaşap başlaýarlar. Öýde ýeke aýal ýok ýerine üç aýal gelensoň, olara Muhammetgylyç bilen Ödegylyjy guda bolup, süýthaky berip öýlendirmek kynam bolmaýar.

Bäş doganyň öý-öwzarly, mally-hally bolup, özüni tutup ugramagy ähli zadyň hasabyny ýöredip, bahasyny kesip oturan iliňem ünsünden sypmandyr. Olaryň— bäş ýetimek — bäş sany bela ýaly adam bolup dörändiklerini göz öňüne tutup, olara «bäşbela» diýlip at berlipdir. Bäşbelalar aýak üstüne galyp, özlerini tutup ugransoňlar adamsy ýogalan iki çagasy bilen kyn günde galan Horasandaky aýal doganlaryna hem hossar durup, öz ýanlarynda öý dikip göçürip getirip-

dirler. Şeýdibem, gaplaňlaryň çakan-hojabegiler bölegi ikä bölünip, ýetimekleriň neberesine «bäşbelalar» at galýar. Şolaryň içinde uzak ýaşan, henizem ýer basyp ýöreni bir Kymyş duzçudy. Kymyş altmyş ýaşyna golaýlaberende Tagtabazaryň bazarynda dükan ýöredýän Gulam pürsýan diýilýän adam bilen tanşyp, aşnalyk açyp, daýhançylygyndanam başga ýene-de bir pişä ulaşyp gidipdi.

Bir gezek gabatlaşylanda Gulam pürsýan gürrüňden gürrüň çykyp, özüne ýörite haryt daşaýan adam gözleýänini aýdyp, şol adamy tapýança Kymyşdan Ýeroýulanduzdan özüne duz daşap bermegini soraýar. Şeýdibem, ilki Kymyşyň özi, soňra oglanlary duza ulaşyp, Gulam pürsýana duz daşap berýärler.

Ýeroýulan Badhyz baýyrlarynyň arasynda biten tebigy duz känidi. Söýünalydan düýe tartyp gideniňde oňa çenli bir-ýarym günlük ýoldy. Kymyş şol ýerden Gulam pürsýanyň dükanyna gerek bolan duzy çuwallap, harsaň-harsaň goparyp getirýärdi. Duzuň düşewündi uly bolmasa-da, ol düşümli haryt bolup, biriň ikä-üçe barabar bolşy ýaly hümmetlidi. Aňyrsy bir ýyldan gowrak wagtyň içinde Kymyşyň duz daşaýan iki düýesiniň ýanynda ýene iki sany ýük düýesi peýda boldy. Ol indi giden ýerine-de ýorga alaşa münüp, barlanyp, beglenip giderdi. Öň Kymyş Gulam pürsýana duzy gidip getirip beren bolsa, indi ol degirmen gurnap, duzy öz öýünde arassalap, üwäp, girdejisini hasam artdyrypdy. Öýüň gelinleri duzy degirmene salyp, üwäp, ulanyşa has amatly edip bererdiler. Galan-gaçan tokga tutan duz bölekleri bolsa mal-garanyň şoruny ýatyrmak üçin ulanylardy. Her bazar gününiň öňüsyrasy säher-säherler Kymyşlar gapylarynda düýe çökerip, olara ýanap-ýanap çuwal-çuwal duz ýüklärdiler. Degirmenden geçirilip, azap siňdirilen duz soňra bazarda has gowy geçerdi. Gulam pürsýan öz duzçusyndan razydy. Birnäçe ýyl maşgalasy bilen barşyp-gelşip, onuň bilen gadyrly gatnaşykda

ýaşady. Ol soňra Mara göçende hem öz dükanyny minnetdarlyk hökmünde Kymyşyň kiçi ogly Orazgylyja goýup gitdi. Söýünalylylar öňem mahal-mahal bazara gelenlerinde Kymyşyň Gulam pürsýan bilen dükanyň töründe bazaryň habaryny alyp, tirsekleşip çaýlaşyp ýatanlaryny, Orazgylyjyň bolsa dükançy bolup, duz gereklilere gadaklap, putlap duz goýberip, hasaplaşyp, söwda işlerini ýöredip duranyny görýärdiler.

Şondan soň birsalym Tagtabazaryň bazaryny esasy duz bilen üpjün edýänlerem, satýanlaram Kymyşlar bolupdylar.

«Kymyş duzçy» lakamy hem oňa hut şu duz bilen çörňeşenden soň galypdy. Täze häkimiýet 1922-nji ýylda Kymyşlyryň duz dükanyny elinden alyp, ony döwletiň hasabyna geçiripdi. Maşgala dükany bilen düýedir çuwallaryny hem berip, olardan başlaryny gutarsalar kaýyl bolupdylar. Şeýle-de bolsa, olar Kymyş duzçynyň kiçi ogly Orazgylyjy duz kärhanasynyň eýesi hökmünde soňra onuň geljek durmuşyna hyýant etjek gara bellik bilenem hasaba alypdylar...

...Haçan-da dünýä çaýkanyp: «Sen bolşewik, sen baý, basmaçy!» bolnup, adamlar bir-biregi köpürgenişip, Günüň aşagy birek-birekden gysganylyp, atyşyp-tutuşyp ugralan mahaly Kymyş duzçynyň adynyň Kymyş baýa öwrülip, gara mallarynyň baş sany ýüze ýeten günleri bolupdy. Kymyş baý başarsa, uruş-gykylykdan daşrak durmaga çalşardy, şeýtse, ol öýüniň abadançylygyny saklap galmaga mümkinçilik boljagyna göwün baglardy. «Akym ugruna giden mahalymda, maşgalanyň başyna geljek beladan sowularyn» diýip, munuň şeýle boljagyny hem öz ýanyndan assyrynlyk bilen umyt edýärdi. «Dek gezen — dok gezer» edip, gadalyp hiç kime garşy çykmazlyga çalşýardy. «Men!» diýen baýlar malynybaýlygyny alyp, gapdalyndan göç geçirip, ýer süýşen ýaly bolup, Owganystana gidende hem ol göçmändi, gaýta: «Näme bolsagam, Watanda bolaly, ölsegem süňňümizi öz topragymyzyň

gurçuklary iýer, ýat ilde bize: «Gel!» diýip, saçak ýazyp, gujak açyp oturan bolmaz...» diýipdi. Onuň öýli-işikli oglanlary hem kakalarynyň diýenlerini edipdirler. Haçan-da, Sowet döwleti: «Obada kolhoz bolmaly» diýip, ony barly ýaka etmek üçin ilden mal-gara toplap ugranda, Kymyş duzçynyň özi oglanlary bilen çagalaryna süýt-çallyk üçin bir sygry alyp galyp, ýüzden gowrak malyny eltip, oňa meýletin tabşyrypdy: «Başymyz dik bolsa, malam tapylar, beýlekem» diýipdi[1]. Eli gelen bilen oýnuň deň gelmejegini aýdyp, oglanlaryna hem kolhoza girmegi maslahat berenem ýene-de onuň özi bolupdy. Şeýdeninde ol maşgala başbütinligini saklap boljagyna, döwletiňem bu gowy päli gerek ýerinde göz öňünde tutup, özüniňkilere ýamanlyk etmejegine ynanypdy. Dogrusy, häli-häzirä-hä şeýlebir terse ýanap, yrsarap, süýkenip-sürnüp duranam ýokdy. Kymyş duzçynyň oglanlaram, ýekebara adynda bolsalar-da, gazy gazyşyp, ekin ekişip, öz öňki daýhançylyklaryny edişip ýördüler. Ýagdaý hemişe-de şeýle bolaýjaga meňzeýärdi.

* * *

...Bu günem kalby hyjuwly ýazyň dünýäni eýemsirenip, galkynyp-silkinip oturan günleriniň biridi. Ýagyş ýaňyrak diňipdi. Dünýä çygly, arassa howa bilen dem alýardy. Ýerem indi kere-mara çalygmak bilendi.

Kymyş duzçynyň öýleriniň gapdalyndaky hatara ekilen erik agaçlary bireýýämden bäri, başlaryna ak bürenjek atynan gelin bolşup, töwerege ýakymly müşk-ys paýlap, gül-gunça basyrynyşyp otyrdylar. Töwerekde ýagşyň diňenine hezil eden ýelýürek serçeler pelesaň urşup, jürküldeşip uçuşyp-gonuşyp ýördüler.

---

*[1] Bir döwür gelip, şonda bu obanyň taryhy ýazylsa, oba adamlary ol taryhça: «Gyzyl goşun» kolhozynyň gara mallarynyň gönezligi Kymyş baýyňkydyr, onsoň Taganlaram şonda oňa alty sany ýük düýesini goşandyr...» diýip maglumat berer.*

Ýas-ýaňyja eli okaraly towsaklap, daşaryk towuklaryny iýimlemäge giden Ogulbike gidişi ýaly hem ýene dessine yzyna dolanyp geldi. Soňam ol gapynyň agzynda duran ýerinden begenjini mälim edip, tolgunyp demi-demine ýetmän, joşgunly seslendi:

— Gelipdir, mama, gelipdir!..

Hemmeler ilki onuň bolup durşuny görüp, indi bir aý bäri bir ýerlerde obanyň gazysyny ýatymlaý ýatyp gazyp ýören, öýüň iki ogly Orazgeldidir Orazgylyç gaýdyp gelendir öýdüp pikir etdiler.

Indi olaryňam gelse, geler wagty golaýlap ýördi. Maşgala küýsäp, bireýýämden bäri olaryň ýoluna gözleýärdi.

Ogulbike habaryny berip-bermänem, ýene-de temegini taýzardyp, duran ýerinden öwrülip, towsaklap yzyna gidensoň, onuň yzysüre, ol ýere kimiň gelendigini bilmek üçin, öýüň gap böwründe ýüzin ýatan atalarynyň iki bolup arkasyna çykyp, depgileşip duran ýedi-sekiz ýaşly, öýüň iki çüwatym ogly Allanazar bilen Aganazar hem Jemal mamanyň oturan ýerinden goraglap: «Haý, egniňize, başyňyza bir zat geýiň, üşäp iş borsuňyz soň ýogsam!» diýenine hem bakman, atylyşyp-atylyşyp öýden çykdylar. Oglanlar hol beýlede, howlynyň girelgesiniň agzyna kese goýlan germew agajynyň öňünde, öz öýleriniň obada, kolhoz bolnanda atasydyr kakalary bilen öňe salnyp, sürläp eltip kolhoza tabşyran mallarynyň biri, tanyş gara sygryň duranyny gördüler.

Oglanlar ýerli-ýerden: «Gara sygrymyz gelipdir-de, gara sygrymyz gelipdir» diýşip begenişdiler. Ogulbike gulpaklaryny tasadyp, gara sygry hemmelerden öň özüniň görenine begenip, öýden towuklara niýetläp alyp çykan okarasyny indi gara sygryň agzyna tutup, eýýäm ony daşarda özüçe hezzetläp durdy.

Sygyrly habar birsalymdan Kymyş duzçynyň öýüni somsaýak etdi. Özlerinden ulular gapdallaryndan göç geçirişip,

dabyrdaşyp öýden çykansoňlar, olardan has bilesigeliji, kiçileri, nä, öýde saklap bolýarmy!? Mamasynyň gapdalynda ýatan jigisi Rahmanguly bilen oýnaşyp oturan Rahmannazaram şundan soň nämedendir bir zatdan galyp barýan ýaly elini gapa tarap uzadyp, urdy gohy: «Menem gitjek, menem gara sygry görjek!».

Jemal mama bu wagt iki gelnini gapdalynda oturdyp, uly bir kersen uny orta alyp, ojakda hamyrsuwy gyzdyryp, irgözinden çörek bişirmäniň ugruna çykypdy. Gelinleriň biri «hä» diýip, wagtal-wagtal tokga tutup üýşmek bolýan hamyry agdaryp-düňderip, ýumruklap, onuň eýini berse, beýleki biri gerek bolanda, oňa elindäki tüňçeden kerseniň gyrasyna ýyly suwuny guýup berýärdi.

Kymyş duzçy hem bu günler ýagyn-saçyn bahanasy bilen haýsydyr bir zerura gitmeli bolaýmasa, günüň köpüsini öýüniň töründe, garrap tapdan düşen gaplaňa meňzäp, oýaly-ukuly ýatyp geçirerdi. Süňkbaşy iri gojany segsen indi «hä» diýmän, halys sandan goýjaga meňzeýärdi. Haçan-da goja dabyraşyp giden çagalarynyň yzyndan daşarynyň habaryny almaga hasasyna söýenip çykan wagty, hälki çagalaryň «geldi-geldisiniň» yzysüre agtygy Rahmannazar bilen öýden çykyp gaýdan Jemal mama eýýäm ol ýerde gara sygryň maňlaýyny, ýagşa ezilen boýnuny sypalyşdyryp, hamala adam bilen gürleşýän ýaly mähir bilen oňa hoşamaýlyk edip durdy:

— Malym janymdyr meniň,
Malym halymdyr meniň,
Süýdüm-çalymdyr meniň,
Öz malyma döneýin!

— Bizi göresiň gelip gaýdyberdiňmi, onsoň? — diýip, Kymyş duzçy hem aňyrdan gele-gelmäne gara sygyr bilen göwünjeň gürrüňdeşlige geçdi. — Biziň, nä, eýsem-de bolsa,

seni göresimiz gelen däldir öýdýämiň? Göresimiz geldi, onda-da nähili, kempir-ä birki gezek sizi göresi gelip, golhozyň saraýynyň daşyndanam baryp, sizi synlabam gaýtdy öýdýän. Yhlasyň, mähriň siňen malyň gadyram bir başga bolmaýarmy näme?

Gara sygyr bolsa bu wagt, hamala, özi bilen bagly aýdylýan hoşamaý sözlere düşünýäne meňzäp, sulhup durdy. Dile düşmez haýwan-da bolsa, ol hem özüne bildirilýään mähremligi diýseň gowy duýýardy.

Ýugrup-ýasap oturan hamyrlaryny boldum edip, gapdalda basyryp, alaryna goýansoňlar, öýüň gelinleri Oguljuma bilen Amangül ikisem bularyň yzyndan daş çykdylar. Şeýdibem, gara sygryň geleni eşidilensoň, öýde galan bolmady.

Bu wagt gara sygryň öňünde ýaý berşip duran Kymyşlaryň hemmesi häzir üýtgeşik bir begençli pursady başdan geçirýärdiler. Bularyň hemmesiniň häzir gara sygry gowy görýän höregi bilen hezzetläsi gelýärdi.

Kymyş duzçy ötende-geçende öz sygyrlarynyň kolhoz sürüsiniň içinde gezişip, otlaşyp ýörenlerini görse-de, kesekä seňki edilen zat hökmünde olara asla üns bermezlige çalşardy. Adamlaryň arasynda näme-nämeleriň bolýandygyndan habarsyz janawerler bolsa öz eýelerini tanaşyp: «Bizi ýatagymyza sürüp äkitmezmikä?» diýýän ýaly, her gezek onuň yzyndan natuwan seredişip galardylar. Ýöne Kymyş duzçy sygyrlaryň hor-har saklanýandygyny ondan-mundan eşidende welin, durup bilmezdi.

— Haý, enesini doňuz ýalanlar! Ugruna seredip bilmejek bolsaňyz, ol janawerleri eýelerinden alyp näme etjek diýsene!? — diýip, jany ýanyp, kolhoz ýolbaşçylaryna käýineni hem bilmän galardy.

Aňyrdan gelişlerine gelinleriň hersi Jemal mamanyň öňünde onuň etegine çolaşyp, geňgalyjylyk bilen gara sygra näme üçin beýle gadyr goýulýanyna düşünip bilmän duran Rah-

mannazardyr Rahmangulyny alyp, öz gujaklaryna göterensoňlar: «Bu janaweri näme üçin ýatagyna salman, bärde saklap durkalar?» diýip, ýaşmak astyndan bir-birlerine seredişip pyşyrdaşdylar.

Gelinler ýuwaş pyşyrdaşan-da bolsalar, bu pyşyrdy beýleräkde bilindäki halparan guşagyny täzeden çekişdirip, guşanyp duran Kymyş duzçynyň hem gulagyna ýetdi. Ol bir zat ýadyna düşen ýaly, ilki oýurgandy-da, soňundanam agtyklary Aganazar bilen Allanazara tarap göz aýlap:

— Aý, Alla jan, Akgym jan, hany, siz indi myhmany şeýdip, daş işikde saklajak durjakmy? — diýdi.

Aganazardyr Allanazara hem geregi şoldy, şolbada ikisi iki ýerden ylgaşyp, sygryň öňünde kese duran agaç germewi bileleşip göterip, «homp-da, homp» bolşup, bir gapdala aýyrmak bilen boldular. Beýlekilerem soňra ýeňse basyşyp, sygra geçmäge ýol berdiler. Gara sygyr şundan soň ynamly-ynamly ätläp, toýnaklaryny şarkyldadyp, duranlaryň öňünden geçip, on-on iki ädim ýöränsoň, ýatagyň nirededigini özüm bilýän diýýäne meňzäp, üstüne seňňer edilip ot basylyp, aşagy biraz gazylyp, ýokarsyna palçyk diwar galdyrylyp oňarylan ýarym döleli ýatagyna bakan öwrüldi. Maşgala hümerlenişip, ýenede onuň yzyna düşdi.

Kymyşlar-da bular. Obada malyň tabyny bilýän, üşükli maşgalalaryň biri. Beýle maljanly adamlar bolsa hemişe wagtynda malyň otuny-suwuny tapyp, höwes bilen olaryň hyzmatynda durýan adamlar bolýar. Idegi ýeten malyň, onsoň, ini suwlanyp, gerşi gümmezekläbir. Sygyr tüýs çomrynyň maly diýleni-dä, birem ol asla ýagyrnysynda çybyk oýnadylanyny halamaz, ursaň düýrügip, köl süýdüni göz ýaly edip kemäýmesem bardyr onuň. Söýüp, yhlas etseň bolsa, öz düşen öýüne göwni ýeten gelin ýaly ýazylyp-ýaýrap, gönenipgönendirme bilendir.

Gara sygryň öz köne ýatagyny ýatlap gelmegi Kymyşlaryň

ulusynyň-kiçisiniň kalbyny sarsdyryp, ýerinden gozgady. Çagalaryň-a asla wagty bilen onuň töwereginden aýrylasy-da gelmedi. Wepalylyk görkezeni üçin ony aýratyn hormatladylar. Aganazardyr Allanazar, ot kümäniň töründe öz ýeke sygyrlary üçin ýörite saklap, az-azdan gysganybrak berýän bedelerinden, oňa hersi birini gujaklap getirdi. Ogulbike sogan gabygydyr kädi gabygy salnan döwük kerseni getirip, onam sygyryň öňünde goýdy. Ýalmanyp, berlenini hezil edip iýip duran sygra, suwsandyr öýdüp, telim gezek suwam görkezdiler.

Giçlik, öri gaýdar mahaly Kymyş duzçy agtyklarynyň gynanyp-gyýyljaklaryny bilse-de, gepden-gürrüňden daşrak bolmak üçin, bir sam-samyň: «Kymyş baý-a sygyrlaryndan gizlin alyp gaýdyp, öýünde sagymyny hem alaýýan ekeni» diýdirmezlik üçin, agtyklaryna: «Şeýtmek gerek, köşekler, şeýtmek gerek, başa belany satyn almajak bolmalydyr. Baryň, indem muny golhozyň sygyr ýatagynyň bäri ýanyndan eltip gaýdyň» diýip, sygry agtyklary Allanazar bilen Aganazaryň öňüne saldy. Birsalym hasasyna söýenip, olaryň yzyndan seredip duransoň bolsa, gyýlyşyp galan töweregindäki agtyklaryna göwünlik berip gepledi:

— Nesibäňizde bolsa, gara sygryňyz ýene bir gün gaýdyp geler gapyňyza!

Çagalar atalarynyň sözünden çen alşyp, dogrudanam, biziň bilmeýän şeýle mümkinçiligimiz bar bolaýmasyn diýen tama bilen, gojanyň gürrüňi nireden aýlaýanyna birbada düşünip bilmän, ýerli-ýerden oňa: «Haçan-da, haçan?» bolşup, heserlenişip seredişdiler.

Goja yzyna dolanyp, öýe tarap gyrmyldap barşyna:

— Nesibeli gün — diýip, düşnüksiz samyrdady.

* * *

Kymyş duzçynyň kempiri Jemal mamanyň şol günden

soň kolhoza berlen sygrynyň öz gazygyny ýatlap, köne ýatagyna aýlananyny görüp, onuň gelmegini öýüne ýeneki geljek gowulyklar bilen baglap eden ýagşy yrym-ybadatynyň soňra ýerine düşüp ugranlygy belli boldy. Şol günüň ertesi gijara indi telim bir wagtdan bäri obanyň ýokarsyndaky Galagammar diýen ýerde, işiň başynda ýatymlaýyn bolup, suw haky üçin gazy gazanyp ýören oglanlary Orazgeldi bilen Orazgylyç ikisi aga-ini bolşup, bir ata artlaşyp, ýere-laýa sanjyla-sanjyla aýna ýaly lowurdap duran gazy pillerini öňlerine kese basyşyp gaýdyp geldiler.

Maşgala hem indi bir hepde-on gün bäri: «Olaryňam-a indi gelmeli wagty bolup barýar, ertede-birigünde bir ýerden gara beräýseler gerek» diýşip, ýagşy dilegde bolup otyrdy. Gazy bu ýyl hem, hemişekileri ýaly, uzaga çeken sur-nukdyryjy azap bolupdy. Oba boýunça ýene bir tutuş ýyly goldajak bähbit iş edilipdi. Ekin meýdanlaryna suw alynjak ýaplarynyň hemmesi birkemsiz gazylyp-gyrçalyp, suw sürnäýjek ýerler gaçylanyp, derýanyň suwy indi gerek bolanda eldeki mal ýaly, baş atdygyň yzyňa düşüp, oba geler ýaly edilipdi.

Orazgeldi irden oýanansoň, donuny, geýmek üçin biraz eglenip öýden çykan mahaly töwerek henizem alagaraňkydy, daşarda Gün dogup, heniz onuň mylaýym demi bilen gatyşmaga ýetişmedik tüsse ysly sowujak, çygly şemal öwüsýärdi. Orazgeldi agşam daýhan jandurmazlygy bilen derýa boýundaky güýzlük bugdaýynyň pikirini edip, ertede dagy onuň üstüne aýlanyp, halyndan habar alyp gaýtmagy öz ýanyndan göwnüne jaý edipdi.

Daşarda palçykdan bitirilen ojakda eýýäm ot alawlap ýanyp durdy. Ýene-de maşgalada hemişe hemmelerden ir turýan iki garrynyň aýak üstündedikleri belli boldy. Jemal mama oduň başynda görünmese-de, sygyrýatak tarapdan onuň sygyr saganda hüwdüleýän tanyş, mylaýym sesi eşidilýärdi.

Hemişe sygry irden gelinleriň biri, köplenjem uly gelni

Oguljuma sagardy. Bu gün bolsa garry ene telim wagtyň aýraçylygyndan soň öz ýarlarynyň yhlasyna gowşan gelinleriniň entegem öz arzyly ýerlerinde has uzagrak ýatmaklaryny isleýärdi. Aýraçylykdan soň ýaryna gowşan gelinleriň ukusynyň süýji bolýanlygyny Jemal mama gowy bilýärdi.

Orazgeldi hatar oturan erik agaçlarynyň gapdalyndaky suwsuz goljukdan ätlän mahaly mellegiň aňrybaşyndan gaýdýan ýoda bilen kakasynyň ertir namazyndan öň alynýan täretini alyp, eli kündükli owşanaklap gelýänini gördi. Atalyogul gabatlaşan mahaly gojanyň oglunyň ýüzüňiň öňküsinden biraz horlanandygyny, ýadawdygyny saýgardy.

— Entejik ýatyberseň bolmaýarmy?

— Derýaboýa, däne üstüne bir aýlanyp gaýdaýsam diýýän.

— Gazyň agyr ýadawlygy süňňüňden çykýança, üç-dört gün dem-dynç almaly ekeniň-dä! Bugdaýyň taby hiçneneň däl. Menem çagalar bilen birki araba ders äkidip, bäş-on günlükde oňa sepeläp gaýdypdym.

— Aý, ders köplük etmez. Menem bir araba ders äkidip, görüp gaýdaýyn.

— Onyňam-a şeýle...

Gapdalyndan geçen mahaly Kymyş duzça oglunyň kalbynda haýsydyr bir ünji-aladasy-da bar ýaly bolup göründi.

Agaryp daň atyp barýan-da bolsa, şol düýn giçlik, barha garalyp, garamtyl-goýry çal matadan tikilen zenan köýnegine meňzäp asmandan inen, soňundanam ähli zady öz etegi bilen basyran gijäniň, häzir bolsa ol etegiň ebşitlenip tutulyp, epesli ýokary göterilen ýaly bolmagyna seretmezden, dünýä henizem onuň täsirindedi.

Ilerki Pendi baýyr jülgeleriň arasynda, hemişe gündiziň ýagtysy özge ýerlere seredeniňde biraz gijigip düşýän çöket ýerlerde henizem gijäniň goýy garaňky galyndylary ümürläp ýatyrdy.

Orazgeldi ýola çykmazdan ozal arabasyna goşjak ýabysyny

halaýan höregi bilen ýene biraz gurplandyrmak üçin iýmlemekçidi. Her gün şeýdip iýmlenilýän alaşa häzir ýatagynda, öz paýyny almaga gyssanyp, üstaşyr bir ýere seredýän ýaly bolup, tamakinlik bilen hokranyp eýesine tarap seredip durdy. Kakasynyň ýanyndan gidensoň, Orazgeldi ýabysyny köp garaşdyrmady, aňyrdan gelşine ýabynyň duran töweregi çöp agylly, depesi gamyş üçekli bassyrmanyň agaç sütünleriniň birinden asylgy, ýetimiň ýeketaý çarygyna meňzäp duran at-torbany aldy-da, öwrülip kümä girip, ol ýerdenem ony arpadan dolduryp çykdy. Soňra ol ot küdesine syrtyny diräp, uzyn-uzyn agaç-oklaryny asmana somaldyp, ol ýerdäki barha çalaryp, gelin ýörişini edişip barýan bölek bulutlary öz oklaryna ildirip alyp galaýjaga meňzäp duran at goşulýan arabanyň ýanyna geldi.

Onuň asmany «tüpeňläp duran» çykym-oklaryny aşak basyp, olaryň arasyna ata derek özi girensoň, ony yzyna tirkäp alyp gaýtdy-da, getiribem mellegiň ol başyndaky howlynyň çykalgasynyň gapdalynda, alnyp gidiläýmäge häzir edilip goýlan, üýşmek tutup duran dersiň gapdalyna ýanady. Ders tümmeginiň depesi, aşagy ýaňy tutaşyp ugran otly odun üýşmeginiň ýokarsy ýaly sähelçe bugaryp durdy. Onuň gaňşyrawygyňy tütedip barýan goýry ajymtyk ysy bardy.

Orazgeldi işe geýýän donudyr telpegini almak üçin dolanyp öýe giren mahaly aýaly Oguljuma ýaňyrak aglap turan kiçi ogly Rahmangulyny ýanap emdirip, arkasyny sypap köşeşdirip ýatyrdy.

— Eýýäm turdumy? — diýip, Orazgeldi aýaly bilen oguljygyna tarap sähelçe baş atyp goýberdi.

— Daň towug-a bi! — diýip, Oguljuma mähir bilen gülümsiräp, Rahmangulynyň maňlaýyny sypap buýsandy.

Oguljuma oýanmasyna-ha ýaňy adamsynyň yzysüre oýanypdy. Ol, endigine görä, adamsyny iýdirip-içirip, naharlap ýola salmak üçin daşary çykmakçydy. Ony Rahmanguly

oýanyp, işden goýupdy.

Oguljuma çagasynyň gaýtadan uklanyna göz ýetirensoň, onuň başynyň aşagyna ýassyk eden elini usul bilen çekip aldy. Soňundanam onuň togarlanyp gidibermezligi üçin, gapdalyndaky ýassyklaryň birini alyp, ony ýakynda kä ymyzganyp, käte agdarylyp ýatan Rahmannazaryň togarlanyp, depäýmezligi üçin aralykda goýdy. Adamsyna:

— Ine, häzir turjak. Gazanyň ýüzüniň gaýmagyny syryp getirjek — diýip, daşaryk howlukdy.

— Hökman däl, meniň häzir zat işdäm-de ýok. Çagalar iýer.

— Onsuzam çagalar iýmän ýörenoklar. Bir dişlem nan bilen iýip git-dä özüň. Ýüregiňi tutar!

Oguljumanyň mylaýymdan gelen aladasy Orazgeldini ýene daýandyrdy. Birzatlar iýdirip-içirip goýbermese, onuň göwnüne jaý edip bilmejegine düşündi.

— Hany onda getir näme getirseň tizräk! — diýip, Orazgeldi çalşyryp ýapbaç geýen telpegini ýene-de çykaryp, gapdalynda goýup, aýalynyň bir gyrasyny serpip, taýynlan saçagynyň başyna çökdi. Oguljuma köp garaşdyrman, bir okara gaýmagy getirip, adamsynyň öňünde goýdy. Onuň şeýdip, adamsyny öz göwnüne jaýlap naharlap goýberse, hyzmat bitiren ýaly özünden göwni hoş boljagy belli boldy.

Oguljuma göze gelüwli zenandy. Onuň häzir dogrup-ýaýrap, biraz suwlanan, has ýaraşygyna gelen göwresiniň bardygyna seretmezden, gyz mahaly ortadan uzynrak, syrdam boýly, bugdaýreňk, gözleri sähelçe duýlar-duýulmaz gyýmakly hoşroý bir maşgalady. Şol günler toýda-ýenekide daşdan görende Orazgeldiniň oňa syny oturypdy. Gyz hem, mümkinçilik bolsa, oňa ýeň astyndan hyrydar gözlerini aýlap goýbererdi. Hawa, olaryň ilkinji gezek bir-birlerine göwün telwaslyklaryny duýduryşlary-dy şeýle bolupdy. Soň goňşularynyň gaplaň tiresine durmuşa çykarylan gyzyndan Orazgeldä öz sünnäläp

tiken tahýasyny ýollady. Sowgat öz habaryna uzak garaşdyrmady. Bir hepde geçip-geçmänkä bäşbelalar Orazgeldi üçin oňa sawçylyga geldiler.

Ol günler obada hem: «Kymyş duzçynyň iki sany jahyl çykan, gülüň seçegi ýaly ogullary bar» diýlip, höwes bilen edilýän gürrüňler hem bardy.

Oguljuma barly öýüň gyzy bolmagyna seretmezden, pespäl, şol bir wagtda hem öz düşen ojagyna aýratyn yhlasmähirli aýaldy. Onuň her bir işde zenanlarça, eneden görümgörelde, hünär-terbiýe alandygy duýulýardy. Oguljuma baryp şol durmuşa çykan günleri, indi özüniň mundan soňky ykbalynyň Orazgeldi bilen bagly boljagyna, özüniň mähir-yhlas eden ýigidiniň mährine çoýunyp ýaşajagyna göwün ýüwürdip buýsanypdy.

Oguljuma Kymyşlara düşüp, söwer ýaryň yhlas-höwesine gowşup, iki gyzy, üç ogly öndürip-ösdürip oturan mähriban enä öwrülipdi. Ol ykbalyndan hoşal, Taňrydan müň kerem minnetdar bolup, öz kalbynyň törüni eýelän adamlaryň hyzmatyny edýänine guwanyp ýaşaýardy.

Hemişe aýalynyň maňyzly-manyly nazarynda mähir-mylakat, sähel-mähel alada-argynlygy duýmazlygy görmäge endik eden Orazgeldi bu gezek Oguljumanyň nazarynda alada-ünji gördi. Sähelçe oýurganyp, dessine-de onuň sebäbine düşündi. Şeýle ünji Orazgeldiniň hem gözünde bardy. Ýaňy ogluna duşanda goja Kymyşyň syny hem ýalňyşmandy. Orazgeldiniň ýüzünde uçup barýan guşuň kölegesi ýaly, sähelçe bolsa-da ynjalyksyzlygyň alamatynyň barlygy mese-mälim duýulýardy.

...Bu ünji kalhoz başlygy Nurjumanyň düýn giçlik, ýatar wagtlary duýdansyz gelmegi bilen baglydy. Ýaş çagalar indi bireýýämden bäri mysylaşyp süýji ukuda ýatyrdylar. Orazgeldi öçügsi çyranyň ýagtysyna iki günden bäri iş edinip, göle hamynyň bölegini unaş kesen ýaly tar-mar kesişdirip, gaýçy-

pyçagyny töweregine ýaýradyp, yhlas bilen örýän gamçysyny indi boldum edip, gutaryp barýardy. Şondan soň ýatmak üçin ýerine girermen bolup otyrdy. Her gün towuk ýaly ir ýatýan çagalar eýýäm uklapdylar. Kymyş duzçynyň gapysam eýýäm göçüp gideniň gapysy ýaly, içinden ykjam çekilip, ýapyk durdy. Bu wagt başyndaky börügini aýryp gapdalynda goýan Oguljuma hem ýaglyk bilen başyny bogup, gündiz ýanbaşyndan asyp gezýän dogaly tumaryny egninden aýryp, ýeňläp ýatarman bolup otyrdy. Şol arada aňyrdan gelýän kimdir biriniň habaryny alyp, daşarda it üýrdi. Onýança-da:

— Alabaý, Alabaý, ýat, Alabaý! — diýip, ýakynlaşyp gelýän ite özüni tanatmakçy bolýan adamyň tanyş sesi indi golaý gelip, gapynyň öňünden eşidildi.

Orazgeldi edip oturan işini gapdalda goýup, geleniň habaryny almak üçin daş çykmakçy bolup donuny egnine alan mahaly:

— Aý, ýegen, öýdemisiň-ow? — diýip, aňyrdan gelýän özüni tanadyp dillendi.

Orazgeldiniň ses bererine mähetdel ol ýüzüni garaňka tutup gelýän adam yzyndan söbügini sydyrdyp gelýän bar ýaly howlugybrak içerik girdi. Bu gelen täze gurlan kolhozyň başlygy Nurjumady. Ol Orazgeldi bilen adybir gaplaň taýpasyna degişlidi. Jemal mamanyň kakasy Gurban baýyň dolanan garyndaşlarynyňam biridi, ol Kymyş duzçynyň neberesini öz ýegenleri hasap edýärdi. Häzir ony jandurmazlyk edip, bu ýere getirenem hut şol garyndaşlyk hatyrasydy. Ol bu ýerde Kymyşlaryň ekabyry Orazgeldä maşgalanyň depesinde köwsarlaýan gara niýetler hakynda duýdurmaga gelipdi.

Oguljuma gelen myhmanyň salamyny alyp, gysgaça aýak üstünden onuň bilen saglyk-amanlyk soraşansoň, daşardaky ojakda ýalazy oduna çaý gaýnatmak üçin, ýygnanyp turup gidensoň, Nurjuma özüniň gizlin gürrüň aýdýanyny mälim edip, çöken

ýerinde leňňer atyp oturyşyna, Orazgeldä tarap eglip, pessaý ses bilen näme üçin gelendiginden habar berermen boldy:

— Ýegen, senem şu günki ýygnakda orta daýhan diýip, kolhoza kabul etmekçi bolduk welin, ýöne, bolmady. Kabul edýän toparyň bäşden üçüsi saňa garşy ses berdi.

— Kim-aýt olar, daýy? — diýip, Orazgeldi bir zada dem salýan ýaly alkymynda egreldekläp oturan Nurjumanyň ýüzüne düýrügýänini mälim edip soragly seretdi. Turup şol adamlaryň üstüne gidibererli göründi.

— Oba şura Ýagda-a ilki seň meseläňde hiç tarapa-da goşulmady. Ýöne komonistsiräp Hardat turup:

— Adamlar, bu nätdigimiz bolýar? Guwandyk baýyňam, Kymyş baýyňam, Ýamat baýyňam biz onlap sygyrly, müňläp goýun-geçili bolanlygyny bilýäs-ä. Bu gün biziň olaryň baýlygyny görmedik bolup, orta daýhan edip, öz aramyza goşmagymyz, süriň içine möjek goşan ýaly bolmaýamy, eýsem? Onsoňam bu biziň beýik serdarymyz Leniniň: «Barly ýoksulyň dosty bolup bilmez» diýen parasadyna garşy iş geçirdiigimiz, ýoldaş Staliniň: «...Kommunistler baý-kulak, işan-molla garşy barlyşyksyz göreşmelidir» diýen akylyna garşy boldugymyz, şeýdibem, ikiýüzli bolşewik boldugymyz bolmaýarmy, eýsem?.. Bu zatlaryň hemmesi ýokarda bilner... Onsoň hiç kimiňem ýüzünden sypalmaz — diýip, janyýangynly geplänsoň, ol baryp ýokaryk aýdar öýtdümi-nämemi, oba şura hem ikinji gezek sese goýlanda garşy gol göterenleriň biri boldy. Şeýdib-ä, olar köplük boldy. Gurt ýalak ikimizem ýydnakda azlyk bolup galdyk, ana, bar bolany.

Nurjumanyň howpurgabrak aýdan habary birbada Orazgeldini hem biraz darykdyrdy. Oňa özüniň maşgalasynyň kolhoza alynmazlygynyň aňyrsynda bir gizlin matlap-pirim hem bar ýaly duýuldy. Ýogsam, mundan birki ýyl öňem täze häkimiýet şeýtanyň azdyrany özüniňki edip, adamlary şerekete alyp bilse kaýyldy. Kymyşlar şonda işläp, öz başyny çarama-

ly, ýekebara daýhan hojalygy bolup galaýanlaryny kem görmedikleriň biri bolupdylar. Şol wagtlar göräýmäge ýekebaralylyryň hem ýagdaýy hiçneneňsi bolmaýjagam ýalydy. Indi bolsa täze hökimiýetiň ýekebaralylar baradaky ýöredýän syýasatynda nämedir birzatlar üýtgäp ýören bolmaly.

Orazgeldi myhmanyna çaýyň ýany bilen aýalynyň saçagyň üstüne goşawuçlap getirip goýan söklerinden, erik kişdesinden wagtal-wagtal hödür edip oturyşyna özi baradaky bu garşylygyň nireden döräp biläýjegi barada, şol ýygnaga gatnaşanlaryň her biriniň özi bilen ozal-ahyr bolan gatnaşyklary barada, gürrüňiň gapdaly bilen öz ýanyndan oýlanyp oturdy. Şonda oňa täze häkimiýet Kymyşlar bilen tutluşyp, indem ony göterip, syrta çekip, haýsy ýyldyzdan gaýtarjagyny pikir edip durana meňzedi. Täze häkimiýetiň bu bolşy, näme üçindir, iýeni siňmeýän, özüni bu jahandan äkitjek erbet kesele duşanyny syzýan, janagyryly, sähel zada girre gahary gelip duran dertlä meňzeýärdi. Ýogsam, ilem-ä çir-çitir bolup, onuň ugruna-ha sürýärdi, ýer diýende ýer berildi, kolhoz bolmaly, mal goşmaly diýende onuň bilen alagöz bolmagy islemeýän barlylar sürüläp-sürüläp özleriniň onlarça ýyllar içinde dert-azar bolup gazananja mallaryny eltip, gaýadan goýberen ýaly edip gaýdypdylar.

Orazgeldem, onuň inisi Orazgylyjam indi öňräkden bäri alynsalar, kolhoza geçmekçidiler, ýöne mal-garalary alynsada, iki doganyň ikisine hem soňra: «Gurply maşgalalary kolhoza almak meselesine soň serediljek» diýlipdi. Ýakynda bolsa OGPU-nyň jogapkär işgäri Waska Aman gelip, obada ýygnak geçireninde, oba kommunistleriniň Ýamat baýyň, Kymyş baýyň, Seýit baýyň maşgalasyny kolhoza agza etmändiklerine eziji synpa garşy göreşiň alamaty hökmünde seredip, oba şuraryň başlygy Ýagdy Narla, Gurban çünnä, kolhoz başlygy Nurjuma Öweze bolşewik eserdeňligini görkezendikleri üçin aýratyn minnetdarlyk aýdyp gidipdi. Ol şonda:

— Barly adamlara ynanyp bolmaz, olar bolşewik duşmany

ýa-da duşman ýaranlarydyrlar, bir ýerde bolmasa, ýene bir ýerde ala getir — diýip, ýumruk somlap gepläpdi.

...Gapdalda tüsseläp ýanyp duran çyranyň ýagtysy öçügsi bolsa-da, Nurjuma gürläp oturyşyna öz garşysynda gürrüňe goşulman diýen ýaly oýurganyp, diňläp oturan Orazgeldiniň maňlaýynda ownujak lagambir der düwmejikleriniň ýylpyldaşýandyklaryny gördi. Syr bermese-de, onuň içki harasadynyň ýetikdigi Nurjuma mälim boldy.

Nurjuma ýegenine aňyrdan aýdaýsam diýip gelýän gürrüňini aýdyşdyrdym hasap edensoň, oňa ýene bir ýere degmek aladasynyň barlygyny aýdyp, özi üçin ýörite atarylan naharyň hem bişerine garaşman, biraz howlugyp turmak bilen boldy.

Orazgeldi daýysy Nurjuma başlygy daşary çykaryp ugradan mahaly, asmanda eýýäm birtopar ýyldyzlar balkyldaşyp, gelin gözleri bilen ýere syrly seredişip otyrdylar. Howa maýyldy. Nurjuma arassa howadan kükregini dolduryp, dem alyp durşuna öz ýanyndan niýet etdi:

— Baý, howa gowy bolupdyr-ow! Mylaýym şemalam bar. Bu ýeri sarykdyr. Ýer taba gelip, ýene ekişe başlabermeli bolar. — Soňundanam ol bir zadyň häzir ýadyna düşenligini mälim edip, özüni ugradyp duran Orazgeldä tarap öwrüldi. — Sen mülk ýeriňe pagtaňy ekdiňmi, ýegen? — diýip sorady.

Orazgeldi:

— Aý, ýok heniz-ä — diýen wagty onuň gep saluwyndan biraz nägilelik duýuldy:

— Ohow, ýegen, hemişe iliň öňi bolup siz — Kymyşlar ekerdiňiz-ä?

Orazgeldiniň oňa: «Geçen ýyl ekip-öndürip näme gördük!? Ekdiň, öňki ýaly satara-ha indi ýer ýok. Ertibem oba şuraň ammaryna bermeli, olam-a «ine-ine» bilen ähli ýekebara hojalyklaryň pagtasynyň bahasyny henizem berenok. Hakym diýip ýanyna baranlaryňam şura alpetinden alyp goýberýärmiş»

diýesi geldi.

Yzysüre oba şura bilen şindi bu meselede öz arasynda hiçhili gep-gürrüňiniň bolmanlygyny, bu mesele bilen ýakyn wagtlarda onuň ýanyna özüniň barmakçy bolup ýörenligini ýatlap, göwünsiz, gümürtik dillendi:

— Aý, şu ýyl-a biraz gijikdik özün-ä.

Nurjuma başlygyň onsuzam näme üçin, onda-da Orazgeldi ýaly daýhan adamyň, hemişe bu meselede tapawutlanyp, ile görelde bolup ýören adamyň eliniň sowanlygyndan habary ýok däldi. Şeýle-de bolsa, ol Orazgeldiniň pagta ekişini gijikdirmegini asla unamaýardy. Hoşlaşanda:

— Ýegen, pagtaňy haýal etme, ek, köneler: «Bir — ekene, bir — dikene» diýmänmi näme! — diýip, oňa özüçe janköýerlik bilen maslahat beripdi...

Orazgeldi arabany öz maýdalyna sürüp, obadan saýlandy. Mas ýüklenen arabany at itinibräk çekip barýar, arabadaky ýüküň ýeňil däldigini alamatlandyryp, eýýämem atyň ýagyrnysynyň ýüzünde, guluklarynyň eteginde garalyp, der alamatlary peýda bolup ugrapdyr. Orazgeldi arabanyň gapdaly bilen bir eli bilen onuň gyrasyndan tutup, beýleki eli bilen jylawy deňläp, gerek bolanda arabanyň yzyndan itekläp, goldaw berip gelýär.

Heniz Gün gulagyny görkezmedigem bolsa, onuň dogar ýeri al öwsüp, birýerlerden aşakdan asmana äpet çyra tutulýana meňzäp, göterilip gelýän ýagty asmanda bölek-büçek bolşup, sähelçe süýşenekleşip barýan ala garly meýdany ýatladýan ala bulutlaryň süňňüne hem çylgym-çylgym al reňk çaýypdyr.

Gündogardan bolsa, hamala, Gün bilen bile bir ýerden örüp, göterilip gaýdana meňzäp, süňňüne serginlik gatan säher şemaly ösýärdi. Howanyň soňra has maýlap ugrajagy duýulýardy.

Orazgeldi şol gelşine ýene düýnki Nurjuma başlyk bilen

bolan gürrüňi ýatlady, üýtgäp giden döwür-döwranlar, men-men diýen adamlaryň syndyrylyp, ýene birde kuwwatly eliň tersi bilen gapdala sowlup, düýnki Ýagdy kemsit, Hardat kepretilçi ýaly ozalky il içinde san-salasyz bolan adamlara onuň beren garaşylmadyk orny-derejesi barada, ykbal oýunlaryna haýran galmak bilen, ýene-de birde bu oýunlara pikir edip düşünmek isleýäne, şeýdende aňyrdan gatlanyň suwy ýaly yňdyrylyp gelýän güýjüň öňünde durup ýa-da ondan sowlup bolar diýip pikir edýäne meňzedi.

Hardadyň näme üçin başarsa kast edesi gelip durmagy belli zatdy, asla bu ýöne ýerdenem däldi, alty-ýedi ýyllykda olaryň arasyna sowuklyk düşüpdi. Bu Hardadyň doganoglanynyň Orazgeldiniň doganoglan gyzyny alyp gaçyp, özüne aýal edinmegi bilen baglylykda ýüze çykypdy. Şundan öň olar özlerini ýakyn bir taýpanyň adamsy hasap edip, sylanyşykly ýaşap ýören, gazyda-beýlekide özüniňkiler bolup, bir hada girip ýören adybirlerdiler.

Hardadyň inisi tarapyndan, bäşbela namys kölegesi düşen wagty onuň Ahmet zabun ýaly, ýaşlygyna seretmezden, dogumyndan don geýen gödekleri öz toparynyň agasy hökmünde Orazgeldä sala salyp, Hardadyň neberesiniň aýal maşgalalaryna süýkenip, ar almakçy hem bolupdylar. Emma Orazgeldi şol wagt olara gaçan gyzyň ejesini hem öz döwründe Özbekgylyç akganyň Hardatlaryň gapysyndan atyň öňüne basyp alyp gaýdanlygyny, şonuň üçinem munuň namysa galma däl-de, olaryň ozalky köýüp ýatan arlaryny alandygy bolýanyny, kasas kyýamata galmaz bolanlygyny aýdyp, olary köşeşdiripdi. Soňundanam iliň abraýly adamlarynyň ötünç sorap gelip ara düşmegi aradaky dartgynlygy biraz gowşadypdy. Ýöne bäşbelalar öz ýanlaryndan könäni ýatlap, şundan soň köýen arlary ýok hasap etselerem, her zat babatda özüçe hasap tutýan oba welin muny beýle hasap etmeýän ekeni. Munuň şeýledigi soňra Orazgeldi gazyda gezip ýörkä beýleki bir taýpanyň bir

adamsy bilen haýsydyr bir zat barada, özüniňkileriň arkasyny alyp, sene-mene edende belli boldy. Şonda, bir asgyn ýerini tapmasa Orazgeldiniň özüne hezil bermejegini, ýogsam, asgynlan hökmünde özüniň il öňünde uýada galjagyny pikir eden garşydaş ýolbarsyň demine düşeniň, yza süýşenekläp-- süýşenekläp, soňam, şol barmana, elini yzyna aýlap, eline ilen bir penje pohy gumy-sumy bilen garyp onuň gözüne uraýan ýaly edipdi.

Çetine deglen adam ýaryldy:

— Deglip-degilmän, siz özüňizi kimdir öýdýäňiz!? Bolduňyz meniň başyma namys-arly kişiler?! Düýn dälmidi Hardadyň inisiniň bajyňyzy alyp gaçyp, sizi ýüzügara edeni!? Ölüň ölýän bolsaňyz! Ol aryňyz-a onda köýüp ýatyr, siz bolsa munda mertebe tutandan bolup hondan bärsi.

Orazgeldi şonda ýap içinde duran ýerinden, öz bölejikleriniň ýigitleriniň birnäçesiniň adyny tutup, gahar ugruna gygyryp goýberenini hem duýman galypdy:

— Haý, Ahmet, Bally, Mahy, atlanyň, hany, baryň-da, Hardadyň heleýleriniň syryp gaýdyň saçlaryny!...

Şeýdibem, peltä ot degipdi. Bäşbelanyň ýigitleri oba gelip, yzanda-çuwan edip, Hardadyň aýalynyň, gyzynyň, aýal doganynyň saçyny syryp masgaralapdylar. Hardat şonda muny deregine-derek alnan ar hasap etmändi, ýöne ol şonda ýigitleriň öňünden çykara gaýratam tapmandy. Hardat muny şonda köýen ary hökmünde ýüreginiň bir ýerlerinde, pursada garaşyp, düwünçege düwüp goýupdy.

Häzir onuň şol garaşan pursadynyň gelenini duýup, Kymyşlary atyma alyp durşudy.

Häzirki gaýyň gaýlap, buz üstünde tozan gopup duran mahaly, kimdir birini kolhoz agzalygyna aldyrmazlyk, adama bilkastlaýyn edip bolýan iň uly ýamanlyklaryň biridi. Kolhoz ýatakdaky sürä meňzese, oňa alynmadyk maşgalalar, şagala şam bolmagy islenilip bölejik-bölejik edilip kowlan

mallara meňzeýärdiler. Saýrykdyrylan mallar bilen möjekleriň gyzyklanyşy ýaly, soňra şeýle maşgalalar bilenem OGPU gyzyklanardy, yrsarardy, kimseleri urup-tutubam giderdi. Şonuň üçinem, şeýdilip, kolhoza bilgeşleýinden alynmadyklar hökümetiň rejesini halaman, göçmek üçin gizlinlikde goşkötelini toplamak bilen bolardylar. Düýnki Nurjuma başlygyň gep saluwynda hem bellibir derejede gönüläp: «Sen şeýt!» diýip aýtmasa-da: «Onda sizem, bolmasa, ýegen, bitiň agzy üýtgeýänçä, bu belanyň öňünden sowulmak üçin, wagtlaýynam bolsa bir ýere göçäýseňiz nähili bolarka!?» diýen äheň bardy. Barybir, Hardadyň bu oýunlaryny Orazgeldiniň özi hem şonuňky ýaly ary köýeni bilen eli gelip duşan mahaly şeýderdim diýip pikir edýänligi üçin, Hardady şol aryny ýerine salýan mertebeli adam hökmünde göreni üçin, ondan judabir gaty görübem durmady.

Ýöne boljak iş eýýäm bolupdy, saçlar gaýtadan össe-de, onuň masgaraçylygynyň dumany şindi sowulmandy. Elbetde, oba bu wakany özüniň hakyda depderinde ýene bir alnan arlaryň biri hökmünde hasaba alypdy, bäşbelalylaram aryny ýerine salnan hökmünde indi biraz arkaýynlaşypdylar. Şeýle--de, bu hadysa Orazgeldiniň özüniňkilere aga hökmünde aýdanyny etdirip bilýänligini, bäşbelanyň bu şagal, möjek bolnup ýaşalýan heňňamly döwürde gerek bolanda öz siňeklerini gorap bilýändiklerini ýene bir gezek görkezipdi. Orazgeldi soňundan şol ýygnakda özüniň kolhoza agza bolmagyna garşy bolup, gol göterenleriň ýene birisi — Ýagdy kemsit barada oýlandy. Şonda onuň pikirinde ortadan ýokary boýly, göwresi soňky döwürde bol iýip, has-da ýarsan, möleden gelen ala gözleriniň etegi hemişe ukudan galanyňky ýaly çylgym-çylgym bolup gyzaryp duran, tutuş süňňüni alarladyp ösen bol tüýi ýakasynyň açyk ýerinden, gaňyrçakly burnunyň hanalaryndan, gulaklarynyň içlerinden hajraw bolşup çogşup çykyşyp duran garaýagyz, tum-tutuş bolup duran dörtgyraň

kemsit peýda boldy.

Orazgeldi şolbarmana öz hyýalyndaky ýüzüne biraz öýkeli seredip, içki sarsgynyny daşyna çykaryp goýberenini hem duýman galdy.

— Tanalmaýan goýnuň guzusy-ha dälsiň sen!

Ýagdy kemsit Söýünalyda sowet häkimiýeti gelenden soň onuň ilerläp, ezilen synpyň wekili hökmünde orta çykaran, arkasyny alan adamlarynyň biridi. Ol indi il arasynda çyrpynyp duran dyzmaç at münüp, gyrmyzy donuň astyndan ýoldaş Staliniňki ýaly harbylarça, birsydyrgyn geýim geýip, başy barlylaryň geýýän burmalary seçelenip duran gara silkmeli, bili sapançaly beg bolup, eselip gezerdi. Sowet häkimiýeti gelmezinden ozal Ýagdy kemsidiň kakasy Narly gamyşçynyň hem daýhançylykdyr talabançylyk arasynda hallan atyp duran güzerany bardy. Narly gamyşçy daýhançylygyň daşyndan oba içine aýlanyp, talap gözläp, gamyş işlerini edip gezerdi, kime gamyş ýygyp gelip, kepbe tutup berse, ýene bir ýerde ezberlik bilen, gapa çekilýän, üstünde keçe güllenip, soňra bişirilýän ganat gamyşlar çykap bererdi.

Narly gamyşçynyň kakasy bu oba ozalky, goňşulara alaman edilýän döwürlerde düşen ýat adamlaryň biridi. Ony alamandan Gurban ýah diýen adam ýetginjek mahaly gul edip getiripdi. Görseler, ine, bir hyzmatly, gününe kaýyl, pespäl adam. Şundan soň Gurban ýah oňa öý tutup berip, öz ýakynlarynyň biri hökmünde bir amatlyrak, onuň özüne laýyk maşgala tapyp, öý-işik edipdi. Şondan bäri-de onuň soňky ýaýrawlary Taganlaryň gapdalynda şol ýaýrawyň birisi bolup goşulyşyp otyrdylar.

Kymyş duzçy hem obada Narly gamyşçy bilen ham-çam gowy gatnaşykdaky adamlaryň biridi. Ýeri gelende, ol ýetdegütderäk ýaşaýan Narly gamyşçyny bir bahana bilen goldabam goýbererdi. Öz öýüne gerek bolan gamyş işinem hemişe talaba çagyryp, şoňa etdirerdi. Soňundanam şeýle işler üçin

berilýän hak-heşdegi aňryýany bilen berip, ony özüçe galkyndyryp, hoş edip goýbererdi. Her gezegem oňa: «Inim, Narly, öýüňde çal-gatygyň nemeräk bolsa, çekinme-de, arkaýyn çagalaň eline gap ber-de, bäri iberibergin Jemalyň üstüne» diýibem, sargap goýbererdi.

Bir ýola Kymyş duzçynyň sygyrlarynyň biri garaşylmadyk ýagdaýda, adaty bir göle dogurmagyň ýerine iki göle dogrup taň etdi. Bu, birinjiden-ä, türkmençilikde ýetip gelýän erbetligiň öňünden peýda bolýan alamat hökmünde asla halanýan zat däldi, özem sygryň goşa götermegi tebigatda juda seýrek bolýan zatdy. Şeýle ýagdaý bolanda, bu il içinde yrym edilip, maşgalanyň ertirki şowsuzlyga uçramagy bilen baglanardy. Şonuň üçinem gölelerиň birini dessine çopana ýada ýene bir garyp-gasara: «Mal edin!» diýip berlerdi. Hemişe Narly gamyşçynyň hem ýalkanaýanyny kem görmeýän Kymyş duzçy şol gezegem ýene ony ýatlapdy.

Haçan Orazgeldi şol gölelerиň biriniň aýajyklaryny sallam-sajak edip göterip Narly gamyşçynyň gapysyndan baranda, onuň ýalanyp guradylan naşyja gölejigi göreninde, begenjiniň çaky bolmandy. Ol gölejigi eline alyp, ony öýünemi, kümesinemi — nirä saljagyny bilmän zowzuldap ýörşüne:

— Hä, Kymyş agam jan-da bi. Dogmadykdan dogan bolan mähriban adam-da bi — diýip, ondan juda minnetdar bolup, gözüne ýaş aýlap samrapdy.

Barybir, şol günüň giç öýläni, çagalary bilen gölelerine birsalym guwanansoň, Narly gamyşçy ýene-de ony dolap yzyna alyp ýetip gelipdi:

— Haý, agam Kymyş aga, muny enesinden häzir aýyrmawereli, ýene enesini biraz emsin, özüni alynsyn, ot-kepek iýer ýaly bolsun, men ony şondan soň alaýyn, ýogsam, öýde süýt-zadam ýokdur, oňly ugruna seredip bilmän, ýaňyja ýüzüme damanja zadymy öldürip oturybermäýin — diýip, gölejigiň boýnuna alajaly doga dakyp, bellik edip, haýyş edipdi. Ony

şundan soň şol gulajyn maly buga gaçyp, gölelemegiň ugruna çykyp ýören mahaly gelip, öýüne äkidipdi. «Döwletliden döwlet ýokar» pähime ynanýany üçin, Narly gamyşçy Kymyş duzçudan köp minnetdar bolup gezerdi.

Orazgeldi häzir iki maşgala arasynda tötänden dörän şeýle göwün gatnaşygynyň bolanlygy, şu ýerde Ýagdy kemsidiň özüni kolhoza geçmek meselesinde goldaýmaly ýaly görünýänligi üçin, ondan çyny bilen göwün edýärdi. Onuň pikiriçe, eger häzir hökmürowan kemsit sähelçe özüni goldaýan bolanlygynda aňyrdan tüwdürilip, howp bolup gelýän bolşewik harasadynyň öňüňden sowuldygy bolaýjakdy. Obanyň Ýagdy kemsit barada: «Ýagdy kemsit bolany bäri gomalyp, donuna syganok. Ýeňibilmezem öz obasynyň adamlary bolaýdy. Gomasa gul: «Ha-a, bir elim geläýse bolýar» diýip, öňden ahmyr edip, gömülgen bolup garaşyp ýatan eken-ow. Aý, gul adamsydyr-da, bolşewik sähel «sen-sen» etse, öz ejesiniň emjegini kesmeýärmi bu? «Gul beleňe bolmaz, kör—tütüne» diýilmänmi näme?» diýlip edilýän gürrüňleriň hem indi çyn bolup barýanlygy ony gynandyrýardy.

Sowet döwletiniň gelenine eýýäm on ýyldan gowrak wagt geçipdi. Ol ornaşyp, barha ýurda eýemsiräp, oýkanyp otyrdy. Öz gelmegi bilen, hamala, oba adamlaryny tüweleýe düşen ýaly edip, enter-pelegini aýlap, olary nirä ýörejegini bilmez ýaly edipdi. Aslynda, bolşewigiň özüni nähili alyp barjagyna düşünip-düşünmez ýaly zat hem ýokdy. Ol gele-gelmäne halky şarpa ikä bölüpdi. Şundan soň barly gatlag-a garyp gatlagy eziji synpa, garyp gatlak bolsa asyrlarboýy şol barly gatlak tarapyndan depelenilip gelnen, gowy ýaşamaga mümkinçilik berilmedik, depesinden basylyp kemsidilen, bolşewigiň gelmegi bilenem arkalaryna ýel çalyp, ekezlenen bir synpa öwrülipdi.

Şondan bärem sowetler häzir haýsydyr bir galany güýç bilen zabt edip alana, indem ol ýerden, hemişe gala alnanda

edilişi ýaly, ol ýerdäki özüne garşy duran adamlaryň öldürmeli hasap edenlerini öldürip, kowmaly hasap edenlerini kowup, depgilejek adamlaryny depgiläp, peýdalanjak adamlaryny galada alyp galyp, duşmançylyk edýäne meňzeýärdi.

Ilki bolşewik yrsarap sürnüp ugran mahaly, «Essiň barka etegiňi ýap» edip, ondan gaçyp ugranlar obanyň on-ýigrimi sürüli goýry baýlary bolupdylar. Olar bada-bat mallarynyň satar ýalysyny satyp, altyn-kümşüni horjunlap atyň syrtyna bökderip, maşgalasy bilen ýene-de äkidip bilen mallaryny hem öňlerine salyp, sürüläp äkidip Owganystana özlerini atypdylar. Gitmäge ýetişmän ahmal galanlaryň bolsa bolşewik malyna-mülküne talaň salyp, özlerini basyp, atyp, ýok etmek henizem dowam edýärdi.

Bolşewik, Söýünala ak patyşa 1917-nji ýylda ýykylanam bolsa, onuň ýurt çetinde bolup, ýoldan sowaraklygyndanmynämemi, üç-dört ýyl gijigip gelipdi. Otuz-kyrk atlyny yzyna düşürip, baýdaklaryny mamalaryna görkezmäge getiren ýaş çaga ýaly buýsanç bilen depelerine göterip gelen Demýan atly murtlak, ýaňaklary ýüzüne çekilen ýaly syrlaşyp duran, egni ädik gönüne meňzeş teletinden tikilen keltekçeli, otuz bäş-kyrk ýaşlaryndaky saryýagyz, çakgygöz adamdy. Özem olar gelenlerinde bu gezek hemişe hööküm-hyýanatyň gelýän Mary tarapyndan däl-de, ilerden — Guşgy tarapdan inipdiler.

Haçan-da bolşewikler uly baýlar bilen bellisini edensoň hem: «Sen baý guýrugy, sen işan-molla!» diýip, ýene birtopar adamynyň üstüne öçli topulyp ugran mahaly onuň entek-entek etmekçi bolýan oýunlaryny edip gutarmanlygy belli bolupdy. Halk bolşewik uly baýlar bilen atyşyp-çapyşyp gidişip ýörkän, şular bilen bellisini edensoň karar tapar, rahatlanar diýip tama edipdi. Ýöne halk özüniň ýalňyşandygyna soňra, haçan-da ol öýüni, maly-mülküni, din-imanyny goramaga mejbur bolanlary haýasyzlyk bilen «basmaçy» atlandyryp,

saýrykdyryp, basyp-çapyp öz ile edýän sütemlerini garşydaşlarynyň adyna ýabşyryp, aýdyň edip ugran bihaýalyklaryndan soň onuň entegem oýnunyň gutarmanlygy, hasaplaşmaly adamlarynyň sanawynyň barha artyp barýanlygy aýan bolupdy. Onsoňam bolşewik agyz alartmak meselesini başgadan soramaly, öwrenmeli däldi, tejribesi ýetikdi, ol ak patyşany hem 1917-nji ýylda milleti şeýdip, bir-birine garşy goýup gazanypdy. Bu usulyň dogrulygyna bolsa olary şol rewolýusiýanyň irki säherinde Leniniň hut özi ynandyrypdy, nädeniňde nähili bolýanlygyny hem düşündiripdi. Ol: «Sowet döwletini soňra adaty öý bikesi hem dolandyryp biler» diýip, özüni bilmeýän köp adamlarda, şeýdip bolşewigiň ýoly bilen gidibersem, ýurt hanlygy maňa-da ýetäýjeg-ow diýen inçejik tama döredipdi. Ýörite döredilen bulançaklygyň, haýsydyr bir saý-sebäp bilen ýerine düşen töwekgelçiligiň ýurt alyp bilýänini bolsa Lenin hut öz mysalynda görkezipdi. Şeýdibem, indi ýurtda hossar çykylyp, arkasy alnan topar gyltyma kowalaşyp, alakjap ýeldirgäp öwsüp ýören sürä, bolşewikler bolsa töwereginiň it--eşekleri bilen, sürini öňüne salyp, bir depede bolmasa ýene bir depede olary süriniň başyny çekip, boýnundaky jaňyny logurdadyp, hondan bärsi bolup barýan tekepbir, eňegi sakgallyja tekäniň ornuny aljakdyklaryna ynandyryp, öz islän ýerlerine ykdyryp alyp barýan çopanlara öwrülipdiler. Bolşewikler «Ýykylan öýüň zady ýykyljak öýe barar» diýen asyrlaryň pähimini asla ýada salman, özlerine «hä» diýýän tarapdarlaryny köpeltmek üçin, olaryň birnäçesine ýurtdan gaçan baýlaryň, işan-mollalaryň howly-mesgenini, ýene bir toparyna, hamala, atasyndan miras galan ýaly mülk ýerlerini, atdyr düýeleri tarhanlyk bilen eçilýärdi, belli-bellilerine, özlerine has wepaly bolar diýenlerine tutup-tutup, bolşewik begligini hiç bir mynasybetine seretmän paýlaýardy. Bagty getirip, sürä serke bolanlaryň biri-de şonda Ýagdy kemsit bolupdy.

Orazgeldi özüniň içki harasadyna berlip, nädip derýa

boýuna ýetenligini hem duýman galdy. Murgap, bu ýer biraz başşagrak ýapyýokary bolansoň, hamala ýeňseden erkek adamynyň synyna düşenini duýup, tizräk ol ýerden ötmek üçin ýüreginiň urmasy üýtgän, aýagy aýagyna çolaşarly ýaş gelne meňzäp, howlukmaç şogurdap akýardy.

Düýn öýlän ýuwaşdan arama çenli sozulyp öwsüp ugran sörtük şemal henizem öwsüp durdy. Ol derýa boýundaky geçen ýylky, häzir bolsa ýykylyşyp, agaryşyp bir-birlerine ýaplanyşyp ýatan suw gamyşlarynyň arasyny daraklap, ýelpäp geçip, ol ýerdenem gumry-kepderiniň ysyna meňzeş, gurap-çüýrän baslygyp ýatan otlaryň ysyny köwsarladyp getirýärdi.

Bu ýerde derýanyň sesýetimlik arka tarapynda owgan bürgüdiniň[1] salgym atyp, ümürläp-gerinjiräp oturan[1] galasy uzakdan hellewläp görünýär. Ol ýeňsedäki Garabil baýyrlarynyň gobýan goltugynda bolup görünýänligi üçin, adaty el bilen bina edilýän binýada däl-de, ertekilerdäki daglary elinde bäşdaş edip, zyňyp-gapyp, bökdürip oýnaýan bir pälwan tarapyndan Garabil baýyrlarynyň süňňünden japba çapylyp alnyp, gapdalda elýetere uzadylyp goýlan baýyr bölegine meňzeýär. Owgan galasyna syny düşen mahaly Orazgeldiniň ýene-de ol ýere gaçyp geçen obadaşlarynyň birnäçesi ýadyna düşdi. Şol göç eden maşgalalaryň biri-de onuň gaýyn topary Mämmet han düýejiniň neberesidi. Mämmet han düýejiniň maşgalasy mundan bary-ýogy bir ýarym ýyl ozal göç edip, derýanyň ol ýüzündäki Marçak obasyna özlerini atypdylar. Dogrusy, öz merhum dädesine derek Söýünalyda düýejiler toparyna ýolbaşçylyk edip, döwlet işinde hem işlän Akynýaz baý ýurtda biri otursa oturaýmaly ýaly adamlardandy.

Ol ýas-ýaňylaram ýurtda Gaýgysyz Atabaýewiň köne tanşy, ýakyn adamy hökmünde tanalýardy. Atabaýew bu ýerlere gelse, bir çaýyny köne tanşy Gully emininkide içse, ýene bir gezekde Akynýaz baýyň hormatly myhmany bolup giderdi.

---

[1] *Owgan galasynyň begi manysynda.*

Ol günler Akynýaz baý raýonda Döwkomitet diýlip döredilen bir edaranyň başlygy bolup ýördi. Şondan birki ýyl geçip-geçmänkä hem Atabaýew ony ýörite Aşgabada çagyryp, Kerkä işe belläpdi. Ol täze işe bellenenden soň oba gelip, Kymyş duzçynyň agalarynyň biriniň ogly Ballyny öz ýanyna jigit edinip, Kerkä äkidipdi. Olar iki atly bolup, Garabil baýyrlaryny kese kesişip, şol ýerdäki öňki köne kerwen ýoly bilen Kerkä baryp, birki ýyl işläninden soň, ol ýerde ýerlemän gaýdarman bolupdy. Ol ilki Aşgabatda Gaýgysyza duşanda: «Aý, Gaýgysyz, «baý» diýip, «ahun-işan» diýip, bu ýerde asylly-asylly maşgalalary ýanap heläk edýärler. OGPU beýdip gidip otursa, tizden Kerkiniň halkynyň soňuna çykar, sen bir gelip, bolýan zatlary ýerinde görüp, bir il arkasyny alsaň!» diýip, ony Kerkä çagyrypdy. Akynýaz baý soňam oňa köp garaşypdy. Atabaýewiň wagty bilen gelmejegine göz ýetirensoň bolsa OGPU-nyň ili urha-uruny, kowha-kowuny barha güýçlendirip, özüniň bolsa halkyň öňüne baş bolup düşen adam hökmünde olaryň arkasyny alyp bilmeýänligi üçin, bir gün öz töweregindäki adamlary gyssagly ýygnap, özi özüni işden boşadypdy-da, ýerine-de öz buýrugy bilen orunbasaryny tassyklapdy hem şol gijäniň özünde haýal etmän, jigidi bilen «Niredesiň, Pendim?» diýip göterilip gaýdypdy. Ile baş bolubam diýenim bolmajak bolsa, «Ine, mesiň, donuň, ine-de, mollaçylygyň» edipdi. Ol iki atly bolup Kerkiden Tagtabazara gaýdyp gelensoň, bu ýerde hem uzak saklanman, neberesini alyp, goş-kötel, mal-garasy bilen Owganystana aşmak bilen bolupdy.

Söýünalydan serhet uzakda däldi. Murgapdan geçen ýeriňden eýýäm owgan topragy başlanýardy. Şeýle-de bolsa ondan geçmeklik, elbetde, töwekgelçiliklidi, serhet goraglydy, atyşyk-gapyşyk ol ýerde günde-günaşa bolup duran zatdy, howp-hatar ýeterlikdi. Ýöne Akynýaz baý welin serhetden örän

arkaýyn, hiç bir gypynçsyz geçip gidipdi, günortanyň güni çopanlar onuň mallaryny sürüp, derýadan geçiripdiler. Bu bolsa şonda obany diýseň geň galdyrypdy hem Akynýaz baýyň Owgana geçmegi baradaky dürli gep-gürrüňleriň döremegine sebäp bolupdy. Biri: «Aý, onuň Atabaýew bilen ozaldan gepleşigi, rugsady bardyr, Akynýaz diýen adam ölçemän kesmez» diýse, ýene birleri: «Bolşewigiň sallatlaram kimiň öňünden çykmalydygyny gowy bilýärler. Mämmet han düýejiniň ogullarynyň öňünden çykaýmak aňsadam däldir, onuň dogumyndan don geýen ogullary bardyr. Olaryň öňlerinden çykanyň ýekegapan bolup, garnyny silkip geçjeklerini bilýändirler. Görmedikden, bilmedikden bolup, gapdalyňdan geçirip goýberenden gowusy ýokdur olary» diýşipdiler.

Bu töwekgelçiligiň aňyrsynda hemişe eden işini çig etmeýän Akynýaz baýyň orus bilenem, owgan bilenem gepleşip, özüne gerek bolan bir aralyk ýoly tapanlygy hem pikir edilipdi. Düýejileriň göç edip giden günleri öz aýaly Oguljumanyň bir tamdyr nan ýapyp, ony doganlarynyň başyndan aýdyp, olaryň barmaly ýerlerine sag-aman ýetmeklerini Taňrydan diläp sadaka paýlany hem onuň ýadyna düşdi. Iki-üç aýlykda bolsa Kymyş duzçynyň özünden kiçi inisiniň ogly Ahmet Owgana darap gelipdi hem ol ýerde gaýynlarynyňkyda birki gün bolup, olaryň gidenlerinde galdyran emläginden käbir zatlaryny eltip, ýaşaýyşlaryny görüp, olaryň iberen dogaýy salamyny gowşuryp, ýagdaýlaryny habar beripdi. Ahmet zabunam Akynýaz baýyň aýal doganlarynyň birine öýlenen giýewleriniň biridi, ony gudaçylyga baryp: «Öňem garyndaş bolup otyrys, ýene garyndaş bolalyň!» diýip, Kymyş duzçyň özi öýeripdi. Ahmediň şonda: «Akynýaz baý ol ýerde-de bürgüdiň ynamdar adamlarynyň biri bolup, bärden baranlara-da kömek edýän eken. Bedeňden giden Gutly haşa hem ýer-suw alyp berip kömek edipdir. Özleriniň-ä ýagdaýy has gowy eken» diýende, Kymyş duzçy hem inisini diňläp,

Akynýaz baýy ýatlap oturşyna:

— Akynýaz paýhasly adamdyr, öz etjegini özi gowy bilýändir, ýöne şu gezeg-ä ýurdy goýup gidip ýalňyşaýdy öýdýän — diýdi.

Şonda Ahmet biraz oýlanyp:

— Her zadam bolsa musulman ýurt-da... — diýdi.

— Şeýle-de bolsa, bu ýagdaýlaryň telim dokuzyny başdan geçiren ata-babalar aýtmanmy näme: «Urup-sögüp horlasa-da il ýagşy» — diýip, olaryň göterilip gidenini asla halamanlygyny mälim edipdi.

Kymyş duzçy Mämmet hanyň bu dogumly uly ogluny, onuň aýal doganlarynyň birini ogly Orazgeldä gelin edip almanka hem gowy görýärdi. Onuň märekede ýerlikli gep urşuna syny oturýardy, il içinde: «Mämmet hanyň ogullarynyň hiçisem asgyn däl weli, ýöne Akynýaz-a onuň serdar ogly» diýip taryp ederdi. Ýöne, şeýle-de bolsa, onuň bu gezekki ýamandan ýaýboýy edip göçüp gitmegini, Kymyş duzçy şol wagt hiç zat diýmese-de, halamandy. Garaz onda-da olaryň hereketini birbada belanyň öňünden sowulmak, biraz apyla-sapyla sowlansoň, ýene yzlaryna dolanyp gelmek bilen baglap oýlanypdy. Ol mümkinçilik bolsa, Akynýaz baýyň hut şeýtjegine ynanýardy.

...Derýa boýundaky bugdaýly meýdan Orazgeldini dünýäniň gujagyna dolduryp, ygşyl atyp oturan ýaşyl umman bolup garşylady. Meýdan höweslidi, owsun atyp otyrdy. Ol, hamala, häzir adamsy haýsydyr bir alys sapara giden, indem onuň gaýdyp gelerine sabyrsyzlyk bilen göwün ýüwürdip, mynasyp ýalpyldap, ýol gözläp oturan gelni ýada salýardy.

Orazgeldi jylawy gapdala goýup, arabanyň gyrasyndan sypyrylyp düşdi-de, çil-joýa gözýetime tarap sep atyp gidýän ýaşyl maýsaly meýdany töweregine aýlap, atyzyň gyrasynda çommalyp otyrdy. Bugdaýly meýdan bilen pikirini baglap oturşyna başyndaky telpegini çykaryp, ony bir dyzyna geý-

dirdi, elýaglygy bilen derläp, bugaryp duran syrylan kellesini, maňlaýydyr boýunlaryny süpürişdirdi. Töweregindäki çyg çeken maýsalaryň ertirki güni bilen arzuw baglap, olaryň ýüzüni atyň sagrysyny sypalaýan ýaly mähirli sypalady.

Bugdaýly meýdan öz şähdaçyklygy bilen Orazgeldiniň göwnüni göterdi. Şundan soň onuň öten agşamdan bäri kalbynda köwsarlap, ynjalyk bermeýän pikirler hem kiparlap, onuň ornuny bugdaýyň tizden ýetişip oraga gelmegi, guşgursak däneleriň mele-myssyk nan bolup, saçaklary doldurmagy bilen bagly ýakymly pikirler eýeledi. Onuň göwnüne töwerekdäki çytylyp, gury gamaşyp duran dünýä hem öňküsinden biraz ýagtylan, ýumşan ýaly bolup duýuldy.

Orazgeldi hiç zadyňam müdimi däldigine düşünýärdi. «Kyrk ýyl açlyk ýok, kyrk ýyl dokluk ýok» diýilmänmi näme!? Ähli zat geçýärdi, ýöne Orazgeldiniň göwnüne ol bu günler howlukman, üstesine-de, ýüklüje geçýärdi. Howanyň bulaşyşy ýaly, ykballaryň hem bahana tapsa bulaşaýasy gelip durdy.

Bugdaýly meýdan tolkun atyp, birsydyrgyn bolup dursa-da, aýlanyp ýörkä, Orazgeldiniň daýhan gözleri, iki-üç bölejik ýeriň özge ýerlerden biraz reňkiniň pesligini anyklady. Ýogsam, hemme ýere sepilen şol bir tohumdy. Ol ýeriň tapsyzlygy görnüp dur, oňa syrkawa edilýän ýaly aýratyn hyzmat gerek, birki araba ders berip gurplandyrarsyň welin, ana, onsoň, ýene-de reňkini alyp, seredeniňde goýry tüsse bolup durandyr. Bugdaý diýilýän ekin aýratyn bir zähmet talap edip ýören ekinem däldir-le. Sürüp, ýatjak düşegini ýumşakdan düşäp, ekeniňde-de wagtynda ekseň, gerek bolanda hem bir gezek-ýarym gezek suwunam berseň, ana, onsoň, çarşakdyr galbiriňi jemläp taýynlanyber hasyla.

Orazgeldi arabada getiren dersini özüniň gerekdir diýip pikir eden ýerine çarşak bilen sepeläp dargydansoň, öz ýanyndan «Hä, ýene iki-üç araba ders bolaýsa-ha kem bolmajak

eken» diýip oýlandy. Şol barmana-da, geçen ýyl ýazda derya şoşup, kolhoz mallarynyň bir bölegini suw alan köne ýatagyny ýatlady. Suw alanda Orazgeldiň özem ol ýere kömege baryp, ýatagy öňki ýerinden beýleräge göçürmäge kömek edenleriň biri bolupdy. Biraz mundan ozal bolsa ol şol köne sygyrýatakda mal dersiniň harsaň baglap ýatanyny görüpdi hem şol wagt: «Muny äkidip ekinlere bermeli, hähini alyp, kerepläp ýatan eken» diýip oýlanypdy. Üstesine-de, oba ders üçin gidip-gelip ýörenden ol has golaý. Orazgeldi iki-üç araba dersi indi şol ýerden çekmegi niýet edindi. Ol derýa boýy bilen onuň kölçe-kölçe bolup ýatan gamyş-ýylgynly ýerlerini oýtarlap ýöredi.

Töwerekde ýaňyrak saglyp örä goýberilen sygyrlaryň birnäçesi derýa boýunyň gury çöp-çalamlarynyň arasynda pytraşyp ygym-sygam bolşup, otlaşyp ýördüler. Ýagyş ýene-de ýagarly görünýärdi. Ýaz şemaly asmanda bulutlary öňüne salyp kowalap, Mara tarap sürüläp barýardy. Bulutlaryň arasyndan wagtal-wagtal Gün görmedik zenan bedenine meňzeş bir bölek meýdan akjaryp görünýär. Bulutlaryň ýere göz astyndan syrly seredişip, beýdişip baryşlary, «Ine, biz-ä gitdik!» diýip, ýeriňem özleri ýaly öwrüm-öwrüm bolup, göterilibermegini isleýäne meňzeýär.

Çendan ýarym derýanyň dykyn bolup, çekilip, köl bolup ýatan suwunyň ýokarsynda lowurdap, balyklaryň çapraz teňňeleri ýalpyldap görnüp gidýär. Bu häzir nesil öndürmegiň höwesine düşen balyklaryň, dünýäni unudyşyp, segreşip-segreşip asmana towsuşyp, hezil edişip söýgi oýunlaryny oýnaýan döwrüdigini aňladýar.

Orazgeldi arabasyny öz maýdalyna sürüp barýarka, ýaňyrak aşakdaky derýa olumyndan tirkeşip çykan üç-dört sygryň öňündäki oral sygryň aýak çekip, tama bilen boýnuny uzaldyp, özüne seredenini gördi. Sygryň öz eýesini tanaýşy ýaly, Orazgeldi hem öz malyny tanady. Arabada oturan ýerinden

pikirinde onuň ýagyrnysyny, maňlaýyny sypalady. Haçan-da ýeňsede kimdir biriniň aýak sesini eşidip, yzyna öwrülen mahaly, ol ýalaňtar donuň içinde biraz üşän padymanyň taýagyny biline goýup, onuň her başyndan bir tirsegini geçirip, maýryklap gelýänligini gördi. Ol aňyrdan gelşine sary sygryň bolup durşuna üns berip: «Eýesini tanady-ow, janawer» diýip, köpmanyly ýylgyrdy.

— Şeýle ýaly özün-ä, gözüni aýyrman, seredib-ä dur, janawer — diýip, Orazgeldi hem onuň gepine ugurdaş sürdi.

— Aý, inim, ony gümansyratmak nämä gerek, gören ýagşylygyny, hezzet-hormatyny ynsan unutsa-da, haýwan welin unudýan däldir. Sen öz daýyň Guwandyk baýyň ala köpegini göreňokmy? Ýogsam, baýyň bolşewikden gaçyp, Pyrara gideni haçanlardy, ol bolsa henizem onuň öýüniň gapdalynda tamdyrynyň külüni ýassanyp ýatyr garaşyp.

— «Mal kimiňki—kime buýursa şonuňky» diýipdir-ä köneler — diýip, Orazgeldi mallaryny kolhoza bereni üçin özüniň judabir gynanyp-gyýlandan däldigini görkezmäge çalşyp gürledi.

— Aý, näme, hawa-da, şeýle diýäýmeli bolýa-da... — Soňundanam ol özüne eýgertmeýän sölpüräk donunyň bagjyksyz açyk ýakasyny bir eli bilen, bir ebşitläp, bir goýberip durşuna öz geleňsizligine käýindi. — Şu donuňam ýakasy, Ýagdy kemsit ýaly, bize hezil bererli däl-aýt. Häli-şindi açylyp, gelen sowugy gujaklap alyp, meniň egnimden guýup dur-lahow, bi. Agşam öýe baramda heleýiň öňüne atyp, şuňa bir bagjyk dakdyraýmaly welip, göreniňem men-dä, öýe baryp, ýyla ýetdigimem ýatdan çykaýýar.

Çopan soňam daşyna garanjaklap, aýagyny ýempäp alyp, sygyrlaryny gaýtarmak üçin Orazgeldiniň arabasyny oýtarlap, gapdalyndan geçdi.

«Gurt agzasaň, gurt geler» diýleni boldy. Orazgeldi ikinji gezek öz arabasyny köne sygyrýatagyň dersinden ýükläp

durka, ilki güpürdäp, at aýagynyň sesi, soňam Guwandyk baýyň kolhoza alnan mele dyzmaç atyna atlanan Ýagdy kemsit gapdaldaky ýolda peýda boldy. Onuň täze gurlan sygyr ýatagyna mallaryň üstünden aýlanmaga barýany düşnükli boldy. Orazgeldi işine güýmenip durşuna görse-de, ony «Aý, geçer gider-dä» diýen pikir bilen görmedik boldy. Ýagdy kemsidi «Pukara ýigit» diýip, ozal hiçneneň görmeýänem, ondan göre-bile ýamanlyga garaşmaýan hem bolsa, Nurjuma bilen bolan gürrüňden bäri oňy göreninden görmänini kem görmeýärdi. Duşaýanda hem ondan oňly gürrüň eşiderinem öýtmeýärdi. Aňyrdan mes atyny dyzandyryp gelýän Ýagdy kemsit Orazgeldiniň duşuna gelende ony tanap, at başyny çekdi, gamçysynyň ujy bilen gözüne düşen telpegini biraz ýokary göterip goýberensoň:

— Orazgeldi aga, salawmaleýkim! — diýdi.

— Saglykmy, kemsit, senmidiň? — diýip, Orazgeldi ozal «aga» ýerine onuň özüne ýakynsyrap, adynyň yzyna «akga» goşup tutanlygyny ýüzugra öz ýanyndan belläp, salam aldy.

— Gazynam sag-aman dynypsyňyz, gözüňiz aýdyň!

— Gazynam-a dyndyk özün-ä...

— Şony dynan bolsaňyz, indi galan zadyň bir alajy bolar. Bu ýyl ygalynam berdi. Görensiň, bugdaýlaryň alarlaşyp owsunyşyp oturyşlaryny. Indi pagtanam bir şeýdip, wagtynda sepip, düýp alyp bolsa.

— Onuňam bir alajy bolar.

Orazgeldi Ýagdy kemsidiň barha göterilip barýan joşgunly gürrüňine känbir goşulasy gelmän, guraksy gürledi:

— Wagt-a bar. Siz ekin-dikiniň gözüni bilýän adam, özüňiz gowy bilýänsiňiz!

Ýagdy kemsit soňundanam bir zat sorarly bolup, bu zatlary aýdanda, onuň uludan gelen ala gözleri ulalyp, gözüniň hanasyndan togarlanyp gaýdybererli göründi. Orazgeldi onuň badyhowa söz urşundan çen tutup durşuna içinden: «Haý, gul

adamsy-da, sähel çemini tapsa, hondanbärsi bolup öwünjek bolup dur-da» diýip oýlandy. Ýagdy kemsit wezipäniň hiçneneň däldigine özi oňa geçirilenden soň bilip galypdy. Elbetde, oňa-da özüçe, öz derejesine, görüm-göreldesine göräräk. Üstesine-de, öňden dagam bir sähelçe höwesi dagy bolanda, ol adamyň hondanbärsiligine-de bat beriberýärdi, seni ilki hiç kimden kem däldigiňe ynandyrsa, soňundan seniň kemçiligiň-ä beýlede dursun, bolmanda öz iliňdäki adamlardan özüňi has parasatly, has edenli hasap etdirip, batly-batly gepledip, ýerli-ýersiz dyzandyryp, batyrlygam etdiriberýärdi. Ýagdy kemsit indi iki-üç ýyl bäri Söýünala baş bolup, akym ugruna akyp, wezipäni öz islegiňi kanagatlandyrmaga, munuň üçin hökümet tarapyndan özüne artyk hak berlenligine, şeýlede, onuň baky özüne berlenine hem ynanyp, öz ýanyndan eselip ýören günleridi. Ýagdy kemsit hoşlaşyp ugraberende ýene bir zady ýadyna duşürip, at başyny yzyna öwrürdi:

— Orazgeldi aga, eger pagta ekmäge tohumyň ýetmese, kolhoz üçin şäherden ýeterlik getirdendirin. Saňa-da süýşüris, özüm barkam baraýgyn kontura!

Ýagdynyň bu garaşylmadyk ýagdaýda ýardam baradaky gürrüňi Orazgeldide birbada alasarmyk duýgularyň döremegine sebäp boldy. Nurjumanyň kolhoza alnyp-alynmazlyk baradaky aýdan zatlary onuň gulagyndan gitmändi. Sebäbi ol şol gürrüňi eşidensoň, Ýagdynyň özüni atymyna getirip bilse, ozal hiç neneňsi görmedik hem bolsa, indi gaýgyryp goýmajagy barada pikir edipdi. Şonuň üçinem bu gep çyn-da bolsa ol ilkibaşda, ony duýdansyz duşulanda häkibir ýagdaýa görä sypaýyçylyk üçin aýdylan gepe meňzetdi. Ýöne bu gezek onuň sözünden döwtalaplyk duýulsa-da, hilä ýugrulan gamhorluk duýulmaýardy.

Orazgeldi ýere diken çarşagynyň sapyna ýaplanyp, sarç, dyzmaç atyň üstünde seleň silkme telpeginiň buýralaryny selkildedip, daşlaşyp barýan Ýagdynyň yzyndan at mün-

megiň ony epeý hem hökmürowan görkezýänini belläp, ýene birsalym şol duran ýerinde oýurganyp, durmuşy ölçäp-çenäp durdy.

Adam diýlen mahlugy Taňry juda düşnüksiz ýaradan borly, düýnüň özünde çemini tapsa çemelenip, goltugy daşly oturan indi bu günki gün sahawatlanyp, adam gepini tapyp otyr. Orazgeldi köplenç ýagdaýda bolşy ýaly, Ýagdy hakynda pikir edende, hortaň ýüzli, gaňyrçak burunly, gamyş-gyýagy elläp, örmelisini örüp, çykamalysyny çykap, bitelik baryny edip ýören Narly gamyşçy onuň ýadyna düşerdi. Göräýmäge, şeýle işjanly adamyň ogly hem hiçneneňsi bolmaly däldi.

Ýagdy kemsit bilen duşuşyk we bu pikirler soňra Orazgeldiniň kalbyna teselli beriji täsir etdi.

* * *

Bu ýylam Pendide ýazyň gelşi hiçneneňsi bolmandy. Pagta ekişi tamamlanyp barýardy. Daýhanlar bu günler güýzde sürlüp, şüdügär edilip goýlan ýerlerde häzirki ekin ekilmeli pursady wagtynda, göwnejaý peýdalanmak üçin ir ertirden giç agşama çenli ekin meýdanlarynda hars urşup işleýärdiler. Tama bilen, edilmeli işleri howa ýagdaýlary bilen sazlap, ertirki hasylyň düýbüni tutýardylar. Tebigatam bu ýyl daýhanlara özüniň edip bilen hemaýatyny edýärdi: wagtal-wagtal ýagyş ýagyp, ýeriň ygal-nemini ýetirip durýardy. Onsoň şeýle bolanda, gurak ýyllardaky ýaly, ýeri ekmezden öň ýene-de bir gezek suwaryp, täzeden sürüp ekmegiň geregi hem bolup durmaýardy.

Şol günleriň birinde Pendi raýkomynyň sekretary Ata Hymlyýew Aşgabatda geçen uly ýygnakdan gaýdyp gelen gününiň ertesi özüniň ol ýerden eşiden zatlaryny ýylysy bilen ýerli ýolbaşçylara hem ýetirmek üçin, şeýdende munuň ýygnagyň öňde goýan meselelerdir talaplaryny ýerlerde işläp

geçmek boljagyny hem özüne ýatladyp, ýörite ýygnak çagyrdy. Obalardan çagyrylyp getirilen adamlar ilki raýkomyň jaýynyň öňünde, heniz ýygnak başlamanka, bölek-bölek bolşup, özara gürleşip, çilimleşip durdular. Raýon ýolbaşçysy Ata Hymlyýewiň Aşgabatdan geleninden habarly bolandyklary üçin olar: «Ol ýerde nähili gep-gürrüň bolaýdyka?» diýşip, öz ýanlaryndan böwür diňleşip durdular. Garaşyp duran adamlar ýygnak geçjek ýere çagyrylyp getirilen wagty özleriniň bu ýerde ýeke däldiklerini gördüler: eýýäm Ata Hymlyýewiň töwereginde raýon ýolbaşçylarynyň ýene birnäçesi bardy. Olaryň hersi raýkomyň sekretarynyň töwereginde öz ähmiýetlerine görä, adaty tertipde ýerleşipdiler.

Ata Hymlyýewiň özi üsti gyzyl mata bilen tazy basyrylanan ýaly basyrylan, kese goýlan stoluň ýeňsesindäki diwardan Staliniň mertebelendirilip asylyp goýlan daşy çarçuwaly suratynyň aşagynda, jaýa girýänlere sähelçe baş atyp, olaryň salamyny alyp, ekezlenip töweregini synlap otyrdy. Staliniň diwardan oturanlary nazara alan suraty häzir açyk galan goýun ýatagynyň agzynda duýdansyz peýda bolan çal möjegiň şekilini ýada salýardy.

Ata Hymlyýewiň sag tarapynda raýispolkomyň başlygy Mämmet Polly otyrdy. Ol sulhup gürrüň diňläp oturşyna mahal-mahal sorag beräýjek ýaly sähelçe başyny ýerden göterip, raýkomyň ýüzüne seredip, saryýagyzdan gelen boldumly ýüzüne gelşik berip duran, ýaňyrak çalaryp ugran murtuny endigine görä sypalap goýberýärdi. Ol bu raýona raýispolkomyň başlygy bolup gelensoň, biraz özüni tutup ýognapdy hem has gelşikli, ynamly bir ýolbaşça öwrülipdi. OGPU-nyň başlygy tatar adamsy ýaly türkmen dilini biraz çalgyrdrak gepleýän Iwan Syzran, öz orunbasary, deberdesden gelen alagöz Aman orus bilen onuň çep tarapynda ýerleşipdiler. Olaryň ikisi-de hemişe şolbir çalymtyl-goňur, Staliniňkä meňzeş harby lybas geýip gezerdiler. Billerini aşyrma kemer bilen guşap, başlaryna

Staliniňki ýaly birkyýama ýüzin ýatan kepjäniň üstüne düňderilen, ýarysy bölünip aýrylan suwkädä meňzeş haýbatly papak geýip gezerdiler.

Ata Hymlyýew Aşgabatdaky ähli gören zatlary barada jaýda oturanlara has anyk, has doly maglumatlar bermegi göz öňüne tutana meňzäp, şolbir manydaş sözleri bir-birleriniň üstüne münderleýän ýaly edip hetjikläp, nygtap gürledi. Aşgabatda geçen ýygnak respublikada ýaz ekişiniň barşy bilen bagly bolsa-da, ol golaýda Moskwadan ýörite Türkmenistany dolandyrmaga iberilen, Türkmenistanyň Merkezi Komitetiniň birinji sekretary Ýakow Popogyň çykyşyndan soň, öz-özünden tutuşlygyna diýen ýaly, partiýanyň 1930-njy ýyldaky kulakçylyga garşy barlyşyksyz göreş bilen bagly çykaran kararynyň häzirki döwürde ýerlerde ýerine ýetirilişine syrygypdy. Ýakow Popogyň tribunadan hyruç bilen ýerlerde henizem bu işiň ýerine ýetirilmeginde haýal-ýagallyga ýol berilýänligini, birnäçe ýerli ýolbaşçylaryň bolsa hatda olar özleriniň Sowet ýolbaşçylarydyklaryny hem unudyp, kulak bähbidini araýandyklaryny aýdyp, ýygnakda oturanlaryň kalbyna wehim salypdy. Ata Hymly şonda oturan ýerinden: «Popogyň ýumrugy biziň bir üstümizden inmäbilse ýagşydyr!» diýip, özünden öňdäkileriň arkasynda bukulybrak oturyşyna pikir edipdi. Garaz, gözläp otursaň, eýsem, kimde kem-käs kemçilik ýokmuşyn?!

Ýygnakda hemmeler diýen ýaly seslerini çykarman, kaýyllyk bilen ýas-ýaňy haýsydyr bir ýakynlarynyň birini öwlüýä eltip, ýere tabşyryp gaýdan ýaly, sortduryşyp otyrdylar. Käte bir öýken keselli başlyklaryň birisi birden ýarylyp gidene meňzäp, oturan ýerinde üsgürýär. Adamlaryň bolup oturşy häzirki raýkomyň sekretarynyň ozal partiýa tarapyndan kabul edilen kararyň wajyplygyna aňryýany bilenem düşünýändiklerine, bu meselede özleriniň hem käbir säwlik goýberýändikleri üçin, alada galyp müýn çekýändiklerini mälim edýäne meňzeşip otyrdylar.

Raýkomyň sekretary Ata Hymly oturanlara özüniň Aşgabatda geçen ýygnak bilen bagly aýtmakçy bolan zatlaryny janygybrak aýdyp gutaransoň, hemişeki endigine görä, ol ýerde çykyş eden derejeli adamlaryň aýdan bellikleriniň, ýygnagyň öňde goýan ýerine ýetirilmeli wezipeleriniň diňe bir özgelere degişli bolman, öz raýonynyň ýolbaşçylaryna hem degişlidigini aýdyp, oba ýolbaşçylaryň talap towuny ýetirip goýbermek bilen, kätebir taýparyp duran eňegini sypalap goýberip, gepläp durşuna gürrüňini ýene öz raýonlary bilen bagly anyk mysallara syrykdyrdy.

Ala gargany ahmal görüp ýaşaýan raýkomyň başlygy özüniň häzirki ýygnakda agzap geçjek kolhozlarynyň atlaryny öňden OGPU-nyň başlygy Iwan bilen gepleşip, öz ýanyndan atyma getirip, bişirip goýupdy.

Ata Hymly nämedir bir zady nyşana alýana meňzäp, oturanlary ünsli synlap, gözleriniň birini süzgekledip ýumdy. Şol barmana-da onuň nazary, gapynyň golaýynda ýanaşyk oturgyçlarda ýerleşen, ellerini daňmaga berýän ýaly gowşuryşdyryp, dyzlarynyň üstünde goýşup oturan «Gyzyl Goşunlylar» Ýagdy kemsitdir Nurjuma başlykda saklandy. Ýagdy kemsit Ata Hymlynyň özüne bir zat diýmekçi bolýanyny syzyp, alada tapyp oturan ýerinde sähelçe gozganjyrady, etegi derçigip ugran gaňyrçakly burnuny zol-zol sypalap, süňňüne haýsydyr bir alada aralaşanlygyny mälim etdi.

— Aýdalyň-ki, ine, Söýünaly oba şurasynyň başlygy Ýagdy Narly, şol şuralyga degişli «Gyzyl Goşun» kolhozynyň başlygy Nurjuma Öwez ýoldaşlar şu ýerde otyr. Bu ýoldaşlar Sowet häkimýetiniň ýerlerdäki iş ynanan adamlary bolup durýarlar. Şeýle-de bolsa soňky döwürde bu ýoldaşlaryň köp halatlarda, özleriniň orunlaryny unudyp, kulakçylyga çekiläýmeli barly gatlagyň wekilleriniň hem bähbidini arap, birnäçe babatda bolsa gönüden-göni olara hem kolhoz agzalaryna berilýän ýeňilliklerden peýdalanmaga ýol berýän mahallary hem bolýar.

Dogrusy, Nurjumanyň-a bu tankyt garaşan zady däldi. Tankydyň bolmagyna ol öz ýanyndan asla dile alar ýaly esas ýok hasap edýärdi, gaýtam, ol pikiriniň bir ýerlerinde, obada alyp barýan işleriniň indi şowlap barýanlygy üçin, raýon ýolbaşçylaryndan özüni özgeleriň öňünde mertebelendirip goýberjek taryp sözlerine hantamady. «Gyzyl Goşun» kolhozy raýonda ilkinjileriň biri bolup pagta ekişini tamamlap barýardy. Ýap-çiller bireýýäm gazylyp-arçalyp, haçan suwaryş üçin gerek bolsa gulak açaýmaly edilip goýlupdy. Goýunlardan guzy almak işleri hem şu günler gyzgalaňly, göwnejaý gidip durdy, umuman, hiçneneňsi bolmadyk öňegidişlikler beýleki işlerde-de duýulýardy. Göräýmäge ýakymsyz gürrüň edere bu ýerde esas hem ýok ýalydy. Şonuň üçinem Ata Hymlyýewiň bu tankydy öňde-de biriniň: «Şuny bir amaty gelende çakyp galaýyn» diýip, ozaldan hym baglap ýöreniň gürrüňine meňzeýärdi.

— Bu kolhozda ýaz ekişi döwründe birnäçe barly hojalyklar, tohumlyk diýlip kolhoz agzalary üçin berlen pagta çigidinden berlenligi barada bizde anyk maglumatlar bar. Şol ýygnakda partiýanyň Merkezi Komitetiniň sekretary ýoldaş Popok gaty dogry belledi, gynansagam, henizem ýerlerde barly gatlagyň wekilleri bilen ezmaýyşlyk edişýänler, olar bilen şolbir degirmene suw guýýanlar, elbetde, bar — raýkomyň sekretarynyň gürrüňi şu ýere ýetende, häliden-bäri düňderilip, barha ýognaýana meňzäp oturan OGPU-nyň başlygynyň orunbasary Aman orus oturan ýerinden göwresine sähelçe öwrüm berip: «Şeýlemi asyl?» diýýän ýaly düýrügip, Ýagdy kemsitdir Nurjuma başlygyň oturan ýerine tarap halamazlyk bilen alarylyp seredip goýberdi. Bu wagt Ýagdy kemsitdir Nurjuma başlyk tankyt jalasynyň eňterilip öz üstlerinden gelenligine, duýdansyz geleni üçin ony öýlänçä meňzedip, duýdansyz gelşi ýalam ýene-de hä diýmänem öz üstlerinden geçjekdigini pikir edişip, nämedir bir zatdan gaçyp, gelibem

özlerini buky bir ýere atana meňzeşip, iki eplenişip, takat saklaşyp otyrdylar.

Aman orsuň nazary näçe hyrsyz hem syrly, wehimli bolsa-da, ol Nurjuma uly täsir etmedi, gaýta, bu hondan-bärsilik onuň gaharyny getirip, biraz çetine degdi.

Nurjuma biraz keleçewräk görünse-de, gaýratly adamdy. Onuň il içinde heniz oglan döwründe görkezen gaýduwsyzlygynyň hasaby bardy. Ykbal baryp ony heniz on bäş ýaşly çalgöz ýigdekçe mahaly ar ýoluna ataryp, öz synagyndan geçirip görüpdi. Şonda ol on bäş-ýigrimi ýyllykda ojak başynda oturan, adamsy sapara giden gelnejesini Andym atly bir obadaşy özüne ylykdyryp, heleý edinmek üçin alyp gaçanda, ýaşam bolsa jonnuk gylyjyny syrmaly bolupdy. Ol ýene-de iki sany öýüň namysdüşer garyndaşy bilen gazap donuny geýip, kowgy bolupdy. Kowguçylar olaryň yzlaryndan obadan iki menzillikdäki köne Pendi – Kerki ýolunyň ugrunda ýetipdirler. Özüni giňişligiň gujagyna atanlygyna ynanan Andym o mahal bir depäniň üstünde düşläp, alyp gaçan maşgalasy Güljemal bilen dyz degşirip çaýlaşyp otyrdy.

Haçan-da ol jylaw deňleşdirişip, hajraw ýaly bolşup özüne tarap gelýän üç atlyny gören mahaly dessine nämäniň-nämedigine düşünip, gapdalynda keserip ýatan gylyjyna ýapyşypdy. Soňundanam häzir atlylaryň üç bolup öz daşyna geçseler hezil bermejekdiklerini ýatlap, bir ýoluny tapyp, olary bölmegiň gamyny edipdir. Kowguçylara baş bolup gelýän Rozy çolak sesýetime gelende, onuň bu bolup gelşiniň ilde halanmaýan namartlykdygyny aýdyp, onuň çetine degipdi:

— Ohow, Rozy çolak, bu nä boluş, men, näme, siziň gelniňizi üstüňize şeýdip goşun çekip baryp alyp gaýdypmy-dym, siziň beýdip meniň üstüme goşun çekip geleriňiz ýaly? Munyňyz bigaýratlyk bolýar. Size birtopar beleňbatyry gur-

rumsak diýerler, çykyň, gaýratyňyz bolsa, meniň garşyma ýekme-ýekden! — diýip, gyjalat edipdi.

Rozy çolak şonda atynyň başyny çekipdi-de, gelniň namysynyň esasy düşýän adamsy hökmünde ilki onuň ýüwürjisi Nurjumany orta çykarypdy.

— Inim, bar, al aryňy!

Nurjumanyň jonnuk gylyjyny syryp özüne tarap at depenini gören wagty, Andym öz atan tilki sapalagynyň ýerine düşendigini aňypdyr. Andym aňyrdan jonnuk gylyjyny howada galgadyp, ony parladyp öz depesinden gazap bilen indererli bolup gelýän Nurjumanyň münen aty özüni dabrap, depgiläp geçerli görüp, ol güpürdäp golaý geliberende, onuň deminden bir howa bolsa-da sypmak üçin, köpügörenligini edip, dessine donuny egninden çykaryp, ony birki gezek yzly-yzyna howada pasyrdadyp silkipdir. Ürken at şonda oýtarlap, hol, beýleden geçipdir. Ýöne Andym näçe köpügörenligini etse-de, gazaby gaýnap depesine uran Nurjuma oňa atyna atlanyp, özi bilen deňleşmegine maý bermändir. Atyny dabradyp, bir ondan, bir mundan gelip hüjüm edipdir. Rozy çolak bir görse, Nurjuma atlam bolsa Andym oňa ýan bererli dälmiş, gaýta, öjügip dyzanyp, ýaş oglany elesledip alyp barýamyş. Şonda onbiratary atyň öňüne kese basyp oturan Rozy çolak güýçleriň deň däldigini görüp, duran ýerinden Andymyň ýokary galan elini atyp omrupdyr.

Andym sakar ganyny sarkdyryp, Nurjumanyň öňünde gaçyp-urşup ýörşüne, ýene-de gygyryp, Rozy çolagyň bu hereketini namartlyga ýanapdyr:

— Haý, heleýlediň, çolak!

Rozy çolak bolsa:

— Heleýlän däldirin, men sizi deňleşdirendirin. Ýogsam gögele oglan bilen uruşmanyň seniň ýanyňda näme manysy bar?! Ana, indi ýeň ony ýeňip bilýän bolsaň! — diýipdir.

Süňňüni namys oduna aldyran Nurjuma şundan soň,

amatyna getirip, Andymyň kellesini kakyp düşüripdir...

Obadaşlary Nurjumanyň biraz keleçewräkligini hem onuň şol gan görenliginden görýärler...

Raýkom kulaklara ezmaýyşlyk edilip berlen pagta tohumy bilen baglap, söýünalylary gepe gerňäp ugran mahaly raýispolkomyň başlygy Mämmet Pollynyň ýüzi duýlar-duýulmaz gyzaryp-bozardy. Ol depesinden haýsydyr bir zady päsgelsiz geçiräýjege meňzäp, başyny aşak sallady. Tankyt başlanan wagty ýerli-ýerden: «Bu ne gep boldy?» diýen manyda öz ýüzüne soragly sereden söýünalylaryň nazaryny görmedikden boldy.

Ýagdydyr Nurjuma ýekebara hojalyklara tohum kömegini berenlerinde işlerini çig etmändiler. Ony ilki, biraz tohumlyk pagta çigidi berläýmese, ençeme ýekebara hojalyklaryň ekiş ekip bilmejegini aýdyp: «Şeýdiläýse, nähili bolarkan?» diýip, şol günler oba aýlanmaga baran raýispolkomyň başlygyndan ýörite sorapdylar. Olam şonda:

— Ýerleri ekmän boş goýmak bolmaz. Beýle bolsa, beriň olara-da öz artdyranyňyzdan. Hasyl ýetişende salgyd-a alýas olardan, bu ýyl salgydy köpräk aljak ekenik-dä. Olara berenimizde hem başga ýere gidenok, ýene özümize gaýdyp gelýär — diýipdi.

Mämmet Pollynyň häzirki bolşundan çen tutup, Ýagdy kemsit öz ýanyndan «Ýoldaş Mämmet Polly bu meseläni entek raýkom bilen maslahatlaşyp ýetişmän eken-ow» diýip aladaly, onuň öz arkalaryny almaga ýagdaýynyň çatmajagyny ýatlap oýlandy. Aýdylýan tankydy gürrüňleriň dolulygyna Nurjumadyr özüne degişli bolup galýanlygyna düşündi.

Tebigaty biraz ynjalyksyzrak Nurjuma öz sözüniň Ata Hymla garşy çykan ýaly boljagyny pikir etse-de, Ýagdy kemsidiň edişi ýaly, aýdylan gepi ýapyrylyp, uzak diňläp oturyp bilmedi. Gijemese-de ýeňsesini gaşady, mazasynyň gaçanyny mälim edip, oturan ýerinde oýkanjyrady. Häzir

onuň raýkomyň sözünden soň öz depelerinde peýda bolan ümür-dumany pytradasy, adamlara bu igenjiň döremegine sebäp bolan zady açyk-aýdyň edesi geldi. Haçan-da raýkomyň sekretary bir wajyp zady ýadyna saljak bolýan ýaly, oturanlara tarap salgap duran elini eňegine ýetirip sözüne dyngy beren mahaly, ardynjyrap aýdylýan zatlara pisindi oturmazlyk bilen Nurjuma oturan ýerinden gepläp, soňuny saýmazlyk bilen raýkomyň sözüni böltedi:

— Aý, ýoldaşlar, bu gep-gürrüňler-ä birhiliräk boldy — diýip, özüniň bu tankydy bellikler bilen ylalaşmaýandygyny mälim etdi.

— Eýsem, ýalanmy onda, söýünalylylar, size biziň eden ýaňky tankydy belliklerimiz? — diýip, Ata Hymly soragsyz öz gepiniň bölünmegini halaman, bada-bat sorag bilen haýykdyryp, onuň badyny alarman boldy.

Nurjuma raýkomyň derejesini alga alman, gürrüňini ýene-de öňki hörpünde hym baglap dowam etdirdi:

— Ýalanam-a däl bolsa, däldir, ýöne welin, gatybir çyndyram öýtmäň! Kolhoz pagta ekişini tamamlady. Onsoňam ekeýin diýsegem, bizde-hä taýyn edilip özleşdirilen ýerem ýok. Bir put ýarym put artyk galan tohumlyk pagta çigidinem, näme, alaga-da berdik birnäçe ýekebara hojalyklara. Juwazdan geçirip, özümiz ýag edinib-ä iýemzok şony ýa-da eltip jara dökemzok. Ýekebaranyň bolsa birnäçesiniň ýeri bolsa-da, ekmäge tohumlyk çigidi ýok, bolsa hem ýeterli däl, ýet-de-gütderäk. Oňa-da, adamlar, bellibir derejede biziň özümiz günäkär. Ýatlalyň geçen ýyl ýekebaranyň pagta hasylyny nädenimizi. Ilk-ä salgyt diýip, ýarpy hasylyny aldyk, biý-ä bir, soňundanam ýene: «Raýona ýokardan goşmaça plan berildi» diýip, olaryň elindäki tohumlyga-beýlekä diýip, aýap goýan hasylynam garagyna basyp, gaňryp aldyk... Ýeri ekmän galdyrmak nadanlyk dälmidir, eýsem? Onsoňam ýekebara bol hasyl alanda-da, ol nirä gidýärmiş, ýene-de öz döwletimize

girmeýärmi näme?

Saklanyp bilmän Nurjumanyň sözi şu ýere ýetende onuň mertebeli wezipeli adam bilen deň durup, sanaşyp diýen ýaly durmagyny halaman, seňrigini ýygryp diňläp oturan Aman orus: «Şu ýerde menem biragyz aýdaýyn!» diýip, ilki raýkomyň ýüzüne, soňra aýdylanlara judabir üns bermeýän ýaly aşak bakyp, parahat sulhup oturan öz başlygynyň ýüzüne gözledi:

— Näme, Nurjuma, sen ýekebara hojalyksyz kolhoz gününi görüp bilmejek ýaly etdiň-de goýaýdyň-la muny? — diýip, onuň ýüzüne aýgytly dikanlady. Soňam gepläp durşuna, gürrüňi gutaransoň şol duran ýerinden hyrra yzyna öwrülip, düwläp Nurjumanyň üstüne gaýdyberjege meňzäp, köýneginiň synyny çekip ykjamlandy.

Ýagdy oturan ýerinden Nurjumanyň sözleriniň OGPU-ny özlerine öjükdirenini görüp, oňa aladaly käýindi:

— Bu deýýus, tüýs şallak diýseň şallak-da bi, ýeri, sen onda, bu hörpde gepläp, özüňe «hä» diýdirerin öýdýäňmi diýsene. Otur-da, bilmän kemçilik goýberenden bolup. «Düzederis, hoş» diý, hoşuň, nä, atasy ölüpmi!?

Hemişeler şeýle ýygnaklarda OGPU-nyň ýolbaşçylary onuň soňraklarynda söz alyp, çykyp geplärdi. Bu gezek welin kada bozuldy. Nurjumanyň gepiniň Aman orsa ýaraman, ony kejikdirenligi belli boldy. Ol adamlaryň üstüne agdarylyp gaýdyberjek gaýa ýaly bolup gazalyp duran ýerinde leňňer atyp durşuna: «Ýene haýsyňyz şu pikirde?» diýýän hörpde bir eýlesine, bir beýlesine öwrülip, hyrsyz nazary bilen töweregini synlady.

Ol soňra öz sözünden depik alyp, barha öjükdi. Ähli gahar-gazaby bilen Nurjumanyň üstüne düňderilip gaýdarly göründi. Ýöne ol gepläp ugrandan onuň gürrüňi köp halatda tejribeli ýolbaşçy adamlaryň edişi ýaly, diýjek zadyny aňyrdan aýlap almakçy bolanlygy belli boldy.

— Biläýmeli, soňra bolsa özüňe sapak-da edinäýmeli bir gep bar, ýoldaşlar — diýip söze başlady.

Oturanlar, elbetde, OGPU-nyň başlygynyň orunbasarynyň gep saluwyndan, onuň bu gep biziň hemmämize-de bellibir derejede degişli diýýänligine düşündiler.

Adamlar Aman orsuň gep urşuna beletdiler, ol hemişe özüniň kesbi-kärine buýsanýandygyny aňdyryp, içi güjükli sözleri adamlara ýamap-ýanap gürleşmegi gowy görerdi:

— Biziň aramyzda bolşewik duzuny iýibem, ýeri gelende özüniň zat hem garyndaşlyk bähbitleriniň torundan çykyp bilmän, iýen duzuna hyýanat edýänlerem bar, ýoldaşlar. Bizde bu barada anyk maglumatlaram ýeterlik... Ýakynda oba ýolbaşçylarynyň biri, bir baý ýurtdan gaçanda gömüp giden dänesiniň yzyndan düýe tirkäp gelende, şol gijäniň özünde onuň gömüp-galdyryp giden gallasyny oňa, gömen ýerinden köwleşip, ýükläp berip goýberenem bar.

Aman orus henizem töhmet halkasyny kimiň boýnuna atjagyny bilmeýän ýaly at tutman, guş dilinde gürleýärdi. Hemişe-de şeýdip, aýdar ýerde aýdarman bolýan anygyny aýtman, gepi gyzykdyrmak onuň endigidi. Şeýle edilende ol soňra her aýdylan zadyň diňläp oturanlaryň gyzan tamdyra hamyr ýelmäniňdäki ýaly şarpa kabul edip alýanlygyna beletdi.

Aman orus şu mysaly getirmek bilen soňra sözüniň ahyrynda Nurjumadyr aşak bakyp, geçilmez günä eden ýaly aplygyp oturan Ýagdy kemside hem öz igenç taýagyny sürtüp geçmekçidi. «Siziňem bu eden işiňiz hut şol Owgandan gelene däne göterdip goýberen ýaly, öz iýen duzuňa hyýanat etmek bolýar» diýip suňşurmakçydy. Ýöne gepiň aýdylyş hörpi täsir etdimi ýa-da ol hemmeleriň ýokarsynda peýda bolan töhmet belasynyň gara kölegesini öz üstüne-de abanyp gelýän ýaly duýdumy-nämemi, Aman orsuň gepi şu ýere ýeten mahaly Kaganowiç kolhozynyň başlygy Jotdy

maýdaja garaşylmadyk bir ýagdaýda duýman ýatyrka böwrüne depilen it ýaly hyňranyp, tarsa ýerinden turdy-da:

— Kim şol, ýoldaş Aman orus OGPU? Eger şeýle adam biziň aramyzda bar bolsa, özüm onuň bokurdagyndan alaýyn! — diýip, pökgi gapjak ýaly ellerini somlap, ala gözlerini elek-çelek etdirip: «Haýsyň şol?» diýýän ýaly, kellesini sandyradyp töweregini synlady. Aman orus häzir bir at tutdugy Jotdy düýrmegi bilen onuň üstüne özüni zyňarly göründi. Bu ilde Jotdy maýdaja hem bolşewik gelensoň, onuň ýol-ýörelge hasabyna gabat gelip, egni galan, düýnki ýykma-ýykylma güzeranly, ýer urup-ýerde galan san-salasyz adamlaryň biridi. Ýetmejek derejesine ýetirip, görmedik gowulyklaryny görkezeni, mertebelendireni üçin ol Sowet häkimiýetine minnetdardy. Oňa başardygyndan halys ýürekden ynanyp hyzmat edýän adamlaryň biridi. Özüniň bu wepadarlygyny ol hemişe il öňünde nygtamagy, iş ýüzünde subut etmegi, göterimräk häsiýetine görä, öz borjy hasap ederdi. Golaýda bolan ýygnaklaryň birinde OGPU-nyň başlygy: «Her oba kulakçylyga çekilmeli adamlarynyň sanyny aýtmaly» diýende, özgeler bu işi etmegi kyn görşüp, oýurganyşan wagtlary Jotdy maýdaja ilden öň tarsa ýerinden galyp, duran ýerinde barmagyny büküp, öz obasyndan bäş maşgalanyň adyny hata ýazdyryp, OGPU-nyň işgärlerine: «Ine, ýerlerde hut şu Jotdy aga ýaly işlemeli» diýdiripdi. Şonuň üçinem Aman orus at dagy tutaýan bolanlygynda häzir bu ýerde bir it urşy ýüzüniň ugruna bolsa-da bolaýmalydy. Şeýdibem, Jotdy maýdajanyň-a öjükdirilip, helabas berilýäne meňzejegi ikuçsuzdy. Aman orus Jotdy keltejigiň beýdip ara goşulmagy bilen öz aýtmakçy bolan saldamly, agyr gürrüňiniň, häki bir, märeke üýşen ýerinde, haýsydyr bir oýnatgyrak, göterimräk adamy märekäniň hezil görmek üçin orta alyp edilýän ýarym ýalan-ýarym çyn oýun geplerine meňzäp barýanlygyny görüp, halamazlyk bilen dykylyp düýrükdi. Onuň düşen ýagdaýyny görüp, töwerekde oturan adamlaryň

ýüzlerinde hem sähelçe duýlar-duýulmaz ýaňsyly ýylgyrmalar peýda boldy. Özüniň bu hereketleri barada kim nähili pikir eden-de bolsa, «Itiň oýnam bolsa, göläniň çyny» diýlişi ýaly, Jotdy maýdajygyň welin magat çynydy.

Aman orus «hä» diýmän, öz gürrüňini edýän adamsynyň adyny tutarly, anyklarly bolsa-da, Jotdynyň soňra abraýly edara jaýynda it garpyşygyny gurup, metgi boljagyny pikir etdimi, nämemi ol soňam hiç kimiň adyny tutmady.

Gaýta, ýygnak alyp baryjy, raýkomyň sekretary Ata Hymly bilen Aman orus ellerini daldalaşdyryp, göçgüni depesine uran Jotdyny höreläp-köşeläp: «Köşeşiň, Jotdy aga!» diýşip, ony abraý bilen ornunda oturtmagam uly dert boldy.

Soňundan raýkomyň sekretary bu bolan gelşiksizligi ýylmap-ýaýmak üçin: «Äý, beý diýdigimiz gaty bir eý diýdigimizem däldir» diýýän äheňde gümürtik gürläp, ara düşen dartgynlylygy gowşatmagy göz öňünde tutup, parahat gürledi. Aýdylan kemçiligi we belligi bir ýere däl-de, tutuş raýon çägine ýazyp-ýaýmaga çalyşdy.

Töwerekdenem, ýerli-ýerden aýdylyp-diýlensoň, göçüp-gudurap ýüreginiň ersginini gaýtaran Jotdy maýdaja ýene-de ýalmanyp, öz ornunda oturdy. Ara düşnüksiz dymyşyklyk aralaşdy.

Kükräp gürrüňe başlan Aman orcuň hem badynyň kemelenligi belli boldy. Ol soňra sözüniň böltelip, badynyň alnanlygyny mälim edip, Jotdy maýdaja gyýa seredip, birhili lapykeç öz sözüni dowam etdirdi, soňundanam adaty edişi ýaly, Aşgabatda geçen uly ýygnagyň öňde goýan wezipeleriniň juda wajyp hem döwrebaplygyny nygtap, özüniň giňden öwrüm berip, mysallar getirip aýtmakçy bolan gürrüňini gysgaça jemledi. Ozalky gürrüňiň başga ýana sowlandygy belli boldy.

Haçan-da Aman orusdan soň raýonyň «Täze ýol» kolhozynyň ýaş başlygy Ýazdurdy Beknazarow söz sorap alanda,

ony hem oturanlar Aşgabatda geçen ýygnaga seslenip çykyş etjekleriň biridir öýtdüler. Ýaş başlyk süňkbaşy iri, daýawdan gelen garaýagyz ýigitdi. Ol söz alansoň ör turup, gödeňsi görünýän ullakan elleri bilen özünden öňde oturanyň üstüne abanyp, biygtyýar eňegini sypap durşuna, ýas-ýaňyja çykyşyny tamamlap, öz ornuna gonan Aman orsa ýüzlendi:

— Ýoldaş Aman, size bir sowalym bardy welin

— Aýdyber, Ýazdurdy — diýip, Aman orus daýanykly ýigide oturan ýerinden ylygyp, göwünjeň baş atdy.

— Aýtsam, ýoldaş Aman, siziň ýadyňyzdadyr. Birki aýlykda biziň obamyzdan Berdi Gotur ogly tersçillikde aýyplanyp tussag edilipdi.

— Hawa, ol bozgagy obadan meniň özüm tussag edip, alyp gaýdypdym. Tersçil bolsa, ony, näme, biz tutmaly bolarys-da. Tutdugam, sorag edip, işem geçirdik. Biziň borjumyz şol.

— Onyňyz dogry-la — diýende, Ýazdurdynyň sözünden biraz nägilelik duýuldy. Munuň şeýledigini, ýaş başlygyň özüne garaşylmadyk bir gepi aýtmakçy bolýanlygyny, kärine mahsus ýol çalmak bilen Aman orus hem duýdy. Ol tekepbirlik bilen ýaş başlygyň göni gözüniň bäbenegine seretdi, ony sowuk nazary bilen duran ýerinde dalady. Onuň gyşarylyp sorajak soragynyň jogabyny bermäge taýynlandy. Daýaw ýigit Aman orsuň öz okgunly nazary bilen, özüniň kimligini mälim edip, howuny basjak bolýanlygyna düşündi. Onuň nazaryna seretmän gürledi:

— Siz ol ýigidi şonda: «Kolhozyň mele ýorgasyny Owgana geçiren» diýip tussag edipdiňiz.

— Ýadymda.

— Ýadyňda bolsa, Berdi Gotur ogly şol Owgana alyp geçen atyny, alyp geçirmän eken.

— Ol nähili ol «alyp geçiren atyny alyp geçirmän ekeni?» — diýip, Aman orus Ýazdurdynyň ýas-ýaňyja aýdan

gepine oturan ýerinde düýrügip, onuň özüne berilýän soraga öwürdi. Ýaş başlykdan dessine aýdyp duran gepini anyklaşdyrmagy talap etdi. Ýazdurdy şaýat gözleýän ýaly töweregindäki ýapyrylyşyp oturanlara bir ugra öz aýlap goýberensoň, bölünen gürrüňini ýene-de dowam etdirdi:

— Ýoldaş Aman, şol atymyz-a öz örklenen ýerinden boşanyp, Owgana däl-de çöle, bir ýyla golaý mundan ozal münüş edinmek üçin, gäleden tutulyp alnyp gaýdylan ýerine giden eken.

— Hä-ä, gelipdir diýsene? — diýip, ajy ýylgyran wagty adamlar ýene-de başlygyň sözüniň Aman orusda köpmanyly ýaňsy döredenligini gördüler. Olar bir-birleri bilen bir zat üstünde oňuşman çekeşip durana meňzediler.

— Hawa, ýoldaş Aman, atymyz-a ýatagynda kişňäp dur!

— A, sen ol atyň nireden gaýdyp gelenini bilýärmiň? Atyň sürüsine Owgandan gaýdyp gelmänligini sen nireden bilýärsiň? Ýa-da daňlan ýerinden boşanyp, sürüsine dolanyp baryp bilen at Owgandan, eltilen ýerinden gaýdyp gelip bilmez öýdýäňmi? Onsoňam kolhozyň atyny Owgana aşyryp gelendigini Berdi Gotur oglunyň özi sorag edilen mahaly doly boýun aldy. Bizde onuň barmak basyp, döwlete eden öz hyýanatyny tassyklan güwänama haty-da bar.

Tüweleý ýaly birden peýda bolan sene-meneli jedele meňzeş sorag-jogap, geplän mahaly özüni garşydaşyny alasladyp, burça gabap barýan ýaly duýan Aman orsuň garşydaşynyň jogabyny nagt edip, jedeliň utan tarapynda, ýaş başlyk Ýazdurdynyň bolsa utulandan bolmagy bilen tamamlandy. Eýsemde bolsa, bu jelegaýda häzirki OGPU-ny guşy gaz alýan döwürde utjak kimmiş, onda-da Aman orus ýaly nadandan dörän öz ýeten derejesi bilen başy humarlyny?! Bu döwür olaryň ýeňilýän döwri däl. Munuň şeýledigine Aman orus ýaş başlygyň kölegeli soragyna beren nagt jogaby bilen oturanlara ýene bir gezek düşnükli etdi. Gaýta, ýaş başlyk

şundan soň watançylyk duýgusy pes, yrga adamlaryň hasabyna alyndy[1].

Näme-de bolsa, Aman orus bilen ylalaşaýmak galýardy. Galyberse-de, OGPU-nyň ýolbaşçysy ýoldaş Syzran ýygnakda söz sözlän mahaly: «Baý-gulaga hemaýat edýänleriň ýoly biz bilen bir däldir» diýen wagty onuň oturan tarapyna hem: «Senem şuny bilip goý!» diýýäne meňzäp, talaply seredip goýberipdi...

Öz gürrüňiniň beýle öwrüm almagyna garaşmadyk ýaş başlyga-da şundan soň Aman OGPU-nyň, häzirki öz-özünden beleň alyp, yzly-yzyna suňşuryp-suňşuryp gidip barýan gepine asgyn düşen garşydaş hökmünde «hä» diýäýmekden başga alaç galmady. Ol Aman orus gepläp durka içinden: «Siz eliňize düşen adamy depip-gapyp, oňa etmedik günäsini boýun aldyrman goýýaňyzmy näme? Ýöne, ýerden guljaly Hezzi batyr siziň eliňize düşende: «Näme diýseňiz boýun alaýyn, ol Lenin aganam öldüren men... ýöne urmaň, horlamaň, mert atyp öldüriň» diýip, dat eden däldir diýip pikir etse-de, OGPU bilen oýnunyň deň gelmejegine düşünip, gaýdyp gürlemedi. Ýogsam, ol irden obadan gaýdanda, atyň tapylanyny aýdyp, Berdi Gotur ogluny zyndandan boşadyp, yzyma düşürip, oba alyp gaýdaryn diýen tama bilen gelipdi. Ýaş başlyk Ýazdurdy Beknazar bu meseläni orta atanda entek bu zatlardan habarsyzdy. Ol obadaş ýigidiniň şäherde OGPU-nyň bendihanasynda oturandygyny pikir edýärdi. Ýöne eýýäm Berdi Gotur oglunyň aýyplanýanlygy bilen bolmaly ähli zatlar bolupdy, ony «ýiti gözli» OGPU-nyň işgärleri

[1] *Ýene aňyrsy 9-10 ýyldan häzirki bu ýurdy eýemsirenişip, özleriniň özgelerden has watançydyklyryna ynanyp, Ýazdurdynyň bolsa watançylygyny häzir güman astyna alyp oturanlar hakynda däl-de, gwardiýanyň uly leýtenanty Ýazdurdy Beknazarow hakynda 1942-nji ýylda, söweşiň aldym-berdimli gidip duran wagty urşuň «Edermen Watançylar» harby gazeti özüniň baş makalasynda: «Gyzyl esger! Sen duşmany gwardiýanyň uly leýtenanty, edermen türkmen ýigidi Ýazdurdy Beknazarowyň batalýony ýaly urmalysyň!» diýip, onuň watançylygyň göreldesiniň ýokary nusgasyny söweş meýdanynda görkezýänligini aýratyn buýsanç bilen ýazar.*

«günäsini» boýnuna goýup, kolhoza hyýanat eden tersçil hökmünde tussaglygyň alys, görgi ýoluna ugradypdylar.[1]

* * *

...Soňra gürrüň ýene-de kem-kemden öňki akabasyna ugrukdy, öwran-öwran Aşgabat, Popok ýatlanyldy. Şeýle ýerine düşen çykyşdan soň, ondan degerli netije çykarylan wagtynda kolhoz durmuşynyň pajarlap ösjekligi barada gürlenildi. Ýöne indi edilýän gürrüňler ekiztaýlar ýaly bir-birlerine meňzeşdiler hem ähli aýdylýanlaryň ýerine-ýagdaýa görä, ýürekden däl-de, bärlerden bir ýerlerden aýdylýardy. Şonuň üçinem häzir oturan adamlara bu edilýän gürrüňler özleri üçin däl-de, başga-başga adamlar üçin edilýän ýaly duýulýardy.

OGPU-nyň ýolbaşçylaryna adamlaryň arasynda ýeri gelende başga-da soragymy beräýsem diýip oturan ýolbaşçylar ýok däldi. Golaýda diňe bir «Täze ýol» kolhozyndan däl, Söýünalydan, Baýraçdan, Erdendir Horasandan, «Pograniçnik» kolhozyna öwrülip oturan, ak patyşa döwründe Ukrainadan sürgün edilip getirilen hohollardan birnäçesi tussag edilip, şähere sorag-jogaba alnyp gaýdylypdy. Alada artypdy. Şolaryň ikisi «Gyzyl Goşun» kolhozynyň adamlarydy. Nurjuma hem

---

[1] *...Etaba atarylan Berdi Gotur ogly bolsa soňra şol gidişden baryp, Magadanyň Werhoýan daglarynda magdan köwýän bendileriň arasyndan çykypdy. Ol soňra bu ýeriň türmesinde ýigrimi ýyla golaý oturyp, azatlyga çykýar.*

*Haçan-da ol özi ýaly türmelerden boşan bendiler bilen Magadana gelip, Uly ýere gitmek üçin ýylda bir gezek gelýän ýeke-täk gämä münüp ugran mahallary, heniz gämi ýola düşüp, ugurly ýüzüp-ýüzmänkä, ýene bir bela uçraýarlar. Bir ýerden bir äpet kit peýda bolup, ol gämini guýrgy bilen urup ýykmagyň kastyna çykýar. Ol ondan gelip, gämini guýrugy bilen bir urýar, mundan gelibem bir. Her uranda hem ýer sarsan ýaly bolup, gämi agdararly bolup, entirekläp-egreldekläp gidýär. Mahluk soňra birazdan gäminiň «aman diläp» bögürýän güňleç sesinden heder edýärmi - nämemi ondan çekilýär. Zordan aman galan gämini soňra dolap bejermäge kenara getiripdirler. Bendileriňem Ohot deňzi bilen Uly ýere aşmak planlary puç bolýar. Olaryň arasynda birnäçe türkmen hem bar eken. Änewli Hydyr aga-da bu dowzah baradaky gürrüňinde soňra: «Şol gaýdanlaryň arasynda Berdi (tagtabazarly) ýene-de Magadana ýesir bolup düşen türkmen gyzy-dy bardy» diýip ýatlar («Ýetmiş ýyla çeken tümlük», «Nesil» gazeti, 3.XII.1998 ý.).*

aňyrdan gelende «OGPU-nyň ýolbaşçylary bilen ýygnakda duşaryn, olardan sorap-idäp görerin» diýip gelipdi. Şähere atlanýanyny eşidip, onuň ýanyna tussag edilip alnyp gaýdylanlaryň hossarlary: «Bir habar biljek bolaweri» diýşip, zarynlaşyp galypdylar. Ogly bendilige buýrulan aýal bolsa gözýaşyny saklap bilmän, başyna atynan sary reňk hasa atynjasy bilen gözüni sylyp-sylyp oňa ýalbarypdy: «Boşadyp yzyňa düşürip getirmeseňem, bileweri, oglan diri hatarynda bir barmyka, erbet-erbet düýşler görýän, şol gideli ne içerde karar bar mende, ne daşarda, uzakly gijänem gözýaş bilen suwlap, ýatman ýol gözläp ýörün men» diýip galanlygam onuň ýadyna düşýärdi. Ýöne ol «Täze ýol» kolhozynyň başlygynyň mysalynda sorag berýäniň, sorag berilýäni öz soraýan zady bilen günertleýäne meňzeýänligini, şeýdibem, gepiň ters öwrüm alýanlygyny görensoň, bu meselä ýygnak gutaransoň, ýagdaýy aýdyp, OGPU-laryň ýanyna ýekelikde dilegçi hökmünde muňalandan bolup barmagy niýet edindi.

Nurjuma OGPU bilen öz obadaşlary barada gürleşmegi ýygnakdan soň, öýläne goýanyny kem görmändi. Munuň ýaly-da ikiçäk sypaýyçylykly gürrüňiň hiç nenensi bolmajak-

*«Är gorkan, at ürken ýerinden» diýleni, şundan soň gämili Uly ýere aşmak tiz-de bolsa, ikilenç oňa münmäge Berdiniň bogny ysmandyr. Ol gury ýer bilen assa-ýuwaşdan Ýakudystana çekilipdir. Bende: «Öýe barsam, ýene bir sebäp bilen bu ýerlere gaýtadan ugradarlar» diýip, gorkmanam durmaýar eken. Ýakudystana gelip, ol bir başy boş ýakut gelnine öýlenip, şol ýerde-de galyberipdir. Berdi gideli ondan hiç habar-hatyr bolmansoň, garyndaşlary ony bir ýerlerde ölüp gidendir diýip, bireýýäm ondan tamalaryny üzübem ýören ekenler.*

*... Bu wagta çenli bolsa kyrk ýyldan gowrak wagt geçipdir. Eger-de nesibe il-ýurda çekmedik bolanlygynda, Berdi aga Ýakudystanda diri gaýyp bolup, soňam gezse-de gezer ýörerdi.*

*... 1980-nji ýyllaryň başlarynda Moskwa baran kakaly Berdi aga ol ýeriň myhmanhanalaranyň birinde Ýakudystandan gelen bir ýakut bilen bir otagda bile bolýar. Şonda tanşan mahallary ýaňky ýakut: «Biziňem obamyzda Berdi pekir diýen bir gowy çörek bişirýän adam bar. Öz-ä şolam siz ýaly Orta Aziýaly bolmaly diýip, Berdi Gotur ogluny ýatlaýar. Bilesigeliji Berdi kakaly ýakut goňşusyny diňländen soň: «... Adyňam Berdi bolýan bolsa, sen niredenem bolsaň, türkmen bolmaly» diýip pikir edýär. Ýakutdan salgysyny alyp*

lygy barada, şeýdilende Aman orus bilenem bellibir derejede düşünişip biljegine hem tama edipdi. Ol ýygnakdan soň: «Işim bar» diýip, Ýagdy bilen aýrylyşandan soň bu işiň ugruna täzeden çykdy.

Täjirleriň, barly baýlaryň bişen kerpiçden haşamlanyp gurlan, göze gelüwli jaýlarynyň boýuny syryp, birsalym ýörän-son, OGPU-nyň edarasyna ýetdi. Onuň ýerleşen ýeri täjir jaýlarynyň iň soňkusydy. Nurjuma howla giren mahaly sag tarapda Aman orusdyr Syzranyň münýän tanyş atlarynyň gazygynda durandygyny gördi. Beýle ýanynda bolsa Syzranyň dor alaşasyny goşup, halap münýän, ermeni täjirlerinden oljalanan, üsti rahat, ýaýjykly paytuny hem duran eken. Şundan soň aňyrdan: «Bir ýere gidäýen bolmasa ýagşydyr» diýip, aladalanybrak gelýän Nurjuma özüne gerek adamlaryň ýerli-ýerinde barlygy düşnükli boldy.

Nurjuma Aman orsuň kabulhanasynyň gapysyna gelende, gapynyň agzynda hata güýmenem bolup oturan, harbylarça geýnen uzynak, hüwigöz ýigit onuň habaryny aldy hem: «Häzir ýoldaş Amanowyň ýanynda «Gyzyl Goşun» kolhozyndan gelen bir adam bar» diýip, oňa gapdalda kabul edilme nobatyna garaşyp oturan adamlaryň arasyndaky boş orny

---

*gelensoňam: «Sen kim, Berdi, ýerligiň nireden, heý, ilen-çalan, dogan-garyndaşdan habarlaşaýara bu ýerde adam barmy?» diýip hat ýazýar. Berdi kakalynyň çaky dogry bolup çykýar. Ol hatynda özüniň türkmen bolup, türmeden öň Tagtabazaryň «Täze ýol» kolhozynda ýaşandygyny ýene-de Jöwelek diýen agasynyň, Gädik diýen lakamly aýal doganynyň (aýal doganynyň hakyky adyny unudypdyr) bolandygyny ýatlapdyr. Berdi kakaly erjel adam eken. Onuň ilkinji gözlegleri şowsuz bolsa-da, ol ahyrsoňy öz atdaşynyň garyndaşlarynyň üstünden barypdyr... Ýitigiň hak hossarlary bu wagt Jöwelek baba bolup, Gädik mama şol wagtky Kirow adyndaky kalhozda ýaşap ýördüler.*

*Hoş habary eşiden Berdi Goturyň agasynyň ogly Ýazgylyç Jöwelek doganoglan inisi Işan Hämminem ýanyna alyp: «Aga-da, aga» bolşup, onuň ugruna çykýarlar. Kakaly Berdi aganyň anyklap alan salgysy bilen onuň ýaşaýan şäherçesine uçup barýarlar. Gürrüňçi Ýazgylyç Jöwelek soňra özüniň agasynyň yzyndan sorag salyp barşyny ýatlap: «Ýakudystan diýeniň gar bürenip oturan bir ýurt eken. Ähli ýer gar bolup, buz bolup ýatyr. «Niredesiň Berdi akgam?» diýip bardyk bizem uça-uça. Salgy berlen öýe golaýlaşyberenimizde ondan gözlerini süzgekledibräk bir adam çykdy. Men ony ömür görmedigem bolsam, görenimden tanadym. Işana:*

görkezdi. Ýöne hüwigöz ýigit ýaňy gep ugruna: «Ýoldaş Amanowyň ýanynda «Gyzyl Goşun» kolhozyndan bir adam bar» diýende eýýäm Nurjumanyň içine zym gidipdi. «Bu kimkän? Ýagdy kemsid-ä bolmaly däl, onuň ýaňy dälmi raýispolkomyň başlygy Mämmet Pollynyň ýanyna maslahata gireni? Haryt almak bahanasy bilen kepretil Hardat ýa-da salgytçy Bally bolmasa, ara ep-esli bolansoň, obadan kän şähere gelip ýörenem ýokdy. Ýöne Nurjuma ýygnaga gaýtmanka olaram-a görüpdi, olaryňam-a şähere gitjek diýeni ýokdy. Onda kim bolup bilerkä ol, OGPU-nyň başlygynyň orunbasarynyň ýanyna beýdip, girip ýören?

Garaşsaň wagtam geçenok. Gudaçylyk gürrüňine gelen ýaly, içerdäki welin wagty bilen çykmady. Şol arada hüwi gözli ýigit bir iş bilen eli kagyzly başlygynyň ýanyna giren mahaly gapy biraz açylyp, yşgalaň aldy. Içerde edilýän gürrüňiň bir bölegi anyk eşidilip gitdi. Tanyş ses. Nurjuma ünse öwrülip üşerildi. Ol gapynyňam golaýynda otyrdy.

---

*— Özün-ä bilemok, eňeg-ä biziňki — diýdim.*

*Haýdan-haý herimiz hamsygyşyp, ony bir ýanyndan gujaklan wagtymyz ol bir ah çekip, ýakut dilinde bir zat diýdi, kim bilýär, näme diýdi?!»*

*Birki gün agasynyň gar öýünde myhman bolup, ony özleri bilen Watana alyp gitmekçidiklerini aýdan wagtlary ol ýene-de uludan demini alyp oýurganypdyr. Soňundanam:*

*— Oba şura Ýagdy gul iw? — diýip, rusça sorapdyr.*

*— Ýok, öldi.*

*— Hudaýa şükür — diýip, Berdi ýakut hristiança çokunypdyr. Soň ol:*

*— Aman OGPU iw? — diýip sorapdyr.*

*— Ýok, onuň özünem 1937-nji ýylda türmede öldürdiler.*

*Ýazgylyç Jöwelek:*

*— Kaput! — diýip, ýene-de onuň jogabyny nagt edipdir.*

*— Onda giderin! — diýip, Berdi ýakut özüniň başyna ýeten adamlaryň ol ýerde ýokdugyny bilensoň, gaýtmak üçin ýolşaýyny tutmak bilen bolupdyr. Gözüniň ody alnan bendäniň, köp ýyllaryň geçendigine seretmezden, özüni görgi ýoluna ataran şol adamlardan henizem gorkusy uly eken.*

*Berdi ýakut Watana gelip, dogan-garyndaşlaryna duşansoň, birnäçe ýyl ýaşap, segsen ýaşyň töwereginde garyndaşlarynyň arasynda dünýeden ötdi.*

*Ýazgylyç Jöwelek janköýerlik edip ýitigini tapmaga kömek eden Berdi kakaly bile minnetdarlyk bilen öz ýakyn garyndaşy hökmünde indi saçakly gatnaşýar.*

— Hüşgärlik, elbetde, ýene bir gezek hüşgärlik — Bu Aman orsuň zarply gepidi. Olar hoşlaşyp duran eken.

— Hüşgär borus, ýoldaş Aman! Obanyň habarynyň ganyny damdyrman size ýetirmäge men sizi ynandyrýan, ýoldaş Aman!

Bu ýogyndan gelen, hossaçy artyk, aýdylan wagty öňündäkiniň alkymynda egilýän ýaly basyksy eşidilýän Hardat kepretiliň sesidi.

Nurjuma Amanowyň ýanyndan ýalmyldap çykyp, töweregine aň salman gapdalyndan geçen Hardady görüp, ýerine buşugan ýaly, özüni diýseň oňaýsyz duýdy. Ol Hardadyň Aman bilen gatnaşyklydygyn-a öňdenem azdakände aňýardy. Ýöne onuň obanyň habaryny ýetirip duranlaryň biridigini welin, ol öz sadalygy bilen henize çenli pikir etmändi. Diňe onuň käte Hardadyň ýygnakdabeýlekide guwançly masaýynmak bilen: «Bolmasa ýoldaş Amana geňeşäýmeli bolar-da» diýýänligi ýadyna düşdi.

Amandan minnetdarlyk äheňli täze görkezmeler alansoň, aýagy ýeňlän Hardat töweregine seretmän, ýeňil-ýeňil ädimläp, gylawlanyp gitdi. Nurjuma hem şundan soň ýoldaş Amanyň ýanyna baraýanda-da, öz gepiniň ýer almajagyna, hiç hili gazanan zadynyňam bolmajagyna göz ýetirip, töweregindäki nobatyna garaşyp oturan adamlara, zeruryna barýana menzäp: «Men häzir gelerin» diýdi-de, ýeriň pessi bilen, gaçmak bilen boldy.

Öz tutmakçy bolan guşunyň OGPU-nyň Hardat ýaly ýaranlarynyň kömegi bilen bireýýäm tutup, gazana ataýmaly edip ütüp goýanlygy oňa düşnükli boldy...

* * *

Söýünalyda alasarmyk, ynjalyksyz durmuş dowam edýärdi. Darydan kän diýilýän Taňrynyň günleri güýz şemalynyň pälini bozup ugraýşy, kä ýel-tozan, käte gara bulutlary öňüne salyp getirip, adamlary ynjalykdan gaçyryşy ýaly, indi olam, hamala, gowulyk hemişelik gutaran deý, bir-birinden aladaly, hossaly kowçum-kowçum habarlar getirýärdi.

Nurjuma başlygyň öňüni gijä tutup, ümsüm-kümsüm Orazgeldiniň ýanyna gelip gidenine iki-üç gün geçeninden soň, olaryň arasynda bolan gürrüňiň anygyny eşidip, maslahatlaşmak üçin bäşbelanyň adamlarynyň birnäçesi Kymyş duzçynyň ýanyna üýşüp geldiler. Maşgala ýaňrak agşamlyk edinip, omyn-töwirden soň saçak ortadan ýygnalyp, öýüň uly erkek kişileri adaty nahardan soň öz içýän birki käse çaýlaryna güýmenişip, mesawy gürleşip, öýli-öýlerine gidermen bolşup otyrdylar. Gelinler eýýäm ýaş çagalarynam ýanlaryna alyp, öz bolýan öýlerine turşup gidipdiler.

Içerde biraz tüsseläp ýanan alagury ýylgynyň ysy bardy.

Ýüwrüjileri birlän-ikilän gelşip-üýşüşip ugransoňlar, Jemal mama gazanda galan myhmanhaky nahary gyzdyryp, olaryň öňlerine alyp bermek üçin Akjagüli iberip, daşarda sowuga goýlan gazany getirdip, ojaga täzeden ot gallady.

Ojakda ýalaňy odun alawlan mahaly onuň ýaýlymly şöhlesi oturanlaryň golaýynda düňderilen döwük kerseniň üstünde ülpüldäp ýanyp duran pelteli çyranyň ýagtysy bilen goşulyşyp, öýüň içini birsalym gündizlige meňzetdi. Ýaý berip oturan adamlaryň aladaly ýüzleri mese-mälim göründi.

Ýüwürjileriniň biri: «Gelneje, biz üçin azara galma, ýaňyja iýip-içip, naharly geldik» diýenlerine hem seretmän, aladaçyl Jemal mama: «Işdäňiziň alanyny iýersiňiz-dä» diýip, nahar gyzansoň ony çanaga salyp, saçak bilen orta äberdi.

Adamlar birsalym mesawy gürrüňe berlişip oturdylar, işdäleriniň alanyndan nahar iýdiler. Gürrüňiň esasy bölegi

pagta ekişiniň barşy, kolhozyň ýerleri zorlandyrmak üçin ekiş geçiriljek ýerlere çekip bilen dersini, külüni çekip, Ýagdydyr Nurjumanyň ýolbaşçylygynda ykjam durup, ekişi wagtynda geçirendikleri hem ýatlanyldy.

Kymyş duzçynyň: «Belki, ýolugra düzelişip-gowulaşyp gider» diýip, üstüne abanyp gelýän howpy boýun alasy gelmese-de, bolşewigiň maslykçy algyr guşlarynyň gara kölegesiniň indi bireýýämden bäri öz öýüniň depesinde aýlanýandygyny aňýardy. Indi obada ýakyndan bäri haýsy ýerden alnanlygy näbelli ýakymsyz «myş» gürrüňler gezýärdi. Onda «...Hökümet Gully emini, Jumanazar baýy, Taýyr baýy ýygnajakmyş, ýer-suwuny alyp, kolhoza berjekmiş» diýlip, köp halatda bu daşyna geçiljek adamlaryň arasynda Kymyşlaryň hem ady deňine tutulýardy. Bu gürrüňler has-da helabas berlen ýaly bolup, oba aýallarynyň arasynda örç alypdy, iki heleýiň başy çatylan ýerinde, bu döwletiň gaşyna gelmeýän maşgalalar barada haýpygelijilikli, ýene birde, hamala, bu maşgalalar syrylyp-süpürilen mahalynda özleri üçin has gowy bolaýjak ýaly içi joşgunly gürrüňler hem bolardy.

Jara suw almaga gelýän aýallaryň ikiden biri suw gaplaryny gapdallarynda goýup, Kymyş duzçynyň öýüne tarap seredişip, biri-birlerine: «Ha, gyz, eşitdiňmi?», «Pylanynyň ejesi, eşitdiňizmi?» diýşip, çommalyşyp-çermenişip, ommalyp duran otyrýerleri bilen ýer sürpäp oturyşlaryna nirä gelenlerini hem unudyp, aýallarça diýseň şüweleňli gybat ederdiler. Käbiri özi ýaly duşmalysyna duşup, şeýlebir gybata berlerdi welin, öýlerinden kimdir biri: «Munuň gidişi gidiş boldy-la, suwa akan dagy bolaýmasyn?» diýip yzyndan gelensoň ýa-da esli oturanlary haýsydyr biriniň ýadyna düşensoň: «Weý, gyz, esli oturypdyrysam. Numat garyn ýaly, ärimiz eli gamçyly öňüne salyp alyp gitmek üçin yzymyzdan gelmänkä turaly!» diýşip, gezegen aýalyny gözläp, häli-şindi sögünip, eli gamçyly obada aýlanýan Numat garny ýatlansoňlar, turmak

bilen bolardylar. Oguljuma hem şol günleriň birinde ýas ýerde otyrka, iki sany gelniň başlaryna atynan ýas bürenjeklerini maňlaýa çekişip, hol beýleräkde özleriniň il agysyny aglaşmaga gelendiklerini hem unudyp, bir-birlerine gözleri bilen özüne tarap ümleşip seredişýänlerini gördi. Gelinleriň biri bagyr ýüzlüdi, beýlekisi ýüzi iki barmak, burunlak, juda tanyş bolmadyk, ýatdan bu oba düşen bir aýaldy...

Häzirki Kymyş duzçynyň öýüne gelenleriň arasynda del adam ýokdy, bular onuň özünden öň älemden öten agalarydyr inileriniň ogullarydy. Bularyň hemmesi-de onuň bilen töwerekde ýakyn goňşuçylykda ýaşaýardylar.

Howpuň öýläniň kölegesi ýaly bolup, barha ulalyp, barha golaýlap, abanyp gelýänligi, indi onuň öňünden sowlup aman galmak üçin näme-de bolsa bir aladanyň edilmelidigi hem anyk bolupdy. Gojanyň inileri hem häzir bu ýere näme maslahat bolsa, şonuň bir tarapynda durmaga göwün togalap gelipdiler.

Elbetde, bu judabir garaşylmadyk ýagdaý hem däldi. Sowet häkimiýeti halky jylawlap, onuňam soňuny düýrläp, öz goşaryna aýlapdy. Indi onuň göwün söýlän işiniň başyny tutjagy belli zatdy. Munuň şeýle boljagyny güýçliniň häsiýetine belet il hem gowy bilýärdi. Belendi-pesi deňlejegini bolsa onuň özi gelende aýda-aýda gelipdi.

Ahmet zabun bilen Bally agasy Kymyş duzçynyň gabadynda aýbogdaş gurup otyrdylar. Ýüzler ünji-aladalydy. Ahmediň mesawy gürrüň arasynda hem wagtal-wagtal bir ýerine tyg sanjylana meňzäp, gaşlary çytylyp, süňňi düýrügip-düýrügip gidýärdi, gürrüň diňlese-de, onuň küý-köçesiniň başga-başga ýerlerdedigi bellidi.

Bäşbelanyň ekabyry hasaplanylýan, ýaşy boýunça hem bu ýere ýygnananlardan gyşlakyrak bolan Orazgeldi, kakasynyň gapdalynda arkasyny ýeňsedäki üstüne ýorgan-düşek galdyrylan sandyga tarap sähelçe ýanyn öwrüm berip, hälki nahar iýlen

wagtyndaky oturan ýerinde gelenleri synlap, iç pikirini öwrüp otyrdy. Içerde, hamala, wagt utuljak bolunýan ýaly, edilmeli gürrüň edilmän, başga gürrüň edilýärdi. Kymyş duzçynyň kiçi ogly Orazgylyç, Mahydyr Magsut, Höwelidir Sähetdurdy bilen birneme ýaşkiçiräkler bolşup, öýüň bir böwrüni tutup otyrdylar.

Ojak başyndan Jemal mamanyň demläp berýän çaýly çäýnekleridir käselerini öz gapdallary bilen törde oturanlara tarap geçirýärdiler. Jemal mama özüne gap-gaç äberişen Akjagüldür Ogulbikäni «Baryň, sizem birsalym jigileriňiziň ýanynda boluň!» diýip ugradansoň, içerde diňe uly adamlaryň öz-özleri bolşup galdylar.

Kymyş duzçy öz aladaly gününde, ozal döwüm çöregini bölüşip iýen inileriniň ýanalýan adamlaryň töwereginde görünmeginiň hökümet tarapyn judabir halanmaýanlygyna seretmezden, janköýerlik edip, näme maslahat bolsa onuň bir tarapynda durmaga gelenlerine monça bolup göwni bitdi. Ol pikirinde: «Ýagly günüň ýat, ganly günüň—garyndaş» diýleni boldow bi» diýip, direnişip gelen inilerine minnetdar bolup otyrdy. Kymyş duzçynyň üýşüşip gelen inileri häzir onuň öz dilinden ýa-da uly ogly Orazgeldiniň dilinden: «Oglanlar, biz ertire galman Pyrara aşmakçy, sizem goş-kötelleri derýadan geçirişmäge ýerli-ýerden kömek edersiňiz» diýen ýaly bir aýgytly söze garaşýardylar. Ony bolsa öý eýeleriniň haýsy-da bolsa biri aýtmalydy. Bu ýerde indi mundan aňry galmagam hatarlydy. Bu kelläni kaýyllyk bilen palta astyna goýmak ýaly bir zatdy. Ýöne, häzir içerde oturanlar, hamala, il içinde barha möwç alýan howsalaly gep-gürrüňlerden habarsyzmy, habarly bolsalaram ol gürrüňler özlerine asla degişli däl hasap edýärlermi-nämemi, bolaýmalysyndan has arkaýyn görünýärdiler.

Soňky tapgyr-tapgyr, yzly-yzyna ýagyş ýagansoň, gowaça ekilişiniň bir bölegi käbir ýekebara hojalyklarda dürli sebäplere

görä—wagtynda ýer taba gelmän, tohum tapylman biraz gijikdirilipdi. Soň ekilen pagta daýhany häzir biraz azara goýýardy. Ekinleriň içinde has-da giçki ekilen pagtanyň ykarady köp bolýardy, dertli çaga ýaly, ol yhlas-aladany hem has köp talap edýärdi. Ýöne Gün ýigrimi ikinji iýuna çenli barjak ýerine baryp, yza öwrülmek hyýalyna münüp-münmänkä, bir suwaryp bolsa, onuňam işi haýyrdy. Ana, onsoň ýaşylja syçan gulajyklaryny hekgerdip, düýp tutup ýetişip barýan pagtaň bardyr-da. Onsoň galany yhlasyňa baglydyr. Suwuny, dökünini wagtynda ýetiriberseň, bokurdagyny gaty kesege gysdyrman, bejerip-bakyberseň, haşal otlara üstüni basdyrmasaň, ana, onsoň, onuň nädip irki ekilen pagtanyň yzyndan ýeteninem duýman galarsyň.

Oturanlaryň ondan-mundan gep tapyşyp oturyşlary, aýdylmaly gürrüňiň üstünden göni baryp bilmän ýaýdanylyp, öwrüm berlip edilýän gürrüňlere meňzeýärdi.

Haçan-da keçäniň gülüni dyrmalan bolup oturan hortap Mahy ýaňyrak kolhoz gara mallarynyň başlygy wezipesine goýlan oba sowetiň ýakyn garyndaşy Orram külüň dänjiräp, Kymyş duzça ýanap aýdan gepi oturanlaryň kalbyna duýlar-duýulmaz gozgalaň salanlygy belli boldy. Gürrüňçiligem şundan soňra öz edilmeli aýgydyna dolanyp gelerli göründi.

Ol bu gürrüňi Orramyň özüne meňzedip, göklän kürre ýaly tumşugyny kese tutup, hondanbärsi bolup aýtdy:

— Zaluwat, Kymyş duzçy çig gaýmagy ýeke iýip, hezil edip ýören eken. Hä, janynyň gadyryny bilýän adam-da. Onuň oglanlaram, onuň-munuň ýanynda, ýanyna gelen adamlara öz iýip oturan zadyndan hödür eden bolup: «Şu sygryň çig gaýmagy bilen jary bugdaýyň nany maňa parydur» diýýämiş. Haý, zaluwatlar, ol tapylyp dursa, kime paranok?

Bu ýaňsyly keseki gürrüňiň oturanlaryň hersine birhili täsir edenligi belli boldy. Ahmet leňňer alyp: «Hä, doňuz

ogly» diýip, oturan ýerinden öjükdi. Bally Orazgeldiniň birzat diýerine garaşýan ýaly, onuň ýüzüne dikanlady. Sähetdurdy burnuny tysladyp, birzat diýerli görünse-de, ýene-de dişagyrysy tutan ýaly, eňegini gysymlap takat saklady. Bu gepiň hemişe öz ojagy barada aýdylýan her gürrüňi halys ýüreginden kabul edýän, ojak başynda oturan Jemal mamanyň peltesine ot degreni belli boldy. Ol elindäki atyşgir bilen ojagyň közüni eýläk-beýläk ýazyşdyryp oturyşyna, aýal bolup erkek adamlaryň gepine goşulmaly däl hem bolsa, goşulman durup bilmedi, küpürsäp gepledi:

— Bu sowediň indi meniň ojagyndan başga işi gutardymykan? Bolşewige ok atanyň içinde Kymyşyňkylar ýok, basmaçysynyň içinde ýok munuň. Hemişe gydyrdanyşyp gara zähmet bile. Kymyşyň oglanlary, hamala, başlyksumaklaryň heleýine giren ýaly boldy özün-ä.

— Gahar ugruna aýdan gepine ýene-de ýüzugra özi jogap berdi: — Meniň ogullarym siziň özüni oňarman, ezenegini agdaryp ýören çagşyk heleýleriňizi başyna ýapsynlarmy, özleriniň akmapraç, maýa gelinleri barka... —Jemal mamanyň tüweleý ýaly birden göterilen ýelýürekliligi oturanlaryň ýüzünde mähirli, uýatly ýylgyrma döretdi.

Bu oturanlaryň hemmesi Jemal mamany bäşbelalaryň esasy enesi hökmünde öz eneleri ýaly mynasybetläp eý görýärdiler. Ol Kymyş aga bäşbelalaryň garamatyny öz üstüne alan gününden bäri onuň hemaýatçysydy, indi şondan bäri özüniňkileriň ýykylanyna söýget berýänem, azaşanyny göz-läp-tapyp, öz sürüsine gaýtaryp getirýänem, öý-işik edip, egnini ile deňleýänem, esasan, olaryň iki başydy. Häzirki oturanlaram Jemal mamanyň süýtli okarasynyň başyndan ören, onuň öz çagalary mertebesinde ile goşan adamlarydy. Heniz-henizlerem bäşbelanyň soňky hor-homsurak ýaşaýan çagalary hem nirede ýatyp-tursalar-da, ertir irden kimsiniň özi, kimsi jigisinem arkasyna hopba edip, Jemal mamanyň

ozal agşamdan süýde batyryp goýýan gaty çörekleridir gaýmagynyň toruna çolaşyp, hasam lezzetlenen nanlaryny ýatlap, onuň ojagynyň başyna gelerdiler. Jemal mama bu ýyllar içinde özüni bäşbelalaryň mertebeli enesi hökmünde hyzmat görkezip garraýardy. Şol bir wagtda hem ol garran adamsynyň agalyk-atalyk hormatynyň kem-kemden ogly Orazgeldä, öz eneliginiň bolsa onuň aýalyna geçip barýanyny görüp, buýsançly ýaşaýardy.

Şonuň üçinem hemişe-de ol adamsydyr ogullarynyň ýanyna maslahata zada gelnende: «Men aýal ekenim, erkekleriň mähellesinde işim ýok» diýip, başga öýe çykybermezdi. Oturardy ojak başynda çaý-nahar alyp berýänden bolup, edilýän gep-gürrüňleriň manysyny tirip.

Kymyş duzçy aýalynyň erkekleriň gürrüňine goşulmagyny halaman, gözüniň gytagy bilen onuň oturan tarapyna seredip, beýtmegiň gerek däldigini oňa duýdurdy. Soňundanam ýene ony göterilip giderli görüp: «Heleý!» diýip, onuň kimdigini ýatladyp, tanapyndan çekýän ýaly edip, talaply dillendi.

Jemal mamany beýdip göçüräýmek aňsat däldirem welin, ýöne bu gezek ol göçdi, hemişe-de ol öz ojagyna kölege salýan gepleri jogapsyz boş-a goýmazdy, bu gezek welin ol has tiz göçdi. Bu aýdylan gürrüň-ä kasta çykyp gelen möjege, Jemal mama-da şahlaryny talawladyp, dert-azar bolup ondan gölesini goraýan sygra öwrüldi. Bu häsiýet aýallaryň köpüsine mahsus bolansoň, Jemal mamanyň küpürsemesi oturanlary judabir geňem galdyrmady.

Haçan-da gürrüň gapdalda özüne dahylsyz täzeden başlanan mahalynda Jemal mama, özüni bu ýerde artykmaç hasap edip, gapdalynda ýatan igini eline alyp, ýerinden turup, çykyp gitdi.

— Gul adamsydyr-da, onuň bu zatlar nirede gören zady? — diýip, Bally bölünen gürrüňi dowam edip aýtdy.

— Injigi götermez — diýip, Mahy hem maňlaýyna inen

deri eliniň tersi bilen syryp, onuň pikirini göwünjeň goldady. Ahmet zabun bir zat diýmekçi bolup, başyny göterip, içerik göz aýlan mahaly Orazgeldiniň gürrüňi edilýän Orram külüniň ile belli bolan göterim gomasalygyny ýatlap, sähelçe ýylgyryp goýberenini gördi.

— Orazgeldi akga, ýylgyraýdyň-ow!

— Eýsem näme, adamlaryň beýle tiz üýtgeýänini görüp, bize ýylgyraýmakdan başga näme galýar?

— Diňe şeýdäýmek galýarmyka? — diýip, indi biraz gyzyp ugran Ahmet Orazgeldiniň parhly gürrüňini «başga-da munuň bir edäýmelisi bardyr» diýen äheňde gümansyratdy.

Ahmet aňyrdan gelende-de, agasynyň ojagynyň töwereginde aýlanýan gara bulutlary görýänligi hem bu bulutlary aňyrdan kowalap getirýänleriň Ýagdy kemsitdir il içinde: «Aman orus bilen saçakly gatnaşýarmyş, hatda gawunynyň içinden ilkinji ýetişen ternänem öz çagalaryna iýdirmän, şähere äkidip, Aman orsuň çagalaryna eltip berýämiş» diýlip, geň galynyp gürrüňi edilýän Hardat hasap edilýänligi üçin, olaryň ikisine-de hym baglap ýördi, häzirem ol bularyň kastyna çykmaly bolsa bir geňeşeýin» diýip, özüniň möjek höwesini artdyryp gelipdi. Täze hökümetiň agalarynyň aýagyny basyp-basyp görýänligi üçin, bäşbelalaryň köpüsi syr berip ýörmeselerem, täze hökümetden kinelidiler. Eger biri «Şeýdeliň! Gitdik, ýigitler» diýip, öňe düşüp, serdarlyk eden bolsa, täze hökümetiň ýerlerdäki barha gygy ajaýan arzyly adamlaryny kakyş-sokuş edäýmek olaryň göwnünde ýogam däldi. Ýöne ar ýoluna çykybermek üçin diňe gaýrat bilen niýet ýeterlik däldi. Neberäniň atasy bolup oturan Kymyş duzçynyň maslahaty hökmandy.

— Siz parhlyrak boluberiň, ýigitler! — diýip, Kymyş duzçy gürläp ugran mahaly, onuň gep saluwynda maslahat beriji äheň bardy: — Ildir bi, munuň içinde gowusam bardyr, erbedem, namardam bardyr, merdem, goý, gülen

gülsün, munuň özgäniň gowy gününi görüp bilmeýän bahylam ýetik bolmaly. Ýaka belläp, göni garşyňyza çykylýança geziberiň. Hudaý bardyr, «Almany asmana at, ýere düşýänçä ýa pelek» diýlenidir. Görüp ýörsüňiz-ä, Hudanyň emri bilen ozalky ýakasyny agdyryp ýören, sanda-salada ýok adamlaryň birnäçesi indi il öňüne düşüp ýörendir. Alla kömek etjek bolsa, bolşewigini döreder, menşewigini döreder, bir sebäp tapar. Hudadan bidin bolýan zat ýokdur. Bize-de bu ykbal başganyň däl-de, Hudaýtagalanyň öz berenidir. Belki, bähbitdir. Näme etjeginem bolsa onuň özi gowy bilýändir. Hudaý: «Meniň «Al, gulum!» edenime bendesi bahyllyk edip, aýagyndan aslyşjak bolýar. Ony men goldaýan-a!» diýip, geň galarmyş. Alşykly çemçedir bu dünýä, ol çemçe bolsa bir gün seniň eliňde bolsa, beýleki gün ýene biregiň elindedir. Häzir çemçe başga elde, gezegiňiz ýene-de öwrülip-dolanyp gelýänçä bolsa, ol döwi gelenlere «nä-hüm» berip, ugurragyna sürübermekden başga alaç ýokdur.

— Aý, indi ozalky günümizi hiç wagtam tapasymyz ýokla — diýen wagty Orazgylyjyň sesi ahmyrly hem umytsyz eşidildi. Ol bokurdagyny arçap, ardynjyrap gürlänsoň, ara biraz dymyşlyk düşüp, oturanlaryň hem oýurganyşyp, ol gepi öz göwünlerine jaý edendikleri belli boldy. Ahmet biraz öňe omzap, täzeden «Häzirki döwi gelenleriň» gürrüňine öwrülen mahaly onuň entek agasynyň siňňitlilik bilen aýdan maslahatlaryny heniz doly durlap bilmänligi belli boldy. Ol hut häzir käbir adamlaryň seňrigine kakaýmalydygyna ynanýardy. Ol:

— Kymyş akga, Hardat bar, sizem hökümete ýamanlaýan şolmuka diýýärin, onsoň ol kemsidiňem nökerlerinden biriýarymy bar, şolaryň-a bir gije boýnuny kak towlan ýaly edäýmelimikän diýýän. Ýogsam, olaryň hökümeti bahanalap, şoňa arka diräp, etjek işleri entegem köp bolmaly — diýdi.

Ahmediň sözi jogapsyz galyp, depeden ep-esli sallanyp

duransoň, diňe birhaýukdan Kymyş duzçy ýene-de öňki hörpünde dillendi:

— Beýtmek gerek däl, Ahmet!

— Onda dişinde et galmazmy olaryň?

— Dişinde näme galýanam bolsa, bu ýol däl.

— Onda ýoluny salgy beriň-dä özüňiz? — diýip, Bally hem gapdaldan söze goşulyp, Ahmet zabun bilen özüniňem pikirdeşdigini mälim etdi.

Kymyş duzçy inileriniň kalbynda gopan aladany duýsa-da, olaryň dogry tapan pikirini ýene-de jogapsyz goýdy. Häliden bäri sabyr saklap, töweregine gulak salyp, oýurganyp oturan Orazgeldi gürrüňe goşulyp, ünsi ýene özüne çekdi. Häzir ol çyra ýakynrak oturany üçin, onuň ýüzi ümürde ýaly salgym atyp görünýärdi.

Ynsanyň paýhas torbasy hem, towugyň daşlygy ýaly, özünde birýerlerden düşen daşjagazlary, hek bölejiklerini — dänäni, gyzjagazlaň oturyp-turup giden ýerlerinde galdyran hünjüdir monjuklaryny, üzülip gaçan ilik-düwmeleri toplaýşy ýaly toplaýana meňzeýär, gör, onuň içinde ýene nämeler bardyr...

Halky türmelerde saklap zora tutmak, kulakçylyga çekip, çagalary bilen gümgidene ibermek, otuzynjy ýyldan ozal bir iki-üç ýyl kiparlan ýaly hem bolsa, ol indi gaýtadan täze güýç bilen başlapdy. Özi-de ol soňky döwürde beleň berilýäne meňzäp, barha möwç alýardy. Indi bu urha-urlugyň, çapha-çaplygyň haçan gutarjagy hem belli däldi:

Orazgeldi Hardadyň öjügmeginiň sebäbi hökmünde bu wakany ýatlan mahaly onuň oturanlaryň köpüsine deňräk täsir edenligi belli boldy. Ýene-de Ahmet zabun öz galjaňlygyny edip, bir zady tirsekläp goýberen ýaly öňe omzap goýberensoň ilki dillendi:

— Orazgeldi akga, biz degene degendiris, arymyzy ýerine salandyrys.

Bu sözi aýdan mahaly onuň gepsaluwy müýnsüz eşidildi.

Sähetdurdynyňam ýüzünde ümür aýlandy:

— Biz öz edäýmeli işimizi edendiris.

Agalarydyr inileriniň öz oglanlary bilen raýdaşlygy, ata-baba miras gan ýakynlygyny olaryň duýýanlygy Kymyş duzçyny guwandyrdy.

Ýöne häzir bolşewigiň arabasynda oturan mahalyňda bu güýji, agzybirligi ulanmaga mümkinçilik ýokdy. Beýtmek, elbetde, öz geýimiňe özüň ot beren ýaly aňsyz bir zatdy. Kymyş duzçy onsoňam soňky ýyllarda öz gep-sözüniň eýesi bolup bilýän mertebeli adamlaryň azalýanlygyny görüp ýördi, birnäçeler bolsa, hamala, häzirki ýagdaýa öňden taýynlanyp ýören ýaly, dessine beýlesine öwrülipdiler. Hatda adamlaryň käbiri dilinde öňküsi ýaly ýakynsyrasa-da, indi ondan hem öňki ýakynlygyň galmandygy barybir duýulýardy.

Bolşewigiň gelmegi bilen adamlaryň arasynda başlanan ynamsyzlygyň çaýyr ýaly çolaşyp-çyrmaşyp barha gerim alyp barýanlygy belli bolupdy. Dürli bahanalar bilen bu günlerki ile dowamly edilýän zulum adamlarda: «Kremldäki ýolbaşçylar agşam ýatanlarynda hem uklamazlaryndan öň: «Şu halka ertir ýene-de näme ýamanlyk edip bolarka?» diýip pikir edýäne meňzeýärdi.

Döwür bu günler, uly göterim bilen soňra bolşewik zulumynyň güýjäp ýeten, taryha «37» ady bilen giren menziline barýardy. Oňa hem indi bary-ýogy sanlyja ýyl bardy. Obada onuň birnäçe barly adamlary silkip-silkip, olaryň mallaryna, ýer-suwuna talaň salanyna seretmezden, erbet päline ýene-de guraw edip, halamaýanlygy duýulýardy. Dogrusy, sowediň wezipeli adamlary muny gizläbem durmaýardylar. Gönüläp ýaka tutmasalaram, iki sözleriniň birinde: «Eziji synpyň wekilleri! Diniň toruna çolaşanlar!» diýip, ýanap durýardylar. Ýekebara daýhan maşgalasynyň öz güýji bilen ýeňlenmegi kolhozlaryňkydan ýeriň, ekiniň

tabyny has gowy bilmegi hem bu ýerde bolşewigiň mertebesini kemsidýäne meňzeýärdi.

Judabir dogrulanyp gelip, sürnüp bilmeýän-de bolsa, Kymyş duzçynyň maşgalasy hem şol täze häkimiýetiň hoşuna gelmeýänleriň biridi. Täze häkimiýetiň barly adamlardan ýene näme isleýänligi belli bolmasa-da, Kymyş duzçy onuň getiren gowulyklaryndan öz göwnüne jaýlanlaryny il içinde makullap--magtap gezýärdi. Galyberse-de, ol ilde diňlenilýän, pikirine «hä» berilýän adamdy, onuň haýsy zadam bolsa şol barada öz pikiri bolardy, kimdir birine öz gepiniň ýarap-ýaramajagyny pikir edip durman, göwnüne gelşiçe sözüni eňtermesi bardy. Şonuň üçinem onuň il içindäki täze häkimiýetiň oba bilimli adam getirip, çagalary okatmagyň ugruna çykmagy, ýörite bir jaýjagaz salyp, daşyny aklap, onuň içine-de Mari Iwan diýen ak halatly dogtor aýalyň getirilmegi, onuňam obanyň gözi agyrylysyny, kelini-körüni, agsak-towsagyny bejerip ugramagy, öz gowy niýetleri bilen Kymyş duzça ýarapdy.

Bu işlerde şeýtan sapalagyny görüp, oňa seňrigini ýygranlara ol şonda: «Aý, adamlar, ile bir zat edilip ýagşylyk edilýän bolsa, siz onuň maňlaýyna urmaň, bir derdiňizi dep etse, şoňa begeniň. Bolmanam, Nobat tebibiň bir özi uly obanyň ähli dertlisine seretmäge ýetişibem baranok, onsoňam onuň at-owazasyny eşidip, goňşy obalardanam gelýän dert-azarlylar ýetik. Sogap ýolumy? Ol Allatagalanyň ýoludyr. Şonuň üçinem şeýle sogap iş edýän däl-de, ýolda onuň aýagyna çolaşýanlar, ana, şolar şeýtanyň enesini bile emenler diýseň bolýandyr» diýipdi. Il içinde bu gowulyklaryň höwes bilen arkasyny alypdy.

Bu meselede onuň oba ilkinji traktor gelende, onuň ýer sürşüni görmäge gelen adamlaryň arasynda Parlaň baý bilen eden gürrüňi-de halkyň ýadyndady. Parlaň baý hem il içinde ederini bilýän, köp halatlarda niýet edip aýdany dogry

bolýan adam hasap edilýärdi. Hasam sowet häkimiýeti obada ýaýrap, berkäp ugransoň eden hereketleri onuň ederini bilýänligini anyk edipdi. Ol Ýagdy kemsidiň öz inileriniň ikisini eziji sanpyň wekili hökümünde OGPU-a gapdyranyna seretmän, onuň aýal doganyny öz uly ogluna alyp berip garyndaş bolupdy. Haçan-da ýakyn ýaşulularynyň käbiri oňa: «Sen ar almaly halyňa, muny beýdäýdiň-le?» diýen mahaly ol: «Ýagynyň daşyndan içi aman diýäýdim-dä» diýip, soňra çagalaryny, özüni ýanalmalardan halas etmek üçin şeýdenligini aýdypdy. Dogrusy, ol ýalňyşmandy, şondan bäri onuň maşgalasynyň towugyna «tok» diýýän ýokdy. Gaýta, Ýagdy kemsit gyrkymy, ekişi haçan başlamaly bolsa adamlara:

— Baryň, Parlaň aga ýaly bilýänden soraň! — diýip, ony ýeri gelende gudalygyny edip, mertebelendirip goýbererdi.

...Adamlaryň birtopary ol gün täze peýda bolan traktoryň obaň çetinde ýer sürýänini eşidip, ony görmäge gelipdiler. Traktoryň özi görülse-de, onuň paza çekip, ýer sürmegi heniz görlen zat däldi, geňdi.

Sörtük şemal Murgabyň tolkunlarynyň şogurdysyny, meýdanyň sürlen ýer ysly çygyny getirýärdi. Traktory görmek üçin töwerekden üýşüşen adamlar ýeňsesinden iterilen ýaly bolup düwdenekläp meýdanda ýer sürüp ýören traktory geň galyşyp synlaýardylar. Köpler onuň yzynda plug süýräp, ýüz pilli adamyň etjek işini bir özüniň edip, ýeri çepbe çöwrüp barşyna guwançly seredýärdiler. Ony arada şäherden oba sürüp getiren dolmuş, gyzyl ýüzli, saçy çalaran Wolkow diýen orus bu ýere gelip, özüne şägirt edinen, oba ýigidi Agajan murtuň ogly Orazam gapdalyna mündürip, büküdip sürüp ýördi.

Könerák garma donuň üstünden agar çäkmeni ýelbegeý alan Kymyş duzçy hem köpüň arasynda, traktoryň ýeri ediberşini görüp, onuň çepbe çöwrüp ýumşadyp geçen ýerinden bir gysym toprak alyp, ony aýasynda barmaklary bilen öýdäp, ýeriň tabyny alyp durşuna onuň el zähmetini ep-esli

ýeňletjegini ýatlap, göwün ýüwürdip umyt edýärdi. Şonda üç-dört adam bilen beýleräkde duran Parlaň baý gojanyň pikirini bilmek isläp, oňa ýüzlendi:

— Duzçy aga, bu traktil diýilýäni ýeri beýdip, doňuz dören ýaly edip ýörse-hä, ol gül ýaly ýerimizi zynçgylap, sana geçmez eder bi.

— Hany, ol nädip, ýeri sana geçmez edýämiş? — diýip, gürrüňdeşiniň näme diýjek bolýanyna oňly düşünmedik Kymyş onuň soragyna sorag bilen jogap gaýtardy.

— Bu bir agyr, mähnet zat ekeni, şeýdip aýlanyp, ýeriň depgisini ýetirip ýörse, meýdany saň gaty eder bi. Biziň bolsa künde şapbadyna dözmän ýören ýumry-ýumşak ýerlerimiz bar.

— Baý, at hormaty aýagy bilen gazanarmyş. Görüp dursuň, munuňam-a aýak alşy hiç neneňsi däl.

— Heý, diýseňem-ä, ýaşuly, munuň at bolup at bolşy hem ýabygorly ýaly-la... Onsoňam men munuň ekin meýdanynyň zady däldigini, ýeri berçinlejegini aýdýan.

— Aý, senem-ä aýdýansyň öz-ä welin, ýöne orsam-a etjek işini bilýändir. Şu demri ýasap, oňa jan berip goýberen adamam-a, oňa näme iş buýrup, nirede nähiliräk derek tutdurjagyny bolmanda biz ikimizçä-hä pikir eden bolmaly.

Kymyş duzçy gep ugruna gürledimmikam diýse-de: «Şuny ýasan adamam bizçeräk bardyr» diýip, Parlaň baýyň çetine degendigi soň belli boldy. Parlaň baý göwünjeňlik tapmansoň, sesine bat berip, özüni töweregiň öňünde gyjalata galyp barýan ýaly duýup, sesini gataldyp otlukly gepledi:

— Ýaşuly diýýän-ä, şu traktor diýilýän zadyň ýer sürüp abraý almajagyna-ha, men jedelem edip biljek.

— Parlaň baý, sen jedel etseňem-ä edersiň welin, ýöne biziň bilen däl. Heý, jedel edip, düzzüm oýnap, gaplaňy utan barmy eýsem? Utaryn öýdýänem bolsaň, onda sen ýalňyşýaň. Biziňkiler jedelde ýakasyny tanadanlar ahyryn. Ýaýrawymyzyň

ortasynda wagtal-wagtal çykyp jedelleşmek üçin, gaplaňlar bolup, jedel depe edinenimiz-ä sen gowy bilýäň. Hany aýt, şeýle oýun-bazyň, jedel-şowhunyň aýratyn depesi başga nirede barmyş?

Kymyş duzçy bu sözleri gürrüňdeşiniň gyzyp göterilip barýanyny görüp, ony biraz ýumşatmak niýeti bilen, sözüne duýlar-duýulmaz henek gatyp gürledi. Ýöne, barybir, bu sözüňem ýene-de kemsitme ýaly bir zat bolanlygy, onuň «menini» hürseňläp goýberenligi belli boldy. Ol:

— Şu traktor diýilýän işläp peýda berse, men oba heleýimiň börügini geýip aýlanaryn! — diýip göçdi.

Onuň gepine töwerekde duran adamlar aşaklyk bilen ýansa alşyp hezil edişip ýylgyrjaklaşdylar.

Traktoryň ýeri ediberşine göwni ýeten Kymyş duzçynyň bada-bat Parlaň baýa: «Şeýle bolsa, il tizden seniň aýal börükli oba gezip ýöreniňi görse gerek» diýesi gelse-de, ýene-de özüniň parhly gojalygyny ýatlap, diline gelen gara-gol gepi bosagada saklady. Diňe ýylgyrdy-da oňaýdy.

Iliň içinde bu-da şonda, ýerligi Parlaň baý bilen edilen, adaty jedel bolsa-da, hamala, ýörite matlap bilen edilen, aňyrsy sowet häkimýetiniň edeniniň ugruna bolýanlygyny makullaýana, onuň arkasyny alýana meňzäp ýaýrapdy.

Daşarda, iki öý aralygynda, kimdir biri başga biri bilen basalaşyp ugran ýaly, alatapyrdy bolup başlan mahaly öýde oturanlar: «Bu näme boldugy?» diýen manyda üşerilişip, bir-birleriniň ýüzlerine seredişdiler. Şolbarmana gapy şarka açyldy-da, ol ýerde, aňyrdan: «Kim öň babamyň ýanyna barýar?» edişip, çapyşyp gelýän Kymyş duzçynyň agtyklary Aganazardyr Allanazar ikisi iki ýerden urdurylyşyp, gapydan girdiler. Gele-gelmäne-de: «Men ilki-de, men ilki geldim!» bolşup, jedelli jammyldaşdylar.

Bu iki agtygy Kymyş duzçynyň buýsanjydy, ýüreginiň ýagydy. Bularam özlerini atalarydyr eneleriniň mährine özge

doganlaryndan has hakly hasap edýärdiler.

Kymyş duzçy gojalara mahsus göwnüýukalyk bilen gezen ýerlerinde hem ýadyna düşen «Gurhan» sürelerine garyp, öz agtyklarynyň atlaryny mähir bilen, Taňra minnetdarlyk bilen göwün çaýyp hiňlenip gezerdi. Olara saglyk, rysgal-döwlet, at-abraý diläp gezerdi. Şonda ol her gezek agtyklarynyň kalbynda taýçanak bolşup, keýpihon çapalaşyp ýörüşlerini görerdi. Bir-birinden bary-ýogy aýlyk ýaş tapawudy bolan Aganazardyr Allanazara maşgala hemişe deň ak köýnek, garaja balak, başlaryna depesi dogaly tahýa geýdirip guwanardy. Goja agtyklaryna at berende hem olara söýünç bilen Allanazar, Aganazar diýip, birmeňzeşje utgaşykly atlary goýuşdyrypdy. Indi üç-dört ýyldan bärem olar öz ejeleridir kakalary bilen däl-de, höwes bilen eneleridir atalarynyň ogly bolşup, ilerilenip ýaşaýardylar. Haçanda oglanjyklar adamlaryň gapdalyndan atalarynyň ýanyna bir-birlerinden öň geçjek bolşup, gapynyň öňünde itekleşip, dyzanaklaşyp, jitde-mit bolşanlarynda, içerde oturanlaryň köpüsiniň ýüzünde guwançly ýylgyrmalar peýda boldy.

Diňe gapynyň golaýynda oturan Orazgylyç olaryň içerde oturanlary hasaba alman boluberişlerini halaman, gaşlaryny çytyp, haý-küş etmek üçin düýrügip, ýeňsesine öwrüldi:

— Haý, deýýus çagalary, ýuwaşrak gelibereniňizde bolmadymy?

Kymyş duzçy Orazgylyjyň olary adamlary depgiledip geçirmejek bolup, elini daldaladyp, ýoluny saklajak bolýanyny görüp, göwnühoş ýylgyryp otur şyna, oňa beýtmegiň gerek däldigini duýduryp, oturan ýerinden elini salgady:

— Degme, olar babasynyň ýanyna gelýändir!

Onýança heniz Orazgylyç olaryň öňüne gerňän elini çekip ýetişip-ýetişmänkä, oglanjyklar madallak atyşyp onuň gapdalyndan geçdiler. Barybam, olaryň hersi babalarynyň bir gapdalynda ýemçerenşip, ýerleşdiler.

— Aňyrda oturyberseniz bolmadymy? — diýip, Orazgeldi

hem häzir olary ululary gürrüňiniň arasynda artykmaç hasap edip: «Baryň ugraň gelen ýeriňize» diýäýjege meňzäp, olaryň bibaşlygyny halamazlyk bilen çytyldy. Oglanlar Orazgeldä nägilelik bilen seredişip, haraý isleşip, Kymyş duzça mähribanlarça gysmyljyraşdylyr. Kymyş duzçy agtyklarynyň ýüzüne buýsançly seredip, her eli bilen olaryň biriniň egninden mähirli gujaklady. Onuň agtyklaryna: «Özüm bardyryn, arkaýyn oturyň!» diýenligi düşnükli boldy. Onýança Aganazar: «Baba, indi ýatalyň-a, bu akgalaram öýlerine gitsinler, Akjagül bilen Ogulbike dagam eýýäm ol öýde uklaşyp galdylar» diýip, Kymyş duzçulap gönüledi. Dogrusy, eýýäm wagtam birçene baryp ýördi. Obanyň her gün şol bir wagtlarda: ozalagşamdyr ir daňdanlar, içigişip-içigişip dünýä ýaň salyp aňňyryşyp alýan haňňy eşekleri hem öýkenleriniň ýelini alyp, ozalagşamky aňňyryşmalaryny bireýýäm tamamlap symah bolupdylar. Nede daşardan, eşekleriň seslerine seslerini goşup, birsalym alawagyrdy bolşup alýan itleriň sesi eşidilýärdi. Şermendelik çekenleriň hemmesini kimdir biri: «Indi gygyrsaňyzam, şol ýerde gygyryň!» diýip, öňüne salyp, allowarra sürüp gidiberen ýaly, dünýä ümsümlikdi.

Ukyny almagyň wagtynyň gelenlig-ä bireýýäm belli bolupdy. Ýöne Kymyş duzçy janköýerlik edip gelen inilerine henizem hiç hili aýgyt gep aýtmandy. Şeýle-de onuň özüni alyp barşy hem amatyny aňtap, goş-kötelini jemläp, Owgan diýip göteriliberjege asla meňzemeýärdi. Göçmekçi bolýan: «Onymy galdyraýmaýyn, munymy galdyraýmaýyn» diýip aladalanyp ünji çekibermeýämi!? Kymyş duzçy bolsa parahatdy, täze häkimiýetiň özüni tirsekleýänini asla duýmaýana, soňra-da onuň gönüläp, özüne hiç kest ýetirip bilmejegine bil baglap, juda ynanýana meňzeýärdi.

Gelenler şundan soň bir-birleriniň ýüzlerine seredişip, agalary Kymyş duzçudan gitmäge rugsat soraşyp turmakçy boldular.

Öz göwnüni görmäge gelen inileri bilen Kymyş duzçy olaryň soragyna jogap hökmünde: «Hudaý bardyr. Özi garaşyk eder, uly edip beren boýuny kiçeltmez, näme etjegini onuň özi gowy bilýändir» diýip, Hudaýa gaçýanlygyny mälim edip, göwünlik berip hoşlaşdy.

Orazgeldi bilen Orazgylyç gelenleri ugradyp, soňra özleri hem öýli-öýlerine barmak üçin bile daş çykdylar. Kymyşlar dogan-garyndaşlaryň ýanynda näçe arkaýynsyrasalar-da, ýöne bir ýerden bela bakjagyny welin olaryň süňňi indi bireýýämden bäri syzýardy. Boljak işe çäre ýokdugyny hem olar gowy bilýärdiler. Ýöne ýene-de ugrunda bolanlygynda, üstüňi basdyrmankaň, bu ýagdaýdan baş alyp çykmaga mümkinçiligem bolaýjak ýaly, haýsydyr bir çykalga tapylaýjagam ýaly bolup durdy.

Orazgeldidir Orazgylyç öz ojaklarynyň üstüne nireden, haýsy bela abansa hem, ilki onuň öňünden iki dogan bolup özleriniň çykmalydyklaryny, garrylarydyr bala-çagalary mümkin boldugyça ondan goramalydyklaryny gowy bilýärdiler. Bu çaknyşygyň özlerine güýçler deň bolmadyk ýagdaýynda, ýogy-nyň inçelip, inçäniň üzülip, ýeňil düşmejegi hakyndaky pikir hem olaryň kalbynyň bir ýerlerinde bardy.

Galyberse-de entek öýüň garry sütüni Kymyş duzçy bardy hem ol henizem süri başyny çekmeden galan serke bolup, özüniň barlygyny ýatladyp, süriniň arasynda düňreýlip ýördi. Ilem, heniz-henizem olaryň Muhammetgylyç serdaryň ýaýrawy-dygyny unutmandy, elbetde, bu-da uly mertebedi.

Açyk howa çykylansoň, gijäniň çigregi hasam duýuldy. Garaňky bolsa öz gara galyň köýnegini ýokardan inderip, giňiş etegi bilen ähli zatlaryň üstüni örtüpdir. Barlygam bir ýoklugam ýa-da şondan gaýry bolmadyk bir salgym-sudura öwrüpdir. Töwerekdäki ähli zatlar indi gijäniň özüne meňze-meýär. Jaýlar, gümmezekleşip duran öýler, ilerden sudur bolşup görünýän baýyr depeleri — bularyň bary häzir sal-

gym atyşyp, gyşa basylan ot küdelerine meňzeýärler. Töwerekdäki baglar häzir telim bir tamdyryň burugsadyp depesine göteren goýry tüssesine öwrülipdir. Gaýrada Murgap şogurdaýardy, gijäniň gelmegi bilen onuň sesi has çaslanypdyr, şonuň üçinem ol akym ýoluny üýtgedip, daşarynyň çigregini dadyp, gysmyljyrap, oba has golaý gelene meňzeýär.

Orazgylyjyň ýagdaýlar barada agasy bilen ikiçäklikde pikir alşasy, käbir gümürtik zatlary özi üçin anyklasy gelýärdi. Sebäbi ol agasyny özünden has köp bilýän hasap edýärdi.

Şeýle-de bolsa olar ýene-de, aýak üstünden gündelik işleri barada gysgajyk gürrüňlerden aňry geçmediler.

Gürrüňi öz isleýşi ýaly Orazgylyç däl-de, egnine ýelbegeý alan donunyň ýeňlerine ýeke-ýekeden ellerini sokup duran Orazgeldi başlady:

— Orazgylyç, pagtanyň hatasyna aýlanansyň-a?

— Aýlandym. Aý, onuň känbir hatasy ýogam, endigan gögeripdir.

— Biziň pagtamyz kolhozyňkydan biraz giçkiräk boldy öz-ä... Tohumy elin bolansoň ol zalywatlar wagtynda ekiş geçirdiler. Biz ýaly ýekebaralar, tohumlyk pagtasy toplanyp alnansoň, ekiş gelende tohum tapman biraz kösendigem.

— Ýeriň ders hessesem ýetendir. Güýz gaza gitmänkäk, sen ol ýere daşap bilen dersiňi daşadyň-a. Kä sürüm bilen gatylyp, gyşyň şatysynam başdan geçirdi ol indi...

— Gyrkyma gitmänkäk, onuň indi ilkinji suwunam bir bersek.

— Entek suw astynda galmaz ýaly, biraz kesekden eýikse-dä.

— Suwuny, dökünini ýetirsek, biziňkem kolhozyň pagtasyndan juda gijä galybermezem.

— Onda, ýatagyň ýeňsesindäki laý çukura öňňiýylky gömüp taşlan zorugan dersimiziňem üstüni açaýsakmykak?

— Olam ýadymda. Indi olam zorajagyny ýagşy zorandyr, şondan dagy suwa garyp bersek, gämikleri gulagyndan çekilen

ýaly edäýmeýärmi ol?! Ýöne bu suwunda däl, hany, birinji suw ýeriň biraz badyny alsyn, ony gyrkymdan gelenimizden soň beräýeris.

Doganlar öz pagtalarynyň ýalpyl berip, meýdana görk berip oturyşyny göz öňlerine getirişip, tama bilen öýli-öýlerine dargaşdylar.

* * *

Ala meýdanlardaky gül-gunçalaryň açylyşy ýaly daýhan aladalary hem tapgyr-tapgyr bolýar. Seleňligindenmi ýa bolmasa, Gün şöhlelerine beýleki ýerlerden bir depigem bolsa ýakynlygyndanmy-nämemi, hemişe ýaz gülleriniň öňi bolup, baýyrlaryň ýüzünde gyzylçog melewşe gülleri açylardy. Haçan-da olar töweregine alagury ýaprajyklaryny taşlap guraberdimi, bu onuň eýýäm öz nobatyny geçirip, beýleki güllere: «Nobat indi siziňki!» diýdigidir. Melewşe gülleri, şonda, hamala, ýuka dodaklyja gyzyl güllere öwrülip, toplumy bilen baýyrlaryň üstünden oba inene meňzär. Ana, onsoň, ýol gyralary, ýapylaryň töweregi, ýapdyr jarlaryň ýakalary gyzaryp, agyn gül bolup durandyr. Tutuş Söýünaly obasy şonda ähli ýere haly-palaslaryny düşäp, haýsydyr bir mertebeli myhmany garşy alýana meňzär.

Güläleklerem, möwriti gelende, öz güllemek gezegini oba baglaryna berer. Sansyz ak güllere basyrynyp tegelenip oturan baglaryň hersi şonda bir, toýdan öň ak gelne niýetlenip gurulýan buýsançdyr höwese beslenip oturan ak öýe öwrüler. Ana, onsoň, gujagyny ak güllerden dolduryp, onuň hoşrow atyr ysyny ysgap, ersip-daşyp, başyňy humarladyp oturan Söýünalyň bardyr!

Olaram soňra düwünçek düwşüp, hasyla duransoňlar, öz güllemek nobatlaryny hyýar, gawun, garpyz, kädi... ýaly suwa halys göwün berip ösýän ekinlere bererler.

Indi çöle çykyp, goýunlaryň ýaz gyrkymyny geçirmegiň

wagty gelipdi. Kymyş duzçynyň oglanlarynyňam hersiniň çekene sürüde altmyşdan, ýetmişden maýda mallary bardy. Bu mallar maşgalanyň daýhançylykdan soňraky güzeran çeşmeleriniň biridi. Her ýyl Orazgeldidir Orazgylyç şu mahallar gyrkyma gidip, ol ýerdenem oljasy oňan söwdagäre meňzeşip, ulaglaryna münder-münder ýüňli halta-çuwallaryny ýükleşip gelerdiler.

Ýüň bilen bagly ähli işler şundan soň öýüň aýal-gyzlarynyň telim bir aýa çekýän bitelik bähbitli aladalaryna öwrülerdi. Ýüňleri ýuwup-saýyp, ige salyp egrip, ondan ellikdir jorap örülerdi, gerek boljak guşak-tanaplar taýýarlanardy. Aýallar üýşüşip-üýşüşip, gollaryny çermeşip, düşek gülleşip, dyzanyşyp-dyzanyşyp keçe basardylar, düşeljek düşekleri, öýleriň arkasyna ýapyljak serpik, üzlük, basyryklaryny taýynlap, bitelik üstüne bitelik ederdiler.

Orazgeldi irden oýanan mahaly bu gün inisi bilen özüniň ýola atlanmalydyklaryny ýene bir gezek ýatlady, daşary çykarman bolup, donuny bir ýerden, telpegini bir ýerden alyp geýnip durşuna münülip gidiljek ulaglaryň bir käse çaý içilýänçä ýene bir gezek iýmlendiriläýse kem bolmajagy, şeýle bolanda garnyny doýrup, keýpini köklän eşegiň dagy onsoň ýola çyksa, özüni at saýyp, dikgirdäberýänligini ýatlady.

Daň atyp ugrapdy, uzakly gije ýokarda bir öýüň eý görülýän ýeke gyzynyň şaýly börügine meňzän asman ýyldyzlary indi töwerekde gündiz ýaýrawynyň giňelýänligi bilen bady alnana meňzäp, solaksy görünýärdi. Daşarda eýýäm oglanlary gitmänkä olary süýt-gaýmak bilen naharlap goýbermegiň ugruna çykan Jemal mama ojaga ot salyp, ýapýaňyja uly gelni Oguljumanyň howlukmajrak gidip, sagyp getiren süýdüni bişirip otyrdy. Adaty günlerde hemmelerden ir oýanýan Kymyş duzçy töwerekde görnenok, ýöne Orazgeldi mallaryň öňüne dökülen oty gören wagty, onuň hem eýýäm oýanyp, mallaryň otuna seredip, täretini kylyp, ýene-

de öýe namazyny okamaga girenligine düşündi. Orazgylyjyň oýananlygy hem belli boldy, onuň öýünden gysgajyk hümürdi eşidilýärdi:

— Meniň ýol şaýymy tutansyň-a!

— Ana, ätiýaç üçin ýene birlaý geýim salandyryn. Iýip-içjek zatlaryňyzy bolsa eneň olaryň horjunyna salandyr.

— Hany, onda, goýun gyrkýan mahalym geýýän giňiş köne donumy nätdiň?

— Hä, ýogsa-da, huşum gursun. Häzir alyp geleýin, ony agşam ýuwup, daşarda seripdim.

— Gurandyr öýdýämiň?

— Gurandyr. Ygal ýog-a daşarda.

— Bar!

Söýünalynyň gyrkymçylary her gezek ugramazdan öň obanyň ortasynda göbek bolup seleňläp oturan «Gaplaňlaryň jedel depesi» ady bilen belli depäniň ýanynda jemlenişerdiler. Eýýäm Kymyş duzçynyň öýüniň gapdalyndaky ýoldan birlän-ikilän atly-eşekli adamlaryň geçip ugranlary hem bardy.

Orazgylyç ony-muny salnyp, özi üçin ýola taýynlanan horjuny göterip daş çykan mahaly, Orazgeldi mal ýatakda ýalyny sypalap, alaşasyny eýerläp durdy.

Oguljuma bagyň düýbündäki ugralmazdan öň dyz epiljek sekiniň üstüne keçe düşäp, indem bir-birden onuň üstüne saçakdyr käseleri, çemçedir ýeneki süýdüň gapdaly bilen iýläýer diýen zatlaryny daşaşdyrýardy.

Kymyşlaryň öýünde iki ogluň ugrap gitmegi bilen bagly soňky hysyrdylar henizem dowam edýär. Gapdaldaky ýolda ýene-de bir eşekli bilen atly biriniň ulaglaryny öz maýdallaryna ýanaşyk sürşüp, gürleşip, Jedel depä tarap geçip barýanlygy göründi. Eşegiň üstünde dörtgyraň, daýaw ýigit güberlibräk otyrdy. Olar gapylarynyň öňünde howlugybrak, emma göteren horjunyna çolaşyp ýykylarly görnen Orazgy-

lyjy görüp, öz aralarynda oňa tarap göz gytaklaryny aýlaşyp, nämedir hezil tapyşyp hümürdeşdiler. Eşekli ýigidiň ýüzünde basdaş garagollugyň alamaty peýda boldy. Ol ýaňsyly ýylgyryp, gözlerini oýnaklatdy. Orazgylyja tarap baş atdy:

— Eý, Kymyşlar, siz entegem ýatyrmysyňyz Güni garnyňyzyň üstüne gonduryşyp? Siziň gyrkyma gitmek meýliňiz ýokmy?

Ozal degşip, basalaşyp, aýdyşyp ýören ýigidem bolsa, säher bilen onuň garagol degişmesi Orazgylyja ýaramady. Ol duran ýerinden:

— Eý, çişik, sem bol-da, tapyber-dä gümlamyňy — diýip, nägile bolup, oňa käýindi.

— Ýa-da siziňem, akgaňyz ýaly, uzyn etekliňiziň töwereginden daşlaşmaga ýagdaýyňyz ýokmy? — ýigit sözüni soňlap-soňlamanka, içerden çetine deglen Kymyş duzçynyň gyryljak sesi eşidildi:

— Haý, deýýus, kim ol!?

Degişgen ýigit: «Indi işim gaýtdy» diýýän hökmünde gizlenmekçi bolýan ýaly epilip, soňundanam bir eliniň aýasy bilen agzyny uýatly gapaklady. Onýança gapynyň öňünde Kymyş duzçynyň özem peýda boldy. Ol degişgen ýigidi tanap, oňa söýünçli käýindi:

— Hä-ä... Jumadurdy, asyl, bu senmi? Hany, ýaňky aýdan gepiňi ýene bir gaýtala! Daýylaryňa çeken damaryň bar bolsun seniň! — Goja bu soňky jümläni, ýigidiň degişmeçibälçik daýylarynyň barlygyny ýatlap: «Kakaňa çeken bolanlygyňda, beýle bolmazdyň, ýerlikli bir ýigit bolardyň» diýen manyda aýtdy.

Bälçik ýigidiňem ýöne bu ýanama gürrüňi tötänleýin däldi, onuň aňyrsynda Kymyş duzçynyň öýlenen günleri bilen bagly, heniz-henizlerem gabady gelende, onda-munda ýatlanylýan, iliň aňynda galan bir gep bardy.

Şol gezek dostlarynyň biri Kymyşa, indi öýüň harç-

harajatynyňam öňküden artjagyny aýdyp: «Jora, al çopan taýagyny, gel, meniň ýanyma çoluk bol-da, hem-ä iliň malyny bakarys, hemem süýdüni sargan, ýüňüni ýorgan edineris. Gapdaly bilen özümizem bäş-üç mal edineris» diýip, ony özi bilen çöle äkidermen bolupdyr. Ýöne Kymyş duzçy welin bu maslahata asla göwnemän, sypaýyçylyk edip:

— Dost, sen maňa degme, men çöle bolamok — diýipdir. Ýöne ony çöle äkitmegi niýet edinen çopan, ezeläp, ýene ony öz gününe goýmandyr. Ahyr Kymyş öz gönüligini edip, gönülemeli bolupdyr:

— Eý-ý, jora, sen maňa degme, kyrk ýaşda heleý maňlaýyma damdy. Indi şonuň eteginden daşlaşsam meniň mazam bolmaz! Men şonuň töwereginde bolubereýin — diýip, soňra ile gep bolupdy.

Ýaňky Jumanyň Orazgylyjyň çetine degmek üçin aýdan ýeserligininiňem aňyrsynda, onuň şol gezek ili myssa ýylgyrdan şu gürrüň bardy.

Amatyna getirip Kymyşlaryň çetine degenine hezil eden ýigit soňam esli ýere çenli käte yzyna gözläp: «Nätdimkäm?!» diýýän ýaly, wagty bilen ernini ýygnap bilmän ýylgyryp gitdi.

Orazgeldi ozaldan özi üçin taýynlanyp goýlan horjuny almaga ikilenç öýe giren mahaly Oguljuma onuň düýnki ellemäge ýetişmedik, ýany bilen aljak köýneginiň çägini çatyp, sapagynyň soňuny dişi bilen kertip, boldum edip otyrdy. Ol adamsynyň gelip girenini görüp, işinden sähelçe baş göterip, nazary bilen onuň habaryny aldy. Orazgeldi gapynyň öňünde duran ýerinde, alagaraňky içeri bilen gözüni öwrenişdirip durşuna derçigen maňlaýyny syldy. Dünýäden bihabar çagalar häzir hezil edişip, süýji ukuda ýatyrdylar. Agşam özgelerden gysganyp, kakasynyň gujagynda, kakasynyň ogly bolup baýrynyp ýatýan Rahmannazar häzir togarlanyp, tördäki sandyga baryp gysmyljyrap dykylypdyr. «Bugdaý

geldi, jöwen, çyk» edip, agasynyň elinden ýakynda onuň sallançagyny alan Rahmanguly bolsa häzir yrgyny galan sallançagyň içinde mysylap, süýji ukuda ýatyrdy. Mahal-mahal bir zat ýalanýan ýaly süýji-süýji tamşanýardy. Orazgeldi mähri gidip, çagalaryny synlap durşuna pallap, sähelçe gerinjiräp, daňdan ukusynyň süýji bolýanlygyny ýatlady.

Näbellilik bilen bagly ünjüli, ýakymsyz durmuş başlanypdy, onuň haçan gutarjagynyň belli bolmaýşy ýaly, nähili gutarjagy hem belli däldi. Elbetde, maşgalanyň kolhoz agzalygyna alynmazlygy, eziji synpyň wekili hasap edilmegi gowulygyň alamaty däldi, ol halkdan bir bölegini bölüp, ony: «Bar, näme bolsaň, şol bol!» diýip, jähenneme kowan ýaly bir zatdy. Şonuň üçinem bu meselede has-da çagalaryň ertirki güni aladalandyrýardy, bu ýagdaý tama edilişi ýaly, ýolugra düzelmese, çagalara has beter agyr düşjekdi. Çagalar bilen bagly pikirler başda bulut bolşup aýlanyşyp ugransoňlar, Orazgeldi olaryň öňküdenem birkyýama mähriban, has süýjän ýaly bolanyny duýdy. Ýeňillik bilen ýerden götermekçi bolan horjuny egninden aslyşan ýaly bolan mahaly Orazgeldi, gidýänleriň ýolşaýyny tutmak ynanylan aýaly Oguljumanyň ýene-de gereg-u, judabir hökmanlygy ýok zatlary hem salyp horjunyň ýüküni ýetirenligini bildi. Jemal mama her gezek oglanlary bir ýere gitmeli bolanda olara gerek boljak iýgi-içgi bilen bagly zatlary: «Mende, nä, huş barmy, bir zadyny salsam, ikisini ýatdan çykarýaryn. Gelin, bularyň ýol şaýyny özüň tut!» diýip, bu aladany hemişe Oguljuma tabşyrardy. Diýip ýörmese-de, uly gelnini kiçi gelninden bu işlere has werzişräk, yhlaslyrak görerdi.

Orazgeldi horjuny agramlap durşuna özi bilen boý deňläp, ýaňyja çatyp bolan köýnegini horjunyň bir gözüne gyssanybrak salyp duran aýalyna tarap sähelçe öwrülip nägile boldy:

— Ýene-de kak-sök diýen zatlaryňdanam salyp bileniňi salansyň-ow! — diýip, her gezek ýola gidende tapan-tupan

zadyny salyp, onuň horjuny içikdirip dolduryanlygyny ýatlady.

Oguljuma her gezek gidýänleriň ýol şaýyny şeýdip tutanda, horjuna salaýmaly çaý, çörek, gowurmadyr un, ýag bilen bilelikde öýde bar bolan, çaga güýmenjesi hasap edilýän zatlardan hem şorsurasalar agyzlaryna atarlar diýip gurtdan, kak-sökden, erik kişdesindenem ep-esli edip salyşdyrardy. Oguljuma adamsynyň gep saluwyndan onuň: «Bu zatlary bize salandan çagalara berseň bolmaýarmy!» diýip, olary alada edýänligini duýdy.

— Çagalaryň gaýgysyny etme, bu zatlardan olara-da ýetik. Biziň çagalar bu zatlary aňsat-aňsat öýde öňlerinde üýşürip goýanyňda hem iýmeýärler. Biriniň elinde iýip ýörenini görüp, ol süýjände iýäýmeseler, başga wagt oňa höwesek bolup barmaýarlar. Geçen ýylky toplanan erik kişdesininem, hol-ha, samanhanada ýarty haltasy asylgy dur iýseler.

Orazgeldi gapydan çykmanka ýene-de bir, öz ýanyndan aýalynyň hut özüne degişli aýdyp-tabşyryp gitmekçi bolan zadyny ýadyna saldy:

— Onsoňam hol günki ýaly kolhoza diýip alnan mallaryň içinden gaçyp-tezip geleni bolsa, haýal etmän, ony yzyny ýel çalmanka, oglanlardan ibermelisiň! Ot berip, suw berip hezzetläbermäň, onsoň ol ýene-de geler durar!

— Garny hepbik ýal-a ol janawerleriň, hiç ugruna seredilýäne meňzänok.

— Hümm... eýesi bolmadyk mal nähili bolmalymyşyn, eýsem?...

— Aý, şol gara sygrymyz bolaýmasa, beýlekiler indi öz günlerine kaýyl bolaýana meňzeýär...

— Gara sygryňam bilemok, heleý, ala sygryňam, bize artyk gep-gürrüň gerek däl. Ozalam bize gezek galanda täze hökümet yrsarasy gelip, bahana gözläp durandyr, daşrak boluň! — ol bu sözi biraz çeti gyzýanyny mälim edip, talaply aýtdy.

Daşardan ukuly çaga sesleriniň arasy bilen Jemal mamanyň tanyş, garganyňky ýaly gatraw, ir turan agtyklaryna käýinýän söýünçli sesi eşidilýärdi:

— Siz, näme, müňňüldeşip, örüşip gelýäňiz, entek ýatyberseňiz bolmadymy?

— Mama, akgam dagy çöle gitdimi?

— Gitjek bolşup, köwejekleşib-ä ýörler.

— Ateşegimizem äkidýälermi onsoň?

— Hawa, atyňam gidýär, eşegiňem, ol ýerde ulag gerek boljak.

— Onda bizler babam bilen bugdaýa gidenimizde, araba näme goşaly?

— Bilmedim.

— Babam: «Arabaly gideris» diýd-ä?

— Wah-ýeý, balam, ir bilen senbir ýürege düşmesene! Babaň bilen araba başga goşara zat tapmasaňyz, meni goşaýarsyňyz...

Agtyklary tarapyndan soraga gerňelen Jemal mamanyň soňky jogaby töwerekden eşidenleri biygtyýar ýylgyrtdy.

Orazgeldi ikilenç horjuny egnine alyp ugramakçy bolanda, indi bireýýämden bäri ak ýol arzuwlap ugradyp, gitmänkä onuň tizräk gaýdyp gelerine howlugybrak duran Oguljuma çolalykdan peýdalanyp, adamsynyň ýüzüne mähir bilen boýurganyp, bir goluny onuň egnine goýdy, soňam onuň kükregine ýuwaşlyk bilen başyny ýaplady. Oguljuma indi ýaş gelin döwürlerinden bäri adamsyny her gezek ýola ugradanda, bir amatyny tapyp, onuň bilen pynhanlykda äraýallarça düşünişmek bilen şeýdip mähirli hoşlaşardy.

Onýança daşardan ýene-de içerik giren oglanlarynyň eglenç edenini halamadyk Jemal mamanyň aladaly sesi eşidildi:

— Hany, ol, öýüne giren akgaň çykybermedi-le, ýa heleýleriniň ýanyndan aýrylyp bilmän, ýiten ýumagy gözleşenden

bolup otyrmykalar? Atasynyň häsiýetini alan it ogly diýerler bulara. Atalary görnüp dur-a, nirä gitsinler şondan aýrylyp? Ýöne ýerden iliň, bir sebäp bolmasa, gep etmejegi bell-ä bulary...

Orazgeldidir Oguljuma şundan soň hamala uýat bir zadyň üstünde tutulana meňzeşip, gyzaryşyp, uýatly hoşlaşdylar. Biraz gereginden artyk eglenenlerini duýdular. Orazgeldi ýüki ýeten horjunyň agramyny duýman, iki basanda howlugybrak öýden çykdy. Ojagyň başynda eli kesewili duran Jemal mama gabadyna gelende, eglenç edeni üçin, endigine görä, ýene oňa iňirdedi:

— Kökene çolaşana döndüň-le, oglan!?

— Gelýän — diýip, Orazgeldi ýüzugra gysga jogap gaýtardy.

Oňa ejesiniň: «Kökene çolaşana döndüň-le!?» diýen igenji: «Etege çolaşan ýaly bolduň-la!» diýlen ýaly gyjalatly eşidildi.

Jemal mama ýogsamam eýýäm ýola gidýän oglanlaryna irden iýdirip-içirip goýbermekçi bolýan zatlaryny saçagyň üstünde jemläpdi.

Kymyş duzçynyň öýünde häzir onuň oglanlarynyň çöle ugrap gitmegi bilen bagly iň soňky taýýnlyk işleri biraz howlugylyp edilýän hem bolsa, ol henizem tamam bolmandy. Ýogsam, bu güne taýýnlyk iki-üç gün dagy mundan ozal hem başlanypdy. Şonuň üçinem maşgalanyň häzirki hereketleri, haýsydyr bir tora çolaşyp, indem şondan sypmaga dyrjaşyp, şolbir hereketleri öwran-öwran gaýtalap durana meňzeýärdi.

Şeýdibem, aga-ini Orazgeldidir Orazgylyjyň säher bilen, il örmänkä göterilip gitmek pikiri entegem başa barmandy. Jemal mama oglanlary gelip, saçagyň başynda dyz epen mahaly höwes bilen olaryň hersiniň öňüne gazandan bir okara gyzgynja süýt guýup äberdi. Üsti bugaryp duran okaradan

ýakymly süýt ysy burna urdy.

— Çüňküňizi degrip goýmaň, güpledip nan bilen gowja iýiň! — diýdi.

Irden oglanlaryň ikisineňem iýmek işdäsi ýokdy. Ýöne olar ejeleriniň iýdirip-içirip goýbermese, göwnüne jaý etmejegini bilip, iýenden bolşup, saçak başynda biraz eglendiler. Muňa olar henizem özlerini ýaş çaga ýaly hasaplaýan eneleriniň monça boljagyny bilýärdiler.

Çäkmenini ýelbegeý alyp, mellegiň aýagujuna giden Kymyş duzçy häzir ol ýerde, towuklaryň kül peşäp, ot-çöp döwnüklerini pytradyp döreden başly-baratlygyny çarşak bilen, towuklara käýinip, düzedişdirip ýörşüne:

— Iliňem towuklary, şu biziňkiler ýalakmykan, bir daban ýerde küle agynap, kükregi ýaplajak? Töweregi tutuş harman edip atypdyr bular — diýip käýinýäni eşidilýärdi.

Aganazardyr Allanazar eýýäm at ýatagynyň ýanynda ýola gitjek atdyr eşegiň hütürdedip ot iýişlerine seredişip, şeýle ýagdaýda ulularyň adaty özlerine ynanýan, getirmek-goýmak bilen bagly ýumuşlaryna garaşyp, şüweleňli gürleşip durdular.

Öýüň uly ogullary çalak-çulak garbanyşyp, gysgajyk töwir edip, çokaýlaryny taýlap geýip ugran mahaly Jemal mama gaňrylyp, Kymyş duzçynyň köwejekläp ýören tarapyna seretdi:

— Hany bi, aksakgal oglanlaryny ýola salmajakmyka? — diýip hüňürdedi.

Ýumuş buýrulanyna mähetdel Aganazar eýerlenen aty, Allanazar ateşegi ylgaşladyp, gapynyň öňüne getirdi.

Orazgeldi gapdalda duran horjuny eýerli atyň syrtyna bökderen mahaly temmäki ysy kükäp gitdi. Şol barmana, onuň Jemal mamanyň hem gaňşyrawygyny tütedeni belli boldy. Ol horjunyň tümmerip duran ýerine seredip aladalandy:

— Temmäkiňizi iýgi-içginiň ýanyndan aýry goýansyňyz-

da hernä? Ýogsam, nanyňyza çenli ol ahlediň ysy urar.

Jemal mamaň jogabyny gapyň öňünde gidýänleri nazary bilen ugradyp duran Oguljuma berdi:

— Arkaýyn boluň, enesi, aýradyr, temmäki horjunyň azykly gözünde däl-de, beýleki gyrkylyk-syrkylyk ýaly zatlaryň ýanynda ýerleşdirilendir.

— Onda bolupdyr — diýip, Jemal mama gelniniň aýdanyny göwnüne jaý etdi.

Orazgeldi eýeriň gaşyna ýapyşyp üzeňňä galkan mahaly, mellegiň aýagujunda eglenen kakasynyň özleriniň ugrap barýanlaryny görüp: «Sag-aman baryp-geliň!» diýmek üçin işlän wagty egninden aýryp, gapdala atan çäkmenini alyp, gelşine onuň ýeňlerine gollaryny sokup, häli-şindi aýasy bilen derçigen maňlaýyny sylyp gelýänini gördi.

Özge eşeklerden has zeberdes bolansoň, ateşek adyny alan eşeklerine atlanan mahaly kakasynyň elinde eşek taýagynyň ýokdugyny görüp, Aganazar dessine ony nirede görenligini ýadyna düşürdi. Ujy çiş, ýeňil toraňňydan ýasalan eşek taýagyny ol ýaňy at ýatagynyň gapdalynda, adaty at eýeridir eşek gaňňasynyň goýulýan ýeriniň töwereginde görüpdi. Ol ylgap gidip getiren eşek taýagyny höwes bilen kakasyna uzatdy:

— Akga, mana eşek taýak!

— Hä, getir şony — diýip, Orazgylyç ateşegiň üstünde donunyň uzyn synynyň bir gapdalyny guşagyna çalyp oturyşyna parhsyz dillendi.

Hemişe, her babatda agtyklary bilen deň gopmany oňarýan Kymyş duzçy gelşine ýene-de gapdalda gidýänleri ugradyp, galkyjaklaşyp duran agtyjaklarynyň küý-küýsegine dessine düşündi. Ol agtyklaryna elini salgap:

— Hany, göreňzokmy bularyň galkyjaklaşyp duruşlaryny, gonduryň heriň birini syrtyňyza — diýdi.

Orazgylyç çagalar bilen çörňeşip ýene eglenç etmäni hala-

masa-da, kakasynyň eýýäm Aganazara hop berip, Orazgeldiniň öňüne alyp-berip duranyny görensoň, o-da kakasynyň talaby bilen sessiz ylalaşmaly boldy. Özüne tarap ýönelen Allanazary aýagynyň burnuna basdyryp, ateşeginiň syrtyna aldy.

Agtyklarynyň ululara ýoldaş bolanlaryna begenişip gidip barýanlaryny görüp, Jemal mama birýana gyşaran soky top-busyny bir eli bilen tutup durşuna aladalandy, jandurmazlyk etdi:

— Hi, Alla jan, Aky jan, Jedel depä baranyňyzsoň, göni yzyňyza gaýdyň, ýene-de derýaboýy-ýeneki diýip gidiber-mäň, yzyňyzy ýel çalmanka, öýde boluň!

Ululara meňzäp atlananlaryna öz ýanlaryndan monça bolşup oturan oglanlar ýerli-ýerden:

— Bolýar, mama, hoş, mama! — bolşup, göwünjeň jogap gaýtardylar.

Uzyn boýly, syratly Amangül öýüň gapdalynda ýaýlyk-tuluma güýmenen bolup, ýaşmak astyndan gizlin gözläp, adamsyny gözi bilen ugradyp, oglunyň at münüp eselenine buýsanyp durdy. Kymyş duzçy ogullarydyr agtyklaryny ýola çykaryp ugradan soň hem şol ýerde öten-geçenler bilen saglyk-amanlyk soraşyp, esli durdy. Onuň hasasyny gysym-lap, aýak üstünde yranjyrap durşy gidýänlere ozaldan aýdyp goýbermegi niýet eden haýsydyr bir zadyny unudyp, indem pikirinde dörünip, barýanlar uzak gitmänkä şol zady ýada saljak bolýana meňzäp dymyp durdy.

* * *

Ýeriň giňini alan gaplaňlar, ilen-çalanlary bilen alty-ýedi bolup, indi üç-dört günden bäri çölde öz çekene goýunlaryny gyrkýardylar. Ýaz bolsa indi aýaklap barýardy. Gyş günleri bulut ýorganyna çolanyp ýatmagy gowy görýän, hemişe as-manda ukudan açylyp bilmeýän ýaly bolup ümürläp, du-

manlap gezýän Günüňem bu günler ýüzi hoş habar eşidene meňzäp, nurly görünýär. Doganda hem indi ol her gün sähel salymam bolsa, öňküsinden öň dogýar.

Tomsuň alkymlap geleni hem belli bolupdy. Onuň her gezek özünden öň toparlap, ýazyň soňky günlerine garyp, dünýäň habaryny almaga ataran çogly çaparlary eýýäm zemine ýaýlyp, onuň bilen höwrügişipdiler.

Gyrkymy Orazgeldi, gödeňsiz, daýaw Anna pälwan, hortap uzyn Işanguly, «ýalak» lakamly Gurt, kelte boýly Hakberdi, Ahmet zabun dagy alty bolup, alty ýerden alarladyp «ha-da-ha» bolşup gyrkýardylar.

Orazgylyç bularyň arasynda ýaşkiçi hökmünde gyrkymçylara sürüden gyrkylmaly goýunlary tutup getirip, güýlüp gyrkmaga taýyn edip berýärdi. Ol ýalaw ýaly gyrkylyklaryny şakyrdadyşyp şüweleňli işleýän gyrkymçylara zordan ýetişýärdi. Orazgylyç ýaly çeýeräk, zabunrak ýigit bolaýmasa, süriniň üç tarapdan kerte ýanap, gaçarynyň alnanlygyna seretmän, olary tutaýmak aňsadam däldi. Ol bolsa her gezek bir-birlerine dykylyşyp duran goýunlaryň ýeňsesinden harsa barardy-da, olaryň biriniň aýagyndan tutup, çekip getiribem gyrkymçylaryň öň ýanynda güýlüp taşlardy. Onuň der-çaň siňen ak köýnegi çalaryp, arkasyna ýelmeşipdi. Ol ýetişjek bolup güpürdäp işläp ýörşüne häli-şindi eliniň tersi bilen maňlaý derini sylyp-sylyp alýardy. Müňe golaý çekene malyň eýýäm ýaryndan gowragy gyrkylykdan geçirilipdi. Töwerekde biş-düşe, gyrkylyp aýry bölek edilip goýberilen goýunlara göz-gulak bolup, ýüňleri toparlap-saýhal berip ýören Gullar çopanam bu günler gyrkymçylaryň gürrüňlerini diňläp, hezil edip, özüni märekede duýup ýörşüne, wagtal-wagtal olam sürä darap, Orazgylyjyň işlerine gapdaldan kömek edýärdi.

Gyrkymçylar şu depginde şüweleňli işlenilse, ýene aňyrsy üç-dört günden özleriniň ýaz gyrkymy bilen bagly aladalaryny tamamlap, öýe gaýdyp barjakdyklaryna ynanýardylar. Şonuň

üçinem olaryň gyssaglary özleri bilendi, ir ýatyp, her günem ýene torgaý jürküldänden turup, işe başlaýardylar. Iş arasynda wagtal-wagtal oba ýatlanylýardy. Bu gezek obaly gürrüňi hemişe gepiniň arasynda gyz-gelinleri hem ýatlaýanyny kem görmeýän Hakberdi gözüni süzgekledip ýeserlik bilen ýylgyryp, töweregine gözläp başlady:

— Badymyzy gowşatman, ýene iki-üç gün gyrksag-a gyrkymy dynsak gerek. Paty-putymyzy alşyp, niredesiň oba diýip gidibermeli. Onsoň galyň-galyň heleýleriň ýüň saýyp, keçe gülläp basyşyny görersiň — diýdi.

Hakberdiniň gürrüňi gulaga degende ýaňy bir goýnuň bir ýan gapdalyny gyrkyp, indem goňras goýnuň göwresini aýaklarynyň arasynda saklap, gapdalyndaky ýüňleri aýagy bilen ýeňseräk itip, goýnuň beýle tarapyny gyrkmakçy bolup duran Anna pälwan, nämedir bir böwregini bökdürýän zadyň ýada düşenini mälim edip, «loh-loh» edip güldi. Soňundanam bir zat diýjegini mälim edip, ýaňsyly nazaryny Hakberdä öwürdi.

— Hakberdi, paýym, çynyňy aýtsaň, senden bir zat soraýyn-la?

Hakberdi onuň köpmanyly ýylgyryp, kinaýaly söz urşundan oňly zat soramajagyny aňsa-da:

— Iki zat sora, pälwan! — diýip, baş atdy, jogap bermäge taýynlandy.

— Ýaňy: «Heleýler keçe basar» diýeňde ýadyma düşdi. Sen heleýlere goşulyşyp, keçe-de basaýýamyşyňam diýýälerle? Şol dogrumy, paýym?

— Basamda näme?

— Şonda başyňa ýaglyk atynýaňmy ýa-da atynaňok?

Anna pälwanyň morta gepiniň Hakberdiniň çetine degenligi belli boldy. Ol işinden başyny göterdi. Soňundanam «he-he-he-he» diýip, gülen bolup, töweregine ýeser seretdi:

— Adamlar, bilýäňizmi näme? — töwerekdäkiler sessiz

ýylgyrjaklaşyp, çyna ýazyp barýan degişmäniň şaýady boldular.
— Siz bilmeseňizem, il bilýä — diýip, ol Anna pälwanyň ýüzüne öjükme bilen dikanlady.

— Aýt, paýym, aýt — diýip, öz sözüniň Hakberdiniň peltesine ot degrenini gören Anna pälwan göwnühoş dillendi.

— Aýtsam, adamlar, heý, on dört ýaşyna çenli enesini emen mahlugy görüpmidiňiz? Ine, şo-da şu Anna pälwan! Hatda enesi eli saçakly özge aýallar bilen toýa-zada barýarka hem bu onuň yzyndan ýetip, çukura salyp, bir emip galar ekeni.

Adamlaryň käbiri çekeleşigiň gyzygyp barýanyna hezil edişip, üstüne hüjüm edilen Anna pälwanyň ýüzüne: «Ol näme diýerkä?» diýşip seredişdiler.

— Haý, paýym, oňardyň-ow sen-ä! — diýip, Anna pälwanyň özem bu gepe hezil edip ýylgyrdy.

Köpçülik bolup, agzybirlik bilen işlenilende işiň agramy judabir duýdurybam barmaýar. Onsuzam has-da mahal-mahal gülki-ýomagyňam bolan ýerinde, köpçüligiň bolan ýerinde bu-da hemişe bir gyt zadam bolmaýar.

Gürrüň şu ýere ýetip, biraz böwşeňlik ara düşende, ojagyň başynda ýüzüni keseräk sowup, lasyrdap gaýnap duran tüňçäni otdan ýeňseräk çekip duran Gullar çopanam gyrkymçylara tarap öwrülip gyzygyp, gürrüňe goşuldy:

— Pälwan, dogrudanam, senem enesini köp emenmi?

Gullar çopanyň sadalarça beren bilesigeliji soragy, hamala, öz arkasy alnan ýaly, Hakberdiniň göwnüni göterdi.

— Hä, näme, ýa-da senem täzeden eneňi çekeläp, emip ugraýsam diýýämiň?

— Aý, ýok, ýöne enesini köp wagt emen güýçli hem biraz keleçewräk bolýar diýen bir gürrüň bar, şol dogrumykan diýjek bolýaryn.

— Hä, näme, göreňokmy şonuň dogrulygyny? — diýip, Hakberdi işden başyny göterip, ýylgyryp özüne tarap seredip duran göwnühoş Anna pälwana tarap goluny uzadyp, hezil

edip güldi.

Gapdalda ýaňy gyrkylyp, ýüňden saban goýnunyň aýagyny çözüp, turzup goýbermekçi bolup duran Orazgeldi hem çopanyň gürrüňine ýylgyryp goýberdi. Gullar çopan özüniň gürrüňiň gabadyndan harsa goşulaýmak häsiýetiniň barlygyny ozaldanam bilýärdi. Ol munuň birhiliräk görülýänindenem habarlydy. Her gezek şeýle bolanda, ol: «Indi beýtmäýinem» diýip, özüne akyl edýärdi. Ýöne birde bolmasa, ýene birde süsňäp, gürrüň arasyna girenligini onuň özem duýman galardy. Hasam ol bu gezek biedepligini görkezesi gelmeýän agasynyň ýanynda şeýle bolanyna uýaldy. Gullaryň Orazgeldiden aga hökmünde göwni bitikdi. Ol Orazgeldini hemişe-de öz bäşbelalarynyň arasynda ýoly dogry kesýän ýakyn hossar hasap edýärdi. Munuň şeýledigini ol üç-dört ýyllykda özi bilen bir maşgalada ýaşaýan kakasynyň dogany çopanyň nobatyny alyp, ondan iki-üç aýlyk kiçi bolan ogluny öý-işik etmekçi bolan mahaly öz mysalynda görüpdi. Ol: «Türkmençilikde bir kada-kanun bardyr. Gullaryň gezegini elinden almaň!» diýipdi. Şeýdibem, bolmaly bir toýuň deregine şonda ol öýde goşa toý bolupdy. Şondan bärem ol şol gezek Orazgeldi arkasyny almanlygynda özüniň henizlerem öý-işik bolmagynyň alagümanadygyny ýatlap, hemişe hormatlap hem onuň nazaryna mynasyp bolmaga çalşyp gezýärdi.

Sürini töwerekläp aýlanyp, ýatyp-turup ýören goýun iti üýren mahaly başlaryny işden göteren gyrkymçylar, hol beýleden oba şuranyň jigidiniň atyny debsiläp, özlerine tarap ýetip gelýänini gördüler. Gyrkymçylar bu mahal soňky öňlerine alan goýunlaryny ýüňden çykaryp bildikleri günorta naharyna çykmakçy bolşup durdular. Gazanda gaýnap duran çekdirmäniň ysy ýakymlydy, tamşandyryjydy. Oda ýanalan tüňçelerem indi şyglaşyp, maýda-maýda köpükler gaýtaryşyp durdular.

Ýigit ýakyn gelip, at başyny çekensoň, ýeňi bilen

maňlaýynyň derini sylyp durşuna, habarlydygyny ýüzünden mälim edip salam berdi. Onuň onsuzam geçip barýarka adamlara «Armaň!» diýmäge sowulmandygy bellidi. Jigit Orazgeldiniň ýüzüne gözläp, öz habaryny berdi:

— Orazgeldi aga, size oba şura: «Bir ýanyma gelip gitsin» diýdi.

— Oba şura bu ýerde meni näme etjekkä?

— Aý, on-a bilmedim, aga.

— «Gelsin!» diýlen bolsa, näme, baraýmaly bor. Häzir bir naharlanaly, düş özüňem atdan, garynlary doýrarys-da, bile gidibereris onsoň. «Dok başa döwlet ýagar» diýlipdir.

Jigit ýene-de öňküsi ýaly derini sylyp, ýalmanyp:

— Aý, ýok, Orazgeldi aga, men gideýin. Siz ýaly ýekebaralaryň ýene-de biri Gowşutlaram häzir gyrkym gyrkýan bolmaly, men şolara-da daramaly, şura olaram çagyrýar — diýdi.

Orazgeldi nahar iýip otyrka, çaparyň gelenini ýatlap: «Bä, janlarym, bu meni näme üçin çagyrýarka? Ýaňky jigit bir gepinde: «Ýekebara Gowşutlaram-a» diýdi. Belki, ýekebaralar bilen bagly ýene bir gep bardyr?» diýip, biraz aladaly oýlandy. Ol ýakynda: «Hökümet bu ýyl ýekebara hojalyklardan alynýan salgydy has artdyrjakmyş» diýen bir myş gürrüňem eşidipdi. Häzir ol şol ýadyna düşende, myş gürrüňiň hakykata öwrülip barýanlygy, özlerinem Ýagdy oba şuranyň şol görkezmeden habarly etmek üçin çagyrýanlygyny pikir etdi. Naharlanyp, çaýyny çalak-çulak içensoň bolsa dessine, ol ýere baryp gaýtmak üçin, ýola atlanmak bilen boldy...

Ýagdy şura bu ýere şerekete degişli ýedi-sekiz bölek sürini gyrkdyrmaga şereket adamlarynyň on-ýigrimisini alyp, Orazgeldi dagydan üç-dört gün öň ýygyn tutup gaýdypdy.

Gelibem, özi üçin gyrkymçylaryň ses ýetimliginde öý tutdurypdy. Ol, esasanam, şu ýerde bolup, wagtal-wagtal gyrkymçylaryň ýanyna baryp, ol ýerdäki işleriň gidişine

gözegçilik edip durýardy. Goňşy şereketleriň özi ýaly gyrkyma gelen şuralarydyr atlyrak başlyklaryny çagyrybam şu ýerde şagal mesligini etmegi halardy. Şonuň üçinem ol ýörite öý tutdurypdy. Ol öýe baýlardan alnan haly-palaslary düşedip, gapa eňsi tutduryp, han kimin oturardy. Goňşy şereketden gelenler onuň tutumyny görüp: «Şuralygy sürmegi Ýagdy oňarýar, gör, begiň bar-da!» diýseler, ol muňa göterilip, öz ýanyndan monça bolardy.

Orazgeldi beýigiň üstünde gümmezekläp oturan öýüň beýleräginde gelip, atdan düşüp, ony duran ýerinde duşadyda, öýe tarap ugrady. Jigit entek dolanyp gelmedik borly, onuň töwerekde ne aty görünýärdi, ne-de özi. Gapynyň öňünde aýakgap çykarylýan ýörite kiçeňräk keçe düşelen ýerde Ýagdynyň ýalpyldadyp, buýsanyp geýýän gonçly ädigi jüplenip goýlupdyr. Ol öýde bolmaly, pinekläp, çagyran adamlarynyň boýugaryna garaşyp ýatan bolmaly. Orazgeldi şu pikirler bilen öýe golaýlaşyp, özüniň gelenini mälim edip: «Ýagdy şura, öýdemisiň?» diýip ses bermekçi bolan mahaly onuň gulagyna içerden zenan sesi eşidilip giden ýaly boldy. Bu ýerde aýal näme işlesin? Ol gulagyna ynanmady. Ikinji gezek ol ses ýene-de oba şuranyň gatraw tanyş sesiniň gapdaly bilen süýkeşlenip eşidildi.

— Dursana senem, oglan!

— Näme barmyş?

— Biriniň aýak sesi eşidilen ýaly boldy-la.

— Aý, kim bolsun? Gyrkymçylardan-a bu ýere gelmäge milt edip bilen bolmaz.

— Ýa jigidiňmikä?

— Ol gelende näme-aý?! Jigitdir-dä, zor etse: «Şura, şu heleýiň otyrýerine neşäm tutýar» diýen bor-da.

— O-da bir samsyk ýerçeken-dä. Diýer otyr-da...

— Ýeri, seniň...

Orazgeldi osal wagta gabat gelenini bilip, ýany ökje

ogurlap, yzyna tesip ugran mahaly, öýüň eňsisi pasyrra açylyp, gapynyň öňünde daşarynyň habaryny almaga çykan aýalyň dolmuş göwresi göründi.

Ol geleniň öz pikir edişi ýaly jigit däl-de, ýat bir adamdygyny gören mahaly ilki aljyrap tesjek ýaly etdi-de, soňundan Orazgeldini görmedik bolup, ýüzüni keseräk tutup, çalt ýöräp, öýüň arkasyna öwrüldi. Orazgeldi ara biraz salym berip, ardynjyrap, gaýtadan öz habaryny bermek üçin gapa golaýlan mahalynda, ýaňky öýden urdurylyp çykan gelniň indi depeden aşaklygyna, jülgä tarap inip barýanyny gördi. Onuň osalda üstüni aldyranlygyna uýalanlygy belli boldy.

Orazgeldi ol gelniň bu ýeriň aýallary ýaly börük geýmän, başyny ýeke ýaglyk bilen çolap gezýänliginden tanady. Ol Hanumady. Onuň ady-da özi ýaly bu iliň içinde delräkdi. Onuň başga adynyň-da bolmagy mümkin, ýöne Ýagdy şura onuň adyny «Hanuma» diýip tutansoň, il hem oňa «Hanuma» diýýärdi. Ol Söýünalyda bary-ýogy iki-üç ýyllykda peýda bolupdy. Onuň bu ýerde peýda bolmagy bilen bagly il içinde ýene-de dürli gürrüňler hem bardy. Gürrüňleriň birinde Hanumanyň serhetden geçip barýan Mary baýlarynyň biriniň başga milletden bolan aýaly bolanlygy, serhet ýakasynda gyssaga düşende, onuň aýaldan-maldan geçip, gaçyp sypanlygy aýdylýardy. Adamlaryň ýene birnäçeleri bolsa onuň serhet kontrrazwedkasynyň başlygy, iki ýurduňam gep-gürrüňinden habarly bolup gezýän Mamlynyň göze görünmän hereket edýän bilniksiz adamlarynyň biridigini çak edýärdiler. Elbetde, munuň şeýle bolaýmagy-da gaty ahmaldy. Ýogsam, bu bolşewik bolnup, ýurt gazanylyp, baýlaryň ökjesine düşülip ýörkä, galyp-gaçan baý maşgalasyny olaryň ýurtda, onda-da Söýünaly ýaly serhet ýakasyndaky obada galdyrjak gümany barmy? Şonuň üçin bu ýagdaýy bir delile getirmek üçin il içinde: «Hanuma gelni Ýagdy hat işini bilýänligi üçin: «Goý, meniň hat-peteklik işimi oňaryp otursyn!» diýip, abraýa leňňer berip,

hökümetden özüne diläp alan edip görkezýärdiler. Hanuma tegelek ýüzli, orta boýly, juda ýaş bolmasa-da, özünde gelin näzikligini saklan, mämeleri mynasybetli dyzanyp duran ýaraşykly bir gelindi. Orazgeldi öň şeýle ýakyndan onuň bilen gabatlaşyp görmändi. Görensoň welin: «Hä, oba ýigitleri ýöne ýerden saňa hyrydar bolmaýan ekenler-ow» diýip, Hanumanyň hiçneneňsi gelin däldigini erkeklerçe öz ýanyndan belledi. Onýança içerden ädi ýanan oba şuranyň haýbatly sesi eşidildi:

— Jigit, senmi?

— Bu men, Ýagdy. Çagyran ekeniň!

— Hä, Orazgeldi, senmi? Gir, hany — onuň sesi biraz ynjyksy eşidildi.

Orazgeldi girip, öýe biraz gözi öwrenişensoň, Ýagdy şuranyň törde giňiş ýazylan düşekçäniň üstünde hiç zatdan habarsyz bolan bolup, murtlaryny sypap, awuna garaşýan pişik ýaly ýalmanyp, goşa ýassygy tirsekläp ýatanyny gördi.

Şeýle ýagdaýda üstüni aldyranda adam birhili müýnürgäýjek ýaly welin, emma Ýagdynyň bagyr ýaly gara ýüzünden häzir bu alamaty aňaýmak asla aňsat däldi. Şuranyň arka tarapyndan keşdeli içki aýal geýiminiň bir taýy görnüp durdy. Ol ýaňy kimdir biriniň geleni bilnen mahaly, gyssagarada geýmäge-de ýetişilmän, ýeňsä atylan bolmaly. Ýagdy şura Orazgeldä oturmagy mürehet edip oturşyna, ýaňyrak gözi düşen aýybyny gizlemek üçin, ýassanyp ýatan ýassyklarynyň birini aýal geýiminiň görnüp duran ýerine atdy-da, beýleki ýassygynam myhmana öz golaýyndan ýer berenden bolup, şol tarapa süýşüp, onuň üstüni öz ýanyn ýatan göwresi bilen ýapdy. Ýagdy şura Orazgeldini çagyrsa-da, beýle tiz geler öýtmändi. Ol bolsa, ine, eýýäm öý eýesini ahmala goýup, gelip direnip dur. Içerde öýüň sergin howasyna goşulan gül ysyna berimsiz ýakymly gelin müşgi bardy. Aslynda, Hanumany özüniň ikinji, nikasyz heleýi hasap edýän Ýagdy

indi ony ilden gizlejegem bolup durmaýardy. Ol bolşewigiň obanyň ykbalyny özüne başarnykly, wepaly adam hökmünde ynananlygyna, ynanyşy ýaly hem, özüniň bu ýerde edenini edip, gylanyny gylmaga tarhanlygyna hem ynanýardy. Özide diýeni bitdigiçe, şuranyň özi baradaky bu pikiri barha-da berkeýärdi.

Ýagdy soňra şol tirsekläp ýatyşyna beýlerägiňde duran käsä tarap gerlip, ony aldy-da, Orazgeldä ojagyň gapdalyndaky basyrylgy duran çaýly çäýnegi görkezdi:

— Alyň, şonda demini alyp duran çaý bardyr!

Bu mürähet Orazgeldä hem kem ýaramady. Ol nahardan soň, bu ýere gaýtmagyň ünjüsinde bolansoň, çaýyny arkaýyn oturyp içip bilmändi. Häli ýolda gelýärkä-de, eýýäm agzy gurap, suwsap ugranlygyny duýupdy. Täze soýlan goýnuň etinden taýýarlanan çekdirme indi joş berýärdi. Orazgeldi bu ýerde özüne aýdyljak gürrüňe çen-çak urup uzak oturmaly bolmady. Käsesine guýan çaýyny içip-içmänkä, Ýagdy şura gözüniň gabagyny göterip duran togalak ala gözlerini eleslediр gürrüňe başlady:

— Men düýn öz Hangulymyzdan özüň ýaly ýekebaralaň biri Berdi Akyny çagyrdym. Olaram ýeňsede, ýandaklyda Taganlar bilen öz-özleri bolşup, gyrkym gyrkyp ýatyrlar — diýip, gürrüňini mysal bilen matlabynyň töwereginde aýlady. ony çagyryp «Şereket mallarynyňam gyrkymyna kömek edäýseniz? diýsem, ol maňa: «Şura, biz-ä şereketiňe almadyň, indem malyňam, goý, şol apalap alan adamlaryň gyrkybersin, bölündiňizmi, başyňyzy çarajak boluň» diýýär.

Gepläp oturşyna mahal-mahal Ýagdy şuranyň göreçlerinde pisindi oturmazlyk bilen ýaňsy alamatlary çaýylyp gidýärdi. «Hüm-m» edip, çaý içenden bolup, ony diňläp oturan Orazgeldä eýýäm oba şuranyň haýsy depäni çaňytmakçy bolanlygy mälim bolupdy. Ol öz ýanyndan: «Öz işimizem ýetikdir öz-ä» diýäýsem, bu zaluwada ýene bir

amaty gelende, bize hyýanat etmäge bahana bolar. «Şu adamyň sowet jemgyýetine bolan garaýşy gowy däl» diýip, bir zat tapsa, tapar otyr-da» diýip oýlandy.

Ýagdy gep saluwynda: «Onuňam maňa möhümi düşmän durmaz, menem şonda olaryň özi ýaly bolaryn, haklaşaryn» diýen ýaly öjügiji äheň bardy. Orazgeldi içinden: «Berdi Ak-a saňa diýäýmelisini diýen eken» diýip pikir etse-de, gürlände şuranyň barha talaplanýanlygyny, barha wezipä eýemsireýändigini öz ýanyndan bellemek bilen, oňa ugurdaş gopdy. Onuň ýanyndan öz işlerini gutardyklary gelip, şereketiň hem mallaryny gyrkyşmaga kömek bermäge boýun bolup gaýtdy.

Bu habaryň oba howlugyşyp oturan ýoldaşlaryna ýaramajagyny ýatlap lapykeç boldy. Keýpsiz atlandy. Ol atynyň jylawyny çekibräk ony Ýagdynyň öý gurup oturan depesinden aşaky jülgä tarap indirip barýarka, ýaňky öz gelmegi bilen tebil alyp, ýabantowuk ýaly al-ýaşyl bolup, pasyrdap göterilip giden Hanuma gelniň ýezgenli goňras meýdanyň içi bilen iki-ýeke basyp, öz maýdalyna gezelenç edip ýören ýaly bolup, yzyna dolanyp gelýänini gördi. Töwerek bolsa ýakymly ýezgen ysy bilen dem alýardy. Dik depä göterilen Gün sähel ileri agyp, günüň ikinji ýarymynyň pursat-möhleti başlanypdy. Çöl ähli zada göwnübirlik bilen seredip ýatan giňişlige, many-mazmuna öwrülipdi. Has erbedi-de, häzir onda bir pursadam bolsa ýüzi ýelpejek sergin şemalyň hem ýoklugydy.

* * *

Kymyş duzçy gyrkyma giden oglanlaryna garaşyp, indi telim günden bäri aladalanyp ýol gözleýärdi. Onuň hasabyna görä, oglanlarynyň gaýdyp gelmeli wagty bireýýäm bolupdy. Olaryň Ýagdynyň ara goşulyp, öz çekenelerinden başga-da

kolhozyň hem mallarynyň gyrkymyna kömek bermeli bolup, ýene bir alada çörňeşenlerinden bolsa goja habarsyzdy. «Gideniň habaram özi bilen» diýleni bolupdy.

Eýýäm garaşylan orak möwsümi ýetip gelipdi. Meýdanlarda dok başlaryny çaň-gylçyga dolan, Gün çoguna çolanyp, meýmiräp-bişip oturan bugdaýly meýdanlar öz barlyklary bilen göwün galkyndyryşyp otyrdylar. Kesek üstüne çykan nany indi haýal etmänem ýygnamak gerekdi. Ýetişen bugdaý hem ýetişen gyz ýaly uzak saklanylmagy gowy görülmeýän zat. Gyz uzak saklananda diliň ýetiberşi ýaly, ýetişen hasylyňam, mal-garadan goraýanyňda hem syçan-alaka, garynjadyr guş-gumry diýen ýaly el-hal diýşip, bir ýerlerden peýda bolýan ozaldan algydarlary ýetik.

Kymyş duzçy indi bu günler günde-günaşa diýen ýaly meýdana gidip, jandurmazlyk edip, bugdaýyna aýlanyp gaýdýardy. Düýn bolsa Sary düýeji döwletli adam hökmünde yrym edip, ony çagyryp, oňa öz bugdaýyna orak saldyrypdy. «Türkmeni göçürjek bolsaň, gapdalyndan göç geçir» diýilmänmi näme? Şonda Kymyş duzçy hem: «Oglanlar geläýen bolanlygynda, menem häzir şeýdip bugdaýyma orak salaýsam bolmaýarmy?!» diýip oýlanypdy. Soňundanam ýene, hamala, öz göwnüne basalyk berýäne meňzäp, «Çaman ördek ir uçar edip», judabir howlugybermegiň hem hökman däldigi barada, entek iliňem agramly böleginiň bu işe girişmänligini ýatlapdy. Galyberse-de, entek kolhozam öz bugdaýyna orak salmandy. Nurjuma başlyk Ýagdy şuranyň çölden gyrkymy gutaryp, gaýdyp gelerine garaşýardy.

Kymyş duzçy bu günem irden: «Heý, oglanlar şu gün dagy bir ýerden gara beräýmezmikäler?» diýen tama bilen oýandy. Daş çykyp, täretini alyp gelensoň, namazyna eglip galdy, namazdan soňam namazlygyň üstünden galman, ýene-de öý-ojagy, dogan-garyndaşlary, il-güni bilen bagly namazyň soňundan, özüniň Taňryň huzuryna baranlygyna ynanyp dileýän

gowy dileglerini diläp samyrdap oturdy. Goja ýaňy namaza eglip-galyp otursyna çendan bir, ojak başynda ol ýerdäki ýitip barýan öçügişen közüň üstüne ýalazy odun atyp, üfläp, ýüzüne ajy tüsse urduryp, ody tutaşdyrmak üçin dert-azar bolup oturan aýalyna tarap küýli göz aýlap goýberýärdi. Jemal mama ol ýerde, ýaňyrak uly gelniniň sygyr sagyp, gapydan eglip salam berip uzadyp giden süýdüni gazana guýup, indem şony çagalar örlemänkä bişirimegiň aladasy bilen otyrdy. Içerini bir pursatlyk ajy tüsse gaplap alan mahaly, düşekde mysylaşyp süýji ukuda ýatan çagalary demigişip, halamazlyk bilen seňriklerini ýygryşyp, gozganjyraşyp oýanarly görünseler-de, ot alawlap, tüsse tüýnüge tarap göterilensoň, janlary aram tapyşyp, ýene-de tamşanyşyp uklaşyp galdylar. Jemal mamanyň, hamala, ojakdan göterilýän tüsse sapajyklaryna çolaşan ýaly, indem şol çolaşyklykdan özüni boşatmaga dyrjaşýana meňzäp oturşy Kymyş duzçynyň göhüni getirdi. Onuň aýalyna bir zat diýip, çetine degesi geldi. Bir oýnuň boljagyny mälim edip, ol göz astyndan gülümsiräp seretdi. Ol aýalynynyň ogullarynyň ýoluny gözläp, endigine görä olara söýünçli käýinip: «Bu itogullary, nä, gelibermedi? Ol ýerde garakçy-gaçakçy diýen ýaly bir bela duşmadygam bolsalar, ne ýagşy, Alla jan, özüň sowawer» diýip, olaryň geler ýoluna jüp çörek aýdyp garaşýanyny bilýärdi. Kymyş duzçy öz aýalynyň aladaçyl janköýer häsiýetine beletdi. Oglanlaryny wagtynda gelmediler diýip, alada edýänini bilýärdi. Asyl, bilmez ýaly hem däldi. Ol, dümew degen ýaly, düýnden bäri biraz sülleripdem. Ýurt gaçarmana-çaparmana öwrülipdi. Her gün eşidýäniňem bir-birinden şum habarlar. Onsoň ene ýüregine rahatlyk barmy? Onda-da häzirki oglanlary bilen bagly gürrüňiniň oňa göwünlik beren ýaly boljagyny aňýardy. Enäniň göwün-hasratam dabana çalnan gamçy awusy ýaly, maşgala süňňüne ornaşýar. Erkek adamlar dünýäni göz-gulak bilen kabul etse, ene ony ýürek bilen kabul edermiş. Şonuň

üçinem ene ruhy, agyr ýoň geçiren ýaly, ruhy urgyny juda kyn geçirermiş. Kymyş duzçy häzir aýalyna bu ýoňdan birazam bolsa aýňalmak üçin mümkinçilik bermelidigini pikir edýärdi. Ol häzir ýeňlär ýaly özüne ýa-da başga birine käýinip, aýallarça küpürsäp otursa alsa kem däldi. Bu onuň az wagtlygam bolsa özüni horlaýan, başyndan gitmeýän pikirleri unutdygy, aladasyny egisdigi boljakdy. Hemem ol her gezek ýerine düşürip, kempiri bilen degşende, onsoň peltesine ot degen mamanyň öňküsinden has dogumlanan ýaly bolýanlygyny görýärdi.

— Heleý diýýän-ä, onsoňam seniň şu oglanlaryňam bar-a...

— Goýaweri, meniň ogullarymyň ogul dagy kemi ýokdur — diýip, adamsynyň näme hyýala münenini bada-bat aňan Jemal mama hem ondan kem oturmady.

— Heý, şunça-da bir eglenmek bolarmy? Nan bolsa bu ýerde çalam-çaş bolup, ýere siňip ýatyr.

— Goýun gyrkmak saňa ap-aňsat zatdyr-a. Sen-ä gapyňdaky ikije goýnam hyklap-çoklap, bir günde zordan gyrkdyň.

— Olar-how, meniň ýaly segseni sermelän akýalmydyr näme!? Men-ä...

— Wah-eý, ýigit wagtyňam görüpdik-le seň...

Jemal mama muny, çogup ugran süýdüň gaýnagyndaky ody atyşgir bilen ýüzüni kese tutup, ojagyň agzyna çekip aýtdy. Kymyş duzçy aýalynyň: «Wah-eý, ýaş wagytyňam görüpdik-le seň» diýmek bilen haýsy depäni çaňydýanlygyna beletdi. Ol geçmişde bolan bir pursat bilen baglydy.

Ony şol gezek Jemal mamanyň agasy Jumanazar baý bugdaýyny ordurmak üçin özüne talaban tutunypdy. Ol bolsa garnyny doýransoň, meýdanda özüniň ýekeräkliginden peýdalanyp, donuna dolanyp, telpegini ýassyk edinip urupdy ukyny. Bir oýansa, gün garrap, eýýäm gij öýlän bolupdyr. Onuň ormaly bugdaýyny bolsa Jumanazar baýyň özi beýleräkde orup, desseläp ýören ekeni. Şonda Jumanazar baý

oňa: «Ýigit, sen-ä tüýs harmana garawul goýaýmaly adam ekeniň» diýip degip gülüpdir.

Şu pursadyň ýatlanmagy bilen ýene-de bir gezek ol waka gaýtalanan ýaly boldy. Elbetde, ondan bäri wagt az geçmändi. Bugdaýam orlupdy, harmanam atylypdy. Kymyş Jemala öýlenip, şol öýüň giýewsi hem bolupdy. Ýöne adamyň sep berip, osal galan ýeri aňsat ýatdan çykmaýan bolarly. Şonda-da bu ýagdaý: «Kymyşyň orak orşy ýaly» diýlip, heniz-henizlerem ýatlanylýardy. Şol gezek Kymyş Jumanazar baýyňkyda bugdaý oragyndan, tä onuň gawun-garpyzynyň eňňeresini kümesine çekýänçä, telim aýlap talabançylyk edipdi. Baýyň ýigrimi sekiz ýaşly ýetişip-daşyp oturan jigisi Jemal bilen häli-şindi duşuşmaga-da, bir-birege hyrydar-hyrydar seredişmäge-de mümkinçilik bolupdy. Bir ýola ol çola ýerde gyzyň golundan tutup, oňa öz hyrydarlygyny hem mälim edipdi. Özi bilen şol bir yşk oduna tutaşyp ýören Jemal şol gezek Kymyşa sähelçe igenipdi: «Meni gözüň bilen iýäýjek bolýaň, iber, gowusy, hossarlaryňy gudaçylyga. Biziňkiler seni erbet görmeýärler. Ejem-ä: «Aňyrlary asyl ýerlerdirem» diýýär. Seretmän oňmajak bolsaň, geçir ymyklap aňryňa, onsoň näçe seretseň seret-de otur!» diýipdi. Şu höwesden bir aý-kyrk gün soň olaryň durmuş toýy bolupdy...

Ýeserlige salnyp, ikitaraplaýyn edilýän gürrüň gyzyşyp ugrady. Biraz çetiňe degýänem bolsa, adaty bir zat däl-de, bahana bilenem bolsa, onsuzam indi telim bir ýyllardan bäri, mahal-mahal ýada düşüp, göwni göterip, begendirip duran gowy pursat ýatlanylýardy.

Bärden gaýdan ýeri tama salnyp ýaňsa alnansoň, ary gidip barýan çaga ýaly, gojanyň hem kempirinden pes oturasy gelmedi. Sakgalyny sypalap, aýalyna göz astyndan syn salyp tomaşa edip oturşyna, öz diýäýsem diýip häzirlän gepiniňem täsiriniň hiçneneňsi bolmajaklygyny ýatlap, ol birhowa «mys» edip ýylgyrybam goýberdi.

— Nesip bolsa, şu ýylyň hasylyny ýygnasak, seniňem aladaňy etmekçidirin özüm, heleý! — diýdi.

Jemal mama öz çalynyň bir zat diýip degişjegini aňsa-da, ol gepi ýeňseden aýlansoň, birbada onuň iniş-düşüşine aň aýlap ýetişmedi.

— Ýeri, meniň çagalarymdan gaýry, aslynda, näme aladam bolup bilermiş?

— Barybir iş-aladaňa ýetişip bilmän, hemişe başagaý bolup ýörsüň, saňa kömek bolaýar ýaly ýene-de bir gyrnajyk alaýsam diýýän.

Jemal mama ýeňse tarapdan aýlanyp gelen habary eşidip, ilkibir aljyran ýaly görnenem bolsa, ýöne onuňam tiz özüni ele alandygy belli boldy.

— Wah-eý, munuň-a ýene-de köne keseli gozgap ýör öýdýän? — diýip, ýaňsyly odugyp gepledi.

Gep bilen aýalyny göçürenine mes bolan Kymyş duzçy, hamala ondan gep alyp galmaýyn diýýän ýaly urdulyp, ýene-de gürrüňi böltedi:

— Iki bolsaňyz gowy bolar, heleý, biriňiz-ä hamyr ýugrarsyňyz, beýlekiňizem kir-kiljige güýmenişip, agtyklary güýmäp ýöreniňizde näme?! Hä, onsoňam, iki güni bolup, bolarsyňyz bir jora...

— Hümm... Hany, sen alyp bir gör! Nähili boljagyny, ana, şonda görersiň! Indi gara ýerleri alarsyň sen. Hany, «Saňa barjak!» diýip, dyzap duran barmyşmy onsoň!? Alýan bolsaň, şu çaka çenli näme işlediň? Wah-eý, ýeke heleý-de kyrk ýaşyňda ýüzüňe dammanmydy seniň! Häzir dagy bir öýlen sen, iki mallynyň birini alyp, özüne engam edinýän şura häkimiýeti gözüňde ot ýakmaýamy seniň?! Tapdyň öýlenjek wagtyňy, aňkasy aşan köpek! — diýip, garry damarlarynyň tow alýanlygyny mälim edip, barha batly gepledi: — «Sen iki heleý alsam gowulyk bolar» diýip, göwnüňi özüň aldaber. Her kim saňa ýetmeziňi örtüp, ýagşyňy ýaýyp oturan Jemal

däldir...

Jemal mamadyr Kymyş baba är-heleýlerçe bir-birlerine düşünişmek bilen degşip oturyşlaryna indi olaryň ikisininiňem kalbynda oglanlarynyň dolanyp gelmegi bilen bagly ýakymly pikirler bardy.

Süýt bişen dessine Jemal mama bir okara süýt guýdy-da, ony saçakdaky bölek-büçek nanlary süýde basyp, ýumşadyp iýmegi niýet edinip öňüne üýşürip oturan adamsyna uzatdy:

— Al, gyzgynjaklygy bilen iç, içiňe bir ýyly ýöresin. Nesip bolsa, oglanlaram şu günüň bir ýerinde gara beräýseler gerek. Agşam düýşümde uzakly gije ak ýüňe bulaşyp çykdym.

Atadyr enesiniň gyzgalaňly hümürdisine ilki Ogulbike oýandy. Içeri alagaraňkydy. Akjagül, Aganazar, Allanazar dagy henizem dünýäden bihabar süýji ukuda ýatyrdylar. Ukudan açylyşyp, gözüni owkalap, gerinjiräp, düşekden ir turanyny birinden görýän ýaly, torsarylybrak oturşyna Ogulbikäniň kellesine tebigatyna mahsus garagol pikir geldi. Ol ukuda ýatan basdaşlary Aganazardyr Allanazara seredip, olary bimaza edip bolsa hezil boljagyny oýlandy. Ýeserlik bilen ýylgyryp, ilki töweregine seretdi-de, örülen saçlarynyň birini alyp, onuň ujuny gapdalyna togarlanyp ýatanyň ýaňagynyň eteginde gezdirdi. Aganazar halamazlyk bilen üýşenip, ýüzüni çytdy. Soňam özüniň ýatmaga goýulmagyny isläp, beýleligine öwrüldi. Onuň öz ýüzünden siňek dabyrap geçenligini pikir edenligi belli boldy. Garagollugynyň ýerine düşenligini gören Ogulbike böwregini bökdürip hezil tapdy. Soňra hasam heserlendi. Ogulbike iki jigisi bilenem basdaşdy, olar bilen häli-şindi degşip, ýakalaşyp alardy. Onuňam oglanlardan kem oturasy gelmezdi. Ogulbike soňra Aganazaryň üstünden gernip, göwresini geçirip, Allanazara golaýlaşdy. Onuňam temegine saçynyň ujuny degrip, bimaza edip aldy. Gyz görmese-de, Kymyş duzçy naharlanyp oturşyna agtygynyň edýän bimazalygyny gözastyndan görüp: «Haý, geçi,

garagollugyňa sen ýene-de başladyň-ow, eneň kesewisini dadaýmasaň ýagşydyr...» diýip, içini gepledip otyrdy. Ol häzir: «Goý, bimazalygyňy, oglanlar ukyny alsynlar» diýäýse, ýeňsesinde tomaşa gidýänini bilip, Jemal mamanyň oňa käýinjegini bilýärdi. Atasy bilen nazary kaklyşan mahaly Ogulbike uýatly ýylgyrdy-da, onuň bilen mamasynyň arkasyndan görmedik bolmagy üm bilen düşünişdi. Ikinji gezek gyjyklaýjy saçlaryň ujy burnuna giren wagty, bu ýakymsyz dymyrdynyň haýsydyr bir möjekdir ýa siňek däldigini aňanlygy belli boldy. Allanazar garaşylmadyk ýagdaýda ýalpa gözlerini açdy. Ýöne, barybir, birbada uky arasynda näme üçin Ogulbikäniň öz üstüne abanyp duranyna düşünmedi. Onýança eden işinden göwni hoş gyz pyňkyrdy-da agzyny tutup: «Nädäýdimkäm, hakyňdan çykaýmadymmykam?» diýýäne meňzäp, beýlesine öwrüldi. Allanazar munuň başga bir zadyň däl-de, Ogulbikäniň oýnudygyna düşündi.

— Geçi, näme edýäň? — diýip, ol hasanaklap turup, onuň üstüne topuldy. Ogulbikäniň güýji ondan artykdy, ol Allanazary dessine ýumalap, aşagyna aldy. Allanazar ýatan ýerinden Aganazary kömege çagyryp gygyrdy:

— Akgy, çek geçiň saçyndan, çek!

Ogulbike öň bularyň ikisinem bilelikde ýeňip bilýärdi. Ýöne biraz wagty geçip, oglanlaryň hem ulalýanlygy üçin, ýagdaý üýtgäpdi. Indi olar ikileseler Ogulbikä hezil bermeýärdiler.

Jemal mama ýeňsesinde peýda bolan gopgundan habar almak üçin gaňrylan wagty, dostuna kömege ýetişen Aganazar Ogulbikäniň saçyndan penjeläp, ony Allanazaryň üstünden aýyrmak üçin gaýşardyp, başyny ýeňsä çekip durdy.

Jemal mama agtyklarynyň ýene-de öz aralarynda hytdamytda girenlerini, Ogulbikäniň saçyndan çekilýänini görüp, oturan ýerinden elindäki kesewisi bilen tarpyldadyp, ýer saýyp käýindi:

— Hany, bes ediň, deýýusyň çagalary, ýogsam, häzir,

ýerimden tursam, ikiňem kesewi bilen geçýän daşyňa!

Ýakalaşygyň soňky pursadyny görensoň, mamanyň Aganazardyr Allanazary günäkär hasap edenligi belli boldy. Jemal mama hemişe-de şeýle bolanda, asgyn bolan agtygynyň tarapyny tutardy.

— Mama, ýaňyja onuň özi ilki başlady — diýip, Ogulbikäniň ýakasyndan tutup, dostunyň kömegi bilen turup gelýän Allanazar oňa bu gezekki dawada özleriniň günäkär däldiklerini düşündirmekçi boldy.

Jemal mamanyň agtygynyň aýdanyna däl-de, häzirki pursatdaky gözüniň görenine ynananlygy belli boldy. Ol:

— Daň bilen siziň beýdip, bölüşip bilmeýän zadyňyz näme? Asyl, şu iki oglan meniň gyzym bilen kelle gözüni iýen ýaly-da...

Ene Ogulbikäniň gudumanjalygy öz çagalygyny ýatladýandygy üçin, ony öz gyzym diýip, ersdirip gowy görerdi.

Gapdalda ýatan Akjagül turup, jigilerini aralady. Beletlik bilen Ogulbikä käýinip, bir eli bilen:

— Bar, süsdüril! — diýip, onuň arkasyndan itip goýberdi. Soňundanam bir ýerden ylgap gelen ýaly daljygyp, haş-haş edip oturan Ogulbikä käýindi:

— Mama, ogullaryňa käýinip oturma, seniň geçiň özi olara bir zat edip degendir!

Enesi tarapyndan arkasy alnan Ogulbike jigilerine çiňňerilip seredip, ýykylan göreşden doýmaz edip, henizem has-has edip samyrdaýardy:

— Ikiläýdiňiz, geliň ýeke-ýekeden, ýere pylçap uraýyn, onsoňam saçdan çekmesi ýok...

Häzir Aganazardyr Allanazar Ogulbikeden üstün çykanlaryna monça bolşup, goýun güjükleri ýaly hekgerişip, ýalmanyşyp, birgowy bolşup oturdylar.

Ogulbike şol barmana, bu gümürtikligiň babasynyň nazaryndan sypmadygyny ýatlap, çözlenen saçlaryny örüp oturşyna

oňa tarap uýatly seredip goýberdi.

Atasynyň özüne seredip, myssa gülýänini gördi. Onuň: «Haý, gyzym, sen bu gezegem eneň käýinjinden ardurja sypdyň» diýýänine düşündi. Goja soňra agtygynyň garagollugyna guwançly ýylgyryp, oňa tarap mähirli baş atyp goýberýärdi. Ataly-gyz bir-birlerine sessiz düşünişip ýylgyrjaklaşdylar.

— Baryň, ýakalaşyp keýpden çykan bolsaňyz, indi elýüzüňizi ýuwup geliň-de, saçak başyna, ataňyzyň ýanyna geçip, süýdüňizi içiň! — diýip, Jemal mama olary mähirli abaý-syýasat bilen daşaryk kowdy.

Garaşylan gyrkymçylar, garaşylan günlerde gelmän, şol günden dört günden soň, ýatar wagtyň öňüsyrasynda gaýdyp geldiler. Itler adamlaryň oba girenlerini mälim edişip, dürli ýerlerde gijäni sarsdyryşyp üýrüşdiler. Öýüň gapdalyny ýassanyp ýatan Alaja ýatan ýerinden başyny göterip bir: «Wowf» etdi-de, soňundanam itleriň üýrüşmesine goşulmak üçin, näme üçin üýrmelidigini anyklajak bolýan ýaly seňkildäp, ýol tarapa gitdi. Atyna taýlap telim halta ýüňi ýüklän Orazgylyç öňden, eşegini mas ýüklän Orazgeldi bolsa onuň yz ýanyndan tirkeşip diýen ýaly geldiler.

Olar gelende uzakly gün oýun baryny oýnap, halys liň duran Allanazardyr Aganazar bireýýäm uklaşyp galypdylar. Enelerine nahar iýlen çemçe-çanaklary ýuwmaga kömek eden Akjagüldür Ogulbike hem düşeklerini düşeşip pallaşyp, ýatma hyýal bolşup otyrdylar. Kymyş duzçy at aýagynyň sesi ýoldan öýüne sowlan badyna oglanlarynyň gelenligini bildi, ekezlenip diňşirgendi we egnine ýelbegeý atynyp oturan çäkmeniniň ýeňlerine elini sokup, daşaryk çykarman bolup oturşyna eýýäm ojakdaky közüň ýylysyna meýmiräp, onuň gapdalynda ymyzganyp ýatan aýalyna ýüzlendi:

— Heleý, oglanlaryň-a geldi öýdýän!

Hoş habara begenen Jemal mama oglanlarynyň gelenini

öz gözi bilen tizräk görmek üçin adamsynyň yzysüre elewräp daş çykdy. Orazgylyç eýýäm öýüň öňünde gelip, kakasy bilen saglyk-amanlyk soraşyp, ýük bilen atynyň garnynyň aşagyndan aýlap daňan ýüpüniň düwünlerini çözüşdirip durdy. Jemal mama:

— Sag-aman geldiňmi, balam! — diýip, jandurmazluk edip, soňam onuň çözüp duran ýüplerine tarap ellerini uzadyberdi.

— Salawmaleýkim! — diýip, Orazgylyç salam berensoň, ejesiniň boluberşini halaman, ýeňsesini tüňňerdip çytyldy:

— Ene, goşulmasana sen!

— Men kömek edona...

— Ýok, kömek etme sen! — diýip, Orazgylyç çytylyp, närazylygyny duýdurdy.

Orazgylyç argyndy. Onuň geýiminden goç-guzynyň ajymtyk ysy kükeýärdi. Onýança ýükli eşegi öňüne salyp gelýän Orazgeldi hem göründi. Ýükem şeýlebir ýüklenipdir welip, ony göterip gelýän eşek-de görünmän, leňňer alyp, baýryň bir mähnet bölegi gijäniň goýry gara geýmine çolanyp, togarlanyp gelýän ýaly bolup görünýär.

Ol ejesidir kakasynyň Orazgylyjyň daşynda bazardan kakalary gelen oglanjyklar ýaly bolşup begenişip, elewreşip duranlaryny görüp, olaryň garradyklaryça çaga öwrülip barýandyklaryny ýatlap haýpy geldi.

Gyrkymçylyr ýüklerini düşürip, ýuwnup-ardynansoňlar ata-eneleriniň öýüne naharlanmaga geldiler. Dünýäden bihabar ýatan çagalara tarap mahal-mahal göz aýlaşyp, ejeleriniň ojagyň golaýynda ýazan saçagynyň başynda oturyp, ondan-mundan mesawy gürrüň edişip naharlandylar. Gezek çaýa ýetende, Jemal mama öz öýlerinde oýa ýatan gelinleriniň häzir ýarlarynyň gelerine garaşýandyklaryny ýatlansoň, oglanlarynyň çaý-paýa güýmenip, öz ýanlarynda oturmaklaryny islemedi. Uzak gürrüňe goýman, olary ugratmak bilen boldy:

— Baryň, indi bolsa gidiň ketekli-keteginize. Arzyly ýeriňize baryp ýatyň!

Orazgeldi bilen Orazgylyç ejeleriniň dogry gelen gepinden soň turşup, öýli-öýüne gitdiler.

Kymyş duzçynyň oglanlaryny görüp, göwni giňedi. Oglanlary gelmänkä, ol olar gelen dessine bugdaý oragynyňam indi wagty gelendigini aýdyp, ertiriň özünde oraga başlamagy göwne düwüp otyrdy. Ýöne indi olaryň telim gün meýdanda bolup, aryp-ýadap gelenlerini görensoň dözmedi, gaýta, çagalarynyň arasynda bolup, birki gün ýatyp-turup, dynç almaklaryny isledi. Iş bitirip gelen adamlaryň arzy-da başgaça bolýar. Has-da enedir atаň ýanynda.

* * *

Gyrkymdan gaýdyp gelen günleriniň ertesi Ahmet agasydyr ýeňnesiniň dözmezlik bilen özüne: «Dem-dynjyňy almalydyňda, soň bir gün gidersiň, ýüň ýüňdür-dä, durup zaýalanjak, porsajak aladasy ýok» diýenlerine seretmän, barybir, ony haçanam bolsa ýene-de özüm gidip getirmeli bolaryn diýen pikir bilen ara bir iş düşäýmänkä galan ýüňi ýylysy bilen getirmäge çöle gitdi. Ol daýysynyň ýükçi düýesini hem sorap alansoň, ony eşeginiň yzyna tirkedi. Gullar çopanyň baýry gelnejesi ol eşegini münüp, ýola atlanyp durka saljaýyp gepläp, aňyrdan oňa ugratmaly iýer-içeri, geýim-gejimi bir ala horjuna salyp getirdi. Soňam:

— Aý, oglan, ol Gullar dostuňa aýt, gurbanlyk-beýleki diýip garaşyp ýörmesin-de, öňündäki mallaryň abadraklarynyň birini ýarymyny möjek aldy edip iberip goýbersin senden. Gelnem gapa del ulagyň aýak sesi golaýlaşsa şolmuka diýip, böwregini bökdürip tamaly otyr, «Öýüňe-de bir aýlanyp git» diý oňa! -diýdi.

Bir gije Gullar çopanyň ýanynda bolup, ýygnamaly ýüňlerini ýygnap, ganar-çuwallara dykyşdyryp, ertir ak öýlänler yzyna

dolanyp gelmegi niýet edinyň Ahmet şol günüň özünde giç öýlänler Gullar çopanyň goşuna aşyp, oňa öýleriniň iberen zatlaryny, sargytlaryny gowşuransoň, niýet edişi ýaly bir gije şol ýerde bolup, ertesi ýüküni düýesidir eşegine urup, ýenede oba tarap ýola düşdi. Ol Gullar çopanyň goşundan gaýdýan çopan ýodany alyp gelşine, Gün çäş galyberende oba eltýän uly ýola gelip ýetdi. Töwerekde ertiriň seleň-serginligini başdan geçirip oturan çölüň ak buludy, hamala, haýsydyr bir göze görünmeýän sapajyk bilen çekilýän ýaly asmandan süýşüp, gaýyp barýardy. Ýyl gowy gelipdi, gerek wagty garly doňam bolupdy, ýagynynam ýetiripdi. Töwerek sary samana basyrynyp köl bolup, gol dolduryp ýatyrdy. Baýyr kemerleriniň bilinde bitip, mazamlanyp ösüp oturan, ýaşyl don bürenen ýandaklar häzir şol basgançaklar bilen pytraşyp, ýokary göterilip barýan başy ýaşyl kürteli gelinlere meňzeýärdi.

Bu ýerler il içinde Pendi çöli ady bilen tanalýan hem bolsa ol, esasanam, öz daga berimsiz belent başly baýyrlary, baýyrlaryň arasy bilen menzilme-menzil uzalyp, giňelip-daralyp gidýän jülgeleri bilen bellidi. Özüniň bol ot-çöpi, ýabany janly-jandarlary bilen meşhur Badhyz Pendi çölüniň günbatar, demirgazyk, günorta taraplaryny tutup otyrsa. Onuň içindäki baýyr ulgamlarynyň bir tarapy Sarahs, Eýran tarapyna uzalsa, ýeneki bir ýany gündogar-günorta uzap, Owgan topragyna gatylyp gidýärdi. Könelere: «Ekiniňi Maryda ek, malyňy Pendi-de bak» diýdiren hem şu ýerlerdi. Birki asyr mundan ozal şu topragyň üstünden öten keseki ýurt adamsy Lasser bolsa bu topragyň Taňry yhlasy düşen, bol ot-çöpli ýerdigini ýatlap, öz gündeligine: «Pendide goýunlar öz yzlaryna guzulary üçden-dörtden tirkäp gezýärler» diýip ýazypdy. Ine, häzir şol dürli döwürlerde tarypy ýeten Pendi çölüniň öz ýaz nobatyny alkymlap gelen tomus paslyna sanyp oturşydy.

Ahmediň depesinden meýdana rysgalyny tirmäge barýan gargalaryň kiçiräk bir toplumy, ukuly ýaly, ganatlaryny ýaltalaç

galgadyşyp geçdiler. Gargalar oba tarapdan uçuşyp gelýärdiler. Ol gargalary görüp, olaryň adatça aladaň bilen örýändiklerini ýatlan mahaly bu gargalaryň ýatak bolup, ukudan oýanyp bilmän galan, indem oýanyp, özgeleriň gözlegine çykan ukuçyl gargalardygyny pikir etdi. Asman henizem ýaz gününiň ertirlerine meňzäp çaňjarybrak, haýsydyr bir ýagyn-saçyn bilen bagly hyýala münene meňzäp durdy. Günüň düýnöňňinki ýaly judabir yssy bolmaýjak gümany bardy. Gargalaryňam ahmalyny alan zadyň şu ýagdaý bolmagy hem ahmaldy.

Ahmediň üstüne dyňzap duran iki ýüňli çuwaly taýlap atyp, ýüküň üstünligi hökmünde özüniň münen eşegi, gumak ýol bilen, üstündäki ýüki duýmaýan ýaly dikgirdäp ýöreýärdi, onuň yz ýanyndan bolsa üstüne münder edilip ýük urlan düýe leňňer atyp gelýär. Ýol gyralarynda uzyn kökli çöl otlarynyň sübse baglaşyp, onda-munda ýaşyl öwsüp durany hem görünýär. Düýe şol gelşine, Ahmediň goluna salan owsar halkasyny dartyp, wagtal-wagtal şol otlara eglip, agyz urup gelýär.

Gapdalda bir baýyr depesi öz adaty däldigi bilen Ahmediň ünsüni çekdi. Ol baýyr otyrýeriniň töweregine ýazgynlyk berip, iki omzuny öňe uzadyp, bir sargylt-goňur bürenjegi başa bürenip, ojak başynda haýsydyr bir öz zenan aladalaryna berlip oturan aýala çalym berýärdi. Tizden bu ýol saga sowlup, şol zenanyň tegelenip oturan sagrysynyň gapdalyndan öwrüm edip geçäýjek ýaly kanagatlanma tapdy. Şu pursatda oňa ýöremek ýeňil hem hezil ýaly bolup duýuldy. Ýakymly pikirler, töweregiň ümsümligi oňa hüwdüleýji täsir etdi. Ýol ýene bir öňden çykan baýyr depesiniň gapdaly bilen aýlanyp, çepe dönen mapaly Ahmet uzakdan, öňden barýan bir atlyny gördi. Atly onuň pikir eden tanyş adamlarynyň biri däl-de, bir aýal adam bolup çykdy. Ol aňyrdan gelende, bir sebäp bilen ýere düşen aýal indem köýnegini çekişdirip, donunyň synyny

guşagyna gysdyryp, ykjamlanyp, ýene atyna atlanmakçy bolup durdy. Ahmet onuň al-ýaşyl bolup pasyrdap durşuny görüp: «Bu heleýiň ýeke özi çölde näme işläp ýörkä?» diýip, geň galyp oýlandy. Şol barmana-da ony tanansoň, agasy Orazgeldiniň gyrkym döwri Ýagdy şuranyň çakylygyna gidip gelensoň onuň: «Ýagdy-na bolmajysy bolýar-ow... Haý, sowediň beren begligini sürmek muňa başartmasa gerek, eýýäm tumşugy, göklän kürräňki ýaly, hol asmanda. Özem zaluwadyň kolhoz malynyň gyrkylýan ýeriniň ses ýetimliginde baýryň depesinde ak öý dikdirip, Hanuma diýen aýal bilen şol ýerde aýşy-eşretde ýaşaýan eken» diýeni ýadyna düşdi. Ýagdy şura üç-dört günlükde raýon ýygnagyna çagyrylyp, gyrkymy gutarman gidipdi. Alnan hasylyň yzyny jemlemek, onuň soňky aladalaryny etmek üçin ol ýene-de tiz yzyna dolanmakçydy. Şonuň üçinem hemişe ýanyndan aýrasy gelmeýän Hanumasyna: «Sen bu ýerdäki işleriň gidişine seredersiň, menem ýygnagy sowdugym gaýdyp gelerin!» diýip, atlanyp gidipdi. Ol raýon ýolbaşçylarynyň talaply tabşyryklary bilen eglenjeginden habarsyzdy. Baryp bilmejegini bilensoň ol düýn:

— Hanuma aýdyň, men baryp biljek däl, atlansyn-da özi gaýdybersin. Öý-goş bilen azary bolmasyn, ony oglanlar ýygnaram, getirerem — diýip habar edipdi.

Hanuma-da şondan soň atlanyp, ýola düşmek bilen bolupdy. Ahmet bu zatlardan habarsyzdy.

Aýal üzeňňä basyp, köýneginiň giň etegine ýel düşüribräk ata münensoň, özüne tarap ýetip gelýän Ahmedi tanajak bolup, at üstünde oturan ýerinden gyzyklanyp, bilesigeliji seretdi. Ahmet onuň gapdalyna deňleşen wagty ugra ötübermegi gelşiksiz görüp, sähelçe başyny göterip, sypaýyçylyk üçin aýala mylakat etdi:

— Gurgunmysyňyz!

— Şükür! — diýip, Hanuma, ýola höwes eden atynyň jylawyny çekip durşuna, açyk ýüz bilen onuň salamyny aldy.

Bir obada ýaşaýan-da bolsalar, Hanumadyr Ahmediň häzire çenli oňly tanyşlygy ýokdy. Hanuma ony diňe bir sapar, geçen güýzüň ahyrlaryna, ekip ýygnan pagtasynyň bir bölegini araba ýükläp getirip, hasap tutup, oba şuranyň umumy ammaryna tabşyryp durka ýakyndan görüpdi hem öz ýanyndan: «Öz-ä bir heleýhalar syratly ýigit ekeni!» diýip, göz astyndan synlap belläpdi.

— Näme, gyrkyp alan ýüňüňizi birbada äkidip bilmänmidiňiz? — diýip, Hanuma Ahmediň öň ýanyndan eşegiň tirkegi bolup, ýükden basyrynyp barýan düýä seredip sorady.

— Ulag ýagdaýymyz birhiliräk bolaýdy-da. Şonuň üçinem ýükümizi bölüp-büçmeli bolduk — diýip, Ahmet hem onuň gepsaluwyna görä ýüzüniň ugruna jogap berdi.

— Bähbit bolsun! Gyrkymy gutaran bolsaňyz bolýar, kolhoz-a ýekebaralaňam kömek berenine seretmezden, gyrkymyndan henizem oňly dynyp bilenok.

Hanumanyň gep halkalap, şeýlaýynsyrymasyndan onuň gürleşmäge höwesekdigi duýuldy.

— Seniň duşanyň bir gowy bolaýdy, oglan, ýogsam, meniň ýeke özüm şunça çolalygyň içi bilen içimi hümledip, ýekesiräp gitmeli bolardym.

Gelin geplände onuň gözleri syrly sözüniň baryp düşjek ýerini peýleýän ýaly, gürrüňdeşiniň töwereginde aýlap gepleýärdi. Ol şeýdip aýdylan gepiň erkek adamlara has täsirli hem ýakymly bolýanlygyna belet bora çemeli.

— Seniň, onsoň, adyň näme, oglan? — diýip, Hanuma atyny Ahmet bilen ýanaşyk sürüp barşyna süsüşäýjege meňzäp, oňa tarap seredip, ýeňsesini tüňňerdip, täsirli bolup, jytdaýlyp sorady.

— Ahmetdir meniň adym.

Şeýdip tutubermelidir diýen äheňde Ahmet oňa ýüzugra tanyşlyk berdi.

— Bir gezeg-ä meniňem seni görenim ýadymda.

— Haçan? — diýip, Ahmet gyzyklanyp, onuň ýüzüne seredip hem goýberdi.

— Sen geçen güýz oba şuraň ammaryna arabaňy mas ýükläp, pagta tabşyrmaga gelipdiň. Sapar daryzam şonda goldaşyp, ýüküňi düşürişipdi dälmi?

— Hawa-da.

— Ana, menem şonda töwerekde bardym.

Hanuma birzatlary ýatlap, sähelçe ýylgyryp, gözlerini süzübem goýberdi. Ahmet gelniň ýüzüne seretmezden, onuň gepsaluwyndan birhili öz-özünden gepleriniň alşyp barýanlygyny duýdy. Bu bolsa onda gelniň öz çak edişindenem has aňsatlyk bilen söhbede ylgyp goşulyşyp barýan ýaly özüneçekiji duýgyny döretdi. Bir gözüni aýlan mahaly ol gelniň hezil edip çaý içen ýaly maňlaýynyň ýylpyldap derlänini gördi. Dodaklary gunça bolup, sähelçe çyzylyp, açylyşyp, gyrmyzy reňk çaýylyp, hallanypdyr. Haýsydyr bir pikir onuň ýüreginiň urmasyny üýtgedip, ýaňaklarynyň gyzmagyna sebäp bolupdyr. Ara birsalymlyk dymşyklyk düşensoň bolsa, ol höwes bilen Ahmediň öňünde özüniň zenan mynasybetini güjeňläp, mazamlabam durana meňzedi.

Ahmet birbada täze tapynan ýoldaşy bilen häzirki ýagdaýda, onda-da ol aýal adam bolanlygy üçin özüni nähili alyp barjagyny bilmedi. Ýöne olam obada Ýagdy şuranyň ýanynda Hanuma gelniň peri-peýker bolup ýörenligini bilýärdi. Obanyň bu barada: «Bagty gelen Ýagdy şura, bir gelniň gowusyny tapypdyr-da, indem şonuň bilen hezil edip döwran sürüp ýör. Iliň-ä rysgaly baýguşunky ýaly, şeýle nagt bolaýýar» diýilýäninden habarlydy. Hatda şeýle agyzsuwardyjy magtamalardan soň onuň özem: «Hä, biziňem bir ele düşäýmezmikä şol näzenin» diýip, gaýybana Hanumanyň höwesinde hem bolupdy. Ýöne, ol özüniň howaýy pikiri beýle nagt bolar öýtmändi.

Ahmediň gürleşen bolup, başyny ýerden galdyrman, özüni ýygrarak tutup gidip barşyna haýsydyr bir ýolunda gabat

gelen çöp-çöňre büdräp, silkinip giden wagty Hanuma ýigit näçe syr bermediklige çalyşsa-da, onuňam ýürek urgusynyň bozulanlygy, ony özüniň zenan hesretine galtanlygyna düşünip, içini güldürip, syrly ýylgyrdy. Ahmet ýaňy ilki Hanuma duşup, salam-helik alşansoň, eşege urlan ýükiň oňa agyr gelýändigini görüp, ondan düşüpdi. Soňam ýüküň gapdaly bilen ýöräberipdi. Hanuma atyna artlaşdyryp almak üçin jylawy öwrüp, oňa has golaýlaşdy:

— Gel, oglan, ikimiz aty artlaşyp münäýeli, entek bäri-bärde seň Söýünalyň ýokdur! — diýip, oňa göwünjeň teklip etdi. Soňam özüniň sözüniň jogabyna hem garaşman, ýeňsä gobsunyp, atyň eýerinden onuň syrtyna göç etdi. Ahmede garaşyp, jylawy çekdi. Ahmet bu mürehede biraz geň galyp, öwrülip, Hanuma tarap sereden wagty ol at üstünde oturan zenanyň gözlerini balkyldadyp, özüne mähir bilen küýli seredýändigini gördi. Gözler kaklyşandan olar birek-birek bilen özara düşünişdiler. Ahmet ýalňyşmandy. Atymynda hyrs ýaly ýigidiň syçrap duranyny görüp, süňňi goram-gowşak bolan hyruçly gelne häzir ol gözleriň öňünde durmagam aňsat däldi. Ine, onýança-da kimdir biri onuň kalbyna höwes bolup dolan pikirini goldap, makullap, sähelçe arkasyndanam itip goýberen ýaly boldy. Ahmet haşylap dem aldy hem tutuş süňňüni Hanuma bilen bagly pikirleriň, kalbynyň enter-pelegini aýlap, özüne dolap barýanlygyny duýdy.

Ahmet şundan soň harsa möjegiň goýun gapyşy ýaly tizlik bilen Hanumany hyrs bolup, at üstünden kakyp diýen ýaly aldy-da, dyňzap duran höwes-häsiýete öwrüldi.

Ahmediň boýnuna gol salan gelin tolgunmasyny gizlemän, şol gujakda birýana gidip barşyna näzirgäp, onuň gulagynyň agzynda mähirli pyşyrdady:

— Meni nirä alyp barýaň, oglan?

— Söýmägä.

Yhlas-höwesi ýolunda gowşan Hanuma hem şundan soň özüniň niredeligini unutdy. Yhlasy gowşanlaryň ikisem şundan soň birsalym düňderilen asman gazanynyň aşagynda häzir diňe özleriniň bardygyna ynandylar. Töweregiň baýyrlary öz biten ýerlerinde çommalyşyp oturyşlaryna, beýle ýanlaryndaky depesi çowly baýryň güneý ýapysynda tüweleý bolup gopan söýgi harasadynyň boluberşini synlaşyp, içlerini hümledişip otyrdylar.

Ahmet mele gelniň zowky-sapasynda bolup, biraz öz hyjuw-höwesini egsensoň, dünýäniň çolalygyny alyp, meýdanda onuň bilen çaýlaşmakçy boldy. Ol: «Men häzir» diýdide, gyssagarada düýesidir eşegini galdyran ýerine gelip, olary oturan ýerleriniň ýeňsesine geçirip ýoldan sowansoň, şol ýerde hem olaryň ýüküni düşürdi. Hanumanyň ýüpüni süýräp, eýýäm garagörnüme giden atyny tutup getirip, ony hem öz ulaglarynyň golaýynda örkledi. Ahmet azykly horjunyny egnine atyp, gaýdyp gelende Hanuma henizem Ähmediň howlukmaç aşagyna atylan donunyň üstünde çiňarkan düşüp, asmana gözläp, köýnek örtügi ýokary çyzgalan bedenini akjardyp, boldumly butlaryny jaýjardyp, şol ýatan ýerinde ýere ýelmeşip galan ýaly bolup sarsman ýatyrdy. Onuň tegelenip duran näzik ýüzi sähelçe ört alyp gyzarypdyr. Asmany ýatladýan, gögüşden gelýän mawy gözler bolsa ony ojak başynda ýyla meýmiräp ýatan arzyly pişige meňzedipdir. Gelin bu ynsjynssyz çola meýdanda öz höwesiniň talaňa düşüşi barada oýlanyp, onuň bu göz-açyp ýumasy salymyň içinde nädip beýle bolanlygy barada pikir edýärdi. «Eý, Allam, orta ýolda beýle-de hezillik boljak ekeni! Bu Taňrynyň öz durumsyz-höwesek edip ýasan gyzyna eden gadyrydyr. Ýogsam, bu oýuňa-köýüňe gelen zatmy?» diýip, minnetdarlyk bilen pikir edýärdi.

Süňňi ýeňläp, bir mysgal bolan Ahmet öz ýany bilen göteren iýer-içerini getirip, horjuny bilen onuň öňünde goýansoň, hä diýmänem çaý gaýnadyp demledi. Gullar çopana soýduran

goýnuny ýatlap, soňam ondan şorawja şara edinmegiň ugruna çykdy. Hanuma Ahmediň gapdalynda oturşyna, onuň ýüzüne owadan gözlerini balkyldadyp seredip goýberýärdi, ol bakyşlar buýsançlydy. Onuň derçigen goýnundan ýakymlydan özüne çekiji goýry zenan ysy kükeýärdi. Kalby ýakymly duýgular bilen dolup duran, gyssagarada ýakasynyň bagjygy ýolnup çäklenen, saçlary çaşyp pezzeren gelin biraz çalam-çaşyrak görünýänem bolsa, onuň hyzmatynda durmak Ahmede ýakymlydy. Olar naharlanyp, çöli ýakymly kebap ysyna gark edişip, birek-birege mynasybetli seredişip bagtyýar oturdylar. Baýyr ganatlarynyň birine gonan bu gowulyk töweregiňem nazaryndan sypmady. Aşyk-magşuk bolşup bal günlerine batyp oturan Hanumadyr Ahmede gözi giden asmanyňam şu pursatda olaryň ýakymly gürrüňini eşitmek üçin, ornundan biraz aşak inen ýaly bolup, diňşirgenýänligi belli boldy. Ahmet soň-soňlaram bu gyş günlerinde käte bolaýýan ýaza berimsiz mylaýym pursadyň nädip beýle bolup bilýänine wagty bilen düşünip bilmedi.

Är-heleý bolup, çolada şöwür çekip oturmak şonda olaryň ikisi üçinem del hem-de lezzetli pursat boldy.

Oba gaýdyp gelensoň, Hanuma gelniň kalbynda Ahmet bilen bagly başgaça hasap başlandy...

* * *

Kymyşlar sähet belleşip, bugdaý oragyna hepdäniň çarşenbe güni irden başlamagyň maslahatyny etdiler. Ýöne oraga gidiljek gününiň öýläni gijäniň eteginden çykan ýaly bolup ýel öwsüp, soňundanam asmanda çaňjaryp duran, gara-goňursy bulut peýda bolup: «Be, ýagjag-ow bu zaluwat!» diýdirdi. Ol asla garaşylan ýagyn däldi, şonuň üçinem howanyň bolşy oba adamlaryny biraz böwrüni diňledip, darykdyryp aldy. Emma wagt-pursatdan hasap tutanyňda welin, howanyň beýle bolmagyna geň galara

zadam ýokdy. Yssy düşüp, oba oglanlary iliň öňi bolup ýaplarda suwa düşüp ugran-da bolsalar, entek maglumatly aýam gutarmandy, ýazam. Ýazyň ozallaram şeýdip, öz ömrüniň soňky günlerine käte-käte çillemesi bolup, dünýäniň üstüne bir sürünip, düwläp alaýmasy bolardy. Gijäniň bir mahaly daş çykan Kymyş duzçy bulutlaryň garaňky bilen goşulyşyp, asmany eýelänini görüp aladalandy.

Daýhan ekinleriniň nemden ganaryny isläp, hemişe Burkut babadan: «Ýagmyr ýagdyr, soltanym!» diýip, diläp ýörenem bolsa, häzirki pursatda onuň ýagaryndan ýagmazlygy has gowy görülýärdi. Hemişe-de şeýdip maglumatly ahyrlarynda, arpa-bugdaý bişip, oraga gelensoň ýagsa, hasylyň bir ýüzi syrylyp, onuň berekediniň gaçmagy ikuçsyzdy. Howanyň beýdip bulaşyp, gyňraýylyp durşy Kymyş duzça birbada bulutlar indi hä diýmän, oraga gelen hasyla talaň salyp ýaraýjak ýaly bolup hatarly göründi. Ol daşardan dolanyp gelensoň, munuň — ýaz ýagşynyň ýagaýanda hem uzaga çekmeýänligi barada pikir öwrüp: «Ýaz gününiň ýagşy — är-heleýiň urşy» diýilmänmi näme?» diýip, özüne göwünlik berýän äheňde umytly oýlanypdy. Onsoňam ol ýaňy öýe girip gelýärkä Alabaýyň bosaganyň gapdalynda garysyny ýassanyp, aladasyz, parahat ýatanyny görüpdi. Eger ýagyş ýagarman bolsa Alabaý ondan gaçyp, eýýäm, hemişeki edişi ýaly, töwerekdäki yklaw ýerleriň birine çekilmelidi. Pikir çörňeşigine çolaşan goja daşardan gelip ýerine geçensoňam, ýene-de wagty bilen uklap bilmedi. Onuň töwereginde kempiridir agtyklary serlişip, burunlaryny pyssyldadyşyp, süýji ukuda ýatyrdylar.

Ýaňy ymyzganan wagty hem ony Jemal mamanyň igenç-aladaly sesi oýardy:

— Sen entegem ýatjakmy şeýdip düňderilip? Namazyň o-da kaza bolup barýar!

— Entek ir dälmi? — diýip, ukyny alasy gelýän Kymyş duzçy ýatan ýerinden sorady.

— Ir däl. Ir näme işlesin? Oglanlaryň-a eýýäm atlanyp gitdiler iş üstüne. Ýeri, sen olar bilen oraga gitmejekmi?

Ýagyş ýagar öýdülip tüýnük ýapylansoň, öýüň içi dymykdy hem gap böwürde jynyň yşygy ýaly tüsseläbräk ýanyp duran pelteli ýagçyranyň ysy bardy.

Jemal mama öýüň täriminden asylan gap-gaç salynýan torba elini sokup, alaşakyrdy bolup, ol ýerden okaramy, çemçemi., nämedir bir zatlar alyşdyrýardy. Kymyş duzçy daşary çykan mahaly özüni alada goýan bulutlaryň asmandan syrylyp gidenini görüp, kanagatlanma bilen begendi. Asmanyň arassadygy ol ýerdäki batman galan Aý, hamala diýersiň baryp Pendi baýyrlarynyň haýsydyr biriniň başyna gonaýjak ýaly, asmandan typýan ýaly bolup, obany oýtarlap barýan eken.

Duşundan geçip barýarka ketekdäki towukdyr horazlaryň howsalaly gyk-baklaşyp, alabasga galyşlaryny eşidip, goja ketege ýene-de golaýda towuk alan ýat pişik düşdi öýdýän diýip, töweregine seredip, oňa alyp salaýar ýaly amatlyrak bir zat gözläp durka, aňyrdan börügini ýumurtgadan dolduryp darsyldap towuk ketekden çykyp gelýän Ogulbike göründi. Goja ony görüp, gudumanja agtygynyň hereketiniň bir ýanynyň garagollukdygyny ýatlap, guwançly ýylgyrdy:

— Näme, gyzym, goh turzup, ýumurtgalary ol ýerde towuklardan basyp aldyňmy? — diýip hoşamaýlyk etdi.

Atasynyň duşundan düňküldäp geçip barýan Ogulbike özüne edilen hoşamaýlyga monça bolup, gözlerini güldürip, tumşugyny taýzardyp, göwnihoş ýylgyrdy. Kymyş duzçy yzyna dolanyp gelende, eýýäm Jemal mamadyr onuň iki gyz agtygy ortada saçak ýazyp, onda ertirki iýlip-içiljek zatlary jemleşdiripdiler.

Oguljuma eli bäbekli gapydan salam berip girende, Akjagül atasynyň çaý içýän çäýnegini çaýyň demini bermek üçin ýene bir gat mata bilen basyryp durdy.

Kiçijigiň gelmegi öýde oturanlaryň hemmesiniň ýüzünde mähirli ýylgyrma döretdi. Ojagyň gapdalynda orakçylara niýetlenen iýer-içer ýaly zatlary horjuna salyp taýynlap oturan Amangül eltisiniň ýaş sylagyny ýatlap, ony görüp, ýerinden biraz göterilip, eglip salam berdi:

— Rahmanguly jan, sen eýýäm turduňmy? — diýip, oturan ýerinden çagajyga mylakat etdi. Ogulbike tarsa turup, jigisini ejesiniň elinden aldy-da, höwes bilen onuň süýt ysly ýaňajyklaryndan ogşaşdyrdy. Onuň jigisini eý görüp ediberşi Jemal mama ýaramady. Ol oturan ýerinden: «Haý, saçy kesilen, iýdiň-le balamy, heläk etme, hany, ber bärik ony!» diýip käýindi. Bäbejige höwes edip, oňa tarap ellerini uzatdy.

Saçagyň gapdalynda goşa ýassygy tirseklän Kymyş baba bu mahal özi üçin tazy basyrylan ýaly üsti basyrylan çäýnegi öňüne çekip, çaý içmäge oturypdy. Ol ýatan ýerinden mahal-mahal aýalyna: «Kar-karlap, ýene garga bolup ugradyňmy?» diýen manyda sessiz ýaňsylabrak seredip goýberýärdi. Ol soň kempiriň agtyklarydyr günuzyn öz beýleki zenan aladalaryna ulaşyp, agşama çenli halys ýadaýanlygyny, ony bagtly öý bikesiniň paýy hökmünde göwnüne hoşamaý pikirler çaýyp ýatlady.

Şol barmana unudyp gidip, soňra ony almak üçin täzeden yzyňa dolanyp gelip, iki işli bolmazlyk üçin, bugdaý oragyna derkarlygy bolan käbir ýatdan çykaýjak zatlar hem ýene bir gezek ýüzugra ýatlanyldy.

— Çarşaklaryň ikisinem—demir çarşagam, agaç çarşagam ýanyňyz bilen aldyňyzmy? Harman atmak üçin olaryň ikisem gerek bolar — diýip, Jemal mama bir barmagy bilen ýaňyrak öňüne alan agtygy Rahmangulynyň agzyna süýdüň gaýmagyny çalyp, ýalmandyryp oturşyna jandurmazlyk bile sorady.

— Aldyk. Ikisinem ýaňy araba atdym, galbirdir çuwal haltalaryň bolsa entek geregi ýok. Ýatymlyk gidemzog-a, gerek bolanda äkideris olaram. Entek bugdaýy ormaly,

üýşürmeli, döwmeli, bu zatlaryň zerurlygyna çenli etmeli iş kän — diýip, Kymyş duzçy aýalynyň, ýogsam, her äkidilmeli zady aýratynlykda hetjikläp sorajaklygyny ýatlap, onuň ähli sorajak zatlaryna birbada jogap bermäge çalyşdy.

Garrylaryň her günki öz öý-ojaklary, maşgala ýerli-ýerden edilýän tagallalar esasynda hiçneneňsi bolmadyk, ortahal görülýän gün-güzeran, olaryň öz ýanlaryndan munuň maşgala yhlasynyň miwesidigine ynanýandyklary üçin, toý ýaýradan maşgalanyň aladasy ýaly, bu öýüň aladasy hemişe uly görünýärdi.

Maşgalany naharlap göwnüne jaýlan Jemal mama ortadaky saçagy gyz agtyklaryna ýygnadyp daşaryk çykan mahaly agtyklary Allanazardyr Aganazaryň eşegini araba goşup, ýola taýynlanyp duran atalarynyň töwereginde kebelekleşip, oňa ony alyp berip, muny alyp berip kömekleşenden bolup ýörenlerini görüp, olaryňam bir hyýala münendiklerini görüp aladalandy:

— Aýu, siz nirä?

— Bizem atam bilen gitjek. Akgam daga kömek berjek — diýşip, oglanlar ýerli-ýerden jammyldaşdylar.

— Wah-eý, siziňem bir eden kömegiňiz bormy!? Gaýta, suwa, çöpe çörňeşip, hor borsuňyz. — Soň ol hoş söz bilen agtyklaryny raýyndan gaýtaryp almak üçin sesini ýumşatdy: — Siz galyň, men sizi hol Düýejä özüm bilen ogulbolana äkitjek, ýolda mamaňlara-da sowlarys, olaň şol süýji eriklerem bişendir.

Eneleriniň hoşamaýlyk bilen özlerini ýoldan alyp galjak bolşy oglanlara ýaramady, olaryň ikisi iki ýerden nägilelik bilen gaşlaryny çytyşyp, hamala eneleri gelip, ellerinden tutup, atalaryndan bölüp alyp galaýjak ýaly, ondan nägile boldular. Ýerli-ýerden:

— Ä-ä, biz-ä gitjek däl. Toýa Rahmannazar jany äkidiber — diýşip, öz aralaryndan enelerine toýa gidende özlerine derek ýoldaş bolaýjak jigileriniň atlaryny tutdular.

Goja eglip, arabanyň iki tarapyndaky ýan oklaryny laýyk eltip, eşegi araba goşmak üçin, birde eşegiň boýnuna geýdiriljek we ol oklara berkidiljek hamydy düzedişdirip, ýene birde eşegi oklara tarap itekläp dert-azar bolup durdy. Agtyklary hem hykylaşyp oňa ýerli-ýerden kömek berdiler. Onýança arabany ýola taýynlan Kymyş duzçy ýeňsesine aýalyna tarap öwrüldi. Jemal mama alada bilen adamsyna ýüzlendi:

— Babasy, seniň bularyňam bugdaý oragyna şaýlanypdyr. Äkitseň hor bolarlar, ýaş çaga ahyryn entek bularyň. Äkitseň, gaýta, bular ota, suwa çörňeşip, özüňe azar bolarlar. Alla jan-a öňem telim gün ini gyzdyryp, ýaňy aýňaldy.

— Goý, gidibersin! — Kymyş duzçy aýalynyň janyndan syzdyryp aýdanlaryny hasaba almaýanlygyny mälim edip, parhsyz dillendi.

Muňa Jemal mamanyň jany ýandy:

— Sen ekeniň-ow, asyl, belaň körügi, garry göhert!

— Goý, görsün, heleý, ogullaryňam häzirden nanyň nähili gazanylýandygyny. Görmedikden görelde bolmaz — diýip, goja ynamly aýtdy. Soňam arkalarynyň alnanyna monça bolşup duran agtyklaryna tarapam seredip goýberdi.

Jemal mama onuň ýaly ýere gitmeli bolsa, hemişe bökebaýrak agtyklarynyň öz garşylygynyň ýaramajagyny bilsede, her gezek jandurmazlyk edip, alada galanyny onuň özem duýman galýardy. Onsoňam olar bireýýäm nahar başynda babalaryny bugdaý oragyna gidilende özi bilen äkitmäge razy edipdiler. Harmana aýak salnansoň onsuzam, harmany depeläp, döwek döwýän atdyr eşegiň yzyna düşüp kowalaşmaga uly adam düşenden ýeňil oglanlaryň düşenleri kem bolmaýardy.

Eýýäm töwerek ymykly ýagtylypdy. Agşamky asmany büräp, howpurgadyp alan ýagşyňam ýagmajagy, bulutlaryň bolsa Owgan daglaryna tarap çekilişip, dag aşyp gidenligi anyk bolup, ýakymly duýgy döredipdi.

Gabatdaky ýolda Kymyş duzçynyň agalarynyň ogullary Sähetdurdy bilen Hürtek eşeklerini debsileşip peýda boldular. Olaryň ikisem deňe gelenlerinde agasydyr gelnejelerini görüp, olara salam berip, aýagüstünden saglyk-amanlyk soraşyp durdular.

— Ýigitler, ýol bolsun!

— Bugdaý üstüne atlandyk.

— Siziň golhozyňyz-a entek oraga girişmäge howluganok öýdýän?

— Entek gyrkymyň yzyny ýygnap ýetişenoklar, oraga olaram başlajakdanmyş özün-ä. Bize bugdaýa barmaly diýib-ä habar ýetirdiler, belki, onuňam şu gün başlaýmagy-da mümkin — diýip, Sähetdurdy gaňňanyň üstünde gyşarybrak oturşyna aýtdy.

— Aý, tüweleme, Hudaý köp görmesin, bugdaýyň-a ýagdaýy gowy bu ýyl — diýip, Hürtegem göwnühoş dillendi.

— Gelmesine bugdaýyň ýylam geldi welin, ýöne golhoz daýhançylykda Nurjumanyň diýeni bilen bolsa-ha horam bolmaz. Biraz yňdarmarak, dälişgeräk diýmeseň, ol örän daýhan adamdyr — diýip, Kymyş duzçy göwnüýetijilik bilen aýtdy. Soňundanam gep-gürrüň bilen inilerini ýoldan alyp galýanyny görüp, elindäki nogta-jylaw edinjek ýüpüni alyp, öňe geçip, eşege kelleki salmaga durdy.

— Oglanlar, siz ýöräberiň. Maňa garaşmaň. Bularyň akgalar-a irden ümüş-tamyşda gitdiler — diýip, eýýäm araba münüp, onuň üstünde joňkaryşyp oturan agtyklaryna tarap baş atyp goýberdi. — Sürüberiň, ine, bizem ýeňňeňizden rugsat alyp bilsek, hä diýmän, yzyňyzdan ýeteris.

Kymyş duzçy gürrüňiniň soňuny öz ýanlaryndan dolanyp, öýe girip barýan Jemal mamanyň gulagyna ýetirmek maksady bilen hörpüne bat berip, deginip aýtdy. Mylaýym ýaňsy yzyndan ýeten mahaly Jemal mama ýene-de hyrra yzyna dönenini duýman galdy. Adamsyna jogap hökmünde gürledi:

— Çagalary ýanyň bilen äkiden bolup, ol ýerde olary aç-suwsuz edäýmeginiň. Horjunyňa gowurma salandyryn, çorba etmeseňem, çaýçorba bilen bir naharlawergin olary!

Sähetdurdy Hürtege deňleşip gidip barşyna agasydyr ýeňňesiniň öňem çagalar ýaly bir-birleri bilen birden är-aýallygyň çäginde çitde-mit bolşup alaýmalarynyň barlygyny ýatlap: «Bizem Ogulbibi bilen şulaň ýaşyna ýetsek, şeýle bolaýarmykak?» diýip ýylgyrdy. Öwrenşikli bolnany üçinmi-nämemi öz öwreleri munuň üçin garrylary geňläbem durma-ýardylar. Sähetdurdynyň bolsa hatda olaryň oýun bilen çyny köwsarladyp, bir-birege söz bilen gop berşip ýaşaýyşlaryna gözi-de gidýärdi. Şu hili ýaşamak olara bellibir derejede uzak ýaşamaga hem badalga bolýana meňzeýärdi.

Kymyş baba agtyklarynyň hersini bir gapdalynda otur-dyp, aňyrdan arabasyny tykyrdadyp bugdaýly meýdana ge-lende, bu ýerde eýýäm adam bary bardy. Bugdaýy orup, desseläp, üýşürip harman göterip, gor edinip ýöreni haýsy, çakyny alandan bolup, garanyp ondan-mundan çykyp ýöreni haýsy. Olar barha-da köpelýärdiler, hamala oba, güýç jemläp, ähli hasyly bir hüjümde ýygnap gutaraýjaga meňzeýärdi. Ygşyl atyp oturan bugdaýly meýdan diýseň göze gelüwlidi. Ol gözýetimden-gözýetime ýaýrap, özüniň ýetişenligini mälim edip, sary deňiz bolup owsunyp otyrdy hem aýnada özüni synlaýan ulugyz ýaly mähirli hem buýsançly görünýärdi. Olar aňyrdan ýetip gelenlerinde Orazgeldi bilen Orazgylyç derýa bilen öz bugdaýlyklary aradaky harman ýer edinäýmäge amatly takyrjak ýeriň töweregindäki ot-çöplerini çapyşdyryp, depesini syryp, taýyn edip gutaryp barýardylar. Orazgylyç olaryň gelenini görüp, elindäki ýer syryp ýören sübsesini gapdala atdy-da garşy aldy. Oglanlary göterip-göterip ara-badan düşürensoň, gidip eşegi amatly bir ýerde örkläp geldi: «Ahyr, öz diýeniňizi edipsiňiz-ow?!» diýip, oglanlara lak atdy. Oglanlar bir atalaryna, bir Orazgylyjyň ýüzüne seredişip, öz

kiçijik ýeňişlerini uly bir zatdyr öýdüşip, biraz uýatly hezil edişip ýylgyrjaklaşdylar.

Orak möwsümi öňli-soňluragam bolsa, barha giň gerim alýan halda başlanypdy. Adamlar bu günler Günüň ýeri gyzarandan tä garaňky düşýänçä meýdanda işleýärdiler. Bugdaýyna öňräk orak salanlar eýýäm döwek döwüp, harman atyp ýördüler. Kymyşlar oraga biraz gijräk başlasalar-da, saglyk bolup dursa, iliň soňuna galman harman atjaklaryna tama edýärdiler. Bu ýyl iliň bagtyna däne geçen ýylkydan-am has bitginli bolupdy. Hersini atyp sanabermeli, boldumly dok däneler öz berekedi bilen göwün göterýärdi. Daýhan dänä aýny gerek wagty ýagan soňky tapryg-tapryg ak ýagyşlary, öz ýetişdiren bereketlerine seredip, minnetdarlyk bilen ýatlaýardylar.

Kymyş duzçy gapdalynda ýeňlerini çermeşip duran iki ogly, iki agtygy bilen: «Bisimilla!» diýip, ýagşy dileg bilen bugdaýa orak salanda, al öwsüp ugran Gün eýýäm al asmandady.

Orazgeldi bilen Orazgylyç derçigişip, bir-birlerinden uzak bolmadyk aralykda orýardylar. Tizden olaryň yzynda üýşmek-üýşmek desseler peýda bolup başlady. Ýene birsalymdan bolsa desseler hasam köpeldiler hem töwerege pytrap, dynç alyp, gäwüş gaýtaryp ýatan goýun sürüsine meňzediler.

Kymyş duzçy agtyklary bilen ilki bugdaý içine aýlanyp, ol-bu ýerde biten, duşanda orakçylary kejikdirýän bugdaýyň içindäki saýry ot-çöpleri öz goja sabyrlylygy bilen howlukman aýlanyp goparyp, çapyp gezdi. Soňam agtyklary bilen orakçylaryň ýanyna gelip, olara desse bogmaga kömekleşip başlady. Ol her desse bolup duran bugdaýdan bir gysymyny bölüp alýardy-da, ony agtyklaryna görkezip, towlap, soňundanam dessäniň daşyna guşak edip oraýardy. Ýene birde ol uzak egilse, agyryp ugraýan biline dynç bermek üçin dikelip, töweregine seredip, oglanlarynyň bugdaýly meýdany öňlerine

alyp, ony indi alarladyp barýandyklaryny buýsançly synlaýardy. Orazgylyç oragy mahal-mahal ýeňi bilen ýüzüne inen derini sylyp, haýsydyr bir burnuna salyp hiňlenýän aýdymynyň heziline berlip orýardy. Orazgeldiniň egnine geýen ak köýnegi derden ýaňa arkasyna ýelmeşip garalypdy. Ol öz ýanyndan, bugdaýyň iki bölegini salgyt-nalok diýip hökümet alsa-da, özüne, maşgala bolelin däne galjagy barada oýlanyp göwün ýüwürdýärdi. Bugdaýyň kemsiz bişenini, şeýle bolanda bugdaý başynyň dökülegen bolýanlygyny ýatlap, ony seresabrak ormaga çalyşýardy. Her gezek agzy kepän wagty bolsa ol başyny işinden götärdi-de, atalarynyň töwereginde ýumalanyşyp ýören oglanlara ýüzlenerdi:

— Baryň, biriň suwly jürdegi getirip beriň maňa!

Iş buýrulanyna mähetdel oglanlaryň şonda ikisi iki ýerden suwly jürdege tarap ýüwrüşerdiler.

Kymyş duzçy ogullarynyň orak orup barşyny synlap: «Oglanlar ýene birki gün şeýdip, hä, diýşip orsalar, oragy gutararlar, onsoň galmadymy döwek? Nobat döwege ýetensoň, olam, onsoň, birki günüň işidir. Döwersiň, harman atyp, çäjiňi alarsyň, ana, onsoň, nesip bolsa, gap böwrüňde direnişip duran çuwal-çuwal nanyň bardyr» diýip, öz ýanyndan höwesini islegine gatyp, daýhanlarça hyýal gatlaýardy.

Bugdaýyň bolsa töwerekde deňiz bolup, owsun atyp, şol deňziň sarymtyl-altynlaç tolkunlaryna bulaşan ýaly bolup, adamlaryň işleşip ýörşi hamala olaryň haýsydyr bir ellerinden gaçyryp ýitiren zatlaryny gözleşip ýörene meňzeýişlerini synlap, göwün göterýärdi.

Kymyş duzçy bir gezek bilini ýazmak üçin güýmenip ýören işinden baş göteren wagty, özünden hol beýlede adamlaryň işlerini goýşup, ondan-da, mundan-da ýola üýşüşýänlerini görüp: «Näme boldukan, kimdir birini ýylan dagy çakaýdymyka?» diýip, şeýle döwürde beýle zatlaryň mahal-mahal meýdanda bolaýýan ýagdaýdygyny alada bilen ýatla-

dy. Çöňňelen gözlerini süzgekledip, hamala, ol Hudaý uran emgekliniň kimligini duran ýerinden seljeräýjege meňzäp, ýagdaý-tirijilik bilen synlady. Birazdan toplum mähelle ýerinden gozganyp, tüweleý öwrüm edip ugran ýaly boldy-da, onuň bir bölegi şol duran ýerinde galyp, ýene bir kiçiräk bölegi bolsa bugdaý ýeri ikä bölýän ýoly syryp, Kymyş duzçynyň öz oglanlary bilen işläp duran ýerine tarap gaýtdy. Olar golaý gelende üç sany atlynyň dört adamy öňüne salyp gelýändigi göründi. Kymyş duzçy ýanyndaky iki atly bilen jylaw deňläp gürrüňleşip gelýän Ýagdy şuranyň, öz tarapyna seretmedikden bolup, gözastyndan seredişinden erbet bir zady syzýan ýaly ini şowlap gitdi. Onýança-da bu toparyň ýol bilen ugra geçip gidibermejegi hem duýuldy. Atlylar golaý gelen wagty at başy çekildi, ortaky atyň üstünde oturan daýaw, murty burnunyň etegini tutup duran, ykjam geýnüwli, töwerekdäkileriň köpüsine nätanyş adam Kymyş duzça tarap öwrülip seretdi:

— Haýsy biriňiz siziň Orazgeldi Kymyş ogly bolýaňyz? — diýip sorady.

— Men — diýip, işini goýup, nazary bilen atlylaryň habaryny alyp duran Orazgeldi duran ýerinden birki ädim öňe ätledi.

— Sen bolsaň, geýin, biz seniňem yzyňdan geldik — diýip, ol öz öňünde sürläp gelýän adamlaryna tarap baş atyp goýberdi. Ol ýerde haýsydyr bir düşnüksiz aladaly näbellilige düşenlerini ýüzlerinde mälim edişip duran Gully eminiň ogullary Abdylla bilen Juma doganlarça bir-birlerine çalym berşip durdular. Atyň öňüne salnanlaryň ýene birisi uzyn boýly, hortap Anna pälwandy, onuň gapdalynda saryýagyz, Kymyş duzçynyň oňly tanamaýan adamsy Lapar ýüzüni sallap, gapdaldan döwüp alan çöpi bilen dişleriniň arasyny synçgap durdy. Kymyş duzçy öz oglunyňam at öňüne salynjak bolunýanyny görüp, biraz tenini gataldyp,

bulara gep düşündirip bilmejegi barada pikir etdi:

— Orazgeldini näme üçin äkitmekçi bolýarsyňyz? — ol bir özüne ýüzlenen atlynyň, birem atyň üstünde öz gözüne göni seredip bilmän, ýüzüni sapajak-supajak edip oturan Ýagdy şuranyň ýüzüne seredip gepledi — Kymyşyň oglanlary ogurlyk edende ýok, ganly garpyşmalarda, serhet bozmada ýok...

— Ýaşuly, bize şu adamlary sorag-jogaba getirmeli diýdiler. Bizem ýumuş adamsy, diýleni edýäris — diýip, murtly pyýada bu gezek Kymyş duzçynyň janygyp ogluny goraglaýanyny görüp, aýagy basylan ýaly nägile bolup, ýüzüni turşadyp gepledi.

Kymyş duzçy jandurmazlyk edip, ýene gürrüňe goşuldy:

— Adamlary häzir äkideniňizde nirä eltýäňiz?

— Häzir-ä Garawuldepä.

Orazgeldi gitmän bilmejegini pikir edensoň, elindäki oragyny golaýynda duran Aganazaryň eline berdi-de, Allanazara: «Hany, akyt!» diýip, suwly jürdege tarap baş atdy-da, gapdalrak çekilip, ýüzüniň çaň-tozuny ýuwuşdyrdy. Töwerekde işleşip ýören adamlar gelşip, üýşüşip ugradylar. Agasyna häzirki pursatda näme kömek ederini bilmän alaçsyz duran Orazgylyç dişini gysyp durşuna wagtal-wagtal: «Haramzada ýat, senmi bu ýagyny yzyňa düşürip getiren?» diýen manyda, atynyň jylawyny eýeriň gaşyna atyp, hondanbärsi bolup oturan Ýagdy şura tarap ýamany bilen seňrigini ýygryp seredip goýberdi.

Orazgeldi donuny, telpegini geýip, ýola taýyn bolansoň, öňe salnyp alnyp barylýanlaryň arasyna baryp goşulmaga ýönelen wagty, näderini bilmän elenişip duran kakasydyr inisine, ýöne olaryň hem hiç birisiniňem ýüzüne seretmän, göwünlik beriji äheňde gürledi:

— Akga, siz Orazgylyç, agtyklaryňyz bilen oragy dowam etdiriberiň. Bizem, nesip bolsa, tiz geleris.

Ol bu sözi aýdan mahaly näme-näme bolýanyna oňly düşünip bilmän, höwürtgede eneleriniň bir ýerden iýmit

getirmegine garaşyp, boýunlaryny süýndürişip oturan guş çagalaryny ýatladýan oglanlara tarap biraz ünjüli seredip aýtdy.

Töwerekde adamlaryň barha hümerlenişip, köpelip nägile gürrüňler aýdyşyp ugramaklary atlylaryň ýolbaşçysy murtla ýaramady. Ol Orazgeldini alyp barýan adamlarynyň hasabyna goşansoň, atyny debsiläp, gitmek bilen boldy. Ol yzyndan kimdir biriniň öjügip janyýangynly: «Hä, bulary edäýmelis-ä bar weli, arman, arkasy güýçli geläýýä-dä, ýogsam, nädersiň, şol murtlynyň dagy murtuny alakgetdin, syrtyna ýelmäýseň?!» diýenini eşitse-de eşitmedik boldy.

Daýaw pyýadanyň murtly syrtyny göz öňüne getirdi öýdýän, märekeden kimdir biri bu sözüň yzysüre pyňkyryp, uýat bir ahwaly gören ýaly gülübem goýberdi. Topar gözden ýitensoň, Orazgylyç biraz özüne gelip ugran mahaly ýanlaryna göteren nandyr beýleki iýer-içerlerini ýatlap, agasyna berip goýbermänligine gynandy. Soňundanam ony ugradyp, özüniň ynjalykly, arkaýyn bu ýerde durup bilmejegini ýatlap, ýene birsalymdan agasynyň ýagdaýyndan habar almaga gitmekçi boldy.

Üýşüşen adamlar soňam wagty bilen öz iş-aladalarynyň ugruna dargaşyp gidibermediler. OGPU-nyň işgärleriniň iş ýerinden çapawulçylyk edip gitmegi hemmeleriň lapyny keç edip, ellerini işden sowadypdy.

Bu ýagdaý oba gelip, her naharyna bir gyz äkidýän ertekilerdäki döwüň bolşuna meňzäp üýşendirip, howpurgandyryjydy. Iň erbedi-de indi bu erbetligiň haçan gutarjagy hem belli däldi.

Täze häkimiýet bu häsiýetini birki ýyllykda «kulak» sözüni köp gaýtalap ugransoň tapypdy. Şundan soň, hamala, ak patyşanyň ýykylmagy, basmaçylyk diýlip il başyna goparylan ahyrzamanlyklar ýene-de yzyna gaýdyp gelip, täzeden başlaberen ýaly bolupdy. Özi-de olaryň «soraga» diýip, obadan

toplap äkidýän dört-bäş sany adamlary soňra wagty bilen gaýdybam gelmeýärdiler. «Soragdan» birnäçe maýyp-müjpüp bolup gelenler-de bardy. Olar soňra ýere aýdýan ýaly gorky bilen onuň-munuň ýanynda öz gören görgülerini ýatlaşyp: «Şeýlebir urýarlar, şeýlebir gynaýarlar welin, beýdilenden öleniňem müň paý gowudyr» diýip gürrüň berýärdiler.

Indi köp ýyllardan bäri öz güni bilen bolup, ýaşamaga mümkiçiligi bolmadyk, ýanalýan-ýorulýan halk üçin ýaňybir durmuş gowulaşyp gidiberjege meňzän mahaly ýene bir-«kulakçylyk» diýen ýaly yrsarama, bahana juda agyr degýärdi.

Bir salymdan atlylaryň hol beýlede adamlary ilki bendilän ýerine üýşüşen adamlar ýene-de bir salym öňe salnyp gaýdylanlaryň yzlaryndan seredişip duransoňlar, haýsydyr bir hyýala münülendigi mälim bolup, olar topary bilen Kymyş duzçudyr onuň ogly, agtyklary bilen nätjegini bilmän, serimsal bolşup duran ýerine tarap gaýtdylar.

Olaryň öňünden egni gögüş donly, boldumly mübärek ýüzli, ter gara sakgaly kükregine düşüp duran Altmyş aga gelýärdi.. Ol, hamala, öz yzyndaky barha artýan güýji syzýan ýaly, dogumly-dogumly ädim urýardy.

Ogly Orazgylyçdyr onuň töweregine üýşüşen, entegem dargap gidibermedik adamlaryň ýanyndan ýaňy beýleräk çekilen Kymyş duzçy beýleden birtopar adamyň ýetip gelýänini görüp, olaryň habaryny alarman bolup, köwejekläp ýene-de yzyna dolandy.

Gün lowurdap ýetjek derejesine göterilen hem bolsa, howa juda yssy däldi. Bulut ýogam bolsa, ýagşyň geçen agşamky bir ýagaýsam diýip bat alyp, «hymlap» alany duýulýardy. Dünýä açyk gögüş-çalymtyk eşige basyrylan öýe, Gün bolsa onuň ýokarsyndaky açyk tüýnügine öwrülipdi.

Adamlaryň näme hyýala münendiklerine entek oňly düşünip bilmedik Kymyş duzçy aňyrdan gelýänleriň öňbaşçysynyň beren salamyny alyp ondan:

— Altmyş, bu nämäniň tutumy? — diýip sorady.

Altmyş aga salamynyň yzysüre gelip, Kymyş duzçynyň il içindäki hormatyny, mertebesini saklap, onuň bilen iki elini uzadyp salamlaşdy:

— Biz-ä, Kymyş aga, şol ýaňky Garawuldepä äkidilenleriň yzyndan barmakçy — diýip, maksadyny aýytdy. Onuň jogabynda köpçülik şu pikire geldi diýen äheň duýulýardy.

Kymyş duzçynyň olara birbada: «Oglanlar, beýtmegiň nepi degermikä?» diýesi gelse-de, adamlaryň gurawyny görensoň, ol öz pikirini diline almady. Gaýta, bu garaşylmadyk raýdaşlygy görüp, goja nazary bilen töwereginde duran adamlara guwançly seretdi.

Serhet galasynyň gapdalyndaky ýörite gözegçilik üçin göterilen depäniň üstünde duran serhetçiler, haçanda birtopar adamyň aňyrdan hümer bolşup özlerine tarap ýetip gelýänligini gören wagty, olaryň biri ylgaşlap, komandire habar ýetirmäge howlukdy. Ýas-ýaňyja getirilen bendileri wagtlaýyn zyndana salyp gelen murtly serhetçileriň komandiriniň jaýynda, başyndan çykaran papagynyň etegini elýaglygy bilen süpürip ýanyndaky adamlar bilen gürleşen bolup otyrdy. Garaşylmadyk habary eşiden mahaly onuň süňňi düýrügip, ýüzi garalyp, bagyr reňk aldy.

Dogrusy, ol indi bireýýämden bäri täze häkimiýet tarapyndan gözüniň ody alnan halk beýle aýgytly hereket eder diýip pikir etmändi. 1917-nji ýylda barly adamlara ýagy bolup dörän bolşewigiň demir oltaňly, awy petekli gyzyl ädigi indi imperiýanyň çetine ýetip, bu ýerdäki barlykly baýlary, işan-mollalary, olaryň «Gurhan» diwany bilen depgiläp, mynjyradyp ýördi.

Bu habary eşidip, oturanlaryň biri Ýagdy şura hem «ziňk» edenini: «Bu ne gep boldy?» diýen manyda töweregindäkileriň ýüzüne ýalt-ýult seredenini duýman galdy. Serhet galasynyň başlygy oturan oturgyjynyň ýeňsesine towlanyp diýen ýaly

aýlandy-da, bir eli bilen sallanyp, dyzyna degip duran sapançasyny gysymlap tutup, beýleki elini gapdalynda ýatan papagyna ýetirip howlukdy. Soňundanam olaryň üçüsem habar getiren esgeriň yzy bilen zowzuldaşyp daş çykdylar. Aňyrdan toplum tutuşyp gelýän adamlaryň öňi eýýäm Garawuldepe bilen onuň gapdalyndan geçýän ýol bilen aralykdaky uly ýabyň üstünde gurlan köprä ýetipdi. OGPU-nyň murtly wekili töweregini yzyna düşürip gelýänleri otlukly nazary bilen dalap, olaryň öňünden çykdy:

— Ýeri, nirä gelýäňiz süssenekleşip? — diýip, bir aýagyny öňräk edip, badalga alýana meňzäp, sag elini bilindäki sapançasynyň üstüne goýup azgyryldy. Onýança köpriniň üstünde saklanan adamlaryň arasyndan Altmyşyň dogumly sesi eşidildi. Ol OGPU-nyň işgäriniň bir ädim yzragynda duran Ýagdy şura tarap baş atyp gürledi:

— Eý, hany, sen aýt! Bularyň haýsysy uly başlyk bolýar?

— Şol-a men. Ýeri, sen uly başlygy nädersiň? — diýip, OGPU-nyň işgäri gepläp duran ýerinde dyzanybrak leňňer atdy. Özüni nygtady.

— Sen bolsaň, diňle onda. Seniň bu ýerdäki bir oýnam adamyňam kastyna gelen adamlar däl biz. Biz öz adamlarymyzyň yzyndan geldik, şolary boşadyň!

— Biz olardan sorag etmeli.

Ýeňsede sesini çykarman duranlar, şundan soň birdenkä öz aralarynda gozgalaň tapyşyp, ýerli-ýerden gürrüňe goşulyşyp ugradylar:

— Ýeri, olaryň näme ýazygy barmyş?

— Sorag soran bolup näme edýäniňizi bilýäs siziň!

— Siziň bu yrsaramalaryňyzdan il halys bez boldy indi. Heý, munuň bir ahyry gelmezmi?

— Ýeri, olar siziň arpaňyzy ham ordumy?

— Soragyň bolsa, ony adamlary sürläp, gazamada salman, oba şuraň jaýyna-beýlek-ä çagyryp berip bolmaýarmy? —

diýip, Altmyş aga, egnine atyp gelen çarşagynyň sapyndan tutup durşuna, beýtmegiň adamlara ýakymsyz täsir edýänligini ýatladyp, maslahatberiji hörpde gürledi.

— Aýdar otyr-da! — diýip, adamlaryň öň hatarynda duran kelte boýly, togalanyp duran, başy şypyrmaly adam, OGPU-nyň işgäriniň ýaňky gep saluwyny göwnüne jaý edip bilmän jibrindi.

— Biziň adamlarymyzy gazamatdan boşadyň. Olara biz belet. Ilki bilen-ä, olar ile dürli döwürlerde köp gowulyklar eden gowyň çagalarydyr.

Altmyş ýene-de öz garşysynda horaz bolup üstüňe towsaýjaga meňzäp büküdip, gahar-gazaba dolup duran OGPU-nyň işgärine gowulyk bilen sowukganlylyk edip düşündirmäge çalyşdy. Ýöne, onuň bu ýagşy gepini OGPU-nyň işgäri, toparyň özünden heder edip ugranlygy hökmünde kabul edensoň, ol özüniň häkimiýet adamsylygyna baýrynyp, hüjümli gepläp ugrady:

— Sen, ýaşuly, bilýämiň adamlary yzyňa düşürip, döwlete garşy baş götereniňi? Sen bilýäňmi, onuň seniň ýalakylary nädäýýänini?

Onuň sesi barha gaty, gazaply çykyp ugrady, gyzyp, bir yzynda duranlara, bir topara seredip, duran ýerinde pyrlanýan ýaly hereket edip, elini howada galgadyp göçgünli, azmly gepler aýdyp ugrady.

OGPU-nyň işgäriniň häzirki bu aňdan-akyldan çykyp boluberşini görüp, adamlar synlaýjy dymdylar. Indi olar OGPU-nyň işgärini diňläp däl-de, göýä haýsydyr bir hezillige tomaşa edip durana meňzediler. Murtlak OGPU adamlaryň ümsümleşenlerini görüp, öz gazaply sözleriniň olara täsir edenligine ynandy. Serhetçileriň komandiriniň ýüzi henizem pikirli görnüşdedi. Ol nämedir bir garaşylmadyk zadyň bolaýmagyny pikir edýän ýaly, bir ol aýagynyň, bir bu aýagynyň üstüne agram atýan bolup durşuna adamlaryň depesinden Pendi baýyrlaryna tarap seredip goýberýär.

Hemmeleriň agzyna berenine monça bolan OGPU-nyň işgäri:

— Heý, soragyňyz barmy? — diýip, duran adamlaryň ýüzüne horazsyrap, ýene-de kinaýaly seretdi.

— Mende bar — diýip, ol heniz sözüni gutaryp-gutarmanka, adamlaryň orta gürpünde çarşaga söýenip duran Halnazar aga dillendi.

Murtlak oňa seredip, arkaýynsyrap, aýdyljak soragy diňlemäge taýynlygyny mälim etdi. Onsuz-da egnine şapylaşyp duran köýneginiň etegini aşak çekip düzetdi.

— Aýtsam, hereketlerin-ä daş etdiň, Aman porhanyň ediljek özäý... Hany, indi, ýedi piliň üstünde-de bir bökeläp ber-dä!

Duranlar bu söze Halnazaryň agzan adamsyny ýatlap gülşüp goýberdiler. Wagtal-wagtal obanyň toýlarynda Aman porhan diýen bir ýaşuly adam peýda bolup, ol içerde ýörite otda gyzdyrylyp, taýynlanan ýedi sany piliň üstünde towsup, serden geçip, saza goşup, çykyp böküp oýnardy.

— Dogrudan-da, ellerini şeýdendedagy etdil özi — diýip, sary ýüzi çym gyzyl bolan Rozmyrat pälwanam, hamala, Halnazara «hä» beryän hörpde OGPU-nyň işgäriniň maýmyn bolşuny ýatlap, gülüp gepledi. Öz sözüniň adamlara başgaça täsir edenine jany ýanan OGPU-nyň işgäri odugyp, duran adamlaryň zähresini ýaryp, topuny çaşyrarman boldy. Hasyr-husur mauzerini alyp, onuň bir okuny, duranlaryň depesinden üstaşyr güwledip goýberdi.

— Häzir dessine şu ýerden gümüňizi çekmeseňiz, menden oňňulluk tamasyny etmäň! — diýip, mauzerini howada galgadyp durşuna gazaplanyp tarp atdy. Onýança gürrüňe goşulman gapdalda duran serhetçileriň komandiri iş-işden geçip barýanyny görüp, OGPU-nyň işgäriniň ýanyna gelip, onuň egnine elini goýup, yzly-yzyna dodagyny onuň gulagynyň ýanyna eltip, bir zatlar pyşyrdady. Serhetçileriň komandiri häzir nädibem

bolsa bu ýagdaýdan baş alyp çykmalydygyna, erteki gün «Söýünalyda adamlar Sowet häkimiýetine garşy köpçülikleýin baş göteripdirler» diýen, özleriniň emelsizlikleri bilen bagly gep-gürrüňiň bolmagyna ýol bermeli däldigine düşünipdi. Eger häzir halk bilen açyk bir çaknyşyk bolaýsa, ol soňra özleriniň hem ýüzlerinden sypalmajagyny bilýärdi. Bu pikiriň, serhetçileriň komandiri gulagyna aýdyp duýduransoň, OGPU-nyň işgäriniň hem jylawyny çekip, badyny alanlygy belli boldy. Ol elindäki mauzerini gabyna salyp durşuna aýagynyň öň ýanyna gazap bilen tüýkürdi-de, maslahat üçin özüni jaýa çagyran serhetçileriň komandiriniň yzyna göwünsiz düşdi. Serhetçileriň komandiri murtly, Ýagdy şura dagy bilen maslahata jaýa giren wagty Altmyşyň gapdalynda duran, ýüzüni sakgala basdyran Baba aga elindäki oragynyň ujy bilen arkasynyň gijän ýerini gaşap durşuna ätiýaçly:

— Aý, Altmyş, ýene bu zannyýamanlar ýaraglaryny talawladyp, hüjüme geçibermesinler? — diýip howatyr etdi.

— Aý, gatybir beýdäýeslerem ýok-la. Olaryň häzir bolsa bu töwerekde bäş-dört esgeri bolaýmaly, galany serhet boýunda aýlanyp ýören bolmaly.

— Şähere til edip, kömek soraýan bolsa näme? — diýip, ol gaşlaryny göterip, gözlerini tegeläp gürledi.

— Ýak, senem, Baba, muşakgat ýagdyrýaň-ow!? — diýip, Altmyş aga öz sakgaldaşyna beýle gürrüňiň, onda-da häzir gerek däldigini duýdurdy.

Daşardan çagyrylyp alnan esger içeri girip, soňundanam ol ýerde uzak eglenmän, alakjap daş çykyp gidensoň köp wagt gaçmänkä, adamlar alnyp gaýdylanlaryň onuň yzyna düşüp, çykyp gelýänlerini gördüler. Adamlaryň olary görüp, ýüzleri ýagtylan ýaly boldy. Aňyrdan gelýänler öz obadaşlarynyň uly märeke bolup duranlaryny görüp, ilki öz gözlerine ynanmadylar. Ine, görseler, obadaşlar, hajraw bolşup, gözlerinde ýeňiş dabarasyny alamatlandyryşyp durlar. Obadaşlarynyň

arasyna gatyşan Abdylla özüniň owadan gözlerini balkyldadyp: «Adamlar, men-ä sizden razydyryn!» diýen wagty onuň sesi sandyrap, basyksy eşidildi.

Obadaşlar derekläp gelen adamlaryny öz aralaryna gatan-soňlar, ýas-ýaňyja gazanan ýeňişleriniň howasy bilen şowhunly gürleşip, oba tarap ýola düşdüler.

OGPU-nyň işgäri serhetçileriň komandiridir Ýagdy şura bilen jaýa girensoňlar, garaşylanam bolsa soňra öwrülip, halkyň öňüne çykmadylar.

Gepini gögerdenine begenişip barýan adamlar muňa şeýle-bir üns hem berip durmadylar.

Halk agzybir bolup bilse, entegem öz güýjüniň bardygyna ýene-de bir gezek düşündi.

# IKINJI BÖLÜM

Dabaraly gelen ýazyň soňy çakyr yssylara sapansoň, ýaz çaltlyk bilen geçip gidene meňzedi. Indi telim bir wagtdan bäri her gün gaýradaky Garabil baýyrlarynyň ýeňsesinden çykyp, asmana göterilip ugraýan Gün hamala yzyndan biri kowup ýetip gelýän ýaly alakjap, syçrap dogardy.

Onsuzam bu günler Günüň gün-günden parh berip, uzalyp dogýan günleri, tebigatyň kada-kanunyna görä entek-lerem onuň tegelegi geçmeli ýoluny geçip, tigirlenip, öz ýolunyň aňyrsyna çykyp, iýun aýynyň 22-sinden soňam ol yzyna dolanýança munuň şeýle bolmagy adaty zatdy.

Yssy wagtal-wagtal tamdyryň agzyndan göterilen ýaly, howur bolup öwüsýär. Bu döwürde ähli zatlar yssydan goranmaga çalyşýarlar. Kölegäniň gymmaty artýar. Öýler, baglar, baýyrlar köýneklerini çöwrüşip, ony başlaryna bürenişene meňzäp, kölegeleşip oturýarlar.

Bu günler obany ýene-de hemişe haýsydyr bir gopjak harasadyň öňüsyrasynda peýda bolýan «myş-myş» gürrüňler dolap alypdy.

Onda obada kim-kimleri döwlet adamlarynyň ümsüm-kümsüm gije yzyndan gelip äkidenligi, ol ýerde adamlaryň urlup-sögülip gynalýanlygy, olaryň birnäçeleriniň türmelere ugradylyp, ýene birnäçeleriniň eňek atyp yza gaýdyp gelenligi, obada käbir adamlaryň bu belanyň öňünden sowulmak üçin Owgana aşmagyň pikirini edip ugranlygynyň, ozalky baýlar, basmaçy diýlenler bilen gatnaşykda bolan adamlaryň, toparlaýyn kulakçylyga çekilip, bala-çagasy bilen zir-zöwran

edilip alys ýerlere sürgün ediljekdikleri aýdylýardy. Bu myş-myşlaryň her gün diýen ýaly, täze, öňküdenem howatyrly, öňküdenem şum myş-myşlar bilen üsti ýetirilip durulýardy. Adamlar ýerde däl-de, hamala, hallan atyp duran, birdenem agyp gark bolup gidiberjek bir zadyň üstünde gezip ýören ýaly, özlerini aladaly, ynamsyz duýýardylar.

* * *

Kymyş duzçy dosty Begendik ussanyň ussahanasyna ozaldanam köp baragandy. Bu ýerem soňky döwürde gaplaňlaryň obanyň ortasyndaky Jedel depesi ýaly, adamlaryň gelim-gidimli ýerleriniň birine öwrülipdi. Ussahananyň öňünde uly bir düýp, goýry kölegeli tut bardy. Ol hasam tomus günleri ussahana işi düşüp gelýänlere hezil bererdi. Bu ýerde gowy gürrüňçilik bolýanyny bilip, ýörite oturmaga gelýänlerem bolardy. Yssy ýakyp barýan-da bolsa, bir ýany akaba ýaply tuduň kölegesi Günüň aşagyndan has gowudy. Giňden açylan ussahananyň gapysyndan Begendik ussanyň körük basyp, demir ýenjip, onuň-munuň getiren pil-paltasyny saplap, dere batyp durşy görner. Wagtal-wagtal bolsa olam işini goýup, gelip gyzykly gürrüňçilige goşulyp, adamlar bilen dem-dynç alyp, bilini ýazyp oturardy. Ýöne, özüne garaşyp ýatan işler ýene ony tiz elinden çekip alan ýaly edip, iş başyna dolap getirerdi.

Kymyş duzçy ýaňyrak ussa dişetmeli, ýüzi gaýdan oragyny alyp gelen wagty bu ýerde eýýäm gyzyşan gürrüň gidip durdy. Adamlar gören-eşidenlerini ýatlaşyp, mesawy gürrüňler edişip otyrdylar. Wagtal-wagtal gürrüň arasyna degişmehenek goşuşyp, ýylgyrjaklaşýanlaram bardy. Birde peselip, ýene birde şüweleň alyp duran gürrüňçiligiň bu gün soňra nireden urup çykjagy belli däldi. Ýöne, tomus günleri yssynyň zabunlygy baradaky geplerem gürrüňçiligiň bir gapdalyndan

galmazdy. Adamlar tomsuň gürrüňini hamala ol geçen ýylkysyndanam has yssy bolan ýaly edip ederdiler.

— Yssy däl-de, aldajy-how, adamlar, bi milleti eredäýesi gelýär öýdýän munuň?

— Agşam dagam ýaman kapas boldy.

— Dem almak kynlaşýar welin, howa-da azalýar öýdýän?

— Bizem-ä biz welin, bu hasam çagalary heläk edýär. Bir bäş ýaşlyja, emmeden aýrylany bäri ýanymyzda bolýan agtyjagymyz bar. Agşam gorsanyp, togarlanyp, yssydan ýaňa wagty bilen ýatyp bilmedi. Menem: «Ýör, oglum!» diýip, ony özüm bilen gijäniň içinde daşary alyp çykdym-da, geýimini çykaryp, goýberdim depesinden bir bedre durlanyp duran suwy. Hezil edäýdi çagam.

— Haý, mazardat, ukudaky adamyňam bir üstünden suw guýarlarmy? Ýüregini ýaraýsaň nätjek!

— Wah, ol uklap bilmän, gorsanyp ýatyrdy-da.

— Onsoň guzy ýaljak ýataýandyr görseň?!

— Bir-ä aýtdy, Ýagdy kemsidem ol Hanumasy bilen gijelerine derbent ýaba suwa düşýämiş.

— Heleý bilen suwa düşmegiň has hezil bolýan bolmagam mümkin.

— On-a bilemok welin, olaryň obaň çetindäki malgüzerde suwa düşüp ýörenlerini geçip gelýän oglanlaram görenmişler.

— Özem çuwýalaňaç düşendir ol zaluwatlar! — diýip, gürrüňçileriň biri morsakgal goja biraz gozgalaňa düşüp, bu pursady özüçe göz öňüne getirip, hilbir zat aýdýandyryn öýdüp, töweregine garanjaklady.

— Aý, on-a biljek däl, ýöne görmesin-ä görüpdirler.

— Haý, zaluwatlar, bilýä-dä bular janynyň gadyryny!

— Onsoňam, Hanuma ýaly näzik gelniň teni yssyda tenegenem bor. Suwa düşürip, wagtal-wagtal o ýerine bu ýerine saryýag çalyp, sypalaşdyryp durmasaň...

Gürrüňde Hanumanyň ady peýda bolansoň, barçanyň barha hezillige gatylýanlygy, gije ak balyk bolup, Ýagdy şura bilen suwa düşüp ýören gelni göz öňüne getirişip, höwese berilýänligi duýulýardy.

Ýaşlarynda ep-esli tapawudam bolsa Begendik ussadyr Kymyş duzçy indi köpden bäri dostluk gatnaşygyndadylar. Özem ol dostluk Begendik ussa Söýünaly obasynda peýda bolan döwürlerinde—mundan otuz-otuz bäş ýyl ozal başlanypdy. Onuň bu obada peýda bolmagy düýejileriň kethudasy Mämmet han bilen baglydy. Mämmet han bir gezek Ýolötene gidende ýoly düşüp, ol ýerdäki Söýünaly-Bedeň obasyndaky daşkyrak garyndaşlaryndan biri Bäşim ussanyňkyda düşlände, onuň ussahanasynda ýekedaban urup, demir ýenjip duran garaýagyz, burunlak, daýaw adama syny düşüpdi. Soňundanam: «Özüň-ä bir obanyň ussaçylygyny oňarjak adama meňzeýäň» diýip, oňa hyrydar bolupdy. Bäşim ussadan: «Inim ussa, sen şu şägirdiňi biziň oba ussaçylyk etmäge beräýeniňde näme, biz Hükgi ussa öleni bäri, oňly ussa tapman kösenip ýörüs» diýipdi. Bäşim ussa şonda juda sarpaly adamyň özüne möhüm salýanyny bilse-de, näme üçindir, birbada belli jogap bilen açyk pyşgyrmandy. Diňe soňra, haçan-da öýde çaý başynda otyrkalar, oňa bu ýigidiň ozal öz gapysyna birýerlerden iş gözläp gelip, talaban bolanlygyny, görse, duz iýýän ýerine-de, işine-de yhlasy hiç neneňsi däl bir ýigit, onsoň oňa öz bir kemliräk aýal doganyny nikalap berip, özüne giýew-şägirt edinip, göz-gulak bolup, öz töwereginde saklap, hossarçylyk edip oturanlygyny ýatlap, kimi goýberse-de, ony gözüniň alnyndan goýberip bilmejegini ýagdaý hökmünde aýdyp beripdi.

Mämmet han şundan soň nämüçin şägirdini soranda Bäşim ussanyň kyn görýänine düşünipdir. Sözi ýer almadyk adam hökmünde gaty görmegiň ýerine:

— Ejiziň närowrak bolsa, ony golaýyňda saklap, goldap-

gallap kölegäňi salyp duranyň gowy — diýip, gaýtam, ony mamla bilipdir. Ýöne Bäşim ussa hem Mämmet han ýaly derejeli adam özüne möhüm salansoň, ony bitirmezligi kyn görüpdir. Ol sözüni dowam etdirip:

— Mämmet akga, ýöne, ussa gerek bolsa, men siziň raýyňyzy ýykmaýyn, ýaňky giýew bilen meniň aýal doganymyň bir ýaş ogly bar, oglanlykdan ýanymda saklap hünär öwretdim, golaýda-da ony öý-işik edip goýberdim. Şony, nesip bolsa, indiki gezek geleniňizde men maşgalasy bilen siziň yzyňyza düşürip goýbereýin — diýipdir.

Şundan soň bir ýyla galyp-galmanam Tagtabazaryň Söýünalysyndan bir iş bilen Ýolöteniň Söýünaly-Bedeň obasyna baran Jumamyrat baý, Hoja gök, Dönmez çeki üçüsi Mämmet hanyň tabşyrygy bilen Bäşim ussanyň ýegenini paty-putusy bilen oba göçürip getiripdiler. Oňa Mämmet hanyň uly ogly Akynýaz baýyň saraýynyň gapdalynda, Jumamyrat baýyň ýeri bilen aralykda öý dikip beripdiler. Öýüniň yzysürede onuň gapdalynda düýejileriň hemaýaty bilen gurlan ýörite ussahana jaýy peýda bolupdy. Bu jelegaýda dogulmadygam bolsa, ol Mämmet han neberesiniň, beýleki obadaşlarynyň özi bilen edýän gowy gatnaşyklaryny görüp, oba bilen tiz garylyp-gatylyp ugrapdy. Ol indi Mämmet hana, onuň oglanlaryna, Jumamyrat baýa özüniňki saýyp: «Akga!» diýse, düýejileriň enesi hasap edilýän Mämmet hanyň baýry aýaly Oranýaza, hemmeler ýaly: «Ene!» diýip ýüzlenýärdi.

Dünýä bulaşyp, Mämmet hanyň ogly Akynýaz baý nebereleri bilen birnäçe ýyldan goşlaryny daňyp, Owganystana aşmakçy bolanlarynda Begendik ussa-da olar bilen gidermen bolupdy. Şonda Akynýaz baý ony raýyndan gaýtaryp:

— Inim, biziň bilen gitme, bu ýolda sen bize ýoldaş dälsiň, hor borsuň... Täze häkimiýetem aňsat seniň ýalylara degibem durmaz. Eliňde munuň ýaly hünäriň bolsa, sen

hemme ýerde gerek. Tüýüňi ýetirdiň, indi sen bu ýerde-de hor bolmarsyň. Pelek işidir, turan göçüň aýlanyp-öwrülip, yzyna geläýmesem bardyr. Nesip bolsa, ýene bir gowy döwür gelse, birek-biregi saýalaşyp oturarys — diýipdi.

Begendik ussa şundan soň Akynýaz baýyň diýeni bilen bolupdy.

Ussaly bolanlaryna düýejiler begenenem bolsalar, ilçilikdä, şol günler Hükgi ussanyň inileri ýaly bokal-ýakal orak, pil saplap bilýän iki-ýekeler Begendik ussanyň gelmegini, hamala, üstlerine güni getirilen ýaly, halamandy. Olar şol günler ussany tirseklemäge Mämmet hanyň neberesinden çekinip gezen-de bolsalar, onda-munda ýarylyşyp, göwnüýetmezçilikli gürrüňler aýdyşyp: «Mämmet han daga bir ýerden gidip, ussa getirmek nämä gerek diýsene, şol işleri ondan kem oňarmajak özümizem bar ahyryn» diýşip, nägile bolşup, köçe gürrüňlerini edişýärdiler. Şeýle ýanama gürrüňleriň biri-de şol günler, ussa ýüzi gaýdyşan oragyny dişetmäge gelen Kymyş duzçy ussahananyň öňünde, tuduň kölegesinde ussanyň edip oturan işini soňlap: «Getir, ýaşuly, oragyňy» diýerine garaşyp, gürrüňçilige goşulyp otyrka bolupdy. Begendik ussa howany bolşundanam beter gyzdyrýan içi otly körügiň öňünde derläp, Gaçy kiçijegiň pilini saplap durdy. Käte bolsa göwünjeň ýylgyryp: «Menem-ä elimi boşatsam baryp, bir salym size goşuljak» diýýän manyda oturanlara gözigidijilikli nazaryny hem aýlap goýberýärdi.

Topalaň tüweleý ýaly birden gopdy. Saplanyp özüne uzadylan pilini eline alyp, hamala bazardan haryt alýan ýaly, onuň eýlesine-beýlesine seredip, goluna jaýlap saldarlap duran Gaçy kiçijek birden girre gaharlandy. Ýaňy saplanan pile pisindi oturmazlyk bilen:

— Bow, mundanam bir pil sapladyk bolarmy, munuň çaşyň gözi ýaly gumhanasy bir ýana bakýar, sapy diýseň, ol tow alyp, öwrülip dur!

Tuduň kölegesinde oturanlar Gaçy kiçijek dabanyna ot basylan ýaly gygyryp ugransoň, gürrüňlerini bölteşip, öwrülişip, ol ýerde näme bolýanyny bilmek üçin ussahana tarap üşerlenişip seredişdiler. Işine göwnüýetmezçilik edilen Begendik ussa nämäni özüniň bolmalysy ýaly edip bilmänligine şeýlebir düşünibem barman: «Ýat itiň guýrugy ýamzynda» edip, gözüni tegeläp, töweregine seredip durdy. Onuň müýn çekip, egsilýänini gören Gaçy kiçijek bolsa şundan soň hasam küpürsäp öjükdi:

— Çüýi dogry kakyp bilmeýän, bir ýerlerden ygyp gelen gelmişeklerem indi biziň ilde ussasyrap hondan bärsi. Hükgi ussa dagy bulaň ýanynda ussanyň gowusy eken pahyr. Ussa diýseler, adam şularam hilbir zat öýdäýýärem-dä näme. Biziň ilde seniň ýalak ussasumaklara alany haram diýilýändir!

Oturanlaryň arasyndan turup, Gaçy kiçijegiň nämä jibrinýänini bilmek üçin, saplanan pili ellerine alyp gören ýene bir-iki adam hem pili näçe içgin synlasalar-da, gykylyk gopmagyň sebäbine birbada düşünip bilmediler.

Pil, hakykatdanam, öz sapyna, demrine görä, hiç neneňsi saplanylmandy. Ýöne olaram: «Hüm-m» edişip, edilen işe göwünleri ýetmeýän ýaly, ýeňselerini tüňňerdişip, hamala Goçy kiçijegi mamla tapýana meňzeşip durdular.

Begendik ussa müýn çekip ýygryldygyça goh barha artdy. Kymyş duzça Gaçy kiçijegiň ussany gelmişek hasaplap, garaw görerin öýtmän aýdýan saýrykdyryjy gepi ýaramady. Ol ilki düňderilibräk seredip, ýagdaýyň çenini aldy. Soňundanam halamazlyk bilen, Gaçy kiçijegi nazar astyna alyp çytyldy:

— Eý, Patdyň ogly, gohuň näme-ow seniň? Nä, bu ýeri Tagtabazaryň bazarydyr öýtdüňmi?

Adamlar onuň ýeňsede öz gaplaň taýpasyna meňzäp, gylawlanyp, düýrügibräk oturanyny gördüler.

Bada-bat dawanyň hörpi peseldi. Gaçy kiçijegiň hem

möjek sesini eşiden it ýaly, howunyň basylanlygy belli boldy. Ol pili gören bolup duran adamyň elinden aldy-da:

— Kymyş akga, bir gör-ä muny, heý, beýle-de bir pil saplanylýanmydyr, hä, özem gazy pil edinjek zadym, äý, bok atar hökmünde sapladýan bolsam-a jähennem diýjek. Ýylan ýaly, egrem-bugram bolup dur bi — diýip, ony görkezmek üçin Kymyş duzça uzatdy. Gaçy kiçijegiň gojadan pikirdeşlik goldawyny tamakinligi onuň hörpünden düşüşip, mylaýym-syrap, söz urşundan bellidi.

Kymyş duzçy özüne uzadylan pili eline aldy-da, onuň eýlesine-beýlesine seredensoň, başyny göterip, töwerekdäki özüne seredip duran adamlara ýaňsyly, düşnüksiz nazaryny aýlap goýberdi.

Onuň bolşuny görüp, öz eden işine gojanyňam göwni ýeten däldir öýdüp, haly gyl üstünde duran Begendik ussa hasam erbet boldy[1].

— Hany, aýt, han ogul, şu piliň saplanyşynyň nämesi bolanok?

— Görä, Kymyş akga, sapynyň towlanyp durşuny! — diýip, rejäniň geň däldigini aňan Gaçy kiçijek ýöwsel gep-ledi.

— Piliň saplanyşynda-ha gep ýok, han ogul, sapy egrem-bugram bolup duran bolsa, oňlurak sap tapaýsaň bolmady-my? Sapyň egri bolsa, ussa nätsin ony? Egrisini getirseň egrisini, dogrusyny getirseň dogrusyny saplar-da ol näme.

— Hükgi ussa-ha... — diýip, ýene-de Gaçy öz tarapyny çalyp, bir zat diýmekçi boldy. Ýöne onuň näme diýmekçi bolýanyny eýýäm öňünden aňan goja gazaplanyp, oňa sözüni soňlamaga maý bermän, aýgytly gepledi:

— Gepi köpeltme. Hükgiňem bilemok, pükgiňem. Görüp-

---

[1] *Birnäçe ýyldan soň Begendik ussa şu gohy ýatlap: «Göçüp gelenime ökündim, göwnüme, töwerekdäki ähli adamlar meni halamaýan ýaly göründi, eger Kymyş aga dostumyň şol hereketi bolmadyk bolanlygynda, şol günüň özünde goşumy daňyp, yzyma göçmekçidim» diýip gürrüň eder.*

dik-le Hükgiňem, şu ussadan artyk başarýan goşy ýokdy şonuňam.

— Beý diýme, Kymyş aga! Hükgi ussa tüpeňe nil ýasan adamdyr.

Gaçy kiçijegiň tekepbirlik bilen özüniňkini dogry etmek üçin ýüzüne çiňňerilip, gotdy-gotdy edip durmagy Kymyş duzça ýaramady. Ol donunyň synyny silkip, oturan ýerinden galdy-da, elindäki pili gahar bilen ýol üstüne zyňyp goýberdi.

— Bar, git-de, onda piliňem Hükgi ussaňa oňart. Onsoňam, bilip goý, ýene gaýdyp ussa deginäýseň, eşitdim-eşitmedim diýme, degirmeniň daşy depäňden inen ýaly bolar. Bolduň meniň başyma ussa tanaýan kişi... Hany, dogurýan bolsa, ataň kiçijegem bolsa, eneň seni çynarboýly ýigit edip dogursa bolmaýarmy, eneňem atylan tohumy gögerderdä, ussa-da getiren sapyňy saplar-da näme. Haý, duwalbaz...

Dymyşlyk aralaşdy. Hiç kimden esli wagtlap ses çykmady. Ýaltalaç şemala gatylyp öwüsýän ýalyn jaryň boýunda ösen gargy gamyşlaryň ygşyldysyny getirýärdi. Bady alnan Gaçy kiçijek pilini Kymyş duzçyň gahar ugruna yrgydyp zyňan ýerinden alyp, yzyny garaman, hüňürdäp gitdi...

...Kymyş duzçy Begendik ussanyň ýanynda bolýan gürrüňçilikden öýüne gijigip geldi. Ol gelen mahaly taýynlan nahary sowap barýan Jemal mama ogullaryna: «Ataňyzyň-a ýene-de bir ýerlerde düşegi ýumşady. Siz bir nahary sowamanka iýiň!» diýip, olara nahar äbermekçi bolup otyrdy.

Kymyş duzçy aňyrdan tanyş çybşyldy bolup, ardynjyrap geldi. Bosaganyň öňünde hokgasyny galdyransoň, öýe girip, dondur telpegini çykaryp, öz oturýan ýeriniň gapdalyna atdy. Içeri yssydy hem onda naharyň tamşandyryjy, tagamly, ýakymly ysy bardy. Ol oturyp-oturman, aladasyny oglanlary bilen bölüşdi:

— Sizem eşitdiňizmi, oba ýene-dä bir ýakymsyz gürrüň ýaýrapdyr?

Orazgeldi kakasynyň nämäniň gürrüňini etmekçi bolýanyna dessine düşündi:

— Täze häkimiýetiň indiki çykarjak hokgasy eýýäm öňünden oba «myş-myşa» öwrülip, dolup ýaýrapdy.

— Bu gep oba şuranyňam-a öz tapan gep-ä bolmaly däl — diýip, Orazgylyç gürrüňe goşuldy.

Orazgeldi oturan ýerinden öňräk omzap, küýzedäki ýaňyrak getirilen sowuk guýy suwundan ýene bir käse guýnup içdi.

Ojagyň ýeňsesinde biraz mundan öň agtyklarydyr gelinleri bilen naharlanan Jemal mama adamlara nahar guýup uzatmak üçin ýas-ýaňyja ýuwup arassalan çanagyny süpürip oturyşyna «Däne alynjak» gürrüňi gulagyna degensoň, ýenede durup bilmän, göçenini duýman galdy:

— Iliň barja dänesinem toparlap alyp, çagalara gum ýalatjakmykalar? — Şeý diýip öz töweregindäki agtyklarynyň ýüzüne aladaly göz aýlap goýberdi, soňundanam tosurdap, ýene gürrüňini dowam etdirip käýindi: — Tüýs «Ekgende ýok, dikgende ýok, harmanda häzir hoja» diýleni-dä. Salgyt diýibem-ä dänäni her ýyl bir alýan bolsa, bu ýyl iki aldy. Oňa bolsa ýene däne gerekmiş. Hä, hol gyr ýaly üýşüp, dag bolup duran bir zatdyr şol baryp alybereriňe...

Kymyş duzçy aýalynyň şeýle häsiýetiniň barlygyny bilsede, onuň urdurylyp gürrüňe goşulmagyny häzir halaman: «Goý-how, seniňki nämaý!» diýýän hörpde çytylyp seretdi.

Jemal mama düşündi. Şundan soň ol ýene-de towuk ýaly ir ýatmany öwrenen, gapdalynda pallaşyp oturan agtyklaryna düşek ýazdyryp, ýatyrmagyň aladasy bilen boluberdi.

Bugdaý oragynyň gutaranyna bir aýdan gowrak mahal geçenem bolsa, onuň algy-bergili gürrüňi entek-entekler tükenerli däldi. Orak başlananda ýekebara daýhanlara döwlete berilmeli paç hökmünde alnan hasylyň dörtden biriniň berilmelidigi aýdylypdy. Ýöne bu şert däne ýyglyp, harman atylansoň üýtgäpdi hem ýekebara daýhanlar alan dänesiniň

dörtden birini däl-de, göni ýarpysyny döwlete geçirmeli edilipdi. Adamlaryň meýdandan dänesini öýüne getirenine on-on bäş gün geçip-geçmänkä, oba şura öz adamlary bilen ýene-de oba aýlanyp, daýhanyň ol dänesine hem dawa salyp bölüp alypdy.

Oba arasynda her ýerde-her ýerde dänesini beresi gelmedikler bolupdy. Olary şol hepdäniň özünde şäherden ýörite gelen prokuror Sapar daraz, Gurban çaňňa ýalylary «tersçil» atlandyrlyp ile göz edip tussag edip, şähere äkidip, ol ýerde on gün zyndanda saklap, soňundanam zährelerini ýaryp, sypdyryp goýberipdiler. Sapar daraz oba gelensoň adamlaryň ýanynda:

— Däne bilen sypsak kaýyl bolduk. Şeýlebir zulum edýärler welin, talap etse, ejeňdir bajyňam boýnuňa mündürip, öz eliň bilen eltip bermäge kaýyl bolaryň ýaly -- diýip, ol ýerde gören zulumyny ýatlap nalapdy.

Indi telim ýyllardan bäri ekmeýän, ekeni hem bitmeýän, dawa-jeň bilen ekere hem eli degmeýän, daýhany kowlup-çapylyp, ine-gana hasyl alara goýulmaýan ümmülmez Orsyýet açlyk çekýärdi. Şol günlerde Moskwa Türkmenistanyň ýolbaşçylary Atabaýewiň, Popogyň adyna yzly-yzyna däneli otly kerwenlerini atarmagy talap edip, gyssagly habarlar gönderýärdi. Ýogsam, bu ýyl Türkmenistanda galla diýseň bitgin bolupdy. Her öý diýen ýaly döwlete salgydyny berenden soňam telim çuwal dänäni duluna söýäp, arly ýyl nanly bolarlyk bolupdy. «Bol hasyl guşa-gumra, il-güne beglik» diýleni bolupdy. Emma bu ýerde hasyl näçe gowam bolan bolsa bir million türkmenistanlylar bolup, ol ýüzläp million ajy ähli hasylyňy ýylmap-ýygnap bereniňde-de doýurmak asla mümkin däldi. Açlygyň özi häli-häzir gapydan garamadygam bolsa, onuň wehimi eýýäm bu töwerekde hem howp bolup, adamlaryň kalbyny eýeläp ugrapdy. Olar öndenem öz güzeranlary üçin saklap oturan däne gorlary elle-

rinden «Hökümete gerek» diýlip bölünip alnansoň, galanja dänelerini ýatlaşyp, gapdalyna süýt-gatygyny, gawun-garpyzyny hem ýanasam indiki bişikçilige çyksam gerek diýşip, çen-çak urşup ýaşaýardylar.

Ýöne döwlet ýolbaşçylarynyň welin muňa düşünmeýänligi bildirýärdi. Talap üstüne talap edilýärdi. Ýogsam, bu ýerde düşünip-düşünmez ýaly zat hem ýokdy-la. Olaryň Pendi baýyrlaryny gum depeleri däl-de, üsti suwalyp goýlan ammarlardyr, bir ýanyndan susup alybermelidir öýdýändikleri, ýöne iliňem ony bar bolubam beresi gelmeýän hökmünde daýhanlaryň töweregine çyzyk çekip ugrandyklary duýulýardy.

Orazgylyç oýurganyp, öňem bir gezek aýtmaga synanan pikirini aýtdy:

— Bolmasa, bizem, käbirleri ýaly, soňra kyn güne düşüp kösenmez ýaly, birki çuwal dänämizi ýygşyryp, onda-munda gömäýenimizde näme?

— Bu-da şeýle bir çykalga däl — diýip, Orazgeldi onuň bilen bada-bat ylalaşmady.

— Onda näme etjek? Dänäniň-ä, ýetişen maşgala ýaly, hyrydary barha köpelýär.

— Onyň dogry. Gallaň-a berseňem aljak bolşup durlar bermeseňem. Onsoňam nirede gömseňem bular edil ysgaw iti ýalydyrlar, gömen ýeriňden tapyp, gazyp alarlar.

— Tapylanam hiç, onsoň olara: «Kymyşlar täze hökümete bermejek bolup, dänelerini gizläp, gömüp goýupdyrlar» diýip, yrsaramaga hem bahana bolar.

— Bulardan her zada garaşybermelidir! — diýip, bu gezek Orazgylyç hem kakasydyr agasynyň hatyrjem pikiri bilen ylalaşdy.

— Ozalam nämesindenligini bilemok, Ýagdy şuranyňam soňky döwürde bize gezek gelende birhili gygy ajap, bir zat diýäýesi gelip duran ýaly — diýip, Orazgeldi onuň golaý-

daky harazda özüni görüp, tumşaýyp boluberşini ýatlady.

Şonda Orazgeldi nobaty gelip, öz elten dänesini degirmene berip, üwedip durka, bir ýerden Ýagdy peýda bolup, hamala görmeýän ýaly onuň duşundan dazanaklap geçip, ýüz-gözlerini çaňjardyp, gyrawladyp duran kilwanyň ýanyna barypdy-da, bir aýagy bilen gapdalda ýatan däneli çuwallaryň biriniň bykynyna depip, oňa gelýän adamlardan haraz döwletiň ýerinde bolany üçin, döwletiň suwunam ulanýanlygy üçin, her däne çykarýandan alynýan salgydy köpeldip, onuň döwlete geçirilmelidigine talap bildiripdi. Hemişe Ýagdy şura barha ersip barýan-da bolsa, Orazgeldi bilen duşuşypgabatlaşan ýerinde: «Orazgeldi aga» diýip, sypaýysyrap, saglyk-amanlyk alşardy. Bu gezek welin, hamala, ol Orazgeldini görmeýän ýaly, oňa barmysyňam diýmändi. Yzyna dolanyp gidip barýarka bolsa: «Kymyşyň oglanlary ýetişikli-ow, eýýäm bular iliň öňi bolup, dänelerini degirmene gabap durlar. Almaly bolsa, gabady gelse, zatdan gaýtjak adam däldir bular» diýip, ahmyrly hüňürdäp geçipdi. Orazgeldi Ýagdynyň özüne bir zat diýenini aňsa-da, degirmeniň güpürdisi bilen onuň näme diýenini şol wagt oňly eşitmän galypdy. Şeýleräk gürrüň bolanlygyny soňra oňa kilwanyň özi aýdyp beripdi. Kymyş duzçy uly ogluny diňläp, hezil gürrüň eşiden ýaly, öýüň tärimine arkasyny diräp oturşyna myssa ýylgyrdy:

— Aý, göterim adamdyr-da. Gomalar goýar. Onsoňam bu beglik, bu dekin baýlyklar onuň nirede gören zady?! Her ýeteniň injigi götermeýär bu zatlary! — diýip, bu ýagdaýlary giňgöwrümlik bilen gojalarça tirdi.

Kymyş duzçynyňam maşgalabaşy hökmünde aladasy ýeterlikdi. Maşgalany aldyrman-böldürmän nädip abat saklamaly, nädeniňde nä borka diýen pikirler onuň kalbyndan gitmeýärdi. Ýeke galan mahalynda-da, namaza durup, Taňrynyň özüni eşitjegine ynanyp, göwün togalap duran wagty hem oňa sygnyp, halys ýürekden gowy dilegler diläp durýardy.

Häzirki onuň oglanlary bilen edip oturan gürrüňleriniňem aňyrsynda maşgalanyň abatlygyny saklamak bilen bagly şol bir aladalar bardy. Ol köp halatda oglanlary agzybir, hatyrjem bolanlarynda ojagy dargytdyrman, depeletmän saklap galyp boljagyna tama bilen ynanýardy.

Dünýäniň derdi bilen ümürläp ýöpşüne mahal-mahal gojanyň kalbyna bu tüwdürilip, sil suwy bolup gelýän apytupanyň öňünde durup bolmaýjak ýaly duýgy hem döräp, süňňi ýakymsyz bir zady syzan ýaly bolup, gara basan dek howpurganardy.

Atalary bilen ýagdaýlar barada pikir alşyp oturan Orazgeldidir Orazgylyç ukulary tutup, ýerli-ýerden pallaşyp ugransoňlar, öýli-öýüne dargaşma bilen boldular.

Jemal mama agtyklary Aganazardyr Allanazaryň aralygyndaky öz ýatýan ýerine geçip, bireýýäm uklap galypdy. Kymyş duzçy Allanazaryň togarlanyp, ojagyň ýanyna gelip dykylanyny görüp, Orazgylyjy ýolundan saklap:

— Sen, oglum, Allajanam göter-de, ýerine geçirip git! Düşeginden gaýdyp, gaty ýerde ýatyr-a ol! — diýdi.

— Çabalanyp ýatmak häsiýeti-dä bulaň — diýip, Orazgylyç Allanazary göterip, ýerine geçirip durşuna, onuň beýleräginde el-aýagynyň hersini bir ýere taşlap, serlip ýatan öz ogly Aganazara hem guwançly nazaryny aýlap goýberdi. Çagalaryň süňňünden göterilen çyrşak gatyşykly ýakymly ys oňuň burnuna urdy. Ol şonda käte agtyklaryny söýüp oturan ejesiniň şeýle halda aýdýan guwançly gepini ýatlady. Ol: «Çaganyň ysy, gaýtarma gelniň ysy, mazynyň ysy ýaly müşk ýokdur, olaryň ysy jennet ysydyr» diýmäni halardy.

Orazgylyç daş çykanda yssy mese-mälim kiparlap, jeňňel tarapdan gurbaga kerep ysly şemal ösüp ugrapdy. Ol ýyldyzlara seredip, gerinjiräp durşuna durmuş barada birsalymam bolsa gysgaça pikir öwürdi.

Türkmen aganyň giňden tutan ýurdy bar, çölünde mal bak,

kälinde ekiniňi ek, hasylyňy al, ýaşa, ata-eneň, bala-çagalaň içinde ýalkap, ýalkanyp iliň biri bol-da. Ýöne o bolýar, bu bolýar, seni öz günüňe goýýalarmy, bir zat tapylyb-a dur.

Orazgylyç töwerekdäki soňky bolýan zatlary ýene bir gezek ýatlady. Töwerege aýlaň-çaýlaň edensoň, gapynyň gapdalynda ýer diňläp ýatan Alabaýy basaýmaýyn diýip, onuň gapdalyndan aýlanyp, öýüne girdi.

* * *

Söýünalyda durmuş alasarmyk halda geçýärdi. Orazgeldi aňyrdan gelende, öýünde ölügsi çyra yşygy bardy. Oguljuma entek ýatmandy, ol köýnegini laýygrak ýama bilen ýamap oturşyna adamsy barada: «Bi-ýä atasynyň ýanynda eglendi, bolmasa, işimi gutaramsoň ýataýyn, çyranam özi gelensoň öçürer-dä» diýip otyrdy.

Orazgeldi içerik girip aýalyna: «Sen entek ýataňokmy?» diýip, gapynyň agzynda, giren ýerinde keçäniň gyrasynda oturyp, çokaýyny çykarmaga durdy.

— Esl-ä oturdyňyz özün-ä — diýip, Oguljuma ýatmak üçin, iňňesini belli ýere sanjyp, işini düýrmek bilen boldy.

— Aý, akgam-da, garry adam-da bende, bizi alada edýär — diýip, kakasy hakda gürlände, onuň äheňinde mähirli minnetdarlyk duýuldy.

Oguljuma başyndaky börügini aýryp, kellesini ýeňiljek ýaglyk bilen çigensoň, ýatar ýerine—düşege tarap süýşdi:

— Çyrany özüň öçürersiň-dä!

— Öçirin.

— Gije daş-iç çykylanda, aýaga çolaşaýmasyn, sowarak goýawer!

— Senem, enem ýaly, şol öwretmeli zadam, öwretmesiz zadam aýdyp oturmasaň bolanok.

— «Gaýyn-gelniň topragy bir ýerden alnan» diýilmänmi

näme? — diýip, garaňkyda Oguljumanyň gülümsirän sesi eşidildi.

Çyra öçürilenine uzak wagt geçmänkä, mellegiň aýagujynda it sesi eşidildi. Orazgeldi: «Bu näme boldugyka?» diýip, ýassykdan başyny göterip, diňşirgenen mahaly, kimdir biriniň daşarda ite özüni tanatjak bolup: «Alabaý, Alabaý!» diýip, basyksy ses bilen itiň adyny tutup, hajyk-hujuk edip, öýe golaýlap gelýänligi eşidildi. «Kim bolup bilerkä, janlarym, gijäniň bu gaýry wagty bizi gerekläp ýören?»

Onýança aňyrdan gelýäniň aýak sesi gapa golaýlady:

— Orazgeldi aga, Jummanje!

Oguljuma bu tanyş sesi ilki eşiden mahaly ony düýşdür öýtdi. Onýança ol ses biraz öňküden batlyrak ýene-de bir gezek gaýtalandy.

— Hih, akgasy, bu Mahmyt janyň sesi ýaly-la! — diýip, Oguljuma dessine beýleräginde goýan börügini başyna sokup, geleniň habaryny almak üçin begenjine adamsyndan öň laňňa ýerinden galanyny hem duýman galdy.

Ornundan galyp gelýän Orazgeldiniň sesi ony bosaganyň agzynda saklady:

— Hany, sen çyrany ýak!

Oguljuma ýalňyşmandy, bu gelen onuň öňräk topy-topalaňy bilen Owganystana göç eden doganlarynyň biri Mahmytdy. Gözünden uçan doganynyň gelmegine Oguljuma juda begendi. Hatda onuň ýüregi-de begençden gürs-gürs edip, sesli urdy. Ýöne, ýylgyrmasyny, begenmesini ýaşyrman durşuna özüniň zenan ornuny saklap, dogany bilen adamsyndan soň görşüp, onuň bilen saglyk-amanlyk soraşdy. Çyranyň yşygyna görünýän, gözden uçan doganynyň ýüzüne teşnelik bilen guwançly seretdi.

Mahmyt telpegidir ýanynyň onbirataryny gapdalynda goýup, doganynyň ýorganyny gapdala syryp giňelden töründe arkasyny tärime berip, aýbogdaşyny gurup ornaşdy. Gürleşip oturşyna Oguljumanyň, Orazgeldiniň ýüzüne mahal-mahal

bolsa ýeňsede mysylaşyp, uklaşyp ýatan ýegençilerine tarap mähirli göz aýlap, nazary bilenem maşgalanyň hal-ýagdaý habaryny alyp otyrdy.

Mahmyt: «Iýip-içip geldim» diýse-de, Oguljuma ýuwlan gazanyna suw çaýkap, dessine kakmaç etden nahar atardy. Hamala, doganynyň geljegini bilen ýaly, şu gün öýlänara bolsa-da, ol ertire goýman, tamdyry dolduryp, täze hasylyň unundan nan bişirenine, ony häzir höwes bilen doganynyň öňüne alyp berýänligine, atasy öýüne baýrynyp hem onuň sarpasyny saklap ýaşaýan zenan hökmünde begendi. Entek öz ýylysyna, hoşboý mähirli ysyna dolanyp duran melemyssyk nanly saçagy orta goýdy. Doganyny arzylap, oňa bir palawam iýdirip goýbermelidigini ýatlap, gowy sebäpler üçin apalap saklap ýören şalylaryndan düýnde-öňňinde köwzemänligini ýatlap bolsa, oňa palaw iýdirip bilmejegine gynandy.

Oguljuma soňra ýeňil gopup, doganyny hezzetlemegiň aladasyny edip ýörkä-de ondan gözüni aýyrmaýardy. Ol doganlary Owgana gidensoň, olardan oňly habar bilmeýärdi hem «Ýene-de bir siziň güler ýüzüňizi görmek barmykan?» diýip, zenanlarça janköýerlik bilen bagryny ezip gezýärdi. Onuň häzir gözünden uçan mähriban doganyny öz eli bilen göwnejaý hezzetläsi, birsalymam bolsa ony görüp, buýsanyp oturasy gelýärdi. Owgandaky ýakynlarynyň atlaryny tutup, olaryň hersi barada aýratynlykda soraşdyrýardy.

Orazgeldi Mahmyt bilen saçak başynda çaý içişip, hal-ýagdaý bilen bagly gürrüňler edişip oturdy.

— Ol ýerde gün-güzeranlar nähili onsoň?

— Her hili, Orazgeldi aga. Aç-ýalaňajam, dok ýaşaýan adamlaram bar.

— Siziň ýagdaýlaryňyz nähili?

— Biziň ýagdaýlarymyz, Hudaýa şükür, gowy. Akynýaz akgam ol ýerde-de sylag-sarpaly adam, oňa bärden baran-

larynam, owganynam salasy düşüp dur. Gerek bolanda, bürgüdem ony: «Akynýaz türkmeni getiriň!» diýip galasyna çagyryp sala salýar. Bizem şol atamyz ornunda saýalap otyr.

— Bu ýerden gidýänleriňem birdir-ikidir yzyna gaçyp gelýänem bar.

— Orazgeldi aga, ilçilikdir, bardyr her hilisi. Owganystan bir gaty ýurt, o ýerde ýer meselesem, suwam, ýene şonuň ýaly, örän ýagdaýly. Onsoňam biziň halkymyza «Gel!» diýip, gujak açyp duran ýer barmy? Ähli zady puluň bilen malyň, akyl-başarnygyň bilen şol ýeriň özünde gazanmaly. Biz-ä, şükür, Akynýaz akganyň arkasyndan howly edindik, ýerimizem bar ekip-dikere, malymyzam.

Mahmyt Mämmet hanyň uly aýaly Oranýazdan bolan çagalarynyň arasynda iň kiçisidi. Ol oglanlygyndan bäri dogany Oguljuma Kymyş duzçulara gelin bolup düşensoň, ýumşa ýarap, iki öý arasynda gatnap gezen doganlaryň biridi. Mahmyt maşgalada eljiräbräk össe-de, ol soňra dogumly, gaýratly ýigit bolup ýetişipdi. Akynýaz baý Tagtabazaryň şäherinde Döwkomitetiň başlygy bolup otyrka, ony gatyşyp-garyşyberse täze ýagdaýlara gowy öwrenişer diýen tama bilen Baýramala ugradyp, traktor sürmäni öwredipdi. Soň ol gelip, Söýünalyda bir orus bilen traktorly ýerem sürüp gezipdi. Şonuň üçinem oňa obada Mahmyt traktil hem diýip ugrapdylar. Orazgeldi onuň traktor sürüp gezenligini ýatlap: «Ol ýerd-ä traktor ýok bolsa gerek, biz-ä gije-girimem, sesiň ýaň salýan wagtam itleriň, eşekleriň seslerini eşidýäs welin, ol tarapdan traktor sesini eşidemzok heniz» diýdi.

Mahmyt jogap bermezinden öň: «Siziň diýýäniňiz näme, Orazgeldi aga?» diýýän manyda aşak bakyp, myssa ýylgyrdy-da, soňra jogap gaýtardy:

— Ol ýerde traktil näme işlesin, beýleki näme işlesin? Bolaýanda hem onuň ýagam tapylmaz. Dogrusyny dogry aýtmaly, ol ýerde bolşewigiňki ýaly uly tutumam ýok. Orus

diýeniň demriň Hudaýy ekeni bi. Traktil onuň hol ýerden gelýänini görse-de tarlap, atyň eýesiniň öz üstüne atlanmaga gelýänini görendäkisi ýaly, hyýallanyp-höweslenip hokranyberýän ekeni.

Mahmat bu sözi aýdanda onuň höwes bilen öz süren traktoryny ýatlanlygy belli boldy.

Maýdarak dogralyp gazana atylan ýaş malyň eti töweregine ýakymly ys ýaýradyp, birsalym ojakda gaýnansoň, dessine bişdi. Oguljuma çanagy nahardan dolduryp, adamsydyr doganynyň öňüne äberdi. Mahmyt ýaňy dogany nahar atarmakçy bolan mahaly sypaýyçylyk etse-de, bişip öňe gelensoň, ondan işdämenlik bilen iýdi. Oguljuma naharynyň yzysüre täzeden demleşdiren çaýly çäýneklerini hem saçagyň bäri ýanyndan eltip, olaryň öňlerine gapdalynyň käseleri bilen uzatdy. Özem şundan soň adamsynyň arkasyny gabalap, olaryň ýanyna golaýrak süýşdi.

Bu ýerden oňa Mahmydyň ýüzi, gabatda duran çyranyň yşygyna biraz gyzarybrak, gowy görünýärdi. Mämmet handyr keşmerli doganynyň ýüzi birde oňa kakasyny ýatlatsa, ýene birde beýleki doganlary Akynýaz baýdyr Hojany ýatladýardy. Öz mähriban öýleriniň indi başga ýerde, gaýry ildeligini ýatlamak bolsa oňa hemişe agyr düşýärdi. Aýralygy ýatlanda, ýene-de hüpläp, onuň damagy doldy, gözünde biygtaýar gözýaş buldurady. Oguljuma düşekde parahat uklaşyp ýatan çagalaryna seredenden bolup, adamsydyr doganyna görkezmän, bürenjeginiň etegi bilen gözýaşyny syldy.

Adamlar bu günler özleriniň günbe-günden agralyp barýan durmuşlarynyň sebäbini, esasanam, ähli zadyň öňüne düşüp ýörensoň, täze hökümetdenem däl-de, ýurdy belet çapar edip ýören Ýagdy şuradan görýärdi. Onuň il-gününe janköýerlik edip, ýokarky başlyklar bilenem dil tapyşyp, halkynyň bähbidini arap işlänliginde beýle gabahatçylyklaryňam öňüni alyp

boljaklygyna ynanýardylar. Ýagdy şurany beýlekilerden tapawutlanmak bilen, telpek getir diýilse, kelle kesip getirýänden bolany üçin halamaýardylar.

Ýagdy şurany ýok etmek üçin, eýýäm iki gezek dagy synanyşyk hem edilipdi. Ondan sütem görüp, Owgana geçenleriň birkisi gije derýadan ýüzüp geçip, onuň bilen haklaşmakçy hem bolupdylar. Ýöne, ol bagty getiren şol günden bir gün öň, şäher ýolbaşçylary bilen goşulyşyp, Mara ýygnaga gidipdi. Şunuň ýaly-da ahmyrlylaryň Owgandan gelip, onuň janyna kast etmek üçin ikinji eden synanyşyklary-da ýene-de şowsuz bolupdy. Ýogsam, olar aňyrdan, Ýagdy şuranyň obadan uzakda «Deýme ýer» diýen ýerde alty-ýedi goş bilen gije-de gaýtman, ýatymlaýyn ýer sürdürýänininiň anygyny bilip gelipdiler. Aňyrdan gelen ahmyrçylar gijäniň bir wagty, hatar tutup ýatan sürümçileriň duýdurman, ýüzlerinden ýorgany serpip görseler-de, olar hiç ýerden şurany tapmandyrlar. Öz ýagdaýyna belet Ýagdy şura hem hatyrjem bolup, ätiýajy aňsat elden bermeýär eken. Sürümde hem il başyny kybla goýup ýatsa, ol ýörite şol ýorganyň aşagynda kellesini tersine goýup ýatypdyr. Onuň beýdäýjegi kimiň kellesine gelýär? Ahmyrçylar ýene-de duşup bilmän, ellerini burunlaryna sokup, yzlaryna gaýdypdyrlar. Şu eşiden zatlaryny ýatlan mahaly, Oguljuma ilki öz jigisiniň hem şeýle bir maksat bilen gelen bolmagyny pikir edip, biraz howatyrly oýlandy. Ýöne, näçe pikir etse-de, ol özüniň bu pikirine soňra ynanmady.

Mahmyt şeýle pikir bilen gelen bolsa, onuň öz kesdiniň ýetäýmek mümkinçiligini ýatlap, doganynyň öýüne dagy darajak gümany barmy? Oguljuma doganlaryna beletdi, olar ejizlerine öz bähbitleri üçin kölege düşjegini bilseler, beýdenden ölenlerini gowy görmeýärlermi!?

Nahar iýlip, töwir galdyrylansoň, Mahmyt öňüne süýşürilen çäýnekden bir käse çaý guýnup aldy-da, özüniň habaryny bermen boldy. Orazgeldiniň egni üstaşyr doganyna tarap

sähelçe seredip goýberdi:

— Jummanje, men-ä siziň halyňyzdan bir habar al diýip, Akynýaz akgam iberdi.

Orazgeldi bir zat geplärli bolsa-da, diňşirgenip, geplemedi. Oňa derek ady tutulan Oguljuma minnetdar bolup dillendi:

— Bizi sylany Hudaý sylasyn!

— «Gaýtsa, Oguljuma ejeňi öýi, bir depik gumy bilen göçürip alyp gaýt!» diýdi. Ol täze häkimiýetiň sygrynman, size-de yrsarap sürünýänligini bir ýerden-ä eşidipdir.

Orazgeldi başyny aşak sallap, iki doganyň arasyndaky barha alşyp barýan gürrüňi diňläp, gep özüne degişli däl ýaly aşak bakyp oturansoň, ol Mahmydyň özüne tarap hem gönüläp, seredip goýberýänini görmeýärdi.

Doganyny diňläp, Oguljumanyň göwni bitdi. Onuň özüni ýatlap, hossar çykyp gelenine begenip, monça boldy.

Şeýle-de bolsa birbada hiç kimden ses çykmady. Soňra bu dymşyklyga ýene-de Mahmydyň özüçe düşünenligi, Orazgeldini serhetden geçmegiň howpurgandyryp, endişä goýanlygyny pikir edenligi belli boldy. Ol:

— Ýoluň aladasyny etmäň! Serhetçilerem bize beletdir, aňsat batyrynybam bilmezler. Men ýeke gelmedim, ýanyma içinden ýalyn geçen ýigitleriňem birnäçesini alyp geldim. Gorap, sag-aman serhetden geçirip alyp gitmäge ýagdaýymyz bar! — diýip, ol ýene bir gezek öz öňki sözüni nygtady.

Dogrudanam, Watandan geçip, göterilip gidibermek ýeňil işem däl. Şeýle pursat diňebir Orazgeldini däl, eýsem, kimi oýlandyrmandy, kimi howpurgandyrmandy!? Mejburlyk bolmasa, aňsat ýurtdan başyny alyp gidesi gelýän barmy!? Ondan gidiljek bolnanda hemişe, ynsanyň ysnyşan ýeri, öwlüýäsine düýnän ata-baba mukaddeslikleri, höwrügip ýürek beren durmuşy bilen bagly, ençeme göze görünmeýän sapajyklar onuň synyndan çekýär.

Adamsy doganynyň sözüne wagty bilen jogap bermänsoň,

Oguljuma adamsyna sala salyjylyk bilen Orazgeldiniň ýüzüne gözledi.

— Akgasy, ana, görüp otyrsyň, Mahmyt jan-a biz diýip gelipdir. Gitsek, öz ýanlaryna bizem göçürip alyp gitmäge gelipdir, hany, onsoň, sen näme diýjek muňa?

Orazgeldi sähelçe başyny göterip, Mahmydyň ýüzüne seretmän, aýalyny synlabrak atymyna aldy:

— Gidesiň gelse, heleý, hol-ha ýol, özüň gidiber. Menden saňa rugsat! Seniň ol ýerde ejeň bar, doganlaryň bar. Çagalarymy goý-da, isleseň, göteriliber. Öýdenem başga näme alasyň gelse al, sypyryp-syryp äkidip bileniň özüňki. Meniň-ä Watany goýup, gitjek ýerim ýok. Näme, başa gelse, onam şu ýerde görjek!

Orazgeldiniň bu janagyryly gep saluwynda Kymyşlara mahsus aýlawsyz gönümellik bardy. Bu gönümellik özem hemişe şunuň ýaly düwün çapmaly bolanda, olarda gapdaldan gelen ýaly, duýdansyz peýda bolýardy.

Oguljuma ýanýoldaşynyň towly gepini gaty görmedi. Ýaşmak dişläp, dymyp oturşyna oýlandy: «Onuň ýerine özüm bolan bolsam, näme jogap tapardymkam!?» Elbetde, bu jogap munuň ýaly bolman, biraz sypaýyçylyklyragam bolup bilerdi. Ýöne, Orazgeldi ony etmez, gepi oýnaýan ýaly aýlap-öwrübem durmaz, kymyşçylar-da, soňuny saýman patladaýar. Mahmydam gitmek barada söz açanda biraz bärden gaýdypdy. Öý eýesi otyrka oňa däl-de öz hossar çykyp gelenini nygtap, doganyna ýüzlenmegi, hakykatdanam, bellibir derejede Orazgeldiniň maşgalasyndaky kanun bolan «menini» kemsidipdi. Mahmydyň welin doganyna ýüzlenmegi olaryň ikisine hem bilelikde ýüzlendigidi. Munuň başgaça bolmagy hakda söz ýokdy, ol gelende-de bir öz doganynyň däl, onuň maşgalasynyň yzyndan gelipdi. Ýöne, bu gep aýdylanda bir öz doganyna aýdylan ýaly bolup eşidilipdi.

Mahmydyň gelmegini Orazgeldiniň özem bu wagt min-

netdarlyk bilen, gerçek doganyň edäýjek işi hökmünde ýatlap otyrdy. Serhetden geçäýmek, onda-da häzirki ýaly gyzyl oduň içinde bu zady başy etege salyp edäýmek, elbetde, her kimiň edip biljek işi däldi.

Orazgeldi sypaýyçylyksyz gürlese-de, Mahmyt erkek adama erkek adam hökmünde düşünenligi üçin, ondan göwün edip durmady. Parahat halyny saklap, çaý içenden bolup, öz sözüniň soňky jogabyna garaşdy, Haçan-da ol başyny göterip, içerik üns beren mahaly, öýüň çyra ýagtysy bilen ikä bölünip, onuň peski böleginiň ýagtylykdan, ýokarky ikinji böleginiň bolsa çyzgalyp, ýokary göterilen gara matadan giňiş edilip tikilen, çyra öçdügem ýene aşak inip, içerini ýaparman aýal köýneginiň etegine meňzäp, köwlenip duranyny gördi.

— Mahmyt jan, doganym! — diýip, söze başlanda Oguljumanyň ýürekden çykýan sözleri hasam göwne batnykly, mylaýym eşidildi — Ejiziňizi ýatlap, arka durmak üçin, men diýip gelipsiňiz, begenip, depäm gök diredi. Dogan bor—siz ýaly bor! Men Akynýaz akgamdanam, Hoja doganymdanam, sendenem, Mahmyt jan, o dünýe-bu dünýe razydyryn. Ýöne, biz gitmäli! — Soň ol şu ýerde ýüzüne sähelçe adamsyna tarap öwren ýaly etdi-de, ýene-de gepini dowam etdirdi. — Men Orazgeldiniň bolan ýerinde bolaryn, ölen ýerinde-de ölerin.

Şu gürrüňden soň her kimiň öz kenaryna tarap ýüzüp barýanlygy anyk boldy. Ara dymyşlyk düşdi. Mahmyt käsesindäki sowan çaýyndan owurtlan bolup, öz eşiden jogaby hakynda oýlanýan ýaly ýene biraz oturansoň, öý eýelerine ýüzlenip, olardan gitmäge rugsat sorady. Oguljuma şundan soň turup, elini sandygyň üstüne galdyrylan ýorganlaryň arasyna sokup, ol ýerden bir ýaglygy sogrup aldy-da, doganyna berip goýbermek üçin, saçakdan iki sany nany, öýde bar bolan kak-sökdenem onuň üstüni tümmekläp, Owgandaky dogan-garyndaşlaryna ýetmegini isläp, dolap-daňyp doganynyň

eline berdi. Ejesine, doganlaryna, olaryň çagalarydyr aýallaryna köp dogaý salam aýdyp, onuň bilen aýrylyşasy gelmän, gapynyň öňünde ýene-de esli durdy. «Toýlarda duşuşaly!» diýse-de, ara serhet düşeni üçin, indi dogany bilen duşuşjagyna känbir ynanyp hem barmaýardy. Oguljuma dogany bilen hoşlaşýanyna gynanyp-gyýylýanam bolsa, onuň ýadynda özüniň perişan keşbiniň galmazlygy üçin, gözýaşsyz hoşlaşmaga gurbat tapdy. Mahmydy minnetdar, güleryüz bilen ugratdy.

Orazgeldi hem Mahmydy öýden çykaryp, ugradyp barýarka, oňa minnetdarlyk bildirdi:

— Mahmyt, gitseň, ana, sag-aman bar! Bizi sylap, kelläňi etegiňe salyp, howply ýola düşüp gelipsiň. Taňry ýalkasyn!

— Sizem sag-salamat galyň, Orazgeldi aga! — diýip, Mahmyt onuň bilen elleşip, gadyrly hoşlaşdy.

Mahmydyň onbirataryny orta bilinden tutup, ýapyýokary inişden aşak jara tarap düşüp gidenine köp wagt geçmänkä, şol tarapdan at aýaklarynyň sesi eşidildi, ol seslerem soňra barha daşlaşyp, gaplaňlaryň Jedel depesiniň gaýralygyna aýlanan ýaly bolup, ýitip gitdiler.

Töwerek imisalalykdy. Söýünaly gijäniň süýji ukusyna gark bolup ýatyrdy. Gündizlerine seleňläp, obanyň depesinden seredip oturýan baýyrlar, häzir gijäniň gara oýlugyna çolanyşyp, hümer tutuşyp oba tarap ýetip gelýän mähellä meňzeýärdiler. Myhmanynyň giden yzyny gulagy bilen yzarlap, pikirinde ony aman-esen derýadan geçirip duran Orazgeldi ýene bir salym daşarda gijäni boýlap duransoň, öýüne dolandy.

* * *

Söýünaly obasynyň şura başlygy Ýagdy Narly ir ertir şähere ýygnaga diýip gidip, ol ýerden gijöýlänler eselip, howalanyp geldi. Onuň petekesini ýokary göterip, ähli zadyň depesinden seredýän ýaly boluberşinden, şurany nämedigi

belli bolmasa-da, haýsydyr bir heseriň galtanlygy belli boldy. Ol aňyrdan gelşine oba şuranyň ýaňrak diwarlary agardylan jaýynyň kölegesinde birki sany adam bilen gürleşip oturan jigidiň özüni görüp, ylgap öňüňden çykyp, atyny tutup: «Şura aga, gelenmisiň?» diýen wagty hem onuň äheňi keýpiniň hiç neneň däldigini mälim etdi.

— Hä, «Gelenmisiň?» diýip, gümansyratmaň näme? Atyň üstünde şu dagyň bölegi ýaly bolup oturan adamy göreňokmy? — diýende, onuň gepi bokurdakdan oýnap çykdy.

Hemişe ýygnakdan gelende, hasam tomus günleri ol aňyrdan ýadaw, ol ýerde eşiden özüne degişli talaply geplere hem biraz kejigip keýpsiz, çaýsyrap, kepip gelerdi. Onuň ilkinji, hemişe atdan düşüp-düşmän aýdýan gepi: «Demini alyp duran çaýyňyz-a ýokdur-da?» diýen sorag bolardy.

Soňundanam ol öňüne äberilen çäýnegiň çaýyny sarkyryp içip bolýança, dünýä düňderilip barýanam bolsa, arz bilen hiç kimi kabul etmezdi. Hanuma daş gapyda oturyp, onuň ýanyna gelenlere: «Şura ýaňja ýygnakdan gelip, öňüne bir çäýnek çaý aldy. Garaşyň, çaýyny bir arkaýyn içsin-dä!» diýip, onuň ýanyna hiç kimi goýbermezdi. Onuň bu çaý içýän mahaly bilen bagly: «Men çaý içip otyrkam ol-a oba adamlarymyşyn, hatda Narly gamyşçy gelse-de, ýanyma goýbermäň, mazamy almaň!» diýip, kakasyny mysal getirip aýdan talaby-da bardy.

Oba şuranyň howalanybermegi, munuň özi bolsa tötänleýinem däldi. Şäherde bolan ýygnak, ýakynda Aşgabatda boljak döwlet derejeli abraýly gurultaýa Tagtabazar raýony boýunça gatnaşjak mynasyp adamlary saýlap-seçmek meselesine hem seredipdi. Şonda ýygnak ol ýere raýondan raýispolkomyň başlygy Mämmet Pollyny, raýkomyň birinji sekretary Ata Hymlyýewi saýlapdy, gitmelileriň ýene biri edilibem işi has ilerleýän obanyň wekili hökmünde Ýagdy Narlynyň ady görkezilipdi.

Bu ýygnaga, ozal daş gulakdan eşidilişine görä, Sugty obasynyň oba şura başlygy, raýonda-da öz gepini nagt edip diýip, diňledip bilýän Guljaş Gara gidýämiş diýip eşidilensoň, onuň üçin bu, birhili, garaşylmadyk ýagdaýam bolupdy.

Ýogsam, üçünji bolup kimiň Aşgabada gitmelidigini raýon ýolbaşçylary OGPU-nyň jogapkär işgärleriniň göwnüne geňeşip, mundan iki gün ozal özleri üçin anyklapdylar.

Ilki Guljaş Garany ol ýygnakda Tagtabazar halkynyň adyndan gürletmek göz öňüne tutulan hem bolsa, raýonyň birinji sekretary Ata Hymlyýew Atabaýewiň şeýle ýygnaklarda degerli geplän adamlardan göwni ýetse: «Şul-a maňa gerek adam ekeni!» diýip, ýokary wezipä çekip, derejelendiribem goýbermesiniň barlygyny ýatlap, şeýle bagty getirenleriň biri bolmak arzuwy bilen ýygnakda Guljan Gara däl-de, özüniň çykyş edäýenini kem görmeýänligi üçin: «Ol ýerde daýhanyňam-a sözi gerekdir welin, raýon kommunistleriniň ýerlerde alyp barýan işleri bilen baglap edilse, ol has gowy bolar» diýensoň, çykyş soňra Ata Hymlyýewe ynanmaly edilipdi. Guljaş Garany ýygnakda çykyş etdirmek meselesi aradan aýrylansoň, şol ýygnakda Söýünalynyň oba hojalyk önümlerini öndürmekde bu ýyl has depik alanlygy ýatlanylyp, ýygnaga daýhan gitmeli bolsa, şol obanyň adamsy has mynasyp görlüpdi. Şonda raýispolkomyň başlygy Mämmet Polly: «Daýhan äkitmeli bolsa-ha, ol ýerde Nurjuma bardyr» diýipdi. Ýöne OGPU-nyň başlygynyň orunbasary, il içinde: «Aman orus başlygyna-da diýenini etdirýämiş, ondan Ata Hymlydyr Mämmet Pollam çekinýämiş» diýilýän özi baradaky gürrüňlere göterilen Aman orus: «Siz, näme, adamlar, onuň baý-gulagyň arkasyny alaýjak bolup duran adamdygyndan habarsyzmy?» diýip, gyňraýlyp, gyşyk gepi ara basansoň, Nurjumanyň tarapynda hiç kim galmandy.

Şeýdibem uly ýygnaga gitmeli adamyň Söýünalydan bolmalydygy, Nurjumanyňam ol ýere gitmeginiň islenilip baryl-

maýanlygy belli bolansoň, oňa şura başlygy Ýagdy Narlynyň ady görkezilipdi.

Oba şura atdan düşensoň, jaýyň öňünde özüne garaşyp duran adamlar bilen aýak üstünden biraz gürleşip duransoň, olaryň hersine eşitmek isleýän geplerine meňzeş gepleri göwünjeňlik bilen aýdyşdyryp, Hanumanyň içerde öz habaryny almaga gyssanýanyny ýatlap, soňam höwesli yzyna dolandy. Gapynyň öňünde aýaklaryny «tarp-tarp» kakyşdyryp, köýneginiň synyny çekişdirip, ykjamlanyp, içerik ätledi.

Ol içerik giren mahaly gapynyň çep ýeňsesindäki stol başynda oturan Hanuma gulagy bilen daşarynyň habaryny alyp, şuranyň gelip, atdan düşenini görüp, onuň adamlar bilen eden gürrüňleriniň hümürdisini eşidip, öz ýanyndan, gapdalynda basyryp goýan çaýyny, gelip ýerine geçensoň, onuň öňüne alyp bermägä howlugyp otyrdy. Tanyş aýak sesi ynamly-ynamly basyp golaýlap gelýärkä ol gozgalaňa düşüp, çaşan saçlaryny sypalap, ýeňsesine çalyp, başyna çolan ýaglygyny aşagrak çekip, synasyna serenjam berip, has mynasyplanmaga çalşanyny onuň özem duýman galdy.

Ýagdy gelip giren wagty Hanuma owsunyp ýerinden turup, göwnühoşluk bilen ony şelaýyn garşylady:

— Başlygym gelen ýaly-la?! — diýip, eýemsirenip näzli gürledi.

— Başlygyň-a gelendir, gelinbaý! — Ýagdy şeý diýdi-de, stoluň gapdalyna çykyp, owsunyp duran gelni ýüzugra harsa gujaklady-da, höwes bilen ony kükregine göterdi. Näzli zenan garaýşynyň onuň kalbyna joş berenligi belli boldy. Gelniň nar ýaly gyzaran ýaňaklaryndan badyhowalyk bilen ogşap-ogşap aldy.

— Heý, goýber, waý, goýber, oglan! Häzir biri gapydan geläýse nätjek?! — diýip, Hanuma sypmak isläp, onuň gujagynda urundy. Ýöne aňyrdan keýpli gelen Ýagdy şura: «Goýber!» diýeni bilen ony goýberäýýärmi näme? Ýagdy onuň ýumrula-

nyp duran kükregine hyruç bilen kükregini oýkap durşuna aýagyny ýere degirmän, uçuryp töweregine aýlap, höwesini egisdi.

Hanuma, hamala, bir bolmasyz zatlar bolup barýan ýaly, aýagy ýerden üzülenden hopugyp, ör gökden geldi. Dyzanyp Ýagdynyň kükreginden iki eli bilen itip, onuň gujagyndan boşamaga çalyşdy. Daljygyp, uýatly haşylap gepledi:

— Weý, başlygym, saňa näme boldy bu gün? — diýip gülümsiräp gyzaryp sorady.

Ýagdy jogap ýerine, öz tebigatyna mahsus beleň alyp, gomalma bilen, towuk ketege kürsäp giren tilkä meňzäp ýalmanyp durşuna jogap ýerine hondanbärsi bolup gabarylyp ýylgyrdy:

— Häli ýoldan gelýäkäň, harabalygyň duşundan geçeniňde, it-guş bolup öňüňden çykýamyş diýilýän jyn-arwaha-ha duşan dälsiň-dä? — diýip, Hanuma indi öňküden biraz düşüşenirák hörpde sözlerine näz-kereşme gatyp, saljaýybrak gepledi.

— Bir zat bolanyn-a bildiň sen, gelinbaý, ýöne anyk näme bolandygyny bir bilen bolsadyň! — diýdi.

Bu sözi Ýagdy Narly gelni goýberip, öz ornuna ýönelip barýarka aýtdy. Ol ýerine geçip oturansoň, gapynyň öňünde howlukmaçlak bilen üst-başyny tertibe salyp, bagjygy ýolnup, sähelçe açylan ýakadan salgym atyp görünýän gelin göwsüne ýene bir gezek hyrydar seretdi.

— Bilen bolsam, näme bolardy onsoň?

— Bilen bolsaň, men däl-de, sen meni şeýdip gujaklardyň. Akgaňlar indi gitdi, saklap bolmaýar!

Hanuma ýene-de tä Ýagdynyň özi aýdýança, onuň ýüreginiň nämüçin ýerinden gozgananlygyna düşünip bilmedi. Häzir Ýagdynyň harbylar mysalynda geýen ýakasy dik, ýolbaşçy işgärlere row bolan penjek-köýneginiň iliklerininň birki sanysy ýazansoň, onuň güberçekläp duran döşüni alarladyp, haşal ota meňzäp ösen tüýleri hü  erişip görünýärdi. Onuň Hanu-

ma seredip, özünden göwnühoş ýylgyryp, stola ellerini diräp, çemelenibräk büküdip, ýene bir hyýala münene meňzäp oturşy ýene birden atylyp, ýerinden turup, Hanumanyň daşyndan alagüpürdi bolup aýlanyp, onuň enter-pelegini aýlap, hezillik tapyberli göründi. Hanuma agyp ýeňsä düşen başbogma ýaglygyny çekip alyp, täzeden gelin bolup, başyny baglady. Ýagdy şura geler diýip demläp goýan, demini alyp duran çaýyny bir käse bilen onuň öňüne alyp berensoň, Ýagdy öz gürrüňine köp garaşdyrmady. Hanuma seredip, Aşgabatda geçjek uly ýygnaga raýkomyň sekretary Ata Hymlyýew, raýispolkomyň başlygy Mämmet Polly ýoldaşlar bilen özüniň hem oňa gitmäge mynasyp görlendigini mälim edip, uly ala gözlerini buýsançly balkyldatdy. Bu habar Hanumany hem begendirdi. Ol: «Bahana bilen Aşgabadam görersiň» diýip, Ýagdy Narlyny mähirli nazar bilen mübärekledi. «Hemişe hemme ýere sen däl-de, başgalar gidip ýörmelimi näme? Sen, näme, olardan az hyzmat görkezýän adammy?» diýip, guwançly makullady.

— Onyň-da dogry, gelin baý. Bu mesele-de biziň şu ýylky tabşyran artykmaç dänämiz-de, ýazlyk ýüňümiziň artan möçberi-de «Aşgabada kim gitmeli, kim has mynasyp?» diýlende, hökman göz öňünde tutulan bolmaly.

Ýagdy şuranyň soňky Aşgabada gitmek bilen bagly aýdan gürrüňleri Ýagdy bilen Hanuma üçin çola ýerde ikiçäk galan mahaly aýdyşylýan är-aýalyň mylakat söhbeti boldy.

Ýagdy şura şundan soň Aşgabada gitmek üçin alty aýlyk alys ýola gidýän ýaly birnäçe günläp, yhlas bilen taýynlandy. Goýun soýduryp, gowurma etdirip, süýde ýumurtga gardyp, täze bugdaýyň unundan külçe ýapdyrdy. Ol ýerde hem şeýle derejli ýygnaklara baranlary hökümetiň aýratyn dereje goýup sylaýanyny eşitse-de: «Gerekli goşuň agramy bolmaz» edip, ýolşaýyny öňünden ykjam tutaýanyny kem görmedi.

Heniz ugramanka, ýolagçy ynjalyksyzlygy bilen pikirinde telim bir gezek Aşgabada gidip geldi.

Ýene bir gezekde ol birazam bolsa Aşgabady gören adamy diňläp, ondan ony-muny soraşdyryp, paýtagta bärden baranda gökden düşen ýaly bolmazlyk üçin, maglumat bilmäge, 1927-nji ýylda ol ýerde düzülen Türkmen atly goşun bölüminde jigit bolup gezen Gyjany ýatlady. Suw tutup ýören ýerinden ony tapyp, Aşgabat barada ondan bilesigelijilik bilen soraşdyryp oturdy.

Gyjan bolsa bir göwnaçyk, sada, gowy ýigit. Gören ýerlerini ýatlap, Ýagda çaý berme maksady bilen oda goýan tüňçesiniň töweregine elindäki kesewisi bilen köz jemläp oturşyna ondan bir, mundan bir çykyp gürläp otyr:

— Aşgabadyň Eýran tarapynda-ha bir uly dag bar, ol biziň Pendi, Garabil baýyrlarymyza meňzese-de, ondan has beýik hem berk. Arly ýyl diýen ýaly depesiniň gary agaryp görnüp durandyr. Ol ýerde biziň Murgabymyz ýaly jylaw çeýnäp akýan derýa-da, köp suwly, uly ýabam görmersiň, şäher arassa çeşme suwuny içýär. Aşgabat owadan şäher, ol ýerde münderlenip, hopba berlip gurlan kaşaň jaýlar Maryňkydanam köp. Biz jigitlikde Maryda-da bolupdyk üç aý dagyn. Lenin agaňam bir gowy ýadygärligi bardyr şol ýerde, şäheriň ortasynda, barsaňyz onam size görkezerler. Hamala Lenin nepis halylar bilen basyrylan bir tamyň üstüne çykyp, elini serip, gepläp duran ýalydyr. Ol ýadygärlik 1927-nji ýylda açylanda bizem, türkmen jigitleri bolup, şol dabara gatnaşypdyk. Kowçum-kowçum, sap-sap bolup durkak Atabaýew, Aýtakow dagam Türkmen respublikasynyň beýleki ýolbaşçylary bilen bize guwançly seredişip, öňümizden geçipdiler. Onsoňam belläp, köne-küşül üýşürilip, suratdyr ýarag-esbap görkezilip, gürrüň edilýän «Muzeý» diýibem bir ýere erterler. Biz-ä dynç günlerde häli-şindi äkidýärdiler şoňa, barsaň görersiň, täzeden-köneden ýadyňa-köýüňe düşmeýän zatlar bardyr ol ýerde. Gadymky

adamlaryň ulanan gap-çanaklaryny, geýim-gejim böleklerinem, süňkleridir kelleçanaklaram durandyr bir gapdalda serlişip. Görseň, öz geçen ata-babaň ýadyňa düşübir, şolara degişli bolaýmasyn diýeniňi hem bilmän galarsyň...

Gürrüň şu ýere ýetende Gyjanyň bir garagol pikir küýüne geleni, gabady gelende Ýagdy şuranyň çetine degermen bolanlygy-da belli boldy. Ol Ýagdy şurany nazarlap, böwregini bökdürip, keýpihon dillendi: — Ýagdy jora, ýöne sen ol çakyr süňkleri görseňem, Arap Reýhanyňky ýaly, haltada düýe bilen gelen süňkleri öz synasyna deňäp, Çardagly Çandybile Görogly begiň kastyna giden inisi Aman Arabyň süňklerini tanajak bolşy ýaly edibermegin, ikimiziň ata-babamyzyň süňküni gözlemeli bolsa, ol bu jelegaýda ýokdur, bolsa-da ony dagdan aňyrdan bir ýerlerden gözlemelidir — diýip degdi.

Çetine deglen Ýagdy şuranyňam özüne gyjalatly seredip, daýaw göwresini eýläk-beýläk ýaýkap hezil edýän Gyjandan kem oturasy gelmedi. Häzirlenip-gerňeldi, ähtimal, öz ata-babasynyň nädip türkmen topragyna düşüşi barada şol wagt bir dem salymam bolsa oýlanandyr?!

— Onda şol ýerde bir gulaksyz-guýruksyz, pudarlanan atyňam gezip ýören bolmagy mümkin — diýip, ol hem ýesersi ýylgyryp, Gyjana jigitlik ýyllary bilen bagly osalkemisini ýatladyp öç aldy.

Öz ýetmeziniň ýatlanylmagy göwnaçyk Gyjanyň gaýta göhüni getirdi. Ol şol günleri ýatlaýşyny mälim edip, başyny hereketlendirýär, belki, öz başarnyksyzlygynyň pidasy gulaksyz-guýruksyz galan atyny göz öňüne getirýär.

Bu gepiň döremegine Gyjanyň jigitlikden gaýdyp gelen günleri, esgerlik durmuşyny ýatlap, çybyk çapmak türgenleşik okuwy geçilen mahaly, elindäki gylyjyny çybyga salyp, dessindäki atyň gulagyny ahmallykda alyp düşenligini şol gezek ýanyna gözaýdyňa gelen deň-duşlaryna hezil edip, onuň özi gürrüň beripdi. Obaň jahyllaryna-da, nä, şunuň ýaly gep

gerek. Bir eşidensoň adamlar, onsoň, beýle hezil-tosaly ýatdan çykarýarmy? Şondan bärem oba adamlary kimdir biri edýän işini ediläýmelisinden başgaçarak etse: «Näme, muny Gyjanyň çybyk çapyşyna öwräýdiň-le!» diýlip, taba salnyp aýdylardy.

Ýagdy şura juda özüne nähili gürrüňiň gerekligini anyk bilmese-de, belet hökmünde Gyjanyň ýatlan zatlaram onuň Aşgabat baradaky öňki bilýäniniň üstüne uly bir zat goşmady...

Marydan gelmeli adamlar Aşgabada gurultaý başlanmazyndan iki gün dagy öň geldi.

Gün doganam bolsa ertir entek özüniň terligini, serginligini ýitirmändi. Asmanyň ýüzi büs-bütin solaksy syýa reňkdäki syrça meňzäp arassady.

Aşgabat wokzalynda gurultaýa gelenleriň öňünden ýörite döwlet ýolbaşçylaryndan ybarat topar çykyp, olary gümmürdedip, dabaraly saz bilen garşyladylar. Otlynyň wokzala gelip duranyna köp wagt geçmänkä, eýýäm bu ýerde adambary dyknyşyp, hyň berip, hamala, wagonlardan düşmelisinden has köp adam gelip düşene meňzeýärdi. Soň görlüp oturylsa, Lebapdanam gurultaýa gatnaşmaly adamlar marylylar bilen şol bir otluda gelip düşen ekenler.

Iki oblastdan gurultaýa gatnaşmaga gelenleri mübärekläp, soňra gelenleri garşylaýan döwlet toparynyň ýolbaşçysy, ýurduň ýer işleri halk komissary Täşli Annamyradow olary şanly senä gatnaşmaga gelmekleri bilen gutlap söz sözledi. Täşli Annamyrat diýlen syrdam boýly, ýaşy ýaňy kyrkdan geçip ugran, saçynyň etegine ak sepen dogumly adamdy. Onuň boldumly burny çogdumlanyp ösen murtunyň depesinden howalanyp abanyp dur. Egninde çal-goňras matadan tikilen birsydyrgyn geýimi, başynda soňky döwürde ýolbaşçylaryň row edip geýýän kätmensypat Stalin papagy bar.

Ýagdy özüniň köne tanşyny ýaňy horjunyny egnine atyp, iliň soňragyndan otludan düşüp gelýärkä görüp tanapdy:

«Täşli-de bar ýaly-la bu ýerde» diýip, onuň töweregindäki adamlaryň arasynda derejelenip mynasybetli duranyny görüp, öz ýanyndan tanyşlarça oňa guwanypdy. Aňyrdanam ol: «Aşgabatda biziň Täşläm-ä bolmaly, uly ýygnak bolsa, belki, onam göreris» diýip pikir edip gelýärdi. Ine, indi bolsa judabir duşaýjagyna ynanyp hem barmaýan adamsynyň özi bir bölek adama baş bolup, olaryň öňlerinden çykyp, dabara edip dur.

Täşli Annamyrat ozal telim ýyl Tagtabazar ispolkomyna, soňra onuň partiýa komitetine ýolbaşçylyk edipdi. Işlän döwründe ol tutanýerlilikde, başarjaňlykda bu ýerde özüni tanadypdy. Moskwa okuwa iberilen Täşli bir ýyla golaý mundan öň ol ýerden dolanyp gelip, Aşgabatda respublikanyň «ýer işler» komissary bolup işleýärdi.

Tagtabazarda şol günler: «Pendide sowet häkimiýetini ornaşdyrmak üçin Täşliniň eden işini öňem, soňam hiç kim bu ýerde eden däldir» diýlip, onuň zabunlygy ýatlanylýardy.

Ýygnakdan soň adamlaryň birnäçesi Täşli Annamyratdyr onuň ýanyndaky ýeneki hökümet adamlarynyň töwereginde ýene bir salym tanyşlarça saglyk-amanlyk soraşyp hümerlenişip durdular. Ýagdy salamlaşmak üçin adamlaryň arasy bilen Täşli Annamyrada ýakynlaşan mahaly, ol Lebapdan gelen eginlek keltepaýçarak, boldumly gyzyl ýüzli adam bilen Moskwany ýatlaşyp, hezil edip, birek-birege ýene-de duşanlaryna begenişip, şüweleňli gürleşip durdular. Lebapdan gelen şol barmana:

— Täşli, onsoň, ol biziň Moskwada tapan gyzjagazymyz nähili? — diýip sorady. Täşli hem buýsançly ýylgyryp:

— Bazar aga, gyzyňyz-a dünýäniň gepini gepläp, gulpaklaryny tasadyp ylgap ýör — diýip, ene-atalaryň gürrüň arasynda öz çagalary ýatlananda bolşy ýaly, kalbyna hoşluk çaýyp, minnetdarlyk bilen oňa jogap berdi.

Täşli okap ýörkä, şol ýerde onuň gyzjagazy dünýä inipdi.

Moskwada okaýan, işleýän türkmenler şonda üýşüşip, gyzjagazyň Moskwaly bolup dogulmagyny öz aralarynda hezil edişip belläpdiler. Gyzjagazyň dogluş dabarasyna gatnaşanlaryň biri bolan Bazar aga häzir şol gowy pursady ýatlaýardy.

Täşli Annamyrat Ýagdy bilenem, ony göreninden: «E-hä, Ýagdy, senem barmydyň?» diýip gadyrly görüşdi. Tagtabazar ýatlandy.

— Ýeri, onsoň, Pendiniň ýagdaýy nähili?

— Şol görüp gaýdyşyň ýaly şol-a.

Täşli:

— Aňyrrak süýşen-ä dälsiňiz-dä? — diýip, gürrüňine öwrüm bilen degişme äheňini berdi.

— Aňry gaçyp geçip, soň ýene ol ýerde ýerlemän, derýadan ogryn-dogryn bärligine ser-sepil bolup geçip ýörenlerem bar.

— Serhet juda golaýam-da size.

— Arada bir derýa — şol Murgap bar-da.

— Gitseler giderler-dä. Ýöne, Watandan-a gowy ýer-ä tapaýmazlar.

Täşli şu sözi aýdanda, bu ýagdaýyň ýene ony aladalandyrandygy belli bolýar, ýüzüne pikir kölegesi çaýylyp gidýär. Ýagdy Täşli Annamyrat bilen: «Gurultaýda duşuşarys» diýşip hoşlaşansoň, ýene-de, Aşgabady ilkinji görýän hem ony pikirinde öz gören şäherleri Tagtabazardyr Marysy bilen deňeşdirýän bilesigeliji adama öwrüldi. Howalanyp, dagyň bölegi ýaly bolup duran wokzal jaýyny höwesli synlap: «Munuň wokzaly dagysam edil köşk ýaly eken, özge ýerleri dagy nähilikän?» diýip höwesli oýlandy. Şolbarmana Ýagdynyň ünsi eginlerine pendili aýal-gyzlaryňky ýaly mahmaldan don geýen, başlary hem hut pendili zenanlaryň gyzyl-sary hasa dolap geýýän börükleri ýaly börükli bir gyrada kimdir birine garaşýan ýaly üýşüşip duran ýedi-sekiz aýala gözi düşdi. Içinden: «Bäý, biziňkilere meňzeş

geýinýän eken-ow bularyňam aýallary» diýip oýlandy. Aýallaryň arasyndan bir akmapraç, gülse gülküsi ýüzüne ýaraşyp duran, börüginiň üstünden kiçiräk ýaglyk atynan, başyny bogan aýal bolsa onuň nirededir bir ýerde gören aýalyna meňzäp, oňa has tanyş bolup göründi. Ýagdy içinden:

— Bä, bularyň donlary hem, başbörükleri hem biziňkilere meňzeş eken, ýöne ol kiçijik topbulyja gelni men nirede gördümkäm? — diýip oýlandy.

Myhmanlary garşylap, öz töwereklerinde toparlap beýemçilik edip, ýol görkezip ýören adamlaryň biri şol arada aýallaryň ýanyna gelip, olary yzyna düşürip äkidensoň: «Haý, tanamadym-ow baýtalçany, aslynda, ony nirede gördümkäm? Öz-ä bir han-bege mynasyp maşgala diýleni ekeni» diýip, Ýagdy olaryň yzyndan seredip galdy. Marydan gelenleri täze gurlan «Daýhanlar öýüniň» ikinji gatynda ýerleşdirdiler. Ýagdy gaýtmazlarynyň öňüsyrasy «Komsomoldanam bir adam bolmaly» diýlip, özlerine dördünji bolup goşulan Ýazdurdy Beknazar bilen bir otagda ýerleşdi.

Olam gele-gelmäne, horjunynyň gözünden bir düwünçek çykaryp: «Şu ýerde biziň ýegenlerden Nagym diýip bir okuwyň ýoluna düşen bar, muny öýlerinden şoňa iberdiler» diýip, ýygnak başlanmanka ony görermen boldy. «Özi bir müjüje welin, okuwa örän yhlasly oglan. Ilki ony Daşkende iberip, bir okuw okutdylar. Aşgabada işe gelensoň, ol bu ýerde öz erdenlimiz, ýoldaş Atabaýewiň maşynyny sürýän Saýyl Nurjuma duşup, olam muna: «Seniň bu okan tehnikum okuwyň entek ýarym okuw, şu ýyl Aşgabatda ýokary bilim berýän täze okuw açylýar, sen şoňa gir okajagyň çynyň bolsa!» diýipdir. Onuňam, näme, gözläp ýörenem şonuň ýaly zat. Indem, tüweleme, girip, şony okap ýör. Eýýäm ol ýoldaş Atabaýewiň özi bilen tanyşmaga, onuň tarypyna-da mynasyp bolmaga ýetişipdir. Ýoldaş Atabaýew oňa: «Şeýle yhlasly

bolsaň, soňra seni Moskwa, Leningrad ýaly ýerlere hem okuwyňy dowam etdirmäge ugradaryn» diýenmişin» diýip, guwanç bilen onuň gürrüňini etdi.

Ýazdurdy göwünjeňlik bilen: «Ýör, bile görme-görşe baraýaly, ýoldaş borsuň!» diýse-de, Ýagdy göwnemedi. Onuň boş wagtyny öňüne alyp, Aşgabady synlasy, köçelerine aýlanyp gezesi gelýärdi.

Ýazdurdy çykyp gideninden birsalym soň, olam geýnip ýola düşmek bilen boldy. Geň galaýmaly, Ýagdy ýokarky gatdan basgançak bilen gurultaýa gelenden bolup, häsiýetine görä howalanybrak düşüp gelýärkä, şol wokzalda gören tanyş keşmerli aýalynyň brinji gatdaky aşagyna haly düşelip, gyralaryna stullar goýlan aýmançanyň bir tarapynda töweregine birnäçe aýallary üýşürip, mahal-mahal Staliniň ýeňsedäki diwardan derejelendirilip asylyp goýlan suratyna hem seredip goýberip, ýürek joşguny bilen gürrüňdeşlik edip oturanyny gördi. Ol bir öwrümde, basgançakdan iki-ýeke basyp aşak düşüp gelýän, egni harbylarça gysby geýimli, aýagy lowurdap duran ädikli, daglylaryňka meňzeş talawlap duran boldumly burny gür ösen murtlarynyň üstüne abanyp duran Ýagda hem oturan ýerinden gözüni aýlap goýberdi. Onuň: «Şu-da oňa biraz meňzemänem duranok» diýip, içinden öz gürrüňini edýän adamsy bilen pikirinde deňeşdirip alýana meňzedi. Aýallaryň gapdalyndan geçip barýarka gürrüň berip oturan aýal: «Iosif Wissarionowiç meni mähir bilen gujaklady. «Ýakşy, çoh ýakşy» diýip, türküçeläbem goýberdi» diýen joşgunly sesini eşiden dessine, tanyş ýüzli gelni özüniň nirede görenligi güpbe ýadyna düşdi.

Bäş-alty aý mundan ozal Moskwada bolan haýsydyr bir uly ýygnakda I.W. Staliniň hut özüne türkmen halkynyň haly sowgadyny, minnetdarlygyny gowşuryp, soňundanam onuň gujagyna dolup, şady-horram bolup surata düşen görmegeý gelin Berdiýewady. Ol barada gazetlerde köp ýazylypdy. Onuň

Staliniň gujagynda çogup duran bagtyýar suraty häli-şindi metbugatda berlip durulýardy. Geliniň ýüzi häzirem şol Stalin bilen duşuşygyndaky ýaly görmegeý hem bagtyýardy...

Ýagdy Aşgabadyň köçelerini ädigininiň «jarkyldysyna» guwanyp aýlanyp ýörkä, ýene-de näzenin gelin Berdiýewa hakynda pikir etdi. Özüne osup, her döwürde hem ýolbaşçy adamlaryň hemişe-de öz haýsydyr bir göz öňüne tutan maksadyna ýetmek üçin ençeme halatlarda görmegeý aýallary ulanandyklaryny öz bir wagtky eşiden üç galalylar baradaky rowaýaty bilen degşirip, deňäp ýatlady.

Onuň beglenip, eýemserenip bolup oturşy Ýagdynyň eýýäm küýsegine öwrülen öz Hanymasyny ýatlatdy. Ýagdy soň biraz öz häsiýetine mahsus müňkürlik bilen Berdyýewanyň, ýönekeý bir zenan bolup, nädip Stalinyň dagy huzuryna ýetip biljegi barada oýlandy. Bu oňa asla mümkin däl zat höküminde görünýärdi. Şol barmanada ol, özüne osup, Kremliň gazabyndan goranmak üçin munuň respublika ýolbaşçylarynyň biriniň tapan emelidir diýip pikir etdi.

Güýçliniň gazabyndan goranmak üçin paýhasly adamlar hemişe-de näzenin aýal-gyzlaryň, altyn-kümüşiň üsti bilen gadym döwürlerde hem bu meselede emel eder ekenler. Bu pikirler bolsa soňra Ýagdynyň syçanlaryň han pişigiň boýnuna jaň dakyşlary baradaky eşiden ertekisini ýadyna saldy. Ertekide bagty çüwüp, bir pişigiň ýurda han bolanlygy, özlerini tüýt-müýt etjegini ýatlaşyp, syçanlaryň muňa örän hapa bolandyklary, pişigiň gazabyndan aman galmagyň ýoluny gözläp, syçanlaryň soňra uly geňeş hem çagyrandyklary aýdylýardy. Şonda geňeşe gelenleriň biri: «Pişigiň boýnuna jaň dakmaly, şeýtsek, biz onuň her-hal golaýlanyny bilip, gaçyp ýetişeris» diýip, gelenleri geň galdyrypdyr. Eýsem, kimmiş ol pişigiň boýnuna jaň dakyp biljek syçan!?

— Maňa bir altyndan, tereň sesli jaňjagaz guýup beriň, jaňy pişigiň boýnuna özüm dakyp bereýin — diýip, muny

ýene-de şol syçan öz boýnuna alýar.

Şol altyn jaňjagaz bilen möhüm bitýän bolsa, onuň işi haýyr-la. Hemişe timisgenişip, altyn-kümüşli hazynalarda gezip ýören syçanlarda altyn gytmy näme? Zergär syçanlar şol günüň özünde altyn jaňy guýup, lowurdadyp taýyn edýärler. Syçanlaryň bolsa akly haýran. «Nädip dakjakkan bu pişigiň dagy boýnuna jaňy, uklap ýatyrka bildirmän baryp dakjakdyr-da» diýip, sadalaç pikir edýänler hem bar.

Şol günüň ertesi, ýaňky syçan ýene-de syçanlaryň iki sany ýüreklirägini ýanyna alyp, göni pişigiň köşgüne gelipdir. Ony, pursatdan peýdalanyp, han çykmagy bilen ähli syçanlaryň adyndan mübärekläp, boýnuna hem dabara bilen şol altyn jaňjagazy dakypdyr.

Şondan soň pişik ýörän mahaly jaňjagazyň öz gadamyna täsin jyňňyrdap berýän mertebesine hoş bolupdyr. Syçanlar bolsa jaňjagazyň jyňňyrdysyndan pişigiň nirä ugrap, nirede oturyp-turýanyndan hemişe habarly bolup durupdyrlar. Şeýdibem syçanlar bir döwrem bolsa, özlerine arkaýynrak ýaşamaga mümkinçilik gazanypdyrlar...

Ýygnak başlanmaly güni, hamala garaşýany bar ýaly, ol öz göz öňüne tutulan wagtyndan biraz eglenip başlandy. Ýagdy oturan ýerinden, derejelendirilip öňe çykarylan, üstüne gyzyl reňkli mata ýapylan stoluň aňyrsyndaky oturan birnäçe tanyş ýüzleri görýärdi. Ortada esasy döwlet ýolbaşçylary Atabaýew, Popok, Aýtakow mahal-mahal gysgaça özara gep alşyp otyrdylar. Hatarda mähellä tarap boýugybrak seredip oturan, özgelerden birneme ýaşrak görünýän syratly ýigidiň hem Türkmenistan ýaşlarynyň başlygy Çary Wellekowdygyny ol tanady. Ol geçen ýyl pagta ýygym wagtlary Tagtabazara baryp gaýdypdy. Hormatly münberiň ikinji hatarynda oturan Täşli Annamyradyň hem mahal-mahal Atabaýew bilen Popogyň aralygyndan ýüzi görnüp gidýärdi. Stoluň çeträginde Berdiýewa bir ketgen saçly, syçrap duran rus aýalynyň

gapdalynda hamala onuň bilen görk-görmekde bäsleşýäne meňzäp, açyk ýüz bilen sähelçe ýylgyryp nurlanyp otyrdy. Münbere çykýanlaryň hemmesi ellerini oturanlara tarap salgaşyp, gözleriniň gytaklary bilen öňlerindäki kagyzlaryna seredişip, öz aýdýanlarynyň dogrulygyny nygtaýana meňzeşip janygyşyp, joşgunly gepleýärdiler.

Arakesmelerde adamlar kowçum-kowçum bolşup çilimleşip, naslaşyp, birbirleri bilen gürleşip-gülşüp, pikir alşyp, howlynyň bir tarapy eýelenip, myhmanlar üçin ýörite baglaryň aşagynda ýerleşdirilip taýynlanan stollaryň başyna geçişip, çaýlaşyp, gürrüňçilik edýärdiler. Ýörite suw hödür edilýän ýerde sowuk suw eňterişip duranlar-da az däldi.

Täşli Annamyradam her arakesmede diýen ýaly Ýagdydyr Mämmet Pollyny tapyp: «Hany, gowy nasyň bolsa, al bäri!» diýip, olar bilen naslaşyp, könäni ýatlaşyp durardy.

Ýagdy bir gezek ýygnak bolýan zaldan çykyp, gabatdaky bir bagyň aşagynda ýoldaşlaryna garaşyp durka, Täşli Annamyradyň aňyrdan Gaýgysyz Atabaýew bilen bir zat barada şüweleňli gürleşip gelýänini gördi. Olar golaý gelen wagty bolsa, Ýagdy baş atyp, at tutup, nygtap oňa salam berdi:

— Salawmaleýkim, ýoldaş Atabaýew!

Atabaýew baş atyp, gadyr edilip özüne berlen salamy alyp-almanka, haýsydyr bir zat ýadyna düşen Täşli gürrüňdeşiniň ünsüni salam beren Ýagda çekdi.

— Ýoldaş Atabaýew, men size bir zady aýdaýyn diýip ýördüm! — diýip, soňam garaşylmadyk ýagdaýda barmagyny büküp, Ýagdyny öz ýakyn-ýanlaryna çagyrdy. Soňam ony Gaýgysyza görkezip: «Gaýgysyz, ine, şu pyýada şol Akynýaz Mämmediň obasyndan!» diýip, ony tanyşdyrdy. Atabaýew şundan soň synlaýjylyk bilen Ýagdynyň ýüzüne täzeden gözledi:

— Akynýaz şeýdip gitdimi onsoň?

— Gitdi.

— Haý, oňarmandyr!...

Atabaýew bilen tötänlikde alşylan bu iki oýnam sözüň hörpi, onda Akynýaz Mämmet oglunyň sarpalanyp ýatlanmagy, derejeli adamyň ünsüni özüne çekmek arzuwy bolan Ýagdy kemsidiň «menini» kemsitdi. Badyny aldy. Atabaýewiň goçakdan ala gözleri oňa, birhili, aňtaýjylyk, närazylyk bilen hamala onuň edýän işlerini bilýän, ýöne makullamaýan ýaly seredene meňzedi.

Ýaňy Täşli ýanyna çagyranda, Ýagdy Atabaýew özüniň işleri, sowet häkimýetini halamaýan gatlagyň adamlary bilen alyp barýan bolşewiklerçe göreşleri barada soraşdyrar, eden işlerime göwni ýetse, belki, ol meni-de Täşli ýaly edip okadyp, ýokary işe çeker diýen tamaly pikirdedi. Atabaýewiň soragyndan bolsa bu pursatda onuň başga zat däl-de, öz ýakyn tanşy Akynýaz Mämmediň ykbaly barada oýlanlygy anyk boldy. Şundan soň ol ýolbars penjesine düşene meňzäp, wagty bilen özüne gelip bilmedi.

Ýygnakdan soň oba gelende, «Ýoldaş Atabaýew bilen elleşip görüşdim. Täşli Annamyrat tanyşdyrdy. Aýtakow, Popok, Wellekow ýoldaşlary-da ýakyndan gördük, sözlerini diňledik. Moskwada türkmen halkynyň adyndan ýoldaş Staline sowgat gowşuran Ene Berdiýewa hem bar ekeni» - diýip, baýrynyp gürrüň berse-de, gurrultaý welin onuň göwün diýşi ýaly bolmandy. Hasam Atabaýew bilen duşuşygy, onuň bilen eden gürrüňi köýünden gitmeýärdi:

— Akynýaz gitdimi şeýdip onsoň?

— Gitdi.

— Haý oňarmandyr!..

Bu «Oňarmandyr!..» ýöne, hälkibir, aýdylaýýan söz däldigine, onda: «Ol bu ýerde gerek oguldy» diýen pikiriň barlygynyň duýulýanlygy üçin, ol juda degerli sözdi.

* * *

Gurbanlygyň öňüsyrasy tomsuň howasy hasam gyzdy. Diňe agşamlaryna daňdanyň öň ýanlarynda az salymlygam bolsa howa biraz serginläp, kapas yssy karar tapýardy. Hemmeleriň esasy höregi suw bolupdy, ulular-kiçiler, içleri howur alyp barýan ýaly, eňterip-äňterip suw içerdiler. Söýünalyda sowuk suwly guýuly adamlaryň öýleriniň töwereginiň gelim-gidimi artypdy. Ýazda ýaşyl gülli kürtä bürenip, göz imrindirip, pasyrdap oturan Pendi baýyrlary indi goňras-çal lybasa çolanyp, ärlerinden göwni galyp, tumşaýyp, kese bakyp oturan oral aýallara meňzäpdirler.

Ýaşaýşyň ýaşyl reňki diňe derýa boýlarynda, ekin meýdanlarynyň ýokarsynda galypdy. Dänäni ýygnan daýhanlar indi pagtany abraý bilen alyp çykmagyň aladasysynda ýaşaýardylar.

Şol günleriň birinde ir bilen «Ýygnaga» diýip giden Ýagdy şura şäherden: «Mal ugrundan gaty eşegi bolanam kulakçylyga çekiljekmiş» diýen ýene bir howsalaly şum habar bilen ýetip geldi. Soňky döwürde adamlar onuň şähere gideninden gitmänini gowy görerdiler. Gitse, ol şunuň ýaly bir erbet habar bilen gelerdi. Gelibem ol her gezek ýetişse şol gün, ýetişmese şol günüň ertesi bu habary ýetirmek üçin şuralygyň tabynlykdaky kolhozlaryň adamlaryny toplap, ýygnak geçirdi. Ýokarda şeýle pikiriň bardygyny ol bu gezegem şol ýygnakda aýtdy. Soňundanam OGPU-nyň prokuror bilen ýakyn günlerde bilelikde geçirjek bu arassalaýyş çäresine kolhoz adamlarynyň hem işjeň gatnaşyp, olara kulaklary, işan-mollalary ýüze çykarmaga kömek etmäge çagyrdy.

Ýakymsyz habar oturanlaryň hemmesini üýşendirdi. Göwnüne güman dolan adamlaryň köpüsiniň soňra ýygnakda aýdylan başga sözler gulaklaryna ilmedi. Öňem dürli bahanalar bilen obadan «baý guýrugy», «basmaçy galyndaşy» diýlip, tussag edilip alnyp gidilen adamlar bu ilde az bolmandy.

«Indi gezek kimiňki?» diýen sorag adamlaryň köpüsini çyndan oýlandyrdy. Her kim içinden özüniň tussag edilip alnyp barylýanyny göz öňüne getirip, howpurgandy. Birnäçeleriň tepbediniň okalmagyna, belki, sanlyja gün galandyr? Onuň bu gezekdäki hüjüminde kimi gaňryp basjagy belli däl. Olar şeýle-de örän düşnüksiz hereket edýärler, onuň-munuň sözi bilen, gepiň aňyrsyna ýetmän, öýünde öýlänligi ýoguňam kulak diýip, bagtyny ýatyryp, tussag edip gidiberýäler. Bu günler OGPU-nyň bolşy biraz öňräk Guşgy ýolunda gan çaýkan Jemhur garakçyny ýatladýardy. Ol barada «Jemhur adam baryny gaýgyrman talaýar, kimi öldüreni-ni öldürenden soň anyklaýar» diýip gürrüň edýärdiler. Bolşewik «baý guýrugy», «gulak» diýip yrsarap ugradymy, bu bir harasadyň ýene-de gopjagynyň alamatydy.

Ýygnakdan göwün bükgüldedip çykanlaryň ikisi şonda Paýzy bilen Han bolupdy. Olar jaryň boýuny syryp, gitmeli ugurlary birräk bolansoň, tirkeşip barýardylar. Han şol barmana:

— Ýagdy şuraň bu günki tapan gepini nähili gördüň? — diýip, ysmygrak ýylgyryp, Paýza ýüzlendi.

— Aý, biz-ä-how, şu myş-myşlardanam halys bez bolduk. Niräk äkitjegem bolsalar, bir äkidibem dynsalar, ýogsam, melleginň ol başyndan ötüp barýana it üýrse-de, yzymdan gelindimikän diýip, adam üýşenip otyr — diýip, Paýzy bir aýagyny süýräbräk alyp, topur ýoly çaňadybrak gelşine, närazylyk bilen gepledi:

— Bir alaj-a etmeli özün-ä!

— Näme ederin öýdýäň, edeňde? Üstüňden düşülse, tüpeň gundagy bilen birki gezek bererler welin depäňe, süssenekläp, öňe düşüp barýan Hanyň bardyr-da.

— Haý, şu biziň türkmeniň ata-babasy gagal bolupdyr diýilse-de, goýun ýaly tabynlygy bar-da şunuň. Aslynda bir edäýmelisem bar welin...

Paýzy Hanyň gep urşundan onuň bir köýe düşenini aňyp,

aýak çekdi-de, göwünjeňlik bilen onuň ýüzüne seretdi:

— «Gaçan gutular-da, duran tutular» edäýmelimikän? — diýip, ol ardylan sogan ýaly ujy tommaýybrak duran burnuny el ugruna sypalap durşuna, ýoldaşynyň ýüzüne maslahat salyjylykly seretdi. Öz göwnünde hem şeýle pikir bar bolansoň, Paýzy Han bilen göwünjeň düşünişdi. Olar şol ýerde hem haýyr işi soňa goýman, serhediň golaýdadygyny ýatlaşyp, Owgana aşyp, göç etmezden ozal ol ýere gidip, öz barjak ýerleriniň ýagdaýyny bilip gelmegiň maslahatyny etdiler...

...Jeňňeliň içi kapasdy. Han bilen Paýzy haýwanlaryň otçöpleriň arasynda akan-çaran ýodajyklarynyň birini yzarlap, doňuzdaraklaryň arasy bilen mahal-mahal aýak çekişip, «Serhetçiler ýokdur-da, hernä?» diýşip, töwereklerini hüşgärlik bilen diňşirgeşip, derçigişip barýardylar.

Häzir Hanyň öňden bükdekläp, aýaklaryny seresap alyp barşy, haýsydyr bir awuň ugruna çykyp, indem şonuň ahmallygyny alyp, üstüni güpbasdy etmegiň ugruna çykan awça meňzeýärdi.

Edil iki-üç ädim öň ýanyndan ýabany towuk tebil alyp, pasyrdap asmana göterilende, Han hamala taýak atylyp, goýun sürüsi gaýtarylandaky ýaly, bir düşnüksiz pikiri başdan geçirdi. Ol ýabany towugy sähel görüp galypdy, bu bolsa onuň içinden: «Eý, şu ýabany towuklar zerteň-zerbap öwsüşip, owadan bolýarlar» diýip, oýlanmagyna sebäp boldy. Şol barmana-da ol edil öň ýanynda gamyşlaryň arasynda ýabany towugyň höwürtgesini gördi, ol ýerde bäş-alty sany küle reňk ýumurtga togalanyşyp ýatyrdylar. Han ýeňsesine öwrülip, özünden biraz yza galan Paýzyny barmagyny büküp, öz ýanyna çagyrdy.

— Hä, näme?

— Sered-ä bulara! — diýip, Han oňa barmagyny uzadyp, ýabany towugyň ýumurtgalaryny görkezdi.

— Ýumurtga basyp ýatyr ekeni-dä ýaban towuk onda?

— Şeýle bolup çykýar-da.

— Goý, degme, ýene özi ýumurtgasynyň üstüne aýlanyp geler — diýip, Paýzy ýabany towugyň golaýda bir ýerde barlygyna ynandy. Şol barmana-da, hamala Paýzynyň pikirini makullaýan ýaly, telpek atym ýeňseden bir ýerde ýabany towugyň tanyş jokurdysy eşidildi.

Han ýabany towuk bilen bagly ýakymly duýgulara berlip barşyna oglanlyk döwrüni ýatlady. Ol döwürler dünýäde ýabany towuklar has köpem ýalydy. Oba oglanlary jeňňel ýodalaryny yzarlaşyp, gamyş-toraňňy tokaýçalarynyň arasynda sümsünişip oýnap gezerdiler. Ýabany towuklaryň köp bolşy ýaly, jeňňelde olaryň ýumurtgalaryna hem köp gabat gelnerdi. Şonda tapan ýumurtgalaryny eteklerine salyp, oglanlar ony içseler-ä içerdiler, ýogsamam, garagolluk edişip, bir-birlerine zyňşyp oýnardylar.

Şeýle oýunlar oýnalanda Hanyňam, Paýzynyňam maňlaýynda köp ýumurtga ýarylypdy.

Ýagydan ýaýboýy edip Owgana aşmagyň, belanyň öňünden sowulmak ýaly öz maşgalasy üçin hiçneneňsi bolmajagy barada pikir Paýzynyň kalbynda ýakymly tama döredipdi. Onuň telpeginiň aşak eteginde burum-burum der düwmeleri peýda bolýardylar. Oba bolsa eýýäm, yzda, ses ýetimlikde galypdy.

Olaryň yzarlap barýan ýoly hem indi tizden baryp, derýa boýundan çykmalydy, ondan öň bolsa esli ýerden derýanyň şogurdysy eşidilmelidi.

Handyr Paýza serhetçiler tötänlikde duşaýan ýagdaýlarynda hem bahanalary bardy. Olar: «Sygrymyz ýitdi, şony gözläp ýörüs» diýmekçidiler.

Mahorka ysy haplap burnuna uran mahaly öňden barýan Han: «Hä, bir belanyň-a üstünden geldik öýdýän?» diýen pikir bilen bu ýagdaýdan ýoldaşyny hem habarly etmek üçin gaňrylyp ýeňsesine öwrülen mahaly, gapdaldaky

gamyşlygyň bir ýerleri doňuz dönüp gaçan ýaly güýçli şagyrdady-da, yzyndanam jeňňele ýaň berip duýdansyz tüpeň atyldy. Han bir sarsyp giden ýaly boldy-da, «hyýk» diýip, içigip duran ýerinde burlup ýere ýazyldy. Yzrakdan gelýän Paýzy gamyşlaryň arasy bilen şakyrdaşyp gelýän eserleri görmese-de, tüpeň sesini eşideninden şolara duşandyklaryna düşündi. Esgerleriň derýa ýakasynda adam geçäýjek belli-belli ýerleri saklap ýatýanyndan ol öňem habarlydy. Ol hopugyp, şol duran ýerinden suwa gurbaga böken ýaly edip, özüni gapdalyndaky çöp-çalamyň içine oklady. Esgerler öz dillerinde bir zatlar diýşip, howlukman samyrdaşdylar. Yzysürede ýene-de iki gezek tüpeň sesi ýaňlandy. Bularyň ikisi-de Paýza niýetlenip atylan oklardy, oklaryň biri gamyşlary şatyrdadyp, onuň gapdalyndan sowa geçse-de, beýlekisi ony aýagyndan ýaralady. Paýzy aýagyny süýräp, şol gaçyp gelşine soňky deminde kenara ýetip, suwuň akymyna ýüzmek üçin togarlanyp, özüni derýa goýberdi.

Oba adamlary jeňňel tarapda telim gezek bäşataryň atylanyny eşidip, ol ýerde bir zadyň bolanlygyny bilseler-de, ýöne ertire çenli, barybir, näme bolanlygyny bilip bilmediler.

Esgerler bukup ýatan ýerlerinden ok baryny atsalaram, çöp-çalama siňen Paýzyny soňra näçe gözleselerem, tapyp bilmediler. Gamyşlaryň ýüzünde, çöpleriň üstünde galan gan tegmilleriniň yzy yzarlanan mahalynda oba tarap gaçandyr öýdülen Paýzynyň oba tarap däl-de, derýa tarap çekilenligi belli boldy. Derýa bolsa aýlanyp-öwrülip, gujagynda aýlag gurap, yňdarylyp akyp ýatyrdy. Aňyrdan yz çalşyp hasanaklaşyp gelen esgerler Paýzynyň yzynyň gelip derýa urýanyny görensoňlar, kenarda alaçsyz aýak çekdiler. Birsalym suw ýüzüni, garşydan görünýän, agyn toraňňydyr gamyş bolup duran Owgan kenaryny ünsli synlaşyp duransoňlar, onuň ýaraly bolansoň ol kenara aşyp bilmejegine, bu aýlanyp kükräp akýan derýanyňam öz eline düşen adamyny onsuzam diri goýmajagyny

pikir edişip, alaçsyz yzlaryna dolandylar.

Soňundanam hümerlenişip gelip, Hanyň ýer garbap ýatan jesedine seredişip, indi ony näme etmelidigi barada öz aralarynda maslahat gurşup, sürüden keýik atyp galan möjeklere meňzeşip, dabaraly halda durdular.

Ozaldanam kesegelen hökmünde özlerini halkyň judabir halap barmaýandygyna belet komandir, ikinji gaçanyň hem eýýäm derýa düýbünde balyklara şam bolup ýatanyna ynanyp, Hanyň jesedini gömüp, ony iliň öňünde görmedikden-bilmedikden bolmaly diýen karara geldi. Hyşalygyň amatly bir ýerinden adam sygaýar ýaly çukur gazansoňlar, Hanyň jesedini süýräp eltip, şol çukura gapgardylar.

Hälki Han güpläp ýykylanda: «Meniň okum degdi» diýip, buýsançly dillenen tegelek ýüzli, gaşlarynyň bary-ýogy oňly bildirmeýän, Günden ýasalan ýaly sary esger şonda bir zada üns berdi. Hanyň ýüzi üýtgemändir, ol dişini gysyp, uklap ýatana meňzeş. Esgerler komandirleriniň aýdyşy ýaly, mazaryň üstüne gum sürüp, soňundanam çöp-çalam bilen örtüp, osurdym-basyrdym etdiler, görer gözden gizlediler.

Paýzy akymyň ugruna birneme ýüzenem bolsa, henizem ol ýene-de esgerleriň üstünden bararyn öýdüp gorkudady, derýadan çykmaga ýaýdanýardy. Ýöne, indi suwdan çykmak gerekdi, onuň ok degen aýagy sorkuldap, barha gaty agyrýardy hem ol agyryň has güýjäp, özüňi ýitiräýmegem, onsoň edil aýagyňdan çekilen ýaly, suwa çümüp gidibermegem mümkindi. Ol töweregini diňşirgene-diňşirgene ahyr ýüregi bire baglap, suwdan çykmakçy boldy. Amatyna garap, kenardaky derýa ýan berip ýatan toraňňyňlaryň biriniň çybyklarynyň birini çalyp tutup, soňam dyzanyp-dyzanyp, ahyrsoňy özüni kenara atdy.

Paýzy kenarda biraz ýatyp demini dürsänsoň, dikelip oturyp, eline ilen haýsydyr bir suwotunyň ýazgyn ýapragyny ok degen ýerine goýup, ýyrtyp alan köýneginiň bölegi bilen ýara-

syny köp gan gitmez ýaly ykjam, güýjünde baryny edip daňdy.

Ol durup diňşirgenip, ýaraly aýagyny süýräp, toraňňydan döwüp alan hasasyna söýenip, obanyň çetinden giren mahaly jahan ýaňy saz berip ugrapdy. Oba adamlarynyň aglaba köpüsi heniz ukudady. Paýzy aýlawlyragam bolsa oba itlerini örüzmänräk gitmek üçin, Hangulularyň oturan beýiginiň aşak etegindäki jaryň boýuna indi. Ol Gully eminiň saraýynyň arkasy bilen aýlanyp, oba aýallarynyň suw alýan güzerine ýetiberende ol ýerde bir aýalyň gezekli-gezegine öz göteren suw kädilerini çaýkap, suwdan dolduryp duranyny görüp aýak çekdi, baryberse aýalyň göräýmegi, görübem gorkup gygyraýmagy mümkindi. Paýzy bukulyp oturşyna onuň turup giderine garaşdy. Suwa gelen aýal çygşyldap, gara bolup, gapdalyndan geçensoň, Paýzy hem ýene-de ýola düşmäge howlukdy.

Ol gelende adamsyny habarsyz ýitiren, uzakly gijäni dik oturyp ýol gözläp geçiren gelin adamsynyňka meňzeş bolmadyk aýak sesleriniň haşşyldy bilen gapa golaýlap gelýänini eşidip, «zink» edip, tisginip ýerinden gopdy. Aýaly Paýzyny gapynyň öňünde haly teň, eleşan görüp, aglamjyrap aladaly garşylady:

— Waý, saňa näme boldy? Bir belanyň bolanyny ýüregimem syzdy-la...

— Öç! — diýip, Paýzy özüniň hökümli sesi bilen aýalyna häzir eňremäniň artykmaçlygyny bir söz bilen duşündirdi. Kimdir biriniň eşidäýmeginden çekinýän ýaly, aýaly bilen pyşyrdap gepleşdi. — Häzir menden zat sorama sen. Bar, tiz git-de, agamy turzup gel!

Aýaly Paýzynyň goltugyna girip, oňa düşege geçmäge kömek edensoň, saçbogusyndan sallan apbasy şaýlaryny şyňňyrdadyp, daşaryk howlukdy. «Şarp-şarp» edip aýalyň ha çep sagrysyna, ha sag sagrysyna şapbatlaýana meňzeş sesi barha öýden daşlaşýanyny, onuň agasynyň gapysynyň öňünde

saklanyşyny, «Enesi!» diýen sesden soň gelnejesiniň kepbesiniň gapy gamşynyň syrylyşyny, ol ýerde bolýan gysgajyk hümürdileri, ara ýakyn bolansoň, Paýzy ýatan ýerinden gulakalap eşidip ýatyrdy.

Aýal gelip, içerik girip-girmänkä onuň agasy hem donuny ýelbegeý alyp, ardynjyrap içerik girdi. Gele-gelmäne-de inisiniň teň halyny görüp, janköýerlik bilen aladalandy:

— Näme boldy saňa?

Paýzy bolan-goýan zatlary agasyndan gizlemedi, iň erbet ýagdaýyň özi bilen däl-de, Han bilen bolanlygyny, onuň jeňňelde gölerip galanyny ýatlady. Hany ýatlap, hasrat bilen gürlände, Paýzy bir salymam bolsa ýaraly aýagynyň agyrysyny hem beýle ýiti duýmady. Şowsuzlyk zerarly onuň kalbynda ahmyr ody döräpdi. Onuň gaýnan gany entegem sowamandy, ýüregi ahmyrly urýardy.

Paýzy kepän dodaklaryny ýalap, ýene-de aladaly pyşyrdady:

— Indi, nädibem bolsa, Han bendäniň ol ýerden jesedini ýygnamaly!

Paýzynyň agasy ýaranyň sargysyny açyp ýagdaýy anyklansoň, onuň bejermesi kyn ýara däldigini pikir edip, şükür etdi. Ýara açykdy, ok aýagyň jylkasyny dilip geçipdi, gany durup, häzir onuň agzy balygyň agzy ýaly öwelip durdy. Pikirinde Nobat tebibi ýatlap: «Orsuň dogtaryna sygnyp, syrymyzy paş edip ýörmek bolmaz, ýara açyk, kesip-köwläp almaly zat bara hem meňzemeýär, öz tebibimizem muňa hötde geler» diýip oýlandy. Ýara Paýza azar berýärdi, ol dişini gysyp, başyny ýassygyň bir ol tarapyna, bir beýleki tarapyna öwürýärdi.

Paýzynyň agasy mylaýym suwa batyrylan esgi bilen inisiniň ýarasynyň töwereginde galan gan-koklary emaý bilen süpürişdirip aýransoň, ýene-de ýarany täze esgi bilen sarady. Inisiniň ogluny çagyryp, soň dessine ony: «Çagyryp gel!» diýip, Nobat tebibiň üstüne ugratdy.

Paýzynyň agasy gidip, Hanyň degerliräk garyndaşlarynyň birki sanysyny öýünden çagyryp alyp, gürleşip duransoň, töwerekdäki öýleriň arasynda adamlaryň gyssanmaç ibirt-dezibirtligi başlandy. Geläýmeli garyndaşlar golaý töwerekden çagyrylyp getirildi. Adamlar Hanyň öýüniň gapdalynda birsalym hümürdeşip duransoňlar, öz aralaryndan iki sanysyny dessine Nurjuma başlygyň üstüne ugratdylar.

Nurjuma üç-dört adam bilen Handepedäki serhet galasyna gelende, komandir olary hiç zatdan bihabar bolan bolup kabul etdi. Onuň ölüme perwaýsyzlygy Nurjuma başlygyň çetine degdi. Ol komandiriň ýüzünde häzir bir ýazgy peýda bolaýjak ýaly, özi-de ony okaýjak ýaly çiňňerilip, gözlerini süzüp, elleriniň barmaklaryny gezekli-gezegine şatyrdadyp gysyp, döwüp, aýryp zyňaýjaga meňzäp, dyňzap durşuna öz içki harasadyny duýdurmazlyga çalşyp, kinesine basalyk berip gepledi:

— Goňşuçylykda, entekler bir-birege biz gereg-ä borus, komandir!

— Elbetde! — diýip, komandir sähelçe baş atyp, ýene-de öňki hörpünden gopdy.

— Siz habarsyz bolsaňyz, onda biziň özümiz bir gözläp göräýsek.

Nurjuma bu sözi: «Seniň esgerleriň bahana arap, ol ýerde sürnüp durmasyn» diýen manyda aýtdy. Öz orunbasarynyň ýolbaşçylygynda jesediň tapylmaz ýaly edilenligine ynanýan komandir, mahal-mahal öňünde duran adamlaryň ýüzlerine nazar aýlap goýberip, telpeginiň ýyldyzyna pitikläp, özüniň kimligini nygtaýana meňzäp oturşyna ýene-de parhsyz dillendi:

— Gözläň, gözleseňiz! Ýöne bize tabynlyk ýerlerden-ä ony tapmajagyňyzy aýdaýyn, ýitigiňizi başga ýerden gözleseňiz gowy bormukan diýýän! — diýdi.

Adamlar hatar durup, jeňňelde Paýzyň salgy beren ýerlerini daraklap gezip barladylar. Iki-üç ýerde çöp üstünde

gan yzlaryna meňzeş garamtyl-goňras tegmillere gabat gelindi, ýöne ony yzarlamak bilenem tapylan zat bolmady.

Jeňňelde şatyrdaşyp ýören doňuz topary gytmy näme, belki, şolaň dagy biri ýaraly bolup, ganyny saçyp geçendir? Donuz bolsa orsuň ölen aşy, tapsalar hezil edýärler. Gözleýänler güni günortan edip, Hanyň jesedinden derek tapman, onuň bolaýjak ýerini ýene bir gezek Paýzydan anygrak sorap ýa-da ol ýeri görkezmek üçin onuň özüni göterip alyp gaýtmak üçin oba dolandylar. Gözlege gidenler yzlaryna gelip, ýagdaýy aýdan mahallary, onuň getirilerine garaşyp oturan garyndaşlarda: «Ýene onuňam Paýzy ýaly bir ýerden urup çykan bolmagam mümkin» diýen inçejik tama döredi. Şol tama bilen soňra öz öýünde: «Saňa nä döw çaldy, balam!» diýip eňräp, eýýäm ogluny öz ýanyndan ugradyp oturan ene-de agysyny goýdy. Ýerli-ýerden adamlar hem «Belki?!» diýşip, ýagşy dilegde boldular. Bu edilen ýagşy niýetler göwne biraz rahatlyk çaýanam bolsa, edilmeli işe onuň peýdasy degmedi. Ýaşululary bu pikir bir pursat pikirlendirenem bolsa, olar «Belkiniň» üstünde uzak eglenmediler. Ýitigden bir derek tapmak üçin ýagdaýy töwerek bilen baglaşdyryp: «Gidilende Pyrara diýlip gidilen bolsa, esger üstünden barlyp, okam atylan bolsa, gan tegmilleri, agram düşüp ýatyrylan ot çöplerem ol ýerde bar bolsa, ony ýene-de şol ýerden gözlemeli» diýen netijä geldiler.

Gözlegçiler bu gezek jeňňele gidenlerinde, ýaşulularyň maslahaty bilen kolhozyň dyzmaç gara öküzi bilen üç-dört sygry hem öňe salyp sürläp gitdiler.

Mallar Paýzynyň salgy beren ýerine ýetip, töwerege ýaýranyna köp wagt geçmänkä, tohum öküziň duýdansyz şirpeleňiň ahmyrly sesine meňzeş eýmenç mojuk sesi eşidildi. Yzdan gelýän adamlaryň ini düýrügip gitdi, bu bokurdagyna pyçak goýlanda öküziň janhowluna gygyrýan tanyş sesidi. Adamlar çöp-çalamlaryň arasy bilen şol tarapa eňdiler. Görseler, ine, gan ysyny alyp, möwjäp, dälilik hetdine ýeten öküz öň

toýnaklarynyň biri bilen ýer peşäp: «Ol şu ýerde» diýýän ýaly, uly hossa bolup bögürip dur.

Adamlar gara öküzi ol ýerden kowup, onuň düblän ýeriniň töweregini gözlän mahallary bir bölek ýeriň üstüni örtüp duran täze topragy gördüler. Açyp görseler, howul-hara çukura eňterilip, üsti gömlen Hanyň jany entek doly göwresi bilen saýlanyşybam ýetişmän eken. Onuň ýüzi bolsa uklap ýatanyň ýüzüne meňzeýärdi.

Onuň akmaly gany öýüne getirilip, ojagynyň gapdalynda, hossarlarynyň arasynda süňňi doly sowap ugran mahaly akdy. Diňe şundan soň onuň tutuş bedeni ymykly merhumlyk halyny eýeledi.

Paýzy Han bilen öýünde gözüni depesine dikip ýatan ýerinde sessiz aglap hoşlaşdy. «Ine, dost, ikimiziň-ä ýurt aşyşymyz-a şeýle boldy. Gidilmän geçilse bolmaýarmy şol Pyrara...»

Ol Hanyň ölümine bellibir derejede özüni hem günäkär hasaplaýanlygy üçin, örtenip, öz kem gaýdan ýerini gözläp aglaýardy. Gözünden syrygýan ahmyr ýaşlar bu gezek oňa hemişekilerden has gyzgyn ýaly bolup duýuldy.

* * *

Gyzyllar gelip, aklaryň elinden onuň begligini alanda, türkmenler muňa birbada şeýlebir ähmiýet hem bermändiler. «Aý, öz-özleridir, öz pohlary öz depgilerine çydar, aýňalyp bilseler, ýene-de öňki dogan-dogan bolşup ýören orsuň bardyr-da» diýşipdiler. «Iki at depişer, arasynda eşek öler» bolmazlyk üçin, olaryň urşundan çeträkde durmaga çalşypdylar. Ýöne tizden aklaradyr gyzyllara öwrülip bölünişen oruslaryň bir-birlerine garşy gandöküşikli uruşlaryndan bularyň gyr duşmanlygy, haýsy amadyny alsa, onuň beýlekisini aýap goýmajagy belli bolupdy. Gapma-garşylyk bolsa barha

ýitileşýärdi. Soňundanam halkdan her kimiň azdyrany özüniňki diýleni bolupdy. Şeýdibem, ahyryn-da, oruslaryň özleri ýaly, türkmenlerem isleselerem-islemeselerem garşylykly, bir-birekden öçli iki tarapa bölünmeli bolupdylar. Aklar gyzyllardan asgyn gelip, ýurdy taşlap yza çekilen wagtlary olara goşulan we goşulmadyk türkmenleriňem uly bölegi soňra apyla-sapyla sowulansoň, ýene şolar bilen gaýdyp ýurda gelmäge mümkinçilik bolar diýen tama bilen olaryň yzlaryna düşmäge mejbur bolupdylar. Merkezi Aziýa halklarynyň esasy şonda: «Kyýamat güni goňşudan» diýlenini edip, dini bir bolanlygy üçin, özgelerden bir depik özlerine ýakyn hasaplap, Eýrandyr Owganystana aşmaga synanyşýardylar.

Owgan döwletiniň patyşasy Nedir hanyň Merkezi Aziýa halklarynyň düşen gara gününe düşünip, raýdaşlyk bilen seretmegi soňra owgan topragynda serhetden aşan uly toplumyň jemlenmegine sebäp bolupdy. Göwnüne deglen, elinden hany-many alnan adamlaryň sowet döwletine bolan hyrş-ahmyry ýeterlikdi. Indi bu güýji akylly-başly birleşdirip, ondan uly güýç döretmek, soňundanam şol güýji ýola gönükdirmek gerekdi.

Dünýäniň dem alşyna diň salyp oturan ilgezik Angliýa ýene-de bu ýagdaýy tiz duýupdy. Ähli güýçleri göwnejaý jemläp, bolşewigiň üstüne ony sil edip sürüp bilse köp zatlary gazanmagyň mümkinligi, bolşewigi paty-putusy bilen eltip Ural daglarynyň etegine dykmagyň mümkinligi aýgyt bolup ugrapdy. Bu güýç iňlis maslahatçylarynyň, türk Enwer paşanyň kömegi bilen Merkezi Aziýanyň derejeli adamlary Buhar emiri Seýit Alymyň, türkmen Jüneýit hanyň, özbek Ybraýym begiň töwereginde döretmeklik göz öňünde tutulypdy.

Sowet hökümeti hem bu zatlardan habarlydy. Onuň Owgan topragynyň süňňünde gurt bolup müňňüldeşip ýören jansyzlary häli-şindi bir-birinden howply maglumatlary ugradyp

durýardylar. Howp barha artýardy. Ýurtda hem olara duýgudaşlyk edýänler köpdi.

Merkezi Aziýanyň azat ediş goşuny döredilip, ol serhedi böwüsdigi olaryňam şol güýje goşuljaklygynyň ujy iki däldi. Azat ediji güýjüň esasy bil baglaýany hem hut şu ýerlerdäki adamlardy.

Owganystandaky ol birleşmäniň esasy ýolbaşçylarynyň birisiniň Jüneýit han bolmagy bolşewigiň türkmen topragyndaky howatyryny artdyryp, aladasyny köpeldýärdi. Meseläniň bir başynda Jüneýit han dursa, onuň başga ýerden däl-de, ýurdy belet çapar edip, ilki bilen Tagtabazardyr Guşgy aralygyndaky öz ýurdunyň serhedini böwüsjegi gümansyzdy. Bir ýarym ýyla golaý mundan öň Jüneýit hanyň ogly Eşşi kiçiräk bir bölek goşun bilen gelip, Guşgynyň golaýyndaky Akrabat diýen ýerde bolşewigiň güýçleri bilen çaknyşyp, yzyna dolanyp gidipdi. Elbetde, bu aňyrdan sil bolup, tüwdürilip gelmegine garaşylýan agyr goşun däldi. Olar Jüneýit hanyň serhediň ýagdaýyny bilmek üçin ýollan bir bölek atlysydy. Ýagyny gaýtaranyny öz ýanlaryndan utuş hasap edýänem bolsalar, bolşewiklerem munuň garaşylýan esasy güýç däldigine gowy düşünýärdiler.

Sowet döwletiniň Kabuldaky ilçisi şol günler, bu birleşmäniň öňüni almak üçin Owgan häkimýetiniň täze ýolbaşçysy Nedir hana talapnama üstüne talapnamalar gowşurýardy. Türküstanyň Sowet häkimiýetinden gaçan dürli milletleriň wekillerine gonalga berenligi üçin ondan dilgir bolýardy. Ol talapnamalarda: «Siziň Sowet döwletinden gaçan ahmyrly adamlara gaçybatalga berýänligiňiz, olaryň bu ýerde birleşip, kämilleşip, uly güýje öwrülýänligi bize belli. Şonuň üçinem biz muny Sowet—Owgan, birek-biregiň içerki işlerine gatyşmazlyk baradaky ozal gol çekilen ähtnama-şertnamasynyň bozuldygy hasap edýäris. Ýakyn günlerde Siziň ol Türküstanly bosgunlar barada pikiriňiziň üýtgemedik ýag-

daýynda biz Sizi-de Angliýa, Türkiýe ýaly Sowet döwletiniň taýmagyny, onuň şeýle bolmagy üçin elinden gelen kömegi gaýgyrmaýan dostlukly däl ýurtlaryň biri hasap edip, Owgan döwleti bilen öz gatnaşyklarymyza täzeden seretmeli bolarys...» diýlip, nägilelikler aýdylýardy. Guşgy galasy güýç toplaýardy, Türküstan birleşmesiniň goşunlary bilen çaknyşmaga, olara mynasyp gaýtargy bermäge çalyşýardy, ondaky goşunyň üsti täze bölümler bilen, täze ýaraglar bilen gyssagly ýetirilip durulýardy.

Ýurtda hem Türküstan birleşmesi bilen tamasyny baglaýan, ýene-de öňki haly, öňki ýagdaýy gazanyp bolar diýip göwün ýüwürdýän, olara duýgudaşlyk edýän adamlar barha artýardy. Ol goşun serhedi böwüsdigi şol Azat ediş goşunynyň esgerine öwrüljegi, özüni depgiläp, kemsiden bolşewik bilen dawa saljagy ikuçsuzdy. Şonuň üçin henizem bu ýerde Jüneýit hanyň adynyň aňyrsynda eýmendiriji güýç duýulýardy.

Kulakçylyga çekmek işleri bolsa indi ýurtda barha giň gerim alýardy. Raýonlarda täze häkimiýeti halamaýan adamlary ýüze çykarmak üçin raýispolkomlaryň ýanynda, şeýle adamlara garşy barlyşyksyz göreş alyp barmak üçin ýörite «üçlükler» döredilipdi. Şol günler «Turkmenskaýa iskra» gazeti «Baý-kulaklar öz günleriniň sanalgydygyna düşünýärler» (28.01.1930) diýip buýsançly ýazýardy.

Türkmenistan bolşewikler partiýasynyň sekretary Ýakow Popok Moskwanyň özüne eden ynamyny ödemek üçin, kolhoz döretmekde öňe saýlanmaga çalyşýardy. Kolhoz gurluşygyna zelel beräýjek adamlar gaýgyrylman, syrylyp-süpürilip taşlanylýardy. 1930—1931-nji ýyllar aralygynda 3000 hojalyk ýurtdan çykarylyp Özbegistana, Gazagystana, Sibire, Ukraina, Kawkaza sürgün edilipdi. Popok bir ýylyň içinde 1300 kolhoz gurup, kolhoz gurmakda, ine, şeýdibem bolşewik ýurtda köpleri «tozana» garypdy.

Şol günleriň birinde jahan şindi oňly ýagtylyp-ýagtylman-

ka, OGPU-nyň orunbasary Aman orus, hamala halk şindi oýanyp ýetişmänkä üstüni basmagy niýet edinýäne meňzäp, Söýünala geldi. Onuň ýanynda özi ýaly ýarym harby geýimli, burunlak, inçe ýüzli ýene biri bardy. Olar jylawy deň tutup, atlaryny ýanaşyk sürüp gürleşip gelýärdiler. Atlar ýeňiljek derläpdiler. Bularyň irden şäherden çykyp gaýdany belli zat, ýogsam, sesýetimlikde Söýünaly barmy saňa? Söýünaly ýurduň aýagujyndaky Murgabyň çep kenaryny ýassanyp oturan obalaryň biri, ondan aňyrda ýene-de, iň çetdäki «Hutora» çenli şol bir ugurda ýene iki sany kiçiräk obaň bardyr-da. Hutora ýeteňsoň, türkmen topragy belentbaş baýyrlara öwrülip, şol ýerden ýaý berip, günorta-gündogar tarapa ýaýlyp ugraýar. Bu ýerde indi onlarça ýyllardan bäri türkmenlere goňşuçylykda Ak patyşanyň 1889-njy ýylda, alys günorta serhedi berkitmek üçin Ukrainadan maşgalalary bilen ýörite göçürip getirnen hohol-kazaklary ýaşaýarlar. Olaryň obasynyň ýörgünli adynyň «Hutor» bolmagy hem şonuň üçin. Häzir il ugruna olar hem obalarynda kolhoz döredip, oňa «Pograniçnik» diýip, täze at goýan hem bolsalar, olar il içinde henizem şol öňküleri ýaly hutorlylar diýlip tanalýardylar. Türkmenler olara: «Hohollar jygyrdyp-jygyrdyp doňuz iýýärler, ýürekleri bulananokmyka?» diýşip, biraz seňrik ýygyrýan-da bolsalar, hoşniýetli goňşuçylykda ýaşaýardylar. Häzir Aman orus öz gapdalyndaky ýat adamyň bilesigelijiligi bilen töweregi synlap gelýän ýoldaşyna ýolugruna şu zatlary beletlik bilen gürrüň berip gelýärdi.

Ýöne olar Söýünalynyň sowgudyna ýetseler-de, oba sowulman, onuň gapdalyndan Handepedäki serhet galasyna tarap geçdiler. OGPU bu günler gyssagly Owganystanda döreýän Türküstan Azat ediş goşunlaryna gerek bolan mahalynda olara il içinde hemaýat beräýjek adamlary ýüze çykarmak işlerini alyp barýardy. Ýumak çözlenip barşyna eýýäm şeýle duşmana ýaran bolaýjak adamlaryň Söýünalyda-da barlygy

anyklanylypdy. Göräýmäge, respublikanyň müňläp kilometr demirgazygynda ýaşan Jüneýit hanyň ýurduň günorta eteginde oturan Söýünaly obasy bilen adybir türkmenlikden başga galtaşýan ýeri bolmaýjagam ýaly welin, ýöne o-da bar ekeni. Beýle habar tapsa OGPU-a başga näme gerek!? Onsuzam: «Bar bolsa ýüze çykarys, ýogam bolsa, ony dörederis» diýýänler şol günler «ýiti gözli OGPU» dälmidi näme!?

Aman orsuň hut özi öňünden oba jansyzlarynyň üsti bilen bu meseläni höwesli öwrenipdi. Oba dükanynyň dükançysy, gerek ýerinde onuň bilen öz dostlugyndan peýdalanýan Hardat Söýünalyda Jüneýit han bilen aragatnaşykda bolan hasap edilýän adamlaryň sanawyna öz halamaýan adamlarynyňam atlaryny höwes bilen goşdurypdy. Şeýdibem onuň öňünde, kagyz ýüzünde bäş adamyň ady peýda bolupdy. Aman orus soňam bu adamlaryň hersiniň adynyň yzyna galam bilen özi üçin anyklaýjy maglumatlary ýazypdy:

1. Gully emin baý. Obada bar.
2. Sapa mylaýym. Obada bar.
3. Sary batyr. Ölüpdir.
4. Şirek hajy. Obadan göçen.
5. Kymyş baý. Obada bar.

Ol bu adamlary gowy edip, öz OGPU-nyň usullary bilen işläp bilse, olardan Jüneýit han, onuň serhetden ýeňsedäki alyp barýan işleri barada ýeterlik, anyk maglumatlar alyp biljegine ynanýardy. Häzir ony Marydan gelen ýörite wekil bilen Söýünala getirenem hut şu meseledi...

Kymyş duzçy meýdanda gawun gollarynyň suwa degip harap bolaýjagynyň gollaryny gaýtaryp güýmenip ýörkä, onuň yzyndan oba şuranyň jigidi bilen iki sany esger geldi. Oba şuranyň jigidi Kymyş duzçynyň ýüzüne göni seredip bilmän, nazaryny sowup gürledi:

--Kymyş akga, şu soldatlar-a siziň yzyňyzdan gelipdir.

Goja işini goýup, goljugyň suwuna elini ýuwup otyrka

sorady:

— Indi gezek maňa ýetdimikän onsoň?

Gojanyň sözünde nägile göwnüň äheňi bardy.

— Bilmedim. Şu adamlary getirmeli diýip, Handepeden birtopar atly iberipdirler. Olaram oba şura geldiler. Ýagdamnä, meni öňe saldy. «Şu adamlary tapyp ber!» diýdi. Beýlekiler-ä obadan tapyldy, ýöne siz bärde ekeniňiz. Onsoň men olary tapyp ugradyp, siziň ýanyňyza gaýtdym — diýip, jigit özüni ýumuş oglany hökmünde görkezip, salyhatly geplemäge çalyşdy.

Jigit sypaýysyrasa-da, «tanamadyk-sylamaz» edip, onuň yzyna düşürip gelen eserleriniň orus ýaly saryýagyz bolsa-da, sypaty orsa meňzemeýän elekýüz, gözleri tilki-şagalyň gözüni ýatladyp duran birisi gönüläp, dözümli türküçe gepledi:

— Ýaşuly, sen OGPU sorag boljak!

Kymyş duzçy ateşegini gaňňalap münensoň, atlylaryň öňüne düşdi. Bir görse, onuň oba gidip, agtyklary bilen oýnamagy halaýan, öz ýanyna gawun goragyna getiren item yzyna düşüp gelýär. Goja ony görüp, eşegini saklap, itine ýüzlendi:

— Sen nirä, Alabaý?

Jogap ýerine Alabaý aýak çekip, eýesine seredip, göwünjeň ýalmandy.

— Dön yzyňa, saýa bar. Sen gitseň, gawuna kim gözgulak bolsun! Onsonam men oba-da gidemok, görýäň-ä, yzymdan atly gelipdir... Maňa gezek ýeten bolsa, indi garaşyber duşmanyň iti hökmünde senem tizden ýygnarlar! Bar!

Alabaý eýesiniň ýüzüne seredip durdy-durdy-da, soňundanam, hamala, onuň sözlerine düşen ýaly, yzyna öwrüldi. Ýaşulynyň aýlawly geplerini jigide diňlemek agyr düşýärdi. Sebäbi ol obadaş hökmünde bu gojanyň gönümelligine, aýdaýmasam ölýänlerdendigine beletdi. Ol Kymyş duzçynyň ýeri gelende kimdir biriniň gepi ýa-da hereketi gaşyna

ýakmasa, onuň kimligine seretmän, ony ýekegapan bolup silkip alaýmasynyň bardygyny hem gowy bilýärdi.

Atlylar serhet galasyna gelip, Kymyş duzçynyň ateşeginden düşerine mähetdel, ony öňlerine salyp, köpden bäri garaşylýan ýere tarap alyp ugradylar. Olar gapa ýetiberende içerden her goltugyndan bir esger girip alnyp gelinýän, halys surnugyp tapdan düşer Sapa mylaýym göründi.

Ol Kymyş duzçyny tanap, azar görenini mälim edip, dodaklaryny müňküldedip hamsygdy:

— Mylaýym! Sen-de mundamysyň? — diýip, Kymyş duzçy aýak çekip, jandurmazlyk bilen onuň habaryny aldy. Aslynda näme etjegini bilmese-de, oňa haýsydyr bir delalat edesi geldi.

Mylaýym gepläp bilmän baş atdy. Hasam ejizlärli göründi. Onýança-da esgerler ony idenekledip, gapdaldan geçirip alyp gitdiler.

Kymyş duzçy özüne hem içerde ýeňil gürrüňiň garaşmaýanlygyna düşündi. Ol gelip içeri girende, boram-boş diýen ýaly jaýyň içinde üç sany adam hümürdeşip, agaç oturgyçlaryň üstünde pes boýly eşeklere münene meňzeşip, özara gürleşip otyrdylar. Olaryň üçüsem saýlanyp alnan ýaly süňkbaşlary iri, saýyrdyň adamlardy, kelleler gapsyz, üçüsi üç ýerden garabaş bolşup otyrdylar. Kymyş duzçy adaty ynsan gatnaşyklary bilen bagly endige görä, giren mahaly aleýk alsa-da, oturanlardan özüniň ýaşkiçidigini ýatlap, salam beren bolmady. Häzir ortadaky ýeke stoluň bir gyrasynda tirsegini diräp, çilim çekip, haýbatly seredip oturan zeberdes adam tanyş görünse-de, goja adyny tutaýara ony nirede görenini, kimligini ýadyna salyp bilmedi. Stoly töwerekläp oturanlar ýerli-ýerden gojany synlaşyp, öz aralarynda düşnüksiz dilde bir zatlary pyşyrdaşansoňlar, haýsydyr bir maslahatyň bişirilenligi belli boldy. Gürrüňi şol perwaýsyz çilim sorup oturan tanyş ýüzli adam başlady:

— Ýaşuly, biziň saňa berjek birnäçe sowalymyz bar. Ýöne dogryňy aýtmaly bolarsyň!

— Aýdarys, ýagşy ýigit. Ýaşulyň, nä, saňa ýalan bergisi barmy?

— Sen Jüneýit hany gördüňmi?

— Han Jüneýidimi?.. Hä, görüpdim. Ol bir pes boýluraga-da... — goja ýaňy Jüneýit han barada öz bilýänini ýatlamakçy bolanda, sorag beren onuň sözüni kesip, talaply gepledi:

— Biziň soraglarymyza anyk jogap ber! Jüneýit seniň öýüňe geldimi?

— Ýok, han, nä, seniň-meniň öýüme gelýärmi?

— Kimiňkä geldi ol onda?

— Biziň obada-ha onuň Gully emininkiden başga gelen ýeri ýokdur. O-da birmi-iki sapar bolmaly...

— Senem ol ýerde bolan gürrüňçilikde barmydyň?

— Ýokdum.

— Onda Jüneýidi sen nirede gördüň?

— Bir-ä Owgan galasyna barlanda, birem şondan soňra çykyp, derýa boýunda durlanda görüpdim...

Kymyş duzçy diňe şundan soň oturanlaryň özünden näme eşitmek isleýändiklerine düşündi. Goja birhowa, bireýýämiň wakasyny ýadyna saljak bolýanyny mälim edip, haýsydyr bir şirin saz diňläp, gözlerini süzüp, meýmiräp oturana meňzedi. Oturanlar Kymyş duzçynyň Jüneýit han bilen saçagyň başynda gürrüňdeş bolup oturşyny özüçe göz öňüne getirip, muny anyk ýatlamasa, gojanyň özlerine hezil bermejegini aňyp, biraz haýyganlygyny pikir edişip, öz ýanlaryndan göwnühoşluk etdiler. Haçan-da Kymyş duzçy:

— Han Jüneýidi men görmesine-hä görüpdim özün-ä... — diýip, könäni ýatlap, täzeden gürläp ugran mahaly, töwerekde oturanlar onuň ýüzünde duýlar-duýulmaz ýaňsyly ýylgyrmanyň peýda bolanyny görselerem, onuň sebäbine şol

wagt düşünip bilmediler...

Jüneýit hanyň ilkinji gezek Owganda mejbury peýda bolmagynyň sebäbi 1916-njy ýyldaky rus generallary — Madritowyň etrek tarapda, general Galkiniň Hywa töweregindäki türkmenlere garşy alyp baran gandöküşikli söweşleri sebäp bolupdy. Öz halkyna baş bolup, Jüneýit han patyşa goşunlaryna we onuň ýaranlaryna garşy gaýduwsyz söweşler edensoň, güýç-ýarag egsik gelip, öwrülip, ahmyrly yza çekilmeli bolupdy. Ol ata-baba galasy Garagum çölüne bir siňensoň, ony Hywada dara çekmek isleýän general Galkinem gözläp näçe kösense-de, tapyp bilmändi. Onýança bolsa han baryp, Owgandan çykypdy.

Bu gabahatlyklar rewolýusiýanyň öňüsyrasynda, rus patyşasynyň generallarynyň päli azyp, uwlaşyp belany özlerine bakdyryp ýören döwri bolupdy. Owgan emiri öz ýurduny penalap gelen Jüneýit hanyň ýagdaýyna düşünip, oňa öz döwletiniň çäginde gaçybatalga beripdi. Üstesine-de, derejeläp onuň ýurtda arkaýyn hereket etmegi üçin, emirlik tarapyndan, keseki ýurtla dagy juda seýrek berilýän «Tarhanlyk hatyny» hem berip mertebeläpdi. Şeýle «Tarhanlyk haty» Owgan emiri tarapyndan öňem bir gezek türkmen serkerdesine berlipdi. Oňa Owgan emirine ýagy gaýtarmaga goşuny bilen kömek eden Täçgök serdar mynasyp bolupdy. Serdaryň yzyndan şonda Mara iberilen «Tarhanlyk hatynyň», sowgat-peşgeşiň ýany bilen gaýduwsyz owgan serkerdeleriniň biriniň on alty ýaşly gyzy hem bardy. Serdaryň şol aýalyndan soňra Türkmenistanyň häzirki baş ýolbaşçylarynyň biri bolan Gaýgysyz Atabaýew dünýä inipdi. Görseň, ol dag börüsi ýaly gözleri ýanyp, doguma dolanyp, birkyýamada owgan adamsyna hem meňzäp-de durandyr.

Jüneýit han şonda ýaşamak üçin özüne ýurduň Türkmenistan bilen serhetleşýän demirgazykdaky Hyrat welaýatyny bu ýerden Watan bilen hem gulakdaş bolmak

üçin saýlap alypdy. Gully emininkä hem ol şol döwürler, at üstünde möjek ýaşaýşyny edip ýören günlerinde iki-üç sapar myhman bolupdy. Ýöne Jüneýit han biynjalyk adam bolup, baran ýerleriniň hiç birisinde hem uzak eglenmez ekeni. Gully emininkä gelende hem ol hemişe ýüzüni garaňka tutup gelip, gije myhman ýeri bilen söhbetdeş, hezzet-hormatda bolansoň, ertir ýene-de säher-säherler atlanyp, göterilip giderdi.

Obada Gully eminiň myhmanynyň hyzmatynda duran ogullarynyň käbiri bolaýmasa, kimiň gelip gideninden, köplenç, maşgalanyň özi-de habarsyz galardy. Bir gezek Jüneýit han myhmançylykda mahaly, hal-awhal soraşylanda, Gully emin oňa öz ilinin Owgan ýurdunda-da sarpaly adamsy hökmünde, maslahat salýan äheňde, owgan bürgüdi bilen serhetde oturan birnäçe türkmen obalarynyň arasynda soňy uly jetleşige ýazyp barýan agzalalygyň döräp ugranlygyny il keşigini çekýän adam hökmünde alada bilen gürrüň beripdi.

Geçen ýyl owgan bürgüdiniň iberen atlylarynyň dört obadan kyrk düýe däne talapgär bolanlygyny, bu ýylam ýakynda owganlaryň Mary bazaryna süren malyny ýolda bölüpsiziň diýen bahana bilen iliň iki bölek çekenesini ýörite iberilen ýaragly adamlaryň derýadan geçirip äkidenligini, türkmenleriňem birnäçe ýigitleriniň şol gijäniň özünde atlanyp, şol sürlen süriniň birini çaknyşyp, yzyna alyp gaýdanlygyny ýatlady.

Elbetde, beýle zatlar orus ýurduň daşyna çäk çekip: özümiňki diýip belläp alaly bäri aňsat bolmaýardy. Ol öz paç-harajadyny talap edişi ýaly, onuň daşyny goramagy hem oňarýardy. Eger päli azyp, sürnen tapylaýan-da hem orsuň kämil ýaraglary olary ikini islemez ýaly edip taşlardy. Soňky ýyllardaky öz aralaryndaky barlyşyksyz oňşuksyzlyklar onuň kuwwatyny mese-mälim gaçyrypdy. Orsuň ýüzýyllyklaryň dowamynda güýç bilen basyp alyp döreden imperiýasy çaý-

kanýardy, sep berip gowşaýardy. Pendi töwereginde hem serhedi ýassanyp ýatan oruslaryň köpüsi, hamala soňundan şol ýerden öz gelen otlularyna münüp Astrahan, Syzran diýşip çekilişip gidiberjege meňzeýärdiler. Serhetde diňe maşgalalary bilen bu ýerde durmuşa ornaşan «Hutor» kazaklary galyp, olaram indi ähli serhedi däl-de, öz töwereklerini gorasalaram kaýyldylar.

Ýurduň sallançagyny kimiň yraýanlygy ýa-da ony yraýanyň mertebe-derejesi ýabygorly bolan mahalynda, onuň derdi-azaryny il çekmeli bolýar. Her gezek ýaz gelende köne derdi-azarlaryň gozgaýşy ýaly, ýurt bulaşyklygynyň hem ähli köne hyltlara täzeden huruç berenligi belli bolýar. Şeýle döwürlerde hamala ýaşaýyş agramçylyklaryny adam adamdan, goňşy goňşudan görýäne meňzäp, «Ýer gaty bolsa, öküz öküzden görer» edişip, janagyryly dawa-jeňe has ýakyn bolýar.

Owgan bürgüdi bilen Murgaby ara alyp, indi bireýýämlerden bäri serhet ýakasynda goňşuçylykda oturan türkmen obalarynyň arasynda hem döräp barýan agzalalyk hut häzirki näbelli bulaşyk döwrüň näsazlyklarynyň birisidi. Onuň barha örç alyp tutaşyp barýanlygy hem belli bolupdy. Indem iş ula ýazmanka, wagtynda onuň bir tärini tapyp, öňüni almak hökmandy. Ýöne, hany, sen, bürgüt bir tarapda tow taşlap muny islemän durka, nädip onuň öňüni alarsyň? Elbetde, mesele gepleşikler arkaly birek-birege düşünişilip çözülse ne ýagşy, ýöne onam nädip, nähili ýol bilen gazanarsyň? Bu ýagdaý Söýünalylaryň arasynda il öňüne düşüp, ýol kesip ýören adam hökmünde Gully emini hasam köp oýlandyrýardy.

Ol öňräk bir gezekde ýanyna iliň abraýly ýaşulularynyň birnäçesini alyp, bürgüdiň ýanyna gepleşige gitmeklige hem bir hyýallanypdy. Ýöne bürgüt özünden howalyrak bolup barmasaň, ýenekiniň gepini alga aljak adam däldi. Şonuň üçin hem onuň ýanyna barylmaly bolsa, abraýa leňňer berip

biläýjek ýa-da onuň heder edäýjek adamsyny tapyp, şonuň bilen barmalydy. Jüneýit han Gully eminiň şol wysalyna şonda göni gelen adam bolupdy. Gully emin hem han öýüne gelende pursatdan peýdalanyp, oňa öz ilininiň salasy düşýän derejesi hökmünde maslahat salypdy.

— Han aga, siz owgan döwletininiňem öňünde abraý-mertebedäki adam, bir gabady gelende, bizde soňky döwürde emele gelen bu ýagdaýy ýurt begzadalary bilen bir gepleşip berseňiz. Heý, olara bürgüdiň tanapyndan çekdirip: «Goňşular bilen ylalaşyklyrak bol!» diýdirip bolaýmazmykan? — diýip, oňa ýagdaýy düşündiripdi.

Hanyň şol gezek myhmançylykda bolup gidenine iki aý geçip-geçmänkä oba onuň: «Gully emine aýdyň, onuň şol aýdan meselesi Owgan döwletiniň eýeleri bilen gepleşilip, oňyn çözülendir» diýen habary gelipdi.

Goňşular arasyna jetlik düşüp, onuň gowulyk bolan ýeri barmy? Goňşuçylykda ýaşamak birek-biregiň mertebesiniň, ýer-ýurt çäginiň saklanylmagyny talap edýär. Emma Jüneýit handan bu habaryň gelenine köp wagt geçmänkä, bürgüdiň atlylary yrsaraşyp, talap bilen ýene-de serhetden geçipdiler. Bürgüdiň Jüneýit hanyň, şol bir wagtda hem öz döwlet ýolbaşçylarynyň hem sözüni alga almanlygy belli bolupdy. Şundan soň il içindäki nägilelik hasam artypdy. Serhet boýlarynda — Söýünalyda, Bedeňde, Sugtuda Ganlybaş-Gojalyda gerek bolanda il arkasyny çalmak üçin kiçiräk at-ýaragly toparlar emele gelip, özüňi özüň goramaly, atyňa-ýaragyňa daýanmaly köne türkmençilik ýene-de yzyna gelen ýaly bolupdy. Ikitaraplaýyn gandöküşikli uruşlaryň başlanjagynyň indi ujy iki däldi. Şol günleriň birinde, bir ýerden bir ýere geçip barýan Jüneýit han, ýoly düşüp, ýene-de gijara Söýünalyda peýda boldy. Hanyň gelmegi, hemişekisi ýaly, ýene-de Gully emin üçin garaşylmadyk hem ýakymly pursat boldy. Gully emin ony gadyrly, gökdäki dilegi ýerde gowşan hökmünde kabul etdi, mertebeledi. Hanyň ýat ýerlerde

aňsat bolmadyk möjek ýaşaýşyny edip selpäp ýörenini ýatlap, ony ýene-de Watany görmek, az salymam bolsa onuň gujagynda özüni duýmak isleginiň bu ýere alyp gelenligini pikir etdi. Watan derdiniň häsiýeti şeýle. Onuň küýsegi aýra düşeniňden soňra hasam ýiti bolýar. Jüneýit han bu mahal Gully eminiň giňiş myhman tamynyň törüne atylan düýp halynyň üstünde, öňünde giňden ýazylan, üsti naz-nygmatly saçagyň başynda öý eýesi bilen saglyk-amanlykdan başlanan il-ýurt ýagdaýlary bilen bagly mesawy gürrüňlere berlip otyrdy.

Ýurt ýagdaýlary bilen bagly gürrüňler ýeňse-de, Watan ýagdaýlaryny gulakalap, onuň pikirini edip ýaşaýan Jüneýit hany ýene-de tizden özüne dolap aldy. Ol häzir Gully eminden eşidýän gürrüňlerini pikirinde öwrüp, ýurtdaky özüniň «ýeneki gulaklary» tarapyndan berilýän maglumatlary bilen deňeşdirip görýärdi, ölçerip-döküýärdi. Indi onuň hemme ýerden eşidýän gürrüňleri köpden bäri birmeňzeşräkdi. Orsuň soraýan ýurdy harasada düşen gäminiň çaýkanyşy ýaly çaýkanýanlygy, ýurduň tizden has-da çaýkanjakdygy duýulýardy. Jüneýit han bu gürrüňleri diňläp, orsuň bir tarapy gyzyl, beýleki tarapy özüni ak hasap edip, barha öjügişip, alyp barýan göreşlerinden çen tutup, «Iki at depişer, arasynda eşek öler» bolup, ýene-de biz—türkmenler nirä ýörejegimizi bilmän, hor bolaýmasak» diýip, aladaly pikir edýärdi.

Ýurtdaky harasatly gürrüňlere halys berlen Jüneýit han daňdanlar özüniň atlanyp, ugrap gitmeziniň öň ýanynda aňyrdan pendilileriň bürgüt bilen ara düşen jetliklerini özüniň owgan emiri Nedir han bilen düşünişip çözendigini ýatlap, şondan soňky hal-ýagdaýlaryň nähilidigini sorap anygyna ýeterin diýip gelýänligini ýadyna saldy. Ol Owgan döwletinininiň şeýle derejeli hökümdary bilen gepleşip, düşünişensoň, öz sözüniň alga alynmanlygyndan entek habarsyzdy. Jüneýit han şol barmana nämedir bir zat barada iňkise gidenini mälim edip, başyny sähelçe göterip,

sakgalyny sypap goýberdi-de, gürrüňdeşiniň ýüzüne gözledi:

— Ýogsa-da, Gully emin, siziň ol bürgüt bilen bagly meseläňiz nähili boldy onsoň? — diýip sorady.

Gully emin hana birbada nähili jogap berjegini bilmedi. Ýuwdunyp, ýöwselräk sypaýyçylykly ýylgyrdy. Gapdalynda duran goşa ýassygyň birini, elini uzadyp, has golaýyna çekdi. Gully emin bu soragyň beriljekdigini pikir eden hem bolsa, heniz şonda-da özüniň oňa näme jogap berjekligini aýgyt edip bilmändi. Sebäbi hanyň geçiren gepleşiginden soň bürgüdiň yrsaramasy hasam artypdy. Şol: «Oglum ýerine siýýär» diýip, molladan doga alanyň oglunyň ertesi has ulujasyny edişi ýaly, bürgüdiňem edýän hyýanaty artmasa, azalanokdy. Bu meselede Jüneýit hanyň özem Gully emin birde bolmasa, ýene bir amaty gelende: «Han aga, goňşular bilen arany sazlap berdiňiz, Taňry ýalkasyn!» diýerem diýip otyrdy. Ýöne Gully emin, hamala, eden haýyşy ýadyna düşmeýän ýaly, wagty bilen hana minnetdarlyk aýtmaga howlukmandy.

Gully eminiň özi, gaýta, onsuz-da aladasy, agyrysy az bolmadyk hanyň üstüne öz aladasyny hem gatanyny ýatlap, ony kyn güne goýany üçin öz ýanyndan müýn çekip: «Indi azar bolmaýyn. Başa gelenini görübermeli borus-da» diýip ýördi. Hanyň özi bu barada dillenensoň, oňa ýagdaýy bolşy - bolşy ýaly edip aýtmak gerekdi. Onuň başga hili däl-de öz soragynyň anyk jogabyny eşitmegi hökmandy. Gully emin:

— Han aga, onuň alyhezretleri entek bürgüt bilen gepleşik geçirmäge ýetişmändir öýdýän — diýip, sypaýçylykly geplemäge çalyşdy.

Hany Gully eminiň gürrüňiniň oýlandyranlygy belli boldy. Ol gözüni süzüp, sakgalyny sypap oturşyna: «Agzybirlik bolmasa-ha, ynjalyk bolmaz» diýip, näme hakda pikir edýänligini aňdyrman tapmaçaly gepledi.

Haçan-da ol ala säher bilen atlanyp durka, özüni ýola salyp ugradyp duran Gully emine:

— Sen ýanyňa özüňe gerek üç-dört adamyňam al-da, indiki jumada, guşluk töweregi gala bar! — diýip, «galanynam şol ýerde görüberýäs, ol ýerde menem bolaryn» diýen äheňde hanlarça biraz çetine deglenligini hem mälim edip, talaply gepledi.

Şundan soň owgan bürgüdi bilen alnyp barylýan ylalaşyk baradaky gepleşigiň täzeden ýeneki bir öwrüm alyp ugranlygy belli boldy. Onsuzam Gully emin Jüneýit hanyň boýun aldym eden işini orta ýolda goýmajagyna hem ynanýardy. Wagt bolsa atly ýaly geçip durdy. Eýýäm gala barmaly günem gelip ýetdi. Gully emin ol ýere özi bilen gepleşige alyp gitjek adamlarynyň hersi barada, olaryň gylyk-häsiýetlerinden, hal-ýagdaýlaryndan çen tutup, mertebeli gepleşige möhüm, gerek bolanda bir gädigi ýapyp biläýjek degerli adamlary ildeşleriniň arasyndan saýlamaga çalyşdy.

Onuň ilkinji ýanyna ýoldaş edinesi gelen adamsy Şirek hajy boldy. Şirek hajy Mekgä gidip, ol ýerden hajy bolup gelen mertebeli adamdy. Derýanyň iki tarapynda hem onuň uly sarpasy bardy. Il içinde ol musulman dininiň akyl-paýhas derýasynda ýüzüp, onuň suwuny ine-gana içip ganan adamlaryň biri hasap edilýärdi. Halk arasynda onuň keramaty bilen bagly oýlandyryp, böwrüňi diňledýän gürrüňler hem bardy. Bir gezek bir owgan adamsy töweregi çopansyz sürüden bir işşegi ogurlap alaýmazmy, ol goýnuň etini iýensoň, kem-kem çişip ugrapdyr, onuň bir belanyň üstünden barany belli bolupdyr. Ogry bolsa çişip, barha deprek bolup gidip barýamyş. Onuň gep salgyndan, kimiň goýnundan alnandygyny bilen adamlar şonda oňa:

— Häzir tiz git-de, hajy agadan ötünç sora! Töweregi eýesizem bolsa ol gurbany gitdiklerimiň malyna el urup bilýän ýokdur. El ursa-da, seniň ýaly, şeýdip, bir bela tapýandyr. Örän tiz git-de, etegine ýykyl, ýogsam ýarylyp ölersiň — diýipdirler.

Owgan adamsy elem-tas bolup ýanyna gelen mahaly, Şirek hajy «Hä, nädäýdiňkäň?» diýen manyda sähelçe bir ýylgyrypdyr. Soňam ony bagyşlap, haýsydyr bir güýçli dogany Taňra berlip okapdyr welin, ogrynyň garnynyň çişi şundan soň gaýtmak bilen bolupdyr. Şondan bäräm goýun ogurlap, göz gören owganyň «Atam» diýip, maşgalasy bilen gatnaşyp ýörenligini il görüp ýördi. Ol halys Alla, dini taglymatlara berlip: «Allanyň halanydyr, ondan bidin çöp başy gymyldamaz» diýip hasap edýänligi üçin, beýle zatlara asla-da aňsat baş götermezdi. Ýöne Gully emin il bähbidini goramagyň pygamberleriň öz ymmatlaryna wesýet edip giden agzybirligidigini ýurt bähbidi bilen baglap, ony özüne ýoldaş edinip biljegine ynanýardy. Onuň Owgan bürgüdi bilen ylalaşyk gazanyljagyna bolan ynamy şeýdibem barha berkärdi. Şeýle--de Jüneýit han ýaly gaýratly serkerdäni, Şirek hajy ýaly Taňrynyň pygamberler zybanyna beren paýhasyny öňe tutunyp baraňsoň, onuň asla başgaça bolmaga-da haky ýokdy.

Bu aladanyň bir ýanynda dawa-şer bolansoň, her hili ýagdaýyň bolaýmagy mümkindi. Onda-da garşydaşyň öz güýjüne baýrynýan, seni-de şeýlebir äsgerip, alga alyp-da barmaýan mahalynda. Şeýtan ara düşüp, taraplaryň sözleri azaşyp, bürgüt adamlarynyň dyzanyşyp, garaşylmadyk ýagdaýda ýaraga ýapyşyp, toparyň ahmallygyny almagy-da daşda däldi. Gully emin şeýle dehme-dähel gerek bolanda özüne derkar adam hökmünde Sary batyryň taýpalar çaknyşyp, gaçylyp-kowlan döwürde, derýa üstünde gurlan ýylgyn köpriniň öňüni bir özüniň gorap, aýal-oglan-uşagyň geçmegine mümkinçilik döredenini ýatlap, özüne-de şeýle gerek wagty onuň edermenligini ýene bir gezek gaýtalap biljegine ynanyp, ony hem özüne gerek adamlaryň hasabyna goşdy. Gully eminiň kalbyna diň salyp, pikir edişine görä, bu gürrüň taraplaryň hiç birisi üçinem ýeňil-ýelpaý mesele bolmaly däldi. Şonuň üçinem onuň nähili öwrüm alaryna garaşsaň garaşybermelidi.

Gully emini üçünji özüne ýoldaş edinesi gelen obadaşy Ýalkap sypaýydy. Oňa il içinde Ýalkap mylaýym hem diýýärdiler. Ol her halda sowukganlylygy saklamagy oňarýan adamdy, onuň taraplaryň gepleri alyşman, hersiniň gürrüňi bir ýerden çykyp ugran mahaly, sypaýyçylyk bilen ol gepleri dolap, bir ýere jemläp, ýene-de parahat akaba salmak üçin gerek boljagyny pikir edýärdi.

Käte ýerinde aýdylan mylaýym hoş sözüň, tutuş gepleşige täsirli bolýandygyny Gully emin il öňüne düşüp ýöreli bäri göre-göre gelýärdi. Galyberse-de, owgan adamlaryna çalym berip duran Ýalkap mylaýymyň gepleşik geçiriljek tarap bilen gan garyndaşlygy hem bardy. Onuň enesi belli owgan şasy Ahmet şa Dürranynyň degişli bolan abdal taýpasynyň gyzydy. Ol Hyratdaky daýylary bilen ýakyn garyndaşlyk gatnawyny edip ýören, enesinden öwrenen owgan dilinde türgen gepläp bilýän abraýly adamdy.

Gully eminiň ýene bir göwni Kymyş duzçyny hem özüne ýoldaş edinip, galada boljak maslahata alyp gitmekdedi. Onuň gerek ýerinde hiç kimden ýüz görmän-gapyrga syrman aýdyp bilýän soňunysaýmaz gönümel gepi bardy. Ol ýerde şeýle gepiň hem gerek bolaýmagy gaty mümkindi. Ony bolsa Söýünalyda başga kişi däl-de, diňe Kymyş duzçy aýdyp biljekdi. Emma bu gönümelligiň işi has bulaşdyraýmagy hem juda ahmaldy.

Onsoň äsgermezlik bilen kükreginden itilen ýaly bolan garşydaşlaryň şundan soň öz bähbitlerini araşyp, has öjügmekleri hem daşda däldi. Bu pursat gepiň ýerini bilip, seresaply geplemegi talap edýärdi. Hany, onsoň, sen tap-da tapyp bilseň, öňküje halyňam?! Şonuň üçinem Gully emin Kymyş duzçyny ýoldaş edinip gala gitmek meselesinde ikigöwünlidi. Şol gezek Gully emin telim bir ölçäp-döküp, maslahata Kymyş duzçynam alyp gitmeli diýen netijä gelipdi. Onsoňam näme üçin ony topara goşmaly dälmişin!? Gönümel

gepiň kesdi çekip, onuňam gerek ýeri bolar. Ol ýerde näme boljagyny aslynda Alladan başga öňünden bilýän barmy, eýsem?

Gully emin dagy birnäçe günden, il içinden öz ýanyna ýoldaş edip alan adamlary bilen Jüneýit hanyň: «Gala bar» diýip, belläp beren güni ir ertir bir kowçum adam bolşup ýola düşdüler. Ertiriň säheri asudady, howasy tereňdi. Atlylar deryanyň ýalpagrak ýerlerinden atlaryny salyp, gaýraky kenara özlerini atansoňlar, ikibir, üçbir özara gürleşip baryşlaryna alysdan seleňläp görünýän bürgüt galasyna tarap ýöriş etdiler. Deryanyň gapdaly bilen töweregi gamyş-gajrawly jeňňel ýoly uzalyp, bir-de derýa ýakyn gelip süýkenip, ýene bir-de ürken at ýaly oýtarlap daşlaşyp gidýärdi.

Gala seleňläp görünýän-de bolsa, ol görnüşi ýaly ýakynda däldi, oňa ýetmek üçin eşekli eşegini, atly atyny birmeýdan ýagşy debsilemeli bolýardy. Özi-de ulaglary gyssap sürüp tizräk oňa ýetjek boldugyňça-da, gala hemişe diýen ýaly depesinde irkilip duran gara tugy bilen, barha aňry çekilýäne meňzeýärdi.

Söýünalylaryň gelenine mähetdel derwezäniň öňünde garşylamaga goýlan adamlar ýerli-ýerden myhmanlaryň atlaryny tutuşyp, soňra özleriniň yzlaryna düşürip, bürgüdiň ýanyna alyp gitdiler.

Bürgüt bu ýerde biraz mundan öň gelip düşen Jüneýit han bilen özara mesawy gürrüň edişip otyrdy.

Serdar aňyrdan gelen ildeşleriniň salamyny alansoň, olaryň hersi bilen elleşip görüşdi. Gelenlere, näme üçindir, beýle sarpanyň han tarapyndan goýulmagyna düşünmedik, aýbogdaşyny gurup, öýüň törüni eýemsirenip oturan bürgüt hem içinden bu gelenleriň arasynda musulman bolsaň togap etmeli adamyň barlygyny pikir edip, Jüneýit hana meňzäp, ol hem gelenler bilen biraz üýşenme bilen mertebeli görüşdi. Gelenler özlerine goýlan ýerde, garşyda ýaý berşip ornaşansoňlar,

kyn gürrüňi «alaman öňüni serdary başlar» edip, ýeňiljek ardynyp, Jüneýit hanyň özi başlady. Ol ilki häzir döwür-döwranyň çaýkanyp, hanasyndan daşyp çykarly bolan ýagdaýdygyny, aýagyň baş, başyň aýak bolup, dünýä hasabynyň bulaşanlygyny, onuň möwjüniň musulman milletlerini hasam kyn güne düşürip, gün-güzeranyň juda pese düşenligini, musulmanlaryňam häzirki ýowuz döwürde «Ýer gaty bolsa, öküz-öküzden görer» edişip, bir-birleri bilen erişip, özleriniň ozalky agyr ykballarynyň ýüküni hasam ýetirýändiklerini, bizem häzir muňa meňzeş bir alada bilen şu ýere ýygnanyşdyk diýen manyda öz gürrüňine öwrüm berip, töwerekden aýlady. Töwerek sähelçe baş atyp, onuň sözüniň manysyny özüçe tirip, makullap otyrdy. Jüneýit hanyň gep saluwy häzir diňe bir söýünalylaryň meselesini däl-de, tutuş dünýä meselesini şu oturan ýeri bolan bürgüdiň galasynda çözäýjege meňzeýärdi.

Bu, elbetde, tapmaça gatylan, entek aňyrsynyň nireden urup çykjagy häzir-ä belli bolmadyk, şol bir wagtda bolsa böwrüňi diňledýän ýerlikli gürrüňdi. Jüneýit han gürrüň arasynda elleriniň biri bilen käte öz uzyn sakgalyny gysymlan ýaly edip sypalap goýberýärdi. Gürrüňiniň bir ýanyndan oturanlaryň hemmesine degişli bolan musulman dinini hem goýman, ol parahat gürleýärdi:

— Pygamberimiz Muhammet aleýhissalam şeýle agyr günlerde musulman ymmatyna öňküdenem bäşbeter bir-birleri bilen dostlukly-agzybirlikli bolmagy, birek-biregi goldap ýaşamagy maslahat beripdir. Şeýle bolanda ähli agyrlyklaryň ýeňil geçjekdigini, ondan aman-esen galyp boljakdygyny ýatladyp, paýhas edipdir.

Bu sypaýyçylykly gürrüňler, häzir, näme üçindir, aýdylaýmaly gep aýdylman, ätiýaç bilen onuň töwereginde aýlanylyp durlana meňzeýärdi. Häzirki wagtda bürgüd-ä edip bilen garagollugyny edip ýörkä ele düşen oglana, gepleşige gelenlerem, elinden tutup, oňa beýtmegiň gowulyk däldigini, şol

bir wagtda-da onuň has eýmenç işler etmeginiden çekinip, ony ýalbar-ýakar edýän adamlara öwrülipdiler. Bürgüt geplemän, oturan adamlaryň depesinden seredýän deý, her gepiň manysyny tiryänden bolup: «Hany siz bir gepläp boluň, onsoň meniňem bir etjegim bardyr» diýýän ýaly düňrelip otyrdy. Adamlar soňra onuňam gürrüň arasynda bir zat diýerine garaşdylar. Bürgüt bolsa hamala muny bilýän ýaly, erjel dymýardy. Gully eminiň soňra biragyzam bolsa bürgüdi gürrüňe gatmak üçin Söýünaly obasynda iki sany, daşlary göwnejaý dişelen, beren dänäňi ýüpek ýaly una öwrüp duran harazyň barlygyny aýdyp, gerek bolsa onuň owgan obalaryna-da hyzmat etjegini, özüniňem bu meselede ýakyndan oňa hemaýatda bolup biljekligini ýatladyp, bürgüdi hoş söz bilen gürrüňe goşmaga eden synanyşygy-da ony imrindirmedi. Bürgüt diňe öz gapdalynda oturan Jüneýit han geplän mahaly ýarylyp-ýyrtylyp, oňa zordan «hä» berýärdi.

Gelenler bürgüdiň bu garalyp-bürelip oturşyndan çen tutuşyp, özleriniň ylalaşyk gazanyp bilmejeklerine, hatda Jüneýit han ýaly mertebeli adamyň hem bu meselede özlerine kömek edip bilmejegini pikir edişip, lapykeç bolşup ugradylar. Gürrüňiň niresinden goşuljagyny bilmän, aramjanrak bolup oturan Ýalkap mylaýym:

— Mertebeläp, ýanyna gelip, gaýtam, bu zaňňary özümize öjükdiräýdigem öýdýän? — diýen wagty, onuň mylaýym pessaý sesi aladaly eşidildi.

Jüneýit han taba salyp, aýlawly geplese-de, öz aralarynda öň bu mesele bilen bagly ikiçäk gürrüň bolanyndan soň bürgüt hanyň gönüläp diýmese-de, näme diýjek bolýanyna aňryýany bilen düşünip otyrdy. Bu onuň: «Gowulyk bilen ýakadan eliňi aýyr, bürgüt, halky öz gününe goý, yrsarama!» diýdigidi. Han bolup il öňüne düşüp gelenligi üçin, onuň gep saluwynda haýyşam bardy, talabam.

Jüneýit han sözüni tamamlansoň, Gully emin pursatdan

peýdalanyp, bürgüde öz ýany bilen peşgeş bermek üçin getiren düýp halysydyr bir düwünçek kümüş pullaryny mertebeläp oňa gowşurdy.

Bürgüt sowgady biraz geňirgenip, hamala etmeýän işini edýäne meňzäp, düýrügibräk agras kabul etdi.

Gully eminiň pikiriçe, bu peşgeş, sergin suw bolup, bürgüdiň gyzyp, çişip ugran ýüregini köşeşdirmelidi. Oýmur-oýmur bolup kalpda dörän çukur-näsazlyklary öz mähri bilen sypalap bitirmelidi hem bu gürrüňçiligiň bütin dowamynda gönençligiň ýakymly tolkunlary bolup, häli-şindi onuň göwün kenarlaryna mylaýym tolkun bolup çaýylyp, ýuwup durmalydy. Bürgüt ýumşaşmalydy. Şirek hajy geplemekçi bolan wagty ygtyýarsyzlyk bilen agzyny tutup üsgürinjiredi.

— Gudraty güýçli Taňry agyz-dil birligini bersin, ähli musulman ymmatlarynyň kalbyna gowulygy guýsun-da hernä. Allatagala rysgal-döwlet berjek bolanda hem ony ilki özgelere däl-de, goňşulary, il-güni bilen agzybirlikde ýaşaýan ymmatlaryna: «Al, gulum!» diýip eçilermişin.

Kymyş duzçy gürrüňiň hörpüni halamanrak içini hümledip, gürrüňe gatylman otyrdy. Onsoň Gully emin hiç kimiň ýüzüne seretmän, bugdaýreňk, gelşikli ýüzüni höwessiz sypalaşdyrýar, soňundanam elini yzyna çekip, ony egnine geýen garma donunyň ýeňinde gizlärli görünýärdi.

Gully emin iliň öňüne düşen adam hökmünde häzir özüniň ýol kesmelidigine düşünýärdi. Ýöne köp halatda gyssagarada bolşy ýaly, başga-da bir ugruna çykaýar ýaly göwnejaý pikirem kellä gelibermeýärdi. Onuň häzir ähli tamasy Jüneýit handady. Ýene birde bolsa ol Jüneýit han ýaly uly adamy özüniň bähbidine edilmeli işe goşup, ahyrynda-da iş bitmän, ony hana gelişmeýän uýada goýanyny hem müýn bilen pikir edýärdi. Bürgüt tekepbirlik, äsgermezlik edip, dartgy-çekgä gelmedik ýagdaýynda ýenebir ýol bilen orsuň ýagdaýyny tapyp, şonuň ýowuz ýaraglarynyň üsti bilen gan dökülip

çözülmeli bolunjakdygyny hem oý edýärdi.

Ikitaraplaýyn gepleşik oturanlaryň pikir edişlerindenem has tiz gutardy. Geplemän oturan adamyň näme pikir edýänini bilip bolmaýşy ýaly, ony gürrüňe goşmagam kyn bolar ekeni. Bürgüdiň gapdalynda başy seleň selleli, pes boýly, tyňkyja adam otyrdy. Olam adamlaryň ýüzünden gözlerini aýyrman seredýän hem bolsa, bürgüt ýaly geplemeýärdi. Ähli aýdylanlary bir-bir diňlänsoň, soňundan hemmelere «hä» diýdirjek bir sözi aýtmaga güýç toplap oturana meňzeýärdi.

Tizden ýagdaýa Jüneýit hanyň hem aň edenligi anyk boldy. Ol gapdalynda oturan bürgüde tarap sähelçe öwrülip, alyşmadyk gürrüňçiligi jemlärmen boldy. Han özüne tarap öwrülen mahaly bürgüt egnine ýelbegeý alan donunyň ýakasyny tutup, sähelçe ýylgyryp, oňa tarap öwrüldi. Han parahat gürledi:

— Bürgüt, ikimiz bu meseläni öňem maslahat edipdik. Onuň alyhezretleri emir Nedir han-da biziň bilen bu meselede doganlarça pikirdeş bolupdy. Türkmen obalary bilen hyzmatdaşlykly bolsaňyz gowy. Sen gaýrat et. Şu ýerde köp zat seniň bilenem bagly bolup dur!

Jüneýit hanyň gep saluwy talaply han gepine däl-de, sözüniň gögermejegine güman edip, ony ýalbar-ýakar bilen «hä» diýdirmäge synanyşyk edýäne meňzedi.

Han gepleýän wagty bürgüdiň ýüzünde tekepbirlikdir ýaňsyly ýylgyrma meňzeş äslemeýän alamat peýda boldy. Mese-mälim tüýsi üýtgedi, onuň han sözüniň niresinidir bir ýerini seňrik ýygryp, halamanlygy äşgär boldy. Indi ol öňünden çykan ähli zady şahyna ildirip, derbi-dagyn edip taşlaýjak, gan görüp, aňy üýtgäp, dälirän öküze öwrülip, seňňer atyp düňderibräk, ala gözlerini otlukly ýalpyldatdy.

Han gapdalrak, ýanyn oturany üçin, häzir bürgüdiň ýüzüni görmeýärdi. Onuň ýüzünde akly-garaly şeýtanlaryň omman atyşyp, keýp edişip oýnaýandyklaryndan hem habarsyzdy. Häzir bürgüdiň gapdalynda oturan tyňkyjanyň hem gözleri

söýünalylaryň hersiniň aýratynlykda kükreginden itäýene meňzäp, jel-jel edýärdi. Onýança-da bu ýagdaýa uzak çydap bilmedik Kymyş duzçy garaşylamadyk ýagdaýda donunyň synyny kakyp, pasyrra ýerinden turdy. Özüniň niredeligini unudyp, Gully emine seredip, talaply gepledi:

--Tur, Gully emin, gitdik! Seniňem bir «han» diýip, öňe tutup gelen adamyňy diýsene. Kesmeli ýerinde kesmän, höreläp-köşeläp, ýalbaryp oturandanam han bolýarmy onsoň!?

Kymyş duzçy bu gepi özüniň häsiýetine mahsus soňuny-saýmazlyk bilen şeýlebir öwrüm berip aýtdy welin, töwerekdäki adamlar hem mundan soň hiç hili gep-gürrüňiň bolmajagyna göz ýetirişip, duran-duran ýerlerinden söm-saýak bolşup turmak bilen boldular. Märekäniň depesinden otly gamçy indirilene döndi. Ara başagaýlyk düşdi. Ukuda ýatyrka garnyna depilen ýekegapan alas-gopas turup, tutduryp gidiberene döndi. Kymyş duzçynyň gönümel aýdyp goýberen bu ýarym ýaňsyly-ýarym göwniýetmezçilikli gepi heniz-henizler töwerekden beýle açyk gürrüňi eşidip görmedik Jüneýit hana şeýlebir täsir etdi welin, onuň özi hem Kymyş duzçy ýaly birden göçenini hem duýman galdy:

— Häh, seniň bir...! — diýip, ol kimdir birine at tutman, «hym» baglap sökdi-de, ýer depip, garaşylmadyk bir tizlik bilen öwrüm berip, ornundan gopdy. Sen-men ýok, soňundanam gapdalyndaky mauzerini alyp, ony gazap bilen bürgüdiň maňlaýyna tutdy.

Han turan dessine, häliden bäri ondan biraz ýeňse-de ýaraglaryny öňlerine kese basyşyp oturan, başlary gowaldaň telpekli, eginleri hywa donly iki adam hem syçraşyp, «Ih-de, äh!» bolşup, ýerleriden syçrap göterildiler. Häzir olaryň ýaraglaryna ok sürşüp garalyşyp-bürelişip duruşlary han haýsydyr bir yşarat etdigi içerde oturanlary birbaşyndan paýhynlap, maslyk depeläp çykyp gidiberjege döndiler. Kymyş duzçynyň aýdan bu sözi häzirki ýagdaýda diňebir onuň

özüniňem däl, onuň ýoldaşlarynyňam köpüsiniň diýäýesi gelen gepidi. Gepiň ýerine düşenligi hasam Jüneýit hanyň gazaby depesine uranlygy belli bolup, ol dabanyna ot basylan ýaly çusluk bilen ýerinden turan mahaly belli bolupdy. Hanyň gepi talaply eşidildi:

— Meni ýene bir gezek şu meselä dolanyp gelmeli edäýseň, onsoň özüňden gör, bürgüt!

Gaçaryny aldyranyna, rejäniňem geň däldigine gözi ýeten bürgüt indi reňkini agdaryp, harasada galyp oturşyna, başga sözleri unudan ýaly basyksy sesi bilen häli-şindi şolbir gepi gaýtalaýardy:

— Han aga, siziň diýeniňiz bolar! Han aga, köşeşiň! Gurhan kerimden ant içýändirin. Düşünişendiris.

Häzir bürgüdiň ýüzünde mundan biraz ozalky, türkmenlere göwnüýetmezçilikli, buýsançly, hondanbärsilikli, ýaňsyly pisindi oturmazlykdan nam-nyşan ýokdy. Derçigip, janhowluna dolup, gününe kaýyl adama meňzäp, mese-mälim kiçelip, pikirini bir ýere jemläp bilmän, murtuny sallap saňňyldap otyrdy...

Maslahatdan soň türkmen atlylary atlanyşyp, derýa boýuna indiler. Handan göwni biten Gully emin hezzet-hormat etmek üçin ýene ony mertebeläp öýüne myhmançylyga çagyrypdy. Ýöne han oňa ertiriň özünde Hyratda bolmalydygyny, ol ýerde wajyp gepleşiginiň barlygyny aýdyp, myhmançylyga bolsa ýene bir nesibeli günde aýlanjaklygyny aýdyp, hoşlaşyp durupdy. Şonda onuň syny hol beýleräkde atyny suwa ýakyp duran Kymyş duzça düşüp, Gully emine:

— Gully emin, sen ederini bilýän adam ekeniň. Biziň ilde bolan bolsaň, sen han ýa-da han gadamynda gezýän pylankes bolardyň — diýipdir. Soňundanam ol öwrülip, Kymyş duzça ýüzlenipdir: — Sen bu ýňdarmalygyň bilen biziň ilde bolan bolsaň, kellesiz galardyň! — diýipdir.

Kymyş duzçy muny gaty görmändir, gaýta, ol hem şonda

göwnühoş ýylgyryp:

— Han aga, özümi götermejek ilde men bolmanam. Besdir maňa öz ilim. Gördüňiz-ä özüňizem, meniň öz ilimiň deregine ýarap duranlygymy! — diýip, o-da ýüzugra hanyň jogabyny nagt edipdir.

Kymyş duzçynyň beren bu jogaby hanyň göwnüne jüňk bolan bolmaga çemeli ol: «Elhepus, biziň türkmenlerimizde-de herhili adamlar bar-ow...» diýen manyda myssa ýylgyrypdyr-da, gönençlik bilen sakgalyny sypalap goýberipdir.

Şondan soň Jüneýit han Gully emin, onuň töweregindäki adamlar bilen hoşlaşyp, töwereginiň bir bölek atlysy bilen ýokarlygyna --Balamurgap tarapa ugrapdyr. Handan göwni biten söýünalylaram derýanyň akym ugruny syryp, öz öýlerine dolanypdyrlar. Bürgüdiň haýbatly galasy olaryň yzyndan ümürläp, tutuksy, düşnüksiz seredip galypdyr...

...Sorag edýänler ilki Kymyş duzçynyň öz beren soraglaryna gojalarça gepiň töweregine halka öwrüp, uzak gürlemegini asla islemändiler. Ondan her berlen soraga pert-pert jogap bermegi talap edipdiler. Ol bolsa her özüne berlen soraga «hawa» ýa-da» «ýok» diýip jogap bermegiň ýerine, hamala, agtyklaryna erteki aýdyp berýän ýaly, tebigatyna laýyklap howlukman, mahal-mahal ýokardan sorag-tapmaça sallap, berlen soragy wakadyr hadysalary goşup gyzyklandyryp gürleýärdi. Dogrusy, goja öňünde oturanlar babatda il içinden eşidýäni şum habarlar bolansoň, biraz çekinmänem durmaýardy. Ýöne, özünden soraljak zadyň Jüneýit han bilen baglydygyny bilensoň, olary soragynyň öňde-de bir awçynyň öňünden çykandan «Asmandaky gazy gördüňmi?» diýip soraýşyna meňzedip arkaýynlanypdy. Aman OGPU dagy ilki gojany öz isleýişleri ýaly gysga jogap bermäge mejbur etmäge synanyşanam bolsalar, barybir olaryň diýeni bitmän galypdy. Oturanlar her gezek urdurylyp, gapdaldan onuň sözüni böltänlerinde ol biraz sözüne dyngy berip, paýhynlan

ýaly bolýardy-da, soňra külterläp oturan gürrüňiniň ýene-de şol goýan ýerinden öňki hörpünde dowam etdirip ugraýardy. Az mahaldan erteki häsiýetli gyzykly gürrüňe imrinen OGPU Amanowam, onuň ýanyndaky adamlaram, gojanyň başga hili gürläp bilmejegine göz ýetirensoňlar, ony öz gününe goýdular. Onsuzam Kymyş duzçynyň berýän gürrüňinde olaryň Jüneýit han barada eşidesi gelýän gepleri az däldi.

Şuňa meňzeş gürrüňi OGPU Amanow ozalam Jüneýit han bilen bagly sorag eden mahaly başgalardanam eşidipdi. Goja öz gatnaşan wakasyny howlukman ýadyna düşürip, Jüneýit han bilen bagly sözlere özüçe biraz leňňer berip anyk gürleýärdi.

Aman OGPU soragdan soň Kymyş duzçyny biraz zyndanda saklansoň, gijöýlänler ony bendilikden gutaryp: «Ýaşuly, sen anyk gep aýdan ekeniň!» diýip, öýüne gaýtmaga rugsat edipdi.

Şeýdip OGPU-laryň talaby bilen Kymyş duzçy wagtyň geçmegi bilen indi birneme aňynda könelişip ugran ýatlamasyny ýene-de bir gezek ýatlamaga mejbur bolupdy.

* * *

Ýagdydyr Nurjuma şäherde öz çagyrylan ýygnaklaryna wagtynda ýetişmek üçin oba şuradyryn-da başlyk bolşup, aladaň bilen Nurjumanyň alaşasyny Ýagdynyň arabasyna goşup, şähere tarap ýola düşdüler. Tomus-da bolsa bu wagt howa sergindi. Jeňňel tarapdan gurbaga kerep ysly öwüsgin öwsüp, ýüz-gözleri serginlik öýmesi bolup ýakymly sypalaýardy. Olar arabanyň üstünde töwereklerini synlaşan bolşup, şindi ukudan oňly açylyp bilmändiklerini mälim edişip, ümezlenişip otyrdylar. Töwerekde pagta ekilen bölek-bölek meýdanlar garalyşyp, ümrüň içiden çykyp gelýäne meňzeşip, seleňleşip-serginleşip görünýär. Araba obadan ýagşy saýlanansoň, Nur-

juma öýkeleşen ýaly hütgürişip oturman, haýsy-da bolsa bir ýol gürrüňçiligine öwürmekçi boldy:

— Bu gezek bizi näme üçin çagyrdylarka? — diýip, gapdalynda arabanyň öňüni özi bilen bölüşip oturan Ýagda ýüzlendi.

— Bilemok — diýip, Ýagdy gysgaça göwünsiz jogap gaýtardy.

— Eşek toýa çagyrylýan bolsa, ýa odun gutarandyr, ýa suw...

Barybir Ýagdy ýene-de dil ýarmady. Uludan pallap, elini serip gerindi, jogap ýerine bolsa Nurjuma tarap sähelçe öwrülip, makullaýjy baş atdy.

Ýagdynyň bu bolşy Nurjumanyň garagollugyny oýardy, ol gamçy tutup oturan sag eliniň tirsegi bilen oýun arap, Ýagdyny sähelçe hürsekläp goýberdi. Öz turbadan çykan ýaly ýogyn sesi bilen wagyrdap, oňa degip gepledi.

— Oýan-how indi senem. Henizem hyýalyňda gelinleriň ýorganyndan çykyp bilmän otyrsyň. Uzakly gije iki gelniň hyzmatynda bolaňsoň, onsoň gündiz magaýda sen, güň bolup ýörsüň!

Ýagdy Nurjuma tarap başyny öwrüp, hamala höwes eden gepini eşiden ýaly, göhi gelip, göwnühoş ýylgyrdy, soňam:

— Hä, gözüň gidýärmi, ýoldaş başlyk? Bolmasa, saňa-da Marfa diýen ýaly şäherden birini tapaýaly?

— Goýber ýakany? — diýip, Nurjuma garşy bolandan boldy. Ýöne, bu gepiň oňa-da kem ýaramanlygy gep saluwyndan mälim boldy, onuň sesi öňküsinden has mylaýym hem uýatly eşidildi — Hä, näme, öň obaňda iki heleýli, üç heleýli azmydy?

Ýoldaşyna indi birneme öjügip, Ýagdy ýene-de onuň üstüne sürnüp gepledi;

— Aý, goýsana, Ýagdy. Jähenneme giden ýoldaş agtar edip, senem diýseň-diýäýýäň bir zat. Ol heleýiniň üstüne

heleý edinen adamlar biz ýalymy, olar barjamly, il öňüne düşen begligi bolan pylankesler...

— Onda biz kim? — Ýagdy Nurjumanyň ýüzüne ýaňsyly sorag berip, onuň sözüni dolap böltedi.

— Bizmi, biz Ýagdy kemsit bilen Nurjuma!

— Biler bolsaň, dost, bizem öz döwrümiziň döwlet arkasy bolan şol begzadalary.

— Aý, bizdenem bir begzada bolarmy? — diýse-de, Nurjumanyň göwnüýetmezçilikli sözi gowuşgynsyz eşidildi.

Nurjumany zenanly gürrüňe imrindirenine hoş bolan Ýagdy oturan ýerinde göçgünlilik bilen ýoldaşynyň egnine kakdy:

— Sür gatyrak, ýoldaş Nurjuma! Eýýäm seniň pikiriň Marfaň töwereginde köwejekläp ýör-ä. Tüýs türkmen-dä. Türkmene bolsa aýal-gyz diýseň ýalmanyp, gulagyny göteriberermişin, aslynda-da ol bu millete gyzamykdan galan keselmişem diýýäler.

Soňundan Ýagdy:

— Eşidensiň-ä? — diýip, gürrüňe gyzyşyp barşyna, öňüräkki bir döwürde segsen ýaşly, il içinde mertebeli, belli işanyň alamana gidýänlere pata berende: «Oglanlar, agaňyz üçinem bir dabany ýaglyja gyrnajyk bolsa, gözüňizde bolsun!» diýen sargydyny ýatlap, göwünjeňlik bilen öz sözüniň üstüni ýetirdi.

Nurjuma bilen Ýagdy şähere gelensoňlar münüp gelen atdyr arabalaryny bazarjaýda ýerleşdirip, ýygnak geçirilýän ýere howlukdylar.

Bu günki ýygnak soňky döwürde barha giň gerim alyp ugran kulakçylyga çekmek we bu işde edilýän birnäçe haýal-ýagallyklaryň öňüni almak bilen baglydy.

Ýer eýelerine garşy göreşi bolşewik mundan has irräk döwürde, Oktýabr rewolýusiýasynyň ýeňip, agalygy öz eline geçiren wagtynyň yzysüre başlapdy. Onuň şol wagtky maksady ýurduň ähli ýerini özüne garaşly edip, soňra ony daýhanlara olaryň täze hökümete, onuň ýol-ýörelgesine garaýşyny göz

öňüne tutubam täzeden paýlamakdy. Telim ýyllara çeken raýatlyk urşy ara düşüpdi we bu ýyllarda bolşewigiň ýer-suw meselesine eli ýetmändi. Ony şonda-da Sowet döwletiniň gurluşygy bilen bagly meselelere goşman, bu meselä soňra elini boşadan mahaly gaýdyp gelmek üçin ýörite hasap tutup, gapdalda goýupdy. Daýhanlar bolsa şol döwürlerde bu ýagdaýdan çen tutup: «Bolşewik bizi öz günümize goýaýjagam ýaly-la» diýip tama edipdiler. Biraz arkaýynlanypdylaram. Raýatlyk urşy gutaryp-gutarmanka, bolşewikler ýene-de täze güýç bilen özleriniň amatly pursat arap gapdala goýan ýer dawasy bilen bagly meselä dolanyp gelipdiler.

Ýerli-suwly hojalyklar tirseklenip, ýersiz-suwsuz adamlar häkimiýet tarapyndan ilerlenip, ýurtda kolhoz gurluşygy güýçli depginde alnyp barylýardy. Köp ýerlerde ýekebara daýhan hojalyklary kolhoza alynman, olaryň täze durmuşa goşulmagy islenilmeýärdi, haçan-da kolhoza alnaýan ýagdaýynda hem olaryň ýolbaşçy wezipelerde dagy bolmagy asla islenilmeýärdi.

Moskwa 1930-njy ýylda öz geçiren uly ýygnaklarynyň birinde Staliniň «paýhasynyň perzendi» bolan kolhoz gurluşygynyň haýal barýanlygy tankyt edilipdi. Şu meselede hallyň-sallyňlyga ýol berýän ýerleriň arasynda Türkmenistan respublikasynyň adam ýörite agzalyp geçilipdi. Yzysüre bolsa Moskwa bu ýere öz ynamdar emissary hökmünde Ýakow Popogy ýollapdy. Ýakow Popok bu mahala çenli Brýanskide Sowet döwletini halamaýanlary kulakçylyga çekmekde görelde görkezip, ýakasyny tanatmaga ýetişipdi.

Ýakow Popok Türkmenistanyň Kompartiýasynyň birinji sekretary wezipesini eýelemek bilen öňki Brýanskide alyp baran gazaply işini indi Türkmenistanda aýratyn hyýanatdyr hyjuw bilen giňden ýaýbaňlandyrýardy.

Şonuň üçinem Ýagdydyr Nurjumanyň çygyrylan ýygnagy ýaly ýygnaklar indi ýerlerde häli-şindi geçirilip durulýardy. Ilki-ilkiler raýonda geçýän ýygnaklary raýispolkomyň başlygy

açýan hem bolsa, Popok Türkmenistana partiýa ýolbaşçylyk etmäge gelensoň, bu kada öz-özünden üýtgäp, raýispolkomyň başlygydyr raýon partiýa komitetiniň başlygy öz derejelik orunlaryny çalyşmaly bolupdylar. Indi raýonda ýygnaklary hemişe Tagtabazara geleni bäri etigip, eginleri çykyp, duluklary mese-mälim pökgeren Ata Hymlyýew giriş sözi bilen açyp berýärdi. Ýurtda bolýan ähli gowulyklary partiýanyň paýhasy bilen gazanýandygyny aýdýardy. Şeýle-de, siz pikir etmäň diýýän manyda, onuň ähli ýerlerdäki kemçilikleri hem ýitigözlülik bilen görýänligini aýdyp, öz wezipesini mertebelendirip, sözüni tamamlaýardy. Bu gezegem Ata Hymlyýewden soň, ady has ýörgünli raýon OGPU-synyň başlygy Syzran ýerlerde kulakçylyga garşy alnyp barylýan göreşiň ýagdaýy hakda, ýeňsä gaýtarylan owadan melemtil-sary saçlaryny sypalap-sypalap gürledi. Onuň sözünden soň ýerlerden gelenler nobatma-nobat söz alyp gürlediler. Olaryň köpüsi ýolbaşçy hökmünde il ugruna gürlemeli bolansoň gürleýärdiler. Baýraç Oba sowetiniň başlygy Atageldi wirreý ýaly gözlerini otlukly ýaldyradyp, tumşugyny göklän kürräniňki ýaly badyhowalyk bilen howada gezdirýän, öz obalaryndan kulakçylyga çekiläýmeli belli-belli maşgalalaryň adyny tutup: «Şulary synp hökmünde ýok etmeli!» diýip, gepine bat berip çykyş edýänlerem bardy. Ýygnakda Söýünaly obasynyň adyndan Ýagdy Narly çykyp gepledi. Gepläp durka onuň nähili görýänini bilmek üçin göz gytagyny OGPU-nyň başlygyna, ýüzüne agraslyk berip oturan Ata Hymlynyň barmagyny beýleki elindäki kagyzyň ýüzüne dürtüp oturşyna seredip gepledi. Ýagdynyň elinde galgadýan kagyzynyň nireden nähili peýda bolanyna Nurjuma ilki birbada düşünip bilmedi. Hemişe şura şeýle ýygnakda aýtmakçy bolýan gepiniň bolmanda bir tarapyny Nurjuma duýdyrdy, maslahatlaşardy. Ýöne bu kagyzyň Ýagdynyň elinde nireden peýda bolanlygy hakynda ol uzak pikir etmeli bolmady. Şol barmana-da onuň ýaňy

ýygnakdan öň adamlar daşarda naslaşyp durkalar bir adamyň gelip, Ýagdy bilen ýene bir oba şurany çagyryp OGPU-nyň başlygynyň orunbasary Amanowyň ýanyna alyp gidenligini ýatlady.

Nurjuma şundan soň bu kagyzyň başga ýerden däl-de, şol ýerden çykanlygyny çen etdi. Haçan-da Ýagdy elindäki kagyzdan yzly-yzyna adamlaryň adyny kulakçylyga çekilmeli adamlar hökmünde okan mahaly, şahyna urlan ýaly, ol öz süňňüniň sowuklyk bilen galpyldap gidenini duýdy. Olar Söýünalydan alty-ýedi adamdy.

1. Gully emin baý
2. Abdyrahman baý - Gully emin ogly.
3. Juma baý - Gully emin ogly.
4. Kämiran baý - Gully emin ogly.
5. Tylla baý - Gully emin inisi.
6. Orazgeldi baý - Kymyş baý ogly.
7. Orazgylyç baý - Kymyş baý ogly.

Nurjuma ýene-de Ýagdynyň elindäki kulakçylyga çekilmek göz öňüne tutulýan adamlaryň sanaw-hasaby baradaky hatyň döreýşi barada oýlandy. «Sanawa obadan adam gerek bolanlygynda näme üçin başga barjamly adamlar bolmaly dälmiş-de, aýratyn şu iki maşgala bolmalymyşyn? Sanawa Ýagdy goşdurandyr diýseň, olam-a bu adamlary ýigrenip barýan bolmaly däldi. Onsoňam, nä, adamyň içini bilip bolýarmy, hymlasa içinden hymlabam ýörendir? Onsoňam wezipe, diýeni bitip, göwün çykma bu zatlar adamy bir akylynda goýýarmy näme?...» diýip, öz ýanyndan pikir ýöretdi. Nurjumanyň bilesigelijiligi barha artdy. Onuň bu maşgalalary kimiň ýeňsesinden itip, öňe çykarmakçy, a darhanyň agzyna bermekçy bolýanlygyny bilesi geldi. Sanawy okanam bolsa, olary saýlap tutan Ýagdy däldi. Oba şura hökmünde çykyş edenem bolsa, ol ozaldan taýyn edilip goýlup, eline berlen sanawy okapdy. Eger ol düzen bolsa, Nurjumanyň pikiriçe,

onda bu sanawda düýbünden başga-başga adamlaryň atlary bolmalydy. Obada Ýagdynyňam uraýasy gelip ýören adamlary az däldi. Emma bu maşgalalar gönüden-göni olara degişli däldi. Muny Nurjuma gowy bilýärdi.

Sanawa ýazdyryp, kimem bolsa bu iki maşgalany halamaýan, Amanow bilen bolsa ýakyndan gatnaşykly, ozaldan «Bir atyma geläýseň bolýar» diýip, öjügli ýören adam bolmalydy. Şeýle adamam ol oba, ýagdaýa belet bolansoň, öňde-soňda bolan-goýany aň edip, dessine ýaka tutup aldy. Eger bir kes bolsa, ol bu meselede başga biri däl-de, Hardat kepretil bolmalydy. Gully eminden-ä indi onuň bireýýämden bäri köýüp ýatan ary bardy.

Bu waka Hardadyň agasynyň öz ýaş aýaly bilen güzeran üçin Gully eminiň harazynda günlükçilik edip, onuň golaýynda çöpkepbe tutup hyzmat edýän günleri bilen bagly. Pasyrdap ýören gelne Gully eminiň şonda gözi gidäýmezmi? Gelnem bir öz ärine göwni ýetmän, şory depesine urup ýören bolsa näme? Çolalygyny alanda Gully emin ýaňky gelin bilen harazyň içinde bir una bulaşyp alypdyr. Il içinde indi bireýýämden bäri şeýle ýarym gizlin gürrüň bardy. Şondan soň dogurmaýan gelniň ogly bolupdy, oňa hem ol öz ýanyndan: «Gully emin ýaly ot ýaly adam bolsun» diýen pikir bilen Narly diýip at goýdurypdy. Narlam indi aý-gün geçip ulaldygyça ejesini uýada goýup, barha Gully eminiň ogullaryna meňzäp barýan ýigdekçe bolup ýetişipdi.

Kymyşlardan bolsa ol öz bäşbelasyna aga bolup, gepini ýöredip ýören maşgalanyň uly ogly Orazgeldiden kitüwlidi. Orazgeldi haçan-da doganoglanynyň gyzy Hardadyň ýene bir agasyna gaçyp baranda namysa galyp, bäşbelanyň ýigitlerine buýrup: «Masgara boluşmaly bolsa, sizem onda çetde galmaň» diýip, onuň aýalydyr gyzynyň göz edip, saçyny sypdyrypdy...

Nurjuma soňra Hardadyň düýnde-öňňinde dosty Amanowyň ýanyna gelip-gidip, onuň bilen meseläni bişirenini bildi.

Gelen pikiri ony doly kanagatlandyrdy. Pikir edenliginde başgaça bolmaga asla haky-da ýokdy.

Ýygnak «Saryçöp» kolhozynyň başlygy, il içinde Amangül «nazzat» atly geň lakamy bilen tanalýan, häzir bolsa raýispolkomyň başlygynyň orunbasary, saryýagyz tatar gyzy Roza apa bilen ýanaşyk oturan aýal söz alyp gepleýänçä parahat gidip durdy.

Hamala, hemmeler bir pikirde bolunmalydygyna, başga bir pikiriň bolup-da bilmejegine aňryýany bilen düşünip oturana meňzeýärdi. Eýsem-de Hymlyýew, Syzran adam ykbaly barada pagtadyr maldarçylyk barada gepleýän ýaly parhsyz gürlänsoň, nähili başgaça bolsun? Ol ýerinden turansoň, biraz mundan öň çykyş edip, häzir bolsa burnuny talawladyp, oturşy bilen öz gepiniň mynasybetini nygtap oturan Atageldi obaşura tarap bir egin öwrülip gürledi:

— Atageldi agasy, nädäýipsiňiz-ä bi gulaklaryň sanawyny?

— Hä, nädipdirin? -- diýip, Atageldi oturan ýerinde aýdylan sözüň gep saluwyny halaman, nägile boldy.

— Muňa ähli öz halamaýan adamlaryňyzyň atlaryny goşuşdyraýýpsyňyz-a... Mana, bir ýerde Agajan murt diýipsiňiz, olar, näme, uly baýmy? Bir wagt ikiňiz suwuň üstünde it masgarasy bolşup urşanmyşyňyz-a, indi şony... — Gelniň gapdaldan duýdansyz çykan ýaly bolup aýdan gepiniň Atageldi şura şeýlebir ýaramandygy belli boldy, ol oturan ýerinde töweregine buruljyrap seredip, nägile hüňürdedi:

— Aý, Amangülem «nazzatlygyny» edip, ýöne diýer otyr-da...

Ol gelniň sözüni ýaňsylabrak, badalga alan ýaly küküräbräk geplese-de, aýdylanlar hem ugrunda ýoklugyna judabir ynanyp-da barmaýanygyny aňdyryp, ýöwsel gepledi.

Bu bolsa töwerekde oturan adamlaryň ýüzlerinde duýlar-duýulmaz myssyjyk ýylgyrmanyň peýda bolmagyna sebäp boldy.

Amangül atly bu akmapraç gelniň öňem käte ýygnaklarda şeýdip, garaşylmadyk bir ýagdaýlarda gürrüňe goşulaýmasy bardy. Ol ýaşmagyny biraz aşak çekibräk, hiç kimiň diýen ýaly ýüzüne göni seretmän, suňşuryp aýlawsyz gepleýärdi. Özüniň «Amangül nazzat» adyny ýöne ýerden almanlygyny oturanlaryň ýadyna salýardy.

...Amangülleriň «Saryçöplüler»[1] diýilýän obalarynyň adamlary ozal Guşgy ýolunyň boýundaky Çemenebit diýen ýerde oturýarlar. Töweregininiň amatly tekiz hem seleň bolany üçin, hökümet ol ýeri uçarlar toparynyň gonýan hem saklanylýan ýerine öwrüpdi. Bu döwürde uçarlar bilen bagly dürli milletleriň maşgalalary hem saryçöplüler bilen bile oturýardylar.

Saryçöplüler kolhoz gurluşygy başlanandan soň birnäçe adamlary özlerine oba şura saýlanan hem bolsalar, olardan hökümetiň tamasy çykmandy, ahyrynda-da, aňyrsy molla gyzy bolup, biraz hat-petekdenem başy çykýan dogumly gelin Amangüli bu wezipä göteripdiler. Amangül wezipä göterilensoň, «Kişä beglik ber, onuň kimligini şonda gör» diýleni bolupdy. Hökümetem bir tarapdan arkasyny alyp: «Sen-sen» edensoň, ol ýanbaşdan sapança asyp, goňşy orus çagalaryndan öwrenen «patdyk-putduk» orusçasynam gürläp, hasam merdemsilenipdi. 1930-njy ýylda hökümet Çemenebitde ýarym çarwa ýaşaýan saryçöplüleri, oturan ýerleriniň töwereginde ekerançylyk bilen meşgullanmaga mümkinçilik bolmansoň, daýhançylyk etdirmek üçin Saryýaza — suwdur ýeriň bol ýerine göçürmegi karar edýär. Ine, bir günem adamlaryň islegine, garşylygyna seretmän, olary paty-putulary bilen iki-üç wagona gapgarýarlar. Saryçöplüler oturan ýerlerini goýup göçmegi kyn görüşleri ýaly bir ýerden baryp, başa bir oba bilen goşulmagy hem juda kyn görüpdirler. Olaram suw ýakasynda oturmalam bolsa ilen-çalan bolşup, özleriniň aýry

*[1] Heniz-henizlerem Tagtabazar badalgasy bilen Saryýazy duralgasynyn aralygyndaky saryçöplüleriň otlyny yzyna sürdüren ýerine «Amangül nazzadyn ýeri» diýýärler.*

bir ýerde özbaşdak oba bolup oturmak isläpdirler. Otluda barýan mahallary adamlar munuň şeýle bolsa hemmeler üçin gowy boljagyna halka baş bolup barýan şura gelin Amangülem ynandyrypdyrlar. Şonda ol otly sürüjiniň ýanyna baryp, ondan Saryýaza ýetip barýan otlyny saklamagy talap edipdir. Ilki başgaça görkezme alan otlynyň sürüjisi Amangül şuranyň dur diýen ýerinde durmadyk wagty sözi alga alynmadyk gelin gazaba münüpdir-de, dyzanyp baryp, sürüjiniň kellesine sapança tutupdyr. «Nazzat!» diýip, öz bilýän orusçasyny gepläp, ýene-de talap bildiripdir. Sapançany görüp haýýady göçen sürüji şundan soň onuň diýenini edip, otlyny ençeme kilometr yza sürmeli bolupdyr. Saryçöplüler şeýdibem Saryýaza ýetmän, Baýraç obasy bilen onuň arasynda derýa boýundaky boşluk ýeri özlerine ýurt ýer edinipdiler...

Amangül söz dümerläp gepläp durka, zenan duýgurlygy bilen, hiç kimiň ýüzüne gönüläp seretmeýän hem bolsa, gözüniň gytagy bilen töwereginde oturan birnäçe adamyň öz gep saluwyny halaman, ýüzlerini köneldişip, reňklerine solgunlyk aralaşyp barýanlygyny gördi. Has beteri-de köp ýerde: «Tüýs partiýa berlen maşgala bu!» diýip, öz arkasyny alýan Ata Hymlyýewe häzir gep saluwynyň judabir ýarap barmaýanlygyny aňdy. Ol ajy tüsse ýüzüne uran ýaly gaşlaryny çytyşdyryp: «Haý, bu gelin-ä «öwlen oglan öňi hapalar» edäýdow» diýip, nägile bolaýana meňzeýärdi. Amangül şu pursatda alarladyp, meýdanda bir towşany kowalap barýan şagalyň özünden güýçli möjege duşanlygyndaky ýaly alasarmyk, ýakymsyz duýgyny başdan geçirdi. Ýogsam gep özge birine däl-de, Atageldi şura ýanalyp aýdylýan hem bolsa onuň: «Kör halamaz görer gözi» diýleni boldy. Indi gara başy duýdansyz gelen çabga astyndan alyp çykmak gerekdi. Aslynda özüniň ýiňdyrma häsiýetini Amangülüň özi-de halap barmaýardy. Bu häsiýet öňem ençe ýerde soňra onuň müýn çekip, ýüzüniň gyzarmagyna sebäp bolupdy. Adamlaryň köpüsi bolsa

ýygnaklarda, hamala haýsydyr bir göni ganyňa goşulýan suwuklygy içip, indem onuň täsirini özünde barlap görýäne meňzeşip, öwenlerini öküze, syndyranlaryny sygra öwrüp, ýygnagyň talap edýän, geplemeli geplerini gepleýärdiler. Hakykatda hem, umumy akymyň garşysyna gitmäge kimiň haky bardy? Galyberse-de, täze hökümetiň gaýygynda otyrkaň, onuň gämiçisiniň garşysyna gaýdan ýaly bolmaýarmy näme, eýsem? Gaşyna ýakmasaň, suwuň ortasynda: «Düş gämiden!» diýip, üstüňe kükräberse näme edersiň? Ýöne näçe özüne igense-de, Amangül nazzat göwnüne ýakymsyz bir zat aýdylan mahaly, urdurylyp ara girenligini onuň özem duýman galýardy.

Amangül pikirinde Atageldi bilen ýygnakdan soň araba-da oba gaýdyp barýan pursatlaryny ýatlady...

— Sen, Amangül, bir aýal adam. Uly bir ýygnakda birini gorajak bolup, meniň aýbymy aýdyp durmazlar ahyryn. Ähli raýon ýolbaşçylarynyň öňünde biz iki obadaş bolşup, ryswa bolsak gowy däl. Görseň, ýoldaş Hymlyýewem meni mamla hasap edendir. Onsoňam kimiň arkasyny almakçy bolsaň, soňundan maňa aýdaýmal-a sen. Abraýa leňňer bersek, birini-ikini dagy özümiz otla ýüklenjek mahalam alyp galyp bilýän adam-a — diýip, gomalyp burnuny talawladyp kese bakyp, igenjegini mälim etdi...

— Elbetde, ýoldaşlar, Atageldi agasy, siziňem maňa dogry düşünmegiňiz gerek. Bul meniň biziň täze durmuşymyzy görüp bilmeýänlere, oňa kast edýän adamlara garşy göreşmeli däl diýdigim däldir! Aslynda men beýle diýjeklerdenem däldirin, ony özüňizem gowy bilýänsiňiz! — Amangül osalrak gürleýşi ýaly hem duýdansyz sözüne öwrüm berdi: — Ýöne, ýoldaşlar, kulakçylyga çekilmeli diýmek, hemmeleri bir aýakdan sürmek diýmek hem däldir. Şu ýerde meniň öňräk Aşgabatdan maslahatdan gaýdyp gelende, ýoldaş Ata Hymlyýewiň ýoldaş Atabaýewiň ýolbaşçylara aýtdy diýip, aýdyp beren sargydy ýadyma düşýär. Ýoldaş Atabaýew şonda wezipä baýrynyp ili

bilen kaş bolýan käbir ýolbaşçylara: «Hemmeleri tersçil etjek bolup, ýene-de halkyň soňuna çykaýmaň, ýer ekýän, goýun bakýanam gerekdir. Tersçili tanap ýakasyndan alyň!» diýenini aýdypdy. Bizem, onsoň, ýoldaşlar, şol Atabaýewiň -- mertebeli döwlet ýolbaşçymyzyň maslahatlaryny sapak edinmelimikäk diýýärin — diýip, sözüni tamamlady.

Amangülüň halka-duzaga aýagyny sokup, ýene-de ony usul bilen yzyna ýygnap alanlygy belli boldy.

Gürrüň arasynda Gaýgysyz Atabaýewiň adynyň ýanynda öz adynyň hem mertebelenip tutulyp geçilmegi Ata Hymlyýewe hem täsir etdi. Ol oturan ýerinden baş atyp, Amangülüň soňky aýdan gürrüňini özüçe makullady.

Soňra «Sowet» obasynyň hortap, şonuň üçinem boýy bolaýmalysyndanam uzyn görünýän oba şura başlygy gezek alyp gepläp ugransoň, ýene-de gürrüňçilik öňki hörpüne — oba adamlaryny kulakçylyga çekmek meselesine gaýdyp geldi, täze maşgala atlary okaldy. Ýene-de gürrüňi edilýänler-ä dag çeşme suwundan teşneligini gandyrmaga gelýän keýikler toplumyna, onlap maşgalanyň köpenini biçip oturanlar bolsa, daşy uçut kemer-gaýaly çeşmäniň ýeke girelgesiniň agzyny alyp, tüpeň ýassanyşyp ýatan awçylara meňzeýärdiler...

Ýygnak gutaransoňam Ýagdy bilen Nurjuma oba dolanmaga howlukmadylar. Şähere gelnensoň ýene-de ýüzugra ugruna çykaýmaly, oba işleri bilen bagly aladalar bardy. Bu örç alýan yssam onýança birneme kiparlajakdy.

Olar tirkeşip, ýüň-deri kabul ediş edarasyna öz hasaplaryny ol ýerdäki umumy hasap bilen deňäp-anyklamaga geldiler. Obadaşlary öz iş ornunda edaranyň başlygy, pil ýaly äpet Wartan, kawkaz milletlerine mahsus juda şelaýynlyk bilen garşylady:

— Eý-ho, söýünalylar ata çykan ýaly-la!

— Şähere geldik-de, gel, şu Wartan doganymyzdanam bir habar tutaly diýdik — diýip, Ýagdy onuň özüne meňzäp, göwnühoş dillendi.

— Sag boluň! Gowy edipsiňiz. Eşitdim, siz ýygnaga gelensiňiz!

— Ýygnaga-da gatnaşdyk.

Görşüp durkalar Wartan hamala gelenleriň çaý neşesiniň ýetmeýänini aňan ýaly, eli bilen öz stoluny görkezip, çaýa çagyrmak bilen boldy:

— Geçiň, ýoldaşlar, demini alyp duran gowy çaýym-da bar!

— Onuň ýaly bolsa, çaýyňy içmeli bor, Wartan, seniň! — diýip, Ýagdy saglyk-amanlyk soraşyp durşuna onuň mürehedini göwünjeň kabul etdi.

Çaý dogrudanam durup, demini alyp, hakyt içimine gelen ekeni. Obadaşlar ony gadyr goýup, höwes bilen içdiler. Anyk işleri soňa goýup, Wartan bilen mesawy gürrüň edişip oturdylar. Wartany tagtabazarlylar türkmençe gepleýän, şu ýerde doglup, önüp-ösen öz ermenileri hasap edýärdiler.

Onuň kakasy orus gelenden biraz soň ilkinji bu ýere göçüp gelen ermenileriň biri bolupdy. Sowet döwleti geleni bäri olaryň köpüsi döwlet, partiýa işlerine geçipdiler. Birnäçeler bolsa, öňküleri ýaly, henizem ezberlik bilen söwda işlerini alyp barýardylar. Arada, Guljaş zabun raýispolkomyň başlygy bolmazyndan ozal, bular raýonda hasam köpelipdiler. Ýöne Guljaş zabuna bularyň raýonda ähli emelleri öz-özleri bolup eýelemekleri ýaramandy. Ol muny gizläbem durmandy: «Biziň iliň biri bolýan bolsaňyz, size ýer bereli, kolhozam işläň!» diýip, dawa tutupdy. Ermeniler onuň talabyna razy bolmandylar. Eli gelen Guljaş:

— Döwletiň haýsy kanunynda: «Söwda bilen ýolbaşçy wezipelerde hökman ermeni milletiniň adamlary işlemeli» diýlip ýazylan bolsa, görkeziň şony maňa, onsoň size «hä» diýeýin — diýip, ýokardan haý-küş edilende hem ýene-de erjellik bilen öz diýenini tutupdy. Şonda soň birnäçe maşgala «goňşyny gozgasaň göçer» edip, Mara göçüşip gidipdiler.

Tagtabazarda Wartan ýaly ony öz dogduk depesi hasap edýänleriň maşgalalary galypdylar. Ýöne gidenlerem Guljaşdan kem galmandylar, ýazar ýaly ýerlere ýazyp, barar ýaly ýerlerine baryşdyryp, ony milletçilik ýanamalarynda aýyplap, bir ýyla ýetirmän wezipesinden alyp düşüpdiler.

Wartan mazardatlygy ýalam juda tüýlekdi, endamynyň tüýleri çogum-çogum bolşup onuň kükreginden, gulaklarydyr burunlarynyň içlerindenem çykyşyp durdular. Nurjuma çaý içip oturşyna: «Gözüňe söweýiniň adamsy gowakdan tutulyp getirilen ýaly eken-ow bi, muny şu ýüň taýynlaýan edaranyň başlygy goýup, dogry edipdirler, sähel-mähel ýüň ýetmese dagy şunuň özüni tutup gyrkaýanlarynda hem telim kilo basar» diýip, onuň juda tüýlekligine geň galyp, bilesigelijilikli oýlanýardy.

Ýagdy bilen Nurjuma barmaly ýerlerine baryp, görmeli adamlaryny görüp, şäherlik aladalaryny birýanýüzli edensoňlar, güni ak öýläne sandyryp: «Agşama oba ýeteris» diýen tama bilen ýola düşdüler. Yssy-petiş howa salgym atyp sowlup barýardy. Kä ýerde egrelip, kä ýerde dogralyp barýan gumak ýol güýzüne ýaltalaç, höwessiz akýan derýany ýada salýardy. Arabany indi Ýagdy sürüp gelýärdi. Onuň gapdalynda Nurjuma bu günki ýygnakda kulakçylyga çekilmeli edilenleriň, olaryň näbelli keç ykbaly barada eşiden zatlaryny göwnüne jaý edip bilmän, aladaly oýlanyp otyrdy.

Ildeşdir-de-garyndaş bolşup ýaşaşyp ýören adamlaryňa, ýeri, bu habary sen nädip aýtjak? Olaram zir-zöwran bolşup sürgüne gidenden Owgana aşmakçy bolsalar? Serhetden geçmegem-ä indi bu günler aňsat däldir, esgerleriň pulemýot gurup, bukuda oturan ýerlerine gabat gelseler-ä, olary gaýgyrmazlar, baryny paýhynlarlar. Aý, türkmen bir ozalda, ahyrda maňlaýygara halk ekeni... Nurjuma baryp aýtsa, bu

işde onuň hem eliniň barlygynyň-a pikir ediljekdiginiň-ä gümany ýokdur. Bu adam gatnaşyklarynda, elbetde, hemişe şeýle. Garyndaş arasynda bu işleriň hökümet talabygyny, öýke-kine etmezler ýaly, sen oňa nähili düşündirersiň? A, ýeri, düşünende näme!?...» diýip oýlanyp, öz ýanyndan müýn çekýärdi.

Elbetde, bu zatlar Ýagda hem bagly däldi. Şonda-da häzir onuň bu zatlaryň sebäbini, nädip beýle bolup bilýänligini ondan sorasy, bu ýagdaý barada gürleşesi gelýärdi. Onuň göwnüne bu işleriň aňyrsynda bellibir döwletiňem däl-de, ýerli adamlaryň hem hile-hasaby gizlenip ýatan ýalydy. Esasanam, häzir oňa ynjalyk bermeýän şu pikirlerdi. Şeýle pikirler etmek bolsa barha onuň bilesigelijiligini artdyrdy.

Araba indi baýyr etegindäki seleň ýoldan aşak inip, jeňňel içi bilen barýardy. Öwüsgin ýokdy. Şonuň üçinem töwerek susdy, petişdi. Henizem gyzyp, bugaryp barýanlary üçin olar agşamyň sergin howasy barada oýlananlaryny hem duýman galýardylar. Häzir öýlän şemaly ösäýsedi, indi onuňam-a garaňkynyň örtügini ýapynyp, ösmeli wagty golaýlap ýördi. Ýoluň iki gapdalyny eýeleşip, egele bolşup oturan hyşadyr gamyşlaryň ýokarsynda hem häzir hereket ýok. Hatda olaryň arasynda jüýpüldeşip, bökjekleşip, pysyrdaşyp, hezil edip oýnamagy gowy görýän bedenedir ýabantowugyň jüýjeleriniňem häzir sesleri eşidilenok. Hemmeler çöken-çoman ýerlerinde ýagşy salkyn araryna garaşyp ýatan borly busup. Şeýle bolansoň ýolam tükeniksiz uzak bolup görünýär. Nurjumanyň bu günki ýygnak barada Ýagdy bilen pikir alşasy, bu zatlaryň näme üçin beýle bolup barýanlygy baradaky onuňam pikirini bilesi gelýärdi. Ýagdy bolsa nas atan ýaly geplemän, jylawy deňläp, küýkeribräk, arabany öz maýdalyna

sürüp otyrdy.

— Eý, Ýekegapan, sen, näme, diliňi ýuwudan ýaly, ýolboýy dymyp gelýäň? — diýip, Nurjuma Ýagdynyň oglanlyk lakamyny tutup, ýeserlik edişesi gelýäne meňzäp, sähel tirsekläp, oňa söz gatdy.

— Näme diýeýin, Şallak han? — diýip, o-da Nurjumanyň oglanlyk lakamyny tutup deň gopdy.

— Aý, diý-dä bir zat. Bu bolýan zatlara nähili düşünmeli onsoň?

— Hä, sen, asyl, düşünmedim diýsene — Ýagdy öjügip, Nurjuma tarap ýaňsyly seretdi.

— «Ýok» diýdim-ä.

— Düşünmedik bolsaň ýaňy OGPU başlygyndan soraýmaly ekeniň-dä, olar saňa muny şeýlebir gowy edip düşündirdiler welin, soň gaýdyp, ikilenç islemezdiň.

Ýagdynyň içýakgyç gepi Nurjumanyň çetine degdi. Şundan soň olam, kem galmazlyk üçin, oňa oglanlykdaky osalyny ýatladyp gepledi:

— Eý, Ýekegapan, senem ýöne: «Merjeniňem memmesi bar eken» diýen ýaly bir zat diýip goýberýäň-ow — diýip nägile boldy.

Nurjumanyň oglanlykda bir gezek bilmän aýdan osal gepini ýatlatmagy Ýagdyny jylawyndan çekilen ýaly edenligi belli boldy. Ol böwregini bökdürip: «Munuňam ýatlap ýören zadyny?!» diýýän äheňde biygtyýar gülümsiräp goýberdi.

Ýagdy bilen Nurjuma obadaş boluşlary ýaly hem bile basalaşyp ösen deň-duşdularam. Olaryňam ähli deň-duşlukda bolýan, eden garagolluklaram bardy, bimesrepliklerem.

Ýagdynyň: «Merjeniňem memmesi bar ekeni!» diýip, geň galyp aýdan gepi hem olaryň şol döwürler bile eden garagolluklarynyň biri bilen baglydy. Olar şol gezek üçdüler. Nurjuma, Ýagdy, ýanlarynda Agamyrat diýenem ýene birleri bardy.

Muňa-da çaga bilesigelijiligi sebäp bolupdy. Obanyň çetinde oba gyzlarynyň bir gizlin güzerde suwa düşüp, hezil oýunlar oýnaýandyklary şol günlerde olaryňam gulagyna degip, ünsüni çekipdi. Beýle hezilligiň barlygyny eşideňsoň, özüňem 10--12 ýaşly it aýagyny iýen, ähli ýerlerde selpäp ýören oglan mahalyň, dur-da onsoň durup bilseň... Gyzlaryň güzeri gamyşlaryň arasynda aýmança bolup, ýaý atyp otyr. Öz-özleri bolşup, çola özlerini atansoňlar gyzjagazlar bu ýerde özlerini arkaýyn duýýardylar, ýalaňaçlanybam gypynçsyzam suwa düşüniberýärdiler. Gapdaldaky depäniň üstünde hem hemişe özleriniň birini del adam görnen mahaly habar bermek üçin gözegçi goýardylar. Şonuň üçinem olaryň golaýyna diňe suw içi bilen akym ugruna ýüzüp, balyk bolup barmak mümkindi. Oglanlar ol ýere gitmegi dilleşensoňlar, garaşylmadyk ýagdaýda, garaşylmadyk halda özlerini gören deň-duş gyzlaryň oňaýsyz ýagdaýa düşüşlerini aýdyşyp, özleriçe göz öňüne getirişip, şonda hezil boljagyna ynanypdylar. Suw içi bilen gamyş-gajrawa çolaşyp, ýüz-gözüňi çyzdyryp ýüzmegem, elbetde, aňsat däldi. Üstesine-de, ömür adam garasyny salmaýan ýerlerde suwýylanlarynyňam köp bolmagy gaty mümkindi. Ýöne, garagollugyň keýpine düşen oglanlaryň bu wagt ýadyna zat düşmeýärdi.

Jaryň içi bilen ýüzüşip gelýän oglanlar güzeri alkymlap gelen wagtlary, bu ýerde gyzlaryň özlerini, öz çak edişlerindenem has arkaýyn duýýandyklaryny gördüler. Heniz-bu güne çenli ýalaňaç zenan tenini görmedik, onda-da birbada munça ýalaňaç gyzlary gören oglanlar ýöne aňk-taňk bolaýdylar. Şonda gamyşlaryň arasyndan jyklap gyzlara seredip duran Ýagdy: «Eý, Merjeniňem memmesi bar eken!» diýip, bir deň-duş gyzyň adyny tutanyny hem duýman galypdy. Garaşylmadyk ýerden eşidilen ses gyzlary şonda uýaldyryp, oňaýsyz ýagdaýa salypdy. Olaryň birnäçesi gykylyklaşyp özlerini suwa oklapdylar, birnäçeler uýat ýerlerini elleri bilen boldugyna

görä örtüşip, geýim-gejimlerine ýetmäge howlugyşdylar. Bolupdy bir başagaýlyk, endamyny çöp-çalama çyzdyryp, gamyşlykda gizlenişip ýörenleri haýsy. Oglanlaryň duýdansyz gelip, duýdansyzam ýene yzlaryna gitmek pikirleri başa barmandy. Gyzlar olary tanadylar. Oba munuň ýaly bimesrepligi halamaýar, hasam ol onuň gyz-gelinleri bilen bagly bolanlygynda.

Şol wakadan iki-üç gün geçensoň, uýada galan gyzlaryň birki sanysynyň özlerinden uly agalary Nurjuma bilen Ýagdyny oýun oýnap ýören ýerlerinden çagyryp alyp, sen-men ýok ýenjip gidipdiler...

Ýagdy Nurjumanyň ýüzüne seredip, köpmanyly ýylgyryp bir zat diýerli görünse-de, ýöne ýene-de onuň has göterilip geplemegine garaşýan ýaly, hiç zadam diýmedi. Onuň: «Bu sorag nämä gerekdi?» diýen manyda özüne seredip, hondanbärsi bolup dymmagy, dogrudanam, Nurjumany göçürdi:

— Görýän weli seni, Ýekegapan, obadaşlaryň ykbaly aladalandyrmaýan bora çemli! Ençeme adamlar ýene-de kertiň öňüne bardy ahyryn...

— Nurjuma, bu meselede, elbetde, men saňa düşünýän. Onsoňam men saňa bir akyl gürrüň aýdaýyn, hökümetiň halamaýan adamlaryna ezmaýyşlyk edeniňi bilseler, bilip goýaý, senem halamazlar.

— Näme ederler öýdäň?

— Baý guýrugy bolarsyň. Sürgün edip, çaňyňy kakyp goýbermeklerem mümkin...

— Ýok, dur! — diýip, Nurjuma onuň sözüni böltedi — Sen üns berýämiň bir zada! Baý diýlip, basmaçy diýlip, işan-molla diýlip, gör, nijem bir adamlar paýhyn boldy, Mämmet hanlar gitdi, Zaýyr çöpçi, Taýyr çöpçi, Guwandyk baýlar, Ärsary baýlaram topar bolup gitdiler... Ýeri, sen olardan näme ýamanlyk görüpdiň aslynda?

Barha janygyp gürleýän Nurjuma öz aýdýanlarynyň häzir

ýoldaşynda garyşyk duýgy döredýäninden habarsyzdy.

— Hümm! — edip, Ýagdy Nürjuma tarap dikanlap seredip, nägileligini aňdyryp dillendi. — Eý, Nurjuma, men senden bir zat soraýyn, ýöne gönülenip aýt! — diýip talaply aýtdy.

— Sora hany!

— Sorasam, jora, seni-meni dagy ile beg edip goýan kim? Elbetde, şuralar döwleti. Eger şol bolmadyk bolanda sen kimdiň? Menem, ikimizem aty bolman, güzeranyny eşek bilen kowalap ýören adamlardyk. Maňa dagy: «Pylankesiň alagöz guly» diýýärdiler.

Ol soňky sözi aýdanda birhili öjügibräk, aplygybrak aýtdy.

Elbetde, Ýagdynyň kalbynda özüni bu derejä ýetirenligi üçin, bir oba han-tarhan edip goýany üçin, täze häkimiýete bolan minnetdarlyk bardy. Ol özüniň ähli alyp barýan işlerini hem: «Şeýtsem-ä täze hökümetiň göwnüne jaý bolar» diýip ölçäp edýärdi. Ol täze hökümetiň tabşyryklarynyň näme gopdurýanlygy barada pikir etmän ýerine ýetirýärdi we şeýdip özüniň dogry edýänligine hem ynanýardy, ondan lezzet alýardy.

Ol özüniň «gullar» lakamyny göterýän toparynyň arasynda öz-özleri bolup otyrka: «Bolşewik bize-hä düşdi, ol bizi deňlikdenem ötürip, beglige göterdi. Indi döwran sürmek nobaty biziňki. Ozalky «gul» diýip, bize gyzyny bermedikler, indi gyzlaryny bize berip bilseler hoş bolar. Beglikdir barlylyk gullary ig edýän gudratdyr» diýip, bu döwrüň gadyryny biliň diýen manyda baýrynyp, olaryň gulaklaryndan geçirýärdi. Ýolbaşçy wezipelere yhlas bilen öz toparynyň adamlaryndan goýuşdyrýardy.

— Menem köp zatlardan nägile-hä däl — diýip, Nurjuma barha alyşýan gürrüňe onuň öz hörpünde geplemäge çalyşdy.

— Esasy — öz öýümiz abatmy, abat. Hemmäni oňarma islesegem başartmaýar bizlere. Onsoňam «Özbek özüne bek!»

diýlenidir. Şura soňky aýdan sözleriniň «öz» sesini süýndürip, ol sözleriň üstüne agram salyp, özbek diliniň gep saluwyna meňzedip gepledi.

Nurjuma dikanlap, gürrüňdeşiniň ýüzüne biraz geň galmak bilen seretdi, odukdy:

— Bä, «Öweýiň ödi bolmaz» diýleni çyn eken-ow — diýip, ýaňsy gatyşykly gyjalatly gepledi. Ýagdy Nurjumanyň özüni türkmen hasabyndan aýryp, ýanjap geplän gepini halamady. Oňa tarap ýaltyldap, öçli seretdi.

Magatlygy bilen aýdylan gepiň «Ige-gul» diýseň, gülesi geler, gula «gul-diýseň, ölesi geler» diýleni boldy. Gözlerine gan guýlan ýaly bolup, syh-syh tüýler çykyp duran talawly burnuň ýel düşüp, deşikleri giňäne döndi.

Ol soň duýdansyz harsa jylawy gapdala taşlady-da, it ýaly dişlerini syrtardyp, öjügibem Nurjumanyň üstüne hyruçly topuldy:

— Kimiň öweýligini men seniň gözüňe görkezerin!

Ol göwresiniň badyna, juda beýle garşylyga garaşmadyk Nurjumanam arabadan agdaryp, özi bilen ýere alyp düşdi.

Daş-töwerek bolsa çola. Adamlar yssyda bu ýoldan ýöremeýär diýen ýalydy. Galyberse-de, obadanam ep-esli çet, ýaş ýigdekçe dagy bolsaň, tüýs keýpine sarmanaklaşyp, ýakalaşyp hezil edip ýörmeli ýer.

Dünýä bolsa enteklerem serginlik ymykly aralaşarly däl. Diňe öýlän şemalynyň assa-ýuwaş ösüp ugrany belli bolup, töwerekdäki hyşalaryň depesine täç edinip göteren tilkiguýruk hyşa gulpaklarynda sähelçe hereket bar.

Ýere olaryň ikisem şol bir wagtda diýen ýaly aşyrym atyşyp düşdüler. Ýöne gaty ýere urulsalar-da, bu pursatda olaryň hiçisi-de agyryny duýmadylar. Nurjuma Ýagdynyň agyr göwresiniň aşagynda galmazlyk üçin, çakganlyk bilen gapdala togarlandy. Ol oglanlykda onuň bilen ýakalaşa-ýakalaşa ösenem bolsa, indi ýetilip, pälwan güýjüni alan garşydaşynyň

bir aşagyna düşüp bilse, onuň özüne hezil bermejegini bilýärdi. Olar ýene-de ýerli-ýerden hasanaklaşyp turup, birbirlerine tarap öçli topuldylar, hamala, sygyr sürüsiniň öňünde hersi öz artykmaçlygyny nygtap, şarka-da-şarka iki tarapdan şah talawladyşyp, dyzanyşýan, uruşýan däli öküzlere öwrüldiler. Güýçler deňeçerräk bardy. Şol arada bir emel etmegiň küýüne düşen Ýagdy dartyşyp-çekişip ýörşüne Nurjumany atyma getirip, sähelçe ýan atyp, üstüne çeken ýaly edip, ýanbaşa alyp pylçap urasy geldi. Ýöne ozaldan bir-birleriniň emel-güýjüne belet bolansoňlar, Nurjuma hem muny wagtynda aňdy, garşydaşynyň emelinden özüni çekeräk tutmaga çalyşdy. Olar ýene birsalym gaýry çekilişip, gol baglaşyp, südenekleşip, käte ýere ýykylyşyp, soň ýene ýamaşgandan birek-biregiň üstüne dübleşip gidişdiler.

Haçan-da daljygyp ugran Ýagdy arabanyň gapdalyndan sallanyp duran gamçyny gören wagty çakganlyk bilen Nurjumany itiberip goýberdi-de, onuň elleri bilen gatyşan ellerini silkip yzyna aldy. Ol bir pursat: «Boldy edeli şu biderek dawany» diýerli göründi. Gamçyny garbap alyp, onuň hem güýjüni öz elinde jemlän wagty Ýagdynyň ýüzünde kyn ýagdaýda arkasy alnan adamyňka meňzeş köpmanyly dabaraly: «Indi seniň bolşuňy gör»! diýen manydaky ýylgyryş peýda boldy.

Ýagdynyň ilkinji çalan gamçysy Nurjumanyň süňňüne ot çabran ýaly etdi. Nurjuma serden geçdi. Soňam ol Ýagdy elinde çemelän gamçysyny ikilenç indirmäge ýetişmänkä ony bar güýjüni jemläp, «hykyladyp», ýekegapan bolup süsdi. Ýagdy onuň badyna entirekläp, barybam arabanyň gapdalyna urlup, çep bykynyny agyrdyp içikdi. Gamçy zyňlyp, hol beýlä düşdi.

Garşydaşlaryň ikisiniňem häzir köýnekleri derläp, sypyryp sykybermeli bolupdy. Ýüz-gözleriň sypjyrylan, soýlan ýerleri ganjaryşyp durdy. Olar dikanlaşyp, ýene-de atylyşyp,

bir-birlerine tarap gaýdarly bolşup duruşlaryna alys bir ýerden ylgaşyp gelen ýaly hasylaşyp, daljygyşyp dem alýardylar.

Gapdaldaky torç edilip, basgylanan meýdanyň ot-çöpi häzir doňuz agynap giden ýere meňzäp ýapyrylypdy.

Nurjuma ýene hüjüme geçerli görünse-de, ýöne ol beýtmedi. Yza çekilip, duran ýerinde çommalyp oturdy-da, südenekleşilen mahalynda, goparylyp ep-esli bolup egninden sallanyp duran köýneginiň ýyrtylan ýerini eli bilen Ýagda görkezip:

--Eý, Ýekegapan, sen muny nädäýipsiň? — diýende Ýagdy: «Saňa geregi-de şol» diýen manyda onuň ýüzüne seredip, öçli ýylgyrdy: — Hany, hemmede seniňki ýaly iki heleý barmy, ýeten ýerde geýimini çäkläp çatdyryp ýörere? Oba barsak, muny Hanumaňa çatdyryp berersiň!

— Ine, şuny çatar saňa! — diýip, biraz gazabyndan düşüşip duran Ýagdy oňa elini somaldyp, başam barmagyny ep-esli edip, iki barmagynyň arasyna sokup görkezdi.

Nurjuma ýene-de Ýagdynyň çetine degenine içini güldürip, oturan ýerinden gyjalatly ýylgyrdy. Soňundanam ol: «Entegem bir etjegim bardyr» diýýän ýaly ýesersi ýylgyryp, ýerinden turdy-da, arabanyň öňünden aýlanyp, atynyň ýanyna geldi, mahal-mahal henizem çeşmeläp duran maňlaý derini tirsegi bilen sylyp durşuna aty arabadan boşatmaga durdy.

— Ýekegapan, jora, sen işde şärik, toýda tabakdaş bolar ýaly adam däl ekeniň. Seniň bilen şärikligimi aýyrýan, her kimiň öz maly özüniňki bolsun!

Şähere münülen atarabanyň arabasy Ýagdynyňky bolup, at Nurjumanyňkydy.

Edil beýdäýer öýtmänsoň, Ýagdy ilki onuň ne hyýala münenine düşünmedi. Jylawy alyp, arabany özi sürmekçidir, ylalaşyk aramakçydyr diýip oýlandy. Ýöne ylalaşyk küje, zat küje? Ol atyny arabadan boşadyp aldy-da gidiberdi atlanyp, ýoldaşyny orta ýolda galdyryp, ýeňsesini tüňňertdi-de. Ýagdy:

«Git, indikide seniňem şu araba syrtyň galtaýarmykan!» diýip, gaharyna basalyk berip durşuna onuň yzyndan gygyryp aýtdy. Nurjuma yzyna-da garaman, Ýagdynyň içini ýakyp, çaňap gitdi.

Ýagda «Orta ýolda atyň durmasyn!» diýleni boldy. Oba çenli bolsa entegem geçilmeli ýoluň ýarpysyna golaýy bardy. Ýagdy birsalym näderini bilmän, arabanyň gapdalynda töweregine seredip durdy. Ýöne wagty bilen kömek sorara adam göze ilmedi. Buýsanyp, şura bolup baýrynyp münüp ýören zadyny bolsa onuň bu ýerde eýesiz galdyryp gidesi gelmedi. Ýeleden-ykdan garaşsa, bir adam gelse-dä gelerdi welin, ýöne kömege garaşyp, sypanjyrap oturmaga onuň karary ýetmedi. Ýogsam ol jigidiniň Nurjumany görse, «Hany şura?» diýip, özüni dereklejegini, ýolda galanyny bilse, dessine yzyndan hem geljegini bilýärdi. Ýöne olam haçan Nurjuma duşjak, haçan derekläp geljek? Agşam serginliginiňem indi uzak däldigi, sergin howada ýol ýöremegiň şeýlebir kynam bolmajagyny ýatlansoň, Ýagdy arabany hem özi bilen oba alyp gidermen boldy. Ol başyndaky şempa telpegini arabanyň üstündäki içi hat-petekli torbasynyň gapdalyna atyp, biraz ýeňledi. Ýola düşermen boldy. Soňundan onuň özi arabanyň at goşulýan ýerine girdi-de, onuň iki tarapdaky ýan oklarynyň hersini bir goltugynyň aşagyna alyp, silkinip-dyzanyp ýola düşdi. Arabany çekmek ilki kynragam bolsa, ol bir ugransoň tykyrdap, takyr ýerlerde dagy hasam ýeňil ýöredi. Obaşura başlygy bolup at, eşek ýerine araba süýräp barmak ilki birbada ony bellibir derejede öz öňünde kiçeldip, kemsindirenem bolsa, arabanyň yzyna düşüp gelýän birsydyrgyn tykyrdysy soňra ony özüne imrindirdi. Ol şol barşyna: «Garaňky düşere oba ýeterin. Oba ýetiberemde, il görüp: «Oba şura eşek bolup araba çekip gelýär ekeni» diýdirmezlik üçin, ony şol ýerde galdyryp gidiberenimde-de bolar, soň jigidiň özi ýygnap alar-da» diýip pikir edýärdi.

Ýagdy çolaja ýol bilen arabany kaýyllyk bilen at bolup

çekip barýar. Arabanyň tigirleri topura düşen mahaly, görä kimdir biri yzyndan aslyşýan ýaly, ony çekmek hasam kynlaşýar. Inişe düşen mahaly bolsa arabanyň badyna Ýagdynyň özi gamçy çalnana meňzäp, ýortup-ýorgalamaly bolýardy. Araba şüweleňli ýöreýärdi. Şolbarmana Ýagdy garaşylmadyk ýagdaýda ýeňsesinden Nurjumanyň tanyş, ýaňsyly sesini eşitdi:

— Eý, Ýekegapan, saňa şu ad-a dogry tapypdyrlar, gapdaldan dagy seretseň, dogrudanam, arabany hut doňuz çekip barýanam ýaly-da.

Ýagdy ony görüp, aýak çekip, arabanyň goltugyndaky ýan agaçlaryny ýerde goýup, özüne oýun salyp gelýän Nurjuma seredip, gaharly hüňürdedi:

— Aý, öçseneý, hyltly haramzada!

Nurjuma ýalaňaç aty münüp gaýdansoň ýagşy bir salym ýöräp, Ýagdynyň dert-azar bolup araba süýräp gelýänini görmek üçin, gapdala çekilip, bir buky ýerde gizlenip durupdy.

— Şu atymy bazara salyp, bahasyny ýetirip satyp bilsem, soň men ulag gözläbem ýörjek däl, seni goşaýjak! — diýip, Nurjuma atynyň boýnuny aýasy bilen kakyp, Ýagda tarap dabaraly baş atyp, gözlerini keýpihon güldürip, gyjalatly ýylgyrdy.

— Şu bolşuň bolsa, duz kessin, sen ahyr bir gün bir belanyň üstünden bararsyň! — diýip, Ýagdy indi biraz deminden düşüşýänini mälim edip aýtdy.

Ol soňundan naskädisini almak üçin eglip, jalbarynyň uzyn jübüsine elini golboýy sokansoň, hamala naskädisi bilen ýumurtgalaryny hem aýyl-saýyl edip bilmeýän ýaly itinip esli eglendi. Nasyny atyp, araba arkasyny berip, dünýäniň giňligini alyp durşuna ol ýylgyryp, eden oýnuna hezil edip, aty araba goşup duran Nurjuma bakyp:

— Eý, Şallak, Allajan kessin, däli, eý, sen! — diýip, çyny bilen aýtdy.

Olar oba garaňkyny ýagşy düşürip geldiler. Murgabyň arkasynda bir ýerlerde şagallar şermende bolşup uwlaşýardylar. Oba gijäniň hasabyna ötüpdi we aram-aram aýallaryň oýna gyzyp heniz daşardan ýygnamadyk çagalaryny öý içinde oturan ýerlerinden tarp urup çagyrýan ýiti sesleri eşidilýärdi. Asmanda görnüp ugran iki-ýeke ýyldyz indi arabada gelýän Nurjumadyr Ýagdynyň depesinden olary hamala ilki gezek görýän ýaly geňirgenişip, barha köreşip seredýärdiler.

* * *

Şäherden gelen gününiň ertesi Nurjuma kolhoz pagtasynyň suwarylyşynyň üstüne atly aýlanyp ýörkä, Kymyş duzçynyň kiçi ogly Orazgylyja duşdy. Orazgylyç balagynyň agzyny dyzyna çenli çyzgap, öz ýekebara hojalyklaryna degişli pagtaly meýdana suw tutup ýördi.

Döküni ýetik, suwdan ganyp içen pagtalaryň häzir tüsse ýaly bolup garalybrak oturşy onuň göwnüni göterýärdi. Ertirki gowy hasyl bilen tamasyny baglap, azap çekýän daýhan üçin ekiniň bu tabyny görmek ýakymlydy.

Orazgylyç hol beýleden geçip barýan Nurjumanyň hemişekisi ýaly özüni görüp baş atyşyp geçibermän, at başyny bärligine aýlamagyny ilki biraz geň gördi, ony bilesigelijilikli, soragly nazar bilen garşylady.

— Orazgylyç, arma-da onsoň!

— Bar bol, daýy! — diýip, -- Orazgylyç ejesiniň degişli bolan çoruş taýpasynyň adamlarynyň hemmesine gadyr goýup, «daýy» diýip ýüzlenerdi.

— Tüweleme, ýegen, pagtalaň-a taby gowy eken — Nurjuma içinden: «Munuň hasylyny almak size miýesser etmese gerek» diýip oýlanýardy. — Pagta-bi, ýetim owlak ýaly bir zat bolýar, ugruna seredip «tigi-tigi» etseň, ers-mers

boluberýär onsoň.

Nurjuma pagtalara üns beren bolup, öz habaryny Orazgylyja nähili berjegini aýgyt edip bilmän aladalanybrak gürleýärdi. Pagtalaryň owsunyp, göz guwandyryp oturanyna göwni ýetip, Kymyşlaryň daýhançylyga berlen adamlardygyny, olaryň işläne bir zat berilse, almaga mynasypdyklary barada oýlanýardy. Ol:

— Orazgylyç ýegen, men saňa bir aýtmaly däl gürrüňem-ä aýtmaly boljak — diýende Nurjumanyň biraz ýaýdanjyraýanlygy duýuldy.

— Aýtmaly bolsaň, aýtmaly borsuň-da, daýy — Orazgylyç palçykda duran aýaklaryny çekip, sargyn ýere çykdy.

— Aýtsam, ýegen, düýn raýonda bolan uly ýygnakda Pendi boýunça kulakçylyga çekilmelileriň arasynda siziňem adyňyz agzaldy...

— Hüm-m... bä, — Orazgylyç birbada uludan demini alyp, pikire batdy. Soňundanam: — Meniň bir özümmi ýa-da Orazgeldi akgamlaram barmy? — diýip, aladaly sorady. Nurjumanyň jogaby gysga boldy:

— Hawa, ikiňizem bar. Özem maşgalaňyz bilen sürgün edilmeli diýlen.

— Nirä sürgün edýärlerkä bizi?

Orazgylyç sähelçe baş göterip, at üstünde biynjalyk oýkanjyrap oturan Nurjumanyň ýüzüne seretdi.

— Ony bilmedim, ýegen.

— Sürgüne meni ugradyp, Orazgeldi akgamlary garrylaryň ýanynda galar ýaly edip bolmazmykan? — diýip, ol bu sözi biraz bozaryp üýtgän ýüzüne inen deri aýasy bilen sylyp goýberip, maslahatsalyjy äheňde aýtdy.

— Haý, näbileýin-dä, ýegen. Indi iş-işden geçäýenem bolsa gerek... Meniňem size hemaýat edesim gelýär. Söýünalyny Gully eminsiz, sizsiz göz öňüne-de getirip bilemok, emma, ýöne, elimden gelýän zat-da ýok. Bu gepi aslynda

men entek dilime hem almaly däldim, emma çatyk jan, durup bolýarmy?...

Garaşylmadyk habara kalby sarsan Orazgylyç Nurjuma ýanyndan gidensoň, ýene birsalym şol duran ýerinde töwereginde owsunyp oturan meýdanlary synlap, nazary bilen olar, kalby bilen bolsa tutuş Watan bilen hoşlaşýana meňzäp, oýa berlip durdy.

Nurjuma birsalymdan at başyny çekip, yzyna gaňrylyp sereden wagty Orazgylyjyň pilini egnine atyp oba tarap gaýdyp barýanyny gördi.

* * *

Orazgylyç galdyrany bar ýaly wagtyndan öň pagtaýerden yzyna dolanyp gelende kakasy agtyklary Allanazardyr Aganazar bilen gawun ýere gidip, ekiniň ýagdaýyndan habar alyp gaýtmak üçin ateşegi gaňňalap, ýola şaýlanyp durdular. Iki agasynyň babasy bilen öz gapdalyndan göç bolup geçip barýanyny gören, soňky döwürde iki agasynyň giden ýerine gitmek isläp häli-şindi arzy-hala öwrülip, dawa gurýan Rahmannazar: «Menem gitjek» diýip, mamasynyň köýneginiň synyndan ýapyşyp öýden çykyp gelýärdi. Jemal mama bol-sa agtygynyň düşünmejegini bilse-de, janyndan syzdyryp, oňa gep düşündirjek bolýardy. «Janym-balam» diýip, raýyndan gaýtarjak bolup höre-köşe edýärdi:

— Telim-dokuz bolup müneriňiz ýaly, ol eşegi, näme, pildir öýdýäňizmi? Babaň münse, bir agaň öňüne, biri syrtyna münse, sen, näme, onsoň, onuň gulagyna münjekmi, balam?

Kymyş duzçy irden pagta suw tutmaga diýip, howlugybrak giden oglunyň pilini egnine atyp, malyny ýagynda buýduryp boş çykan çopan ýaly sömpüldäp gaýdyp gelýänini görüp,

ýanyna alarmen bolup elinde saýhallap, jemläp duran otýüpüni gaňňanyň üstüne atdy-da, başyny öwrüp, Orazgylyjyň habaryny alarman boldy. Orazgylyç aňyrdan gele-gelmäne:

— Orazgeldi akgamam öýderäkdir-dä hernä? — diýip, özüniň habarlydygyny mälim edip, töweregine garanyp sorady.

— Orazgeldi akgaňy näme etjek? — diýip, Kymyş duzçy pilini öýüň gapdalyna atyp içerik girip barýan Orazgylyjyň yzyndan seredip sorady. Orazgylyjyň getiren habary Kymyşlary aladaly üýşendirdi. Onuň ogullary dessine kakalary Kymyş duzçynyň ýanyna maslahata üýşdüler. Häkimiýetiň bir agzyny uran bolsa, onuň öz diýenini etmän goýmajagy bellidi. Heniz-bu güne çenli, indi ençeme ýyllardan bäri onuň diýeni, hamala, Hökmirwanyň özi diýen ýaly bola-bola gelýärdi.

Kymyş duzçy birhowa dymdy. Il başyna gelen belanyň Kymyşlardanam sowa geçmänligi magat boldy. Goja şonda bu ýük götererden agyr bolup göründi. Oglanlaryny göz astyndan içki howsala bilen synlady. Oglanlaryna sürgün bolmagyňam ýaşaýşyň gutardygy däldigini aýdyp teselli beresi geldi. Ýöne, kalby elenip duransoň, ol wagty bilen özüni alyp gepläp bilmedi. Dymyp durasy gelmese-de dymdy. Gojada lemmer-lemmer gara bulutlar gelip Günüň öňüni tutan ýaly duýgy döredi. Ol hesretli nazaryny ojagyna dikip oturşyna diňe birhaýukdan gysga gürledi:

— Başa gelenini görübermeli bor, ýigitler...

Orazgeldi şol günüň özünde eşek münüp, çöle-çekenäniň üstüne gitdi. Onuň çekenede inisi bilen ikisiniň ýüze golaý goýun-geçiden gaçyrym maly bardy. Maşgala sürgüne gitse, hökümetiň bu mallary «Sürgün bolanyňky» diýip, şagala şam edip, talaň saljagynyň ujy iki däldi. Mümkin boldugyndan, ony alyp, soňam irde-giçde saňa onuň nepini ýetirip biljek adamyň eline bermelidi. Şeýle ynamdar adamam bardy, ol mallarynyň köpüsini kolhoz alansoň, öz bähbidini arap, obaşura Ýagdynyň

dilini tapyp, şol mallaryň bir böleginiň şereket tarapyndan çopany bolup ýören Ýamat baýdy. Ýamat baýyň aýaly Jemal mamanyň aýal dogany bolup, onuň gowy görüşýän obadaşlykdan başga-da ýene-de Kymyşlar bilen garyndaşlyk hilesem bardy.

Orazgeldi Gullar çopanyň sürüsindäki Kymyşlara tagallyk mallary ikä bölüp, onuň altmyş-ýetmiş sanysyny öňüne salyp gelende, sürini ýaňrak meýdana aýlap gelen Ýamat baý goşunda tüňçäni oda goýup, jan çaýyny içermen bolup otyrdy. Gapdalynda ot ýanyp duran tüňçe gaýnarly bolup, ýaňy şyglap, maýda-maýda köpüklemäge durupdy.

Ýat görüp, gapdalda ýatan itler üýrüşen mahaly baş göterende ol hol-ol allowarradan bir eşekliniň bir bölejik maly öňüne salyp, öz maýdalyna bakyp, sürüläp özüne tarap gelýänini gördi. Ýagdaýdan bihabar bolansoň, süri golaý gelip, onuň yzyna düşüp gelýän Orazgeldini tanansoň, ol nämüçin onuň çopan bolup mal sürläp ýörenine düşünmedi. Ýamat baý itleri kowup, nazary bilen bir Orazgeldiniň, bir mallaryň habaryny alyp durşuna, onuň näme üçin öz gaplaňlarynyň çekenesinden bölünip gelmegine düşünmese-de, ony garyndaşlarça göwündeş garşylady:

— Ýegen, täze kärem düşümli bolsun!

Orazgeldi jogap bermezden öň bu ýerde gep barlygyny mälim edip, aşak bakyp myssa ýylgyrdy:4

— Taňry ýalkasyn, daýy!

— Mallaryň-a taby ganymat ekeni — diýip, Ýamat baý mallara tarap gysgaça nazar aýlansoň aýtdy.

— Gullar çopan-a! — diýip, Orazgeldem Ýamat baýyň sözüni göwünjeň makullady.

Orazgeldi Ýamat baýyň çatmasynyň kölegesinde onuň bilen çaýlaşyp otyrka, Kymyşlaryň ykbalynyň ýene bir öwrüm alanlygyny aýtdy. Ýamat baýyň dowamly at ýüzündäki, gymaklyrak parahat goýun gözlerinde bu habar tukat, alada alamatlaryna öwrüldi. Uludan demini alyp:

— Bu zatlaryň soňy nirä bararkan? — diýdi.

— Aý, Hudaý bilsin, daýy...

— Hawa-da, alajyň bolmasa, başga näme diýjek?..

Olaryň ikisininiňem kalbynda durmuşyň agyr ýükleri bilen ýüklenen äpet gämininiň entek-entek durarly bolup, labyr taşlanlygy belli boldy.

Çölüň üstünden bolsa laplap howur göterilýärdi. Wagtal-wagtal ýeňseden bir ýerlerden haýsydyrbir itiň ýaltalaç üýrýän sesi eşidilýärdi. Ýamat baýyňam kölegäniň bir gyrasyny eýeläp ýatan goňras gara ganjykdan özge itleriniň häzir hemmesi indi kölege gözläp, bir ýerlerde aldajy Günden gizlenipdiler.

...Orazgeldi Ýamat baýyň ýanyndan güni ýagşy garradyp dolandy. Onuň indi sürgüne gidilenden soňky garry ata-enesi bilen olaryň bir özleriniň gugaryp yzda galmaklary, äkitmeli bolaýanda hem olaryň ýoly götererden çalamydardyklary baradaky ogullarça aladaly pikirleri kalbyndan gitmeýärdi. Aýalydyr çagalarynyňam özi sebäpli görgi görmeli boljakdyklary, sopbaş özüni alyp gidäýenlerinde hem, barybir, ýene-de töwereklerinde hossar hökmünde özi bolmasa, hiç ýerde-de bulara hem ýeňil düşmejegini, goşuny göçürýän bolsalar, çagalaryň öz ýanynda bolmagynyň «Garybyň maly gözüniň alnynda bolany ýagşy» diýleni bolup, belki, bähbide çekmegininiňem mümkinligini kalbynda aýlap-aýlap pikir edýärdi.

Ol oba golaýlan wagty aýak ýygnanyp, garaňky ýagşy düşüpdi. Aý ullakan bir gujak bolup, Garabil baýyrlarynyň taýagatym ýokarsynda owadan bolup otyrdy. Indi onuň töwereginde ilkagşamyň garaňkysynda oňly görünmedik seýrek ak bulut adajyklary hem salgym atyşyp görünýärdiler. Ol adajyklar soňra Aýdyr ýyldyzlaryň nury bilen şuglalanyp, hasam gowy görnegendi. Asman belgileriniň häsiýeti şeýle, gije garradygyça, olaram ýerli-ýerden gözlerini jel-jelledişip, Ýere hyrydar, heserli seredişiberýärler.

Orazgeldi oba golaý gelende gije ýatar wagtyna golaýlap ýördi. Ol ateşegini debsiläp, Gully eminiň harazynyň yk ýanyndaky jaryň ýalpagrak ýerinden saldy-da, oturan ýerinden aýaklaryny özüne tarap ýygryp, ondan aýaklaryny suwa degirmän geçdi. Öňden Gyty keliň kilwanyň jaýyndan çykyp, öz ýanyndan gümürtik bir zatlar samrap barýanyny gördi.

Orazgeldi onuň güýmenje tapman harazçynyň ýanyna gümür-ýamyra gelendigini pikir etdi. «...Indi Gully eminem basýan bolsalar, meniň ýalynyň güni hasam agralar. Onuň öýünde her gün bolmanda meniň ýaly bir garny aç, bir garny doklary goldamak üçin bişirilýän nahardan garny ýasylap doýraýmamyz bardy-da. Aý, bolşewik gelip bulam-bujar-a etdi bi... Gully eminiň edenini eli gelende-de, aňsat her kim-her kime etdiräýmez. Hany etsin-dä onda eli gelende edýän bolsa, Narly çöpçiniň oglam ile şunuň ýaly bir ýagşylyk? Onuň üçin sahawatyň bolmaly, Owganda Akynýaz baý Ýagdynyň oba şura bolanyny eşidip: «Ýagdydan ile nan beren bolmaz!» diýmänmi näme? Aý, Akynýaz aga dagam bir paýhasly adam-a olar. Şeýle bolmasa her kim-her kimi Aşgabatda Gaýgysyz Atabaý ýatlaýarmy?» Ol şol soňra barmana, hamala, öz gürrüňi süňňüni gyzdyrýan ýaly, donuny hem çykaryp, ony epläp bir egnine atdy. Ol häzir öz içki pikirlerine halys berlipdi, şonuň üçinem yzyndan kimdir bir eşekli adamyň gelýänine hem aň etmeýärdi. Habarsyzdy. Orazgeldi onuň şol barşyna elleriniň birini kelemenledip, ýene bir-de kimdir biriniň kükregine dürtýän ýaly, öz erki bilen bolmadyk hereketler hem ediberýänini görýärdi. Gyty keliň ýeriň giňinde ersen keýpine kuh bermezlik üçin, Orazgeldi ateşegini onuň yzy bilen gyssaman, öz maýdalyna sürdi.

Onuň bolşuny adatdakysyndan gylawly görüp, kilwan bilen jora-jora bolşup, bir baş-ýarym baş tirýek alyp, keýpi

kökläp çykanlygyny pikir etdi. Soňundanam ony diňläp: «Bä, biz-ä sürgün ediljegimizi häli-häzir-ä özümizden başga bilýän ýokdur diýip ýörüs weli, görsek, bu habar biziň çak edişimizdenem has tiz oba dolan bolsa näme?! Muny şu ilede kän goşulybam barmaýan Gyty kel bilýän bolsa, onda ony obada eşitmedik ýokdur» diýip oýlandy.

Gyty kel it üýrdürip, öz syrgynlaryna tarap käýinip, it kesekläp samyrdap öwrülensoň, Orazgeldi hem onuň duşundan geçip, Hangulular toparynyň daşyndan aýlanyp, Bedeň ýabyň boýuny syryp, birsalym obany töwerekläp ýöredi. Gündiz tüp yssy bolanam bolsa garaňky düşensoň, dünýä serginlik arap, dem almak has aňsatlaşypdy. Her gezek Gün jyzyrap, gyzdyryp ugran mahaly eginde peýda bolýan mähnet agyrlyk, indi hamala eginlerden düşene meňzäp, ýeňillik duýulýardy.

Orazgeldi gijäniň içinde garaňka goşulyp, obanyň ortasynda göbek bolup seleňläp oturan, gaplaňlaryň Jedel depesiniň gapdalyndan geçip barýarka, kimdir birini ol ýerde göräýjek ýaly gaňrylyp, gijäniň örküji bolup oturan depäni janköýerlik bilen höwesli synlady. Ol ýerde hemişe hezil, jedelli gürrüňleriň bolýanyny, düzzüm oýnalýanyny ýatlap, aladasyny unudup, bir pursat myssa ýylgyrdy. Şonda oňa ol ýerde pikirinde döwre gurşup oturan obadaşlaryň arasynda ähli hezilhon gaplaňlar ýaly, kakasy Kymyş duzçy hem görnüp giden ýaly boldy.

Ol agylda eşegini ýerleşdirip, öňüne ot döküp öýüne girende, Oguljuma çagalaryny ýatyryp, başyndaky agyr topbusyny aýryp, gapdalynda goýup, ýaglyk bilen başyny bogup oturyşyna: «Kakasam-a gara bermedi, ýa ol Gullar çopanyň ýanynda dagy galyberdimikä?» diýip oýurganyp, biynjalyk bolup otyrdy.

* * *

Il içinde: «Pylanylar maşgalasy bilen daş ýerlere sürgün ediljekmiş» diýen myş gürrüňiň yzysüre Kymyşlara: «Goşuňyzy daňyberiň» diýlip, oba şura çagyrylyp ýörite hem aýdyldy. Hojalykda ugralmazyndan öň edilmeli işler köp ýaly hem bolsa, olaram çak edilişinden öň gutardy. Öňler iş-aladasy bilen çörňeşip, aňsat öýde oturmaýan Kymyş duzçynyň ogullary Orazgeldidir Orazgylyç hem özlerine «Ýör!» diýlerine garaşyp, bu günler öýdeçi bolupdylar. Olar günleriň köp bölegini öýde oňa-muňa güýmenen bolşup ýatyp geçirýärdiler. Öýe indi öňki oturmaga, hal-ahwal soraşmaga gelýänlerem az gelýärdiler. Hamala, bu ýerde görünseler, özlerinem olara goşup, sürgün ediläýmeginden ätiýaç edýäne meňzeýärdiler. Hatda ýüzi çyrşaklyja agtyklaryny yzyna düşürip her gün Jemal mamanyň ýanyna gümür-ýamyra gelýän Lekgan kempirem indi telim gün bäri bu öýüň töwereginde gara bermän oňýardy.

Öz öýünde, gapböwürde depesine gözläp oýurganyp ýatan Orazgylyjyň ýeňsesi gijän mahaly saçynyň syryma gelendigi ýadyna düşdi. Ol ilki saçyny syrdyrmaga, hemişeki edişi ýaly, päkisini alyp, saç syrýanlaryň biriniň ýanyna gidermen boldy. Aýaly ýorganlaryň epininiň aralygyna elini urup, ol ýerde düwünçege düwlüp goýlan päkini alyp berensoň, daş çykyp, agasy Orazgeldiniň erik kölegesine atylan keçäniň üstünde Allanazardyr Aganazar bilen iýşime alan ýüpüniň her ujuny olaryň birine tutduryp, tow berilýän tarlaryň arasyna barmakboýy çöp ötürip bitelik edip oturanyny, ol işilýlýän ýüpüňem indi taýyn bolubam barýanlygyny gördi. Şonda ol agasynyňam saçy hiçneneňsi syrmaýandygyny ýatlady.

— Orazgeldi akga, saçlar gyrkyma geläýen bolsa näme, saç syryşylaýsa nädýä?

— Häzir biraz garaş. Ine, bizem bolup barýas — diýip, ol

ellerini çalganakladyp ýüp tarlarynyň towuny ýetirip durşuna öz kömekçilerine tarap baş atyp jogap berdi: — Sen saçyňy, ýyly suw al-da, eziber — diýip, soňam sözüniň yzyny ýetirdi.

Orazgylyç päkisini çalyp, ýyly suwa saçyny ezýänçä, Orazgeldi hem öz işini birýanýüzli edip, onuň ýanyna geldi.

— Seniň päkiň-ä ýitidir.

— Şonda-da ýene biraz çaldym. Saçym ösüberse, birhili, kejebäm darygyberýär.

— Endik etmedigiňdendir — diýip, Orazgeldi başgaça ýagdaýyň mysaly hökmünde: — Patdyň oglanlarynyň saçlaryna bir seret, şolar-a saçlaryny jeňňel edişibem ýörler — diýip ýatlady.

Orazgeldi biraz guraşan saçlary täzeden ezen wagty Orazgylyç bir bölek suwuň uzyn sapak bolup oňurgasynyň ýüzüni yzarlap gidenini duýdy. Syrylansoň Orazgeldä inisiniň kellesi öňküsinden biraz kiçelen hem uzalan ýaly bolup göründi. Soňra Orazgylyç päkisini çalyp, agasynyň saçyny syryp berdi. Olar ýylmanyp, toňkaran kellelerini, boýunlarynyň ýüzlerini goljugyň suwuna ýuwuşdyryp, süpürinişip durkalar, çykalan gamşa agtyklary üçin serip, guradyp alan gurtlaryny aňyrdan etegine salyp gelýän Jemal mama kellelerini takyr edip syrdyransoňlar, ogullarynyň hasam bir-birlerine meňzändiklerini öz ýanyndan belledi.

Kymyş duzçy dosty Begendik ussanyň ussahanasynyň ýanynda bolýan gürrüňçilige gidipdi. Bu alasarmyk günler haýal geçýärdi, onsaňam, hiç kimiňem öýde durasy gelmeýärdi. Orazgylyç öýde oturdygyça üstüni basmarlaýan aladany meýdana çykyp egismek niýeti bilen soňra ateşegi gaňňalap, derýa boýunda bu mahal ter suw otlarynyň bol bolýanyny ýatlap, ota gitdi. Ol gaplaňlaryň Jedel depesiniň ýanyna ýetende, arka tarapdan daýysy Jumanazar baýyň pyýadalap, öz syrgynlaryny syryp gelýänini gördi. Jumanazar

baý elek-ýüzräge-de orta boýly, daýanykly, ýaňyrak sakgal goýberip, gojalyga gatyşyp ugran adamdy. Barly maşgaladan bolanlygyna garamazdan, Jumanazar baý öz rysgalyny gara zähmeti bilen gazanýan daýhan adamdy. Bedeň ýabyň gaýrasynda onuň iki tanap ýerde ýetişdiren gowy üzümi bardy. Orazgylyç daýysyny görüp, onuň şol ýerden gelýänligini pikir etdi. Daýy-ýegen ýol üstünde aýak çekişip, saglyk-amanlyk soraşdylar:

— Ýegen, gulagyma bir ýakymsyz habar degdi welin, bular sürgün meselesini çynyrgadaýýan ýaly-la?

— Eşiden bolsaňyz, şol dogry, daýy. «Goşuňyzy daňyň-a» diýdiler. Menem, Orazgeldi akgamam goşumyzy daňşyp, haçan: «Ýör!» diýilse, göterilişip gidibermeli bolşup otyrys.

Jumanazar baý sakgalyny gysymlap düýrükdi:

— Allajanlarym, bu täze hökümetiň adamlarda galyp ýatan näme ary barka?

Orazgylyç: «Kim bilýär?» diýen manyda egnini gyssa-da, sesini çykarmady. Ol näme diýsin?! Özleriniň atyma getirilendigine, hiç hili garaşygyň hem bolmajagyna ol kemsiz gözünem ýetiripdi.

— Eşitdim-de, sizden bir habar alaýyn diýip barşymdy şu.

— Baryberiň onda, daýy, akgam-a öýdedir.

Orazgylyç daýysy bilen hoşlaşyp ugran mahaly ýegenine duşup eşiden habaryny anyklan Jumanazar baýyň ýüzüniň mese-mälim agralandygyny gördi.

Orazgylyç derýa boýuna gelip, töweregini synlap, ot aljak ýerini peýlänsoň oragyny, eşegiň boýnuna dakylan nogta ýüpüň elindäki bölegini ýere zyňdy-da, eşekden ýaltalaç syrylyp düşdi. Eşegini iltänsoň, derýa kenaryna baryp, tolkunlaryň sesine gulak salyp, synçy bolup durdy. Gitmelidigini ýatlap, töweregi synlap, nazary bilen hoşlaşyp, belki, soňra hiç wagt duşuşygyňam mümkin bolmazlygyny keýpsiz pikir etdi. Orazgylyç şeýdip gitjegi ýada düşýänligindenmi-nämemi

indi töweregi has içgin synlaýardy.

Derýanyň arka ýüzünde Garabil baýyrlary lemmer-lemmer bolşup, çyrpynyşyp, asmana göterilişip, abanyşyp durdular. Olaryň göwresiniň bir bölegi gara kölege bolup suwuň ýüzüne düşüpdir. Derýanyň üstüne gernip duran baýyr depeleriniň biri-de bu ýerde il içinde Bäşdeşik adyny alan, haçanam bolsa bir wagt japba bölünip, onuň bir böleginiň derýa inmegi bilen, Görogly ýaly bir kuwwatly adamyň gylyjy bilen çapylana meňzäp duran depedi. Baýryň şol dik çapygynyň ýüzünde hem bäş sany deşik bolup, olar hem öz ýerleşiş orunlary bilen adamyň göz, burun agyz agzalaryny ýatladyp, tutuşlygyna bolsa oňa tebigat ynsan ýüzüne bolan meňzeşligi beripdir. Ol deşikleriň ýerasty bilen alyslara uzalyp gidýändigi, onuň bir tarapynyň baryp Murgabyň aşak akymyndaky Baýraç obasynyň alkymyndan «Ýekedeşik!» ady bilen gowak bolup çykýandygy, ýene bir-de onuň Sarahsyňam bir ýerlerinden iki ýerasty gowak bolup çykýanlygy il içinde hamala bu ýerleriň adamlarynyň kynçylykly döwürlerde ýerasty bilen gatnaşyk edendiklerini, gowaklary janpena edinendikleri barada çaklama gürrüňler hem bardy.

Bäşdeşik Müsürdäki Giza piramidasynyň keşmerine meňzäp, howalanyp, Söýünalyny depesinden synlap otyr. Ýigdekçe döwri oglan bilesigelijiligi Orazgylyjy hem deň-duşlarynyň birnäçesi bilen şu deşiklere göteripdi. Oglanlar şonda billerine ýüp daňyp, ýokardan kertiň ýüzüne inmeli bolupdylar. Bäş deşigiň iň ulusy deşikleriň ortasyndaky, agza meňzäp durandy. Il içinde oňa ýükli düýe sygýamyş diýi-bem gürrüň ederdiler.

Oglanlar ol deşige giren wagtlary äpet bir döwüň agzyna düşäýen ýaly biraz gorkunç duýgyny başdan geçiripdiler. Olar ilki bilen gowagyň uzakdan görnüşindäkiden has uludygyny görüpdi. Bu ýerden Söýünaly hol aşakda jülgede, bag-bakja çolanan ýaly bolup görünýän eken. Gowagyň içi

garaňkydy, onuň belli-belli ýerlerinde guýular hem duşýamyş diýen gürrüňlerem ol öň eşidilipdi. Şonuň üçinem oglanlar uzyn ýüpüň hersi bir ýerinden tutup, şol guýulara gaçaýmazlyk üçin seresap hereket edýärdiler. Gowagyň içi dymykdy. Guş nejasatlarynyň ysyny ýatladýan ys bardy. Oglanlar ýene biraz emaý bilen öňe ýöränsoňlar ol ysyň ýerini has agyr, porsy der ysyna meňzeş başga bir ys çalyşdy. Oglanlar ýigrimi-otuz ädimden yzlaryna dolandylar. Ýöne, barybir, olaryň şu gören, duýan zatlary hem bu ýer birwagtgaky zerurlykda ynsana gorag galasy bolupdyr diýip, hasap etmäge mümkinçilik berýärdi.

Murgap bu ýerde Bäşdeşige gysmyljyrap, has süýkenip akýardy. Ony şeýdip japba bölenem öňde-soňda bir güýç bolan bolsa şol bolmaly. Orazgylyç oýurganyp, könäni ýatlan mahaly az salymam bolsa sürgüne gitmek bilen bagly hossasyny unutdy. Onuň peýläp düşen ýeri derýanyň baharda suwy mesän wagty dereden kölçeleriniň biriniň gapdalydy. Kölçäniň nemine ösen otlar töwerek bilen çolaşyp-çyrmaşyp, leýis bolup ýatyrdylar. Orazgylyç ony bir başyndan saýhal berip, hamala, onuň bir bölegini kimdir birine niýetläp galdyrmak isleýäne meňzäp, kakasy Kymyş duzçynyň orşy ýaly arassalap, halallap ordy. Alagury, nemi ýetik beýleki otlar bilen hem ýeterlik goşulan suwotylaryny sygryň halap iýjegini pikir edip, işine barha-da gyzygyp, derçigdi. Jeňňeliň ortasyndanmy-bir ýerlerden wagtal-wagtal bir ördegiň töweregine ýaýradan çagalaryny ýanyna çagyrýana meňzeş guguldyly ýogyn sesi eşidilýärdi.

Orazgylyç ýygan otlaryny ýüpe çykap, eşegine taýlap ýüklänsoň yzyna dolandy. Ýeňseden Murgabyň tolkunlarynyň şogurdysy eşidilýärdi. Ol şogurdy indi şogurdy hem däldi-de, iki dertdeş adamyň ikiçäk galanynda edýän ýürekdeş, syrly, adam pyşyrdylaryna has meňzeş bolup eşidilýärdi.

Orazgylyç bir öwrülip yzyna sereden mahaly zenan ýüzli Bäşdeşik gaýanyň öz yzyndan perişan enä meňzäp, syrly

seredip oturanyny gördi...

*   *   *

Säher çagy asudady. Adam sesleri ýaňlanyp, uzakdan eşidilýärdi. Wagtal-wagtal iki-ýeke it sesleri hamala hersi bir tarapda durup, top ýaly togalak bir zady agyzdan-agza oklaşyp durana meňzäp, bir ondan, bir mundan üýrýän sesleri eşidilýärdi. Gün dogardan ir bolany üçin töwerek entek bulutlaşybrak durana meňzäp, ol bu gün gyş günlerindäki ýaly asla-da görünmejek dek alasarmyk bir pikir döredýärdi. Arassa howanyň şeýdip şaglap durmagy dünýäni ýaňy ýaşaýşyň başlanan döwründäki ýaly tereň görkezýär. Emma türkmen topragynda, onda-da tomus günleri beýle seleň serginligiň ömri uzak bolmaýar.

Gijäniň etegi heniz oňly göterilip-göterilmänkä bäş-alty sany saýyrdyň atly hamala gijäniň içinden çykan ýaly bolup, gelip it baryny örüzişip, oba girdiler. Ilki atlylary gören adamlar olaryň yzy bilen hatar gurşup, takyrdaşyp gelýän arabalardan çen tutuşyp, olaryň oba şuranyň howlusyndaky ýakynda ilden «Orusýet açlyk çekýär» diýlip, soňky goşmaça alnan dänäni gyssagly äkitmegiň ugruna çykylanlygyny pikir etdiler.

Atlylar bir bölek bolup oba şuranyň jaýyna golaýlaşan mahaly toparyň öňi bolup gelýän Aman OGPU-y görüp, indi bireýýämden bäri jaýyň öňünde olara garaşyp, ynjalyksyz eýläk-beýläk gezmeläp ýören Ýagdy gelenleri garşy almak üçin olaryň öňünden çykdy. Olaryň geljeginden Ýagdy habarlydy. Aman OGPU toýa gitjek ýaly kemsiz bezenipdir. Egnine harby geýim geýip, aýagyna aýna ýaly ýalpyldaýan gonçly ädik çekipdir. Bu zatlaryň hemmesi aşyrma kemeriň aşak eteginden sallanyp duran mauzer bilen bilelikde onuň

keşmerine hasam ýowuz ähmiýet berýärdi.

Aman OGPU adaty saglyk-amanlyk soraşylyp-soraşylmanka, töweregine nazar aýlap, biraz nägile bolup Ýagda ýüzlendi:

— Ýagdy, hany, onsoň, bu töwereklerde özüňden başga oba ýolbaşçylary görnenoklar-la?

Heniz ukudan oňly açylmadyk Ýagdy zordanrak ýylgyrdy. Soňundanam:

— Ýoldaş Aman, biziň obamyz bir serhede ýakyn, şonuň ýaly-da ol gep-gürrüňe, gaçyp-tezmäge-de ýakyn ýer, bilip bolýarmy näme, sürgüne gitjekleriň gije göterilip gidibermegindenem çekindim men-ä. Ýolbaşçylaryň köpüsini gije göçüriljekleriň öýleriniň töweregini garamlamaga goýuşdyrdym. Ýogsam siz gelip: «Hany olar?» diýip sorasaňyz, men näme jogap bereýin?

— Oňarypsyň şony — diýip, Aman OGPU Ýagdynyň ýodbaşçy hökmünde öňdengörüjilikli hereketini göwünjeň makullady.

Ýagdy:

— Il garamatyny üstüňe alaňsoň, herki zadyň soňunam göz öňüne tutmalam bolýa-da — diýip, öz hereketiniň Amanow tarapyndan makullanmagyna monça bolup, tebigatyna mahsus göterimligi bilen tumşugyny kese tutup, telpeginiň etegine elini ýetirip, gomalybam goýberdi.

Şolarada oba şuranyň jaýyndan çykyp, maýkyldap gelýän Hanumanyň mylaýym, sypaýyçylykly sesi ýeňseden eşidildi:

— Weý, Ýagdy şura, näme, beýdip myhmanlary aýak üstünde saklap dursuň? Olary atdan düşürip, çaý-çörek hödür etmezlermi?

Aman OGPU zenan sesini eşidip, ýeňsesine öwrülen mahaly Hanumanyň ädimini haýalladyp, birenaýy bolup özüne tarap owsun atyp duranlygyny gördi. Ol:

— Ir bilen çaý işdämiz ýok, hany, entek iş-aladalary birýan ýüzli edeli — diýip, sypaýyçylyk edip durka, erkeklerçe onuň ýorganyň içinde dagy juda lezzetli gelindigini pikir etdi. Aman OGPU hyjuw-höwes bolup owsunyp duran Ýagdynyň bagtyna gabanjaňlyk bilen gözi gitdi. Ol ýarym oýunlyga salyp:

— Hanuma gelin, seniňem-ä bir çaýyňy içmeli özün-ä — diýende onuň sesi nygtalyp, hatyraly hem köpmanyly eşidildi.

Ir ertirdi, asudalykdy. Janaparym säher şemaly ösüp durdy. Heniz gijäniň täsirinden oňly çykyp bilmedik töwerek nämedir bir zat hakynda çytylybrak çynlakaý oýlanýana çalym edýärdi. Asmany penje-penje ýyldyzlar tutuyp otyrdylar. Murgabyň üstüni duman örten ýaly tozgalap, garaňkyrap görünýärdi. Wagtyň irligine seretmezden, Kymyş duzçynyň neberesi, bäşbelalar eýýäm aýak üstündediler. Bu gün «goşuňyzy daňmaly» diýlip habar berlişi ýaly, Kymyş duzçynyň oglanlarynyň sürgüne ugradylmaly günüdi.

Bäşbelalar talaňa gelýän OGPU-nyň atlylarydyr arabalaryny öz agalary Kymyş duzçynyň gümmezekläp hatar oturan öýleriniň öňünde bir bölek dogan-garyndaş bolşup garşyladylar. Erkeklerem bardy, aýallaram, ukusyny aldyrylman turzulan çagalaram.

Kymyş duzçy arkasyny öýüň tärimine berip, indi tizden öz daşyny çolardyp gidýän, uzakly gije gujagynda ýatyp, ýene-de ulular ýaly ir turan iki agtygy Allanazar bilen Aganazaryň hersini bir gujagyna gysyp, öýüň gapdalyna atylan keçäniň üstünde, özüniň keşmeri bilen, dag kertinde, çagalarynyň üstüne abanyp gelýän howpy duýup, jüýjeleriniň hersini bir ganatynyň astyna alyp, howpuň elýeterinden çekilip, birden pasyrdap asmana göterilip gidiberjek garry bürgüde meňzäp otyrdy. Arabalar aňyrdan görnen mahaly töwerekde oturan adamlar ürken süri ýaly gürre ör galdylar. Atlylardyr iki arabanyň tirkeşip gelýänini gören wagty ojak

başynda süýdüň bişişine göz-gulak bolup oturan Akjagül bilen Ogulbike howsala düşüşip, ylgaşyp öýe girip, ýolşaýyny tutup oturan ejesiniň dyzyna ýapyşyp zar-zar aglaşdylar:

— Waý, ene jan, ol artyplar gelýär-leý...

Iki balasynyň agysyna ene ýüregi leňňer atyp gitdi. Hüpläp damagy dolansoň, birbada gepläp bilmedi. Her eli bilen bir gyzynyň başyny göwünlik berijilik bilen sypalady.

Goňşy öýden göwnüne deglen Jemal mamanyň agy gatyşykly, gargyşly gatyraw sesi eşidildi:

— Meniň ojagyma daş atanlar ömür muramasyn hernä, Hudaýym...

Sürgün meselesi Kymyş duzçynyň ojagynda biraz howsalaly, aýralyk wehimi bilen bagly hasrat döredipdi. Ony haraý isläp töweregine gözlemäge mejbur edipdi. Aýallar: «Gelýär-de, gelýär» bolşup, oturan ýerlerinde içlerini çekişip, gozgalaňa düşdüler. Hele-hüle zada garylyp-daralyp ýörenem däldir welin «Göçmeli» diýlen gep «ýylan» diýlen ýaly, Oguljumanyňam haýýatyny göçürip-uçuryp aldy. Indi onuňam kalby hossalydy. Ol hossa onuň özünden ileri görýän çagajyklary, iki dünýäsine höwes edip buýsanyp ýaşaýan adamsy bilen baglydy. Şeýle-de bolsa ol aňrujy mümkin boldugyndan özüniň kalbynda gopan bu harasady töweregine bildirmezlige çalyşýardy. Emma ýürek haraý gözleýärdi. Onuň agasy Akynýaz başlyklaýyn gowy günlerde baýrynyp, guwanyp gezen doganlary Hojadyr Mahmydy ýatlaýardy: «Eger olar Owgan-beýleki diýip gitmedik bolsalar, häzir bizi bu belanyň deminden sypdyrmanyň bir ýoluny tapardylar» diýip, haraý isläp doganlaryny küýsäp oýlanýardy. Häzirem olar uzakda däldi, derýadan geçen ýeriňdäki «Ýurt düzelensoň, ýene-de yzymyza aşarys» diýen tama bilen oturan türkmen obalarynyň biri şolaryňkydy. Ýöne, Orazgeldimi gaýynlaryna dagy kömek sorap ýüz tutjak? Häzirem ýüz tutulsa, olar bir alajyny tapsalar tapardylaram. Akynýaz baý

derýanyň iki ýanynda hem ýeterlik abraýly adam. Onsuzam Mämmet hanyň giýewlerinden, onuň ogullarynyň abraýyndan peýdalanyp, gerek bolsa arada gatnap, iki tarapam oňaryp, öz ýakasyny saklap ýörenlerem bardy.

Ýöne, ol Kymyşlaryň öldüriläýseler hem Owgana geçmejeklerini bilşi ýaly, olaryň gaýyn kömeginden peýdalanmagy hem özlerine kiçilik biljeklerini-de bilýärdi. Oguljuma ozal bir gezek, Kymyş duzçynyň Ýeroýulandan duz daşaýan düýeleriniň ikisi birbada ölende, düýe edinmäge, adamsyna: «Akynýaz akgama ýüz tutsaňyz-a kömek ederdi» diýende, Orazgeldi oňa anyk birki sany jümlede hemişe ýadynda galar ýaly edip, Kymyşlarça göni jogap beripdi: «Mämmet hanlardan almaly zadymyzy aldyk!» Oňa: «O-da sen» diýen manyda aýdypdy.

Bu zatlaryň gaýa-gopuz ýok ýerinden nähili beýle bolup bilýänligi Oguljumanyň akylyna syganokdy. Göwnüne Kymyşlar haýsydyr bir harasada düşüp, indem şonuň badyna tozançaňa garylyp uçup barýana meňzeýärdiler. Ol muny heniz gyzjagaz wagty gören, kiçiräk tokly-geçileri, güjükleri asmana göterip, olary şol ýerde mäledip, üýrdürip-çyňsadan harasada meňzeýärdi.

Her gezek ol şeýle çykgynsyz pikirlere kalbyny aldyran mahaly, gözýaşyny gizläp, zenanlarça sessiz, tabynlyk bilen örtenip aglaýardy. Soňundanam ýene öz çoman batgasyndan, her gezek kaýyllyk pikirlere berlip, özi çykarmaly bolýardy.

Nirä gidilse adamsy Orazgeldiniň, çagalarynyň başy bütin ýanynda bolmagy kalbyna teselli berip, öz ýagdaýynyň sürläp türmä äkidilýänleriňki bilen deňeşdireninde aňrybaş gowulyklygyny ýatlap, Hudaýa şükür edýärdi. Oguljuma herhalda bolsa, indi iki-üç günden bäri şu pikirler bilen «sürgün» meselesine hem biraz öwrenişiberipdi. Kalby sürgün barada ilkinji eşidendäki ýaly alňasap, ytygsap durmaýardy. Iň esasy hem ene-ata ýanynda dag ýaly bolup duran gyzlar bilen

bagly uly alada ýerine düşüpdi.

Orazgeldi öň doganoglan inisi Ballynyň özüne «bolşewik», «Bally piýan» diýdirip, täze hökümetiň adamlary bilen hamçam bolup, olaryň işine garyşyp-gatyşyp, olardan hiç zatda kem oturmajak bolup, jolkuldadap aragam içip, bolmajysy bolup ýörmegini känbir halabam barmazdy. Ýöne kakasynyň: «Her ýerräkde özüňki bolsa, kem däldir» diýen akylyna eýerip, oňa igenip, talap hem bildiren adam däldi. Bally girişgendi, gaýratlydy, gerek bolanda ata çykyp, ýaragyň yzynda durup bilýän adamdy.

«Sürgün» meselesi çykansoň, onuň hem gerek ýeri geldi. Şol günleriň birinde Orazgeldi Ballyny ýanyna ýörite çagyrdy. Çagalaryndan ilki uluja gyzlaryny, ýat ýerlerde gözdil ýetmeginiň mümkindigini ýatlap, olary bu ýerde — iki garrynyň ýanynda galdyryp gitmegiň gamyny etmelidigini oňa tabşyrdy:

— Inim, şu iki gyzy garrylaň ýanynda goýup gitmekçi bolýan, ejiziňki ejiz bolar, onsoňam garrylaryňam näçe günlük ömri bar, eger olara-da yzymda bir zat bolaýsa, gyzlara men bolup, özüň eýe durmaly bolarsyň! — diýip jandurmazlyk bilen sargady.

...Töweregiň märekesi barha artdy. Kymyşlaryň daşyna geçilýänini eşiden dogan-garyndaş, ilen-çalan ondanam gelýärdi, mundanam. Kim göwünlik berjekden, kimseler näme bolup-goýýanyny öz gözi bilen görjekden. Eýýäm sürgünleriň ýanlary bilen alnyp gidiljek ýorgan-keçeler, çaga geýim-gejimleridir azyk düwlen düwünçekler araba ýüklenilibem durdy.

Rahmannazar näme-näme bolýanyna düşünmän, mamasynyň eteginden tutup, saram-sada bolup ýörşüne, hamala gowulyk bolmaýanyny ýürejigi bilen syzýan ýaly, gözlerini tegeläp, töweregine howatyrly, öwreniji nazar bilen seredýärdi. Ol birzatlaryň bolýanyny bilse-de, ýöne ýene az salymdan

mähriban enesinden hemişelik aýrylýandan, ykbal tüweleýiniň özünem tozduryp, ejesi-kakasy, doganlary bilen alys, ýat ýerlerden çykarjagyndan habarsyzdy. Ol enesiniň häzir nämüçin özüni, doganlaryny öwran-öwran gujaklap, bagryna basyp aglamagyna düşünmeýärdi.

Rahmannazaryň mähremjeligi üçin ylaýta-da aýal-gyzlar gynanyşyp, oňa yhlas bilen seredişýärdiler. Ony hesret bilen gujaklap ogşaýardylar. Öýüň ýeňse tarapyndan çykany üçin, adamlar ýakyna gelýänçä gara silkme telpekli, eli hasaly Rozy çolagy görmediler. Ol gelşine özüniň derdini paýlaşmaga gelenini mälim edip, ilki Kymyş duzçy bilen salamlaşdy. Töwerekdäki ýaşkiçileriň bolsa özleri gelip onuň bilen elleşip mynasybetli salamlaşdylar.

Uzaga çekmedik salam-helikden soň ol ýaňyrak özi bilen nobatynda salamlaşyp, ýeňsä çekilen Orazgeldidir Orazgylyja merdemsi seretdi:

— Ýegenler, «är başy gowgasyz bolmaz» diýlenidir. Iti urup, ýerinde ýatyp ýöreniň nesli dälsiňiz. Siz elli ýyllap Hywa ýaly döwlet bilen darkaş gurup, gaçaryny aldyrman gezen Muhammetgylyç serdaryň neslisiňiz. Mert boluň! Alla size kömek eder, işalla! Ýamanlyk diýip edilýän zadyň käte-käte ýagşylyga dönýän wagtam bardyr. Nirede bolsaňyzam sizi Muhammetgylyç serdaryň ruhy goldar, goçlarym. Görogly beg: «Özüm ölsem, ruhum goldar sizlerini» diýip, ýöne ýerden aýdan däldir.

Rozy çolagyň taýagyna söýenibräk durşuna, öňki-soňkyny ýatlap, suňşuryp-suňşuryp ynam bilen aýdan gürrüňleri töweregiň ünsüni özünde jemledi. Orazgeldidir Orazgylyç özlerine diýlip aýdylan bu gepleriň häzir köp babatda hut aýdylaýmaly gep hökmünde köp tarapy çaňydýanlygy, agyr synaga özlerini taýynlaýanlygy üçin, hiç zat diýmeselerem, ondan minnetdar boldular. Biri-birleri bilen hoşlaşýan köpçüligiň

beýleräginde Bally bilen OGPU-nyň iki atlysy, goş-golamlaryň ýüklenerine garaşyp, gözleriniň gytaklary bilen öýleriniň öňündäki ýagdaýyň habaryny alyp, çilimleşip, öz ýanlarynda bir zadyň gürrüňini edenden bolşup durdular.

Oguljuma gyzlaryny biraz bagryny basyp oturansoň, olary daşaryk çykarmaga ätiýaç edip, içerde hoşlaşdy. Daşaryk çyksalar, OGPU-nyň işgärleriniň birisi görüp: «Bularam şu gitmelileriň çagalary, hany, münüň sizem şular bilen» diýilmeginden çekindi. «It görmesinem, üýrmesinem» diýlenini unady.

— Sag-aman galyň, balalarym! Nesip bolsa, gitsegem, biz gaýdyp geleris, doganlaryňyzam geler. Mamaňyza, babaňyza «hä» diýiň, kömek boluň. Daşa äkitmän, Mary töweregine sürjekmişler diýenem bir gürrüň bar. Şeýle bolsa akgaň bir öwrümde gelip, sizem gerek bolsa alyp gider! — diýip, ýarym-ýaş sessiz aglaşýan gyzlaryny bagryna basyp, göwünlik berip hoşlaşdy.

Doganlarynyň alnyp barylýanyny biraz gijigibräk eşiden Kymyş duzçynyň kiçi gelni Amangüliň doganlary häzir, eýýäm araba münüp goşlaryň arasynda dyzyny gujaklap, ýumaga öwrülip, düýrügibräk oturan gelniň töwereginde gürleşip durdular. Ýas-ýaňyja bolsa Amangüliň özünden kiçi dogany Ýusubyň gelni onuň bilen gyssagly hoşlaşyp, özüniň atasy Gully eminiň hem goşuny ýüklap durandyklaryny, iki oduň arasyna düşendigini ýatlap, olar bilenem aýak üstünden hoşlaşyp galmaga howlugyp gidipdi. Enesidir aýal doganlary Amangül bilen hoşlaşyp durkalar, onuň doganlary hortap Muhammetguly bilen boldumly, hamala öýde aýratynlykda teýli naharlar bilen naharlanylýana meňzeş poşşuk ýüzli, dogumly Hezretguly hem bir ýerden ýetip geldi.

Amangül düýnden bäri geplemeýär diýen ýalydy, töwereginde hossarlaryny görensoň, ol gözlerini balkyldadyp

ejizläninem duýman galdy. Öz düşen gününi ýatlap:

— Maňlaýdyr-da — diýip, ýaşmak astyndan ýangynly pyşyrdady. Sessiz aglady.

Töwerek-daş umytsyzlyk, gaýgy-hasrat bolup dyňzap durdy. Adamlar dymşyp durmagy birhiliräk görüp, ondan-mundan gürrüň köwsarladýan hem bolsalar, olam, nämüçindir, indi hamala hemmeler söhbede gyzyklanmagy goýbolsun eden ýaly, alşyp gidibermeýärdi. Mähellä susluk aralaşypdy. Galýanlar gidýänlere hasratly göz bilen gyýlyp seredýärdiler.

— Ýeri, adamlary beýdip, bala-çagalary bilen sürläp, täze hökümetiň bu näme etdigi boldugyka?

— Tutum-a uly görünýär. Bular bäri-bärde-hä goýulmasalar gerek.

— Alla bilsin.

— Şeýdip dabyrap, daşap dursa-ha bi obany tizden tükeder...

Täze hökümetiň näme etjek bolýanlygy henizem halk üçin öňküsi ýaly düşnüksizdi. Onuň sözünde halka deňlik, ýersize ýer, öýsüze öý, dertlilere derman bolmagy, ile gala bolmagy söz berip, öz dünýäsine göwünjeň çakylyklaryndan hasap tutanyňda-ha ol hiç neneňsi bolmaly hem däl ýalydy. Gowyny islemeýän barmy!? Şonda ol özüne: «Päl-ä gowy bu şuranyň» hem diýdiripdi. Halk ol mahal täze hökümet näme diýse-de, näme etjek bolýanlygyndan entek onuň özüniň hem anyk bir bilýän zadynyň ýoklugyndan habarsyzdy. Munuň aslynda bolmaly ykbaldygy hem mümkin, ýöne sowediň işiniň bellibir derejede şol döwürlerde ýol almagynyň onuň şu gowy päliniň de az rol oýnamaýanlygyny çäk etmek mümkin.

Töwerekde duýgudaşlyk etmägä gelen adamlaryň närazy hümürdisi barha artýardy. Aýallar birýanrakda çagalary bilen aýrybir kowçum bolşup, ýaşmaklaryny ýaşynşyp, bürenjek-börüge çolanyşyp durdular. Dek şu güne çenli Kymyş baýyň maşgalasy Söýünalyda höwes edilýän durmuşly, agzybir, bar-

ly maşgalalaryň biri bolan hem bolsa, indi häzir, bu pursatda onuň gününi arzuw edýän ýokdy.

Owal-ahyr goldoly maşgala bolup ýaşamak Kymyş duzçynyň arzuwy bolup, ol ogullary öýlenip, agtyklar ýaýransoň hasyl bolupdy. Şondan bäri hem ol otursa-tursa doga sürelerini sanap, Taňrydan minnetdar bolup, onuň mundan bu ýana-da özüni gözden salmajagyna ynanyp, umytly-tamaly ýaşaýardy.

Gojanyň inileriniň biri Sähetdurdy häzir agasynyň birki ädim gapdalyynda öýe arkasyny öwrüp, töwerekdäki ýagdaýy synlap, elini gowşuryp, hemmeleriň üstaşyr Pendi baýyrlaryna tarap seredýän ýaly bolup, töwereginiň gep-gürrüňine goşulman, damagy dolup perişan bolup durdy. Onuň pikiri häzir indi ençeme wagtdan bäri öz neberesine janköýerlik bilen hossarlyk edip, ýagşysyna-ýamanyna ýarap gelýän agasynyň halys garranlygy, onuň ogullarynyňam bu gün göterilip, sürgün bolup gidip barşy, Kymyş duzça ölende-de türkmençilikde ogluň üste atan arzuw edilýän bir pil topragynyň hem nesip etmejekligi bilen baglydy.

Töweregiň ünsi häzir tizden obadan bölünip ugrap gitjek sürgüne höküm edilenlerdedi. Adamlaryň ýüzlerinde raýdaşlygyň we bu işler üçin hökümeti ýazgarýanlygyň alamatlary bardy. Ylaýta-da göwnüýuka aýallar, ene-atasynyň gata düşen ykbalyna şärik bolmaly bolan çagalara nebisleri agyryp, bu ýagdaýyň olara has agyr düşjegini ýatlap, gözlerini çygjardyşyp, hamsygyşyp seredişýärdiler.

Jemal mama elindäki gundagly Rahmangulyny ogşap-ysgap, araba münen gelniniň gujagyna berensoň, märekäniň gozgalaň tapyp ugranyny görüp, eteginden tutup ýören Rahmannazaram ýanyna alyp, Kymyş duzçynyň gujagyny eýemsirenişip oturan iki deňemik ekiztaýlar ýaly bir-birlerine çalym berip duran agtyklary Allanazardyr Aganazar bilen hoşlaşmaga geldi.

— Geliň, balalarym, gitmänkäňiz sizi ýene bir bagryma basyp galaýyn.

Garry hamsygyp, agtyklarynyň ikisinem gollaryny giňden ýazyp, birden gujaklady.

Aganazar bilen Allanazar häzir eginlerine täze, çäkýaka ak köýnek, başlaryna nepis gyzyllama tahýa, gyrasy gyzyl parawuzly gyýma gara balak geýip, toýa gitjek ýaly şaýlanypdylar. Hamala, öňde ýeňil bolmadyk durmuşyň barlygy göz öňüne tutulana meňzäp, olaryň ikisem pagtadan örülen ala guşak bilen billerini hem guşanyp çuslanypdylar.

Kymyş duzçy şol arkasyny öýüniň tärimine berip oturan ýerinde ogullarynyň, gelinleriniň, mähriban agtyklarynyň ýüregini sogrup gümgidene gidip barýandyklary, olary beýtdirmezlige özüniň ýagdaýynyň ýokdugyny, biçäreligini ýatlap, gyýlyp gynanýardy. Ol indi elinden şuňkar guşuny aldyransoň, muňa döz gelip neneňsi ýaşar? Dogrusy, onuň bulardan soň indi ýaşasy-da gelip baranokdy. Gaýta: «Şularyň ýananyny görkezmän, meni ýygnasa bolmaýarmy Hudaý!?» diýýärdi. Öz mähribanlaryny indi hiç wagt görmejekligi, olaryň seslerini eşitmejegini kemsinip öztenýärdi. Muňa günäkärem tapmarsyň. «Döwlet talaby» diýip, eli aňyrdan salgarlar. Janyň ýanyp, gylyç syraýanyň-da hem aljak galaň bolmaz, gaýta, bujagaz günüňdenem aýrylarsyň.

... Gylyja ýapyşjak bolsaň, ýeri, öň il mal-mülküni, dinini gorap ata çykanda näme işlediň? Gezdiň daýhansyrap, sadasyrap, «Degmedige item degmez» diýip, indi giç...

Agasy bilen töwerekden ugratmaga gelen adamlar bilen sagbollaşyp duran Orazgylyç bir öwrümde kakasynyň ümürläp, egsilerli bolup oturanyny gördi. Ol henize çenli gojanyň ejizlänini görmedik iliniň ýene-de ony bu halda görmegini islemän, zordanrak ýylgyryp, agasyna-da: «Ýör, indi akgam bilenem hoşlaşaly!» diýip, gojanyň ýanyna geldi.

Oglanlaryny görüp ör galanda Kymyş duzçynyň süňkbaşy iri süňňi hamala aýagynyň astyndaky ýer çaýkanan ýaly leňňer atyp gitdi.

— Akga, onda biz-ä ugradyk, sag-aman oturyň!...

Kymyş duzçy öňünde dagyň bölegi ýaly bolup duran ogullarynyň hersiniň egnine bir elini goýdy:

— Hudaý sizi penasynda saklasyn, inerlerim! — Onuň sesi gyryljyrady: — Siziň gaýdyp geleniňize men-ä garaşyp bilmerin, menden bolsa, onsoň, razy boluň! — Goja indi tutuş süňňi bilen saňňyldady hem gözýaşy paýrap, biraz kirjigip, könelip ugran köýneginiň ýakasyna dökülerli göründi. Goýberesi gelmän, ogullaryny gujaklap durşuna hasrata berlip samrady: — Balalarym, meniň iner balalarym!..

Sürgünli gürrüňlerden soň kakasynyň birden lagşanlygyny göwnüne getirip, gynanyp duran Orazgeldi bu dartgynlylygy nähilem bolsa biraz gowşatmak üçin, özüni arkaýyn tutup, oňa göwünlik berdi:

— Aý, akga, bizleri uzak eglemezler, goýbärler biraz saklap.

— Belki, Hudaý!

— Maryň töweregine bir ýerlere gondursalar gerek.

— Şeýle bolsun-da hernä, Maram bolsa, daşam bolsa, olam öz ýurdumyz.

— Biz geleris, akga, çagalaram geler. Ýagşy dilegde boluň!

Orazgylyç şeý diýdi-de töwerekde duran adamlara tarap baş atyp ýesersi ýylgyrybam goýberdi-de, özüniň bir garagol pikire berlenligini mälim etdi. Sebäbi ol bu gynanja gynanyp duran adamlaryň içinde, sag gulagyň bolup, çep gulagyňam bolaýmaly bolşy ýaly, Kymyşlar egsilse hamala dünýä özlerine galaýjak ýaly duýýan, özünden has abat ýaşan adamyň bu güne düşenini görüp: «Dok çaýkanman, aç doýmaz» diýip içini güldürip duranlaryňam barlygyny pikir edýärdi. Şonuň üçinem ol henize çenli başyny dik tutup gezen Kymyşlaryň kyn günde hem müzzerenlerini iliň görmegini islemeýärdi. Ol guşagyndan başam barmagyny geçirip, elini direg ýaly etdi-de, ýaltaklap

gülümsiräp bir kakasyna, bir onuň töwereginde duran adamlara tarap nazaryny aýlap goýberdi:

— Akga, siz giň boluň!

— Men giň-le, balam.

— Orazgeldi akgam bilen biz tiz dolanjak bolarys, ýöne siz — diýip, Orazgylyç sözi şu ýere ýetende, bir päsgelçilige uçran ýaly ýylgyryp durşuna bir pursat kürtdürip sakanakla-dy. Ol «Ýönäň näme onsoň?» diýlip soralyp-soraşylmanka hem ýene-de oýunlyga salyp, başlan gepini öňki hörpünde dowam etdirdi — Akga, siz öýlenmekçi bolubam ýördüňiz, ýöne toýy biz gelmänkäk edip goýaýmaň!..

Orazgylyjyň degişme bilen kakasyna göwünlik berýänine düşünen adamlar hem bu gepden soň bir-birleriniň seredişip, myssa-myssa ýylgyrjaklaşdylar. Dünýäni bulut büräp durka, onuň bir ýyş beren ýerinden jyklap Gün görnüp giden ýaly boldy. Kymyş duzçynyň özem ogluny diňläp: «Hüm-m» diýeni-ni duýman galdy. Olaryň il öňünde özüniň sep bermegini islemeýändiklerine düşündi. Kiçi dilden bärde olara käýindi:

— Haý, köpeý ogulary diýsänim!

Kymyş duzçy oglanlary bilen öz gapysynyň öňünde hoşlaşdy.

Aýallar araba münüp oglan-uşaklary bilen jaýlaşansoň, sürgünler ýola düşdüler. Ýürekler leňňer aldy. Adamlar ala-hüňürdi bolşup, arabanyň yzyna düşdüler. Jemal mama döwletli döwranynyň göterilip barýanyny görüp, arabanyň gapdalyn-dan ýapyşyp barşyna bozlar aglady: «Meniň ojagymy de-pelänlere göz görkezmeseň, razy däldirin, Alla jan!»

Allanazar bilen Aganazar araba basylan goş-kötelleriň depe bolup göterilip duran ýeriniň üstünde öýlerinden barha daşlaşyp baryşlaryny synlaşyp: «Sag bol, baba, sag bol, mama, biz tiz gaýdyp geleris!» diýşip, gollaryny bulaýlaşyp hoşlaşýardylar. Arabanyň yzy bilen gelýän Orazgeldidir Orazgy-lyç bilen adamlaryň birtopary gapdaldan baş atyşyp, ýene

birnäçeleri elleşip, gadyrly hoşlaşýardylar. Arabanyň gapdaly bilen gelýän aýallar bürenjekleriniň syny bilen gözýaşlaryny sylyşyp, zenanlarça gyýlyşyp hoşlaşýardylar:

— Sag-aman gaýdyp geliň!

— Dilegiňizi Hudaý eşitsin!

Amangül bürenjege çolanyp, Rahmannazary gujagyna alyp, eltisiniň garşysynda geplemän gözýaşa boglup, bir ýüpe çatylan ýaly gysylyp, bir bölek goşa arkasyny berip otyrdy. Aýallaryň gepine Oguljuma gysgajyk jogap berýärdi. Sürgünler näme üçindigini bilmeselerem haýsydyr bir il-ýurt bilen bagly, hiç zat bilen ornuny dolup bolmajak zatdan özleriniň jyda düşýändiklerini ýiti syzýardylar.

Hürtegiň aýaly Zöhregül bilen Sähetdurdynyň gelni Ogulbibi dagy iki bolup gelip, hersi Jemal mamanyň bir golundan tutup: «Aganazaryň mamasy, indi siz galyň!» diýip, syrdaşlarça töwella edensoňlar, ol howlusynyň öňünde ýüreginden sogrulyp barýan arabanyň yzyndan seredip aglap galdy.

Orazgylyç bir öwrümde gaňrylyp öýlerine tarap yzyna gözlän mahalynda, akgasy Kymyş duzçynyň bölejik bolup duran aýallaryň ýeňsesinde gümmezekläp hatar oturan üç öýüň öňünde serim-sal bolup, öz yzlaryndan seredip, çökermen iner ýaly leňňer atyp, elenip duranyny gördi.

Bäşbelalylaryň wagty bilen Sähetdurdy, Mahy, Magsut, Rozmyrat pälwandyr ýeneki bolşup, arabanyň yzyndan galaslary gelmedi. Olar Orazgeldidir Orazgylyç bilen üçbirbäşbir bolşup, gapdallaşyp, gürleşişip ýörediler. Günüň dogar ýeri halka atyp, gan öýen ýaly bolup gyzarypdyr. Bu gün ol asla-da dogman, hemişe şeýdip duruberjege meňzeýär.

Araba haçan-da gaplaňyň Jedel depesiniň gabadyna gelende, günortadan Gully emindir onuň inisini, iki ogluny sürgüne ugradyp gelýän topar göründi. Tirkeşip gelýän yzky arabanyň üstünde düýrülen goşlara atlaý münene meňzäp oturan peşeneli, egni garma donly Gully eminiň töweregi

hümer adamdy.

Gully eminiň özüni alyp barşy adatdakysy ýaly arkaýyndy. Ol bu bolýan zatlary öz ýanyndan bolmaly hasap edip, oňa öňden garaşýana meňzeýärdi. Adamlar ondan-da gelip, mundan-da gelip, onuň bilen elleşip gysga dilegli jümleler aýdyşyp hoşlaşýardylar. Ol töweregini adamlaryň gallap durmagyndan teselli tapýandygyny mälim edip, gelenlere sähelçe baş atyp, minnetdarlyk bildirýärdi. Gully emin mundan soňam hiç kime ýeke sözem diýmedi. Ol adamlar bilenem, Watan bilenem nazary bilen hoşlaşyp barýardy. Onuň nazarynda kaýyllyk bolsa-da, ejizlik ýokdy.

Töwerek ýagşy agarypdy. Her depesi öz ýerli-ýerinde bitip, Söýünaly bu gün ýene bir gezek täzeden döredi. Irki tomus şemaly öwsüp ugrapdy. Pendi baýyrlarydyr Garabil baýyrlary obanyň töwereginde halka atyşyp, deňeşip-deprenişip, kükreşip durdular. Olar häzir sürgünleri alyp, hatar tutup barýan arabalaryň gözýetimde öňüni kesip, olary hamala şondan aňyrlygyna goýbermän, alyp galaýjaga meňzeýärdi.

Arabalar gaplaňlaryň Jedel depesiniň gapdalyndan aýlanyp ötensoň, Bedeň ýabyň boýuny syryp Düýeji obasynyň gapdalyndan geçýän şäher ýoluna gönükdi.

Sürgünler ýola düşensoň, mähelläniň yzy bilen at deňleşdirip sürüp gelýän OGPU-nyň işgärleri ýerli-ýerden at debsileşip, sürgünleriň gapdalyndan galyp bilmän ýürek ezişip, gürleşip gelýänleri abaý-syýasat bilen galdyrmak bilen boldular. Adamlar diňe şundan soň ygam-sagym bolşup, gözlerini nemlendirişip, arabalaryň yzyndan seredişip galdylar.

* * *

Ogulbike uýasy Akjagül bilen içerden çykman, ejeleriniň: «Daşa çykmaň, göze ilmäň!» diýen ýerinde oturyp, maşgalanyň keç ykbalyna ýanyşyp, gözenekden ogryn jyklaşyp, gidýän-

leri gözleri bilen ugradyp, dünýäniň bu wagt gazan bolup öz öýleriniň depesine düňderilenligini gyýlyp-gynanyp ýatlap, gözýaşa ýuwlan ýüzlerini öýüň tärimine berşip, sessiz oturdylar. Ertekilerdäki ýaly kyn günüňde kömege ýetişýän edermen ýigidiň kömegi ýada düşýärdi. Ýa-da beýle halas edijiler diňe ertekilerde, onda-da döwli ertekilerde bolýarmykan!? Ýogsam şu döwrüňem-ä demi degirmen ýöredýän zabun-zabun döwler-ä gytam däl. Ilçilikdir, olaryň arasynda Hudaýberdi gorkagyňam bolmagy mümkin, ýöne ol döwleri pähim-paýhasa gerňäp, öýüne gaýdanda olaryň biriniň üstüne altyn-kümüş ýükläp münüp gaýdamda bardyr.

Araba gidensoň, öýüň töwereginiňem mähellesi saýpal tapdy. Akjagül henizem tahýasyny dişläp, gidenleriň yzyndan seredip, köşeşip bilmän, silkinip sessiz aglap otyrdy. Bu ýagdaýy ýüregine sygdyryp bilmedik Ogulbike birsalymdan başaçyk-aýakýalaň tasap öýden çykanyny hem duýman galdy.

Onuň gözüniň gyýtagy bilenem bolsa ýene bir gezek öz mähribanlaryny görüp galasy gelýärdi. Ogulbike jaryň boýuna inensoň, gidenleriň öňüni dolap çykmak üçin gamyşgajrawyň içi bilen elem-tas bolup, gysga ýol bilen ylgap gitdi. Ol tasap, obanyň sesýetimligindäki baýryň eteginde suwuň ýaýylyp ösdüren gamyşlaryň bykyn bolup duran ýerine gelen wagty, onuň ýüzünden garader syrygyp, ýüregi kimdir biri takyr ýerde aýakýalaňaç ylgap ýören ýaly, göwre kapasasyny dar görüp, «düňk-düňk» edip urýardy. Ol gamyşlarynyň arasynda ýoly synlamaga amatly, özüniň bolsa görünmäýjek buky ýerini saýlap ornaşdy. Arabalar indi «hä» diýmän aňyrdan gelip, şu bykyn bolup duran jeňňelçäniň etegi bilen ilerligine öwrüm edip ötmelidiler.

Ol şol ýerde ýol gözläp, deminden düşüşip oturşyna, ýeňsede bir ýerde ýabany ördekleriň «gak-da, ýak-ýak» boluşýan kejeleşikli seslerini eşitdi. Ogulbike olaryňam Akjagül bilen özi ýaly iki basdaş bolşup, bir zadyň üstünde çit-de-mit

bolşup alýanlaryny pikir etdi.

Arabalar indi hol beýleden düýejiniň gapdaly bilen birnäçe atly OGPU işgärleriniň ugratmaklarynda hatar tutup, üstündäki adamlaryň geýim-gejimleri bilen al-elwan bolup ýakynlaşyp gelýärdiler.

Bu ýerde hem oba adamlary häli-şindi gapdaldan çykyp, alnyp barylýanlar bilen baş atyşyp, birki oýnam gep alşyp gysgaça hoşlaşýardylar. Ejeleri, atalary bilen ýolboýuna çykan çagalar araba münüp barýan öz deň-duşlaryny görüp, olaryň näme üçin alnyp gidilip barylýanyndan habarsyz, çagalarça gözleri gitmek bilen seredişip:

— Eje, hal-ha Tylla-da, Akgam, Ýammam, Allajanam... barýa, bizem gidäýeli şolar bilen — diýşip, olaryň bir hezillige barýanlygyny öz ýanlaryndan pikir edişip, ululara iňezeleýänlerem bardy. Olaryň käbiri: «Heý, munuň diýýänini, şolar, nä, toýa barýandyr öýdýäňmi?» diýip, silterlenmäge sebäp bolýardylar.

Käbirleri bolsa aňyrdan harsa sokulyp gelip, arabada barýanlara janköýerlik edip, olara içi iýer-içerli düwünçek, gawundyr ýene bir zat gowşuryp, soňam haýpygelijilik bilen olaryň yzlaryndan seredişip galýardylar...

...Hyşalygyň içi kapasdy. Üstesine-de, şemal öwsenokdy. Howa welin eýýäm gyzyp ugrapdy, bu günüňem yssy günleriň biri boljagy belli. Ogulbike oturan ýerinde tot-tozanyň agzyna-burnuna düşüp, arabalar golaý gelende asgyrdyp-üsgürdip, syryny paş edäýmezlik üçin, töweregindäki gamyşlary eli bilen özünden aňyrrak-aňyrrak itekleşdirdi. Töwereginiň giňişligini aldy, etegi bilen ýüz-gözlerini süpürişdirdi. Ol mähribanlaryny görüp, birden serden çykaýmazlygy özüne nygtap ýatlatdy. Biraz salymdan obadan saýlanyp, hatar bolup gelýän sürgün arabalarynyň öňi golaýlaşdy. Ogulbikäniň nazary özüniňkileri yzrakdan gelýän bäşinji arabadan tapdy.

Orazgylyç arabanyň gapdaly bilen onuň ýantagtasynyň erňeginden tutup, öňebirýerlere seredip dogumly-dogumly ätläp gelýärdi. Onuň ýakasy açyk ak köýneginiň ýagyrnysy eýýäm kölçerip, goralyp derläpdir. Bir eli bilen ol häli-şindi maňlaýyna inýän burçak-burçak derini sylyp goýberýär. Arabanyň üstündäki düňreýşip ýatan ýorgan düşekden ybarat goşlaryň üstünde, öýüň iki keýwanysy öz çagalary bilen juguldaşyp ýerleşipdiler.

Arabanyň öňräginde Amangül gaýraky Garabil baýyrlygyna uzyndan gelen ýaraşykly boýnuny süýndürip seredip, oýurganyp otyrdy. Göwresine tow beribräk beýleligine seredip oturanlygy üçin, häzir onuň ýüzi Ogulbikä doly görünmeýärdi. Şonuň üçinem ol bolup oturyşyndan çen tutup, gelnejesiniň perişan bolup aglaýanlygyny pikir etdi.

Oguljuma bolsa hamala öňde özüni Ogulbike gyzynyň gapdaldan çykyp, duýdurman synlajagyny aňan ýaly, arabanyň barýan tarapyna gönügip, Pendi baýyrlaryna tarap öwrüm beribräk seredip oturypdyr.

Ogulbike ýüregini ezip, ejesini synlady. Oguljuma häzir dünýäden bihabar memme talap bolan Rahmangulujygy kükregine ýaplap, eglibräk ony emdirip, bir eli bilen onuň galpajygyny sypalap, mähir-yhlasa öwrülip otyrdy. Şu pursatda ýene birazdan Rahmanguly emip bolansoň, ejesi hemişekisi ýaly ýene ony özüne uzadyp:

— Al, gyzym, senem birsalym göterip gel jigiňi! — diýerli göründi. Ine, ol birdenem sähelçe başyny göterdi-de, Ogulbikäniň gizlenip oturan gamyşlaryna tarap nazar aýlap goýberdi. Görmese-de, ene ýüreginiň nämedir bir zady duýanlygy belli boldy, belki, ol syzandyr? Hamala, ejesi özüni göräýene meňzäp, Ogulbikäniň ýüregi heserli gürsüldedi. Oguljuma soňam başyny ýene biraz göterip, gamyşlaryň depesinden ymtylyp, oba tarap seretdi. Şu pursatda onuň ýüzüne bulut kölegesi düşene meňzedi. Ogulbike onuň intizar bakyşyndan: «Onda iki sany balam galdy» diýip, pikirinde

özi bilen Akjagüli ýatlanlygyna düşündi. Çagasyndan mejbury aýrylan mahalynda enäniň gara bagry egsilip eräp ugrarmyş. Ol soňundanam tä balasyna duşýança öz eremegini goýmazmyş...

Arabanyň üstündäki ýükleriň biraz boşrak ýerinde Aganazar, Allanazardyr Rahmannazar bilen höwürtgede oturyp, ejeleriniň iýmit getirerine garaşýan bürgüt çagalaryna meňzeşip, töwerekden habarsyz nämedir bir zadyň gürrüňine berlişip otyrdylar.

Iň ahyrda Ogulbikäniň gapdalyndan arabalarynyň yzyny jemläp iki adam bilen mesawy gürleşip gelýän kakasy geçdi. Ýeňsedäki ördekleriň dawasy häzir ula sapyp, sesini gataldanam bolsalar, ol tarapa barmysyň diýip gaňrylybam seretmedi.

Ogulbike günortanyň öň ýanlarynda çöp-çalamyň arasy bilen jaryň ýakasyny syryp, aglamakdan çişen gabaklaryny ýellendirip, öýlerine dolanyp geldi.

* * *

Jemal mama ir ertir agtyklary Akjagül bilen Ogulbikäni turzup, olary galan-gaçan bilen naharlansoň, ikisini eşege artlaşdyryp, gawun başyna -- Kymyş duzçynyň ýanyna ugratmakçy boldy. Endigine görä samyrdap, biraz gapdala agan börügini düzedip, başyna laýyklap durşuna olara etmeli işlerini hem ýüzugra gep arasy bilen ýatladyşdyrdy: «Baryň, ol maňlaýygaradan (Ol öýi sürgüne düşeli bäri Kymyş duzçynyň adyny haýpygelijilik bilen şeýle diýip tutýardy) bir habar alyň, agtyklarym gitdi, jany gitd-ä onuň, ýene-de gaýgy edip, ölüp galan bolmasyn?! Hemem gawunyň otagyna-beýlekisine kömek edersiňiz, agşamlygam geleniňizde gara sygra bir eşek ýüki otam getiriň! Wah-eý, ýeri, indi, aslynda, ony iýäýmeli adamlar gidensoň, gawunyň kime gerek diýsene?..» diýip özüne käýindi.

Soňam süýt basyraýyn diýip oturan halyna garrylarça ony huşundan çykaryp, ýene bir ýadyna düşen aladasynyň ugruna çykdy. Suwkädidir bir jürdek küýzäni alyp, öz howly ýerleriniň ileri eteginden akyp ýatan jara suwa gitdi.

Tomus günleri jar üstüne bürelip duran gamyşlaryň asty bilen ukuda ýatan gaplaňyň duşundan geçýän ýaly bukuljyrap, sulhup keýpsiz akýardy. Onuň depesinde häzir hemişeki bir-birlerini itekleşip, çagalar ýaly hürsekleşip uly şowhun bilen bökjekleşýän guduman tolkunlar ýokdy. Çagalaryň hemişe günortanlar gelip, hezil edip suwa düşýän güzeri oňa bu güzerden gygyryp-çagyryp, aňsat öýe ýygnap bolmaýan agtyklary Aganazar bilen Allanazary ýatlatdy.

Gözüni gubar baglap, damagy doldy. «Wah, bolan bolsalar häzir olaram suwa düşerdiler» diýip, hesret bilen oýlandy. Soňra ol elini-ýüzüni ýuwup, gaýgy-hesretden biraz sabap oturşyna Hudaýa şükür edip, hi bolmanda Akjagül bilen Ogulbikäniň göwne teselli öz ýanlarynda barlygyny özüne göwünlik berýän hörpde ýatlap: «Hälem, şolar bar, ýogsam biz Kymyş bilen hesret çekip, şol günüň ertesi ölerdik, belki, entek görjek günümiz bardyr-da?» diýip pikir ýöretdi.

Jemal mama suw gaplaryny suwdan dolduryp, ýapy inişden ýokary göterilip—yzyna dolanyp gelýärkä, bir gelniň öz öýleri tarapyndan peýda bolup, derweze ýerine goýlan kese germew agaçdan köýneginiň etegini çekip ätläp geçibem bärligine, özüne tarap öwrülenini gördi. Gelin suwa gelmeýän borly, onuň elinde ne suw kädisi, ne-de ýeneki suw gaby bardy. Ol aňyrdan gelşine:

— Ogulbikäň mamasy, alyň salamy! — diýip, özüni tanadyp, syrygyp eňegine düşen ýaşmagyny ýokary, öz ýerine göterip mylakat bilen baş egdi.

Bu gelin ýakyn garyndaşlygy bolmasa-da, Jemal mamanyň gelinleri bilen ýakyn gatnaşykda bolup, toýa-ýasa bile görnüp,

keçe-ýorgan edilende bir-birlerini goldaşyp, gazanyp Kymyş duzçynyň maşgalasynyň rysgal-döwletini öz ojagyna-da arzuw edip ýören, gowa golaý bolmak höwesindäki gelinleriň biridi.

Jemal mama ýerine ýetirilip, gadyr bilen berlen salamy minnetdarlyk bilen aldy. Ýogsam, maşgala sürgüne düşeli, bir hepde-on günden juda golaý garyndaşlaryň käbiri bolaýmasa, öňki gelýänleriň köpüsi indi onuň gapysyndan garamaýardylar. Göýä hemmeler täze hökümetiň: «Şular gara adamlar» diýenine ynanyp, «golaýlaşsak, bize-de zyýany ýeter» diýen pikir bilen olaryň öýlerini oýtarlap geçýäne meňzeýärdi. Hemişe bolsa: «Enesi, sähet belläp berseňiz», «Pylan janyň göbegini burup berseňiz», «Başýuwluk almaga geldim», «Ýorgan köpejek, şoňa bir bismilla edip, el salyp berseňiz!» diýen ýaly aladalar bilen tutuş syrgynyň aýallary gelip-gidip, häli-şindi Jemal mamany, onuň gelinlerini gerekläp durardylar. Hatda indi her gün irden gelip bizar edýän, süýt içip gidýän kirlije köýnekli Aýbölejik hem gelmeýärdi. Bir ýola Jemal mama oňa duşup: «Gyzym, indi näme biziňkä süýt içmäge geleňok?» diýende ol, egnini gysyp: «Indi Rahmaýaýaý ýog-a, ony oruslaý tüýmä äkidipdiý-ä» diýip, çekinjeklik bilen peltekläp, ululardan eşiden gürrüňini ýatlapdy...

Gelin: «Getiriň men öýüňize eltişeýin!» diýip, Jemal mamanyň suw gaplaryny elinden alansoň, öz habaryny berdi:

— Mamasy, oňräk biz keçe etmäge hyýallanyp, gamyşda onuň bir ýüň düşegini jemläp goýupdyk. Soňam sizem başagaý bolduňyz. Derdiňizem ýetik boldy. Hemişe siz işli bolsaňyzam, şunuň ýaly zady ýola salmaga Oguljuma eltimiz bolardy, olaram, nätjek, şeýdip gitmeli boldular. Indem başlanan zat ýarpy ýolunda galmasyn diýýäris. Baryp, özüňiz şoňa bir bismilla edip, ugrukdyryp berseňiz!

Gelniň hormat edip: «Öz ornuňyzy eýeläň!» diýmegi garryda täzeden hasaba girizilen ýaly ýakymly duýgy döretdi. Jemal mama oňa göwünjeňlik bilen süýdüni basyrdygy

barjagyny aýtdy...

Tuduň kölegesinde keçe güllejek aýallar güllenmeli keçäniň ýerligini, saçak ýazan ýaly öňlerine alşyp, adaty edilişi ýaly, ony bir mynasybetli zenanyň işi başlap bererine garaşyp, gapdallaryna boýalan akly-gyzylly ýüň depejiklerini üýşürip, garrynyň maşgalasynyň talaňa düşen ýaly bolanlygyny ýatlaşyp otyrdylar.

— Orus olary harasat bolup, bir göteren bolsa, indi bäri-bärde goýmaz... Sibirden çykarsa gerek — diýse, ýene birleri: — Sibiri bolanda, onsoň, nirekän ol? — diýýärdi.

— Ýeriň tükenen ýeri, şolam, onsoň, Sibir bolýandyr-da...

— Onsoň olar soň yzlaryny nädip taparlarkan?

— Eý-ý, yzlaryny tapdyrjak bolsalar, beýdip äkidilermi diýsene?!

— Gümgidene gidirdiler diýsene onda.

Aýallar Jemal mama görnendenem gep eýesiniň ýetip gelýänini görüp, edip oturan gürrüňlerini tapba goýdular. Başga-başga zatlaryň gürrüňini edenden boluşdylar.

Özleriniň ýaňky edip oturan gürrüňleriniň bir çeti garrynyň hem gulagyna degendir öýden gelinleriň käbiriniň ýüzüne, uýatly, şu pursatda duýlar-duýulmaz al reňk çaýylyp giden ýaly boldy. Öý eýesi gelin Jemal mamanyň özlerine golaýlap gelýänini görüp, mylaýym ýylgyryp: «Geleweriň, mamasy!» diýip, onuň öňünden çykyp, gadyr bilen garşy aldy, soňam eltip, ozaldan taýyn edilip goýlan ýumşak körpençäniň üstünde oturtdy. Aýallar ýerli-ýerden ör turuşyp, dakynan siňsiledir ýeneki börük şaýlaryny şaňňyrdadyşyp, hormat bilen egilşip garra, salam berdiler. Jemal mama berlen salamy alansoň, keçe ýerliginiň töwereginde halka gurap oturan aýallara tarap ýeňiljek nazar aýlap goýberdi. Onuň ornaşanyna mähetdel göni garşyda, aradaky keçe ýerliginiň gyrasyndan daraklygy bilen sähelçe basyp oturan, başy sary esgili oral aýal duýgudaşlyk bilen ýüzlendi:

— A, mamasy, gidenlerden näme habar bar?

— «Gideniň habary özi bilen» diýleni, şol gidişleri, oňly habar ýok. Otyrys Allany çagyryp.

— Nirede bolsalaram, sag-aman bolsunlar-da, hernä.

— Dilegiňi Hudaý eşitsin, gelin? — diýip, Jemal mama ýagşy pälli aýaldan minnetdar boldy. Şundan soň Jemal mamanyň sürgünler bilen bagly kalbynda köl bolup, dyňzap duran gürrüňleriň, sähel tirseklenip goýberenligi hem belli boldy. Ol:

— Tagtabazardan gitmelileriň ählisini toplansoňlar, bir magun edip, Mary tarapa iki-üç günlükde ugradylanlygy barada bir habar-a düşdi. Şäheriň özünde-de olary pagta saraýda üç-dört gün synsyradyp saklanlar ýaly. Biz-ä soň eşidip galdyk. Biziň Ballam şähere baranda, olardan habar tutupdyr. Iniligini ýanyşdyrypdyr. Bize-de gelip: «Orazgeldi akgam dagyny gördüm, birki sany gawun-garpyzam ertdim, olaň saklawynda duran öz tanyş oruslarymyň biri ekeni» diýdi. Agtyklaryňam goşlaryň gapdalynda günlerine kaýyl bolşup oýnap oturanlaryny aýtdy...

Agtyklaryny ýatlan mahaly ýene-de Jemal mama alaçsyzlygyny ýatlap hamsykdy. Töwerekde oturanlar hem garra düşünip, birsalym suslanyp, oňa raýdaşlyk bildirdiler. Indi telim günden bäri sürgüne gidenler obanyň esasy gürrüňine öwrülen hem bolsalar, olar baradaky maglumatlaryňam köpüsi toslamalardyr çaklamalardan ybaratdy.

Jemal mama tiz bozulyşy ýaly hem ýene-de gözýaşyny sylyp, parhlydygyny bildirip tiz özüni ele aldy. Soňunam näme üçin bu ýere gelenligini özüne ýatladyp oturşyna şükürli gepledi:

— Hudaýyň halanydyr, gelinler. Gorasy gelenini kyrk ýyl gyrgyn gelende-de goraýandyr ol...

Jemal mama haçan-da gapdalynda üýşüp, depe bolup duran gyzyl, gara, sary reňklere boýalan ýüňleriň birinden

birazragyny bölüp alyp, ony ram eden elleri bilen sozup-ýygnap: «Bismylla, ana, başladyk, biziň elimiz däl, ýaýyp-ýygnap üýşe ygtyýar ene-mamalarymyzyň eli!» diýip, ondan öz öňünde keçäniň ilkinji gülüni ýasady. Keçäniň ilkinji güli onuň ýerliginiň üstünde peýda bolansoň, kömekçi aýallar hem hamala otyrýerleri bilen bir zady oýpaçlaýana meňzeşip oýkanyşyp, Jemal mamanyň işiniň yzyny ýetirip ugradylar.

Işler ýola düşüp alşyp ugransoň, onuň gapdaly bilenem ýene-de sähelçe şemal ösüp ugrana meňzäp, mesawy özara gürrüňem başlandy. Keçe edinýän gelin, soňra özüne kömek berýänleri naharlap-hezzetlemek üçin gazan atarypdy. Ol indi häli-şindi ornundan turup gidip aşagy otly gazanyndan habar alyp, onuň bir-de duzyny görüp ýene bir-de gaýnaşyna gözegçilik edip gaýdýardy. Gelibem ýene-de Jemal mama bilen tüňňimaňlaý gelin aralygyndaky öz ornunda oturyp, gül ýasaýanlara goşulýardy.

Oturanlar Jemal mamanyň hem öz gapdallarynda oturanlygyny hasaba alyp, ony örtäýjek sürgünler bilen bagly gürrüňleri ýatlamazlyga çalşyp hasaply sözleşýärdiler. Ýöne uly iliň häzirki wagtda iki adamyň başy çatylsa, esasy edýän gürrüňleri şol sürgünlerdi. Gully eminlerdir Kymyşlary täze häkimiýetiň ediberişini görüp, olaryň halyna gynanýanlar, ýüreklerini bükgüldedip: «Indi nobat meniňki bolmasyn?» diýip haýygýanlaram, Hardat ýaly, aryny alanyna öz ýanyndan monça bolup içini güldürip ýörenlerem bardy.

Şonuň üçinem gürrüň nämeden başlansa-da, ol ýene-de aýlanyp-dolanyp şol sürgünleriň üstünden inýärdi.

Keçe gülledýän, Kymyş duzçynyň ojagyna hormaty bolan gelin bu oduň arasynda galan Jemal mama kyn düşýänligini bilýärdi. Onuň halyna gynanýardy. Häzir-ä ol mamany bahana bilen köpçülige gelse, hesretini bir pursat-da bolsa unudar diýip getiripdi. Şonuň üçinem ol çagyran aýallarynyň dünýäni düzetmek hamala özlerine galan ýaly dotdaryşyp, agramly-agyrly gürrüňler etmän, Jemal mama hem goşulyşar ýaly, degşip-gülşüp oturmaklaryny isleýärdi.

Yssy soňra dünýäni barha eýemsirendi. Ýerden boý ýasanyp,

howur göterilip ugrady. Keçe gülleýän aýallaryň köljerip ýagyrnylary derledi. Keýpini depesine göteren tomsuň bu gün ýene-de ýakyp-ýandyryp, bolmajysy boljagy anyk boldy.

Keçe edýän gelin töwerekdäki keçe güllemäni öwrenmäge höwesek bolup gelen ýaş gyzlaryň birki sanysyny turzup, töweregi şalpy-şaraň etdirip suwlatdy. Şundan soň yssynyň ýiti ýüzi birýana syrylyp, biraz salkynlyk aralaşan ýaly boldy. Güllemek işem indi birýanýüzli bolup barýardy. Keçäniň ak düşeginiň üsti indi göz guwandyryp oturan lälezar meýdana öwrülipdi.

Edil şu mahalam, keçäniň gaýra eteginde gül salyp oturan, ýüzi iki barmak, hälden bäri gepe goşulman oturan Gülsoňy elindäki ýüňüni halka ýasap, oňaryp oturan gölüni boldum edip goýdy-da, mygyrraýlyp oturşyna mölerlibräk töweregine gözüni aýlansoň, gürrüňe goşuldy:

— Sizler muny eşitmänsiňizem öýdýän? — diýip, ol töweregiň ünsüni çekip, sözüni dowam etdirdi. — Hi, ol kepretilçi Hardad-a şol sürgünler ugradylanda bolmajysy bolanmyş. Soldatlar-a sürgünleri ýeňsesinden itiberip, maguna salyp durmuş. Olaryň beýle ýanynda olam gara atyny keserdip: «Gully eminiň tohumyny tüketdim...» diýip, göwnihoş bolup samranmyş...

Ýerliksiz aýdylan morta gep çygjaryşyp, hezil edişip gül basyşyp oturan aýallaryň köpüsini üýşendirdi. Birnäçeler bu gepiň Jemal mamanyň oduny ölçeren ýaly boljagyny pikir edip, gözastyndan nebsagyryjylyk bilen Jemal mamanyň oturan tarapyna seredip goýberdiler.

Öý eýesi gelin bu gürrüňiň garra ýaramajagyny, özüniň bolsa ony şu gepi eşitdirmek üçin ýörite çagyran ýaly gelşiksiz bolanyny ýatlap, halamadygyny mälim edip, gaňrylyp nägilelik bilen gep eýesi gelniň al petinden aldy:

— Kim aýdýar, gyz, aslynda beýle bolgusyz zatlary?

Onýança-da Gully eminiň daşkyrak garyndaşy, atýüzli,

akmapraç gelin hemleli gepledi:

— Näme, Gully eminler, Kymyşlar Hardat ýalylaň, nä, heleýleriniň ýorganyna giripmi? Bu çaka çenl-ä ile Gully emin, Kymyş baý gerekdi. Indi bu günki gün olara it degäýdimi?

Bu gepden soň ýakasyndan tutulan ýaly bolan alagöz, garaýagyz gelin ýeňsä çekilip, öýkeli gürledi:

— Weý, gyz, men-ä, näme, eşiden zadymy aýdýan. Düýn Kelhatardaky Akgülden eşitdim, olam Şämit akgalaryna baranda şolardan eşidipdir...

Bu gepleri eşiden mahaly Jemal mamanyň göz öňüne orsuň milleti zyr-zowran edip otla ýükläp durşy, olar bilen gatylyp, özüniňkileriňem südürlenip gidip barşy geldi... Gapdalda bolsa indi bireýýämden bäri diýeni biten Hardat gara atyny dyzandyryp, ýaňky gelniň diýşi ýaly, hökmürowan bolup durdy.

Alagöz gelin Hardadyň bolşuny halamadyksyrap aýtsa-da, onuň gepleýiş hörpünden dabaralanyş äheňi hem duýulýardy. Gelinleriň ýerli-ýerden aslyşyp, onuň badyny almaklary hem şonuň üçindi.

Jemal mama ol gelin barada: «Özüni, öýüni oňarmaýan bir kirli heleýdir welin, şu-da indi jyňňyldap, hondan bärisi...» diýip, oýlananam bolsa, onuň özüne hiç zat diýmedi. Kemteresinden öwrülibem onuň tarapyna hem bakmady. Sebäbi ol ile belet bolansoň, bu gelniň gepiniň aňyrsyndaky dabaranyň hem nireden gelýänligine-de, nämüçinligine-de beletdi.

Gelin oba şura Ýagdynyň agasynyň gyzy bolup, onuň derejelenip gazanan zatlaryndan ýetdik hakyny alyp, baýnap ugranlaryň biridi. Täze hökümet diýibem ol täze gurluşa däl-de, öz agasyna düşünýärdi. Şonuň üçinem ol iliň täze hökümetden närazy bolmagyny, gönüden-göni öz agasyndan bolunýan närazylyk diýip bilýärdi. Bu bolsa oňa ýaramaýardy. Hälden bärem, aýallar Jemal mama göwündeşlik edip otyrkalaram ol bu zatlary edeniň oba şura hasap edilýänini

ýatlap, çeti gyzyp otyrdy. Häzirem onuň Hardady ýatlamagy: «Siz ähli zatda meniň agamy günetlejek bolşup dursuňyz, gör, kim eken siziň adamlaryňyzyň kastyna çykan!» diýip, goýry tüssäni öz agasynyň üstünden kowjak bolup, janköýerlik edip oturşydy.

Ýüregi ýelli gelniň gepinden soň ýene-de ara susluk aralaşdy. Soňundanam wagty bilen gepler alşyp, öňki ýaly, aýallaryň diliniň keýpini görýän göwnühoş gürrüňçilige öwrülip gidibermedi. Jemal mama özi üçin ýörite demlenen çaýyň soňuny käsesine syrkyryp içensoň, onuň ysmyk agrap duran kellesiniň agyrysyny syryp aýran ýaly edenini sypaýyçylyk bilen ýatlap turmak bilen boldy. Ol öý eýesi gelne:

— Indi, gelin, galanyny gelinler bile özüňiz birzat edersiňiz! — diýip turmakçydygyny mälim etdi.

— Mamasy, men nahar taýynlap otyrdym-a — diýip, öý eýesi gelin onuň entek oturmagyny isläp elewredi. Gidenleriniň pikirine berlen Jemal mamanyň, barybir, soň ol ýerde uzak eglenesi gelmedi. Ol:

— Baraýyn, gyzlaram otdan gaýdyp gelendirler. Siz gelinler bolup, arkaýyn nesip etdiginden naharyňyzy iýiň, hezil ediň!

Töweregi bolsa indi çakyr kapas yssy gaplap alypdy. Göýä ähli yssy asmandan ýere düşäýene meňzäpdi. Ýöne aýallar gyzyşyp, özara hezil gürrüňleri hem orta alyp, gollaryny çyzgaşyp, keçe güllänlerinde, ony bişirip basanlarynda buça-buça yssyňy dagy duýmaýardylar.

Myhmanlar üçin atarylan nahar taýyn bolansoň, öý eýesi gelin ony oturanlaryň öňüne alyp bermänkä, bir okara salyp Jemal mamanyň yzyndan eltip berdi.

* * *

Tagtabazardan saýlanyp kulakçylyga çekilenleriň salnan wagonlary Guşgy--Mary ýolagçy otlusyna tirkelensoň, ol şol

günüň ertesi günortanyň öň ýanlarynda Mara gelip ýetdi. Otlynyň gelip duraryna mähetdel öňden wokzalda taýyn bolup, garaşyp duran esgerler halka gurap, ol wagonlaryň daşyny gabawa aldylar. Wagonlardan welin olary düşürmäge howlukmadylar. Otludan düşjek düşüp, goýjak goýup bolansoň, töwerekde märekäniň saýpal tapanyny görüp, diňe şondan soň olara düşmäge rugsat etdiler. Esgerler sürgünlere etmişleri üçin hakyky ýyl alyp bendilikde oturan adamlara seredişleri ýaly, hamala, olaryň içinden amat peýläp gaçypsypmagy ýüregine düweniň barlygyny aňaýan ýaly şübheli seredýärdiler.

Sürgünleri soňra goş-golamlary bilen, demir ýoluň boýy bilen ýöredip, wokzaldan uzak bolmadyk, Murgabyň etegindäki boşluk meýdana sürläp getirdiler. Bu ýer Ýolbarsly çaýhanasydyr oňa ýanaşyklykdaky derýanyň üstünden gurlan otly geçýän demirýol köpri bilen onuň biraz demirgazyk-Gündogaryndaky «pyýada köpri» adyny alan ýene bir köpri aralygyndaky atgaýtarym boş meýdandy. Murgap bu boşlugyň daşyndan oýtarlap, ýazylyp, ýaý berip akýardy.

Pendililer suw bähbitlerini arap, derýanyň alkymyndaky gum depejiginiň töwereginde halka guraşyp ýerleşdiler. Telim günden soň ýene-de aýallara ot ýakyp, ýanlaryna göteren gowurmalaryndan nahar-şor taýynlap, maşgalany gyzgyn bir zat bilen naharlamaga mümkinçilik döredi. Oguljuma gowurmadan goşunda göteren gazança salyp çopan çorba taýynlap, boldugyndan maşgalasyny naharlansoň, ýas-ýaňyja otdan alyp demlän tüňçesini, adamsynyň nahardan soň çaýy hiçneneň görmeýänini ýatlap, ýanynyň käsesi bilen uzatdy:

— Çaý-a demini alandyr, akgasy!

Orazgeldi goşuň çözülmedik bölegine ýaplanyp, tirsekläp, derýanyň aňry kenaryna göz aýlap, haýsydyr bir zada diň salýan ýaly bolup oýurganyp otyrdy. Ol aýalynyň bir eli bilen uzadan çaýly tüňçesini göwünjeňlik bilen öňüne çekdi:

— Saňa-da düýbünde bir käse galdyryn-da...

— Içiber özüň, men şulara içirjek bolup, şu gezip ýören ýerimde suw-sölem içip ýörün.

Azapdanam has beter sürgün adamlaryny edilýän zatlaryň düşnüksizligi, aňyrsynyň garaňkylygy darykdyrýardy. Adamlar özlerini gorpuň gyrasynda duran ýaly oňaýsyz duýýardylar. Aýallar şol bir ene-mamalaryndan bäri özlerine mahsus bolan kaýyllyk häsiýetlerine berlip, daş-töwerekde çagalary bilen bagly aladalaryna güýmenişip ýörüşlerine, öz adamlarynyň ýüzlerine aşaklyk bilen göz aýlaşyp, hal-ýagdaýlaryň niçik-nähili derejededigini özleri üçin anyklap alýardylar.

Garynlary doýup, biraz dem-dynç alansoňlar, ýene-de çagalaryň nazary durlanyp, arzuw-höwese öwrülip, öz hezilliklerine dolananlygy belli boldy.

Allanazar dagy eýýäm täze getirilenleriň deň-duş çagalary bilen dil tapyşyp, suwa düşüşip, kenarda kowdum-gaç oýnaşyp, Maryny göçüreýin diýip, gygyryşyp, gaçyşyp-kowşup, oýnaşyp, bazar gurşup, hezil tapyşyp ýördüler. Uzakly gün endiräp duran yssynyň içi bilen ýaltalaç süýnüp-sarkyp akýan derýanyň suwy diýseň ýakymlydy. Gün gijigip, howa biraz serginläp ugraýan-da bolsa, onuň gujagy sowamaga derek munuň tersine has mylaýym, has ýakymly bolýardy. Häzir derýanyň boýunda taýçanak bolup okkessirme çapyp, dünýäni unudyp ýörenleriňem biri-de Allanazardy.

Oguljuma iki kiçisi bilen hymyrdanyp, gapdalyndaky Gully eminiň edinen gelni bilen pessaý ses bilen gürleşip oturşyna, Allanazaryň ýüzüp, kellesiniň gyzgynyna birden kenardan daşlaşmagyndan çekinip, ony hem gözden salmaýardy. Töwerekde OGPU-nyň esgerleri gezmeleşip gözegçilik çekişip ýördüler. Olar sürgünlere suwa girip, uzaga ýüzmegi gadagan eden hem bolsalar, obalarynda hezil edip suwa düşüp ýören çagalara bu gadaganlygy girizip bilmändiler. Olaryň kowan

ýerinden çekilen çagalar ýene bir salymdan başga bir ýerden suwa girip, öz hezilliklerini täzeden dowam etdirip ugraýardylar. Ulurak çinlileriniň biri şonda: «Çagalar düşseler, goý, düşsünler!» diýdimi-nämemi, soňra olaram çagalara azar bermelerini goýdular. Çagalara-da geregem şoldy. Onsoňam yssyda, gapdalyňdan hem beýdip derýa owsunyp akyp ýatyrka, daňaýmasaň, suwa düşürmän olary saklap bolarmy!?

Orazgeldi daňdanlar özlerine tarap golaýlap gelýän adam hümürdilerini, aýak seslerini eşidip oýandy. Gijäniň etegi göterilip ugran hem bolsa, töwerek entek çal-çul garaňkydy. Ol hümürdi eşiden tarapyna sereden wagty, birýerlerden ýene-de birtopar adam gelip, öz gapdallaryna goş düşürişip ugradylar.

Agşam erkek adamlar ortada ýakylan uly oduň başynda gürrüňleşip, öz ýagdaýlary barada pikir alşyp oturypdylar. Orazgeldi ol ýerden gelende, çagalary hatar bolup, süýji ukuda ýatyrdylar. Asman gümmeziniň astynda birgowy bolup sallanyp ýüzüp ýören Aý häzir hut pendilileriň sürlüp barylýanyny eşidip, bilesigeljilik bilen olary synlap, hallaryndan habar almaga gelen hossara meňzäp seredýärdi.

Orazgeldi eneli-ogul bolup, iki kiçini ara alyp ýatan Allanazaryň gapdalyndaky özi üçin goýlan bir bölejik ýerde süýndi. Dessine-de uka gitdi.

Inisi Orazgylyjyň maşgalasynyň ýene-de iki-üç maşgala bilen özlerinden bölünip, Tagtabazarda alnyp galynmagy, onuň ýene-de yzyna, garrylaryň ýanyna gaýdyp barjagy bolsa Orazgeldide tama döredipdi hem öz ýanyndan Bally bolşewik bolup, olaryň arakhon adamlary bilen içişip, dost bolup, tirkeşip ýörensoň, «Bulaň birden-birini bir galdyraýyn» diýip alada edendir öýdüp, ondan gaýybana minnetdar boldy. Orazgylyjyň yza baryp garrylara, gyzlara eýe boljagyny ýatlap begenipdi.

Uzak günem ol Orazgylyjyň oba barşyny, onuň gelmegine

öýüň iki bolup bilmän begenişini başynda oýlap, hoşhyýal bolup ümürläp gezipdi.

Şonuň üçinem ol gelip, goş düşürip duranlary synlap: «Ýene Orazgylyç dagynam yzymyzdan getiren bolmasynlar, şolarmyka?» diýip gorkdy. Eger şeýle bolsa, bu onuň köňül depesinde döreden islegli çarbagyny depeläp dargatjakdy.

Ol bu gelenleriň alagaraňkyda ýüzlerini öňly görmese-de, gepleýiş häsiýetlerinden çen tutup, olaryň öň gören adamlary däldigine göz ýetirdi.

Orazgeldi ýassyk edinip ýatan silkme telpegini eline alyp, silkeläp başyna geýensoň, donuna çolaşarly bolup, ýüz-gözüni ýuwup, ukudan açylmak üçin eglibräk derýa boýuna indi. Ukudan doýmadyk gözleriň awusyny syzyp durşuna, aýasynyň ýeňsesini agzyna goýup, äňini ýazdyra getirip uludan pallady. Howada ýanyk ysyna meňzeş ajymtyk tüsse ysy bardy. Bu, elbetde, ozalagşamky çybyna edilen telim bir tüssäniň galan-gaçanynyň ysydy. Şeýdilmese çybynlaryň derdinden bu töwerekde asla durar ýaly bolmazdy. Çagalar dagy ondan goranyp, bir gorsanmak gorsanypdylar welin, onsoň ululara mundan dynmagyň bir alajyny etmeseler bolmandy. Gowy tüsseläýjek alagury odunlar tapyp, gallanyp, otlar ýakylypdy. Diňe şundan soň çybynlar biraz saýpal tapan ýaly bolup, ajy tüsse ýuwudýan bolsalar-da, adamlaryň janlary aram tapypdy.

Orazgeldi derýa boýunda el-ýüzüni ýuwup ukudan açylyp otyrka, ýaňky aňyrdan gelenleriň birnäçesi derýany görüp, goşlaryny goýanlaryna mähetdel tebsireşip gelendiklerini mälim edip, goýun-guzy ýaly bolşup suwa indiler. Derýanyň boýunda çommalyp oturyp, goşawuçlap suw içýäni haýsy, ýüzin düşüp ýatyp içýäni haýsy. Aňyrdan yraň-daraň howlukman ýöräp gelýän goja Orazgeldiniň gapdalyndaky boş ýerde

çökdi. Köýnegininň ýeňlerini çyzgap oturşyna:

— Saglykmy, ýagşy ýigit?! — diýip, argyn ses bilen onuň beren salamyny aldy. Soňundanam sähel ýeňsesine öwrülip, ol ýerdäki gol dolduryp goş basyp ýatan millete seredip uludan hossaly dem aldy:

— Ykbaldaşlar diýsene?

— Şeýle bolýa-da...

— Biz-ä, inim, Tejenden topladylar — diýip, goja elini ýuwup oturşyna «Siz nireden?» diýen äheňde sözläp, ýuwaşja dillendi.

— Bizem, aga, Tagtabazardan.

— Hä, bu saryk garyndaşlardan bolýaňyz onda.

— Murgabyň türkmen ýerine gelip giryän ýerindäki obalaň birisinden.

Bäş-alty günden derýa boýy her gün kowçum-kowçum edilip sürlüp getirilýän sürgünlerden ýaňa hyň berdi. Dar göründi. Gijelerine bölek-bölek bölünip ýakylýan otlaryň şöhlesi derýa ýüzüne düşüp, onuň etegi telim bir ýerden ot alyp tutaşyp barýan ýaly alawlap göründi. Sürgün etmek üçin ýelden-ykdan adam getirmek bolsa henizem dowam edýärdi. Hamala diýersiň ähli türkmeni şu ýere toplap, soňundanam ýurtda adam goýman, tutuş millet başga bir ýerlere otlulara doldurylyp-doldurylyp göçürilip goýberiljege meňzeýärdi. Soň görlüp oturylsa, bu pikir ugrunda ýogam däl ekeni. Mara gelnenine bir hepde diýlende esgerler mähelläniň içine aýlanyp, ellerindäki kagyza seredip, at okap, bileräk ýola gitmeli adamlaryň her toplumyny bir ýerräkde aýratyn-aýratyn jemläp, soňam olary wagonlara ýükläp, ugratmaga äkidip başladylar. Sürgüne ataryjylar Orazgeldiniň adyny ýene-de Gully eminiň maşgalasy ýaly başga-da birnäçe tagtabazarly ildeşleriniň ýany bilen bile okady.

Asmandan gün howur saçýardy, ýene-de onuň başy kölegesiz, girere sümelgesiz sürgün adamlaryny hezil edip ezjegi belli bolupdy. Heniz etegini doly ýygnap ýetişmedik ertir şemaly derýanyň üstünde balyk jyglymyny ýada salýan owunjak tolkunlardan doldurypdy. Ýola gitmeli edilselerem Orazgeldi dagyny şol günem, şol günüň ertesem dereklӓp, sürgünleriň öz pikir edişleri ýaly, öňlerine salyp ugran bolmady. Ýogsam olar ýol şaýlaryny tutup, haçan diýseler göterilip ugraberer ýaly bolup otyrdylar. Iki köpri aralygyndaky durmuş bolsa ýene-de şol öňki hörpünde, adamlaryň ýykma-ýykylma ýarym ýabany ýagdaýy bilen dowam edýärdi.

Töweregiň märekesi bolsa her gün getirilýän toparlaryň hasabyna hasam köpelýärdi. Adambary daralan dünýäde hyň berýärdi.

Orazgeldiniň maşgalasam şol günden ýanlaryna alynjak suw gaplaryny dolduryşyp, «ýör» diýlende irikge etmän, turup gidibermäge taýyn bolşup oturýardylar. Oguljuma yssa näzijek teni tenip barýan Rahmangulujykdyr Rahmannazary her gün derýa başyna eltip, suwa düşürerdi. Ol bu günem suw birneme mylaýymlaşandyr öýdensoň, ýene iki kiçisini alyp, suwa indi. Rahmangulyny donuny çykaryp, gapdalragynda şonuň üstünde ýatyryp goýansoň, Rahmannazaryň elinden tutup, suwuň golaýyna getirdi. Soňundanam onuň ýuwulmagy islemän, «hyk-çok» edenine seretmän, geýimlerini çykaryp, bir eli bilen onuň elinden tutup durşuna beýleki eli bilen suw alyp sypalap ýuwdy:

— Ine, indi akja oglan bolduň. Meniň oglum indi hemmelerdenem ak bolandyr. Durdy dagy bolsa ýüzünem ýuwanok, onsoň ähli çybyn, siňeklerem onuň daşynda — diýip, söýünç bilen taryplady. Özüniň akja oglan bolanyna eselen Rahmannazar hem soňra begençli jedirdedi:

— Ene, indi Ýahmanam ýuw, akja oýlan bolsun! — diýip, begençli peltekledi. Oguljuma Rahmangulynyň ilki biraz tenip gyzaryp ugran, agşamlaryna mahal-mahal ýag çalyp sypalaýan butlarynyň aralaryny onuň çarbaýlyk edip aglaýanyna seretmän ýuwuşdyryp päkizeledi, soňundan ol elleri bilen onuň saçyny, ýüz-gözlerini sypalaşdyryp serginlik etdi:

— Haý, bezzat çaga diýsänim, näme aglaýaň, il-ä saňa sergin bolar ýaly edýär, sen bolsaň... Gör, ana, Rahmannazary ap-akja oglan bolandyr görseň — diýip, buýsanyp durşuna onuň bilen uly adam ýaly gürleşýärdi.

Allanazar täze tapynan dostlary bilen derýanyň etegindäki bir boşlagrak ýerde çapyşyp, kowşup, alagoh bolşup oýun oýnap, hezil edip ýördi. Şol barmana-da birden onuň nazary, OGPU-nyň esgerleriniň ugratmak üçin beýleräkden turzup, toparlap, öňüne salyp, wokzala alyp barýan adamlarynyň arasyndaky bir oglanda saklandy. Bir daýanykly, goşuny münderläp daňyp, egnine atan adam dogumly-dogumly ädimläp, ak köýnekli, garaja balakly oglanjygaňam bir elinden tutup, gapdaly bilen ýöredip alyp barýardy. Allanazaryň ýüregi jigläp gitdi. Tanady. Ara esli baram bolsa, ýa şu pursatda kalby çawuş çakdymy-nämemi, zalywat öz Kymyşlar tagmasyny tanady. Ol başga biri däl-de, on bäş günüň aýralygyndan soň, onuň eýýäm juda göresi gelen dosty Aganazardy. Bu ýowuz aýraçylyga Allanazaryň çaga ýürejigi kaýylam däldi, ýöne alajy ýokdy. Ol dostuny ýatlap, oňa mätäçdi. Haçan-da ol:

— Akgy jan! — diýip, dostunyň adyny tutup zowwam gygyryp goýberen mahaly onuň çaga sesi zarynlaýanyny mälim edip, howada endiräp gitdi. Soňundanam ol atylyp, adamlaryň arasy bilen şol sürlenip barýan adamlaryň yzyndan eňdi. Daýanykly pyýadanyň gapdaly bilen boýnundan torbasyny asyp barýan ak köýneklije oglan ýeňseden, bir ýerden öz adynyň tutulýanyny eşidip, ol sesi tanap, aýak

çekip, yzyna yzyna gözledi. Bu Allanazaryň sesidi. Ondan başga kim onuň «Akgy jan!» diýip, öýde tutulýan gysga adyny tutup biljekdi?! Dostunyň gygyryp, özüne tarap gujak açyp, aňyrdan ylgap gelýänini görüp, Aganazar hem duran ýerinde dünýäni unudyp, birden ganat biten taýçanaga meňzäp gygyryp, oňa tarap topuldy:

— Alla jan!

— Akgy jan!

Birsalymdan iki sany bir meňzeşje ak köýnek, ýany gyzyl parawuzly garaja balak geýnip, bir-birlerine doganlarça çalym berşip duran oglanlar märekäniň ortasynda bir-birleri bilen aglaşyp gujaklaşdylar.

Bu ahwalat, iki sany aýrylyşmaz doganlaryň, hemişelik bir-birlerinden aýrylyşyp baryşlary bilen bagly ajy hakykat şol pursatda töwerekden görenleriňem kemsidilen göwünlerini lerzana getirdi. Boldy bir bozulyşyp aglaşmak. Aganazardyr Allanazaryň özleri bilen şolbir ykbala çolaşan adamlara hem häzirki pursatda aýra düşen öz dözmez mähribanlaryny ýatladany belli boldy[1]. Oglunyň howsalaly sesini eşidip, oturan ýerinden oňa bir zat bolanlygyny pikir edip howlugyp laňňa turup gaýdan Orazgeldi adamlaryň hümerlenişip, bozulyşyp duran ýerine gelen wagty inisi Orazgylyjyň begençli ýylgyryp, Allanazardan birzatlar sorap, ony gujagyna alyp duranyny görüp, öz gözlerine ynanmady.

Orazgeldi özlerinden Tagtabazarda bölünip alnyp galynan inisini bu ýerde görenine ilki birhilirägem bolsa, soňundan onuň bilen bu ýerde duşanyna begendi. Ol geldigi tanap, harsa öz gujagyna dolan inisiniň ogly Aganazaryň başyny sypap durşuna, inisiniň kakasyny ýatladyp duran syratly keşbine, at-

[1] *Ýene-de onlarça ýyl geçer, şonda bu sürgün atly dowzahyň deminden sypan seýrek adamlaryň biri Aganazaryň ejesi Amangül ene bu garaşylmadyk duşuşygy: «...Alla jan bilen Akgy janyň şol gezek bir-birlerini tanap gujaklaşanyny görende, diňe bir töwerekdäki adamlar däl, hat-da bizi öňlerine salyp, sürläp wokzala alyp barýan soldatlaryňam birnäçesiniň gözüne ýaş aýlanyşyp hapa boldular» diýip ýatlar.*

ýüzüne, syryma gelen saçyna seredip, onuň saçlarynyň etegine çal sepip ugranlygyny ilkinji gezek görüp, öz ýanyndan «Ýigrimi ýedi ýaşda saçyň agarmagy irräk dälmi?» diýip aladaly oýlandy. Ol näçe ýylgyryp, syr bermezlige çalyşsa-da, «kulakçylyga çekilip», göwnüne degleli bäri, sürgün bilen bagly aladalaryň inisinem juda siltänligini ýatlap, oňa nebsi agyrdy. Näbelli ykbal hakykatdanam hopukdyryjydy. Durmuş howsalaly hem garaňky, syrlylyk ýagdaýa geçipdi. Müňlerçe ynsanyň kalbynda ot döräp, onuň köräp duranlygy bolsa hakykatdy.

Aga-ini duýdansyz duşuşyga biraz tolgunyşyp duruşlaryna saglyk-amanlyk soraşdylar:

— Orazgylyç, saglykmy, başyňyz bitinmi?

— Şükür, akga!

— Sizem bu ýerde ekeniňiz-le?

— Bizem birki günlükde getirdiler. Siz gaýdanyňyzdan soň bir otly arasy saklap, üstümizi ýetirip, bizem Tagtabazardan göterdiler.

— Bä, men seni goýsalar, galaýdyňmykaň diýip bir begenipdim. Bally eýdip-beýdip bir ugruny tapandyr öýdüpdim.

— Bu gezek, akga, Sowediň çalyp tutuşy Bally-Sallyňa hezil berjege meňzemeýär. — Soň ol uludan demini alyp, haýsydyr bir edäýmeli hereketini etmänligine ökünýän ýaly: — Hä-ä, akga, yhlasymyza görä ykbal bolmady-da — diýip, birpursat çytylyp, ahmyrly gürledi.

Mähelläniň arasyny böltäp, bir ogluny elinde saklap, birisini gapdalynda ýöredip howlugyp gelýän Oguljuma göründi. Beýleräkde gaýynagasyndan ýaşynyp, mertebe saklap, golaý gelmän duran Amangül eltisini görüp, hamsygyp onuň öňünden çykdy:

— Sizem bu ýerdemisiňiz, Rahman janyň enesi! — diýip, ony çagalary bilen bile gujaklady. Soňundanam Rahmannazary gujagyna göterip, ony aglap durşuna öwran-öwran mähremläp ogşady. Orazgeldi saglyk-amanlyk soraşylansoň, olaryň ugur-

haly bilen gyzyklandy:

— Sizi nirik alyp barýarkalar, onsoň, bular, Orazgylyç? — diýip ýuwaş sorady.

— Aý, Alla bilsin, akga. Bulara islän ýerlerine sürüp ýörler, bizem gidip ýörüs.

— Sibir diýlen, Syrderýa diýlen ýaly bir ýere äkidiljekmişin diýenem-ä bir gürrüň bar.

— Belli zat ýok. Bileräk bolunaýsa-ha gowy bolardy. Ýöne, hany, bular biziň diýenimizi etjekmi!?

— Bular biziň bile bolanymyzdan bolmadygymyzy gowy görýäne meňzeýär.

Aga-ini şindi saglyk-amanlyk soraşyp bolup-bolmankalar, aňyrdan eşidişip gelen obadaşlar, tanyşlar olary öz gep-gürrüňlerine goýmadylar. OGPU-nyň esgerleri «Hany, ýöräň! Hany, goşlaryňyzy göteriň!» diýşip ugransoňlar, Kymyş duzçynyň ýat ýerde bir pursatlygam bolsa bellibir derejede öýdäkä meňzäp jemlenen maşgalasy ýene-de Watana gaýdyp gelmegi umyt edişip: «Bähbit bolsun! Il bilen gelen—toý-da-baýram» diýşip, kalplary yzaly hoşlaşdylar. Töweregi dolduryp duran agyr märeke, gözleri girýan, bagyrlary biryan, Watandan aýrylmak bilen bagly pikire gark bolup duran ýerinde leňňer atdy.

* * *

Orazgeldi daga sürgüne ugramak nobaty «Mara getirilenimize şu gün on gün» diýşip otyrkalar ýetdi. Gün öýläne ýagşy sanan hem bolsa onuň gyzgyny entek oňly gaýdyşmandy. Ýerden howur göterilýärdi. OGPU-nyň indi telim günden bäri daşynyň süri esgeri bilen sürgünleriň töwereginde beýemçilik edip ýören gaýyň ýaly gezelip duran uzyn boýly, ýanbaşy mauzerli ýolbaşçysy bir belendräk ýere çykyp, nobatdaky sürgüne atarylýan maşgalalaryň adyny okap durdy. Soňundanam, aňňal burnunyň aşagyndaky çekize çalnan

ýaly bolup duran murtuny el ugruna sypap goýberdi-de: «Şu ady okalanlar goş-kötelini alyp, meniň yzyma düşmeli!» diýip, özi öňe düşdi. Agyr göç leňňer aldy. Orazgeldi keçe-ýorganlaryň arasyna ýanlary bilen eline alan geýim-gejimlerdenem dolap, goşuny münder edip, arkasyna aldy. Oguljuma azyk-külçeli haltany hopba edip arkasyna berkidip, bir eline Rahmangulujygy göterdi. Allanazaryň bir elinde ýaňyrak derýadan doldurylyp alnan suw gaby, beýleki eli bilen bolsa, tabşyrylyşy ýaly, Rahmannazaryň golundan berk tutup, ony gapdaly bilen ynjytman idirdedip ugrady. Rahmannazar şol gelşine-de çaga bilesigelijiligi bilen töweregi synlap, özüniň näzijek dili bilen sorag berip jedirdeýärdi:

— Akga, öýümize gidýäsmi indi?

— Hüm-m...

— Agaýanaý akgam mamamyň ýanyna baýandyýmy? Otda münmän gidäýeli-dä öýümiýe... onuň içi yss-a!

Ulylardan anyk bir jogap eşitmeýän-de bolsa, ol töweregine geňgalyjylyk bilen garanjaklap, oba gaýdyp barýandyrys öýdüp göwün çaglaýardy. OGPU-nyň hatyrjem adamlary sürgüne ugraýanlary wokzalyň sesýetimligindäki giňişlikde kerwen gurap duran ýük wagonlarynyň gapdalyna getirdiler. Adamlar ýola taýyn edilip goýlan wagonlary görenlerinden indi özleriniň bäri-bärde goýulmajakdyklaryna düşündiler.

Töweregiň bolsa märekesi barha köpelýärdi. Mary töwereginiň adamlary bu habary eşidişip, ikibir-üçbir bolşup, öz sürgüne ýollanýan dogan-garyndaşlaryny ýene bir gezegem bolsa görüp galmak üçin ýürek ezişip, aňyrdan howlugyşyp gelýärdiler. Gidýänler bilen hoşlaşmaga gelenleriň arasynda diwar bolup duran esgerleriň ýeňsesinden gelip, boýunlaryny süýndürişip, gözleri bilen sürgünleriň arasyndan öz mähribanlaryny gözleýärdiler. At tutup, ikiýana elewreýänlerem bardy. Gijöýlänler at okalyp, maşgalalar wagonlara mündürilip ugraldy.

Elleri ýaş çagaly çyrlaşyp otla münüp barýan aýallary, näme-näme bolýanlygyna heniz oňly aň edip bilmeýän çagalaryň boýunjyklaryny uzadyşyp, töweregine delmirip, haraý isläp seredişini gören adamlar öz ýanlaryndan gyýlyp-gynanýardylar. OGPU-nyň esgerleri mahal-mahal golaýa gelinmegini halamadyk, şatyladyp toýnak salarly atlara meňzeşip, çytylyşyp, abaý-syýasat bilen leňňer atyp, ýeňseden sokulyşyp gelýänleriň gahar bilen badyny alýardylar:

— Eý, hany, dolan yzyňa! Nirä gelýäň süssenekläp?

— Dogan gidip barýar, dogan...

— Çekil, kulakdan proletariata dogan bolmaz. Çekil, ýogsam, tüpeň gundagy ýeňsäňe gütüleýär!

— Bulary nirik sürgüne äkidýäňiz aslynda?

— Ýeriň tükenen ýerine.

— Ýeriň tükenen ýeri bolanda nire bolýarka, janym?

Wagonyň içi giňiş ýaly bolsa-da adamlar münşüp-gonşup goşlary bilen ýerleşensoňlar, ol hamala kiçelip, daralyp barýana meňzedi. Onuň içi öň boşdy hem hamala at daşalan ýaly, onda ajy at tezeginiň ysy bardy.

Orazgeldi aýalydyr goş-kötelini öz pendilileri bilen bir sylgymrakda ýerleşdirensoň, Allanazar bilen ýene gapynyň agzynda hüwmek bolup duran adamlaryň arasyna geldi. Ol ýerde Mary töwereginiň dogan-haryndaşlaryny ugratmaga gelenler adamlary bilen hol beýlede duran ýerlerinden gygyryşyp hoşlaşýardylar. Hamala, öz sesleri özüniňkilere aýratyn, göni, ähli sesleriň içinden saýlanyp barýanyna ynanýan ýaly birek-birege ses berşip, gözi giryan bagry biryan bolup duruşlaryna gykylyklaşyp, üstaşyr gepleşýärdiler. Sazanaklaşyp bir ýerde durup bilmän, gaçyp barýan şagal ýaly bir onda-bir munda gygyryşyp, elewreşip ýörenlerem bardy. Adamlaryň nämälim ykbala gidýän dogan-garydaşlaryny, olaryň çagalaryny ýene az salymlygam bolsa, göterilip gitmänkäler bagyrlaryna basasy gelýärdi. Allanazar gapynyň öňüne gelende, öňräkde

özüniň ýaňyrak tanşan dosty, başy jambörükli Çolugyň kimdir biri bilen boýnuny süýndürip gepleşip duran kakasynyň donunyň synyndan ýapyşyp duranyny gördi. Gysylyşybrak ýöräp, adamlaryň arasy bilen onuň golaýyna bardy. Çoluk dostuny görüp, ýylgyryp, gobsunyp, oňa-da öz gapdalyndan orun berdi. Çolugyň kakasy gönüde duran başy çöwürmeli, tegelek ýüzli aksakgal goja bilen gürleşýän ekeni. Onuňam ýaňyrak geleni duýlup, ýüzünden burçak-burçak der syrygýardy. Ol tolgunyp hem gyýlyp gepleýärdi:

— Ana, gitseňiz sag-aman gidip, sag-amanam yzyňyza gaýdyp geliň!

— Diýeniňiz bolsun-da hernä, Mergen däde.

— Şeýle-de bor, enşalla!

Çolugyň kakasy mahal-mahal kimdir birine garaşýan ýaly, gürleşýän adamyň ýeňsesindenem ýene-de bir ýerlere hyrydar seredibem goýberýärdi. Allanazar dostunyň ýanynda jaýlaşansoň, olar bir-birleriniň ellerinden tutuşdylar. Şu jynalyşma diýen zat barmy-ýokmy Allanazar bilen Çoluk duşuşanlaryndan birhili gepleri alşyp, höwrügip gidiberipdiler. Çoluk oňa derýanyň boýunda otyrkalar: «Allanazar, biziň öýümiz bu ýerden kän uzagam däl. Derýanyň pyýada köprüsinden geçip, bazara barýan ýol bilen gidiberseň, gidiberseň ikinji Gökjä ýetýäň, ondanam Abdylla işanyň metjidinden geçenje ýeriňem biziň öýümizdä» diýip, oňa öz öýleriniň aňsatja tapylýanlygyny aýdypdy.

Haçan-da Allanazar özüniň nireden gelenligini aýdan mahaly bolsa ol: «Baý-ba, daş eken-ow öýüňiz!» diýipdi.

— Mergen däde, onsoň, hany, biziň Berdi gelmedimi?

— Siziň gidýäniňizi menem ýaňy eşitdim. Eşidibem duran ýerimden atlanyp, basdym eşegiň gerşine temlemyhy. Baryň aýdyň, «agasyny Marydan göterýämişler» diýip, onuň işleýän ýerine-de oglan ugratdym. Belki, geler.

— Ol düýnem gije derýadan urup geçip, esgerleriň gözüne güýdüşip, bir horjun gök-ak getirip, birsalym ýanymyzda oturyp gidipdi.

— Eşits-ä, iki daşyň arasynda bolsa-da gelmeli ol.

— Hym-m... — diýip, Çolugyň kakasy ýene töweregine ynjalyksyz nazar aýlady.

Marynyň depesinde niredendir bir ýerden çaňjaryp duran goýry tozan buludy peýda bolupdy. Tebigat haýsydyr bir hyýala münene meňzeýärdi. Aýralyk bilen bagly ýakymsyz pursady başdan geçirýän adamlaryň sözlerinde argynlyk bu zatlara maňzynyň oturmaýanlygyny mälim edip, näumyt eşidilýärdi. Wokzal jaňy kakylandan soň, otly silkinip, jygyldap, özüniň basyksy sesi bilen az-küç ýük äkitmeýänligini mälim edip, duran ýerinde çaýkandy. Otlynyň parawozy bir ýerlerde güňlenç hokrandy.

Adamlar henizem wagonlaryň agzynda çogşup, hamala «hä» diýmän, kimdir biri aňyrdan ýetişip, otlyny saklap: «Hany, düşüň!» diýip, özlerini alyp galaýjak adamyň tizden peýda boljagyna ynanýan ýaly, töweregi hyrydar gözleşip durdular.

Şolarada birdenem kakasyna söýenip duran Çoluk bir tarapa goluny uzadyp, aňyrdan ylgap gelýän adamy tanap, şatlykly gygyryp goýberdi:

— Kaka, ana, Berdi kaka, Berdi kaka...

Aňyrdan indi adamlaryň arasyny böltäp, hamala ellerini kürekledip, ýüzýän ýaly bolup gelýän daýaw, süňkbaşy iri adam göründi. Ol inisiniň tanyş sesini eşidensoň, hasam öňe dyzap, öňündäki adamlary depeläp geçerli göründi. Şol gelşine-de:

— Çoluk, Çoluk jan, inim! — diýip gygyrdy.

— Berdi kaka, hoş galyň! — Çolugyň sesi gozganyp ugran otlynyň gapdaly bilen agy gatyşykly eşidildi.

— Kümüş gelneje, agam... Çoluk jan!..

Onuň bolşy elden çagasyny aldyran, indem ony bir ýol bilen alyp barýanlaryň ellerinden almaga synanyşyp, ha eýleden, ha beýleden çyrpynyp, hüjüme geçýän ahmyrly ene möjege meňzeýärdi.

— Berdi kaka! Biz Marymyza ýene-de gaýdyp geleris...

Çolugyň agy gatyşykly sesi indi barha batlanyp ugran

otlynyň tekerleriniň güňlenç sesiniň arasyndan eşidildi.

Otlynyň gapdaly bilen ylgap gelýän Berdiniň soňky sözüni barha batlanýan otlynyň şakyrdysy eşitdirmedi. Müňlerçe adamyň öz mähriban Watanlaryndan aýaklaryny üzenligi belli boldy. Wagonyň içinde aýallaryň ykbala kaýyllyk bilen aglaýan birsydyrgyn pessaý agysy peýda boldy. Arman bilen ýaşmaklar dişlenildi, ýumruklar düwüldi.

Şolarada hesretini kalbyna sygdyryp bilmeýän adamlaryň biri duýdansyz aýdyma zowlatdy:

**— Maru şahu jahan, eý, asly mekanym.**
**Köp döwranlar sürdüm-ow seniň üstüňde...**

Adamlar bir pursat böwürlerini diňleşip, ünse öwrülişip, soňra ýetişen-ýetişen ýerlerinden bu aýdymy alyp göterjege meňzediler.

Aýdym diýseň ýürekdendi. Bu aýdymy mundan ýüz ýyla golaý ozal Gara şahyryň öz neberesi bilen Marydan çekilip gitmäge mejbur bolanda aýdan bagyr paralaýjy hoşlaşyk aýdymydy. Bu aýdym şondan bärem her gezek onuň halkynyň Mary bilen hoşlaşmaly bolanda, onuň kalbyndan harasat bolup göterilýän beýik aýdymdy. Ol baky şäheriň ölmez-ýitmez gimnine öwrülipdi. Özi-de henizem şol öňküsi ýaly juwan hem kuwwatly ýaňlanýardy.

Ömürbaky başy gowgaly Marynyň depesini bu gün ýene-de töweregiň gijä sanyp ugran garaňkynyň hesretli ümri gaplady...

# ÜÇÜNJI BÖLÜM

1931-nji ýyl Türkmenistanda daýhanlary kulakçylyga çekmekligiň has giň gerim alyp ugran döwri boldy. Marysy, Ahaly, Balkany, Lebaby, Daşogzy goýulman, müňlerçe türkmen maşgalalaryny Sibir, Ukraina, Özbegistan, Gazagystan diýlip, sürgüne atarmak başlanyldy. Ata-eneleri bilen olaryň ters täleýini bölüşmäge mejbur bolan çagalaram yzanda-çuwan bolşup, bile gitdiler. Täze hökümete özleriniň berlenligini görkezmäge çalşyp işleýän OGPU-nyň işgärleriniň bolsa indi işi barha şowlaýardy.

Adamlar kulakçylyga çekilip ugransoň, Söýünaly ýene-de iki topara: kulakçylyga çekilýänlere hemem oňa häzire çenli çekilmediklere bölündi. Ýöne bu bölünişik, habar alyp otursaň, bu günde-ertede başlanan zat däldi-de, baryp bolşewik at debsiläp, gylyç syryp, ýurtda öz häkimligini ornaşdyryp ýörkä dörän ýagdaýdy. Ondan bärem ol kimi atyp-çapyp ýurtdan kowupdy, kime wezipe, hoş söz berip, özüne çekipdi. Ýöne ol henizem, şol gelendäki ýaly, barlyny halamaýardy, gara jynam hemme ýerde ýene-de şolardy.

Sürgünleriň gidenine ýarym aý diýlende Kymyş duzçy: «Heý, oglanlardan bir habar düşäýmedimikän?» diýen tama bilen gawun başyndan oba geldi. Oglanlary giden güni ol hem giçlik ýene-de eşegini münüp, gawun başyna dolanypdy. Ol indi mundan soň özüniň öýe sygmajagyny bilýärdi. Bolup bilen bela bolupdy. Şeýle pursatda derdiňi bölüşmek üçin ýalazy meýdan gowydy. Oňa-muňa güýmenersiň, bir zatlara gözüň düşüp, ünsüň bölüner, onsoň, ana, kimdir biri derdiňe düşünip, ýürekdeşlik bilen göwünlik beren ýaly

bolar.

Şol günden bärem ol obanyň habaryny günde-günaşa ýanyna gelip halyndan habar alyp, gidende-de gawun-noýba bilen bir eşek ýüki ot alyp gidýän agtygy Ogulbikeden eşidip durýardy.

Ol meýdandan bir horjun gawunam özi bilen alyp geldi. Daş-içde oňa-muňa güýmenip ýören agtyklary ony görüp, ýerli-ýerden ylgaşlaşyp onuň öňünden çykdylar, horjunyň bir başyndan, eşegiň boýunbagyndan tutaklaşyp, oňa düşmäge kömek etdiler. Gojanyň göwnüne Allanazar bilen Aganazaram, hemişeki ýaly, häzir bir ýerlerden ylgaşyp çykaýjaklar bolup duýuldy. Kymyş duzçy owşanaklap öýe ýönelip barşyna töweregine seredip: «Mamaňyz hany?» diýip, agtyklaryndan sorady.

Akjagül eşegi daňmak üçin ýataga alyp barýan Ogulbikä basdaşlarça sebäpsiz igendi:

— A gyz, pugtarak daňňyn. Öňki daňşyň ýaly edäýmegin! Boşanyp gider!

— Daňjak däl, ynanmasaň, al, daňaý özüň äkit-de! — diýip, Ogulbike hyrra yzyna öwrülip, elinde hallan atdyryp duran eşegiň boýunýüpüni doganyna tarap zyňyp goýbererli, onuň bilen erjeşerli göründi.

Onýança-da aňyrdan, etegini samana eýlenen tezekden dolduryp, sygyrýatak tarapdan gelýän Jemal mama göründi. Agtyklaryna söýünçli käýindi:

— Jammyldaşyp geçen geçiler, siziň asla dawaňyz gutarmady.

Jemal mama golaýa gelip, etegindäki tezekleri ojagyň gapdalyna döküp durka Kymyş duzçy:

— Oglanlaňdan näme habar, heleý? — diýip sorady.

— Aý, näme habar bolsun, gitdiler küregenleşip... — diýip, Jemal mama gyýlyp, gözüne duýdansyz inen gözýaşyny sylyp, hasratly gepledi.

— Belki, bir ýerden habar düşäýedi-dä?

— Hudaýdan diläb-ä otyrys.

Bu pursatda alaçsyz garrylara dünýä hasam ýowuz bolup göründi.

— Mama, akgam dagy Sibire äkidilen bolsalar-a, olar entek ol ýere ýetenem däldirler — diýip, Ogulbike hem aňyrdan eşidip gelýän gürrüňine goşuldy.

Jemal mama onuň ulularyň gürrüňine goşulanyny halaman çytyldy:

— Şu gyzam diýäýýä bir zat. Ýeri, sen Sibiri nä bilýäň, beýlekini nä?

— Bilýän, baba — diýip, Ogulbike indi haraý gözleýän ýaly babasyna tarap öwrülip, ynamly gepledi:

-- Bize mugallym mekdepde karta diýip bir zat görkezdi. Ol şonda Mary, Aşgabatdan-a bir daş. Hatda Moskwadanam. Hemem ol ýeri gaty sowukmyş. Adamlaram aýyň etini iýýämişler...

— Äý-ý... ebşitläp gep ýakasyny tutup durandan, bar ondan, babaň çaýsyrap gelendir, tüňçäni dolduryp gel-de, goý ojaga! — diýip, indi Jemal mama oňa kejinibräk iş buýurdy.

Kymyş duzçy öýe girip, guşagyny çözüp giňşäp otyrka, birnäçe günden bäri görmedik agtygy Akjagülüň horlanyp, süllerenini gördi. Oňa nebsi agyrdy. «Ene-atasyndan aýrylanyny gaty görendir balam» diýip, gidenlerini hem ýatlap, gojalarça örtendi. Ol çaý içip otyrka Jemal mama oňa Ballynyň Mara baryp gelendigini, ol ýerden oglanlarynyň göterilenligini, özüniň demir ýoluň Marydaky düýbünde bir tanşynyň barlygyny, ýakynda ýene Mara aşjak, bararyn ýanyna, şol sürgünleň nirik gidenligini saýhal edip bilip berer diýenini ýatlady. Ballyly gürrüňiň gapdaly bilen Kymyş duzçy ýene-de bir özüne ynjalyk bermeýän, oba barsam soraýyn diýip gelýän

zadyny ýadyna saldy. Inisi Ahmediňem bir aý-kyrk gün bäri obadan gürüm-jürim bolmagy ony aladalandyrýardy.

— Ahmet henizem gara berenokmy?

— Ýok — diýip, adamsynyň öňüne getirilen çäýnekden özüne hem bir käse çaý guýup oturan Jemal mama höwessiz, gysgajyk, guraksy jogap berdi.

— Şu deýýusam bir zadyň üstünden barmasa-da ýagşydyr.

— Hiç çekinenok-da. Ýene-de bir baýyň munda galan engamyny, malyny Owgana geçirip bermegi boýun alyp, serhetde atyşyp-çapyşyp ýören bolmaly.

— Bäri-bärde-de däldir. Ýogsam ol agalarynyň sürgüne gidýänini eşitse, nirede bolsa-da ýetişip gelerdi.

— Şonuň şol mahal eşidip, gelmänem gowy — diýip, Jemal mama heder edip, ýüregini sözledi. Onuň agalarynyň alnyp barylýanyny görüp, atyşyp-çapyşyp, ýagdaýy öňküdenem bulaşdyraýmagy mümkindi. Şonuň üçinem ol: «Ahmet ýokdy» diýlende, onuň bolmanyna şükür edýärdi. Onsuzam Jemal mama ýüwürjisi Ahmediň gözsüzbatyrlygyny öňem känbir halap barýan adam däldi. Onuň kakabaşlygynyň köp babatda bäşbela alada getirýändigini hem ol görüp ýördi. Köp babatda bolsa oňa «Eýle bol, beýle bol» diýýän Kymyş duzçy bilen soňky wagtlar bolsa onuň uly ogly Orazgeldidi. Başgalary ol aňsat diňläbem durmaýardy.

Jemal mama bir gezek nägile bolup, Ahmet barada pikirini aýdanda Kymyş duzçy:

— Içimizde herhili adamyň bolany gowy, Ahmet ýaly garadangaýtmazyň bolup, ondan biraz çekinäýmeseler, sürnesi gelip duran adamlaram az däl. Içiňde şeýleräk dälibaşrak biriň bolsa welin, kim sürünse, näme boljagyny bilip durandyr, akyly gözündedir — diýip, özüçe düşündiripdi.

Jemal mama adamsy bilen çaýlaşansoň, käsesiniň düýbünde galan çaýy açyk gapydan serpip goýberdi-de, bir zady

ýadyna düşürip, agtyklaryny gygyryp daşardan ýanyna çagyryp, olara ýumuş buýurdy:

— Baryň, şu babaňyzyň ýaňky getiren gawunlaryndan özüňiz iýere birki sanysyny goýuň-da, galanyny Bally akgaňlara, Gully akgaňlara, Sähetdurdy akgaňlara, Ahmet akgaňlara paýlaşdyryp çykyň!—diýdi.

Gyzlar dessine ýumşa atlandylar. Kymyş duzçy öýüne gelip, bilini ýazyp, Jemal mamanyň «jan» çaýyny içip oturyşyna ondan obanyň hal-ýagdaýyny soraşdyrdy. Sürgünler baradaky gürrüňden Kymyş duzçy oglanlarynyň habarlarynyň hem entek bäri-bärde däldigine düşündi. Soň birsalym sesini çykarman, öýüň tüýnügine seredip, bu zatlaryň şeýle bolýanyna hamala özüni günäkärleýäne meňzäp, keýpsiz, egsilip oturdy.

Kymyş duzçy öýünde bolup biraz taplanansoň, ýaňadan ateşegine atlanyp, oba arasynyň ölen-ýiteniniň aýadyna aýlanmaga gitdi.

Eýýäm Gün ýene-de jyzyrap, topragy gyzdyryp, töwerekde tegelenip, äpet öý bolup oturan dünýäni tomsuň yssy howur öýüne öwrüp ugrapdy. Syrgynyň gapdalyndan adam geçirmeýän itlerem häzir yssynyň derdinden töwerekde görünmeýärdiler. Olaryňam bu pursatda özleriniň yssa bolmaýan kellelerini sokara kölege gözläp, hersiniň bir ýerden çykanlygy belli.

Merhumyň ýas düşeginde oturanlaryň ekabyrraklarynyň biri Kymyş duzçynyň hol beýleden ýetip gelýänini görüp:

— Baryň, Kymyş aganyň eşegini tutuň! Düşmäge kömek ediň! — diýip, töwerekdäki ýumuş oglanlaryna ýüzlendi.

Ýas düşeginde oturan adamlar Kymyş duzçynyň ýas-ýaňylykda özüniň janyndan ileri görýän ogullarydyr olaryň maşgalalarynyň süri edilip sürlenip äkidilenleriň biri bolanlygyny, gojanyň ýürek ýarasynyň entek üstüniň-de kesmeklemänligini ýatlaşyp, öz ýanlaryndan oňa sessiz duýgudaşlyk etdiler. Kymyş duzçynyň egne geýen geýimleri hopul-sopulrak bolup, amanat ýaly görünýärdi. Onuň synlary aýagyna çolaşyp duran köneräk garma donunyň ýagyrnysy

Güne ýanyp agarypdyr. Ol bilini ýokarrakdan edip, pagtadan örülen ala guşak bilen aýlap guşapdyr. Ýadaw ýüz biraz ümürläp, kokuşyp dur.

Kymyş duzçy düşekde ornaşyp, merhuma degsin edip howlukman uzak aýat okansoň, onuň bakyýet jaýynyň jennet bolmagyny dileg etdi. Bendäni gowy adam hökmünde, gojalarça tapbilenlik bilen ýatlady. Töweregiň hasratly halyna özüçe göwünlik berip, melhem çaýyp oturdy. Obadaşlykdanam başga irräk döwürlerde bir gezek sanaşyk ýer berlende, onuň ýeri merhuma berlen ýer bilen goňşuçylykda bolupdy. Olar gadyrly goňşuçylykda bolupdylar. Goja ony dawa-şere goşulman, öz gara güzeranynyň ugrunda tigirlenip ýören sadadan gelen zähmetsöýer adam hökmünde tanapdy. Kymyş duzçy ýatlan mahaly töwerekdäki adamlar, hamala, merhumy gojanyň aýdanlaryndan çen tutuşyp, täzeden tanaýjaga meňzeşip, keçe dyrmaşyp oturyşlaryna ünse öwrüldiler. Düşekden beýleräkde, merhumyň suwsuz goljuga aýaklaryny sokuşyp, çaýryň üstünde ýüz-gözlerini sakgal-murta basdyryp oturan iki sany bir-birlerine çalym berşip duran ogullary hem öz ýaraly ýüreklerine melhem bolýan gürrüňleri eşidişip, golaý-golaý süýşüşdiler. Häzirki pursatda kakalaryny ýagşylykda ýatlanlygy üçin öz ýanlaryndan Kymyş duzçudan minnetdar boldular.

Merhumyň ýüregi galkynan ýaly bolan uly ogly bir amady gelende gojanyň başlan mylakatyny özüçe dowam etdirip gepledi:

— Kymyş akga, akgam pahyr sizi örän sylardy. «Nanyny halal iýýän maşgala» diýerdi size. «Daýhançylyk etjek bolsaň, Kymyş agalar ýaly, işiňe halys berlen adamlar bolmaly, bolmasa daýhançylygyň başyna barma, çopan bol, talabançylyk et, syr-rysgalyňy ýeneki bir ýerden gözle!» diýerdi.

Merhumyň ýakynlarynyň Kymyş duzçy gelensoň az

salymmam bolsa agyr oýlardan daşlaşandyklary belli boldy. Töwerek häzir gojanyň gürrüňini diňläp otursyna, goldoly maşgalany sürgüne berip ýeňil bolmadyk derde ulaşan, şeýle-de bolsa gojalyk dertlerine hem per bermän, sürüden galman, onuň öýüniň iş-derdine hem ýarap ýörüşi barada guwançly oýlanýardy.

Kymyş duzçy ýene birsalym merhumyň ýas düşeginde oturansoň, gawun başyna dolanyp barmalydygyny, onsuzam oba gelnensoň ediläýmeli käbir aladalaryň barlygyny ýatlap, turmak bilen boldy.

* * *

Ýagdy şura özüne degişli obanyň daýhançylyk işlerini beýleki obalaryň işleri bilen bäsleşikli alyp barýardy. Hemişe raýon ýolbaşçylaryna özüni öňdengörüji, pylankes diýilýän, başarjaň ýolbaşçy hökmünde görkezmäge çalyşýardy. Göterimräk häsiýetine görä, raýon ýolbaşçylary ýygnaklarda-zatda onuň alyp barýan işlerini özgelere görelde edip taryplaýsa dagy eselip, wagty bilen özüne gelip bilmezdi. Ýöne ol wezipäniň begligini hezil edip sürşi ýaly, işleýärdem. Daýhan işleri bolsa yzly-yzyna käte goşalanybam gelip durdular. Her işiňem öz möwriti, öz talaby bolýardy. Diňe ähli işler öz wagtynda, talabyna laýyklykda sazlaşykly alyp barlanda gowy netije gazanmak mümkindi. Otuz ýyla golaý obanyň zähmet mekdebini geçen Ýagdam muny gowy bilýärdi. Şonuň üçinem ol ertiriň gamyny öňünden iýmäge çalşardy.

Bu ýylam ol güýzüň ahyrlarynda başlanýan gazy işleriniň ugruna beýleki aladalaryň gapdaly bilen tomsuň ortalaryndan çykyp ugrady. Gazy işleriniň esasy tomusdaky taýýarlyk işleri bolsa hemişe ussahanadyr ussalar bilen baglanyşykly bolýardy. Pil saplamalydyr, çekiçläp ýitilemelisi bardyr, gu-

lakdyr gumhanasynyň agyp-dönenräk ýerlerine seredişdirmelidir. Agyr gazynyň hakyndan bolsa: «Är işlemez, gural işlär» diýip bilýän daýhanlaryň pikiriçe, sapy aýaňa gelüwli, ýalaw ýaly pil çykýar.

Ýagdy bu gezegem haçan-da gazy işleriniň ugruna çykmagy ýüregine düwen gününiň ertesi Begendik ussanyň ýanyna geldi. Ondan kolhoz agzasy hökmünde özge işleri bir gyra goýup, esasan, gaza gitjekleriň işi bilen meşgullanmagy dyzanybrak talap etdi. Begendik ussa oňa: «Elimden gelenini onsuzam edip ýörün-ä men, bu ýylam, saglyk bolup dursa, birazam çöle gidip, kömür taýynlap gelip bilsem, menden seniň işleriňe bökdenç bolmaz, oba şura aga!» diýip, ýüzugra oňa öz ýetmezinem ýatladyp goýberdi. Ýagdy ussa bada düşündi we badyhowalyk bilen oňa:

— Kömürli meseläňi özüm çözerin! — diýdi. Diýşi ýaly hem soň ol sözünde tapyldy. Alty-ýedi adamy çöle ýörite kömür taýynlamaga ugratdy. Adamlar telim gün gumda bolup, üýşürip-üýşürip ojar, gandym ýakdylar. Odunlar belli-bir derejede ýananyndan soň, gum sürüp, üstünem ýel düşmez ýaly petikläp ykjam gömdüler. Şeýdilip sähel ýakylyp, ýeriň yzgar gujagyna berlen saýlama odunlar birnäçe gün ol ýerde toprak bilen alşyp, durup soňra körügiň kükregini ýaryp barýan kömre-oda öwrülýärdiler.

Wezipe-gullugyň abyny-tabyny alanlygyndanmy-nämemi soňky döwürde Ýagdy şuranyň at-dabarasy il içinde howalanyp, onuň hökmürowanlygy mese-mälim artypdy. Indi ol Guwandyk baýyň Owgana gidende engam galan gara dyzmanç atyna münüp, towuklar mähellesindäki iki-ýeke basyp, öz ähmiýetini mazamlap gezýän horaza meňzäp gaýşarylyp gezýärdi. Görenler gizlinlik bilen: «Äl, aý beýle adama emel ýetse, şeýle bolýan eken-ow bi, tumşugy al asmanda, munuň ýaly görüm-dereje öň nirede gören zady zaňňaryň, adamyň eli

gelende, asla bolar diýip oýuňa-köýüňe düşmedik zatlaram bolsa bolubir eken, ýogsam Ýagdy kim, bu derejeler-döwranlar nirede?» diýip, onuň kesesinden geňgalma bilen gürrüň ederdiler.

Indi ol nirä barsa, adamlar oňa ör turup törden ýer mürehet ederdiler, töwereginde gowadaklaşyp, oňa ýaraýjak gürrüňleri tapmaga çalşyp, merhemet bildirerdiler. Soňky döwürde bolsa oňa hasam mertebe berýän: «Ýagdy şuranyň arkasynda bäş penjäniň yza barmyş» diýenem bir gürrüňem tapylypdy. Il içinde arkasy bäş penje yzy bolan adamlaryň Taňry tarapyndan ýalkanan adam bolýanlygy hakynda aňyrdan gelýän ynamyň barlygy üçin, bu gürrüňem oňa has mynasybetlik berýärdi.

Dogrusy, onuň arkasyndaky barmak yzyna meňzeş yzlar baradaky bir ysmyk gürrüň-ä öňem bardy. Ilki ony çaga wagtlary suwa düşende-zat edende onuň bile oýnaýan deň -duşlary görüpdiler. Ýöne şol wagt adam eliniň yzlaryna däl-de, bir ýerräkde çugdamlaşybrak duransoň, ol güjügiň suw gyrasynda galýan aýak yzyna has meňzeşdi. Ýöne ol iliň aňyndaky arkasy bäş penje yzly, hiç wagt göreşde ýagyrnysy ýere degmejek pälwan bolup dörejege asla meňzemeýärdi. Göreşe çykylanda deň-duşlarynyň ikiden biri, ony jalkyldadyp ýykardy. Onuň toýlary baglan hakyky pälwan bolup bilmejeg-ä baryp şol günler eýýäm belli bolupdy. Ýagdynyň atly pälwan bolmaly halyna bolup bilmeýänligini onuň garryja mamasy şol günler gelni Bossanyň — Ýagdynyň ejesiniň dümeledürslüginden diýip düşündirýärdi. Hamala Bossan gije ýatyrka düýşünde Hezret Aly gelip: «Seniň ogluňa nazar saljak, aç arkasyny, özüňem kelemäňi gaýtaryp, musulmanlygyňy subut et!» diýende, ol üstüne dag bolup abanyp duran Hezret Alydan gorkupmy-nämemi aňalyp, asla gepläbem bilmändir. Alam, onsoň, onuň bolşuny, dine berlen däldigini görüp, oglanyň ýagyrnysyna elini göwünli-göwünsiz degiripdir. «Wah,

şol wagt onuň ejesi Alynyň diýenini dagy bitiräýen bolsa, bolaýjagam eken welin...» diýip, bu ýagdaýy oglanyň deregine laýyklap oňaryşdyrardy. Haçan-da Ýagdy şura saýlanyp, il içinde özüne pylankes diýdirip ugransoň, bu bir wagt eşidilen ýaly bolup unudylan gürrüň ýene-de täzeden öwrüm alyp orta gelipdi. Indi belli-belli adamlar, öz sözüniň şuranyň gulagyna hem ýetjegine ynanyp, tamakinlik bilen: «Aýtdym-a men arkasyndaky ol Hezret Alyň penjesiniň yzynyň ahyry oňa dereje, döwran berjegine» diýşip, öz ýanlaryndan ertesini görýän parasatly adamlara öwrülýärdiler. «Bäş penjeli» gürrüň şol il içinde wag alyp ýören günleri bir gezek Nurjuma şura bilen onuň jaýynda ikiçäk galanda ondan dostlarça sorady:

— Eý, Gapan, seniň arkaňda «Hezret Alynyň bäş penjesiniň yzy barmyş» diýýäler welin, onsoň, şol dogrumy?

— Özüm-ä göremok, ýöne bir halada bar ýagyrnyň ýüzünde. Sonagül-ä şeý diýýär — diýip, soňam ol belet adam hökmünde aýalyny şaýat tutundy.

— Ol aýdýan bolsa, ondan ýoldaş Hanuma-da habarlydyr — diýip, Nurjuma onuň çyna öwrülip barýan gürrüňine Hanumany hem ýanap, degişme äheň berdi. Kim bilen gürleşýänini ýadyna salyp, muňa Ýagdynyň jany ýandy:

— Eý, Şallak, adam ýaly gürleşilip otyrkaňam bir şallaklap almasaň bolmaýar-ow seniňki?!

Olar hä diýmän alşyp giderli bolşup, bir-birlerine horazsyraşyp seredişdiler.

— Hany, ol penjäni ukuda ýatyrkaň Hezret Aly goýanmyş diýýäler-ä. Onsoň sen Hezret Alynyň özünem gördüňmi, ol düýşüňde saňa başga-da nämeler diýdi? «Arkaýyn bol, her ýerde bolsamam, özüm arkaňy alaryn-zadam» diýdimi?

— Meniň, dogrusy, ony düýşümde görenim-görmänimem ýadyma düşüp baranok, görenem bolsam unudypdyryn. Ýöne oglan döwrüm arkamyň ýaman gijeýänini, diwara, baglara

gotur açan ýaly süýkenýänligim-ä bilýän...

Nurjuma ony diňläp: «Hümf» diýip, oýurganansoň nas atdy-da, oňa maslahat berijilikli ýumşap gepledi:

— Eý, Gapan, görýän welin, jora, bu toslama seniň özünem ynanyp barýanam ýaly. Alsaň saňa şu meselede dostlarça bir maslahat bereýin. Il näme diýse şony diýsin, ýöne özüň hiç ýerde gaýdyp dil ýaraýmagyn bu barada. Arkamda: «Hezreti Alynyň peňjesiniň yzy bar» diýmegiň häzirki döwürde bilýäňmi sen nämedigini? Täze hökümet-ä din bilen, onuň adamlary bilen gyrlyşyp, ýaka tutuşyp ýör, senem onuň keramatyna baýrynsaň... Bilýäňmi, jora, «sen şura ekeniň» diýip, sylab-a goýmazlar, göni ejizleriňi dula bakdyrlar. Täze hökümetimiziň özünden başga keramaty halamaýanyny görüp ýörsüň-ä sen! — diýip, oňa dostlarça, ýürekdeşlik bilen maslahat berdi.

Ýagdynyň ýüzüne sähelçe ünji tolkunynyň çaýýlanyny görensoň bolsa, ýene-de ony öňki ýagdaýyna alyp götermek üçin degşip, gürrüňi oýna sanyp gürledi:

— O-how, Ýagdy, hany, bitini gözletjek keýwany ýaly bol-da, büre köýnegiňi başyňa, ol ýerdäki Hezret Alynyň penjesiniň yzy däl-de, siziň öz piriňiz, doňzuň piri, -- kimdir ol—şonuň penjesiniň yzy bolaýmasyn! — diýip, ýene-de oňa deň-duşlarça ýylgyryp degdi.

Ýöne, Ýagdynyň ýagyrnysynyň ýüzündäki yzlar bilen bagly bolan zat welin düýbünden başgaçady. Ol onuň ejesi Bossanyň ahmallygy bilen baglydy. Ol bir gezek çapady bişirip, ot-da-garagan bolup durka, eline alan ýaýylan hamyryny laýyklap, gazana atma ýerine elinden gaçyryp, ahmal galypdy. Ol ýag gaýnap duran gazana patylap düşen mahaly ýag damjalary syçrap, golaýda oýnap oturan Ýagdynyň arkasyny daglapdy.

Awunan çagajyk şonda jaýlap bir aglamak aglapdy welin, wagty bilen ýerde-gökde diňmändi. Bossan onuň ýanan ýerine göwsüniň süýdüni sagyp, gatyk, ýanan ýag çalyp, herzatlar

edip görse-de, çaga aglap-aglap, halys eňek atyp surnugansoň sesini goýupdy. Çaganyň dynar ýerde dynmaz agysyny eşidip: «Bu çaga näme boldy-la, gelin?» diýip, gaýynenesi gapydan boýnuny uzadan-da bolsa ol: «Agşamdan bäri eňegi diňenok şu çaganyň-a, al kakdymy-nämemi, öýlän işan agalaryna äkidip, okudyp, doga-tumar alaýmasam» diýip, şol wagt gaýynenesininiňem öýde bolmanlygyndan peýdalanyp, öz selkiligini gaçyrdym-basyrdym edipdi.

Ýara bitse-de, gaýnap duran ýagyň yzy ýagyrnyda hemişelik besse-besse tagma bolup galypdy. Ozal topbagrak duranam bolsa Ýagdy ýetişip, uly adam çykansoň, ol tegmiller hem belli bir derejede, onuň süňňüniň ösüşine laýyklykda ýaýraw alyp, bir-birlerinden biraz ara açyşypdylar hemem ýognapdylar. Onuň goltugynyň bäri ýanyndaky altynjy tagma bolsa, indi goltugyň aşagyna tarap çekilip, sähelçe görünýärdi. Şonuň üçinem onuň arkasyndaky tegmiller, diýseň-diýmeseňem, kimdir biriniň penjesiniň yzyna meňzemänem durmaýardy...

Ýagdy şura kömürden üstüni dökün edeli bäri Begendik ussa gollaryny çermäp, indi telim günden bäri gazyçylaryň aladasyny ilerläp işleýärdi. Şura hem ýygy-ýygydan gelip, aýak üstünden bu ýerdäki gazy bilen baglanyşykly işleriň barşyndan habar alyp gidýärdi. Bu gezek Ýagdy Begendik ussanyň ussahanasyna gelende, onuň ýanynda oba adamlarynyňam bäş-altysy bardy. Olar ussanyň ussahanasynyň garşysyndaky güjümiň aşagynda aýratyn bir bölejige öwrülip otyrdylar. Körügiň ody güwläp, yssa öňdenem dünýäniň mundanam yssy bolaýmasynyň barlygyny görkezýärdi. Gara dere süllümbaý ezilen Begendik ussa gapysy giňden açylan ussahanasynyň ortasynda, agzy a darhanyň agzy ýaly ot saçyp duran körügiň gapdalynda kömekçisi—daýanykly ýigit Gurbandurdy bilen ýerli-ýerden «hä-de, hä» bolşup, demir ýenjişip, wagtal-wagtal ony körügiň közüne süsdürip, pil

taplap durdular.

Aky molla-da bu ýerde bolansoň, ol özüniň mylaýym sesi bilen kyýamatdan gürrüňe tutduryp, kölegede oturanlary ýene-de özüne imrindiripdi. Ol «Gurhan» okamaga ussat bolşy ýaly, gürlände hem örän täsirli gürlärdi. Adamlar bir gonsalar, onuň töwereginden asla turaslary gelmezdi. Il içinde onuň siňňitli dilewarlygy barada: «Molla agany diňläp-diňläp, Gyty kel gopar ýerde onuň ýanyndan gopup bilmän, düýşürgän ýaly balagyna goýberen bolsa nätjek» diýenem bir gürrüň bardy.

Häzirem ol Nuh pygamberi, onuň Taňry maslahaty bilen ýalkan janly-jandarlarynyň baryny öz oglanlarydyr gelinleri bilen gämä mündüripdi. Ýagyş bolsa şol ahyrzaman günündäki ýaly bedreden guýulýan ýaly eňterilip dökülip durdy. Gämi bolsa barha depä göterilip ýerden saýlanyp barýar. Nuh atanyňky düşnükli, Taňrynyň üsti bilen onuň ähli zadyň erkini öz göwnüne tabyn etdiresi gelýär. Onuň köp edýän işleri Aky mollanyň diniň üsti bilen ili öz agzyna garatmak pikiri bilen gabat gelýär.

Gämä mündürilip-mündürilmezlik, häzirki döwürdäki kolhoza alyp-almazlyga meňzeýänligi üçin, ol adamlaryň: «Beýle-beýle zatlar öňdenem şeýdip bolup duran eken-ow» diýip oýlanmaklaryna sebäp bolýardy.

Aňyrdan at deprenip, jigidini yzyna tirkäp gelen Ýagdy kölegede oturanlara ulybir ähmiýet bermän, özüne berlen salamy ulumsylyk bilen gomasalanybrak aldy-da, ussahananyň göni öňünde atdan düşdi. Jylawy attutaryň eline berip, işleriň gidişine üns berenden bolup, ussalaryň garşysynda keseribräk nämedir bir zady atymyna getirip, homp diýip syrta çekip bulap uraýjaga meňzäp, gadalyp durdy:

— Ussa, arma-da onsoň!

— Bar bol, kemsit! — diýip, Begendik ussa açyk ýüz bilen ýüzüne torba geýdirilen ýaly görkezýän gyrtyç sakga-

lyny sypalap gepledi.

— Işler nähili?

— Gaza gitjek adamlar birlän-ikilän gelip, pil-oraklaryny oňardyşyb-a gidýärler.

— Ykjam duralyň. Köplere sürgüne gidenler bolmasa, obada ähli işler ýatyp galaýjak ýalydyr. Ýöne görkezeliň işläp, dünýäň direginiň şolar däldigini...

Ýagdy gepi aýlap, sürgünleriň üstünden getiren mahaly Begendik ussanyň derçigen ýüzüniň könelenini görse-de, oňa birbada ähmiýet bermedi. Ussa: «Bu zaňňar Kymyş duzçyny görüp, şoňa kakdyryp aýdýar-ow» diýip pikir edeni üçin, şura ussa tarapyndan öz gepiniň makullanmagyna garaşsa-da, ussa onuň sözüne ylygyp hä bermedi. Gaýta, hamala, bu söz öz agzyndan çykan ýaly, agyr derini sylyp durşuna, güjüme arkasyny berip, mollanyň arka ýanynda biri bilen gürleşip, dünýä ähmiýet bermän oturan Kymyş duzça tarap gözastyndan uýatly seredip goýberdi. Içindenem: «Ýeri, häzir bu ýerde beýle gepi aýtmak nämä gerek, onsuzam ol sürgün bolan bendeleň derdini az gördüňmi?» diýip, Ýagdynyň badyhowalygyny halaman, içinden oňa käýindi. Begendik ussa şägirdi bilen iki bolup taplap duran elindäki täze piliniň suwuny bermek üçin gyzyl ot bolup duran halyna ony alyp pasyrdadyp, suwly gaba çümdürensoň, otdan ujy gyzaryp duran oragy çykardy-da, ony bazyrdadyp, tüsseledip oraksapa basan mahaly, bärden gyzyl ot bolup giren demir onuň beýle tarapdan garalyp, uç berip çykdy.

Ýagdy şura abşarybrak durşuna ussanyň usullylyk, ezberlik bilen edýän işine höwesli seredip:

— Orak kimiňki onsoň? — diýip, ussanyň haýsydyr bir gazyçynyň adyny tutaryna garaşdy. Soragly kölegede oturanlara tarap seredip goýberdi. Ussa, hamala, bu soraga garaşýan ýaly:

— Orag-a, kemsit, öz joram Kymyş aganyňky! — diýdi.

Kymyş duzçynyňam bu ýerde barlygy belli bolan mahaly, ol «ziňk» edip, ininiň düýrügip gidenini duýdy. Gözi bilen ony gözläp, kölegede oturanlara tarap ýalpa seretdi. Ýagdy ýaňy gelende oňly üns bermänligi üçin, ony görmändi. Ine, görse, kölegede ýaňy halamazlyk bilen ýatlan adamlarynyň biriniň janköýeri Kymyş duzçy hiç zady eşitmedik, hiç kimi görmeýän ýaly bolup, ýüzüni sowubrak gürleşip otyr.

Ol ýeňsesinde özünden döwi ýokary gojany görenbada biraz aljyrady. Soňam:

— Salawmaleýkim, Kymyş aga! — diýip, oňa öň aň etmänligini mälim edip, at tutup, salam berdi.

— Saglykmy, kemsit?! — diýip, Kymyş duzçy hem oturan ýerinden, onuň öz hörpünde berlen salamy gysgaça aldy. Öz ýanyndan bolsa munuň ozalky gadyrly salamlaşyk bolmanlygyny ýatlady. Ýaňy-ýaňylara çenlem Ýagdy Kymyş duzçyny gören ýerinde, onuň kakasynyň gowy görüşýän adamsydygyny ýatlap: «Salawmaleýkim, Kymyş akga!» diýip, ýitirip tapan ýaly ýakynsyrap, gadyrly salamlaşmasy bardy. Kymyş duzçy hem: «Saglykmy, Narly gamyşçynyň ogly?» diýip, mertebe goýup, onuň salamyny alardy. Sürgünler gidelibäri olar duşuşmandylar. Ýagdy birýola: «Kymyş aga görünenokla?» diýip gyzyklananda oňa gojanyň «hüw» diýip, öýden çykyp gidenligini, indem gawun başynda bagryny ýere berip, bozlap ýatanyny aýdypdylar. Ol muny eşidip, gojanyň indi bu ýüki göterip bilmän, şol ýerde hasrat çekip ölüp galjagyny pikir edipdi. Şonuň üçinem bu duşuşyk garaşylmadyk, duýdansyz hem öldi diýlen adama duşulandaky ýaly alasarmyk ýagdaý boldy.

Hamala, özüni etmişiniň üstünde tutulan ýaly duýan Ýagdy şundan soň bu ýerde uzak eglenmedi. Ol beýleräkde atlary saklap duran jigidiň ýanyna baryp, onuň elinden öz

atynyň uýanyny kakyp diýen ýaly aldy-da, atlanyp gitmek bilen boluberdi.

Kymyş duzçy daşlaşyp barýan atlylaryň yzyndan seredip oturşyna aşak bakyp, köpmanyly ýylgyrdy, içinden: «Haý, munuň bolup ýörşüneý, walla!» diýip, başyny yrap goýberdi.

Ýöne nämeler diýesi gelenem bolsa, ol soňra dil ýaryp geplemedi. Şonuň üçinem töwerekde oturanlaryň gojanyň kalbyny bilesleri gelse-de, bilmän galdylar. Ýogsam bu pursatda adamlaram, dünýä-de juda ünslüdiler.

Kymyş duzçy Begendik ussanyň ýanyndan gaýdyp gelip, Jemal mamanyň taýynlan noýbalyja unaşyndan içensoň, gijöýlänler ateşegine atlanyp, ýene-de gawun başyna dolandy.

* * *

Otly almaly ýerinden gerek zadyny gola salyp, indem yzyndan el-hal diýşip ýetip gelýän kowgulardan gaçyp barýana meňzäp, howlukmaç ýöreýärdi. Tigirleriň üstündäki wagonlar çaýkanyşyp, bulanyşyp bir oňa gidýärdiler, bir muňa. Ahyram ol şol çaýkanyp barşyna wagonlaryň hersini bir ýerde ýanyn atyp urarly görünýärdi. Şeýle-de onuň ýol tutuşyndan bäribärlerde barmaly ýerine ýetmejegi hem belli bolupdy.

Adamlar wagonlaryň içinde aşaklaryna ýanlary bilen alan keçelerinden düşenişip, garyndaş, obadaşraklar birugurrak bolşup, ortada hem ot ýakylaýjak ýaly ötüp-geçäýere ýaly biraz böwşeňlik ýer goýup, wagonyň syra eteginde halkalaýyn ýerleşipdiler. Wagonyň içi girilip ugralan mahaly giňiş ýaly bolup görnen hem bolsa, oňa birnäçe maşgala goş-golamy, bala-çagasy bilen gapgarylansoň, ol darlyk etdi. Wagonyň süňňüne gowy ornaşan bolmaly, onuň içinde ýiti at siýdiginiň ysy henizem bardy. Bu günler otlular gidenlerinde Türkmenistandan pagta-bugdaý, nebit, mal, sürgüne buýrulanlary alyp gidýän bolsalar, beýleden tapgyr-tapgyr ok-ýarag, atly

harby bölümleri getirýärdiler. Şeýle-de bolsa ol ýiti ys indi çagalaryň arlyk-kirlikleriniň, adamlaryň ajy der yslary göterilip ugransoň birneme kiparlapdy. Wagonyň içi welin, göýä barha onuň göwrümi daralýan ýaly, kapasaýardy.

Orazgeldi dagy Gully eminiň nebereleridir özleri bilen bir wagona gondurylan iki-üç sany tagtabazarlylar bolşup bir gapdalrakda, hatara ýerleşipdiler. Aýaldyr çagalary ortarak alşyp, olaryň töwereginde ýaý berşip otyrdylar. Gapynyň öňünde hem biraz boşlaň ýer bardy, ol ýere häli-şindi, çilimsiräp ölüp barýanlar gelip, içigişip-içigişip, çilim sorup oturýardylar. Gözler hesretden dolam bolsa, indi aýallar aglamaýardylar. Ýüreklere kaýyllyk aralaşypdy, Hudaýa berlip, başa düşeni çekip, durmuşa, ýagdaýa görä duraýmadan başga alaç galmandy. Onsoňam, näme, aglamagyň ýerimi bi!?

Agyňam içigip-içigip gaýgy-hesret duýulýan, kalba ýetýän ýerinde aglasaň, ine, şoňa ölä leňňer beren, dirä lerzan beren agy diýilýär. Onsoňam häzir seniň gözýaşyňy, hesretiňi özüni täze hökümetiň sütemini görüp ýören adamlaryň juda göresi gelen mahalynda aňryujy ýagdaý bolsa aglamaly däl. «It öz arryklygyny gurda bildirmez» diýip, akyl etmänmi nä köneler?!

Sürgünler atarylan gününiň ertesi Marynyň OGPU-sy özünden ýokardaky Respublikanyň OGPU-syna şeýle mazmunly telegraf habaryny atardy: «Düýn respublikanyň dürli ýerler-inden (Tagtabazardan, Ýolötenden, Marydan, Türkmengaladan, Tejenden, Sarahsdan, Gökdepeden, Bäherdenden, Sakarçägeden, Baýramalydan) Mara getirilen sürgüne höküm edilenler, jemi 160 maşgala sürgüne ýollanyldy. Göterim wagtynda kulak maşgalalary hiç hili garşylyk görkezmediler.»

*Mary oblast OGPU başlygy*
*Wadim Gaýharow.*
*Mary. 1932-nji ýyl.*

* * *

Gitdikçe «Ýol azaby—gör azaby» diýleni bolup, adam tebigaty bilen bagly ençeme meseleler hem şundan soň ýüze çykyp ugrady. Adamlar şol baryşlaryna: «Indä-hä bir ýerlerde säginäýse, milletiň ýazylmagyna-beýlekisine mümkinçilik bolaýsa gerek» diýşip tama etseler-de, sürgünleri alyp barýanlaryň ynsanyň bu jähtlerini, zerurlygyny göz öňünde tutmanlygy aýan boldy. Otly soňam durar ýerde durmady. Ilki bu zerurlygy çagalar bilen ýaşuly adamlar duýup ugradylar. Saklawyň derdinden indi ýaşuly adamlaryň has-da ynjalygy gaçyp, gözleriň aşagynda nemli haltajyklar emele gelip ugrapdy.

Adamlar häzir bu arzlaryny kime aýtjaklaryny bilenokdylar. Olary getirip gapgaryp, wagonyň gapysyny daşyndan ýapanlar bolsa, gör, häzir otlynyň niresindediler?

Erkek adamlar eginlerini gysyşyp, nätjeklerini bilmän, hersi öz goňşuraklary bilen ikibir-üçbir bolşup, maslahata bir-birleriniň ýanyna üýşüşip ugradylar.

— O-how, biýä aljak adamy!

— Otly duraýmazmykan?

— «Dokuň açdan habary ýok» diýleni, äkidip barýanlar biziň hem adamdygymyzy ýatlaryndan çykaraýdylarmyka?

— Bize mal çekýän gaty magunlaryna salansoňlar, maldyr öýdýändirler. Siýdigini, lapbajyny şolar ýaly duran ýerine atdyraýjakdyr bular.

— Maldan gowam görülýändirin öýtmegin, halypa!

Adamlaryň hüňürdisi barha ýangynly eşidildi. Bu ýagdaý birnäçeleriň bolsa jynyny atlandyrýardy. Uzyn boýly, boldumly Tätän atly degenek içki harasadyna bäs gelip bilmän durşuna: «Şularyň özlerini bir biziň günümizi çekdirsediň» diýip, ahmyrly hyrçyny dişledi. Adamlar ony ilkinji gezek Maryda Ahaldan toplum adam getirilende, şolaryň arasynda görüpdiler. Dogumly adamdygy duýulýardy.

— Gardaşlar, meniň aýdanymy etseňiz, öz alajymyzy özümiz görsek ýagşy! — diýip, buruljyrap wagonyň diwaryna ýaplanyp ynjalyksyz oturan gürzelek sakgally Seýitmyrat aga bir aýgyt diýmekçi bolýandygyny mälim etdi. Bu öz ogludyr inisiniň ogly bilen sürgüne barýan gojady.

— Näme etsem diýýäň? — diýip, onuň garşysynda oturan Orazmämmet ahun sakgalyny sypalap, onuň dillenerine gyssandy.

— Häzir bir palta bolaýsady, ýa bir saldamly daşam bolsa...

Palta sözüni eşidende hamala öz ýany bilen dolap alan paltasy hakda gürrüň gidýän ýaly beýleräkde gürrüňe goşulman, tutuk oturan Çary ussa aladaly gozganjyrady. Içinden: «Paltany näme etjekkän bu ýaşulular? Otlynyň gapysyny paltalap...» diýip alasarmyk oýlandy. Soňundanam:

— Ýeri, palta-da tapan ekeniňiz-dä, ony nädersiňiz onsoň? — diýip, ol oturan ýerinden sorady.

— Ber, paltaň bolsa, ýagşy ýigit, näme etjegimizi onsoň özümiz bileris!

Adamlaryň hemmesi ýalta Çary ussanyň oturan ýerine tarap tama bilen seredişdiler.

Heniz duşuşanlary bäri bir-birleri bilen oňly tanyşmaga ýetişmedik adamlar paltasynyň barlygyndan habarsyz boluşlary ýaly, onuň Çary ussalygyndanam habarsyzdylar. Ol: «Nirede bolsagam, işleniljek bolsa, geregi deger» diýip, öz gerek bolaýjak gurallarynyň birnäçesini hem dolap, ýanyna alypdy. Çary ussa adamlar bilen maslahat urup, paltanyň näme üçin gerekligini özi üçin anyklap, maslahaty göwnüne jaýlansoň, ýeňsesine öz maşgalasynyň oturan ýerine tarap sähelçe öwrülip, ol ýerde saçy ketgen ýaly pezzerip duran alty-ýedi ýaşly gyzjagyzyň gapdalynda adamlara seredip duran sekiz-dokuz ýaşly daýanykly oglana ýüzlendi:

— Jepbar!

— Hä?

— Ejeňe: «Paltany alyp ber!» diý!

— Byçgynammy, kaka?

— Gerek bolsa, özüm aýdaryn... Aý, bolmasa, onam alaý!

Gurallar ele alnansoň, adamlar wagonyň bir burçundakylary biraz ýeňseräk süýşürişdirip, hä diýmänem şol ýerden bir bölek tagtany goparyp aýryp, özlerine hajathana ýasandylar. Onuň gapysyna hem biriniň köneräk keçesini keseligine bir etegini göterip girip-çykaýmaga amatly edip berkitdiler. Adamlar şundan soň agyr ýük eginlerinden düşen ýaly ýeňillik bilen dem aldylar. Otlynyň içi giňelene meňzedi.

Bagtly bolmak üçin adama şeýlebir köp zadam gerek däl ekeni, onuň üçin bagtyňy ýitirip, soň onuň haýsydyr bir bölegini tapmagyň özem kiçi-girim bagt däl eken.

Bu garma-gürmelikde özüňi tanadaýmak aňsadam däldir welin, ýöne bu gezek munuň üçin bir palta ýetik boldy. Paltanyň peýda bolmagy bilen adamlar gark bolup barýarka golundan çekilene meňzäp, diňebir jaýtymurt Çary ussa däl, onuň aýaly Enejana, ogly Jepbardyr ketgen saçly gyzy Jerene hem indi başgaça seretdiler.

Çary ussa — Çary Täşli öz ussaçylyk hünäri bilen Tejen, Mary töwereginde tanalýan tanymal ussady.

Bolşewik gelmezinden öň bu öwreleriň «men» diýen baýlary ogul öýerjek mahaly ýaş çatynjalar üçin gurnaljak öýi Çary ussa dikmese, göwünlerine jaý etmezdiler. Çary ussa özüniň ýanyndaky dört-bäş şägirdi bilen şeýle öýleri bir hepde-on günde bezäp-besläp şol ýerde gondurar ekeni.

Ol eli hünärli, barly adam bolansoň, bu wagta çenli eýýäm dört gezek yzly-yzyna öýlenmäge ýetişipdi.

... Ýigriminji ýyllaryň ortalaryna onuň Nurjemal han atly, özüne göwni ýetip ýören atly-ýaragly gezýän aýal bilen

arasyna jetlik düşüpdir. Bir gezek Çary ussa ýakynda Tejende öý guranda berlen uçganaklap duran ata atlanyp Mary bazaryna baranda, ol aňyrdan toplum atlynyň öňüni çekip gelýän Nurjemal han bilen gabatlaşypdyr. Nurjemal hanyň ýigidiň atyna göwni ýetipdir hem onuň bahasyny birneme düşürip, satyn almak isläpdir. Ol öz ýanyndan: «Gezip ýören salpyaýak ussa munuň ýaly at nämä gerek?!» diýip pikir edipdir. Çary ussanyň öňünde atyny keserdipdir-de:

— Ussa, munyň atmy ýa baýtal? — diýip, oýnaklap sorapdyr.

— Atdyr bu, Nurjemal han! — diýip, onuň öz töweregine tor aýlamakçy bolýanyny aňan Çary ussa hem oňa, dyzmanç atyň jylawyny ebşitläp çekip tutup oturşyna jogap beripdir.

— Şeýlemi asyl? — diýip, Nurjemal han ýene saljaýyp gepläpdir.

— Şeýleligine söz ýokdur. Barlap gör ynanmasaň! Onsuzam ol seni górende horguryberendir. Baýtal görse, durup bilmez-ä bi...

Nurjemal hanyň ýanyndaky atlylaryň birisi onuň garadangaýtmaz batyr ogly Atady. Ussanyň gedem jogaby, ejesiniň bolsa baýtala deňelmegi onuň diýseň gaharyny getiripdir. Ol elindäki dürre gamçysyny salypdyr şarpyldadyp ussanyň depesinden. Şundan soň beýleki atlylar hem ýerli-ýerden Çary ussany üm edilen ýaly gamça gerňäp, bazar märekesiniň öňünde: «Bize garşy duran adam hakyny alar, ussanyň gününe düşer» diýen manyda görene göz edip, hezil edip ýenjip, süýndürip gidipdirler.

Ussa bir hepde-on gün galman, gündizler daşara çykman, ýarasyny ýalap bitirýän möjek ýaly, öýüniň töründe guýlunyp ýatypdyr. Iliň gözüniň alnynda itmasgarasy bolup ýenjilenine namys edipdir. On gün diýlende, ol ýagşy garaňkyny düşürip, iki sany şägirdi bilen ýaraglanyp, Nurjemal hanyň gum etegindäki galasyna gelipdir. Bärden gygyryp, özüniň

haklaşmaga gelenini mälim edip: «Ölüşmejek bolsaň, çykar ogluňy orta!» diýip talap edip durupdyr.

Özüne göwni ýetýän adam, onda-da Nurjemal han, ol-a ogly eken, itini saňa ýençdirmäge berýämi?

Taraplar daňdana çen atyşypdyrlar. Atyşyk mahalynda Ata agyr ýaralanypdyr. Şonda Çary ussanyň özem, onuň bir şägirdem gyltyzrak ýara alypdyr. Çary ussa soň Nurjemal hanyň öz üstüne geljegini pikir edip, ahmal galmazlyk üçin, telim bir wagta çenli ýatanda hem ýaragyny elýeterinden uzaklaşdyrmandyr. Ol diňe bir ýyldan soň Nurjemal hanyň bolşewigiň atlylary bilen çaknyşykda öldürilendigini, onuň ogly Atanyň hem tussag edilendigini eşidensoň, birneme arkaýynlanypdy. Görüň, soňam bu durmuşyň edýän oýnuny? Munda kellä gelmejek, asla beýle bolup bilmejek ýaly bolup görnen zatlaram bolasy gelse boluberer eken...

Çary ussa bir gezek Nurjemal hanyň gyzy Sülgün hanyň[1] dul galanyny eşidip, ony öz şägirtleriniň birine alyp bermekçi bolýar. Ine, bir günem sähedini öňüne alyp: «Niredesiň Goňur obasy?» diýip, mele ýorga atlanyp, depýär onuň öýüne. Sülgün han Çary ussany ozaldan tanaýar. Haçan-da ol özüniň gelmeginiň sebäbini aýdanda, Sülgün han bu bolýan zatlara haýran galýan ýaly oýurganyp, gülümsiräp oturýar. Çary ussa soňra ýene birbada dykyn alan gürrüňe ýol arçamakçy bolýar:

— Sülgün gelin, oýa batdyňla?

— Oýa batyrdyň-da, ussa — diýip, soňam: «Meni bir gör-ä! — diýýän manyda göwüslerini, görk-görmek mynasybetini göz edip güjeňläp, zenanlarça owsunýar. Soňundanam ol jogabyna ýene birsalym garaşdyransoň, syrly nazar bilen seredip, Çary ussanyň özüne ýüzlenýär. — Çary, heý, seniň şägirtleriňden maňa är bolup biljegi tapylarmyka?

---

[1] *Sülgün hanyň dogumly zenan maşgala bolanlygyny ýazyjy H. Derýaýew hem öz «Ykbal» romanynda ýatlaýar.*

— Ýekelik Hudaýa ýagşy, Sülgün, onsoňam bu höwes-joşgun ganyňda at salýan mahalynda...

— Sen meniň soragyma jogap bermediň, ussa. «Hawa!» diýip jogap berenem bolsaň, ol ýalňyş bolardy. Özüň ýaly bir garadangaýtmaz goç ýigit bolaýmasa, herýeteniň maňa ärlik etmäge bogny ysmaz... Sülgün hanyň özüne höwes edenini gören Çary ussa şundan soň oňa: «Heýlemi? Üç bolmasa, dört ekeni-dä, mün atyň syrtyna!» diýipdir.[1]

Sülgün han bulaşyk döwürde ejesi Nurjemal han, agasy Ata ýowuz ýaly ata çykyp, herýeteniň minnetini çekmek islemedik arslan ýürekli adamlaryň biri bolupdyr. Ol üstüne sürnen bolşewiklere: «Yrsaramaň, siziň garaňyzdan gaýpyn-

*[1] Birnäçe ýyldan soň Çary ussanyň garyndaşlarynyň aýallary bir amady gelende Sülgün handan sorapdyrlar:*

*— Enesi, siz hi, üç heleýiň üstüne dördünji bolup nädip geldiňiz?*

*Olar muny «şeýle at-abraýyňyz, görk-görmegiňiz» bilen diýen manyda aýdypdyrlar. Şonda Sülgün han olara:*

*— Siz, gelinler, egni gyrmyzy donly, gara ädikli, magalla balakly, egnine temmäki ysly haly horjuny atyp, mele ýorgadanam düşüp gelýän Çary ussany görüpmidiňiz!*

*— Görmedik.*

*— Görmedigiňiz gowy bolupdyr, ýogsam sizem öz ärleriňize barman, ussa heleý bolardyňyz. Heleý bolubam, aňsat öňünde durup bolýan erkek däldi ol — diýipdir.*

*...Wagt geler Çary ussa hem bagty getirip şu sürgüne barýanlaryň Watana dolanyp gelmek miýesser eden az sanly adamlaryň biri bolar.*

*Ussanyň sürgünden geleni eşidilensoň, Tejen obalarynyň birinde ony tanaýan adamlaryň arasynda ol barada şeýle gürrüň bolar:*

*— Adamlar, Çary ussa sürgünden gelenmiş.*

*— Aý, gelende-de ol indi öňki gören Çary ussaň däldir. Hökümet onuň ýagşy gylawyny gaýtarandyr, öňki, her basan ýerinden dänjiräp, bir heleý alyp ýören ussaň indi döwüm çöregini tapsa kaýyl bolandyr.*

*Şonda özgeler ynansa-da, oturanlaryň biri Çary ussanyň sandan galyp, döwüm çörege mätäç boljagyna ynanmandyr. Ol:*

*— Adamlar, onuň özüni göreniňiz barmy?*

*— Bar.*

*— Gören bolsaň, onuň elleri barmydy?*

*— Bardy.*

*— Bar bolsa, onda, garaşyber, ol senden-menden ýene-de gurgun ýaşar — diýipdir.*

*Şol adamyň diýşi ýaly hem bolupdyr. Çary ussa özüne berlen mellek ýerine iller ýaly iýr--iýmiş ekmän, suwaryp tal ekipdir. Ine, bir ýyldanam ol taýyn pil sapy, onuň eýlesinden-beýlesinden galanam oraga beýlekä sap bolup dur. Telim ýyllap gömlen rysgal damjasy ýene-de ýol tapyp, Çary ussanyň üstüne damyp ugrapdyr.*

ýan ýok, isleseňiz, saýlaň haýsy goly saýlasaňyz, ýaka tutuşmaga men taýyn, onsuzam henize çenli biziň neberämizde tüýnüge seredip ölenimiz ýok!» diýer ekeni. «Men — bolşewik, men — komsomol!» diýip gaty gidýänleň çola ýerde öňünden çykyp, onuň kükrege tüpeň diräýmesem bar ekeni.

Dört aýaly bolsa-da, Çary ussa sürgüne aýallarynyň arasyndan Enejan atly başdaş aýalyny ýoldaş edinipdi.

...Otlynyň bolsa türkmen topragyndan barha daşlaşyp, şol gidip barşydy. Bir menzile ýetensoň, onuň aňyrsyndan ýene bir menzil başlanýardy. Ýurtda köp zadyň süňňüne sarsgyn beren ýene bir apy-tupan çaýkanýar. Millet bolsa onuň däli tolkunlarynyň girisine düşen, öňüne salyp, hellewledip akdyryp, islän ýerine atyp-goýup ýören zyňyndy zadyna öwrülipdi. Indem gark bolup giden haýsy, entek bir ýollar bilen agramyny saklap, ýüzüp ýören haýsy? Gark bolup barýanyň aladasy ýeke bolýar, her zat etmeli—halas bolmaly. Durmuş dolap bir aýagynyň astyna alansoň, soňra aňsat sypdyraýýarmy ol seniň ýakaňy? Ýöne, nädip gark bolman, suwuň ýüzünde saklanmaly?

Häzir sürgüne barýanlary esasy köseýänem şu jogaby näbelli bolan sowaldy. Kalbyna mähnet daş goýlan adamlar üçbir-dörtbir bolşup, başlaryny sallaşyp, goşlarynyň gapdalynda bir-birleri bilen gysga-gysga gep alşyp, ümürleşip otyrdylar. Olar gözi girýan-bagry biryan halda öz dogduk depelerini, öwrenişip höwrügen erkin durmuşlaryny küýseýärdiler. Şonuň üçinem bu küýseg näçe güýçli boldugyça-da, ol şonça-da adamlaryň bu ýagdaýa uýgunlaşmagyny kynlaşdyrýardy.

Aýallaram indi dady-perýat etmeýärdiler, ykbala kaýyl bolana meňzeýärdiler. Aglasalaram sessiz aglap, gözýaşlaryny elleri bilen, bürenjekleriniň çeti bilen sylýardylar. Ýagdaýyň weji ýokdy, ýöne onuň deregine başlary dikdi, çagalary ýanlaryndady. Birki günden bäri gün içinde bir wagtyna otlyny durzup, adamlary naharlap, belli mukdarda çöregem berlip ugralypdy. Bu bolsa durmuş ilki pikir edilişi ýaly, barha zabunlaşman,

biraz ýumşaşýana-da meňzäpdi. Ýöne hasrata, zenandyr çaga gözýaşlaryna gark bolup barýan alagaraňky wagonyň içinde welin entek hiç zadam üýtgemändi. Durmuş bu ýerde özüniň ejiri, ajy ys-koky bilen şeýdip, hemişelik doňup galana meňzeýärdi.

* * *

Aýak ýygnanyp, ýatar wagty bolupdy. Dünýä indi rahatlyk bilen dem alýardy. Bag başlaryny yralap, ýuwaşja sergin şemal öwüsýärdi. Asmany balkyldaşyp, bir-birlerinden owadan ýyldyzlar eýeläp, olar häzir ümä gelen gyz-gelinler ýaly şadyýan hem tomaşahon görünýärdiler. Aýyň ýüzi nuranady hem ol häzir şu gyzlara baş bolup, dünýäniň seýil-serginligine çykan ekabyr, görmekli gaýtarma gelne meňzäp, has hem imrindiriji görünýärdi. Aňyrdan Garabil baýyrlarynyň üsti bilen atyny gorgunyna sürüp gelýän Ahmet Bäşdeşik kertiň depesine ýetensoň, bir salymam bolsa, töweregiň habaryny almak üçin, ol ýerde atynyň başyny çekdi. Şonda ol bir aý gowrak wagtlap gözünden uçan obasynyň gijäniň çal-çul sapajyklaryna çolaşyp ukuda ýatanlygyny gördi. «Biziňkiler sag-aman otyrmykan?» diýip, ýüzugra öýüni, çagalaryny, Kymyş duzçyny ýene-de birnäçe öz bäşbelalaryny ýatlady.

Ahmet ýöne ýere ýitmändi. Ol talapda bolupdy. Baýraçly Söýli baý oňa hezzet-hormatyny hem ýetirjegini degerli adamlaryň üsti bilen aýdyp, bir sebäp bilen özi gidende ýurtda galan kiçi aýalyny ondan öz ýanyna — Pyrara aşyryp bermegini sorapdy. Ahmediň, nä, bu etmän ýören pişesimi, üstesine lomaýja gazanybam bolýan bolsa?! Ol haýal etmän Baýraja gidip, baýyň aýaly bilen ýoluny tapyp

habarlaşypdy. Şol günüň ertesem bir horjun kümüş puly atyna bökderip, aýalam syrtyna alyp: «Nirdesiň, Pyrary?» diýip göterilip gidipdi. Ýöne, serhet golaýam bolsa, ondan bu gezek azapsyz, ýeňillik bilen aşmak mümkin bolmandy. Orsuň serhedi barha berkidýänligi hakyndaky gürrüňler dogry bolup çykypdy. Hemişeki geçýän ýerinden geçmekçi bolanda, bu gezek ol tasdanam ýoly saklap ýatan serhetçiler toparyna duşup, okdan uçupdy. Ýöne, öňde bir howpuň barlygyny aňyp gulaklaryny keýerjekledip, hüşgärlik bilen horguran at, şondan soň öňe ätmändi. Onýança-da gamyşdyr toraňňylaryň arasy şatyrdap, nämedir bir zadyň ol ýerde alabasga düşen ýaly bolany belli bolupdy. Ahmede at başyny ýeňsä alyp, gyssagly gaçmadan başga alaç galmandy. Esgerleriň görmän, çen-çak bilen atan oklary «şuw-şuw» edip, onuň depesinden, gapdalyndan geçipdi.

Ahmet yza—buky ýere çekilip, bir gün amat arap, serhediň ýagdaýyny öwrenip oturansoň, şol günüň ertesi säher-säherler ukynyň süýji mahaly atyny ýene-de täzeden şol töwerekden derýa salypdy. Kimiň geçenini bilmeseler-de, esgerlerem kimdir biriniň özlerini ahmala goýanyny aňypdylar, hyrçlaryny dişleşip, ahmyr bilen onuň ýoluny saklap, yza geçerine garaşypdylar. Ahmedem muny aňypdy we bir hepde-on gün baýyň hezzetinde bolansoň, terse—demirgazyk-gündogara ýöräp, şondanam serhediň baýyrlykdaky hiç tarapa-da heniz oňly belli bolmadyk ýerden, araçäkden aňsatlyk bilen geçipdi.

Agalary Orazgeldidir Orazgylyjyň sürgün edilenini hem ol şol ýerdäki çopanlardan eşidip gyýlyp-gynanypdy. «Bäşbelanyň şahyna taýak salyndy diýsene?» diýip, gazaba berlip düwlüpdi. Aňyrdan gelşine Ahmediň ilki pikiri

çopan-çoluklaryň arasynda talapda bolandan bolup, syr bermänem, ýene-de ile goşulmakçydy. Ýöne Kymyş duzçynyň başyndan inen duýdansyz ahyrzaman indi çatyk jan hökmünde onuň pikirini üýtgedipdi. Onuň: «Şonsuz çöp başy gymyldamaz» diýip pikir edýänligi üçin, Ýagdy şura heniz öýe barmanka, obada ýok adam hasabynda mahaly eden işini soňra özünden görülmez ýaly, onuň bilen hasaplaşmak pikirem indi häli-şindi onuň aňyny pişik bolup dyrmalap, ýarasynyň kesmegini goparýardy...

Hanuma ýerini salyp, ýatmak üçin ýaňy başbogusyny aýryp, çyrany öçürip, düşegine geçipdi. Gapynyň öňünden kimdir biriniň aýak sesi eşidilen ýaly duýuldy.

Bu gün şura jaýynda ýolbaşçy işgärleriň obada işleriň barşy barada her günki işden soňky ýygnagam o sebäp-bu sebäp bilen adatdakysyndan has uzaga çekipdi. Ýagdy bilen Nurjuma ýygnagyň soňuragynda, bir brigadadan beýleki brigada geçirilmeli sürüm öküzleriniň üstünde ýene-de çagalykdaky ýaly, hersi özüni-özüçe mamla hasap edişip sensireşipdiler...

Hanuma başyny ýassykdan göterdi, demini saklap, töweregine has ünsli diňşirgendi. Aslynda hiç kimem ol ýerde ýok bolsa gerek, belki-de, gulagyna eşidilendir ýa-da Ýagdy höwesine berlip, orta ýoldan küýsäp gaýdyberdimikä? Hanuma munuň hemişe öz öýüniň töwereginde ony hamala özgelerden gabanýana meňzäp gezýän, nätanyş adamlary görende düýrügip hyrsyzlanýan Ýolbars, itiň aýaklarynyň çybşyldysy bolmagynyň ahmaldygy hakda hem oýlandy. Ýöne olam goňşulykdaky saraýsakmanyň ýanyna gitmedik bolsa. Soňky döwürde ol saraýsakman bilen has ysnyşyp, onuň bilen dostlaşyp ýördi. Hanuma her gezek öňüne ony-muny atmakçy bolanda hem ony şol ýerden çagyryp alýardy. Onsoňam diýseň-diýmeseňem bu it-guş çybşyldysy dälde, adam aýaklarynyň sesine has meňzeşdi.

Hanuma ýalňyşmandy. Bu Ahmetdi, ol özüniň öýüne

hem daraman, atyny bukurak ýerde baglap, obanyň habaryny alyp, Hanuma bilen didarlaşma höwesi bilen tanyş öýleriň töweregінden oýtarlap geçip gelipdi. Ahmet töweregine garanjaklap, öňündäki pesräk gapyny duýşukly sähelçe iteklän mahaly, Ýagdy şuranyň öýünden dolanyp, yzyna gelenligini pikir eden Hanuma içerden:

— Kim bar? — diýip, umytly saljaýýbrak dillendi.

— Hüm-m, men...

Hanuma bu ýogyn basyksy sesi birbada tanamady. Emma bu Ýagd-a däl, eger ol bolan bolsa, «Kim?» diýlip, soralanda:

— Gapyny bir aç, onsoň görersiň — diýip, öz göterimräk häsiýetine görä epeýsiräp gürlärdi. Onýança ses ikilenç gaýtalandy:

— Hanuma, bu men -- Ahmet!

Hanuma indi sesi tanasa-da, Ahmediň gijäniň goýry bir mahaly, onsoňam Ýagdynyňam bu öýde seýrek bolmaýanlygyndanam habarly bolubam nädip çekinmän gelip biljegine ynanyp bilmän, göz açyp-ýumasy salym aňynda köwsar berdi. Ol sesiň kimiňkiligine anyk göz ýetirensoň, gökdäki dilegініň ýerde gowşanlygyna tolgunan gelin bir «Hih!» diýdi-de, dessine syçrap ýerinden turdy. Ynsan aňyna bir habar ýetensoň, ol hem ony bedeniň ähli ýerine ugradýan borly. Gelin ol tanyş sesi eşidip, süňňüniň hem goramgowşak bolup gidenini duýdy. Soňra bolsa ol duýgy damar yzarlap, aýlanyp, gelniň höwesli kalbyny tamaly owsundyrandygy belli boldy. Ol gapyny açyp:

— Sen nireden çykaýdyň-la, oglan? — diýende onuň sesi balda mongalan ýaly tagamly hem höwesli eşidildi.

Hanuma höwes etse-de Ahmede garaşmandy, onda-da munuň ýaly dara-direde. Ýogsam, Ahmet onuň ýadyndady. Aýallar göwnüne ýeten ýigitleri soň-soňlaram unutmaýarlar. Şol pursady bolsa olar öz ömürleriniň iň gowy pasly hökmünde görýärler. Hanuma hem şol duşuşykdan soň Ahmedi göz öňüne getirip: «Meniň gara goçum soňky döwürler göze ilenok,

sag-aman gezip ýörenmikä?» diýip oýlanýardy.

Hatda ýakynda bir gezek oba gelen OGPU-nyň işgäri bilen onuň arasynda Ahmet bilen bagly gysgaça gürrüňçilik hem bolupdy. Ol işgär bir atlynyň Baýraçdan baý aýaly altyn-kümşi bilen atyna artlaşdyryp, esgerlere al salyp, serhetden alyp geçenligini ýatlap, soňundanam öz şübhesine düşen adam hökmünde: «Ahmet zabun görünýämi obada şu günler?» diýip onuň bilen gyzyklanypdy. Nämäniň-nämeligine dessine göz ýetiren düşbi gelin şonda Ahmedi golaýda görmedigem bolsa:

— Iki-üç günlükde, ol Gara çopan bilen çöle barýan ýalydy-la — diýip, meseläň aňry tarapynda Ahmet bolansoň, alasarmyk, aladaly gürläpdi.

Hanuma hyrs ýaly bolup aňyrdan gelen Ahmet bilen boý deňeşdiren mahaly, ýaş gyz ýaly gözüne ýaş aýlap, birden joşgunly tolgundy. Şu pursatdanam ol Ahmediň özge ýerden däl-de öz kalbynyň telwas ummanyndan çykanlygyna ynandy. Ahmet gele-gelmäne gelni höwesli gujaklady. Hanuma höwes-hyýala berlip durşuna alkymynda üstüne abanyp duran Ahmediň bir goluny aldy-da, ony iki eli bilen ýüreginiň höwesli gürsüldesini eşitdirmek isleýän ýaly kükregine gysdy. Ahmedem ýakymly zenan müşgi bolup bugaryp duran gelni höwesli gujaklap, döşüne gysdy. Howlugyşyp, hasylaşyp gysgaça hal-ahwal soraşdylar.

Ýagdy öňler Hanumanyň öýüne häli-şindi at tezegini guratman gelýänem bolsa, ýakynda öýdäki nikaly aýaly gaýynenesi Bossan enä: «Ogluňyz meni heleý edinmejek bolsa, gaýtaryň atam öýüme, gideýin. Ol bolsa, goý, şol Hanumasyny alsyn-da, bal gününe batsyn» diýip, gaýynlarynyň ýüregini çişirip, harasat turzaly bäri ol bu ýere gelmesini mese-mälim seýrekledipdi.

Narly gamyşçy göwni çykyp, eselip ýören ogluny gahar

ugruna öýünde çybyga gerňäpdi. Ony köpegiň ýat ýala gelen ganjygyň yzyna düşüp ýitip gidip, soňra keýpden çykyp, eýesiniň öýüne dolanyp gelendäki ýaly ýenjipdi.

Kim bolaňda näme, türkmençilikde kaka garşy çykyp bolýarmy näme? Ýagdy iýmeli taýagyny iýensoň:

— Akgam meni henizem oglanlygymdaky ýaly, pejikdirsem ýenjip ýör-ow — diýip, ýylgyryp, murtuny sypalap oturyberipdi. Şondan bärem gojanyň Ýagdy işde uzak eglense-de, aýaklary ony ýene-de Hanumaňkydan çykaran bolmasyn diýip, iş edinip yzyndan geläýmesem bardy.

Gerek adamsyny aňyrsyna ötürip, töründen ýer berip, süňňi ýeňlän gelin Ahmediň alysdan aryp-ýadap gelenini ýatlap, ýeňil gopdy. Goýan belli ýerinden çyrany tapyp, ony täzeden ýakansoň orta süýşürdi. Taýyn gowurmasynyň barlygyny ýatlap, tizbişer nahar-şoruň ugruna çykdy. Saçagy orta ýazansoň, ozalagşamdan galan ýahna çaýynyň üsti basyrylgy duranyny ýatlap, ony hem alyp, myhmanyň öňüne süýşürdi. Gapdala — bir ýere elini uzadyp alan haltajygyndan bir gysym sök çykaryp, saçagyň üstünde goýdy.

— Sen häzir, sowan görmeseň, şu çaýdan bir käse-ýarym käse sök bilen süýjüläp iç, onýança çaý ýene-de gaýnar, gowy harsaň çaýym bar, hezil edersiň!

— Azara galma, gel ýanyma, gelsene bir sen! Men ýadawragam bolsam, juda aç däl. Çopanlaryň ýanyndan gaýtmankam gowy naharlanyp, bir käse ergin akýagy hem suwsamaz ýaly urup, yzyndanam iki tüňçe çaý içip gaýtdym.

— Şeýle-de bolsa... — diýip, Hanuma myhmany hezzetlemek meýlinden el çekmedi.

Diwara ýaplanyp, ýalmanyp oturan Ahmede çyranyň yşygyna Hanumanyň begençli balkyldaýan gözleri, çalasyn hereketleri, süňňüýeňillik bilen ony goýup-muny göterýän ak gollary görünýärdi. Onuň näzik ýüzünde henizem ýeňiljek,

sowlup ýetişmedik tolgunma bardy. Eýsem, tolgunmaz ýalymydy näme, gör-ä, bu bolýan zatlary, Taňry onuň soňky günlerdäki çekýän ýekelik zaryny eşiden bolmaly, onuň köpden bäri yhlasyna göwün edip ýören ýigidi häzirki pursatda bolsadydan çykan ýaly bolup, onuň gaşynda otyr! Çaý başynda Ahmet özüniň arsyz wagtdan bäri obada bolmadygyny ýatlap, Hanumadan hal-ýagdaý soraşdyryp oturdy. Hanuma ilki hemmeleri ynjalykdan gaçyrýan sürgün meselesiniň barha örç alýanlygyny: «men-men!» diýen adamlaryň bir depik gumy bilen tozadylyp göçürilip goýberilendiklerini, eýýäm iki tapgyr sürgüne atarylyp, OGPU-nyň indi üçünji topary ugratmagyň ugrunda gezip ýörenligini, bu işleriň hamala ogurlyk işler ýaly tiz edilýänligini hem ýatlady.

Ol Aman OGPU-nyň, raýona täze gelen prokuror Sary Baýlyýewiň döwrüň halamaýan adamlaryna garşy alnyp barylýan gaýduwsyz göreşleri barada ýatlasa-da, ol barada ýagşydan-ýamandan dil ýarmady. Ýagdyny-da ýatlamady. Ahmet bu barada oýlanyp, Hanumanyň ony esasy hossary hökmünde goraglaýanlygyny pikir etdi. Şeýle-de ol bu işleriň bir tarapynda Ýagdynyňam barlygyna welin, henizem öňküsi ýaly, onuň ýurdy belet bolup çapýandygyna ynanýardy. Ahmedem gyzgyn demini höwes edip oturan gelninden onuň pikirini bölüp, Ýagdy barada hem hiç zat soramady. Aňyrdan ahmyrly gelýän-de bolsa, Ahmet agasynyň ojagyny-da ýumurmaga gatnaşanlygy üçin Ýagdynyň garşysyna göni gitmekçi däldi. Beýdilse soňra munuň üçin öz maşgalasyna, dogan-garyndaşyna hem hökümet tarapyndan azar barynyň beriljegini bilýärdi. Näme edilse-de, hiç kime-de hyýanat ýetmez ýaly, gizlin, gaýratyň bir ýanyny hilä ýanap etmelidi. Ýöne, gönümel Ahmetde asmandakyny alyp düşen hile hany? Onuň başyndan ýene-de herhili pikirler gelip geçdi.

Orta nahar gelensoň, Hanumanyň özem gelip, onuň

gapdalynda oturdy. Mähirli goýungözlerini balkyldadyp, hyrydar gözledi. Gelniň bu hereketleri baýyrdaky bolnan mähribanlygy Ahmediň ýadyna saldy. Nahar wagty uzak dowam etmedi, Ahmet aňyrsyna il gonanyny aňyp-aňmanka, kalby höwesli gelniň mähri ýene-de ony özüne dolap aldy. Ahmet hasanaklap, basa düşüp, mes iner bolup ýokarsyndan inen mahaly Hanuma bir: «Waý, bu oglanyň bisabyrlygyny!» diýip, süýjülik bilen pyşyrdamaga ýetişdi.... Olar uzakly gije-de uklamadylar. Wagt bolsa juda tiz geçdi. Indi daň säheri uzak däldi. Hanuma bolsa bu gijäniň gyş gijeleri ýaly juda uzak bolmagyny isleýärdi. Ukudan galan Ahmet gitmek üçin düşekden göterilen wagty Hanumanyň posalakdan ak bilekleri ýene-de onuň boýnuna çolaşdy:

— Eýýämmi?

— Gije geçipdir-ä!

— Entek obaň horazlaram gygyranok!

— Horazy gygyrdyp dursaň bolýarmy onsoň?

Ahmet ugramazyndan öň Hanuma daş işige çykyp, golaýrakda oturyp-turup, aýak ýoluna çykandan bolup, töweregiň habaryny alyp gelensoň, Ahmedi ýola salyp ugradarman boldy. Ýaş gelinlerçe onuň boýnuna gol salyp gysmyljyrady. Onuň mährinden ganmaýanyny mälim etdi:

— Onda sag otur!

— Sen nirä gitmekçi?

— Dünýä giň-ä...

Saçlary bulaşan Hanuma minnetdar bolup, Ahmedi gapynyň öňünde ýenebir gezek gollaryny boýna salyp natuwan bolup, höwesli gujaklady. Töwerek asudady. Dünýä hezil edip, süýji ukuda ýatyrdy. Ahmet gapydan çykansoň, gelişi ýaly ýene-de duýdansyz gijäniň içinde ýitdi.

* * *

Obadaky täze durmuş adamlary adatdakylara meňzeş bolmadyk düzgünler bilen ýalkap-ýanaýardy. Adamlary bolgusyz, soňy baryp sürgünlerden, türmelerden çykýan ýanalmalardyr yzarlanmalar bilen gata tutýardylar. Daýhanlardan ilkibada diňe ýekebara hojalyklardan salgyt salnyp alnan ýumurtga, bagana, düşek, telpek, mal derilerini tölemek indi kolhoza girenlerdenem zor bilen talap edilýärdi. Hasam bu zatlary tölemäge mümkinçiligi bolmadyk hojalyklar döwletiň ynamdar wekilleri tarapyndan bar zadyny sowet hökümetini halamaýanlygy üçin bilgeşli bermeýän, öňki durmuşy küýseýän tersçil hökmünde heläk edilýärdi. Maşgalalar mümkingadar doýagaryn iýmän, aýal-gyzlarynyň şaý-seplerini, keçe, haly, ýorgan ýaly el işleriniň hem mährinden geçip, deger-degmez bahalara satyşdyryp, salgyt labyrynyň aşagynda galmazlyga çalşardylar.

Gije barha goýalyp, töwerege seleň serginlik aralaşypdy. Töwerek asudady. Käte bir göwnüne güman alan itiň, öz janyny barlap, ýaltalaç üýrýän sesi eşidilýärdi. Ýöne, olam dessine el uzadylyp yzyna dolanyp alnan ýaly bolup, tiz kesilýärdi.

Nurjuma giçlik gutaran ýygnakdan çykyp, birhili, barha düşnüksiz bolup barýan durmuş barada oýlanyp, assa-ýuwaş ýöräp, öýüne gaýdyp gelýärdi. Ol tebsiräpdi. Haýsydyr bir ýüregini ýah edäýjek zady küýseýärdi. Sowuk çal ýa-da çaý bolaýsa hem kem bolmajagyny, öýünde telim günden bäri kölegede duran garpyzyňam barlygyny, ýygnakda hem bolan bölek-büçek gürrüňlere aňy bilen pikirini bulaşdyryp oýlanýardy.

Sergin şemal güne ýanan meýdan otlarynyň, töwerekdäki baýyrlaryň ýüzlerini alarladyp ösen hoşboý ysly ýezgenleriň ysyny getirip, obanyň depesinden eňteýärdi.

Nurjuma gaplaňyň Jedel depesiniň gapdalyndan geçip barýarka gabatdaky çöp-çalamyň içinden atyň gysgaça hokranmasyny eşitdi. Ol aýak çekip, töweregini garanjaklady. Ünsli ser salan mahaly, haýsydyr bir eýerli atyň toraňňy, gamyşlaryň aralygyndaky buky ýerde salgym atyp, hokranyp durandygyny gördi. Nurjuma oňa ilki oňly ünsem bererli däldi. Boşanyp, ygyp ýören at görülmänmi eýsem? Ýöne, atyň eýer-july bilen bu ýerlerde gaňtarylyp, taýyn bolup durmagy ony geňirgendirdi. Onuň: «Bu at näme üçin bu ýerde durkan?» diýip, şübheli oýlanmagyna sebäp boldy. Şol pursatda onuň pikirine görä, at kimiňkem bolsa ol bir ýat adama ýa-da toraňňylary soňra jaý guranda ulanmak niýeti bilen apalap, goraglap ýören Gurt ýalakdan çekinmeýän adam bolmalydy. Ýogsam käte özüne jynly hem diýdirýän Gurt ýalak bu ýerde atyny baglanlaryň, kölegesinde malyny saklanyň başyna jynlanyp, alaýabylyň gününi getirýärdi. Nurjuma ýakyn baran mahaly maňlaýy sakar aty dessine tanady. Bu Ahmediň atydy. Onuň ýönelige atyny öz öýüniň gapdalynda baglaman, bu ýerde baglanlygy barada oýlanan mahaly bir ýagdaý ýadyna düşüp, onuň içine zym gitdi. Ahmet gelen bolsa, atam mundan gelip çykan bolsa, onda bu bir bolmasy işiň boljaklygynyň alamatydy.

Atyň syrtyna könelişen haly horjun bökderilipdir. Horjundan bäri-bärlerden gelmänligini mälim edip, ýakymly Hyrat temmäkisiniň ysy kükeýär. Nurjuma töweregiň habaryny almak üçin gijäniň düýbüne çümen ýaly bolup synlan mahaly görüp bilmeýän zatlaryny görerin diýen pikir bilen çommalyp aşak oturdy.

Bir ýerden gara beräýjek ýaly bolsa-da, Nurjuma garaşsa-da Ahmet soňam wagty bilen bäri boýugmady. Şol barmana-da ol: «Bu deýýus nirä siňdikän?» diýip, onuň ilkinji nobatda baraýjak ýerleriniň pikirini edip durka

Nurjumanyň Ahmedi niredenem bolsa bu ýerden däl-de, başga bir ýerden gözlemelidigi aňyna geldi. Ol ýolugra gizlin gelen bolsa onuň öýündenem habar alyp durman, baraýjak ýeri hasaplap, Kymyş duzçynyňkydan habar alarman boldy. Ahmet gelen bolsa, bir-ä agasyny görmän gitmeli däldi, ikinjidenem, ol agalarynyň sürgün edilenini eşidip, kimdir birinden ar alyp, hasaplaşmaga gelen bolmagy-da mümkin. Entek Kymyş duzçynyň ogullary maşgalasy bilen sürgüne ýüklenilip durka adamlar öz aralarynda töwerekde Ahmediň ýoklugyny görüp:

— Ahmet eşitse-hä munuň üçin birnäçe adamdan ar alman goýmaz — diýşipdiler. Nurjumanyň özem Ahmede belet bolansoň, şol pikirdedi. Ýat garanyň öýe golaýlap gelýänini görüp, Kymyş duzçynyň öýüniň beýleräginde ýatan it hyňranyp gezeldi. Ýöne «Alabaý» diýlip, beletlik bilen öz ady tutulansoň, item ony tanady.

Nurjuma aýak çekip diňşirgendi. Ýöne öý tarapdan süýji ukuda ýatan adamlaryň burunlarynyň sazlaşykly dem alyşmalaryndan başga zat eşitmedi. Ol ýüzugra Ahmediň golaýdaky öýüniň töweregine hem söw saldy, ýöne ol ýerede Ahmet gelene meňzemeýärdi. Nurjuma onuň Ýagdynyň kastyna çykmagynyň ahmaldygyny ýatlansoň: «Häh, doňuz, gahar ugruna şony kaklaýmadygam bolsa ýagşydyr» diýip, öz ýanyndan basga düşüp hopukdy. Howlugyp melleKleriň arasy bilen gönüläp ýöredi. Käte biýara-beýlekä çolaşybam ýykyldy. Sesýetimde bolsa-da, Ýagdynyň öýi oňa Pyrary ýaly alys göründi. Ol bir gezek çolaşyp ýykylanda, telpeginiň atylyp öňüne düşen ýeri suwly goljuk boldy. Nurjuma ýolboýy telpegini syka-syka gitdi. Işiň soňuna galandyryn öýdüp gorkdy. Şübheli gören zady bolmasa-da, ol Ýagdynyň öýüniň bäri ýanyna gelip, onuň öýdeligine-däldigine göz ýetirmek üçin iki gezek yzly-yzyna: «Ýagdy! Ýagdy!» diýip, onuň adyny

tutup gygyrdy. Içerde bolan hymyr-symyr düşnüksiz gürrüňiň yzysüre Ýagdynyň ukuly närazy sesi eşidildi.

— Kim-ow bi gije sümsünip ýören?

— Men-läý — Nurjuma! — diýip, o-da özüni tanatdy.

— Nurjuma bolaňda näme? Adamlary ýatmaga goýaňok.

Indi ol hasam batly gepledi:

— Bir sorajak zadym ýadymdan çykypdyr. Şony soraýaýyn diýip yzyma gaýtdym.

— Näme ol?

— Onsoň beýleki iki goş öküzi Sapar darazyň brigadyna bermeli etdikmi ýa?.. Olaryň bugdaýdan soňky sürüminiňem köpüsi entegem ýatyr-a egsilmän, ýan baglap. «Ýeri güýz sür, güýz sürmeseň, ýüz sür» — unutdyňmy ýa-da sen?

— Eý, Şallak, eneňi seniň... Näme etseň şony et, ýöne, bar, gümüňi çek şu ýerden, adamlary ýatmaga bir goý-a sen! — diýip, Ýagdy içerde ýatan ýerinden Nurjumanyň bolşuna kejikdi.

Ýagdaýy dereklӓp, şuranyň başbütinligini anyklansoň, Nurjuma egninden agyr ýük düşen ýaly, özüni ýeňil duýdy.

Soň ol pikirine Ahmediň yzyna düşeni üçin öýüne dolanandan bolup, oba şuranyň jaýyndan, däne saraýdan hem habar alarman boldy. Ol owşanaklap, hüýlenibräk howlugyp barşyna: «Ahmet deýýus täze hökümete ýamanlyk etjek bolup, biziň saraýda şähere daşap ýetişmedik gül ýaly dänämizi otlamasa-da ýagşydyr» diýip aladaly oýlandy. Ol ar ýoluna düşen atarman-çaparman adamlaryň hiç zatdan gaýtmaýandyklaryny, «Alynyň aryny Ahmetden çykar edýän» wagtlarynyň hem seýrek bolmaýanlygyny görüp ýördi.

Ine, saňa gerek bolsa, tanapyň ujy, gör, nirelerden gelip çykdy?! Hanumanyň öýünde henizem jynyň ýşygy ýaly, bolgusyzja ýşyk bar. Şol mahalam Nurjumanyň «Ahmet bilen Hanuma gelniň arasy barmyş» diýip eşiden gepi ýadyna

düşdi. Ýöne ol bu gepi eşitse-de, oňa ynanmandy, sebäbi bu ähli babatda bir-birlerine bap gelmeýän adamlaryň nädip ýakyn bolup biljekdiklerini oýurgansa-da, asla göz öňüne getirip bilmändi. Şonuň üçinem ol bu gepi haýsydyr bir agzyboşuň agzynyň ugruna ýanap-çenäp başga bir maksat bilen märekede aýdyp goýberen gürrüňidir öýdüpdi. Onuň bilen soňra gyzyklanmandy. Yşygyň habaryny almak üçin jaýa golaý baran mahaly, onuň gulagyna bir gysgajyk hümürdi hem eşidilip gitdi. Ýöne, soň Nurjuma näçe diňşirgense-de, gümürtük hüňürdini aýyl-saýyl edip, onuň kime degişlidiginiň magadyna ýetip bilmedi.

Nurjuma gapynyň öňüne gelen mahaly mahorka çilimiň ysy hapylap burnuna urupdy. Elbetde, bu Ahmediň habarydy. Nurjuma onuň çilimkeşligini gowy bilýärdi. Göräýmäge, bu ýerde Ahmet däl-de Ýagdy bolaýjak ýaly bolsa-da, bu ol däldi.

Nurjuma ýas-ýaňyja onuň öýünde ýatanlygyny görüp gaýdypdy, şonuň üçinem Ýagdy iki bolaýmasa, nädende-de birbada hem öýünde, hem Hanumanyň ýanynda bolup biljek däldi. Onsoň Ýagdy hem çilim çekmän, Nurjuma ýaly naskädisine pitikläp, neşeläp nas atardy.

Ol şundan soň, gapanyna aw düşenini gören awçy ýaly, öz gözleginiň ýerine düşenligine göwün çaglap, çete çekilip, nas gutusyny dyzyna urup, hoş bolup, bir nas atdy.

Şeýdibem Ahmedi atymyna getiren Nurjuma arkasyny gapdaldaky güjüme berdi-de: «Ahyrsoň-a çykarsyň, deýýus!» diýip, bu-da Hanumanyň gapysyny gözledi-de garaşdy oturyberdi.

Ýöne, Ahmet welin çykar ýerde çykmady. Daňdanlar ukynyň süýjän mahaly Nurjumanyň özem içini gepledip oturşyna uka berlenini duýman galdy. Ol diňe kimdir biri elini sypan ýaly bolanda oýandy. Görse, hemişe şu töwerekde görýän iti ony ysgap, elini ýalap dur.

— Hä, Boýnak, senmi? — diýip, ol iti tanap, onuň başyny sypamakçy bolan mahaly Hanumanyň töweregine garanjaklap, seýkin basyp daşardan öýüne girip barýanyny gördi. Ahmyrly içini çekdi: «Häh, ahmallygy ýene-de elden aldyrypdyryn-ow!» diýip, ahmyr etdi.. Ol Hanumanyň garasy ýygnalanyna mähetdel bukuda oturan ýerinden silkinip turup, Ýagdynyň öýüne tarap eňdi. Onuň göwnüne boljak iş eýýäm bolup, özem onuň soňuna galýan ýaly bolup duýulýardy. Nurjuma howlugan mahaly onuň öl-my  yk bolan telpegi atylan garga ýaly bolup, güjümiň düýbünde galdy. Boýnak my  yk telpege çiňerilip-çiňerilip seretdi, soňundan temegi bilen ony sähelçe süsüp ysgabam gördi, ýöne nätse-de, onuň nämedigini, nämüçin ony Nurjumanyň özüne galdyryp gidenine welin düşünmedi.

Hanuma gelniň hezzet-hormatyndan hoş bolan Ahmet onuň bilen hoşlaşanda öýüne gidermen ýaly hem bolsa, ol biraz ýöräp, Jedel depesiniň golaýynda bukuda duran atynyň ýanyna gelipdi. Şol ýerdenem Ýagdynyňka ugrapdy.

Ahmet gelende, bir ýany bu ýerde «Ýagda gabat gelmegim hem mümkin» diýip gelen hem bolsa, Hanumanyň howasyna düşensoň, ol bu pikirini birsalymam bolsa unudypdy. Ýada düşse-de, hatda bir gezegem onuň adyny tutmandy. Iki sany bir-birine höwesli göwün bar mahaly üçünji biriniň hökman däldigini olaryň ikisem gowy bilýärdiler, şonuň üçinem onuň geregi-de ýokdy. Aňyrdan näçe gazaply gelýänem bolsa, agzy tagam tapan Ahmet Hanumanyň mähir-muhabbetli söýgüsinden welin aňsat sowlup biljek däldi. Ol gezip ýören ýerlerinde hem tüýs söýgi oýunlary üçin döredilen bu natuwan gelni ýatlapdy, onuň mährini küýsäpdi.

Hanuma hem Ahmet gelende ony zenanlarça näçe inçelik bilen synlan-da bolsa, ol-da onuň özünden gaýry maksadynyň barlygyny aňmandy. Gaýta, aňyrdan gelende öýüne-

de daraman, göni öz ýanyna geleni üçin ondan minnetdar bolupdy.

Hanuma Ahmedi ugradanda natuwan bolup: «Ýene didarlaşmak barmykan?» diýip, işikden çykmanka gapynyň öňünde onuň boýnundan gol salyp, aslyşyp aýrylyşasy gelmän hoşlaşan hem bolsa, ýene-de yzyndan galyp bilmän, daşary çykybam ony biraz ugradypdy. Soňam töweregine köw salandan bolup, howlugybrak içerik giripdi. Söýgi oýunlarynyň serhoşlugyndan humarlan gelniň indi şu lezzet-humary bilenem hezil edip ýatasy gelýärdi. Şonuň üçinem ol Ahmediň garasy ýitenden töweregine oňly üns hem bermän, öz tünegine howlugypdy. Ýogsam Hanuma sähel ünsli bolan bolsa, güjüme goşuntgy bolup söýenip ýatan Nurjumanyň sulbasyny görse-de görerdi. Onuň ýatan ýeri bary-ýogy bäş-on ädimlikdedi. Aý bolsa aýdyň. Ahmediň Hanumanyň yhlas-mährine duşup kalby ýumşaşyp, jany biraz aram tapanam bolsa, barybir, agasynyň öýüniň üstünden ahyrzaman indereni üçin, onuň Ýagdyda galan ahmyrly kinesi artmasa, kemelmändi.

Ahmet aňyrdanam: «Iliňe ýat goşma!» diýilmänmi näme, ana, goşsaňyz. Gully emin dagy bir paýhasly adamdyram welin, şolam şeýle gelmişekleriňem bir ýerlerden gelip, ile goşulmagyna ýol beripdir» diýip, Ýagda käýinip, öjügip, hym baglap gelýärdi. Soňra ýüzugra Ýagdynyňka darap, ony kaklap geçesi geldi. Şeýdilende munuň agalarynyň sürgüni üçin ar alynmak boljagyna ynandy.

Aşak tarapdan howlugyp, ýelpäp gelýän Nurjuma esli aradan Ýagdynyň dogan-garyndaş toplum bolşup oturan ýerlerine golaý gelen wagty hol öň ýanynda bir garanyň toplumyň bäri başyndaky bir öýüň töwereginden aýlanyp, Ýagdynyň bolýan öýüne ýakynlaşyp barýanyny gördi. Nurjuma alada bilen hopukdy, howlukdy. Onýança-da Ýagdyny çagyrýan, düýe dabalan ýaly ýoňsuz-ýogyn ses eşidildi:

— Ýagdy! Ýagdy!...

Bu ses ikinji gezek ýene-de gaýtalananson̈, içerde bir samyrdy bolan ýaly boldy-da, Ýagdy ukuly, gyryljak närazy sesi bilen içerden hä berdi:

— Ýagdy, birki agyz gürrüňim bardy saňa.

Onýança-da Ýagdynyň:

— Nähili boldy-aý bu gije?! — diýen sögünjiräp, gapa golaýlap gelýän sesi eşidildi. Ýagdy ukuly pallap, gapydan çykan wagtam beýle ýanda häzir bolup, gezelip duran Ahmet onuň kükregine ýarag tutdy.

Şu pursatda aňyrdan pişik basyşyny edip, howlugyp gelen Nurjuma Ahmediň yzyndan gelip, harsa onuň elleriniň daşyndan halka salyp gujaklady:

Beýtme. Beýtme sen, inim! — diýip, özelenip ýalbardy.

Onýança gije ýarylan ýaly bolup, tüpeň atyldy. Näme-näme bolýanyny aňmadyk Ýagdy tisginip, ýeňsä serpildi. Nurjumanyň göwresiniň badyna Ahmet hamala aýagyndan alnan ýaly ýykylarly bolup, birnäçe ädime çenli öňe süssenekläp, ýer garbap gitdi. Şakyrdadyp tüpeňini elinden gaçyrdy.

Nurjuma hamala ýeneki atyljak okuň öňüni gabalaýan ýaly edip, Ýagdyny gabalap gujaklady.

Ýagdynyň çöregi bitin ekeni, kükregine çenelen ok onuň sag aýagynyň dyzynyň astyndaky eti sähelçe syryp geçipdi. Nurjumanyň badyna olaryň ikisem bosagadan iç işige gürpüldäp ýykyldylar.

Ahmet Nurjumanyň sesini tanapdy. Ýöne nädip onuň bu mahal ýeňsesinden gelmegine welin, onda-da gijäňem şu mahaly, ol düşünip bilmändi. Pyglynyň aňylanyndan, Nurjumanyň özi barada hakykat bilen güman arasynda bolup, hasap tutulyp, yzarlap, gözläp ýöreninden ol habarsyzdy. Tüpeň sesine Gamyşçynyň neberesi söm-saýak bolşup daşary

çykan mahaly, harsa yzyna öwrülip ýaragyny alan Ahmet her ýerden bir basyp, eýýäm mellek ýerleriň içi bilen gönüläp, ümdüzine tutduryp, gaçyp barýardy.

Garaşylmadyk harasat Ýagdyny ukudan aýryp, onuň süňňüne sarsgyn berdi. Oba itleri indi gaplaňlaryň Jedel depesiniň töwereginde örç alşyp üýrüşýärdiler.

Ýagdy özi bilen ýer sermenekläp turup gelýän Nurjumany tanap, näme-näme bolanyny hem oňly aňşyrmansoň, geň galdy:

— Eý, Şallak, sen bu ýerde näme işläp ýörsüň? — diýdi.

— Aý, geldim-dä...

— Sen birzatlar aňan bolmaly! Ýönelige meniň öýümiň töwereginden aýrylman, köw-söw edip ýören dälsiň! Ýaňky meniň kükregime tüpeň tutan kim, heý, tanadyňmy?

— Ýok!...

— «Inim-ä» diýdiň şonda-da...

— Gulagyňa eşidilendir, «eneň...» diýendirin.

Ýagdy daş gapyda näme-näme bolanyny oňly düşünmän, söm-saýak bolşup, hümerlenişip duran garyndaşlaryny görüp, olara igençli samyrdady:

— Baryň-ow, näme beýdişip dursuňyz, öýli-öýüňize giriňdä!

Golaýda tüpeň sesini eşidip, ogluna bir zat bolandyr öýdüp gorkup, öýden hasanaklap baş açyk-aýakýalaň daş çykan Bossan ene aňyrdan: «Waý, bu näme boldugy, balam?!» diýip, käkeläp gelşine köýneginiiň synyny çekişdirip, özüne gelip duran ogluny aglap gujaklady.

— Ene, gorkma, maňa hiç zat bolanok! — diýip, Ýagdy zordan ýylgyryp ony köşeşdirmäge çalyşdy.

Ene aglamjyrap ýene elendi:

— Ýaralanyp-dagy eden-ä dälsiň-dä?

— «Ýok!» diýdim-ä — diýip, biraz özüni ele alan Ýagdy

enesiniň boluberşini halaman, nägile bolup aýtdy.

Bu wagt Ýagdy bilen deň sarmanaklaşyp ýerinden turan Nurjuma Ýagdynyň aman galmagy, Ahmediň piriminiň paşmadygy baradaky bulaşyk pikirler bilen pikirlenip, dyzlarynyň gurbaty gaçyp barýanyny duýup, biraz özüne gelmek üçin ýene-de aşak çökdi. Ýeňsä çekilip, arkasyny öýe berdi. Bu harasat diňebir Ýagdy şuraň neberesiniň däl, onuňam süňňüne gowy sarsgyn beripdi. Ol özüni bir ele almasa, häzir Ahmede kowgy gitmek-hä däl, öýlerine-de gidip biljek däldi. Heniz nämäniň nämeligini oňly seljerip ýetişmedik ene oglunyň aňyrsynda aýaklaryny uzyn salyp oturan Nurjumany görüp, gijelikde ony oňly tanaman, ogluna kast etmäge gelen şoldur öýdüp, oňa tarap ýamany bilen seredip, odugyp gepledi:

— El-aýagyny gowuja güýlseňiz bolmadymy ol haram ölmüşiň! — diýdi.

Enäniň bu müňkür gepi Nurjumaňyň gaharyny getirdi. Ol oturan ýerinden:

— Eý, Ýekegapan, aýt-how şu ülhüdiňe, ýogsam ol seniň atylanyňy menden görjek bolup dur! — diýip, özüne gelip oturan ýerinden Ýagda igendi.

— Bar-eý, gir ketegiňe! — diýip, onýança Narly gamyşçynyň ýeňseden talaply tanyş sesi eşidildi.

Ýagdy ses gelen tarapa öwrülen wagty kakasy Narly gamyşçynyň ak balak-ak köýnekli, gabyrdan köpenini süýräp çykan öli ýaly, ýüzugra ýarag hökmünde gerek bolar diýip eline alyp gaýdan piline söýenip, söm bolup duranyny gördi. Ýagdy kakasyna tarap öwrülip, köşeşdiriji gep aýdasy geldi. Soňra oňa: «Akga, apyla-sapyla sowuldy, baryň, indi sizem gidip ýatyberiň!» diýip, mylakatly gepledi. Narly gamyşçy şol duran ýerinde ýagşydan-ýamandan dil ýarman ýene biraz duransoň, ol oglunyň öýüne girip, gelnine göwünlik berip çykan Bossan enäniň yzyna düşüp, öz bolýan gara öýüne

tarap ýöneldi.

— Şallak, hany bir nas ber! — diýip, şundan soň Ýagdy hem öýe ýaplanyp, Nurjumaň gapdalynda ýanaşyk oturdy.

— Özümiňem atasym gelip, dişlerim syrkyrap durdy — diýip, keýpi ýadyna salnan Nurjuma donunyň kisesinde düňreýlip duran naskädisini alyp, höwes bilen dyzyna kakdy.

Salkyn aransoň, oba howasy hoşboýdy. Günüň dogar wagtynyň golaýlap gelýäni belli bolup, asman ýüzi sähelçe çaňjarypdy. Ondan-mundan ýene-de Güni dogurmagyň ugruna çykan horazlaryň sesi küren oba ýaň berýärdi.

* * *

Daňyň öňüsyrasynda otly bir ýerlerde badyny gowşadan ýaly etdi-de, soňundanam durjagyny mälim edip, haltyldap erbet bir silkindi. Ýatan adamlary zyňyp-gapana döndi. Otlynyň ýaňky erbet çaýkanan wagty süýji ukudan tisginip oýanan Oguljuma oguljygyny ýanap ýatyşyna başyny sähelçe ýerden göterdi. Nazar aýlap, töweregiň habaryny aldy. Çep tarapdan bir aýalyň hymyrdyly nägile sesi eşidildi:

— Muny usul bilenräk güpürdedenlerinde bolmaýarmykan?

Lagambir ýeten ýerde düwdek bolşup ýatan adamlaryň içinde bu şakyrda Oguljuma ýaly başga-da bir-iki sany oýanan bar ekeni. Olaram gysgaça samyrdaşyp käýinişip, ýene-de uklamak üçin başlaryny ýere goýdular. Oguljuma içinden: «Geläýdikmikäk geljek ýerimize?» diýip ynamsyzrak oýlandy.

Onýança-da daşardan sürgünleri alyp barýan esgerleriň buýruk-talap äheňli özara gepleşýän seýrek gürrüňleri eşidildi. Oguljuma ortada ýatan çagalarynyň üstünden gernip, toplanybrak süýji ukuda ýatan adamsyny sähelçe yralady.

— Akgasy! Akgasy!

— Näme?

— Hany bir jyklap seredip gör, geläýdigem öýdýän!

— Nir-ä?

— Şol «Sibir» diýilýäne.

— Ýatyber. Barmaly ýeriň -- o-da «Sibir» diýilýän ýer bolsa, entek-entekler ol ýere ýetmänjik geçersiň!

Onýança-da dogumly-dogumly ädimläp aýak sesleriň wagona golaýlaşanlygy eşidildi. Birazdan wagonlaryň gapylary yzly-yzyna gapdala syrylyp, şarkyldap açyldy. Gapyda hekgerişip, wagonyň içine göz aýlaşyp duran iki sany esgeriň kellesi göründi. Olar ýene-de wagonyň gapysy açylan dessine ondaky adamlara öz döreden kada-kanunlary esasynda sürgünleriň hak-hukuk çäklerini nygtap, düşündiriş geçdiler:

— Nahar gaplaryňyzy taýynlaň, size ýene tizden nahar beriljek. Wagonlaryňyzdan düşmäge hem rugsat berilýär. Golaýda akyp ýatan suwly ýap hem bar, ýuwnup, suw içip bilersiňiz, ýöne onuň aňyrsyna geçmek gadagan!

— Daň bilenem bir nahar bormy? — diýip, ukudan galýanyny jany ýananyň biri ýatan ýerinde nägilelik bildirdi.

— Şony berenlerine şükür et, gardaş, dyma berilmese nädersiň! — diýip, beýleräkden ýenebir ses bolsa oňa maslahatberjilikli garşy çykdy.

Otly bu günem her günki saklanyşy ýaly, uly bir wokzalyň duşundan geçenine köp wagt geçmänkä gapdaldaky boş ýanýollaryň birinde gelip saklanan ekeni. Töwerek alasarmyk, garaňkylyk. Säher şemaly sergindi hem ol wepaly itiň öz gelmez diýip umytdan düşüp ýören eýesiniň gelenine begenip, onuň öňünden çykyp, dalbynyp, el-ýüzüni ýalaberşi ýaly, adamlaryň ukuly, ynjan başlaryny ýakymly sypalap ösýärdi. Ol wagonyň içindäki agyr ys-koklary kowalap, onuň ornuny arassa howa bilen dolduryardy. Otlynyň bu bolşy

judabir gizlin ýüki: «Syrym açylaýmasyn» diýip, hüşgärlik bilen gijä çolanyp alyp barýana meňzeýärdi. Sürgünler gapy-penjire bolmansoň, dünýäni wagonlaryň diwar tagtalarynyň arasynda galan yşlardan seredip görýärdiler. Her gezek uly wokzallaryň deňine gelende otly adamlary hamala, gelmeli ýerine ýetendiris öýtdürip, halkyldap, bir badyny gowşadyp alýardy. Şonda kaşaň wokzal jaýlarynyň öňünde adam sili birden mesäne meňzäp, hyň berýärdi. Käte wokzal jaýlarynyň bir ýerlerinden göterilen tüsse palawyň, ýeneki bir bişirilýän tagamly naharyň ýakymly ysyny getirýärdi. Olar özleriniň özbek topragynyň içi bilen barýandyklaryny hem adaty uly wokzallarda bolýan radionyň aýdýan aýdymlaryndan çen tutuşyp bilýärdiler.

Saz bilen goşulyşyp, göçgünli, ýagşy günleri ýatladyp aýdylýan aýdymlar diýseň gulaga ýakymly eşidilýärdi.

*Derýaglaryň ol ýagynda*
*Şetdaly bagy bar,*
*Şetdaly bagy bar, eke jan-a,*
*Şetdaly bagy bar.*

Ýöne, her gezegem, otly badyny gowşadan hem bolsa, aýdymy ine-gana diňlemäge mümkinçilik bolmazdy. Sähel salymdan bazar meýdançasyny ýatladýan wokzalam, aýdymyň hoş owazam, bu zatlaryňam hemmesi yzda, ýeňseden garap galardylar.

Adamlary naharlamak üçin ýene-de birýerlerden wagonlaryň öňüne şalkyldadyp ýörite taýynlanan şurruk çorba getirildi. Onuň ýany bilen münderlenip getirilen çöregiň ysy edil gelin-kömelegiň ysy ýaly ýakymlydy. Sürgünler ilki: «Çorba beriljek, gap-gaç özüňizden taýynlaň!» diýlip aýdylanda, obalarda köpçülik üçin bişirilýän eti-ýagy, duzy alşyp, bygyrdap bişen elinje çekdirmäni göz öňüne getiripdiler. Emma berilýän welin ýüzünde ýag düşnügi bolmadyk, ýuwunda meňzeş bir zatdy. Halkyň

arasynda gele-gelmäne-de ol görnüşine görä «Ak çorba» diýen at alypdy. Ýöne, başga naharyň ýok ýerinde ak çorba-da hiçneneňsi aş däldi, gyzgynjaklygyna dagy berlen çörek bilen iýseň, maňlaýyň derçigip, ol ýerde lagambir maýdaja der düwmejikleri peýda bolşup ugraberdi.

Oguljuma adamsydyr ogullary Allanazar bilen Rahmannazaryň ellerine nahar, suw guýmak üçin gap berip ugradansoňam kiçi ogly Rahmangulyny emdirip, adamsy selçeňlän wagon içinde ýene birsalym eglendi. Özüniň howlukmaç bolmadyk agramly häsiýetine görä, ýene ol ýerde özlerine daşarda nämeleriň gerek boljagyny, çagalar bilen bagly aladalaryny ýatlaşdyrdy.

Geýim-gejimden «Çyrpyp seräýsem-ä, hiçneneň bolmazdy» diýenlerini toplap, bir düwünçege düwüp ýanyna aldy. Ol bir eli çagaly, bir eli düwünçekli wagonyň agzyna gelen mahaly, düşen ýerinde wagonyň kölegesinde oturan aýallaryň birki sanagy turup, ellerini uzaduşyp, onuň çagasyny, düwünçegini elinden alyp, ýere düşmegine kömek etdiler.

Suw görenlerinde arkalary alnan ýaly bolan aýallar häzir özleriniň çaga-çugalary bilen kölçerip ýatan güzeriň töweregini höwes bilen eýeläpdiler. Agyr topbularyny gapdala goýup, başlaryna ýaglykdyr çabytlarynyň bir gyrasyny ilteşip, ýeriň giňini alşyp otyrdylar. Jammyldaşyp şüweleňli gürleşýärdiler, suwa inişip-çykyşyp ýören çagalaryna oturan ýerlerinden tarp urup, haý-küş edýärdiler. Ýuwnulyp-sypanylyp içiljek suwlar içilip, çagalara gandyrylanam bolsa, aýal gözleri aýratynbir teşnelik diňe özlerine mahsus birhili hyrydar nazar bilen alyslary tamaly synlaşyp, bolşuna görä özlerine ýazgynlyk-hezillik tapyşyp otyrdylar.

Oguljuma aýallar mähellesine gelip gatylan wagty, garagözeleje, inçesagat, başyna sähelçe ýaglyk iltän aýal bir gapdalrak süýşüp, öz gapdalyndan oňa hem otyra ýer müre-

het etdi:

— Goňşy, geläý senem şu ýere! — diýip, şelaýyn gepledi.

— Wi, gyz, Kümüş, senmisiň? — diýip, Oguljuma hem ony börüksiz görensoň, birbada tanaman, aýgytlap minnetdar dillendi:

— Topby ýeňsä atylansoň, tanar-dagy ýaly bolan däldiris — diýen mahaly onuň öz börüksiz halyny göz öňüne getireni belli bolup, gelin ýüzünde uýat alamaty sähelçe al reňke öwrülip çaýylyp gitdi. Kümüş wagonda Oguljumanyň bolýan böwründe öz maşgalasy bilen gonan goňşusydy. Aýallar bu günleriň içinde eýýäm bir-birleri bilen tanyşmaga, goňşularça ony-muny alşyp-berşip, bellibir derejede ysnyşmaga hem ýetişipdiler. Oguljuma Rahmangulyny gapdalynda ýatyryp, suwdan goşawujyny dolduryp-dolduryp içensoň, aýasynda ýaňyrak emip hezil eden Rahmangulujygyň hem agzyna suw tutdy.

Demirýoluň gapdaly bilen öwrüm berip akyp ýatan ýabyň suwy tereňdi, şypakerdemdi. Soňundan ol ýerinden turup, Rahmangulynyň ys-kokly arlyk-kirligini suwa çyrpmak üçin, oturanlaryň ygyragyna gidermen boldy. Bir eline ogluny, beýleki eline geýim-gejimli düwünçegini aldy. Içinden bolsa otlyň bir dursa, esli durýanlygyny ýatlady. Şeýle-de bolsa, işlerini biryüzli edýänçä onuň howlukmazlygyny arzuw etdi.

Aňyrdan suwa inip gelýän eli çagaly aýalyň: «Aýagym taýyp, elimdäki bilen suwa gidibermäýin» diýip ýaýdananyny gören, üç-dört boýdaş bolşup suwa girişip, jammyldaşyp duran eserdeňje gyzjagazlaryň biri Rahmangula tarap goluny gerip, elini uzadyp, Oguljuma öz kömegini hödürledi:

— Gelneje, getiriň, çagajygy men göterip duraýyn!

— Şeýtsene, gül gyzym! — diýip, ol Rahmangulyny gyzjagazyň eline berensoň, özi suwuň gyrasynda çommaldy. Gyzjagazlar öz mähriban ýeserjelikleri bilen enäniň yzynda galan gyzlaryny—göresi gelip ýüregine düşýän mähribanlary

Ogulbikesidir Akjagülüni ýatlatdy.

Oguljuma adamsyna aýtmasa-da, ilki gyzlarynyň ýat illerde öz görmeli bolan görgülerini görmekden halas bolanyna begenenem bolsa, özleri bilen barýanlaryň Akjagülüdir Ogulbikesine boýdaş gyzlaryň başga-da bardygyny görensoň: «Ýat-ýamana şam bor öýtdük-dä, alyp gaýdan bolsak, olaram iliňkiler ýaly bordy-da gözümiziň alnynda» diýip, enelerçe örtenip, öz ýanyndan oýlanardy.

Aýralyk bilen bagly ýatlamalar ene ýüregine hemişe möý sokan ýaly ezýet berýärdi. Gyzlarynyň öýde saç daraşyp, mynasybetlik edip oturyşlary keseden ata-ene bolup seredeniňde guwanç döredýän jitde-mit bolup, basdaşlyk edişişleri, olaryň ony äkidip-muny getirip, mamalarynyň kömegine ýarap, bitelik edip ýörüşleri Oguljumanyň göz öňünden gitmeýärdi.

Wagonlardan düşmäge rugsat edilen dessine suwly ýaby görüp aýallar, çagalar, uly erkek adamlaram bilelikde suwa çozupdylar. Hemmeler goşawuçlap, käseläp, birnäçeler ýüzin ýatyp, hezil edip suw içýärdiler, el-ýüzlerini ýuwuşdyryp arassalanýardylar. Märeke haýsydyr bir elhençlikden elheder alan uly bosguna meňzeýärdi. Ine-de, howada oduň ysy. Eýýäm ýaba inip, el-ýüzlerini ýuwmaga, şypakerdem akar suwy goşawuçlap-goşawuçlap içmäge ýetişen Gully emin bilen Seýitmyrat aga bu pursatdan peýdalanyp, eýýäm çaý hem içmekçi bolupdylar. Näme içmän, onda-da beýdip gapdalyňdan ýňdyrylyp akyp ýatan suw barka!? Her gezek otludan düşdükleri suw tapyp, çöpleme çöpläp çaýyň ugruna çykýan iki goja bu gezek bolsa giňişlikde göbek bolup oturan depeleriň birini ýaplanypdylar.

Sürgünleriň kellesinden öz ykballarynyň nähili boljaklygy baradaky pikir çykmaýardy, ýöne olar öz göwünlerine görä bolmaly däl zadyň nädip beýle bolanlygy hakynda welin, oý-pikirlerini aýralyk bilen baglap, has köp oýlanardylar.

Obalar, öňki endik bolan ýaşaýyşlary bolsa ýitirilen bagt hökmünde hemişe olaryň gözleriniň öňünde durardy. Şonuň üçinem olar näme hakda gürrüň edenem bolsalar, soňra ýene-de öz ykballary baradaky gürrüňe nähili dolanyp gelenlerini hem duýman galardylar.

Çaý başynda başlanan gürrüňi tapbilen Seýitmyrat aga wagtal-wagtal baş atyp, özüçe ýuwaşlyk bilen şemalyny berip, köredip otyrdy. Häzirem olaryň gürrüňleri ýene-de hut şol öz ykbal-aladalarynyň töweregindedi.

Seýitmyrat aga oturan ýerinden gobsundy:

— Gully emin, indi, näme, biz şeýdip, goýun-guzy ýaly mäleşip gidibermeli bormukak?

Hemişe il öňüne düşen adam bolansoň Gully emin Seýitmyrat aganyň bu gepi: «Hemişe sen ýol keserdiň, kes ýene» diýip, sala salyp aýdýanyna gowy düşünýärdi.

— Hudaýdan başga sygynara ýeriň barlygyna meniň-ä akylym çatanok, sakgaldaş!

— Heý, muny ol Atabaýew, Aýtakow diýýänleri dagy görmeýärlermikan? Türkmen-ä ýurtdan jyn dagan ýaly dagajak. Iliň bir böleg-ä bolşewik gelen döwürleri urdurylyp-urdurylyp serhetden geçdi gitdi, ýene bir bölegi tirseklenip, çöle çekilmäge mejbur boldy. Olary soň: «Basmaçy» diýip tagmaladylar. Ine, indi bizem: «Gulak» diýip, saýrykdyryp alyp barýarlar. Ýa-da bular türkmeniň tohumyny türketjek bolýarmykalar?

— Nedirbaýah-a ýakyndan tanamok welin, ýöne Gaýgysyz-a bolmajak adam däldir. Onuň bilen men biraz tanşyrakdyrynam. Duşuşanymyzda Gurbanmyrat serdar bir öwrümde ol barada: «Şol ýakada-da, türkmen, bir gowyň bardyr» diýip aýdypdy. Meniň özümem Atabaýew Tagtabazara gelende, Akynýaz baýyňkyda bir gezek onuň bilen söhbetdeş bolup görüpdim.

— Tanaýan-dagy bolsa, onda ol siziň arkaňyzy çalaýjagam ýaly!

— Bolýan däl borly. Orus biziňkileri: «Sen--bolşewik!» diýip, gomaldyp, näçe öňe sürenem bolsa, olara känbir ynanmaýan borly.

Seýitmyrat aga bu barada özüniňem kalbynda şeýle pikiriň barlygyny mälim edip, gürrüňdeşiniň sözüne göwünjeň at goşdy:

— Ýeri gelende biziňkiler keseki hökmünde aňalyp, çetde galaýan bolmaly-da.

Gully emin gürrüňdeşiniň ýüzüne seredip, myssa, köpmanyly ýylgyrdy-da: «Soňky döwürd-ä şu diýýäniň hasam bildirdi» diýip, ýene-de onuň bilen göwündeş gopdy. Erkiň özgäniň elinde bolsa, hemişe-de şeýle bolar, öweýsiň. Tutan ýakaň ýat bolar durar.

Gojalaryň ikisem ýurt başynda türkmenden Gaýgysyz Atabaýewiň barlygyna, onuň ile hossardygyna, öz halkyna kast etdirtmejegine tama bilen ynanýan adamlardy. Şonuň üçinem gojalaryň ikisi üçin häzir hem bu hakykaty açmak agyr degdi. Adam kyn ýagdaýa düşende, göwün etmeli däl zatlardanam göwünedegen bolýar.

Durmuş halkyň başyna näçe horluk inderse-de, aýratynlykda öz ýaşaýyş gowulyklaryna eýe bolup ýören adam tä il başyna düşen towky öz başyndan hem inýänçä, harasat öz höwürtgesini hem şahadan alyp pylçap ýere çalýança özgäni syzmaýar. Il derdini syzmak hiç wagtam bir aňsat bolmandyr, ýöne ony gabahat döwürde syzmak hasam kyn hem güwläp gelýän siliň öňünde durmak ýaly bir zat bolara çemeli.

Töwerekde ýene-de çagalaryň oýun-höwes bazary gyzypdy. Olar wagon içinde hemmeler ýaly horlansalar-da, ýere düşülende, sähelçe giňişliklerini aldyklary oýnaşyp-gülşüp,

ýene-de hezillik tapardylar.

Hatar gurup duran otlynyň arka tarapyndan häli-şindi ýer sarsdyryp, alatüsse bolşup otlular geçişip durdular. Sürgünleriň otlusy esli meýdana çenli uzalyp, ýaýraw tutup, gala diwarlaryna meňzäp keserip duransoň, onuň arkasyndaky meýdan oňly görünmeýärdi.

Otly her gezek duranda aşagyndan beýle tarapa geçmezlik, sürgünleriň ýany bilen olara göz-gulak bolup barýan esgerleriň hökmany talaplarynyň biridi. Ýogsam onsuzam ol tarapa geçjek-goýjak bolup ýörenem ýokdy-la. Halk gününe kaýyldy. Galyberse-de, öňüňden munuň ýaly bir ýap suw böreň berip akyp durka, kim ýeňsedäki görünmeýän ýeriň höwesini edýär? Otlam indi aňlarynda ileri-gaýrany bulaşdyran adamlaryň pikirinde nirädir bir ýerlere däl-de, bellibir çäkde, obalaryň, şäherleriň derýalardyr bag-bakjalaryň töweregine aýlaw berip aýlanyp duran ýaly duýulýardy.

Gün depä göterildigiçe ertiriň terligi kemelip, indi çekiläýmäge bag kölegeleriniň hiçneneňsi däldigi baradaky pikir hem kellä gelip ugrapdy.

Bu düşlenen ýeriň amatlylygy ulular üçinem-ä hiçneneňsi bolmasa-da bolmady welin, ýöne çagalar-a heziller etdiler. Olaryň şowhunly oýunlary ene-atalarynyňam göwnüni göterdi. Synçy bolup oturan adamlar çagalaryň öz oýnaýan hezil oýunlary bilen diýseň gelişýändiklerini guwanç bilen öz ýanlaryndan belleýärdiler.

Häzir-haçan ugraljagynyň belli bolmaýşy ýaly, çagalaryňam bu tapan oýunlaryny haçan gutarjagy hem belli däldi.

Allanazar hem kakasydyr jigisi bilen nahar-nan paýlanýan ýerden uzak gitmän, gapdala çekilip naharlanypdy, soňundanam Rahmannazaryň elinden tutup, kakasynyň ýanyndan suw başyndaky ejesiniň ýanyna äkidip hem onuň özüni nahar paýyny iýmäge çagyryp, gelibem ýolda tanşan

deň-duşlarynyň çakylygyna mähetdel oýna goşulypdy.

Orazgeldi aýaly üçin goýlan nahardyr çörek paýlaryny saklap ýaplanyp ýatan ýerinden Gully emin dagyň töwereginde gürrüňçiligiň gyzyşýanyny görüp, aýaly gelip, oňa elindäki iýer-içer zatlaryny berip bilse, gaplaňyň Jedel depesini ýada salýan şol ýere barmakçy bolup otyrdy. Emma gyş günlerinde howanyň tiz üýtgeýşi ýaly, bu ýerde-de ýagdaý birden üýtgedi. Sürgünleri töwerekläp, gözegçilik edip aýlanyşyp duran esgerler gyssagly komandirleriniň ýanyna üýşensoňlar birden bir-birlerine hökümli-hökümli gygyryşyp, harasadyň ýetip gelýänini aňan çopana meňzäp, olaram öz sürülerini gyssagly toplamak bilen boldular. «Wagonly-wagonyňa münmeli!» diýip gygyryşyp, töwerekde alakjaşyp, howlugyşyp ugradylar. Adamlar olaryň beýdip, birden basga düşen ýaly boluberişlerinden näme bolandygyny anyk bilmeseler-de, haýsydyr bir zadyň-a bolandygyny aňdylar. Orazgeldi ýaplanyp ýatan ýerinden turup, ilki aýalydyr iki ogulunyň bolmaly tarapyna seredip, nazary bilen dynmazjan bolup, olary agtardy. Soňam beýleräginde gürleşip duran iki adamyň ýanyna geldi. Olar hamala bir zat göräýjek ýaly boýunlaryny süýndürişip, esgerleriň atgaýtarym meýdanda ýazylyp-ýaýrap oturan märekäniň aňrybaşynda aýaklaryna ot ýapyşan ýaly boluberişlerine geň galyşyp seredişip durdular.

— Bular, näme, birden oda-köze düşüberdiler-le? — diýip, Orazgeldi olara golaý gelip sorady.

Duranlaryň keltepaýçaragy:

— Bizem şoňa haýran — diýip, egnini gysdy.

Uludan-kiçä hemmeleriň ýüzi indi otla tarapdy. Märeke otlap barýarka nämedir bir zatdan ürküp, gürre yzyna serpilen goýun sürüsine meňzeýärdi. Adamlaryň depesine bir bölek çal tozan göterildi.

Esgerler hökümli gygyryşyp, hemmeleri wagonlara gapgaryp,

öz alyp barýan adamlarynyň sanawyny üns bilen okanlaryndan soň Nurýagdy atly biriniň esgerleriň ahmallygyny alyp gaçanlygy belli boldy. Adamlar eşidişip:

— Hä, oňarmandyr, doňuz ogly! — diýşip, onuň üçin indi bu ýerde özgelere-de gatnaşyk-garaýşyň üýtgejeginden, onda-da ýaramaz tarapa üýtgejeginden, munuň bir sygryň siýdigine ýüz sygyr taýar boljagyny ýatlaşyp, howp edişip, gaçgagy öz ýanlaryndan näletlediler.

Ýöne, eýýäm boljak iş bolupdy, özüňiňem bendi halyň barka, indi etjek alajyňam ýokdy. Başa gelenini çekäýmek galypdy.

Gaçgagyň gözleginiň netijesine garaşdylarmy-nämemi, otly adamlar münensoňlaram wagty bilen ugramady. Ol şol gelşine diňe ak öýläni düşürip, azarly ýaly jygyldap, şalkyldap kynlyk bilen ýerinden gozgandy. Soňundanam ýene-de barha bat alyp, näbelli ykbalyň tükeniksiz ýoluny howlukmaç külterläp ugrady. Howa bolsa yssydy, howruny küredip, barha-da örç alýardy.

* * *

Sürgünler Daşkende gelensoňlar, yssynyň bu şähere dagyn hasam sütem edýänligini gördüler. Şäher häzir oda goýlan ýazgyn gazana, onuň üstündäki zatlar bilen bilelikde, adamlar bolsa şol gazanyň üstünden görnüp, depesine howur göterip, mylgyrap bişip duran, atylmaly ähli zatlary diri-diri atylan nahara meňzeýärdi. Gijelerine dagy öwüsgin ýok mahaly şäher hasam kapas bolýardy.

Sürgünleriň otlusy gelip wokzalyň öňündäki ýollaryň birinde duransoň, birsalymdan aňyrdan bir kiçijik parawoz alatüsse bolup gelipdi-de, ony yzyna tirkäp, wokzal jaýyndan uzak bolmadyk bir çolarak ýere getiripdi. Bu ýerden töweregiň

selçeň jaýlardyr parawoz-wagonlaryň arasynda seleňläp, howalanyp oturan wokzalyň kaşaň jaýy sürgünleriň getirilen ýerine tarap ýeňsesini öwrüp duranlygy görünýärdi. Otlynyň töweregi gabal-gabal, çolaja ýere getirilenligi belli boldy. Onuň öňünde oýtaryp duran uly bolmadyk, bir tarapy obaçylyga meňzeş, bir-birlerine ýelmeşdirilip salnan birgatly ýaşaýyş jaýlaryna tarap ýaýrap gidýär. Jaýlaryň gapdaly zowwam köçe bolup, onuňam bir bölegi görünýär. Ondan adamlar pyýadadyr arabaly geçişip durlar. Olaryň käbirleri wagonlaryň eteginde bala-çagalary bilen yzan-da-çuwan bolşup oturan ýat adamlara aýak çekişip, gyzyklanma bilen seredişýärler. Nurýagdy gaçansoň, indi olary alyp barýan saklaw esgerleriniňem olara bolan gatnaşygy üýtgäpdi. Indi, olar şol ýolboýy ýagdaýa düşünip, sürgünlere mümkin bolan ýeňillikleri eden ynsanperwer adamlara asla meňzemeýärdiler. Otly duran ýerinde hem iki sagatdan artyk durmaýardy, bir sebäp bilen duraýanda-da gapy açylmaýardy. Nahar-nan hem aňyrdan getirilip, dara-direlikde wagonlaryň agzynda paýlanyp berilýärdi. Ýolda otly duranda, sürgünlere hatda wagonlaryň gapdalynda durup aýak ýazmaga, arassa howadan dem almaga hem ygtyýar berilmeýärdi. Goýberen säwligi üçin esgerleriň ýolbaşçysyna-da ýokardan degerlije käýinç berlen bolmaly. Ol hem indi durlanda: «Hiç kimi düşürmeli däl, gapylary wagtynda ýapmaly. Hüşgär bolmaly. Gördüňiz-ä, eýsem nähili bolýanlygyny!» diýip, wagonlaryň gapdalynda hökümli gygyryp, ýüzüni gamaşdyryp, horazsyrap tarp atyp gezýärdi. «Alynyň aryny Ahmetden çykar» bolupdy. Biçäre millet hapaçylygyň, ys-kokuň içinde kösenip, sütem çekip otyrdy. Üstesine-de, kapas-yssam ýene bir ýanyňdan. Aýallar öz sözleriniň haçanam bolsa bir wagt Taňrynyň eşitjegine ynanyşyp, içlerinden hökümete, özlerini alyp barýanlaram onuň üstüne goşup, sessiz gargynyşýardylar. Jowranyşýardylar.

— Ylahym, niýetiňe-päliňe görä tapyp çym-pytrak bolaýasynyň-da hernä! Irde-giçde bize görkezeniňi görmeseň, Alladan razy däldirin? — diýişýärdiler.

Bu ýagdaýa indi adamlar özleriniň uzak çydap bilmejekdiklerini pikir edip, onuň soňunyň ölümem bolsa tizräk bolup dynmagyny isleýärdiler. Otly beýdip Günüň aşagynda Burkuda aýdylan ýaly bolup durman ýöräbermegini, şonda şemal össe, ýagdaýyň azragam bolsa gowulaşjakdygyna tama edýärdiler.

Ýagdaýlaryň erbetleşenine jany ýanan adamlar indi: «Gaçjak bolsaň, öň näme işlediň, biriniň aşagynda ýatyrmydyň, öýüňden gaýtmankaň gaçsaň bolmadymy, ýeri, aýalyňy, çagalaryňy goýubam bir gaçmak bolarmy!? Bu tüýs doňuz, doňzuňam binamys barypýatany!» diýip agzyna gelenini aýdyşyp, ýanyşyp käýinişýärdiler.

Onuň aýaly--ullakan ala gözli, burunlagrak, ortaboýly, syratly aýaldy. Ýanynda hem bir-birlerine çalym berşip duran ýedi-sekiz ýaşly ogly bilen üç-dört ýaşly gyzy bardy. Ol äri gaçan güni çagalarynyň hersini bir gujagyna alyp, özüne berlen ähli talaply soraglara gorkuly gözlerini tegeläp, egnini gysyp, aglap biçäre bolup jogap beripdi. Indi bolsa ol ähli gözýaşyny aglap gutarana meňzäp, bürenjegine çolanyp, ýüzüni ýerden galdyrman, hasrat çekip doňup otyrdy. Onuň çagalaram indi, hamala, barsalar, kükrekden iteriläýjek ýaly, beýleki çagalara goşulyşyp bilmän, gaça durýardylar.

Adamlar ilkibada gaçgagyň maşgalasyna-da ýamanalgyly ýaly sereden hem bolsalar, soňra olaryň hem hasrat baglap oturan biçärediklerini görüp, bu ýagdaý bilen ylalaşypdylar. Öýke-kinelerini onuň maşgalasynyň başyndan aýryp: «Bir duşaýsaň bolýar, haramzada!» diýşip, öz ýanlaryndan «hym» edişip, hasaplaşygy onuň özi bilen boljak duşuşyga goýdular.

Orazgeldi gijäniň gaýry birwagty oýanan mahaly adamlar

serlen ýaly bolşup, onuň töwereginde süýji ukuda ýatyrdylar. Orazgeldi her gezek bolşy ýaly, ukudan aýňalýança ýene-de özüniň nirede ýatanyna aň edip bilmedi. Ýöne, ol ozalam başyna dolan pikirlerden wagty bilen saplanyp bilmän, ýaňyrak uka gidipdi. Ol wagonyň kese goýlan diwar tagtalarynyň arasyndaky yşdan daşaryny synlan wagty ol ýerde gijäniň bulut deý bolup, sähelçe endiräp, hümer bolup duranyny gördi. Ýene birsalym ýatyp, gözleriniň awusyny almaga mümkinçilik bardygyna düşündi. Otly bolsa otlydyr-da, durasy gelse durar, ýöräsi gelse ýörär, onuň öz münderläp äkidip barýan adamlary bilen ýagdaýy maslahatlaşmak aladasy ýok. Orazgeldi kellesiniň aşagyna dört epläp ýassyk edinen possunyny diwara tarap süýşürmek üçin tirsegine galan mahaly, Rahmannazaryň ejesi bilen Allanazar aralygynda aýaklarynyň birini beýleki aýagynyň üstüne atyp çilşirip ýatanyny gördi. Usul bilen onuň aýajygyny göterip, öz ornunda goýdy. Orazgeldi uklamak üçin gaýtadan başyny ýassyga goýmakçy bolan wagty kimdir biriniň ukuda däl adamyň burnuny çekişi ýaly burnuny çeken wagty, golaýda özi ýaly ýene bir oýa adamyň barlygyny bildi.

Ol öwrülip şol tarapa sereden wagty garşyda Nurýagdynyň aýalynyň gara depe bolup, dik oturanyny gördi. Onuň şol adamsy gaçgak bolan gününden bäri gijelerine kimdir birinden çagalaryna hyýanat ýeter öýdýärmi-nämemi, oňly uklaman, dik oturyp geçirýänini ol öňem görüpdi. Orazgeldiniň oýananyny gören aýal:

— Maňa, suwuňyz bolsa, bir owurt suw berseňiz-le? — diýdi.

Orazgeldi başuçdaky suw gabyny alyp, aýala tarap süýşmekçi bolan mahaly, aýalyň özi çekinibräk oňa tarap käsesini uzatdy. Suw guýup berlerine mähetdel, hamala kimdir biri ýapyşyp barýan ýaly, soňam ol tiz elini yzyna çekip alyp:

— Taňryýalkasyn! — diýip, minnetdar pyşyrdady.

Orazgeldi başyny ýassygyna goýsa-da, ýene-de uklap bilmedi. Gelniň düşen güni bilen bagly pikirler wagty bilen ýene onuň başyndan sowulmadylar. Gül ýaly maşgalany goýup nähili gaçyp bolýanyna, ol näçe oýlansa-da, asla düşünip bilmedi.

Dogrusy, Orazgeldiniň-ä oňuň adamsyny Maryda ilkinji görende pisindi oturmandy. Onuň ýuwusgadan ätläniňki ýaly gansyz ýüzüni, göz okarasynda gakylyk ýaly endiräp duran gögüş gözlerini görende: «Bu bir oňly adama däl bolsa gerek, ýüzünde şeýtanlar omman atyp oýnaýar» diýip oýlanypdy. Gürrüňden gürrüň çykyp, bir gezek bolsa ol derdinişip, üýşüşip oturan adamlara düýbünden gerekmejek gürrüňi ähli yzygiderliligi bilen hilbir zat edenden bolup, inisini öýerip, toý edişini, at çapdyryp, göreş tutduryp, baýrak ýapyşyny biraz ýelheklenýänini hem duýman gürrüň beripdi.

Märekä ýarma, çekdirme, yzyndanam kersen-kersen agaran berip, ýag ýaladanyny aýdyp öwnüpdi:

— Beýdýän ýok-how... Men-ä edip goýberdim. Begenilendirdäraý, onsoňam ýagdaýjygymam baram-da!

Soňam: «Ýylanyň ýigreneni narpyz, olam hininiň agzynda gögär» diýleni bolupdy. Nurýagdy öz maşgalasy bilen göni onuň garşysynda ýerleşipdi.

* * *

Ýola çykylaly bäri Orazgeldi bir gezegem ine-gana oturyp, doýa naharlanyp görmändi. Ol bir garyn ajyrak, bir garyn dokurak halda, ýanlary bilen göteren gowurmadyr külçelerini çagalary üçin aýabrak tygşytlylyk bilen peýdalanyp gelýärdi. Bu zatlaryň gapdaly bilenem sök, erik kişdesidir kak, gurt ýaly zatlardanam, olary enesiniň zorlap diýen ýaly, ýük

görüp almajagam bolsa: «Gerek bolmasa, ýolda zyňyp goýber!» diýip, ep-esli edibem aldyranyny ýatlap, indi oňa minnetdar bolýardy. Indi bir zada güýmenmeseler oňup bilmeýän çagalar üçin ol zatlaryň güýmenje kemi ýokdy. Gaty gitse, ol bir bölek çöregiň gapdalynyň hurşam bolup durdy.

Juda ajygyp ýüregi akyberse, Orazgediniň özem ol zatlardan bir bölejigini agzyna atardy. Soňam wagty bilenem ony çeýnäp-ýuwudaýman agzynda saklap, mazasyny alyp oturardy. Ak çorba ýeke gezek berilýän bolsa-da, oňa hem gyzgynlygyna biraz gowurma atylanda, ol hem hiçneneňsi nahar bolmaýardy. Köp adamlar ýaly, olam aýaly bilen şunuň hem berlip duranyna şükür edýärdi. Eger o-da berilmese, şonda nädersiň? Ýöne mümkinçilik ýokdy, eger şol dagy bolaýan bolanlygynda Oguljumanyň oňa ýene biraz ony-muny ýanap, suw guýup, köpeldip ähli maşgala ýeter ýaly, bir oda ataryp bildigi bal ýaly nahar taýýnlajagy bellidi. Hemmeleriň öwrenişişi ýaly, Orazgeldi hem indi bu ýagdaýa öwrenişiberipdi. Munda esasy meseläniň çagalary hor etmän, güwläp gelen durmuş siliniň öňünde saklanmakdygyna hem göz ýetiripdi. Ol maşgalasy bilen öňem-ä bir dartgy-çekgili, agzala däldi welin, ýola çykylany bär-ä illeri görüp, onuň yhlasy hasam artypdy. Her gezek maşgala naharlanan mahalynda aýaly bilen çagalaryň naharyny alnaryna mümkinçilik döredip, özi kätebir tabaga çemçesini uzadyp, howlukman iýerdi. Käte elindäki bäbeginiň agzyna çalyp, işdäsini saklap, iýenden bolup oturan aýalyna: «Sen, näme çümmül-çümmül, iýiber, ýeter hemmämize-de» diýerdi. Özünden öň onuňam ýürekse edinerini islärdi. Aýaly bolsa öz gezeginde onuň gaýgysyny ederdi. «Senem iýsene, akgasy, aç ýykylaýma, ýa biraz gowurma bilen garbanaý, külçämizem ep-esli, süýtdür ýumurtga ýugrulan huruşlydyr, ýüregiňi tutar. Şükür, munuň özem takma-tukma birzatlar berip dur, hor bolmarys, Hudaý hor etmese!» diýerdi.

Orazgeldiniň tebigaty aňyrdan agrasdy, gerek bolmasa ýa soralmasa, ol herýeten gürrüňi böltäp, oňa söz goşjak bolup ýörenden däldi.

Köplenç arkasyny wagon diwaryna berip, başynda pikir bulutlaryny göçürip-gonduryp oturardy. Häli-şindem onuň ýadyna obalary, dost-ýarlar, soňra-da ol ýerden aga-ini bolşup, maşgalalary bilen arabalara gapgarylyşyp gaýdyşlary, inisi bilen Marydaky gysgawagtlyk didarlaşyk, onuň ogly Aganazaryň özlerinden aýrylyşasy gelmän delminip durşy ýadyna düşerdi.

Şu zatlary ýatlan wagty ol hemişe özüniň maşgalasy bilen ýene haçanam bolsa bir wagt Watana dolanyp gelmek baradaky tamasynyň kalbynda henizem şol ýylysy bilen duranlygyny duýýardy.

Bu pikirlere berilmek biraz gussalyragam bolsa, ony göwün küýseýärdi, kalba giňlik, özüçe göwünlik berýänem ýene şol pikirlerdi.

Daşkende gelnen gününiň ertesi sürgünleri Marydan bäri alyp gelýän ugradyjy topar başga bir topar bilen çalşyryldy. Täze adamlar gelensoň, judabir ynanyp barmaýan-da bolsalar, sürgünlerde zabunlaşan ýagdaýyň azda-kände bolsa-da gowulaşjakdygyna inçejik tama döräpdi. Toparyň ýolbaşçysy Morozkow atly, inçeden uzyn boýly, ýüzi gul adamsynyňky ýaly ikibarmak bolup duran, kyrk ýaş töweregindäki çytyk gaşly, hortaň adamdy. Ýöne olam birbada, hamala sürgünleriň şeýle erbet ýagdaýda saklanylmagyny dogry hasap edýän ýaly, olara üns bermedi. Talap bilen şol ýagdaýy saklady. Wagonyň içi bolsa gündizlerine şeýlebir gyzýardy welin, onuň içinde bugaryp oturan adamlaryň «Näme bolsa, şol bolsun» diýip segreşip galyberesleri gelýärdi. Ýöne aýallaryny, çagalaryny görenlerinde, ýene-de nädip raýlaryndan gaýdanlaryny olaryň özlerem duýman galýardylar.

Bir gezek täze toparyň başlygy otlynyň gapdaly bilen ýöräp, sürgünleriň saklaw ýagdaýyny gözden geçirip ýörkä, gabada gelende wagonyň agzynda onuň golaý gelerine garaşyp duran adamlaryň ikisi, saklap oturan esgerler aňyrsyny-bärsini seretmänkäler tarpa-tarpa wagondan böküp düşüp, täze komandiriň öňünden çykdylar. Olaryň biri Gully emin, beýlekisi bolsa daýanykly, bir gürrüňçilikde: «Orsuň ýüň ýuwýan zawudynda işledim, biraz onuň dilinem şonda öwrendim» diýen Güýç marylydy.

— Ýoldaş komandir, biziň arzymyzy bir diňläp alyň! — diýip, Gully emin komandiriň göni özüne ýüzlendi. Güýç hem gapdalyndan onuň sözlerini rusça öwürdi.

Komendant üşerilip, öňünden çykylmagyny halaman, aýak çekdi-de, öz öňünde duran sürgünlere halamazlyk bilen seretdi. Soňam gapdalynda hallan atyp duran mauzeriniň üstüne mazanma bilen bir elini goýup, öjügip, talaply gepledi:

— Kim size wagondan düşmäge ygtyýar berdi?

— Ýoldaş komandir, wagonlaryň içi örän yssy, ýakyp-gowrup barýar. Adamlar heläk bolýarlar! — Gully emin komandiriň haýbatyna ähmiýet bermän, onuň beren soragyna jogap bermek hökman däl hasap edip, daşyndan öwrülip, arzyny aýtdy: — Eger-de adamlary gynap öldürmek niýetiňizde ýok bolsa, onda birazrak bize garaşygam ediň, Adamlara gyzgyn wogondan ýere düşmäge, onuň kölegesinde bir oturmaga ygtyýar ediň!

— Siz ýene-de gaçyberseňiz, onsoň, biz nätmeli? Bizem size başymyz bilen jogap berýäs-ä bu ýerde. Siz bolsaňyz eýýäm gaçybam ugradyňyz mundan. Siziň üçin biz türmä düşmelimi onsoň?

Komandiriň armaýybrak durup, Gully eminiň sözüni böltäp diýen ýaly howlugyp beren soragy igençli bolsa-da, bu onuň garasaý azajygam bolsa sep berip ugranlygyny duýdurdy. Wagon gapylarynyň öňünde gezelişip, hümerlenişip, seredip

duran adamlara tarap hem ol: «Şu gep size-de degişli!» diýen manyda hütgürip seredip goýberdi.

Gully emin hamala komandiriň beren soragyna jogap tapmaýana meňzäp, şonda birpursat dymdy. Soňundanam Güýç terjimeçä tarap terjime et diýen manyda öwrülip:

— Ýoldaş komandir, adamlara biraz garaşyk edilse ýagşy. Şeýdilse, onsoň, gaçyp-tezen hem bolmaz. Ýogsam, onda-da bu eredip barýan howruň aşagynda. Beýle ýagdaýda adam pähimini ýitirýär, öz hereketine ygtyýar edip bilenok — diýip, ol inçelik bilen: «Şu ýagdaý üýtgemän, uzagyna dowam etse, her ýagdaýlaryň hem bolmagy mümkindir» diýen äheňde batnykly edip aýtdy.

Komandir oýlanyp düýrükdi. Töwerekde göz bolşup duran adamlar hem bir-birleriniň ýüzlerine seredişdiler-de dymdylar.

Ýöne, komandir öz jogabyna köp garaşdyrmady. Dyzanybrak, eliniň başam barmagyny kemerine geýdirip, gysga we pert gepledi:

— Göreris!..

Soňam ol gaty-gaty ýöräp, wagonlaryň gapdalyny syryp, söwedeňläp gitdi. Şu gürrüňden soň komandir adamlaryň rejesiniň geň däldiginden çen aldymy ýa-da özünden ýokarky başlyklara çykyp, ýagdaýy olara düşündirdimi-nämemi, öýlänara erkek adamlara hem ýere düşüp, uzaklaşman, öz wagonlarynyň gapdalynda oturmaga rugsat edildi. Az-kem-de bolsa ýazylganlyk gazanyldy. Şondan soň birsalymam bolsa adamlara garalyp-bürelip çytylyp, ýakymsyz adama meňzäp ýörse-de, komandir hem olara hiçneneňsi adam däl ýaly bolup göründi.

Aýallar çagalary bilen öz wagonlaryny kölegeleşip, üýşüp-üýşüşip, göç bolşup otyrdylar. Ümedüşmez çagalar bilen gykda-bakdylar. Çagalary bilen olara indi esgerleriň ugratmagynda gidip, goňşy howludaky kranlardan suw almaga

hem ygtyýar berlipdi we şondan bärem baryp-gelip, bu ýolda märeke sozanguýrukdy.

Erkek adamlaram indi gapdalda bir bölek bolşup bikär otyrdylar. Wagt geçirmek üçin ýer çyzyşdyryp, üstüne töwerekden çöplenen daşjagazdyr çöpjagazlar goýup, tarap-tarap bolup düzzüm oýnaýardylar. Olaryň arasynda hökümetden çekinip, namazyny kaza edip oturanlaram, Sarahsly Orazmyrat ahun ýaly ähli zada kaýyl bolup, namazyny sypdyrman okap ýörenlerem bardy.

Orazmyrat ahun her gezek namazyny okap bolandan soň hem namazlyk edip aşagyna ýazan donunyň üstünden wagty bilen turman, tesbi sanap oturardy. Ürç edip, haýsydyr bir keramatly dogalary ýürek togalap okardy. Ol her gün şeýdip il-gün, maşgalasydyr özi bilen sürgün bolup barýan adamlary ýatlap, gowy-gowy dilegler edýänem bolsa, islenilýän gowulyk welin bolubermeýärdi. Orazmyrat ahun ýaly Taňra juda ýakyn hasap edilýän adamlaryňam arzy şol günlerde asmana ýetmän galýana meňzeýärdi. Ýöne Orazmyrat ahunyňam oňa ýetjegi çynydy, dileginiň alga alynmaýanyna seretmän, gözlerini süzüp, doga okap, şol umyt tagbatdady.

Erkek adamlar wagonlaryň töwereginde aýallaryndan, çagalaryndan aýry topar bolup oturan hem bolsalar: «Bularyň ýagdaýy nähilikän?» diýşip, pikirler şol ýerdedi. Suw getirip, habar getirip, arada gatnaýanlar çagajyklardy. Çagalary gözüniň alnynda gezip ýören mahaly ene-ata kalby rahatlyk tapýar. Eginden basan horlugy duýmaýar.

Otlynyň ýene ýola düşjekligi adamlar aljak suwlaryny alyp, görjek ýol taýynlyklaryny görer ýaly, öňünden aýdyldy. Bu habar hamala, otly yzyna öwrülip, Türkmenistana gidiberjek ýaly, halky galkyndyrdy. Otly ýöräp, wagonlaryň içine şemal çalyp ugrasa, onuň jyzyran Günüň aşagynda oturandan has gowy boljaklygy baradaky pikir adamlary

ekezelendirdi.

Daşkentde bolnan soňky günde aňyrdan gelen üsti açyk gara maşyn golaýda saklanan mahaly adamlar oňa üşerilişip seredişdiler. Onuň üstünde iki sany ýaragly esgeriň arasynda bendi edilip getirilen şol gaçgak Nurýagdy ýüzüniň pisini aşyryp, sortduryp otyrdy. Haçanda ol maşyndan düşürilen wagty adamlar oňa: «Be, bu haramzadany nireden, nähili edip tapdylarka?.. Otuz-kyrk ýaşabam täze hökümetiň jynyna bir düşeňsoň sypyp bolmaýanyny bu alasamsyk bilmeýärmikä? «Ýamanyň kesti iline ýeter» diýleni. Biý-ä gaçdy syrtyny çalyp bir ýere, bu ýerde bolsa esgerler biziň burnumyzdan gan getirdiler. Haý, mysalaň gursun!» diýýän ýaly nägile bolşup seredişdiler. Ejesiniň gapdalynda oturan ýortmança oglan kakasyny tanap begenip, onuň öňünden çykjak boldy. Ýöne: «Kakam!» — diýip, ýerinden galanam şoldy welin, kakadan göwni galan gelin şapba onuň goşaryndan tutdy:

— Işiň ýok ol ýerde. Hüm-m... Gör, bu eşşekogluny, hamala hilbir kakaly kişimişin-dä! — diýip, gelin ýaşmagyny çeýnäp-çeýnäp ahmyrly gürledi.

Şonuň gaçany üçin özlerine zabun daralanlygyna ynanýan adamlar ony otlukly, sowuk nazar bilen garşyladylar. Ol hiç kimiň ýüzüne seredip bilmän, eli arkasyna bagly halyna esgerleriň öňüne düşüp, süssenekläp, adamlaryň arasyndan geçdi. Onuň egnindäki dyzyna düşüp duran ak köýnegi der-çaňa eýlenip, garamtyl-sargylt reňk alypdyr. Ýollarda depgisi hem ýeten borly, ol esgerler sähel tüpeňlerini bir sebäp bilen ýokarrak göterselerem, «ziňk!» edip tisginýärdi, egnini gysyp, kellesini göwresiniň içinde gizlärli görünýärdi.

Nurýagdynyň beýdilip getirilmegi soňra adamlaryň bilesigelijiligini has hem artdyrdy. Esgerler gaçgagy getirip öz wagonyna salanlaryndan soň hem ol ýene sap atyp gaçar öýtdülermi-nämemi, soňam wagty bilen wagonyň gapysynyň

agzyndan aýrylman durdular.

— Otly ugrajak wagty münersiňiz! — diýip, töwerekden gelen adamlary hem kowup, wagonyň içine hiç kimi goýbermediler.

Adamlaryň bolsa gaçgagyň ilkä gaçyp, soňam ýene-de nädip bu ýerlerden gelip-çykyp ýörşi barada bilesleri gelýärdi. Hasam onuň gaçanyna wagondaky adybir obadaşlary namys edýärdiler. Häzirem onuň ele salnyp getirilenine hemmelerden beter ýene-de şolar razy bolupdylar. Bir öwrümde, ahyrsoňy Hudaýberdi atly gözleri oýnaklap duran adama sakçy esgerlere: «Goşumda suw salýan gabym galypdyr, şony alaýyn!» diýip wagona aralaşmak, aýak üstündenem bolsa Nurýagdy bilen birki oýnam sorag-jogap alyşmak başartdy. Ol aňyrdan gele-gelmäne: «Ol-a, adamlar, özünde günä goýanok. «Içim geçdi, onsoň adamlardan çeträge çekildim, bir giňäýin» diýip. «Görsem, aňry ýanymda bir oba-da görnüp dur. Däri-derman etmesem munuň ýazmajagynam bilýän, soňam zäk-päk soraýyn diýip, şoňa gitdim. Ýetişermikämem diýsem, ýetişmedim, otludan galdym» diýýär» diýdi. Özi bolsa onuň gepiniň bir sözüne hem ynanmanlygyny mälim edip, böwregini bökdürip ýylgyrýar.

Otly agöýlänler ady wagyz bolan Daşkentden çykyp ugrady. Wagonlaryň gapylary ýapylansoň, «Daşkent uly şähermiş» diýip eşitseler-de, ondan adamlaryň oňly görüp bilen zatlary bolmady. Yssy içinde tebsiräp, endiräp oturan şäher wagon tagtalarynyň aralygyndaky yşgalaňlardan-a asla-da gowy görünmeýärdi. Üç gün durup, halys leji çykan argyn adamlaryň ony judabir göreslerem gelip baranokdy. Adamlar Nurýagda maşgalasynam taşlap gaçan mahaly gaharlary gelip, oňa hyň uranam bolsalar, wagonlara münülip, ýerli-ýerlerinde ornaşansoňlar, bu ýagdaý bilen birbada ylalaşana meňzediler. Emma juda beýle-de däl eken, otlynyň ýöräp, bat alyp ugranyna mähetdel gaçgagyň öz

aralaryndan bolanyna hym edip ýören Tätän baý duýdansyz ýerinden turdy-da öwrülip, öz bölekleriniň aňrybaşynda oturan Nurýagdynyň üstüne gaýtdy:

— Eý, haramzada, tur ýeriňden! — Ol şatyrdadyp ýakadan alarly göründi: — Nädip seniň ýalyny ýeriň göterýänine men haýran!

Nurýagdy özüne tarap ýönelen Tätän baýyň tüýsüniň üýtgänini görüp, janyndan umydyny üzdi. Onuň şol öçli somlap gelýän elleri bilen özüni şatyrdadyp, bogup öldürjegine ynandy. Onýança onuň öň ýanynda oturan çagalary epeý adamyň öz üstlerine kükräp gelýänini görüp, ýerli-ýerden çirkin gygyryşyp, dady-perýat edişip ugradylar.

Nurýagdy onuň öňünden sowulmak üçin tarsa gapdalynda oturan aýalynyň ýeňsesine dolandy. Ha diýmänem emedekläp, aýalynyň köýneginiňem eteginden girerli göründi. Ýerli-ýerden hasanaklaşyp turup, adamlaryň iki sanysy ýetişip, Tätän baýyň ellerinden tutdular. Oňa töwella etdiler: «Şu haramzada bilen deň bolmasana senbir!» diýşip, oňa höre-köşe etdiler. Tätän baý Nurýagda tarap öçli seretdi:

— Binamys, haramzada, seniň ölümiň ahyr meniň elimdendir!

Tätän baý deminden düşüşip bilmän ýeňseräk çekildi-de, ümürli nazaryny Nurýagda dikip durdy, birdenem ýene täzeden küýlenip, onuň üstüne gaýdybererli görünip, gazaply haşylady. Soňam ol raýyndan gaýdana meňzedi-de, Nurýagdynyň aýalynyň başyndan syrylyp ýere düşen atynjasyny harsa aldy-da, ony Nurýagdynyň başyna büredi:

— Şuny sen bürenmeli... Indem biläý, aýyrsaň—öldirin! — diýip gazap etdi.

Otly indi gitdigiçe bat alýardy. Wagonlaryň diwarlarynyň arasyndaky yşlardan syzylyp şemal gelýärdi. Birsalymdan kapas wagonlaryň içine salkyn aralaşyp ugrady. Adamlar

özlerini agyr ýük eginlerinden aýrylan ýaly duýup ugradylar.

Daşkentde yssynyň-kapasyň derdinden telim günläp ukyny oňly alyp bilmedik çagalar indi janlary arama girip serginleşip, mysylaşyp ýatyrdylar. Birsalymlygam bolsa, ene-atalaryndan olaryň azary sowlana meňzeýärdi.

Çykalga gapynyň öňüne ýene-de erkek adamlaryň birnäçesi Gully eminiň töweregine gürrüňçilige üýşüşipdiler we olar dar ýerde dykylyşybrak, töwerekden aýratynrak bolşup otyrdylar. Wagonyň içindäki göz öwrenişilen alagaraňky häzirem olaryň depesinde salgym ýaly bolup durdy. Şeýle gürrüňçilikler mahaly adamlar bir pursatlygam bolsa özleriniň bendi ýagdaýlaryny unudyşyp, gürrüňe berlişip oturardylar. Şonda her gezek adamlaryň kalby giňäp, ýüzleri hem ýagtylan ýaly bolardy. Döwründe okap, kitap baryny dören Gully emin adamlaryň geçmiş pygamberler baradaky gulaklaryň ganan rowaýatlaryny aýlap-öwrüp, öz ýagdaýlaryny ýatladýan, töweregiň sabyrlylygyna, çydamlylygyna, mähir-mertebede galmaga kömek eder diýen wakalaryny bir-birine suňşuryp, aýratyn bir yhlas bilen gürrüň edip otyrdy. Bir gyzyşansoňlar olara otlynyň mahal-mahal jylaw süýräp, Kösäniň Bozdumany kükräp gapa gelen ýaly bolup, güýçlenýän güpürdi-tapyrdylary hem zyýan berip bilmezdi. Mahal-mahal goşlaryň gapdalynda çagalary bilen güýmenşip oturan aýallar erkek adamlaryň çökerilen ýaly bolup oturyşlaryna göz gytaklaryny aýlaşyp: «Beýle nähili hezillik tapýarkalar bu erkekler, gyz, uzakly gün ýere ýelmeşen ýaly bolşup, gürrüň-gybat urşup, bazara gelen ýaly bolşup otyr bular» diýşip geňlärdiler.

Güýç dilmaç bu gezek her gün onlarça gezek içinden okaýan dogasyny okap bolansoň, bir gepiniň barlygyny mälim edip, goňşy aralygyndaky, hemişe gowurmanyň ysy gelýän horjuny öňräk iterip, gapdalda arkasyny diwara berip, irkilibräk gözüni süzüp oturan Orazgeldä tarap süýşdi. Soňam:

— Goňşy diýýän-ä! — diýip, oňa ýüzlendi.

Güýç dilmajyň başynda ýaňy doga sanap otyrkamy ýa başga bir wagtdamy nirelerdendir bir ýerlerden gelen ýakymsyz, häli-şindem ony oýlandyryp, azara goýýan pikir bardy. Orazgeldi goňşusyna tarap ýarym egin öwrüldi. Güýç gözüni süzüp, pikirini jemlän wagty onuň maňlaýy ýygyrt atyp gitdi:

— Goňşy, diýýän-ä, göwnüme bolmasa, bular bizi bir ýerden bir ýere däl-de tutuşlygymyza, otly-sotlymyz bilen haýsydyr bir äpet a darhanyň agzyna alyp barýana meňzeýär— diýip, kalbyna gelip, özüni biraz eýmendirýän pikiri ýatlady.

Orazgeldiniň oňa ilki: «Sen bu zatlara häzir düşünip ýörmüň, goňşy?» diýesi geldi. Sebäbi adamlaryň köpüsi munuň şeýledigine bireýýäm gözlerini ýetiripdiler. Şeýle-de bolsa ol geplände gürründeşiniň gepine kybapdaşrak bir gürrüň tapmaga çalyşdy:

— Aý, goňşy, seniň göz öňüňe getirýän ol a darhaň otly-sotlynam sokga sorup alýan bolsa, onda kiçi-girim-ä zad-a bolmaly däl...

— Eýsem näme! — Sözüne «hä» berlen Güýç dilmaç soňky takyklamany hamala howadan kakyp alan ýaly edip:

— Şol a darhanyň köteni doýmasa, ol irde-giçde-de asla adam gaýgyrar öýtmegin — diýip janykdy.

Köpüň derdi bolan bu sergezdançylyk Güýç dilmaç üçinem hökmanlygy bolmadyk, toslanyp tapylan, müňlerçe adamlaryň öýüni ýykan, ojagyny gömen, haýsydyr bir gurrumsagyň il bilen hezil edip oýnasy gelen oýnudy. Ýöne il bilen oýnuň deň geläýermikän, il bilen bil tutuşyp, ony ýykan barmyka?! Sähel pähimi bolan ondan irde-giçde ýykyljagyny biläýmeli ahyryn. Doňuz bolup depä çykaňsoň, belki, wagtyragynda hetdiňi tanap bolýan däldir-dä... Soňundanam ol otlynyň indi ýöreýşini üýtgedip owşanaklap, ýorgalap ugrana meňzän sesine gulak salyp, başyny sallap, gussaly dymdy.

Doga sanap, soragynyň anyk jogabyny indi aňyndan, «Gurhan» sürelerininiň arasyndan bir ýerlerden gözleýäne döndi.

Goňşular soňra ýene birsalym häzirki ýagdaýlarynyň Daşkentdäki ýagdaýlaryndan dem ganymatlygy, ýalazy ýerde Günüň aşagynda gazalyp durandan ýörelen mahaly has ýeg bolýanlygyny öz mysallarynda ýatlaşyp, «Daşkent, Daşkent!» diýilse, kaşaň şäher görmegiň ýerine Marynyň öňüni dolan bir şäher görendikleri barada mesawy gürleşip otyrdylar.

Orazgeldiniň sag tarapdaky goňşusy, Gully eminiň doganoglan inileriniň biri Abdysemediň aralykda wagon diwarynda bir el sygar ýaly deşik bardy. Otly ýörän mahaly şondan köwsarlap, arassa şemal gelýärdi. Onuň öňi indi goňşy oturan maşgalaryň çagalary Allanazardyr Çolugyň, Abdysemediň  ogly Tyllanyň köp oturýan ýeridi. Oglanlar gezekli-gezegine şol deşikden dünýäni synlaşyp oturardylar. Näme görenlerini bir-birlerine aýdyşardylar. Hemişe diýen ýaly il bilen näme gürrüň etjegini bilmeýän ýaly düňleräk gezýän Orazgeldiniňem çagalardan artsa, güýmenje tapýan ýeri şu ýerdi.

Ol indi iki gün bäri şol deşikden dünýäni synlap, iki günden bäri hem töwerekde şolbir üýtgemän duran sargyltgoňur sährany görýärdi. Şol pursatda otly hem ýöremän, şol bir ýerde öňe-yza leňňer atyp, demir ýollarynyň üstünde taýyp durana dönerdi. Orazgeldi bir gezek otly duranda şol yşgalaňdan seredip, gazak aýallarynyň düzüm-düzüm edip kakadylan balyklary ellerinde sereşledişip, satmak tamasy bilen otla tarap seredişip duranlaryny gördi. Olaryň birnäçesi bolsa wagonlara has golaý gelip, bir-birlerine çolaşýan ýaly bolşup: «Balyk!», «Balyk alyň!» diýşip, otlynyň gapdaly bilen ylgaşlaşyp, aljaga-almajaga öz harytlaryny hödürläp aýlanyşyp ýördüler.

Golaýda Aralyň çaýkanyp ýatanyndan habarsyz

Orazgeldi: «Bu itgyran çölüň içinden gazaklar balygy nireden alýarkan?» diýip geň galýardy. Gazaklaryň malhonlygyny ýatlabam: «Ýa bularyň goýunlary bir garyn- ýarym garyn dagyn balygam göteräýýärmikän?» diýibem oýlanýardy.

Töwereginde gögerip oturan ýeke düýp bag wokzal jaýyny bu sähranyň içinde diýseň ýalňyz görünýärdi. Birnäçe ýerlerde, gyssagly maslahat bişirýän ýaly adamlar hümer bolşup durdular. Ýeňseden düýeler, olaryň gäwüş gaýtaryp töweregi parhsyz synlap duruşlary görünýärdi.

Orazgeldä otly gidip barýarka bu ýerden dünýäni synlamak hasam ýarady. Bu aşyrym atyp, tolkuna öwrülip oturan depeleriň üstünden käte tanyş çöl otlarynyň ysy burna haplap urardy. Ol bolsa onuň sähraýy keşbi bilen sürgünlere özleriniň bilelikde nalaç yzynda galdyryp gaýdan, ot-çöp ysy bilen heýjana gelip oturan ýurduny ýatladýardy.

Otly Orenburga üç gije-gündizde geldi. Ol şol ýerdenem gündogara tarap öwrülip, Orskiý, Torskiý... diýip, ýüzüni Sibire tutup ýöräp ugrady.

* * *

Göräýmäge Murgabyň akyşy ýaly durmuş akyp durdy. Kimseler ondan häzir gaýkyldap akyp barýardy, kimseleri bolsa ol eýýäm özüniň hokurdan-aýlaklarynda aýlap, girdaba alyp gidipdi, ýene birnäçeler şol akyşyp baryşlaryna çar tarapa çawjaşyp, aman galmak üçin haýsydyr bir kenara ýüzüp ýetmäge jan edýärdiler.

Gully emindir Kymyşyň neberesiniň yzysüre ahyrzaman obanyň döwletli maşgalalarynyň ýene birisi — Taganlaryň üstünden indi. Taganlar halkyň içinde Merwiň üstünde, basybalyjy daşky duşmanlar bilen bolan söweşlerde özüni görkezen, duşman läşinden seňňer ýasan Gulla batyryň neberesi hökümünde tanalypdy.

Emma duşman naýzasy ahyrsoňy onuň özünem aman

goýmandy. Garnyndan gapy açyp, ony körük ýaly ýel alyp-çykaryp duran edipdi. Tebipler soňra ol ýaranyň ýel alyp durmasyny galdyrmak üçin, oňa täze soýlan göle hamyny, syk dokalan kendirik bölegini hem goýup sarap görüpdiler. Ýöne, ýarany mylaýym suw bilen ýuwup, adaty iňňe-sapak bilen tikäýmek weli, şol wagt hiç kimiň kellesine gelmändi[1].

Gulla batyr şol ýaradan hem wepat bolupdy. Gulla batyryň oglanlary hem soňra atalaryndan galan gurply maşgalanyň ýagdaýyny saklamagy oňarypdylar. Olaryň biri gidip, Buhara medresesinde okasa, ýene birki sanysy döwrüniň atarman-çaparman adamlary bolup ýetişipdiler. Sowet hökümeti gelen ýyllarynda Söýünalynyň sowady çykan adamlarynyň ençemesi hut şol Gulla batyryň ogly Tagan sopynyň oglanlary bolupdylar. Onuň bäş oglunyň birinden başgasy döwlet işlerine çekilip, raýonyň pylankes diýen adamlary bolup ýetişipdiler. Bu döwür barada il içinde bar bolan: «Maryny Mergenler, Tagtabazary Taganlar aldy» diýen gürrüňem şol döwürlerde döräpdi.

Kolhoz gurluşygy başlanan mahaly olar özleriniň alty sany ýük düýesini, iki sany goş öküzini ilkinjileriň biri bolup döwlete tabşyryp, soňra özlerine bu meselede gep geler ýaly etmändiler. Emma ýakynda bularam bir bahana bilen durmuş kerebine çolaşypdylar. Çolaşanlarynda-da Taganlar topbagy bilen erbet çolaşypdylar. Şol günleriň birinde raýonda Döwlet taýynlaýyş komitetiň başlygy bolup işleýän Aga Tagan ýüzüni garaňka tutup, bir adam bilen tirkeşip, Söýünalydaky öýlerine geldi. Onuň bilen gelen başyna türkmen telpegini, harby geýimiň üstünden gowaldaňrak don geýen bir harby orus adamsydy. Ol köne tanşy Aga Taganyň

*[1] ... Gör bu durmuşyň öwrümlerini?! Gulla batyr kösenip, dert çekip ýatyrka onuň töwereginden şol wagt ol ýarany ýuwup, tikip, batyry halas eden adam tapylmaz. Şeýdäýmelidigi hem hiç kimiň kellesine gelmez. Wagt geler! Soňra onuň çowlugy Myrat Abdyrahman, ýuwlugy Agaberdi Abdyrahmanow dagy ýurduň uly hassahanalarynyň ýeňil elli lukmanlary bolmak bilen, ýurtda kesip-tikip, uly operasiýalar ýerine ýetirip ýören, döwrüniň mynasybetli lukmanlara bolup ýetişerler.*

ýanyna, özüniň serhetden aşmagyna kömek eder diýen tama bilen gaçyp ýörite gelipdi. Aga Taganam ony OGPU-nyň ýer ýykyp gözleýänligine seretmezden, serhetden geçmäge garyndaşlarynyň üsti bilen kömek etmek üçin bu ýere getiripdi. Emma Taganlara şonda myhmany bada-bat abraý bilen serhetden geçirip goýbermek başartmandy. OGPU bolsa ony ele salmak üçin ürç edip serhedi berkidip, ähli ýollar bilen ony aňtap-yzarlap gözleýärdi.

Şonuň üçinem doganlar myhman bilenem maslahatlaşyp, ony biraz wagt geçip, serhet-beýlekiniň hem ony geçip gidendir öýdüp goragyny gowşadýança öýde gizläp saklamaly diýen karara gelipdiler.

Obada adamlaryň kulakçylyga çekilip ugralmagy bilen bir wagtda, täze hökümet hem öz adamlarynyň üsti bilen il içinde alyp barýan wagyz işlerini mese-mälim güýçlendiripdi. Olar oba öýme-öý aýlanyp, hamala özüne uýmaýanyň hem ýetikligini aňýan ýaly, Sowet ýolunyň ýeke-täk hak ýoldugy, bu ýoldan ýöränleriň bagtly menzile ýetjekdigi, baý-kulak eziji synplaryň bolsa asyrlarboýy garyp gatlagy ezip, egin ýagyny gemrip gelendigi hakynda wagyz edilýärdi. Bu geçirilýän işler adaty wagyz işlerine däl-de, has dogrusy, haýsydyr bir edilmesiz gabahat işi edip, indem bu işde özüniň ýeke-täk mamladygyny subut etmäge, özüni aklamaga çalyşýana meňzeýärdi.

Eger şol gezek Hanuma, özi ýaly bir täze durmuşyň janköýeri gelin bilen Taganlaryň aýallarynyň arasyna wagyz işlerini geçirmäge gelmedik bolanlygynda, geläýende hem iç işikde bukurak ýerde goýlan, ýalpyldap duran komandir ädigini görmedik ýa-da ony derejeli işlerde işleşip ýören Taganlaryň biriniň ädigidir öýdäýenem bolsa, bu syr açylmasa-da açylmazdy. Hanuma telim günden bäri «Şu ýerlere aralaşypdyr» diýip, OGPU-nyň Tagtabazaryň ähli ýerinden

elek-soky edip patyşa ofiserini gözleýänliginden habarlydy. Şonuň üçinem öýdäki bu aýratynlyk köpi gören, ýitigözli gelniň synyndan sypmandy.

Hanumanyň getiren habary ilki Ýagdyny oýlandyrdy. Onuň, gör, nämelerdir bir zatlary ýatlap, bir pursadam bolsa aňyna diň salanlygy hem belli boldy. Ol Hanuma ynamsyz seretdi:

— Sen ony şoldur öýdýäňmi?

Hanuma ynamly gepledi:

— Şoldur!

— Ýadyňdan çykarma, eger gepiň ýalan çykaýsa, olar bize soň hezil bermezler. Taganlar oýun eder ýaly çöp-ä däldir!

— Şoldur! — diýip, Hanuma ýene-de pert, ynamly gepledi.

Olaryň goňşusy Gara tikgiliň heleýi Taganlaryň aýalyna: «Her gün gije öýüňizden gaty-gaty ýöräp, biri aýak ýoluna çykýa-la, oturyp-oturmanam ýene turup gidýä, käte don bürenibem çykyberýär» diýende, ol aýal: «Adamymyň birki gün bäri içi geçip, garny heläk edýär, gyssansa, näme eline ilse, egne alyp gidiberýär» diýipdir. Şundan soň Ýagdam: «Onda ol, dogrudanam, şol patyşa ofiseri bolmaly» diýip, onuň sözüne ynanypdyr. Hanuma soňra Ýagdynyň gözleriniň adam iýiji möjegiňkä meňzäp, otlukly ýalpyldap gidenini görüpdi.

...Ýagdynyň Taganlara bolan hyrşy aňyrdandy, gizlindi. Ýogsam onuňam maşgalasy indi bireýýämden bäri Taganlar bilen adybir taýpa bolup otyrdy. Taganlaryň ýaşkiçileri onuň kakasyna we beýleki ýaşulularyna hormat bilen olaryň atlarynyň yzyna özleriniň ýakyn birileridigini aňdyrýan «akga» sözüni goşup, mertebeläp tutýardylar. Onuň kakasy özi üçinem Taganlaryň ululary pylany akgadylar. Toý-sadakada öz-özleri aýakda-gol bolşup gatnaşardylar. Ýöne il içinde heniz-henizlerem olaryň atlaryny geçmiş bilen baglap, gürrüňçilikde

beýlekide: «Haýsy Ýagdy ol?» diýlende:

— Aý, hol, Narly guluň ogly Ýagdy gul-da! — diýlerdi. Ol oba şurasy bellenilenden bär-ä Ýagdynyň şol eşitmek islemeýän lakamy bilen-ä onuň adyny hasam köp agzardylar.

Ýagdydan azar gören adamlar: «Aý, süňňi pes adamdyrda, olardan gowulykdan başga hemme zada garaşyber!» diýen manyda hamala ol wezipede ig adamlardan biri oturanlygynda ýagdaýyň juda beýle bolmajagyna, onuň ile has sahawatly boljagyna ynanyp, Ýagdynyň adynyň yzyna göwnüýetmezlik bilen «gul» lakamyny goýup gürleýärdiler.

Öz ýanynda bu lakam judabir agzalyp barmaýan-da bolsa, Ýagdy munuň indi hiç ýerde hem agzalmagyny islemeýärdi. Kimdir biriniň bir ýerde öz adyny şeýdip kemsidip tutanyny eşitse-de: «Guly men seniň gözüňe görkezerin!» diýip, oňa hym edip öjügerdi. Ýogsam bu nakyl onuň kakasy bilenem däl, atasy Haýdaraly bilen baglydy. Haýdaraly orus gelmezinden öň alamançylyk eýýamynda Söýünala gelip düşen bendileriň biri bolupdy. Gulla batyryň inisi bir gezek alamana gidende: «Maňa ýeten paý-a şu boldy!» diýip, oba iki sany on iki-on üç ýaşly oglanjygy alyp gelipdi. Soňundanam olaryň birini «Hyzmatyňyza ýaradarsyňyz» diýip, agasy Gulla batyryň maşgalasyna beripdi.

Ýakynbir janköýer garyndaşlaram ýokmy-nämemi, soňundan oglanlary yzyna äkitmek üçin sorag salyp, gözläp gelenem bolmandy. Şeýlelik bilenem olar gelen ýerlerine höwrügişip, iliň birisi bolşup gidiberipdiler. Oglanlaryň ikisinem Gulla batyryň neberesiniň adamlary il içinden olaryň öz deňräklerini tapyp, öý-işik edipdiler. Olaryň ikisi hem şu ýerde ogul-gyzly bolupdylar. Gulla batyryň inisiniň özüne talaban edinen oglanjygyndan soňra Dowlat baý diýen ogly Söýünalynyň atly baýlarynyň biri bolup oturypdy. Ol sahawatly bolup, soňra özlerini ýalkan adamlardan hem he-

maýatyny gysganmandy.

Ol ýurda täze hökümet gelen döwri bu ýerde barly adama dury gün görkezilmejegini aňyp, irgözinden, süri-süri maly bilen maşgalasyny alyp, Owgana geçip gidipdi.

Ýagdynyň kakasyna bolsa Dowlat baý ýaly rysgal-döwletli bolmak miýesser etmändi. Onuň zähmetiniň üstünden aýlanyp duran ýykma-ýykylma güzerany bolupdy. Narly gamyşçy käte öýünde, gürrüň arasynda özleriniňem bu oba bir ýerlerden gelip düşen adamlardyklaryny ýatlasa-da, geçmiş üçin kimdir birinden göwün-kine edip ýören adam däldi. Munuň Hudaý halan ykbal işidigine ynanyp ýaşaýardy.

Emma Ýagdy welin soňra bu ýagdaýlardan özüçe sapak çykaryp, şony yzarlap ugrapdy. Göwne gelen gümanly pikirler soňam gol ýaýradyp, onuň kalbynda öýke-kinä öwrülipdiler. Indi köpden bäri bolsa ol häzirki Taganlara bu geçmiş işiň degişli hem däldigine seretmän, olara bu etmişi: «Hemmesi bir pohdur-da» diýip, asla bagyşlap bilmeýärdi. Emma pygylyny gizlin saklaýardy. Taganlar kuwwat -mertebededler, sähel sep berip, gaňňaňy garnyňa alaýýanlygyňy aňdyrdygyň depgiläp, mynjyradyp gidiberjekdiler.

Oba şura bolup derejelenenden bäri-hä onuň Taganlara bolan öýke-kinesi hasam ulalyp, indi ol ar almak höwesine hem öwrülipdi...

Ol Hanumany diňlänsoň, Taganlar bilen ata-baba aryny haklaşmagyň pursady gelenine kemsiz düşündi. Şol günüň öýläni Ýagdynyň habar edip, şäherden çagyran OGPU işgärleri göni gelip, Taganlaryň öýlerinde rus ofiserini tussag etdiler. Gidenlerinde Taganlaryňam ähli erkek göbeklisiniň ellerini arkalaryna baglap, olaram tussag edip, özleri bilen äkitdiler. Bir hepde geçip geçmänkä-de, orus ofiseri bilen birlikde Taganlaryňam dördüsine atuw jezasy yglan edildi. Ýöne tizden Taganlaryň Hudaý diýen ýerleriniň barlygy

belli boldy. Obada komsomol-beýleki bolup ýören Berdi kartbazyň, öz adybir agalaryny bu beladan halas etmegiň ugruna arza çykyp, Aşgabada gidenligi belli boldy. Berdi kartbaz Aşgabada gelip, prokuraturadan ýüz tapmansoň, Atabaýewiň kabulhanasyna geldi. Atabaýew ýokdy. Ony Atabaýewiň özi bilen arz diňleýän işgärleriniň biri kabul etdi. Berdi kartbazy diňläp, işiň gaýragoýulmasyzdygyna göz ýetiren wekil oňa Atabaýewiň sapardan gaýdyp gelerine garaşyp durman: «Sen, inim, göni ýoldaş Kalininiň özüne telegramma bilen kömek sorap çyk, beýle zatlary esasanam häzir ýurtda şol çözýär» diýip maslahat berdi.

Berdi kartbaz ol ýerdenem degerli haýyşnama taýynlamaga kömek berip biläýjegini ýatlap, Oba hojalyk-ýer işleri ministriniň orunbasary bolup işleýän öz obadaşy, deňduşlukda bile oýnap ösen oglany Çary Özbegiň üstüne gitdi. Aňyrsy sähel wagtdanam Çary Özbegiň kabinetiniň öňünde oturan gyz olaryň iki bolup taýynlan arza-telegramma hatyny iki nusga edip çykaryp, öňlerinde goýdy.

Berdi kartbaz erjeldir, ol erjelligini hem eder. Her zat eder, bir zat eder ýoldaş Kalinine-de öz arzyny ýetir. Töwekgeliň işini bolsa Taňryň oňarmaýan wagty barmy näme?! Berdi kartbaz yzyna gidenine bir hepde boldy diýlende Tagtabazara gaýdyp geldi. Ol Aşgabatda, Kalinine ataran arzynyň netijesine birki gün garaşansoň Mara gaýdypdy, ol ýerde hem bir-iki gün bolup, öz işleri bilen bagly aladalarynyň ugrunda bolupdy.

Asmany çaňjaryp duran şemallyja gündi. Şemal demirýol wokzalynyň ýeňse tarapynda oturan rus agaçlarynyň etegini galgadyp, şygyrdadýardy. Gözýetimde ýylgynly kölüň ýaşyl gamyşlarynyň düýrlenip-üşerilenip, goýry tüssä meňzeşip oturyşlary görünýärdi. Berdi kartbazyň ýaňy gelip düşen otlusy indi demirýoly yzarlap, alatüsse bolup, taýzarlyp, Guşga

tarap barýardy. Är işi bitirilipdi. Ýöne, mundan entek Berdi kartbaz habarsyzdy. Ol öz azabynyň ýerine düşenligini, Taganlara berlen ýokary jezanyň sürgün, türme bilen çalşylýanlygy baradaky Moskwadan gelen habary oba gelen-soň eşider. Şol günleriň birinde ol şäherde Aman OGPU-a duşdy. Ol Berdini tanap, ýörite aýak çekdi. Onuň ýüzüne çytylyp, nägileligini aňdyryp seredip durşuna:

— Sen, komsomol, uly adamlary azara goýup, kimleri gorap ýöreniňden habaryň barmy?

— Bar!

— Kimi?

— Ýoldaş Aman OGPU, men öz agalarymyň aladasyny etdim. Olar bolsa sowede ok atan duşman däl. Men ýoldaş Kalinine hem şony ýetirdim. Onsoňam men agalarym ol ýagdaýa düşüp durkalar, elimden gelen kömegi etmän durubam biljek däl.

— Ýöne sen ýalňyşýaň, ýigit!

— Mümkin.

Aman OGPU köpmanyly, ajy ýylgyryp gapdalyndan geçip gidensoňam, Berdi şol duran ýerinde onuň yzyndan seredip, oýurganyp esli durdy hem süňňüniň ony görenden ysytma tutup ugran ýaly, öz-özünden sähelçe saňňyldaýanlygyny duýdy.

Ýagdy bolsa şol günler: «Özüm bu mesele bilen göni girdim OGPU başlygynyň ýanyna. Näme etseňiz ediň-de, ýöne atmaň!» diýdim. Diýseň-diýmeseň bizem raýonda sözi ýer tutýan adamlaryň bir-ä. Onsoňam Taganlaram bize kese-ki-de däl, öz adybir Hangulymyz» diýip, olaryň ýene bir öwrümde gaýdyp gelerlerini çak edip, il ugruna delalat eden janköýer bolandan bolup gepläpdi.

Ýöne, iliň hasaby özündedi. Ol Ýagda bu gepleri diýýämisiňem diýmedi. Berdini welin är işini bitiren ogul hökmünde minnetdarlyk bilen ýatlady. Şonda iliň göwnüne

Gully emindir Kymyş duzça hem wagtynda Berdi ýaly bir janköýer tapylaýanlygynda, olary hem sürgünden saklap bolaýjak ekenligi barada giçki pikir peýda boldy.

* * *

Baýyrlaryň arkasyndan çykyp, birden boý dartyp ösen ýaly bolan Gün ep-esli asmana göterilen hem bolsa, dünýä heniz özüniň gijäniň bir wagty tapan serginligini doly ýitirmändi. Bir bakyşda Günüň hereketdedigem oňly duýulmaýar hem ol şeýdip pasyrdap, tamdyr agzyndan göterilen gyzyl ot bolup, hemmişe durarly görünýär.

Serpigi serpilip, ter howanyň öňi açylan öýünde Jemal mama agtyklary Akjagüldür Ogulbike bilen çörek bişirinmegiň ugruna çykyp otyrdy. Düýn öýländen soň Akjagüldür Ogulbike bir puta golaý däne äkidip, ony goňşularyň el degirmeninde iki bolup üwäp, ýatarwagtyň öňüsyrasynda üst-başlaryny ak çaň edişip, ýüpek ýaly mymyk un edip getiripdiler. Jemal mama galsa-ha ol hamyr etmegiň ugruna irräk çykmakçydy, ýöne degirmen aýlap ýadap gelen gyzlary düşen-düşen ýerlerinde uklaşyp ýatyrdylar. Garry olary turuzmaga dözmändi. Hamyr etmegiň ugruna bolsa olar ýagşy ukusyny alyp turansoň çykylypdy.

Akjagül enesiniň gapdalynda hamyr edip otyr. Onuň şindi ýeterlik güýjüni almadyk ýumrujyklary hamyryň ýeterlik dereje ýugrumyny ýetirerden biraz ejizräk gelýär. Oňa bolsa Oguljumanyňky, Jemal mamanyň kiçi gelni Amangülüňki ýaly gujurly, hamyry öz islegine görä ýugrup-ýasan gollar, towlanyp duran goşa ýumruk gerek. Gaýta, öňler gelinler hamyr edenlerinde gyzlaram ýanlaryna çygyryp: «Geliň, oturyň kendirigiň başynda, öwrenersiňiz!» diýenlerinde, hamala agtyklarynyň çagalygy elinden alnyp barylýan ýaly

gaýynenesi olara: «Ediberiň özleriňiz etmeli işleriňizi, olaram başlaryna düşende öwrenerler!» diýip, olary ezizläp goraglardy. Ýöne şol wagt Jemal mama gelinleri bilen beýle işleriň gyzlaryň başyna düşjek gün şeýlebir golaýdadyram öýtmändiler. Gelinlerine wagtynda bu işleri gyzlara öwretdirmänligi üçin, indi garrynyň özi agtyklaryna bu zatlary öwretmeli bolupdy.

Ol Akjagüli gapdalynda oturdyp, oňa «eýt-beýt» diýip, ýugrumy ýeten hamyryň çöreginiň gowy bolýanlygyny agtyklarynyň gulagyndan geçirýärdi hemem öň ýanynda duran kündükdäki ýörite taýynlanan mylaýym suwdan wagtal-wagtal gerek bolanda, hamyr ýugrulýan kerseniň gyrasyna ýanap, ondan sähelçe guýup bererdi.

Ogulbike gapdalda bir mamasyna, bir Akjagüle seredip, amat peýläp ete bökjek pişik ýaly gerlibräk otyrdy. Onuň bäsdeşlerçe Akjagüle seredişi, onuň hamyr ýugruşyna judabir göwni ýetip-de barmaýana çalym edýärdi. Biraz öýkeli: «Mamam hamyry maňa ýugurdan bolsa, men ondan gowy ýugratdym, Akjagül ýumruklan wagty hamyr, ukuda tamşanýan ýaly, çala «şyp-şop» edýär, şonuň üçin dolaşyp, ele-de ýapyşyp dur, hany, şony hykyladyp-hykyladyp bir ýumrukla, eliňe ýapyşaýarmykan? Şonda-da mamam hemişe şuň ýaly işi, hilbir adam ýaly edip, şuňa ynanýar» diýip, içini gepledip otyrdy. Ýöne, bu öýde öňem-soňam çagalara degişli bolan işler, içiňi ýakaýyn diýen ýaly, hemişe ilki Akjagüle ynanylardy. Ogulbike bolsa muňa özüne ynam ýok ýaly görüp kemsinerdi. Bu ýagdaý bilen asla ylalaşmazdy.

Ogulbike ýene-de durup bilmedi:

— Gatyrak ýumruklasana, gyz!

— Işiň bolmasyn, özüm bilýän näme etjegimi!

— Et-dä onda bilýän bolsaň!

Akjagül kerseniň üstüne eglip-irkilip oturşyna mamasyna

çyny bilen arz etdi:

— Mama, aýtsana munyňa, şehit ýaly hüňürdäp oturmasyn gapdalymda!

— Ýene başladyňyzmy, haý, saçy kesilenler, goýuň hany çit-de-mit bolmaňyzy! — diýip, Jemal mama agtyklarynyň ikisine-de şolbir wagtda abaý-syýasat etdi. Soňundanam Ogulbikä tarap seredip: — Saňa-da nobat ýeter, oglum, şu gezegem ol suw çalyp, ýumruklap agdaryp alsyn, soňundan galan eýini özüň ýetirersiň! — diýip, söýünçli gepledi.

Goldoly maşgalanyň uly bölegi bölünip sürgüne gidensoň, indi bu öýde öňki ýaly tamdyr dolup çörek bişmezdi. Iki garry, iki gyz aslynda iýende näme iýýär? Iki-üç çörek bişirseler, olaryň üç-dört gün iýerine bolýar. Tomusda-ha hasam gök-ak, başga-da iýere zat ýetik bolansoň, nan juda köp iýlibem ýörülmezdi. Jany saga dünýäniň lezzet-hezili köp diýlenidi. Jemal mama agtyklaryna hamyr etdirip, tamdyr odunyny tamdyryň başyna getirdýänem bolsa, entek olary aýap, ýaşyrak görüp, tamdyra salmazdy. Goraglardy. Oňa derek: «Haý, gelinler, haýsyň eliboşurak bolsaňyz, geliňde, şuny bir tamdyra ýelmäp berip gidiň!» diýip, töweregine gygyrardy. Jemal mama çagyrsa, gelinlerem edip ýören işlerine ýaltanyp durmazdylar. Onuň çöregini gelip, bir-de ugurdaş oturan eltiler: Hürtegiň, Sähetdurdynyň, Gullaryň, Ahmetdir Ballynyň aýallary ýapyp gitseler, ýene bir-de sesýetimlikdäki goňşylaryň biri, ady agza düşen Taganlaryň aýal dogany, Muhammetnazar ýegeniňem «Lekgan» lakamly gelni hyzmat görmän, taňryýalkasyna ýapyp berip giderdi.

Gelinler Jemal mamany sarpaly öýüň enesi hökmünde hatyralaýardylar. Jemal mama şeýdip kem-kemden täze durmuşyna öwrenişýärdi. Ýöne garrańdan soň dagy bu durmuşyň

eline düşen özüň bolma, onda-da beýdip silkip-seçip duran mahaly. Üstesine, iliň dilem bir ýanyňdan. Oba içinde häli-şindi sürgünler barada herhili myş-myşlar ýaýraýardy. Bu gezek hamala OGPU-nyň öz äkiden adamlarynyň ýarsyny Daşkende eltip atanlygy, aýal-ebtatlary, oglan-uşaklary bolsa äkidip: «Näme bolsaňyz, şol boluň!» diýip, Sibiriň tokaýlygyna eltip dökenligi, ol ýeriň bolsa aldajy sowugynyň sähel ýeňilräk geýnen adamlary gökdaş edip doňduryp taşlaýanlygy barada gürrüňler edilýärdi. Ýagdaýyň şeýle bolmagyny adamlaryň özleri hem isläp barmaýan-da bolsalar, ol özünden başga degişli bolanda, beýle gep tapsalar, hezil edip myş ýasaýarlar. Soňky ýaýran «myş» gürrüňi eşiden gününiň agşamsy Jemal mama düýş gördi. Düýşünde-de ol başga bir ýerini däl-de, soňky döwürde gürrüňi köp edilýän şol sowuk Sibiriň özüni gördi. Töwerek küde-küde, seňňer tutup oturan gar bolup ýatyr. Adamlar onda batyşyp-çomuşyp, gar gujaklaşyp gezişip ýörler. Jemal mama çiňňerilip-çiňňerilip ol adamlaryň arasyndan öz çagalaryny gözleýär. Ýöne, olar hiç ýerde görnenoklar. Jemal mama töwerekdäki ýapraksyz ýalaňaç, äpet bir jandaryň skelet-galyndysyna meňzäp oturan agaçlaryň üstüne çykyşyp, üşäp-büküdişip oturan adamlardan: «Kymyşyňkylary görmediňizmi?» diýip soraýar. «Olar ýaňyja hem bardy» diýip, oturanlar töwereklerine garanjaklaşýarlar. Şolbarmana Jemal mama agaçda oturanlaryň arasyndan Gully eminiň ogly Kämirany tanaýar, bugdaýreňk, atýüzli, ýiti garaýyşly bu ýigit hut şol. Olam başgalar ýaly egnini gysyp, elini serip, näbelli gürrüň aýdýar. Jemal mama oňa:

— A, Kämiran, başgalar bilmese-de, sen-dagy bilmel-ä meňkileriň niredeligini, adybir obadaş bolup oturdyňyz, gaýdanyňyzda-da bile gaýdypdyňyz! — diýýär.

Kämiran ýene «Näbileýin?» diýen manyda oturan ýerinde bir elini gapdalyna serip, egnini gysýar.

Jemal mama ýene kimselerden sorap, olaryň:

— Şol ýerinem bir görüň! — diýip, salgy beren tarapyna gar mongalap ugraýar. Içinden bolsa: «Heý, munça-da bir gar bolarmy, eremän ýatýandyr-da, ýogsam, eräýsä-hä dünýäni suw aldyr bi» diýip oýlanýar. Garda oňly ýöräp bolanok, ýöremek bolsa barha kynlaşýar, kimdirbiri ýeňseden yza çekýän ýaly, ädimler kynlyk bilen ädilýärler. «Salgy berlen ýerden hem tapmasam, onsoň olary nireden gözlemeli bolarkam?» diýip, Jemal mama ýolda barýarka aladalanýar.

Şolbarmana-da onuň üstüni gara basdyryp, ak öý bolup oturan arçanyň düýbünde ot ýakyşyp oturan agtyklary Allanazar bilen Aganazara gözi düşýär. Ana, bular, gör, nirelerde ekeni?! Jemal mama agtyklaryny gujaklap, bagryna basmak üçin olara tarap hamsygyp howlugýar.

Oglanlar ony tanaman, tisginişip, yza çekilýärler.

Mama bolsa:

— Alla jan, Aky jan, nirä gaçýaňyz? Bu men, mamaň! — diýip, özüni tanatjak bolup, olaryň yzlaryndan ylgaýar.

Olar bolsa tazygan mal ýaly, garyň üstünde galgaşyp, barha gaty gaçýarlar. Ene olardan beýlekilerini hem soraşdyryp dereklemekçidi. Ýöne dur nire, durmak nire, ýeňilaýak oglanlary bolsa kowup ýetjek gümanyň barmy? Garry: «Alla-jan-uw, Akyjan-uw...» diýip, galyň garyň içinde gygyryp ýör...

— Mama, mama, düýşüňde samyrdaýaň, oýan! — diýip, gijäniň birwagty ony Akjagül yralady.

Sibiriň garyny mongalamak kyn-da bolsa, oýanansoň hem Jemal mamanyň ýene-de düýşüniň yzyny göresi geldi. Göwnüne taýçanak bolup jyzzynlaşyp gaçyp barýan agtyklarynyň yzyndan ýetäýjegem ýalydy. Ýöne, garry bolsaň, hany, başyňy ýassyga goýanyňdan uklap bolýarmy? Jemal mama soňra gözlerini ýumup, näçe uklamaga çalyşsa-da, barybir uklap bilmedi. Pikiri bolsa onuň henizem ýas-ýaňy sorag salyp aýlanyp

ýören garly Sibirindedi. Jemal mamanyň «myş-myşlara» ynanasynyň gelmeýşi ýaly, asla olary eşidesi-de gelmeýärdi. Indi obada «myş-myş» ýaýranda hem onda göwüngöteriji gürrüň bolmaýardy. Onsoňam Jemal mama öz sürgüne gidenleriniň gözi-gulagy bilen habaryny alyp bilmeýän-de bolsa, ol ýüregi bilen aňynyň bir ýerlerinde oturan pynhan duýgy bilen öz jiger janlaryny yzarlap, goraglap otyrdy.

Şonuň üçin Jemal mama näçe eşitse-de, «myş-myşlaryň» yzyna düşüp, olary yzarlabam ýörmezdi. «Il agzyny ýygyp bolmaz, çelek agzyny bogup bolmaz» diýip, Taňra sygynyp, oňarsa bu gürrüňlerden gaçardy.

Ýöne, ýaman ýeri, şeýle «myş-myşlaryň» soňra hakykata öwrülýän, göni şol diýilýän zat bolmasa-da, şoňa meňzeş birzat bolup dolanyp gelýän pursatlary-da az bolmaýardy.

Näçe giňlige salýanam bolsa Söýünalynyň süňňüne sarsgyn beren soňky «myş-myş» gürrüň welin Jemal mamanam öz gününe goýmandy. Onuň kalbyny göwnüne jaý edip bilmän, hamala özüne bu betlagam gürrüňe gulak gabartmazlygy maslahat berýäne meňzäp:

— Iliň içinde agzyna sygan gepi samahyllap ýören gytmy? Çala eşidip, çatma ýykýanyň gürrüňidir bi. Orus adamlary tüw-tark atjak bolsa, bir ýerden başga bir ýere äkidip atmanda, egriň boýunda ýer gytmy? Kimem bolsa täze hökümet gelip, ýagyrnysyna ýel çalan, bu zatlaryň şeýle bolmagyny hem özi içinden kem görmeýäniň ýaýradan «myşydyr» bi — diýip samyrdady.

Agşamky gören düýşi onuň ýüregine biraz teselli berýärdi. Ol töwerekde münder-münder bolup duran ak gar, kiçirägem bolsa agtyklarynyň öňünde alawlap ýanyp duran ot görüpdi. Düýşdäki düşünmezliklere seretmezden, gar il içinde «Ak zat — alnyňa», ot «Ot--oraz» diýlip, hemişe gowulyga sanylýan alamatlardy. Düýşünde agtyklaryny garyň içinde kowalap ýetip

bilmänligine lapykeç bolan hem bolsa, soňra oýanyp, özüne gelip, düýşüni özüçe ýoran wagty ol ýerde görnen alamatlardan hoş bolup biraz gurplanypdy. Özüniň hemişe: «Meniň ýüregime giňlik ber, Taňrym!» diýip diläp ýören dilegini kabul edenliginiň alamaty hökmünde ony kabul edipdi.

Bu gezek şäherden «myş-myşlaryň» habaryny Ýagdy şura getiren bolmalydy. Soňky döwür şeýle habarlary oba, köplenç, şol gidende alyp gelerdi.

— Kimden eşitdiň? — diýip, eşidilen gepiň yzyny çalyp ugradygyňam welin olam ýene-de köplenç baryp Ýagdy şuradan çykardy.

Jemal mama ilki: «Bu gepleriň aňyrsyny şol bilýändir!» diýip, Ýagdynyň öz dilinden anygrak eşitmek üçin Kymyş duzçy gawun başyndan gelende onuň ýanyna şonuň özüni ugratmagyň pikirini edipdi. Ýöne, gyzlary ataryp habar edäýmeseň, onuňam haçan geljegi belli däl. Gaýta, onuň özi her gezek agtyklary baranda: «Gawunlar ýetişip, ötüşip, kesege siňip barýar, mamaňyza aýdyň, gazanyny getirip, söküni, şirnisini şu ýerde taýýynlasyn, berekedini gaçyryp, dökän-saçan edip ýörmän» diýip, özi habar üstüne habar iberýärdi.

Hamyr ýugrulyp, üsti basyrylyp, gapdala süýşürilip alaryna goýlansoň, Ýagdy şuranyň ýanyna gitmäge hyýal edip oturan Jemal mama, tapýança onuň gözleginde ol ýerlerde özüniň ep-esli eglenäýmeginiň hem mümkinligini pikir edensoň, derrew Ogulbikäni ylgadyp, Ahmediň gelnini ýanyna çagyrtdy.

Gelin köp garaşdyrman, Ogulbikäniň yzysüre ýetip geldi. Jemal mamanyň golaýyna gelip:

— Mamasy, çagyran ekeniňiz — diýip, gelinlerçe hormat bilen eglip salam berip, ýaşmak dişläp durdy.

— Hä-ä, çagyrdym, gelin, men oba syrmaga gitjek, gyzlar ýaňyrak hamyr edip, alaryna goýdular. Men eglensem, hamyr

çişip, ajap gitmesin. Wagtyragynda özüň bir gelip, habar alyp git. Gerek bolsa, tamdyra ot goýberip, özüň ýelmäbem beresiň!

— Bor, mamasy — diýip, gelin biraz aşak gaçan ýaşmagyny ýene-de burnunyň etegine ýokary çekip hyzmata taýynlygyny mälim etdi.

— Düýn-öňňinlikde ol täze hökümetiň Akynýaz baýy, Gully emini bolup ýören Ýagdy gul şäherden gelip, sürgünler barada bir ýerde bir zatlar-a samahyllapdyr. Düýn Soltanýazam baryp, ondan özüniňkiler hakynda soraşdyryp, habar alyp gaýdanmyş. Olar hakynda bir zat eşitseň durup bolýarmy näme? Menem gidip, şonuň aýdanyny kişiden däl-de, öz gulagym bilenem eşitsem. «Däne daşamaga gerek» diýip, iki-üç sany çuwalymyzy alypdylar, özlerinden-ä bilip, taňryýalkasyny bilen getiren ýokdur olaryň, şol töwerege barsam, şolaram bir sorap-idäp derekläýsem diýýän — diýip, öz hyýalyny ýüzugra hasam anyklady.

— Mamasy, siz arkaýyň gidiň-de-geliberiň! — diýip, garrynyň agtyklaryny entek ýaşrak görüp, özüniň bu ýere ätiýaç üçin çagyrylanyna göz ýetiren gelin göwünjeň halda gözlerini güldürip gepledi.

Jemal mama aýtmalysyny aýdyp, tabşyrmalysyny tabşyransoň, Ýagdy şurany däne saraýdan ýa-da şonuň töwereginden taparyn diýen niýet bilen ýola düşdi.

Gündogardan ýuwaşja aşyrym-aşyrym şemal öwüsýärdi. Gumak ýolda aýak astyndan sähelçe tilki tozany gopýardy. Jemal mama köçäniň boýuny syryp, gapdaldan-gabatdan çykylyp berilýän salamlary alyp, hiç ýerde uzak eglenmän ýöredi. Töwerekde bolsa şolbir tanyş öýler, tanyş ýerler küren tutup otyrdylar. Täze hökümet ýurdy ele alany bäri Söýünalyda bolup bilen zatlar ýeterlik bolan hem bolsa, obanyň keşmeri şonda-da öňküsinden o diýen üýtgemändi. Şonuň

üçinem haçan-da oba ünsüň düşende, dünýädäki üýtgeşiklikleriň hiç birisi-de bolmadyga meňzeýärdi.

Onda-munda oturan barly adamlaryň gara öýleriň gapdalynda keserdip salan jaýlaryny indi başga-başga adamlar eýelän-de bolsalar, olar henizem towuklar arasynyň hekemje horazlaryna meňzäp, hekgerişip oturyşlaryna gylawlyja görünýärdiler. Jemal mama Guwandyk baýyň soňky döwürde ady «Däne saraý» hem diýlip tutulýan howlusyny nazarlap barşyna, ol ýerde döwlete diýlip kolhozdan, ýekebara hojalyklardan toplanyp alnan dänäniň dag bolup, depesine guş-gumrulary göterip oturanyny, Ýagdynyňam köplenç ol ýerde bolýanlygyny ýatlan mahaly, her ýyl obadan şähere däne daşalyp ugralmagy mynasybetli gurulýan dabara hem onuň ýadyna düşdi.

Öňden ýörejek düýäniň üstüne haly ýapylyp, iki ýanyndan düýebaşlyklar asylyp, hamala, ony dolap sataýjak ýaly çolap bilen zatlaryny çolap, bezärler biparh janaweri. Üstündenem bereketliligi alamatlandyrýan, agzyndan bugdaý çogup duran haly horjun ýüklärler, düýäniň boýnunyň gutaran ýerindenem iki öň aýak aralykdan çekerler ýüzi ýazgyly gyzyl matany, o-da «Watan, kabul et Söýünalynyň guşgursak dänesini!» diýip durandyr. Bir hoşroý ýigidiňem eline gyzyl baýdak berip gondyrlar onam soňra düýäň üstüne. Ana, onsoň, Pendi jülgesini dolduryp akyp barýan däneli kerweniň bardyr!

Söýünalylar ilkiler bu gyzyl kerweni dabara bilen oba bolup ugradardylar, galyberse-de onuň täzelik bolany üçin, hem ozallarky Owgandan, Merwden, Buhar-Maşatdan özünden öň «logurdap» jaňynyň sesi gelýän kerwene meňzeýänligi üçin hem ony synlamak ýakymlydy.

Ilkinji şeýle gyzyl kerwenleriň birki sanysyna Orazgylyç hem gatnaşypdy. Bir gezek bolsa ol: «Hälem özüm gidenim gowy bolupdyr, şäher kabul edişinde şeýlebir adam, düýe,

araba-gaýry üýşüpdir welin, başga ýerde adam galmadymykan?» diýdirýär. Hemmeler hut şu gün dänesini tabşyraýmasa, ertir giç bolar diýip pikir edýäne çalym edýärdi. Müňlerçe çuwallaryň içinden zordan öz belgili çuwalymyzy tapyp alaýdym. Däne diýeniň bolsa telim bir ýerde dag bolup dur. Gapandan geçirdigiňem birtopar gollaryny çyzgaşyp duran ýigitler bar, olar hasanaklaşyp gelip, goldaşan çuwalyny bir zarbada agramy ýok ýaly edip, bugdaý dökülýän ýörite gurnalan depä çykaryp, soňam şol ýerdenem ony silkip dökýärler. Çuwalyňy bolsa, şundan soň, haramy bar ýaly, elleriniň tersi bilen gapdala, bir ýere zyňyp goýberýäler» diýip, ondan gelensoň gürrüň berip oturanyny ýatlady.

Jemal mama däne saraýy alkymlap geliberende, onuň derwezesinden siňeklän ýaly kakynjyrap, hüňürdäp gelýän syrdam, uzyn boýly Sapar daraz göründi. Ol Jemal mamany görüp, aýak çekip salam berdi:

— Gelneje, salawmaleýkim!

— Amanmy, Sapar, Ollak gelnem gurgunmy?

— Gelneje, onsoň, Orazgeldi akga dagydan näme habar?

— «Gideniň habary özi bilen» diýleni-dä, iliň «myş-myşyndan» başga biziň-ä bilýän zadymyz ýok. Hamala, uçup ara gatnaýany bar ýaly, il-ä tapaýýar bir gepler.

— Aý, ilçilikdir-dä — diýip, Sapar daraz Jemal mamanyň özi samyrdap, özbaşyna gepläp gelşini birhiliräk görüp, peltesine nirede ot degenini ýatlady.

— Bu kolhoz diýeniň munuň asla işi gutarmajak ekeni. Hemişe ekin-tikiniň eňňeresi alnansoň, biraz dynçlyk bolardy. Gaplaňlaryň dagy Kymyş akga ýalylaram üýşüşip, Jedel depede nähili düzzümler, keçe-keçeler oýnalardy?! Indi dagyn ol zatlaryňam hemmesi öz-özünden ýat bolubam barýar. «Ýygyljak bugdaý ýygylyp, tabşyrylmaly däne tabşyrylandan soňam, baryp däne saraýda işlemeli» diýdiler, işledim.

Indem Ýagdy ýaňy ýanyna çagyryp: «Bu ýeriniň işi sabap gutaryp barýar, sen şäheriň däne kabul edilýän ýerine gitmeli, ol ýere-de halta-çuwal çekmäge seniň ýaly daýaw adamlar gerek» diýýär, özem şähere gitseň, başyňa alyp ýatyrlaý gitmeli. Hany, atly-eşekli gatnap duraýara saňa golaý-goltumda şäher barmy? Üstesine, çaý-nahar aladaňam özüňden bolmaly, garasaý, günüň itiň güni ýaly bolmaly-da...

Sapar darazam ýurtda nämeleriň bolýanyna oňly düşünmesede, ilugruna bir goş öküzi bilen kolhoza girenleriň biridi. Öz öküzleri bilen kolhozyň ýerini sürüp, ekinini ekip güzeranyny aýlaýardy. Onuň otlukly sözleýşinden uzynyň akyly giç geler edip, Ýagdy şura bilen ýas-ýaňyja jetleşip, gygyryşyp alanlygy duýulýardy.

Jemal mama Sapar darazyň bir görseň Ýagdydan göwni galana, bir görseňem kolhoza girenine ökünýäne meňzäp aýdan äm-sämräk gepine göwünlikberiji äheňde gürledi:

— Kolhoz bolsa, belkem, şeýle bolmalydyr-da? Kömeg-ä öňem bardy. Beleňleň gazysy gutarmasa, siz gidip gazyşardyňyz. Size kömek gerek bolanda, olar gelerdi, şoňuň ýaly bir zatdyr-da bu-da.

Jemal mama çuwallaryny dereklemelidigini ýadyna salyp, Sapar darazdan salgyny alyp, iki işimem bir ýerden bitäýjek öýdýän diýip aňyrdan gelen wagty Ýagdy şura ýük urlup duran arabanyň gapdalynda ýene-de iki sany adam bilen gürleşip durdy. Ýagdy biline ykjam edilip guşalan aşyrma kemeriniň bir gapdalyny bykynynyň ýanyndan gysymlap, bir goltugyny köweldip, öňünde duran togalakkelle, başy tahýaly däne saraýyň başlygyna bir söz bilen sürünýäne meňzäp, egilibräk durşuna bir zatlar düşündirýärdi. Olaryň gapdalragynda üçünji bolup, peşeneli garaýagyz, başy Stalin papakly ýat adam dur. Ol şäherden Söýünala bugdaý tabşyrmagyň barşyna göz-gulak bolmak üçin raýkom tarapyndan

ýörite goýlan adamdy. Ol häzir Ýagdy dagynyň gürrüňine goşulman diýen ýaly duýlar-duýulmaz sähelçe ýylgyryp durdy.

Jemal mamanyň aňyrdan gybyrdyklap, öz ýanlaryna ýetip gelýänini görüp, olar birsalym: «Hany, bu garrynyň bir habaryny alalyň» diýen hörpde üşerilişip, gürrüňlerine dyngy berdiler. Ýagdy Jemal mamanyň süssenekläp gelşini halamazlyk bilen çytyldy. Kemerinden elini aýryp, elýaglygy bilen maňlaýynyň derini syldy. Onýança garry:

— Ýagdy, men-ä seni bir göräýeýin diýip geldim! — diýdi.

Ýagdy:

— Hä, menlik näme işiňiz bar? — diýip sorasa-da, özi çen bilen garrynyň näme üçin sorag salyp gelenini aňýardy.

— Hany, sen sürgünler barada şäherden bir habar alyp gelenmişiň-le? Il-ä eýýäm olaryň kimisini atyp, kimisini Sibirden çykaryp, özüçe oňaryşdyrdy. Sen aýdanmyşyň, şeýle bolsa, şu gepleri seniň öz diliňden bir eşideýin diýdim. Eşidemsoň, durup bilmedim. Ibereýin diýsem, baba-da gawun başynda, şonuň-a indi oba-da gelesi gelenok...

— Aý, meniň-ä, garry, saňa aýdara anyk bir habarym ýok. Ýöne, raýispolkomyň orunbasary ýoldaş Guljaşow ýygnakda şol gidenler Sibir tarapa-da gidipdirler diýib-ä bir ýatlady. Ýöne, «pylankes gidipdir» diýip at tutdy diýsem-ä ýalňyş bolar — diýip, Ýagdy göwünsiz gürledi.

Ýagdy ýygnagy, onda raýkomyň birinji sekretarynyň bu işi bitirilen uly mesele hökmünde ýatlap, Sowet döwletiniň ösüşine badak atýanlaryň birnäçesinden dynylanlygyny aýdyp, özüne hem bu işde işjeňlik görkezeni üçin ýörite minnetdarlyk aýdylanyny ýatlasa-da, mümkin boldugyça sypaýyçykly geplemäge çalyşdy. Enäniň leňňer alan kalby susdy. Bu sözi eşiden mahaly ol damarlaryna ot goýberilen ýaly bolup gidenini duýdy. Ýüzüni köneldip, sähelçe içini çekip aplykdy. «Iliň

aýdýany hem bir ugrundan barýan eken-ow» diýip örtendi.

— Narly çöpçiň ogly, bu ýerde sen habara garaşylýanyn-a bilýäň. «Sibire gitdi» diýlende, «Kim-kimler?» diýip soraýmaly, anyklaýmaly ekeniň-dä. — Garryň gürrüňi janagyryly eşidildi.

Ýagdy:

— Aý, olar näbilsin! — diýip, başyny göterip, kemerinden ýapyşyp, wajypsyrap gürlese-de, garrynyň gözüne göni seredip bilmedi. Onuň häzir öňünde mätäç günleri adyny «oglum» diýip, mähirli tutýan aýal durdy.

Jemal mama ogullaryny sürgüne ugradansoň, Ýagdynyň kimligi belli bolansoň, ara sowuklyk düşüpdi. Indi garrynyň onuň adyny «oglum» diýip, öňküsi ýaly söýünç bilen tutasy gelmeýärdi. Ol hem indi iller ýaly onuň adyny keseki diýen manyda «Ýagdy gul» diýip tutýardy. Ene soňra hiç zat diýmän yzyna dolandy. Ýene onuň pikiri Sibire -- çagalarynyň ýanyna gitdi, olara garylyp-gatylansoň bolsa, tiz özüni unudyşy ýaly, Ýagdy şuranam unutdy. Gaýgy-hesret bolsa ýüregi ezip barýar. Egninden basylan ýaly, ýegşerilip-küýkerilip ýöredi. Gözüniň öňünde bolsa ýakalaşyp, magallak atyşyp, oýnaşyp, hezil edişip ýören agtyklarynyň, ogullarynyň, gelinleriniň özüne seredişip duran mähriban keşpleri...

— Men sizsiz nädip ýaşaryn indi? — diýip, garry birden böwsülip-aglabam goýberdi.

Asmana göterilen Gün indi ýaňrak içinden aýak çykan, çog bolup oturan gyzylly harmana meňzäp lowurdaýardy. Meýdanyň yssysam ýeterlik bardy. Ýöne, öz pikirleri bilen urnaşyp-alşyp gelýän ene häzir bu zatlary duýmaýardy.

Çuwallaryny soraman gaýdanlygy öýüne ýetip barýarka onuň ýadyna düşdi. Yzyna dolanmagyň ýerine: «Haý, akmak heleý, ol çuwallaryň hak eýeleri eliňden alnansoň, seniň ol atam eýýämden galan köne ahladyň kime derkar diýsene?»

diýip, özüne janyýangynly käýindi.

* * *

Ýurtda ýanamalar barha örç alýardy. Türmä basylýanlaryň bir ujy eýýäm baryp Truhanskiden, Workutadan, Magadandan çykypdy. Ol günler otlular ýetişiksiz gara günde bolşup, ýele-yga şeýlebir adam çekýärdiler, şeýlebir adam çekýärdiler!

Sürgünleriň ahy-nalasyndan Sibir, Gazagystan, ýeneki ýüzlerçe ýurtlar, ýerler lerzan alýardylar[1].

Soňabakan otlular şeýlebir bendileri çekmäge öwrenişipdirler weli, olaryň başga zatlary asla ýük edip arkalaryna alaslaram gelmeýänine meňzeýärdi.

Orenburga ýetilensoň, howanyň üýtgänligi mese-mälim belli boldy. «Ýer ala — ýurt ala» diýleni Orta Aziýa-ha häzir ýandyryp-howurlap otyr. Bu ýeriniň howasy bolsa ýazyň güni ýaly, bir görseň ýagyp dur, ýene bir görseňem ýalpyldap, Gün çykyp dur. Soňky iki günden bäri wagtal-wagtal ýagyş ýagyp, çygly şemal öwüsýärdi.

Otlynyň iki gapdalyndanam indi telim gün bäri galman gelýän tokaý agaçlarynyň känligi adamlary geň galdyrýardy. Agaçlaryň arasyndan bir-de öý ýaly edilip basylan ot küdeleri, balykgeriş edilip gurlan jaýlaryň töwereginde otlyny gözleri bilen ugradyp duran adamlar, çagalar görünýärdi. «Baý bu ýerde bu agaçlaryň köpdügini?! Näçe jaý gursaňam arkaýyn ýetjek. Bil tutup, äpet-äpet bolup gidenlerem bar...» diýşip, bu tükeniksizligi gözügidijilikli synlaşyp pikir öwürýärdiler.

---

*[1] 19 ýyllap Sibir bendiliginde oturyp gelen, meşhur «Ykbal» romanynyň eýesi Hydyr Derýaýew bu döwür hakda: «... Bizi Sibire alyp barýarkalar ýolda otlymyz haýsydyr bir Trans-Sibir ýolunyň boýundaky ýerleriň birinde bir sagat durdy. Şonda men penjiräniň öňünde durup sanadym, bir sagatda biziň gapdalymyzdan bendileri alyp barýan 22 sany kerwen geçdi...» diýip ýatlar.*

Haçan seretseň, töwerek agyn tokaý agaçlary bolup dur, şemal öwsende asman-zemin aralygy owsunyp, umman bolup tolkun atýar. Bu görnüşi hatda häli-şindi asmany tutup, bir ýerden bir ýere ýörişe ugraberjege meňzeýän, üýşüşip-çaşyşyp herdemhyýal gara bulutlaram bozup bilmeýärdi.

Agajyň munça bollugyna nirede duşupdyr türkmen?!

Sürgünleriň bolup baryşlary şol öňküsi ýaly görgülikdi. Ýer-ýurt üýtgän-de bolsa, ýagdaý üýtgemändi. Görülýän görgüleriň köpüsem sürgünleri alyp barýan adamlaryň sürgünlere bolan garaýyşlarynyň üýtgemeýänligi, olary asyrlarboýy garyp gatlagy ezip, hakyny iýip gelen eziji synp hasap edýänligi, bulara şeýle gatnaşyk etmek bilen özüniň bolşewik messebine wepalydyklaryny subut edýändiklerine ynanýandyklary bilen baglydy. Öň otlynyň içine adamboýy ýeterden ýokardaky wagon penjirelerinden çöl çägesi syran bolsa, indi ol ýerlerden hazylap, süňňi gijelerine dagy hasam çigrekleýän çygly şemal urýardy. «Ýapsana, akgasy, şony. Hazylap sowuk gelýär» diýip, Rahmangulyjygy ýanap emdirip, kese ýatan Oguljuma ýatan ýerinden adamsyndan gabatdaky diwaryň deşigini ýapmagy sorady. Ozal şemal gelip, hezil berenem bolsa, häzirki gelýän şemalyň weliň mazasy ýokdy. Wagt bolsa gijäniň gaýry bir mahaly. Töwerekdäki adamlaryň hemmesi burunlaryny «hyşy-wyşy» etdirişip, tamşanyşyp süýji ukuda ýatyrdylar. Orazgeldi gobsunyp, uzyn düşüp, üstünde ýatan keçesini diwara tarap biraz çekip, onuň bir etegi bilen şemal gelýän deşigi petiklänsoň, ýassyk edinen sary içmegini hem egnine geýip, arkasyny şol ýere diredi.

Orazgeldi otlynyň birsydyrgyn sarsgynyna meýmiräp oturşyna howanyň öwzaýy barada oýlanyp, düýnki asmany synlan wagty gören şekilini göz öňüne getirdi. Ol şonda asman agylyna, ýaňy gyrkylyp üýşmek-üýşmek edilip goýlan

goýun ýüňlerine meňzeş çalymtyl bulutlaryň ol agyla gabalan goýun sürüsi ýaly dyknyşyp, bir-birlerini tirseňleşip, dyzanyşyp duranlaryny görüpdi. Şemal güýçlenip ugran mahaly bulutlaryň etegi galgan ýaly, şemalyň ol bulutlaryň öňüni-yzyny gaýtaryp, sürüläp çopan bolup ýöreni göründi, jebisläp, sürüp ugrana meňzäpdi. Şeýle-de ol çyg ysy bilelikde barha tereňleşýän ýakymly tokaý süňňüniňem ysyny getiripdi. Indi uly adamlar hem ir ertir, giç agşam galyňrak geýäýenlerini kem görmeýärdiler. Orus tomsunyň talaby şeýle bolup çykdy. Otly süsňäp, Orusýetiň çetinden girip ugransoň, howanyň owzaýy mese-mälim üýtgäpdi. Indi çagalaryň ýorgana çolanybrak ýatyrylaýany kem görülmeýärdi. Agşamlaryna, ertir irden dagy sowuk şemal ösüp, howa hasam sowan ýaly bolardy. Adamlar öz aralarynda:

— Sibirimiz-ä geldik öýdýän!

— Asman, toýnak salaýasy gelip duran ýekesiňir ata meňzäp çytylyb-a dur.

— Aý, bu iliň tomsy dagyn bolmaýarmykan?

— Ýeri, özi Sibir boljak bolsa, onuň tomsy näme işlesin?!

— Indi öňki ýaly öz tomsuňy görüp bolansyň.

— Şeýle bolaýarmykan-aý?.. — diýen gürrüňler edişýärdiler.

Tebigatyň üýtgemegi ähli zada öz täsirini ýetirene meňzedi. Otly Çelýabinskiden ymykly çykandan soň hem sürgünleriň halyndan gelip habar alan bolmady. Otly howlukmaçdy. Kiçi duralgalarda dagy sähel säginen ýaly edýärdi-de, ondanam geçiberýärdi aňyrlygyna, üstünden ätlän ýaly edip. Sürgünler indiki baryp ýetjek uly şäherleriniň Petropawlowskidigini Çelýabinskide duranlarynda eşidipdiler. Dogrusy, özleriniň nirä alnyp barylýanlygy ykbalyna kaýyl bolan adamlary indi öňküsi ýaly, judabir gyzyklandyrybam durmaýardy. Galyň bende indi bir ýerik tizräk eltilse kaýyldy. Wagondaky daradire durmuş hemmeleriň halys degnasyna degipdi.

Otlynyň bu gezegem uzak gün ýöremegi bilen, sürgünleriň halyndan ýene-de ýeke gezegem hatda ol bu ýerlerde duran mahaly habar alynmazlygy wagon içinde dürli howatyrly çaklamalaryň döremegine sebäp bolupdy. Adamlar ýene-de Çelýabinskide hem Daşkentdäki ýaly öz daşlaryndaky goragyň başga-başga zabun adamlar bilen çalşyrylandygyny, olaryňam özlerini unudandyklaryny çak etdiler. Ýene birleri günäni başga ýerden däl-de özlerinden gözlediler hem Çelýabinskiniň töwereginde beýleki wagonlaryň birinde başga-da bir Nurýagdy ýalynyň gaçyp, özlerini alyp barýan saklawyň gaharyny getirenligine, bu zabunlyga şonuň üçinem sezewar bolandyklaryna ynandylar.

Ilki suw ýetmezçiligi duýlup başlanypdy, çagalar hyk-çok edişip, eje-kakalaryndan suw soraşyp ugrapdylar. Ýana alnan suwlar bolsa indi gutarypdy, öňler wagtly-wagtynda suw-beýleki getirilip durlansoň, adamlar köp suw ýanlaryna alja-gam bolmandylar. Suw meselesi tizden hemmeleriň aňynda owsun atyp duran ummana öwrüldi. Adamlar orta ýolda ýene-de bir bela galandyklaryna düşündiler. Üme-çüme düşünmeýän çagalar bolsa: «Suw!» diýşip, barha beter mäleşdiler. Ýöne suwuň dökülip duran ýeri ýokdy. Üstesine, çagalara-da muny düşündirip bolanokdy. Onsoňam asmanda ýagarman bulutlaryň bu lemmerlenişip, beýdip otlynyň öňüni kesip, yzyndan kowalap ýagyp ýörşüne suwa dagy gytlyk bolmajak ýaly welin, emma ýagdaý başgaçady.

Galyberse-de, haýsy zat teň bolsa, adamlaram şoňa suwsar ekeni. Aç towuk düýşünde dary gören bolsa, indi sürgünler düýşlerinde, oý-hyýallarynda, owsun atyp akyp ýatan öz Jeýhun, Murgap, Tejen derýalaryny, daglaryň göwsünden bygyrdap çykyp duran çeşme suwlaryny göz öňlerine getirýärdiler. Mundan biraz öň iň soňky owurt suwy iki jigisi bilen bölüşip içen Allanazar tebsirän dodaklaryny çömmeldibräk oturşyna öz

howlularynyň aşak etegini ýalap akýan jary göz öňüne getirip otyrdy. Ol ýerde deň-duşlary henizem suwa düşüşip, kowalaşyp, çägä agynaşyp, hezil edişip ýörler, oglanlaryň gapdalyndan bolsa lummurdap suw akyp dur. Oňa girip-çümüp ýören oglanlar gähneşip-gähneşip, suw içäýjegem ýaly welin, asla beýle däl, pagşyldaşyp ýörüşlerine olaryň işi oýun bilen.

Allanazar bu zatlaryň hyýaldygyny unudyp, oglanlara igendi:

— Eý, näme suw içeňizok siz! Ana, güzeriň gapdalynda gamyşlyk bilen aralykda durlanypjyk duran suw bar, içiň-dä, näme, şondan!

Ýöne bu barýanlara häzir bütin dünýä suw bolup çaýkanyp ýatanda hem peýda bolmajagy düşnükli bolupdy. Çagalaryň ýerli-ýerden suw soraşyp, mäleşip ugramagy soňra olaryň biçäre ene-atalarynyň kalbyny hem lerzana getirip ugrady. Olar sojaşyp, iňezeleşip suw soran wagtlary kakalar zow-zow ýerlerinden turanlaryny hem duýman galýardylar. Aýallar mahal-mahal bürenjekleriniň syny bilen gözlerden biygtyýar syrygýan gözýaşlaryny sylyp oturyşlaryna halys suw diýip ýürege düşen çagalaryny: «Ana-ine» bilen tizden bol suwly ýere ýetiljegini aýdyp köşeşdirmäge çalyşýardylar.

Uly adamlar kalplaryny ezişip, takwalyk bilen geçeniň, geljegiň üstüne pikir toruny atyşyp, hamala öz gözleýän soraglarynyň jogabyny hem şol toruň aşagyndan goja balykçynyň altyn balyjagy tutup alaýjaga meňzeşip oýurganyşyp, ynjalyksyz otyrdylar. Bu meselede ýogsam häzir ulularyňam hal-ýagdaýy çagalaryňkydan öwerlik däldi. Dodaklary gurap, agyzlary çölde galanyňky ýaly taplap, kepäp durdy. Üstesine-de, sürgünleriň ýanlary bilen göteren, hökümetiň wagtal-wagtal berýän günemasynyň gapdalyndan goltgy bolýan azyk-harajatlary hem egsilip gutaryp barýardy. Diňe tygşytlyrak aýallarda henizem birnäçe güne ýetäýjek azyk-

owkat ätiýajy bardy. Ýöne, beterinden beteri diýleni, hemmeleri has beter suwsuzlyk belasy köseýärdi.

Otly her gezek haýsydyr bir duralgadan ugrap, beýleki bir duralga golaýlap, badyny gowşadyp ugran mahaly adamlar: «Hä, ind-ä duraýsa gerek, biziňem halymyzdan habar alaýsalar gerek» diýip tama edýärdiler.

Ýöne, näçe garaşylsa-da, gelip habaryňy alýan welin ýokdy. Ol soňam wagty bilen bolmady. Hamala, sürgünleriň saklawyndaky esgerleriň hemmesi otludan böküp-böküp düşüp, bir ýerlerde galyberen ýalydy. Bu ýagdaý ozal il öňüne düşüp gezen adamlaryň ýene-de bir ýere üýşmeklerine sebäp boldy. Gully emin, Seýitmyrat aga, Orazmyrat ahun, Tätän baýdan ybarat kiçiräk topar maslahat etmek üçin ýene-de wagonyň gapysynyň öňüne üýşüşdiler. Otlynyň şakyrdysy-güpürdisi bilen olaryň gürrüňi özlerinden başga hatda golaýda oturanlara-da eşidilmeýärdi. Seýitmyrat aga edähedine görä düňderilibräk oturşyna birzatlar diýýär. Gully emin käte kükregini ýapyp duran gelşikli sakgalyny sypalap, gürrüňe goşulýar. Tätän baý çommalan ýerinde ýaşululary diňläp, hyzmat bolsa onuň bir ýanynda durmaga özüniňem taýynlygyny mälim edip, göýä barmaklaryny döwüşdiräýjege meňzäp, ellerini ynjalyksyz owkalaşdyryp otyr. Hemmäniň kalbynda: «Nädip suw tapyp bolarka? Heý, biziň halymyzdan habar alan, garaşyk eden bolmazmyka?» diýen pikir bardy. Bu mesele häzir has-da hemmeler üçin jogapkärçiligi duýan erkek adamlaryň kalbyny heýjana salýardy. Ahyrsoňy garaşylan pursat hem gelip ýetdi. Otly barha badyny peseldip, ýene-de haýsydyr bir wokzala golaýlap gelendigini äşgär etdi. Gapynyň öňünde oturan adamlar söm-saýak bolşup aýak üstüne göterildiler. Hamala islegli janany duýdansyz öňünden çykan ýaly, adamlaryň ýürek urgulary üýtgedi... Soňundanam olar ýerli-ýerden gapyny ýumruklaşyp, öz arzlaryny gowşurmagyň

ugruna çykdylar. Aýasyny diwara berip, beýleki eli bilen gapyny ýumruklaýan Gully emin özüniň bilýän ýeke-iki rus sözlerini dile alyp: «Orus, boda, boda ber, boda...» diýip, zowladyp gygyrýardy. Zarynlaýardy.

Barybir, müdimilik ýapylana meňzän gapy bolsa ýene-de açylmaýardy. Açylmasa-da, hany, sen suwy nireden aljak? Wagonyň diwarlaryny döwmäge, gapyny ýaryp, ýyrtyp açmaga bolsa seniň hakyň ýok. Onuň soňunyň näme bilen gutarjagy hem belli däl. Eýsem, agyr milleti oljalap alyp barýanlar bularyň hem adamdyklaryna, özleri ýaly elli-aýakly, iki gözli, agyzly, iýmeli, içmeli, tebigy hajatlarynyň barlygyna düşünmeýärmikäler? Düşünmänmi? Düşünip aňyrsyna-da geçýändirler. Ýöne, düşünesleri gelýän däldir. Ana, bu eýýäm, başga mesele! Ýogsam adamlary adam hökmünde görmek, duýmak üçin şeýlebir artyk azara galmak hem hökman däldi. Olara bir döwüm çörek bilen içere-de suw berseň ýeterlikdi. Bular, eýsem, bolýan zatlara telim bir günden bäri kaýyl bolşup gelmeýärdilermi näme? Sürgünlere ýene-de öz gamlaryny özlerinden başga iýjek adamyň ýoklugy belli boldy.

Wagon diwarlarynyň ýüzünde, boý ýeterden ep-esli ýokarda, edil depedäki petigiň aşak ýanynda, her ýerde-her ýerde goýlan, kelle sygardan kiçiräk, şemal düşer üçin ýörite goýlan ýanyn-kese deşikler bardy. Howa çigräp sowap ugransoň adamlar ony sowuk gelmez ýaly tapan-tupan zatlary bilen dykyşdyrypdylar. Mahal-mahal daşarda ýagyş ýagan wagty şol şemaldüşerleriň oňly ýapylmadyk birki sanysyndan, aşak etekde ýerleşen adamlaryň üstüne ýagyş damjalary syçrardy. Bu ýagdaý ahyrsoňy tebsireşip oturan adamlaryň ünsünden sypmady. Bir gezek şol çalarak ýapylan ýeldüşerleriň

biriniň aşagynda oturan ortaboýly, egni täzeçe tikilen dikýaka ak köýnekli, ýigrimi-ýigrimi bäş ýaşlaryndaky Beki Seýitmyrat şabrap depesinden damja seçelenip ugran mahaly, onuň aşagyndan sowulmak üçin omzap, çagalaryna tarap süýşdi, soňundanam bir zat ýadyna düşüp, kömelek tapan çaga ýaly begenip, gapdal goňşusy Agajan murta eserdeňlik bilen ýüzlendi:

— Agam, suw içesiň gelýärmi?

— Ony näme üçin soraýaň?

— Size suw tapyp beräýsem näme?

Agajan murtuň ünsüni özüne çekensoň, ol nädip suw tapmakçydygyny oňa gysgaça düşündirdi.

Beki soňra eline akja çaga köýnegini alyp, Agajan murtuň egnine münüp ýokary göterilen mahaly ol elindäki köýnek bilen ýeldüşeriň açyk ýerini şonuň bilen ykjamlap ýaparly göründi. Beki ýeldüşere dykylan paty-putyny aýran wagty daşarynyň çygly howasy, ýagyş syçrantgylary bilen bilelikde hapylap onuň kükregine urdy.

Suwsan millet şundan soň Bekiniň ýagşa tutup alyp berýän öl-my  yk matalaryny uly kanagatlanma, höwes bilen kabul etdi. Adamlar aşakdan: «Meniňkinem ölläp al-da, meniňkinem al» diýşip, yzly-yzyna oňa mata böleklerini uzadyşyberdiler. Hudaý bir gapyny ýapsa-da, başga birini açyp goýarmyş diýleni boldy.

Çygly mata bölekleri tebsiräp kepän dodaklara diýseň hoş ýakdy. Diňe şundan soň sürgünler özleriniň göresi günleriniň tükenmedigine ynandylar. Bu ahwalat adamlarda hamala öz horluklaryny ýokardan Hudaý görüp, özlerine gol uzadan ýaly ýakymly duýgy döretdi.

* * *

Sürgünleriň Marydan münüp gaýdan otlulary on alty gün ýolda bolup, on ýedinji gün diýlende Akmolla bilen Garaganda şäherleriniň aralygyndaky «Kaşikow» atly çolaja bir duralgada gelip saklandy. Adamlar ilki muňa adaty ýol boýundaky duralgalaryň biridir öýdensoňler, şeýlebir ähmiýet-de berip durmadylar, gaýta, onuň durmalysyny duransoň silkinip, janagyrly ýaly umytsyz jygyldap ýoluny dowam etdirmegine garaşdylar. Otly indi telim günden bäri Orusýediň ýollaryny yzarlap, Orenburg, Orsk, Torsk, Çelýabinski, Petropawlowsk... diýip syryp ýörensoň adamlar onuň niredeligini bilmeselerem, özleriniň başga bir ýerlere däl-de, şol ady belli Sibire barýandyklaryna ynanypdylar. Otly bolsa telim bir ýat ýerleriň içinden geçip, ýene-de gazak topragynyň başga birtarapyndan gelip giripdi.

— Hany, düşmeli, geldiňiz, sürgünler, gelmeli ýeriňize! — Aňyrdan talaply gygyryşyp gelen adamlar, wagonlaryň gapylaryny tagyrdadyp, tuty syran ýaly bir tarapa syran wagtlary olar ol ýerdäki adamlaryň hamala aýdylan sözi eşitmedik, öz gelmeli ýerlerine gelendiklerine henizem ynanmaýan ýaly, düşen-düşen ýerlerinde aplygyşyp, agyn otlukly köreşip duran göz bolşup oturan mähelläni gördüler.

Millet ýöräp, halys ýadapdy, haldanam düşüpdi. Petropawlowskiden soň ýene-de gelip, olaryň hallaryndan habar alnypdy, iýere çöregem, içere suwam berlipdi. Ýene-de az-kem olary özlerine getiren şu zatlar bolupdy. Mundan başga-da sürgünleriň has-da kejebesini daraldan, ýolda ölüp, üsti ýapylyp, bir gyrada goýlan jesetleri düşürip, ýygnap alypdylar.

Sürgünler demirýol menzilliniň gyzyl kerpiçden bina edilen bir gatlyja wokzal jaýynyň ýeňsesinden görünýän uç-gyraksiz tekiz meýdana:

— Şumukan indi biziň gelmeli ýerimiz? — diýişip,

seredişip durdular.

— Baý-bä, ýer-ä giň ekeni!

— At çapdyrybermeli düzlük.

— Ha-a... Bagtymyz-a ýataýan bolsa gerek.

— Hä, näme?

— Ow, bu ýer asla yns-jyns ýaşaýana meňzänog-a?

— Oňa derek, seret, nähili giňişlik? — diýip, gapa ýaplanyp duran Orazgeldi ýeriň bollugyna gözügidijilik bilen daýhan höwesine berlip dillendi: — Ek pagta, bugdaýyňam näçe ekeseň, ýer gytçylyk etjek gümany ýok.

— Sen, şu ýerde pagta biter öýdýäňmi? — diýip, gapdalda egin deňeşdirip duran Agajan murt onuň bilen ylalaşmady.

— Hä, näme, suwy bolsa, ýeri bolsa, pagtaň bitmeýän ýeri bormy? Müsürde-de bitýämiş ol...

— Haý, näbileýin. Müsürde bitse, bitýän bolmagy mümkin. Onsoňam ýokaryňa-da bir sered-ä, asman şeýdip, depek ýaby ýaly çytylyp, bulutlar şallak urarly bolşup, sagrysyny oýnakladyp, tomsy bilen şeýdip durýan bolsa, bu ýerde, bugdaýyň-a bilemok welin, pagtaň-a bitmeýän bolsa gerek. Pagta biziň ýurdumyzyňky ýaly, ýeri ýorgan, suwy—süýt, arkasyny Gün çoguna sypadyp oturan ýerler gerek. — Agajan murt sözüniň soňunda eýýäm göz öňüne gelen Watanyny süýjülik bilen ýatlap goýberdi.

«Kaşikow» duralgasy demirýol geçirilen döwürleri ýalazy ýerde, soňra töweregine millet üýşer diýlen tama bilen gurlan duralgalaryň biridi. Wokzal jaýy Ýewropa biçüwinde bolup, ol entegem gapdalynda soňra gurlan iki-üç jaýdan has syratly, has kaşaň görünýärdi. Ýagyn-şemal onuň aşak etegini ýyllaryň geçmegi bilen esli ýerine çenli garaldan hem bolsa, gurlanda göwnejaý gurlan jaýy judabir mizedip bilmändir.

Ol töwerekde ýaşaýan gazaklaryň oturymly bolmagy, bu jaýyň bolsa soňra olara bu meselede başlangyç, düýp bolup

hyzmat etjegi göz öňünde tutulsa-da, ata-babasy müňlerçe ýyllardan bäri gonup-göçüp ýören, göç höwesli mally-hally halky ol özüne imrindirip bilmändi. Gazagyň bolsa henizem gadym ata-babalary Sak-skif, oguzlara meňzäp, ähli Ýer ýüzüni özüniňki hasap edip, şol göçüp-gonup ýörşüdi.

Wokzal jaýynyň iki tarapynda hem hümer bolup otlyny garşylamaga ýörite gelen adamlar arabadyr traktorlaryň gapdalynda çilimleşip durdular. Olar otluda getirilen bendileriň ýere düşürilerine garaşýardylar. Edil wokzal jaýynyň öňünde üç sany epeý adam töwerekdäki adamlardan özleriniň birneme ekabyrrak, ygtyýarrakdyklaryny mälim edişip, köpçülikden bölünibräk, mallaryny tükelleýän çopanlara meňzeşip, otludan düşjeklere badyhowalyk bilen eýemsirenişip seredişip durdular. Olaryň ikisi eginleri goňras harby lybasly, birmeňzeş aşyrma kemer bilen billerini guşan, ýanbaşlary mauzerli adamlardy. Olaryň orta boýly dykyzdan daýawy OGPU tarapyndan gözegçilik edilýän, soňky döwürde Garaganda, Akmolla aralygynda ýaz kömelekleri ýaly birbada köpelen tertip belgili barak hojalyklarynyň birnäçesiniň üstünden seredýän Şadmanowdy. Ol düýe basan ýaly ýasy ýüzli, aşaky eňegi burnuna tarap dartylybrak duran kyrk-kyrk bäş ýaşlaryndaky gazak adamsydy. Onuň sag gapdalynda geýen geými egnine şapylaşyp duran syratlysy sürgünleriň kabul edilişine gözegçilik etmäge ýokardan ýörite iberilen wekil Koçetkow dagy durdy. Duranlaryň üçünjisi geçen ýyl Wolga boýundan maşgalasy bilen bu ýere sürgün bolup gelen we soňra 31-nji barak hojalygynyň başlygy edilip goýlan Iwan Zaharowiç Reşetnikowdy.

Türkmenistandan gelenleri hem, maslahat edilip, şol hojalyga bermeklik göz öňünde tutulypdy.

Sürgünler wagonlardan düşüp, ýere gonup, biraz aýaklaryny ýazanlaryndan, goş-kötellerini düşürip alanlaryndan soň, ýörite bellenilen adamlar ylgaşlaşyp, olary arabalara

ýerleşdirip ugradylar. Arabalara ilki aýalardyr çagalar, goş-golamlar ýüklenildi. Barylmaly ýeriň hem iki-üç günlük ýoldugy aýdylansoň, adamlara guşagy ýene bir gezek ykjam çekmelidigi belli boldy.

Arabalara sygmadyk ýükleriň ýene-de bellibir bölegini adamlaryň özleri bölüşip, arkalaryna aldylar.

Agyr märeke yňranyp, ýola düşdi. Biraz ýol ýörelendensoň, adamlar ýaz bulutlary ýaly sozulyşyp, ygym-sagym bolşup ugradylar. Sus, imisala oturan gazak sährasy hamala jan girip ugrana dönüpdi. Töwerek şol birmeňzeş birsydyrgynlyk bolany üçin, adamlara näçe ýöreseler-de, döwek döwýän ýaly, şol bir ýeriň üstünde aýlanyp duran ýaly bolup duýuldy. Toprak çygdy. Düýn-öňňinde içigip-içigip ýagyş ýagana meňzeýärdi. Toprak garamtyl-goňras bolup, tukat hem küýli görünýär. Ýoluň iki gyrasynda hem çopantelpege meňzeş gülleriň gysmyljyraşyp bölejik-bölejik sary salyp oturany gabat gelýär. Bir ýerlerden bedenäniň hem tanyş sesi wagtal-wagtal eşidilýär. Gazagyň tomsy ol görlen yssy tomsa däl-de, barha baýnap-baýap gidiberjek türkmen ýazyna meňzeýär.

Ýaňky wokzal jaýynyň öňünde duran üçlük indi märekäniň esasy beýemçisine öwrülipdi. Olar goýun-guzy ýaly mäleşýän märekäniň içinde suw boýlaýan ýaly bolşup gezmeleşip ýörüşlerine yzly-yzyna öz getiren arabaly adamlaryna, sürgünlere talaply-talaply buýruklar berişdirýärdiler. Yzarlanyp barylýan sähranyň ýene bir ýerinde ajy ýowşanyň tanyş ysy hapylap burunlaryna uran mahaly, adamlar ilki munuň şeýledigine känbir ynanybam barmadylar. Bu, aslynda, gözüňesöweýin türkmen sährasynyň küýsegli ysy, Watan demi dälmidi näme?

Ýaňy otludan düşülende, sürgünlere Gazagystanyň Akmolla oblastyna gelnendigi, Akmolla şäheriniňem olaryň barjak ýeriniň çen bilen 75 kilometrlikde boljaklygy aýdylan mahaly, köpler töwereklerine seredişip: «Gazagyň ýurdy bol-

jak bolsa, hany, onda, bularyň töwerekde ýepelegräge-de öýleri, jany — düýe-ýylkysy görünmezmi?» diýşip pikir edipdiler. Galyberse-de, munça üýşen märekäniň içinde hem gazak bolup, diňe ýeke ýüz görünýärdi.

Şonuň üçinem şu bir ýerlerden gelen ajy ýowşanyň ysy diýäýmeseň, «Gazagystan» diýilse-de, onuň gazak topragydygyny tassyklaýan alamatlar asla ýok diýen ýalydy.

Sürgünleriň töwereginde häzir «Golodnyý step» atly, demirgazygy Tobolskä, günbatary Turgaý oblastyna, gündogary Simipalatynskä, günortasy Syrderýa sanýan ägirt uly Sibir çöketligi ýaýrap otyrdy.

Bu ýerler baryp Sibir hökümdary Kuçum han döwründe, çokundyrylyp, özge dini alan Ýermek, soňra Ýermak Timofeýewiç bolan tatar galtamanynyň ilkinji talaňçylykly çozuşlaryndan soňra, onuň altaýlylar tarapyndan Katuna[1] gark edilenine ýigrimi ýyldan gowrak wagt geçensoň, ol ýurt dolulygyna ruslaryň eline geçipdi. Esasy türki kowumyň wekilleri bolan halk taýpa-tirelere bölünişip, Hytaý tarapa, Merkezi Aziýa çäklerine watany goýup, çekilmäge mejbur bolupdy. Ol ýerde soňra ruslaryň elinde galan halk zorluk bilen çokundyrylyp, täze din tagmasy bilen tagmalanypdy. Gazaklar şonda göçüp-gonup, ruslara guýruk tutdurman, çokundyrylmadan halas bolan azsanly Sibir taýpalarynyň biri bolupdylar.

Sürrek bolşup barýan mähelle häzir özleriniň şol aç sähranyň agzyna lukma edilip berlendiklerinden habarsyzdylar.

Sähranyň içi bilen toplum-toplum bolup barýan sürgünler indi her gün telimbir özlerinden öň bu ýere getirilip, düýp tutuşyp ugran, gapdaly «Barak № 3», «Barak № 10...» diýlen belgili sürgün obajyklarynyň, baraklaryň duşundan geçýärdiler.

Sürgün ykbalynyň bir özlerine degişli däldigini, onuň tutuş ýurda gelen beladygyny görýärdiler.

[1] *Katun — Altaýda bir derýanyň ady.*

Şadmanow iň öňdäki arabanyň üstünde oturyp, märekäniň öňüni çekip barýardy. Ol wagtal-wagtal nägile ýüzüni yza öwrüp, arabaçylara haýkyryp: «Sürüň tendarak, ölüsini ýedi öwülýä aşyryp alyp barýan gazak ýaly, näme, mytdyl-mytdyl ýöreýärsiňiz? Bu hörpde gitsek, biz üç günde-hä däl, bäş günde-de ýetmeli ýerimize ýetmeýäris!» diýip, talap edip gyssaýardy. Göç üzlem-saplam bolup bölüniberse, ol ýagdaýy gözden sypdyrman, dessine öňdäkileri saklap, yzdakylary toplap, sürüsini tükelleýän çopana öwrülerdi.

Reşetnikow garaşyk edibräk, öz münen arabasynyň töwereginden barýanlara göz-gulak bolup, mähelläň yzyny jemläp sürüp gelýärdi. Bir gezek ol arabasyny, beýlerägindäki haýal-ýagalrak barýan adamlardan habar almaga atyň başyny öwrende, gapdaldan pyýada pyşdyldap barýan Orazmuhamet ahun onuň öňünden geçjek bolanda, aljyraňňylyga düşüp, aýagy aýagyna çolaşyp ýykyldy.

Aty birneme gyssan Reşetnikowa hernäme-de bolsa ahuna ýetmänkä: «Dur-r!» diýip, atyň başyny çekmegi başardy. Onuň at gojany debsiläp geçer öýdüp, azara galanlygy belli boldy. Gany ýüzüne üýşen ýaly bolup, ýüzi, maňlaýy, boýunlarynyňa çenli gyzardy. Biraz howsalasynyň sowlanyna mähetdel, ol arabadan eglip, dessine, ahunyň ýykylanyny köpüň görmegini islemeýäne meňzäp, oňa elini uzatdy:

— Tur, goja! Ýapyş elimden!

— Aýagym çolaşdymy-nämemi ýykylaýdym — diýip, Orazmyrat ahun, üst-başyny düzedip durşuna özbaşyna hüňürdedi.

— Ýykylmaly däl, onda-da häzir — bu sözi ol ahuna däl-de, hemmelere aýdýan ýaly, onuň egnüstaşyry seredip, uludan dem alyp, nämedir bir zat hakda oýlanyp gepledi.

Ahun töweregine seredip, uýatly ýylgyrdy. Reşetnikowyň ýarym degişmesi, soňam ahunyň goja halyny göz öňüne

tutup, ony öz gapdalyndaky boş ýere mündürmegi: «Baran ýerimiz nähili ýerkän, ol ýerde kime biziň soňky ykbalymyzy ynandylarka?» diýşip alada galyşyp barýan adamlarda: Reşetnikow bilen baglylykda: «Baran ýerimizde hem şu adam başymyz bolmaly bolsa, ýaşaýşam judabir kyn bolmasa gerek, munuň öz-ä adama düşünjek adam ekeni» diýşip, tama etmeklerine sebäp boldy.

Oguljuma dagynyň iki maşgala bolup ýerleşdirilen depesi telper arabasynyň üsti birneme daryşganlykdy. Arabaçy giň maňlaýly, çokgasakgal, molla kişiler ýaly ýylmanagrak gojady. Ol öz arabasynyň ýüküniň ýetikligini göz öňünde tutup, arabasynyň öňündäki öz oturýan ýerine diňe juda ýadan wagty, aýaklaryna biraz dynç bermek üçin münerdi-de, beýleki wagtlar jylawy elinde tutup, gowaldaň ädigini süýräp, arabanyň gapdaly bilen ýöräbirdi.

Allanazar ýolboýy araba münüp-düşüp, ejesiniň ol-bi ýumuşlaryna ýarap, kömek berip gelýärdi. Ejesi Rahmangulyjygy beýlesine dolanyp emdiren wagty, ol eýläk-beýläk dyzanyp arabadan gaçarly görünýän Rahmannazara göz-gulak bolardy. Bir yzrak galyp, bir araba bilen deňleşip ýöreýän kakasy bilen aralykda çapalap, taýçanak bolup gatnardy. Özi-de ol oglanlarça bu zatlaryň hemmesinden lezzet alýardy. Has-da ol Sergeý babanyň ýanyndan at sürenden bolup ýöremegi gowy görerdi. Oglan göwnüne düşünýän goja bolsa öz tutup barýan jylawyny käte: «Al, oglum, senem sür» diýip, Allanazara hem bererdi. Allanazara mähirli seredip, ol başga-da birzatlar diýerdi. Ýöne, Allanazar göwünawlaýjy sözleri aýdýanyny onuň gülümsireýän gözlerinden aňsa-da, düşünip bilmeýärdi. Emma goja bilen çaga ýüreginiň bir-birlerine golaý bolýanlygyndanmy-nämemi olar bir-birleri bilen sözsüzem düşünişýärdiler. Arabaçy goja töwerekdäki adamlaryň arasynda molla adamsy ýaly sypaýy görünýärdi.

Onuň geçmiş ykbalyndan habarsyz adamlar üçin ol pylankes däl-de, adaty goja arabakeşdi. Onuň bilimi çykan, öz döwrüniň patyşa köşgünde onlarça ýyllyp hat-petegiň hereket edýän bölüminde işlänligini bolsa diňe Şadmanow kimin OGPU-nyň işgärleri bilýärdiler. Bir kest ediläýjeginden çekinip, onuň özem mümkin boldugyndan öz geçmişini ýatlamazlyga çalşardy. Gojanyň bu ýerlere gelip düşmegine-de onuň şol patyşa köşgi bilen bagly bolan ykbaly sebäp bolupdy. Allanazar bellibir derejede öz mähriban babasy Kymyş duzçyny ýatladýan bu goja bilen ýolda dostlaşyp ugrapdy.

Oguljuma şol gezegem ýolda düşlenende iýilmeli çörek-çaýy gury-guragrak görüp, gerek ýerinde naharyň ýetnesi hökmünde içi sökli, kakly, erik kişdeli düwünçegi orta goýupdy. Adamsynyň çümmül-çümmül iýşini görüp:

— Al, agzyňa sal! — diýse-de, Orazgeldi ýene-de oňa el uzatman: «Çagalar iýer» diýipdi.

Oguljuma:

— Çagalaram iýer, saňa-da bor — diýip, adamsynyň horugan ýüzüne seredip, ony nahara imrikdirensoň hem saçagyň üstüne goýlan zatlara çaňňalyny urup: — Bar, munam arabakeş babaňa dadyr! — diýip, Allanazaryň eline beripdi.

Goja bu mahal naharyny iýip bolup: «Bä, bular beýle şüweleňli näme garbanýarkalar?» diýip, gözastyndan Allanazar daga seredip, geň galyp otyrdy.

Allanazaryň sen-men ýok, aňyrdan düňkäp gelip, öz aýasyna goýup giden nätanyş lukmasyndan dadyp görensoň, özüniň hem ýatlananyna goja göwni hamala bir uly zat berlen ýaly monça boldy.

Ondan agzyna salansoň: «Tagamly eken» diýen manyda oturan ýerinden baş atyp, minnetdarlyk bildiripdi.

Bu iki, ýaşlary hem dürli bolan, bir-birleriniň diline hem düşünmeýän, ýöne ýürekden weli düşünişýän goja bilen

çaganyň garaşylmadyk we olaryň soňky durmuşlary bilen bagly boljak dostlugam şu ýolda başlanypdy.

Düşleg yglan edildi. Allanazar arabanyň gapdalyna ejesiniň görkezen düşekçesini alyp ýazansoň, Rahmannazary arabadan gujaklap düşürip, ejesine aşak düşmäge kömek etdi. Ejesi arabanyň gyrasyna ýapyşybrak düşen wagty ol Rahmangulujygy gujagyna alyp saklap durdy.

— Uklabam turduňmy onsoň? — diýip, hoşamaýlyk bilen oňa lak atdy.

Her gezek şeýdilip düşmäge rugsat berlende, ýaýraw tutup, öňli-soňly bolup gelýän halk arabalaryň töweregine täzeden toplanan mahaly adamlar wag berşip, märeke köpelen ýaly bolup duýulýardy. Sürgünler pursatdan peýdalanyp, tapan-tupanlary bilen çagalaryny, özlerini hem naharlardylar. Mümkinçiligi bolsa, çaý-suw gyzdyrylyp, içe ýyly çaýkar ýaly çorba-çolpy hem taýynlanyp başlanyldy. Allanazar arkasy ýükli kakasynyň leňňer atyp gelýänini gören wagty, ylgap onuň öňünden çykdy. Ýüküni düşürmäge hemaýat etdi. Orta ýazylan ýol saçagynyň üstüne ýene-de kak, sök, erik kişdesi, ýolda paýlanan bir buhanka gara çörek, suwly gap goýuldy. Orazgeldi saçak başyna geçensoň, bir burum kaky iki bölüp, nan bilen olaryň bir bölegini Rahmannazaryň, ýeneki bölegini Allanazaryň eline berdi:

— Alyň, gara nan bilen tutup iýiň — diýdi.

Orazgeldiniň özi hem çörekden kiçiräk bir bölegini alyp, söke ýanap, kümşüldäp iýenden bolup oturşyna Rahmangulyjygyň işdämenlik bilen emýän emmesiniň üstüne ony hamala gabanýan ýaly eljagazyny goýup, hezil edip emip ýatyşyna hem guwançly nazaryny aýlap goýberýärdi. Hemişe ejesini jigisinden birneme gabanýan Rahmannazaryňam mahal-mahal ol emmä gözügidijilikli seredip goýberýänligini görüp:

— Şunuň-a entegem emäýsem diýen göwni ýok däl — diýip, oňa emmeden aýrylmagyň kyn düşenligini, sähel mürehet

bolsa onuň häzirem baryp emmesine ýapyşaýmakdan gaýtmajagyny ýatlady. Rahmangulujygyň aýajyklaryny debsiläp ejesini emip ýatyşyny her görende, guwanç duýgusy döreýärdi.

Allanazar jigisiniň dänjiräp emip ýatyşyny görüp:

— Guzujyk ýaly «şap-şap» edip emýär — diýip buýsandy.

Oguljuma Allanazaryň gepine myssa ýylgyryp:

— Şu-da biziň guzujygymyz-da — diýip, Rahmangulynyň körpeläp, ösüp gelýän saçlaryny sypalap goýberdi.

Ýolda barmaly ýeriňem bäri-bärde däldigi, oňa çenli enteklerem dert-azar bolup gitmelidigi anyk duýuldy. Birsydyrgyn gözýetim gözleri ýadadýardy, ondan alys asman has barly, has umytly görünýärdi. Gijelerine dagy, ol, ýyldyzlar sürlenişip barýan ýat adamlara-bu jelegaýda görenlerine geň galýan ýaly bolşup, gözlerini jeljelledip üýşenişip seredişýärdiler. Asmandaky ak mapraç gelin ýaly bolup sülmüräp barýan Aýy-da bu pursat şeýlebir üýşenişip, geň galyşyp, owadan bolşup synlaýardylar welin, dünýä hal atyp agaryp ugraberen ýaly bolýardy.

Belki, bu ýerler düýn Sibir hany Kuçumyň agyr goşuny duşmana gyrgyna beren ýeridir, häzirki töwerekdäki tolkunlanyp ýatan depejikler bolsa şol bagty yzyna gaýdan Sibir halkynyň esgerleriniň ýeldir ýagyş-ýagmyr sypalap ýitirip barýan meýdanda galan guburlarynyň öwlüýäçiligidir? Tukatlygam şonuňkydyr...

Şu meýdan her gezek göwünde öwülýälige öwrülen mahaly Şadmanow, Reşetnikow, şäherden gelen wekil ýaly ýörite beýemçilik edip ýören adamlar ýeňen goşunyň hökmürowan serdarlaryna, sürgünler bolsa olaryň oljalap alan bendilerine öwrülýärler.

Dünýäniň bir ýerlerinde bir wagtlar tutaşan uruş enteklerem gutarmadyk borly. Ol ömrylla-da gutarman, her döwürde ýarag-esbaplaryny çalşyryp, gaýtalanýan bolmaly.

Sürgünleriň öňüni Şadmanowyň ýeke at goşulan, ýeri ýelpäp, ýeňil ýöreýän iki adamlyk paýtuny çekip barýardy. Paýtuna agyr bir ýük urulmadygam bolsa, at derläpdi.

Şol barmana-da arabany ýeňillik bilen çekip barýan at öňde bir gara syny düşenini mälim edip, başyny göterip keýerjekledi-de, durarly bolup badyny gowşatdy. Alnynda ýaşyl öwsüp, göz guwandyryp, owsunyp oturan bugdaýly meýdany görüp, Şadmanow at başyny çekdi. Öz ýanyndan edip ýören haýsydyrbir pikirinden beleň alyp, hondan-bärsilik bilen töweregini synlady. Sürgünler hem Şadmanow bilen deňleşen wagtlary bugdaýly meýdanyň deňiz bolup, aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän äpet meýdany dolduryp, göz guwandyryp oturanyny gördüler. Adam ýolunda gowy zada sataşanda hä diýmän özüne-de gowulygyň ýaran boljagyna göwün ýüwürdýär. Sürgünlerem öz öňlerinden gol dolduryp oturan rysgalyň çykmagyny gowulyga ýordular. Daýhan adamlarda ol hamala öz ýerlerinde ösüp oturan ýaly ýakymly duýgyny döretdi. Soňra ýüzleri ýagtylyp, dünýäleri giňän ýaly boldy.

Orazgeldi arkalap getiren ýüküni düşürip, onuň üstünde jaýlaşyp oturansoň, derini syldy. Bugdaýly meýdanyň buýsançly owsun atyp oturşy Pendiniň bugdaýly meýdanlaryny ýatladyp, onuň göwnüni göterdi. Kakasy Kymyş duzçynyň her orakda diýen ýaly bugdaý başyny sypalap-söýüp gaýtalaýan sözüni ýatlady... «Bugdaý diýeniň ozaldan behişdiň miwesi bolupdyr. Eger-de atamyz Adam ata şeýtanyň gepine gidip How enemiziň diýenini etmedik, Taňrynyň: «Iýme!» diýen bugdaýyny şol gezek iýmedik bolanlygynda, ol jennetden çykmasa-da çykmazdy. Taňry Adamata bilen How enäni jennetden çykaryp kowanda: «Alyň, şu-da siziň ömürbaky ýoldaşyňyz bolsun» diýip, olara bir goşawuç bugdaý hem berip goýberipdir».

Iki-üç günden bäri ýolda adamlaryň arasynda Rehmet

ärsary ady bilen tanalyp ugran süňkbaşy iri, saryýagyz adam arabasyny saklap, onuň üstünde örboýuna galyp duran Şadmanowyň duşuna ýeten wagty aýak çekip, oňa ýüzlendi:

— Komendant aga, ol kölüň suwy içimlik suwdur-da hernä! — diýdi. Rehmet ärsary alysdan görnen ýaşyl meýdany kölmükän öýdüpdi. Onuň aňyrsy-bärisi görünmeýän giň meýdany tutup, gök-ýaşyl öwsüp oturmagy, hakykatdanam, bugdaýly meýdana däl-de, owsunyp oturan köldür deňze meňzeýärdi.

Şadmanow, kimdir biri ýeňseden görünmän gelip, kellesine patyladaýan ýaly, «Hüm-m» edip, göhi gelmek bilen sarsyp gitdi-de, ynamly gepledi:

— «Içimlik suw» diýýäňmi? Bu ýerde indi näme kemiňiz bolsa-da, arkaýyn boluň, suw kemiňiz-ä bolmaz. Suw ýere-göge sygýan däldir bu ýerlerde!

Rehmet ärsarynyň bu sözleri dile almagy ýöne ýerden däldi, otluda milleti juda heläk eden suw meselesi ýene-de bu ýolda hem ýüze çykyp, rykgata öwrülip ugrapdy. Şonuň üçinem göni ýoldan sowlup, birneme aýlawlyragam bolsa, ýaşalýan ýerleriň golaýyndan ýöremek makul bilnipdi. Şadmanow Rehmet ärsarynyň jogabyny nagt edip, hamala ýalan gep aýdýan ýaly dessine-de ondan nazaryny sowdy we adamlara umumylykda ýüzlenip aýdýan geplerini kagyzdan okaýan ýaly edip ynamly, howlukman, eli bilen alysdan görünýän ýaşyl deňzi görkezip gepledi:

— Adamlar, indi özüňizi gelmeli ýeriňize ýetdik hasap edip bilersiňiz. Şol görünýän, siziň ýaşamaly ýeriňize degişli bugdaý meýdanydyr. Ýene bir düşläp, dem-dynç alsak, soňra tiz ýeteris!

Gutarmajak ýaly bolup görnen ýoluň gutaryp barýanlygy baradaky habar dartgynly garaşmadan halys bolan sürgünlere azragam bolsa wagtynda berlen göwünlige meňzedi. Adamlar

azabyň gutaryp barýanlygyna göwün ýüwürdişip, biraz ekezelendiler.

Mähelläni görüp, meýdan düşelgesiniň töwereginde traktor oňaryşyp, ol-bi ýeneki işlere güýmenişip ýören adamlar hem aňyrdan topbak tutuşyp geldiler. Şadmanow indi arabadan düşüp, dabanyna ot basylan ýaly ýeňil-ýeňil ädimläp, töweregine eýemsirenip bakyp, sürgünlere meýdan düşelgesiniň töwereginde dem-dynç berip, olary oba ertir irden äkitmegiň pikiri bilen ýelpäp ýördi. Onuň mauzeriniň gaby, arabanyň yzyndan asylan düwünçege meňzäp, ýolboýy gapdalynda ikiýana hallan atyp, özüni mazamlap gezýärdi.

— Bular kim, täjiklermi? — diýip, meýdan düşelgesiniň öňünde üýşenleriň arasyndan elini ýagly esgi bilen süpürip duran, başy papakly, hortap, saryýagyz adam Şadmanow golaý gelende tanajagy bar ýaly köpçülige içginläp seredip durşuna sorady.

— Ýok, bular türkmenler — diýip, Şadmanow gurak jogap berdi.

— Hemmesi şolbir Türküstan-da...

Bu ýerde indi tizden Buharadyr Duşenbeden jemlenilip iberiljek täjik sürgünlerine hem garaşylýardy. Obada olary hem şu 31-nji baraga Iwan Zaharowiç bilen Şadmanowyň ýokardan kabul etmäge borçly edilenligi hakynda gürrüňler bardy.

Bir aýagyny penjeläp, nämedir bir ýeňil bolmadyk zat barada oýlanyp, egrelibräk duran goja töwereginde bosuşyp-çomuşyp duran sürgünleri synlap, başyny sähelçe yrap, uludan bir demini aldy-da:

— Geliň, gelen bolsaňyz. Horlugy-zulumy biz bilen bölüşersiňiz. Näme gytam bolsa, şu zatlar-a ýetikdir bu ýerde — diýip, burnuna salybrak gepläp ýene-de yzyna dolandy.

Sürgünler Akmolladan şol gaýdyşlaryna üç gün ýol ýöräp,

dördünji gün günortanlar öz gelmeli ýerlerine -- 31-nji baraga gelip ýetdiler.

* * *

Kymyş duzçy inisi Ahmediň maşgalasy bilen tussag edilip, Garawuldepä alnyp gidilenini şol günüň öýläni eşitdi. Ol gawun başyndady. Onuň inisine jany ýandy: «Aýtdym-a men şol eşege: «Goý indi şu oýnuňy?» diýip, bular bilen oýnuň deň gelýärmi seniň!... Tutulan bolsaň, hakyt bolaýypdyr şol-a. Ýöne çagalary... Ýeri, olarda nä günä bar diýsene. Ol doňzuň oduna bigünä bendelerem ýanmaly bolupdyr. Ahmet diýen adam aslynda dek gezjek doňuzmy näme?..» diýip, Kymyş duzçy inisinden nägile bolsa-da, barybir inisini çagalary bilen düşen güni oňa ýene-de ynjalyk bermedi. Durup bilmedi.

Biraz mahaldan onuň pikiri Ahmediň çagalary bilen äkidilen Garawuldepäniň töwereginde aýlanyp ugrady. «Bäý, ol doňzy ýenjen bolsalar gerek? Ýara dagy salmadyk bolsalar ne ýagşy, ýogsam: «Diý!» diýen zatlaryny diýip, günäňi boýun alandan bolmasaň, olar adamynyň dagy osal ýerlerine-de depip, urup, maýyp-da edýämişler» diýip, aladaly pikir etdi. Ýygyp goýan otuny ýüpe çykap, agtygy bilen hykylaşyp, ikisi iki ýerden zordanrak eşege ýükläp, bir horjun gawunam jaýlap onuň üstüne atansoň, oba gidermen boldy. Ot ýyganda epläp gapdalyna atan donuny geýip, bilini pagta guşak bilen pugta çekip guşansoň, saýaň agajyna ildirip goýan ýapbaç telpeginem kakyşdyryp, başyna geýdi.

Ateşek birsalym dikgirdänsoň, gelip obanyň çetinden girdi. Goja halys suwsapdy, ol öýüne garagörnüm gelenden: «Ha, heleý, çaý demläp goýan bolsa ne ýagşy» diýip oýlanyp, eşegini gyssap öýüne ýetmäge howlukdy.

Çaý başynda Jemal mama adamsyna Ahmediň tutulyp,

eli arkasyna daňlyp alnyp gidilişini, soňam yzzan-da-çuwan edilip, onuň aýalydyr çagalarynyň äkidilişini ýatlap aglady.

Jemal mama soňra delalaty deger diýen tama bilen Ýagdynyň ýanyna gidipdi. Ýöne ol ýerdenem Ýagdyny tapmandy. Hemişe onuň niredeliginden habarly Hanuma Ýagdynyň irden, adamlary ýekeýüz ýabyň başyna çöpsyrda alyp gidenini aýtdy.

Ahmediň ady tutulan wagty Hanumanyň maňlaýynda birden maýdaja der örtügi peýda boldy. Ol:

— Siz, mamasy, gidiň. Men Ýagdy geldigi, ony çagalaryň ugruna çykaryn. Ahmed-ä onuň näme kömeginiň degjegini bilemok — diýip, garrynyň ýüzüne göni gözläp bilmän, içki harasady bilen aljyrabrak gürläpdi.

Aýalynyň Ýagdynyň kimligini görüp-bilip ýörkä ýene-de ondan hemaýat gözlemegi goja ýaramady:

— Haý, munuňam hemaýat gözläp ýören ýerini, ony henizem sen şol-ol öýüňde işlän günleri: «Gel, oglum, ýyljajyk süýt iç!» diýip, iýdirip-içirip ýöreniňdäki Ýagdydyr öýdýäňmi?.. Indi ol Söýünalynyň begi, ýöne-möne adam däl, edeni geçip dur, eger ol kömek etjek bolsa, seniň goldoly maşgalaňy gümgidene ibärmidi?» diýip käýindi. Soňra ol gepledigiçe ody ölçerilip ugranyny mälim edip, käsesindäki ýarta ýakyn çaýyny gapa tarap serpip goýberdi, düýrükdi:

— Haý, heleý-dä sen, Ýagdynyň dagy üstüne barmaly däl ekeniň. Olardan gök ýakyndyr, heleý, bilip goýgun, indi öňki: «Akga, ene!» diýip, ýakynsyrap gepleýän Ýagdyň ýokdur, temek al asmanda bolup, özem hoňňujadyr... Olardan geljek peýda gelmän geçsin!

Kymyş duzçy soňra ir gününi giç edip oturanyny ýatlap, aýalynyň Ahmediňkiler üçin taýynlan iýer-içer zatlaryny alansoň, horjunyňam her gözüne iki sany gawun salyp, serhetçileriň ýanyna -- golaýdaky Handepä howlukdy. Ol Hangu-

lularyň pytraňňy oturan syrgynynyň gapdalynda geçip, ýol ugrundaky oba bilen serhet aralygyndan göbek bolup, ýerden saýlanyp oturan öwlüýäniň deňine gelen wagty ol ýerde ýakynlarynyň ýatanyny ýatlap, göwnüne jaýlap doga okap degsin etdi. Özüniňem indi uzak eglenmän bu mähellä goşuljagyny ýatlan mahaly, gojanyň ýaňyrak gazylan bir gabra aýagyny sallap oturan öz goja keşbi göz öňüne geldi.

Öňden serhet berkitmesi seleňläp göründi. Goja bir pursadam bolsa, ol ýerde özi bilen nämeler bolaýjagy barada ýüzugra oýlandy, Ahmediň zyndanyň garaňky burçunda biçäre bolşup, ejelerine dykylyşyp, gorkuly gözlerini balkyldadyp oturan naşyja, özüni gördüklerem: «Baba-da, baba!» bolşup, hossar sygynyşyp, gujagyna doljak çagalaryny ýatlady. Häzir oňa ýadawlygyny hem duýdurman, alyp barýan şu pikirlerdi.

Gumak ýoluň iki gyrasyny alarladyp ösüp oturan boldumly biten ýandaklarda gojanyň syny eglendi. Olaryň ýola golaý oturanlarynyň üstüni çaň-tozan basyp, başa ýukajyk çal ýaglyk atana meňzeşip otyrdylar. Bedeňýap bilen aralykdaky meýdan welin gözilginçdi. Ol ýeriň ýandaklary bir-birlerine baş gatyşyp, ep-esli ýerde ýaşyl ýazy döredişip otyrdylar.

— Ha, bulary syryp-syryp, güjürdedip iýmäge düýe bolsaň! — diýip oýlandy. Soňra bu ýandakly meýdan onuň çagalygyndaky düýe bakan ýerlerine meňzäp, ony pikirinde geçmişe äkitdi.

Kymyşam şol günler köne jardan ýeňsede agalary Arnagylyç, Özbekgylyç bilen düýe bakardy. Käte olaryň ýanyna şonda eli hasaly, egni çäkmenli atalary hem gelerdi. Gelibem öz lagar düşen aty bilen gyzyklanardy: «Şol sag-aman otlap ýörmi?» diýip sorardy. Onuň ýanyna baryp, maňlaýyndan sypardy. Bir gezek bolsa ol atnyň der saçyp duranyny görüp, çagalaryna onuň üçin ynjap käýinipdem:

— «Şu at bilen işiňiz bolmasyn!» diýip aýtmadymmy

men size!?

Arnagylyç bilen Özbekgylyç bolsa her gün gojanyň gözüne güýdüşip münerdiler, onuň bile düýe-de gaýtaryp gelerdiler, käte bolsa ol garry aty göçüşip, şeýlebir çybyklap çapardylar welin, at janawer halys bolardy. Ol çabdar at Muhammetgylyç serdaryň iň soky söweş aty hökmünde bellidi.

Häzir bu meýdany goja özüni çagalyk mekanyndaky ýere meňzedensoň, ýene birazdan bu ýerde Hydyrata ýaly bolup, birden babasy Muhammetgylyç serdaram görnäýjek ýaly bolup duýuldy...

Serhet düşelgesiniň girelgesinde duran serhetçiler Kymyş duzçynyň goňşulykdaky obanyň adamsydygyny aňsalar-da, onuň gepini diňlärli däldiler, olaryň birisi—uzyn boýly, jüýkburun orus ýigidi bolup, ikinjisi kelteden gelen, gözi gyýtaksy, çalgyrt türküçileýän tatar ýigididi. Ol gojanyň haýsydyr bir bendilikde saklanýanyň yzyndan gelenini eşiden badyna, başdansowma jogap bilen yzyna gaýtararman boldy: «Goja, gowusy, sen git, barybir, saňa hiç kimi-de görkezmezler, uly komandir häzir ýok bu ýerde, özgeler bolsa saňa görme-görşe rugsat berip bilmezler». Goja tatar ýigidiniň türkisini diňläp durşuna gözüne seredenden onuň ýalan sözleýänligine, özüni başdan sowjak bolýanlygyna düşündi. Ol esgerlere hiç zat diýmän, üzeňňiden aýagyny aýryp ateşeginden düşdi-de, serhetçileriň beýlerägindäki güzeriň boýnunda biten toraňňynyň kölegesine çekildi. Eşegini gapdalda örkläänsoň, özem soňra keçejigini aşagyna atyp, şol ýerde oturyberdi. Serhetçiler ilki bir-birleriniň ýüzlerine seredişip, gojanyň näme hyýala münenine düşünmediler. Öz ýanlaryndan: «Namaz wagty gyssandyr. Namazyny okansoň, turar gider» diýşip pikir etdiler. Ýöne Kymyş duzçy ne wagty bilen namaz okady, ne-de atlanyp, gelen ýoluna gitdi.

Onuň bu bolşy gapyda duran esgerleri darykdyrdy. Çalgyrt türkmençe gepleýän tatar esger aňyrdan ýöräp gelşine

ýene-de ondan abyr-zabyr bilen dynmakçy boldy, gaşlaryny çytyp, ýüzüni gataldyp, halamazlyk bilen goja ýüzlendi:

— Goja, indi näme otyrsyň?

— Şu ýerde komandire -- ulyňyza garaşjak!

— «Ulymyz ýok» diýil-dä saňa.

— Ýok bolsa, geler-dä näme!

Tatar esgeriň ýüzi hyrsyzlandy:

— Aýdyl-da saňa, uly başlygyň ertir geljekligi.

— Menem erte gelse, şol ertire garaşýan-da...

Tatar esger şundan soň goja bilen düşünişip bilmän, onuň ýüzüne haýbatly seredip durdy-durdy-da, lapykeç hüňürdäp, yzyna dolandy. Şol gidişine-de ýolugra ýoldaşy bilen «haňňy-suňňy» edip birsalym duransoň, ony galdyryp, ýene aňyrlygyna—komandirleriň bolýan ýerine gitdi. Tatar esgeriň giren jaýyndan birsalymdan kömejine howp abananyny duýan arylar ýaly, elleri ýaragly birnäçe esger hozanaklaşyp çykdy. Goja olaryň yzy bilen hol günki özünden Jüneýit han hakynda sorag edilende oturan syrdam komandiriň bir elini aşyrma kemerinden tutup gelýänini gördi. Olar gepedüşmez gojany bu ýerden köplenişip kowarly göründiler. Goja biraz howatyr bilen: «Şulardan gorkmadygyň Hudaýy ýokdur!» diýip, öz ýanyna ýetip gelýän serhetçileriň komandiriniň ýüzüne aladaly seretdi, emma onuň nazarynda öz garaşan ýazgaryjy, hemleli alamaty görmedi. Esgerleriň komandiri, umuman, daşyndanam ylmy ýeten molla ýaly sypaýy we salyhatly görünýärdi.

Kymyş duzçy elini ýere diräbräk eglip, ýerinden turdy. Komandir gojanyň öň ýanyna gelip aýak çeken mahaly, hyzmata gaýym tatar esger ýeňil gopup, özüniň arada dilmaçlyk etmeginiň gerek boljagyna düşünip, dessine olaryň ýanyna geldi.

Goja özi ýokka inisiniň tutulyp, maşgalasy bilen şu ýere

alnyp gaýdylanlygyny, özüniňem jandurmazlyk edip, şolaryň yzyndan gelendigini, Sowet hökümetiniň indi ulular bilen aýaldyr çagalaram özüne howply duşman hasaplap ugranyna halk bilen özüniňem gaty geň galýanlygyny, obanyň halys orlup tükenip barýanlygyny, mertebeli döwlete dagy beýtmek uslypmydyr aslynda diýen manyda öz Kymyş ýňdarmalygyny edip, soňuny saýman igenibräk aýdyşdyrdy.

Komandir agras adamlara mahsus şolbir tutuklygyny saklap durşuna sözüni bölmän, sorag bermän, gojany diňledi. Gürrüňiň Ahmetdir onuň maşgalasy barada barýanyna göz ýetirensoň bolsa, duran ýerinde haýsydyr bir zat ýadyna düşen ýaly oýurganyp, sähelçe baş atdy:

— Näme diýsene, goja, eger aýal bilen çagalarynyň yzyndan gelen bolsaň-a, onda seniňki ugruna. Bize häzirlikçe olary gaýtarmaga OGPU hem ygtyýar edýänligini habar etdi, ertir goýbermekçidik, isleseň, şu gün alyp-da gidip bilersiň.

Aňyrdan bu ýerdäki gürrüňiň ýeňil bolmajagyny pikir edip gelýän goja bu gep, birhili, duýdansyz hem geň göründi. Ol OGPU-nyň döwletli maslahat bilen habar edenini gulagy bilen eşitse-de, oňa birbada ynanyp bilmedi, bu onuň aňsat edýän işimidi näme, oňa «Bas, at, sürgün et!» diýseň. Şolbarmana Kymyş duzçynyň ýadyna aýalynyň haraý gözläp, Ýagdynyň üstüne barşy düşdi.

— Şol deýýus, adam bolup, bularyň ugruna çykaýdymyka? — diýip oýlandy, soňundanam muňa hut şonuň delalatynyň degenine ynandy.

— Diýseň-diýmeseňem özüňki-dä, şeýdip bir ýerde bolmasa, bir ýerde onuň kömegem degäýýär — diýip, Ýagdydan gaýybana minnetdar boldy. Hoş sözi üçin komandire hem gojalarça: — Taňry ýalkasyn, oglum! Alla saňa abraý bersin, bala-çagaň rehnedini gör... — diýip, ýürekden alkyşlap, dileg etdi. Soňundanam: — Indi, buça bolanyna görä, Ahme-

dem bir görkezäýseňiz! — diýip, täzeden komandire haýýyş bilen ýüzlenip, ony görmese, ynjalmajagyny mälim etdi.

Tutuklygyny saklap duran komandir başyndaky papagyny bir eline alyp, beýleki elindäki elýaglygy bilen maňlaýynyň derini sylansoň, gojanyň soňky soragyny eşitmedik ýaly gitmekçi bolup, yzyna öwrüldi. Onuň ýeňsesinde ýaý berşip duran esgerler biraz yza çekilişip gozgalaň tapyşdylar. Komandir olara ýüzugra gysgaça-gysgaça talaply buýruklar berip, yzyny gözlemän, aňyrlygyna gitdi.

Birsalymdan esgerleriň ikisi Ahmedi görkezmek üçin zyndandan çykaryp, gojanyň ýanyna alyp geldi. Goja inisi Ahmediň ýaňyrak syrylan süýnmek gawun kellesini hol beýleden göreninden tanady. Onuň daýaw göwresi öň ýanyndan barýan esgeriň üstüne abanybrak, sähelçe leňňer atyp gelýärdi. Hossaryny görüp, ýüzi açylan Ahmet begendi. Agasy bilen gadyrly salamlaşdy.

Ol:

— «Ahmet Ödegylyç, gapa!» diýseler, men ýene soraga äkidiljekdirin öýtdüm eý, Taňrym, bir görsem, bu ýerde, ine, siz otyrsyňyz...

Goja biraz egsilen ýaly bolan inisini haýpygelijilik bilen içgin synlady. Onuň toňkaryp duran kellesinde gatan gan yzlary bardy, zuluma tutulanlygy görünýärdi. Muňa gojanyň jany ýandy, oňa haýpy gelip içinden: «Ýeri, muny beýle zuluma tutar ýaly, ol siziň, nä, bajyňyza giripmidi?» diýip, sütemkärlere içinden käýindi. Inisine edilen sütem baradaky pikir gojanyň özünem biraz eýmendirdi.

Ahmet gojanyň inileriniň iň dogumlysy, gaýratlysydy. Kymyş duzçy öz garadangaýtmaz inisinden diňebir oba ýolbaşçylarynyň däl, ellerinde suw ýaly ýaraglaryň barlygyna seretmezden, serhetçilerdir OGPU-nyň işgärleriniň hem heder edýändiklerini bilýärdi. Näçe synanyşsalar-da henize bu güne

çenli Ahmediň ýoluny kesip, ony ele salmak olara başartmandy. Bu zatlaryň hemmesiniň OGPU-nyň hasabyny ýöredýänligi hem belli zat. Bu döwürde ata çykmazlykdan gowusy ýok ýaly hem bolsa, ilçilikdi, başyny etegine salyp ata çykýanlaram bardy. Ahmet, aslynda, ata çykjak bolubam çykmandy, ony köpden bäri durmuşda ýanap gelýän, ynjalykly, arkaýyn ýaşamaga goýmaýan ykbalyň özi çykarypdy. Nädip ata çykanyny Ahmediň özi hem duýman galypdy. Ýöne, her hili ýagdaýlaryň bolýanlygyna bakman, ol özüniň ata çykanlygyna asla ökünmeýärdi. Möjekleriň örç alan zamanynda diňe möjek bolup, öňi-yzy deňläp ýaşamalydygyna hem ol gowy düşünýärdi.

Şeýle-de bolsa Kymyş duzçy gürrüň arasynda inisine ýürekden igendi:

— Zaluwat, sen ýene bir ýerlerde bir işler goparansyň?

Ahmet jogap ýerine sähelçe ahmyrly ýylgyrdy-da, diňe birhaýukdan jogap gaýtardy:

— Şol baýraçly baýyň maşgalasy bilen bir horjun puluny Owgana geçirenimi aňypdyrlar. Şony boýnuma goýjak bolýarlar. Aý, onsoňam, maňlaýdyr-da, Kymyş akga.

— Hawa-da, «maňlaý» diý-de goýaý — diýip, Kymyş duzçy inisiniň aýdanyny — çekmeli bolar ony — diýip makullady.

Aga-ini garawullaryň ýanynda oturyp, hal-awhal soraşdylar, sürgüne gidenleri ýatlaşdylar. Ahmet öz düşen gününiň judabir çykgynsyz ýagdaý hem däldigine özüne delalatyny ýetirip bilmän kemsinip, kemelip oturan agasyny ynandyrmaga çalşyp gürledi. Goja inisiniň eline öýden getiren azykly düwünçegini berip hoşlaşdy.

Ahmedi äkidensoňlar, onuň aýaly bilen çagalaryny tussaglykdan boşadyp, gojanyň ýanyna getirdiler.

Goja Ahmediň çagalaryny mündürip, ateşegi öňüne salyp oba gelip girende garaňky ýagşy gatlyşypdy. Inisiniň ça-

galaryny boşadyp özi bilen alyp gaýtmagy gojanyň galan göwnüni bellibir derejede galkyndyrypdy.

* * *

Jemal mama gumak ýoluň boýuny syryp gelýärdi. Ol düýejä darap gaýdypdy. Oňuň egninde ýagyrnysy güne ýanyp, biraz könelişen köýnegi bardy. Enäniň garrap, süňňiniň biraz çekilişýänligi üçinmi-nämemi, birwagt laýyk edilip tikilen köýnek häzir onuň egninde başga biriniň köýnegini geýen ýaly, amanat bolup görünýärdi.

Günüňem gyzyp ugran, köpleriň iş üstünde bolýan wagty bolansoň, töweregem çolady. Ýolugra oba kooperatiwine hem sowulmak pikiri bolansoň, ol öwrüm edip, bu ýoldan ýörite gaýdypdy. Onuň goltugynda nämedir bir zat dolanan düwünçek bardy. Jemal mama ýene-de hemişe ýekeräk galanda bolşy ýaly, sürgüne gidenleriniň pikirine berlipdi. Dünýäni unudup, özünden özi kimdir birine birzatlar gürrüň berýän ýaly ýol-boýy alasamyrdy bolup gelýärdi:

— Gidilen ýer ýele-ýakyn däl borly. «Sibir» diýilýän ol sowuk artyp şeýle uzakdamykan? Gelinler ahmal galyp, çagalary üşetmese-de ýagşydyr... Horja çagam Rahmangulym, Rahmannazar jan... Alla janym, Akgy janym, gör, siz häzir nirelerde aç-hor bolup synsyrap ýörensiňiz?...

Her gezek sürgünlerini ýatlanda, soňundan bolşy ýaly, ýene-de ajy gözýaş garrynyň gözüne gubar bolup indi. Köý-neginiň etegine çolaşana meňzäp, ýykylarly bolup, şolbarma-na entäp gitdi. Her gezek şeýdip, sürgünlerini ýatlan wagty Jemal mama bokurdagynyň daralyp, dem almasynyň kynlaşan ýaly bolýanlygyny duýýardy.

Jemal mama pikire berlip gelşine özüniň kooperatiwe daramakçylygyny hem unudyp, tas onuň gapdalyndan geçipdi.

Kooperatiwiň gapysynyň öňünde kooperatiwçi Hardat iki-üç sany adam bilen gyzgalaňly gürleşip duran eken. Ol Jemal mamanyň ýetip gelýänini görüp, töweregindäkiler bilen howlukmaç gürleşip, garryny görse-de, görmedikden bolup, howlugybrak kooperatiwiň jaýyna girdi. Jemal mama-da muny gördi. Onuň bolşy: «Gully eminleriň, Kymyşlaryň sürgün edilmeginde şunuňam eli barmyş» diýen il içindäki gürrüňi ýene bir gezek garrynyň ýadyna saldy.

Hardadyň garryny görüp, gaçyp jaýyna girmegi diýseň-diýmeseňem aýdylýan zatlaryň ugrunda barlygyndan, onuň müýnlüdiginden habar berýärdi.

Jemal mama bu ýagdaýy görensoň, ondan özüçe many çykaryp, onam düwünçege düwüp, soňra birwagt agtarmaga mümkinçilik bolar diýen pikir bilen kalbynyň bir çetine atdy-da, kooperatiwi ýok hasap edip, sowulman, onuň gapdalyndan göni geçdi.

* * *

Töwerek henizem alagaraňkydy. Gijäniň gara şalyna çolanyp, ümsümligiň törüne çekilen dünýä öňküsinden has hüýli we syrly görünýärdi. Säher şemaly öwsüp ugrandan soň gije hasam terlenip, höweslenipdir. Meýdanyň depesinde bala dönüp bişen gawunlaryň ýakymly ysy peýda bolupdyr. Kymyş duzçy giç ýatan hem bolsa ýene-de ir bilen, hemişeki oýanýan wagtyndan gijä galman ukudan oýandy. Ozal agşam dünýä, demi içine düşen ýaly, juda dymyk bolupdy. Goja çybyn-çirkeýleriň derdinden düşegine geçeninden soňam wagty bilen rahatlanyp uklap bilmändi. Her gezek howa petiş-kapas bolanda, çybyn-çirkeýiňem hakyt «güni geldi» diýleni bolup, olar bolubilenini bolýardy. Goja gijäniň içinde çybynlara tüsse etmek üçin saýasynyň töweregine aýlanyp, ol ýerden

eline ilen çöp-çalamy toplaşdyryp ýörşüne şeýle tüsse etmekligе alagury eşek tezeginiň has gowy bolýanlygyny ýatlap, gündizden onuň gamyny iýmänligini, häzir bolsa gijäniň içinde, bol çöpem bolsa, ony tapmagyň mümkin däldigini ýatlap, ýogsam onuň häzir eşegini daňan ýeriniň töwereginde dökün bolup, pytyrabam ýatanlygyny pikir etdi. Gündizlikde kesek bilen tezegiň tapawudyny zordan saýgarýan göz gijäniň içinde ony nireden tanasyn?!

Irki ertir namazyna entek wagt bardy. Şemal öwsüp, çybyn-çirkeýlerem asla bolmadyk ýaly bolupdyrlar. Olaryň hakyndan hemişe-de şemal çykýar, häzirem öňüne salyp äkidip, ummadan aşyran bolmaly.

Dünýä bolsa şeýlebir asuda, hatda jeňňel tarapdanam häzir ses-seda eşidilenok. Ýogsam, şol ýerden, dagy başga zat bolmasa, ukuda ýatan ýekegapanyň wagtal-wagtal harryldyly horgurmasy bolmaly. Emma häzir täsin ümsümlik.

Pendi asmanynyň ýyldyzlary gije ýarymdan dagy agansoň, diýseň owadan bolýarlar. Söýünalynyň gijeleri hem başga ýerden gelen adamlary hemişe haýran edýär. Olar şonda: «Siziň obaňyz, birhili, özge ýerlerden asmana has ýakyn ýaly, ýyldyzlar penje-penje bolşup, elýeterli görünýärler, hamala töweregiň baýyrlarynyň biriniň depesine göteriläýseň, olara eliňem ýetäýjek ýaly, soňra ýyldyzlary pagta ýygan ýaly ýygybam bolaýjaga meňzeýär» diýişýärdiler.

Şolbarmana henizem ukynyň goýry ümri bilen ümürläp ýatan Kymyş duzçynyň ünsi depesindäki ýyldyzlara düşdi. Aý ýyldyzlar mähellesiniň ortasy bilen, töweregine buýsançly nazar aýlap, gyzlara baş bolup, toýa barýan ýeňňe-gelne meňzäp barýar. Kymyş duzçynyň nazary şolbarmana asmanda ýaňyrak ylgaşlap geçeni duýulýan akmaýanyň kümüşsow tozan göterilen ýoluna düşdi.

Asmanyň gujagyny dolduryp oturan, bir-birinden owadan,

bir-birinden mynasybetli, mähirli ýyldyzlardyr nurlanan Aý oňa ýene-de çoguşyp gelen agtyklaryny gyjagyna gysyp, gojalan başyna ak hasa atynan, hoş bolup buýsançly oturan Jemal mamany ýatlatdy.

Goja soňky döwürde asman bilen hasam ysnyşypdy. Ýalňyzlykda, onsoňam gijelerine dagy ýyldyzlaryňam derdinişere dertdeş kemi ýokdy. Goja derdini indi hemişe şeýdip, Aý-ýyldyzlar bilen bölüşerdi. Olaram goja düşünip, onuň galan göwnüne göwünlik bererdiler, derdini paýlaşardylar. Käte goja dünýäni unudyp, olar bilen şeýlebir ýürekden gürleşerdi welin, ýyldyzlar hem balkyldaşyp, ynsan dilinde gürläbererli görnerdiler.

Kymyş duzçy şol gawun gülleri hasyla durup, tumşugy tüýlüje ternelere öwrülip, kesege togurlanyp ugran günleri gawun başyna göçüp gelipdi.

Hatda ogullaryny maşgalasy bilen sürgüne ugradan gününiň ertesem ol gaýrat tapyp, ýene-de bu ýere dolanypdy. Indi şondan bärem onuň oba-da şeýlebir gidesem gelip durmaýardy. Gitse-de seýrek giderdi. «Hüw!» diýip, öýe sygman çykan derwüş ýaly, meýdanlarda öz-özi bilen gürleşip, ýoldaşly adama öwrülip, ogullarydyr mähriban agtyklary bilen bagly pikirler bilen ümürläp gezerdi. Olar heniz gitmänkäler, oňly ýetişmedigem bolsa, gawunyň ilkinji ýüzünden öz ezizlerine dadyrmaga ýetişenligini ýatlabam begenerdi.

Goja ir turanam bolsa indi barybir uklap bilmejegine gözüni ýetirensoň, irki namaz parzy bilen bagly aladalarynyň ugruna çykdy. Gapdaldan akyp ýatan goljugyň suwundan ýüz-gözlerini ýuwuşdyransoň, tüňçäni dolduryp oda goýdy. Kymyş duzçy Hudaýa sygynyp irki namazany okap durka, kimdir biriniň ilerki Pendi baýyrlary tarapdan entek oňly ýagtylyp ýetişmedik säheriň çal-çuw perdesiniň arasy bilen hamala oňa çolaşana meňzäp, salgym atyp, öz saýasyna tarap

gelýänini gördi.

«Bu kimkän janlarym, gijäniň içinde beýdip sümsünip ýören?» Soňra-da ol özüne golaýlap gelýän bu salgymy baýyrlykdaky mallaryň üstünden gaýdyp gelýän obadaş çopan-çoluklaryň ýa-da gazygyndan boşanyp giden malynyň irgözinden gözlegine çykan adamlaryň biridir öýtdi. «Biýaranyň goluny depgilemän, çil üsti bilen gelýän bolsa ne ýagşy» diýip aladalandy. Goja aňyrdan hallan atyp gelýän adamy tanaýan adamlarynyň birine meňzetmek üçin näçe içgin synlasa-da, barybir, ony aýdyňlap, kime meňzetjegini bilmedi. Onýança aňyrdan assa-ýuwaş gelýän söm adam, suwly goljuk öňüni kesen mahaly, şol ýerde aýak çekip, iki dyzyny ýere urup, ol ýerdäki lummurdan akyp ýatan bol suwdan goşawujyny dolduryp-dolduryp işdämen içdi. Hezil edip teşneligini gandyrdy. Diňe şondan soň ol iki eliniňem ýeňlerini tirsegine çenli çyzgap, başyndaky gaba telpegini çykaryp gapdalynda goýansoň, jany biraz aram tapanlygyny mälim edip, howlukman, aýratyn bir yhlas bilen el-ýüzüni ýuwuşdyrdy. Nemli elleri bilen kellesini, sakgal-murtuny sypalaşdyrdy.

Nätanyş saýa golaýlaşan wagty eýýäm goja namazyny okap bolup, her gezek namazdan soňky Taňrydan dileýän gowulyklarydyr mynasybetlikler bilen bagly dileglerini tama bilen diläp otyrdy. Aňyrdan aýak astyna seredibräk düňreýilip gelýän ýat adam Kymyş duzçynyň bäş-alty ädimlik golaýyna gelensoň aýak çekip:

— Essalawmaleýkim, musulman garyndaş! — diýip, bellibir derejede özüni tanatmak niýeti bilen salam berip durdy. Kymyş duzçy salam alyp oturşyna, nätanyş adamy soranjaň nazary bilen içgin synlady. Gojanyň özüni tanajak bolýanyny aňyrdan gelen adamyň özi-de duýdy:

— Sakgaldaş, sen meni tanap bilmersiň. Meni öňem

gören dälsiňiz. Men örän alysdan gelýän. Özüm-de «Ahal» diýen ýerden bolaryn.

Şeýle-de goja onuň gijäniň içinde keýpine bu ýerlerde sümsünip ýörmeýänligini pikir etdi. Aňyrdan gelen süňkbaşy iri, tegelek ýüzli, birkyýama gazak adamsyna hem çalym berip duran, gür ak sakgally adamdy. Ol garma donuň aşagyndan dyzyna ýetip duran çäkýaka ak köýnek geýipdir, başyna geýen seleň silkme telpeginiň burmalary onuň maňlaýyny ýapyp dur.

Goja dessine otda lasyrdap gaýnap duran tüňçäni alyp, çaý demläp myhmanyň öňünde goýdy. Soňra saçagyndaky ýarta golaý, agtyklaryň düýn: «Mamam bilen nan ýapdyk» diýşip getiren çöregini hem käte çaý içende agzyna atýan söki bilen çaýyň gapdalyna jemledi. Nätanyş gyzgyn çaýy howlugybrak, horpuldadyp-horpuldadyp içse-de, gözüni aýyrman oturanlygyna seretmän, özüne niýetlenip öňünde goýlan çörege wagty bilen elini uzatmady. Ol diňe çaýdan iki-üç käse içip, çygjaryp, ýumşap, özüni ele alansoň, hamala kimdir biri özüni: «Baý, munuň iýäýşini?» diýip geňläýjek ýaly, öňünde duran çörekden çekinjeňlik bilen iki barmak ýalysyny bölüp aldy.

Myhman çaý içip oturşyna wagtal-wagtal goja tarap nazar aýlap goýberip, bir zat diýerli görünse-de, habaryny bermäge howlukmýardy.

Kymyş duzçy hem myhmanynyň özünden özi dilleneýänçä ondan artykmaç bir zatlar sorajagam bolup durmady. Onsuzam myhmanyň kokuşyp duran ýüzünden onuň argynlygy, aladalydygy mese-mälim duýlup durdy. Töweregiň asudalygy, gojanyň artykmaç şübhe döredäýjek bilesigelijilik görkezmezligi myhmanyň kalbyna teselli beriji täsir etdi.

Goja ýalňyşman ekeni. Habaryny beresi gelen wagty myhmanyň özi dillendi. Meýmiräp çaýlap oturşyna çaý içen-

soň, biraz durlanan sesi bilen:

— Sakgaldaş, eşider bolsaň, bolşewik diýen bir bela tapylyp, bizi depgiläp, halys goýmady. Aňrymyzam bir ylym-bilimli, metjit-medreseli, dine berlen adamlar. Özüňem görýänsiň-ä, täze hökümetiň bolsa ýigrenýäni biz. Nädeli, bir musulman döwlete aşmak üçin, ýeriň pessi bilen öý-öwzary äpberip, bukulyp-tezip gaçmaly bolduk. Ine, indem telim gündür, gije çen bilen ýöräp, gündiz suw köwen hokurdanlaryň, gamyş-samşyň içinde gizlenip ýöräp gelýäris. Bäş-alty oglan-uşagam ýanymyzda. Ýol çen-çak edişimizdenem has alys bolup çykdy. Eýran ýogsam bize golaýam, ýöne häzir ol ýere golaýlaşar dagy eder ýaly däl. Onuň saklawyny juda berkidipdirler. «Guş gelse ganatyndan, gulan gelse, toýnagyndan dynar» diýleni bolupdyr. Ol serhetden geçjek bolanymyzda, saklawa uçradyk, oglanlaryň biri ýaralandy. Nädeli, uzagam bolsa, ýene-de şu ýoly saýlamaly bolduk. Şondan bärem günorta dönüp, şol ýöräp gelşimiz.

Myhman tüňçedäki çaýyň ajy ýerini käsesine sarkyran mahaly goja gozgalaň tapyp, tüňçäni täzeden dolduryp, ony oda goýarman boldy. Gojanyň ne hyýala münenini aňyp, çaýyň mazasyny duýup, ajy ýerini owurtlap oturan myhman goja ýürekden minnetdar boldy:

— Agam, boldy. Taňry ýalkasyn! Hezil etdim. Telim günüň çaýsyzlygy bolansoň, tutuş ýabyň suwuny içsemem aňsat ganaryn öýdemok. Ýöne bu çaýyň welin, jan çaýy boldy, gözüm ýerine gelen ýaly bolaýdy, agam.

Kymyş duzçy başyny çalarak atyp, bir özi diýen ýaly gepleýän myhmanynyň gürrüňlerini diňläp, onuň ykbal derdine goşulyp, ony öz oglanlarynyň ykbalyna meňzedip otyrdy.

Ahalyň bäri-bärde däldigini, onuň adamsynyň gelip-gelip nirelerden çykanlygyny, çaga-çugalary bilen gypdyklap, öz ýurdunda hor-homsy bolup ýörmäge mejbur bolanlygyny

pikir etdi. «Gelendä-hä, bu bolşewik dertliňe dugtar getirip, em etjek bolup, bilimsizi bilimli etjek bolup, hiçneneňsi bolmaýjagam ýalydy welin, ýöne soňra barha bozulmak bilenem bolaýdy-da, gören adamsyny saýrykdyryp, özüne duşman sandy. Üstesine, ýene-de ýeňles gelniň adamsy ýaly, ol gören erkegine müňkür, şol öjügip gidip otyr...»

Myhmany diňläp ugraly bäri öz bölünip alnan maşgalasy ýene-de onuň töwereginde jemlenipdi. Allanazardyr Aganazaryň hersi onuň bir gapdalynda otyrdylar, onuň gujagynda bolsa soňky döwür iki agasynyň elinden ol arzyly ýeri alan Rahmannazar bardy... Anha-da ogullary arabalaryň gapdaly bilen ýňdarylyşyp, bu mähriban toprakdan çykyp barýarlar. Goja bu ýagdaýy näçe oýlansa-da, asla göwnüne jaý edip bilmeýärdi.

Kymyş duzçy myhmanyň bir töweregine, bir özüne seredip gozganjyramasyndan onuň gitmekçi bolýanlygyny, şeýle-de onuň ýene-de bir zat aýtmakçy bolýanlygyny hem aňdy.

Töwerek bolsa henizem asudady, has dogrusy, ol, birhili, küýlüräk hem syrlyragam görünýärdi. Pendiniň bu ýerlerinde, dünýä hemişe-de güýzäp ugran mahaly häzirkisi ýaly biraz tutugrak, biraz syrlyragam bolýar.

— Rugsat berseň, indi menem ýöräýin, ýaşuly! «Ýolagçy ýolda ýagşy» diýipdirler!

— Rugsat Alladandyr, myhman, otursaň-a ýene çaý bereýin, oňardygymdan hyzmat edeýin, ýöne oba-zada darap gaýdyp, seniň öňüňden geçer ýaly huruşlyk-beýlekiniňem aladasyny edip bolmady-da... — diýip, myhmanyň kemhyzmadrak bolanyny ýatlap, biraz müýnli äheňde gürledi. Soňra ol gidermen bolup, ör turup, guşagyny çekip, täzeden guşanyp duran myhmanynyň bolşuna görä ýolşaýyny tutmak bilen boldy, ortada duran çöregi galanja sökdür ýanynyň ep-esli

bolup duran kaky bilen saçakça höküminde ulanýan ýyrtylan ýarty ýaglygyna dolap, myhmanynyň eline berdi:

— Al, ýola gerek bolar, gardaş!

— Taňrydan gaýtsyn, agam! — Myhmanyň ýene biraz bozulanlygy duýuldy, ol dillenen wagty onuň sesi biraz sandyrap çykdy. Goja ýene bir gezek myhmana oňa beren çöregini azrak görýänini mälim edip: «Men oba gidip geläýsem-ä gowy bordy» diýse-de, myhman etmedi. Ýola howlukdy:

— Agam, maňa indi bir meşigem suw berip ýola sal, galanlarymyň gözi meniň ýolumdadyr, dünýä saýhallanmanka men bir olaryň ýanyna aşaýyn! — diýip, özüniň ugramakçydygyny ýene bir gezek nygtady.

Kymyş duzçy myhman bilen hoşlaşyp durşuna bir zat ýadyna düşen ýaly birden ýeňsesine öwrüldi-de, saýanyň bir ýanynda ýatan gawun çekýän ala horjuny tapyp aldy. Soňundanam myhman bilen töwerege aýlanyp, dessine ony iki bolup, gawundyr terneden doldurdylar. Goja gawunyň gerek ýerinde çöregiňem, suwuňam ýerini tutjagyny hoşallyk bilen ýatlady. Soňra olaryň ikisi iki ýerden gawunly horjuny itenek-de, çomanak bolşup, ateşegiň üstüne zordan ýüklediler.

— Bar, gardaş, ana, Alla ýaryň bolsun!

— Agam, seniň bu eden ýagşylygyňy men nädip ýanyşdyrkam, ulagyňy özüňe nähili gowşyrkam? — diýende myhmanyň bozulany mälim bolup, ýene sesi boguksy eşidildi.

Kymyş duzçy:

— Barjak ýeriňe baryp ýeteňsoň, ýüzüni oba öwrüp, çal jüp çybygy syrtyna, nirede bolsa tapar eşegiň öz gazygyny — diýip ynamly aýtdy.

Kymyş duzçy eşegiň gapdaly bilen ýöräp myhmanyny gawunlygyň aňrybaşyna çenli ugradyp barşyna, töwerege belet adam hökmünde, oňa derýa boýuna inmän, ol ýeriň saklawy-

nyň ýetikligini aýdyp, birneme uzagragam bolsa, öwrümliräk ýöremegi maslahat berdi.

Ýüzüni baýyrlyga tarap tutup dikgirdäp giden ateşek, şol gidişden üç gün geçendensoň, öýlänaralar aňňyryp baýyrdan indi.

Kymyş duzçy ony görüp, myhmanynyň sag-aman serhetden aşanlygyna göz ýetirdi.

***Birinji kitabyň soňy***

*AŞGABAT. 2001--2006*

# DÜWLEN

ROMAN

*«Asman aýdar, zemin aýdar, ýel aýdar...»*
***Magtymguly***

# UMMAN

Mundan bary-ýogy ýarym ýyla golaý ozal hem, indi bireýýämden bäri gojalyk menzilini depeläp-torç edip ýören goja Balkan üçin dünýäniň gadyr-gymmaty hiçneneňsi däldi. Onuň her aýda kempiri bilen alýan pensiýa hakynyň, mahal-mahal deňze tor taşlap tutup alýan ownukly-irili balykdyr guşlarynyň hasabyna, gojalarça diýilýän şol birsydyrgyn aýlanyp duran gün-güzerany bardy.

Goja Balkan 1941—1945-nji ýyllaryň agyr söweşleriniň içinden geçen, onuň görer ýaly görgülerini birkemsiz gören, ýene-de bagty çüwüp, agyr ýitgiler çekilip gazanylan şanly Ýeňşe hem ýeten esgerleriň-de biridi.

Sowet goşunlary faşistleriň iň soňky süreni bolan Berline zarba urýan günleri batalon komandiri kapitan Balkan Çapakow hem öz batalonynyň tanklary bilen şol agyr söweşlere garylyp-gatylyşyp ýören türkmen ýigitleriniň birisi bolupdy...

Onsuzam goja Balkan şükürli-kanagatly adamdy, beýle adamlaryň bolsa, aňsat kem zady bolmaýar, bolaýanda hem olar muny, ýaşlar ýaly, şeýlebir ýiti duýup hem barmaýarlar. Ýöne ýanyňda höwrüň, hyzmatyňa ýarap ýören kempiriň dagy bolanlygynda, onsoňam ýaşlygyň, orta ýaşlaryňam bolmadyk ýerinde gojalyk hem şeýlebir oňuşmazça menzilmesgenem däl ekeni. Goja munuň hut şeýledigine baryp

birmahal öz mysalynda göz ýetiripdi.

Galyberse-de, ol indi ömrüniň soňuna çenli kempiri bilen özüniň şeýdip, çagalaryny özleriniň uçuryp goýberen guş-gumrularyna meňzedip ýaşaşyp ýörjekdiklerine, aýalynyň şol wagtky saglyk ýagdaýyndan, özüniň bar bolan gurbatyndan çen tutup, ömrüniň aňyrsy diýilýän çägiň hem entek-entekler ýakyn däldigine ynanyp ýaşaýardy.

Emma, soň görlüp oturylsa, ömrüň ol «dert» atly çägi şeýlebir uzakda hem däl ekeni.

Ýazyň başlarynda Balkan gojanyň kempiri Umman mama birden, duýdansyz bir dert tapyndy oturyberdi, ilki birki gün: «Hut şu ýerimi ýakyp gelýär-dä» diýip, iki eli bilen kükregini tutdy, ana, onsoň, şondan soň onuň galyp-gopup edip ýören öý işlerini etmesi, gideýin diýen ýerine gidip-gelmesi barha kynlaşdy.

Ilki ol özüniň bu derdini ýazyň her ýyl gelende özi bilen getirýän pasyldyr howa çalyşmasy bilen bagly, ýogynyň inçelýän, inçäniň üzülýän döwrüne degişli adaty dümewleriň biridir öýtdi, onuň gelşi ýaly ýene-de bir hepde- on gün «ah-wah» etdirip geçip gitjegine, özüniň hem gaýtadan, «hä» diýmän öňki öý bikeligine dolanyp geljegine ynandy. Bu, elbetde, hemişeler, hakykatdanam, şeýle-de bolardy.

Emma Umman mama bu gezek ýalňyşan ekeni. Ol soňra bir hepde-on gün geçeni bilenem, aý geçeni bilenem öz isleýşi ýaly aýňalyp gidibermedi, şeýdibem, bu gezekki gelen derdiň wagtlaýyn dümew-sümewiň çaky däldigi belli boldy. Şonda-da Umman mama ilki adamsyny artyk alada goýmazlyk üçin, mümkin boldugyça, ondan öz derdini gizlemäge çalyşdy, içinden bolsa: «Häý, garry, meniň-ä yzymdan şol ahyrsoňy gelmeli Ezraýyl han geläýenem bolsa gerek, men gidemsoň, bu hanwar jaýlaryň içinde seniň ýeke özüň gugaryp galaňsoň ne gün görerkäň, çagalar ýygnap, eýe çyk-

salar-a ne ýagşy...» diýip pikir edýärdi. Soňabaka welin Umman mama hemişeki ýeňillik bilen, eliniň ujunda edip ýören öý-içeri bilen bagly işlerini etmek hem agyr düşdi. Göwün diýenini göwre etmedi, asla soňra onuň ýagyrnysyny ýerden göteresi gelmedi.

Umman mama näçe mertsirese-de, töwereginde bolup, onuň çekýän derdini duýmazlyk asla mümkin däldi. Ýaşy birçene baran-da bolsa, Umman mama eti-gany ýerindäki, ýüzi zenan nuranalygyny saklan, gitjek ýerine gidip, geljek ýerinden gelip bilýän, durmuşda gowy saklanan, berdaşly aýaldy. Ýöne bu dert ony tiz sykyp-saýdy. Goja kapitan hem şundan soň öz kempiriniň adaty, wagtlaýyn zenan hykçokuna däl-de, haýsydyr bir jana dawa salyp gelen derde uçranlygyny duýdy.

Gojanyň deňiz kenaryny ýakalap oturan jaýynyň gurlanyna ýigrimi, otuz ýyl geçenligine seretmezden, töweregiň göze gelüwli jaýlarynyň biridi. Bu jaýy onuň Moskwanyň Gubkin adyndaky nebitçilik institutyny tamamlap, birsalym işe iberilen ýeri Tümende işlänsoň, ýerli hünärmen hökmünde Nebitdaga derejeli wezipä çagyrylyp getirilen ogly her tomus çagalary bilen ejesidir kakasynyň ýanynda bolmagy niýet edinip gurup beripdi. Ol ogullaryndanam başga gojadyr Umman mamanyň ýene-de iki gyzy hem bardy, gyzlaryň ulusy Krasnowodskiniň lukmançylyk mekdebinde okan ýyllary bir ýigit bilen tanşyp, durmuş gurupdy. Indi ol ogully-gyzly, agtykly oral aýal bolup, Gazanjykda adamsynyň dogan-garyndaşlarynyň arasynda ýaşaýardy. Gyzlarynyň kiçisi goňşy oba durmuşa çykypdy. Häli-şindi iki garrydan gelip habar alyp, aýlanyp gidýänem şoldy. Kempir kiçi gyzynyň bolşundan çen tutup: «Wah, beýlekilerem şu golaýda bolsa bolmaýarmy, ir ertir, giç agşam köwlenip durardylar» diýip, pikir edýärdi. Olaryň didaryny küýseýärdi. Hemişe işinden

sypynyp bilmeýän nebitçi ogly bu ýere hemmelerden seýrek gelerdi. Köplenç garrylar ogullaryny juda küýsänlerinde ony gidip, özleri görüp gaýdýardylar. Oňa derek agtyklarynyň weli hemişe arzuw edýän ýerleri enesidir atasynyň ýanydy. Olar mekdepde okaýan ýyllary her tomus dynç alyşa çykdyklary gelip, arly tomsy bu ýerde geçirip, ejeleridir kakalary yzlaryndan gelýänçäler bolup, gidenlerinde hem gujaklaşyp: «Ýene geleris, ata, ýene geleris, ene!» diýşe-diýşe giderdiler.

Wagt diýeniň aýlanyp-öwrülip geçip dur, agtyklar ýetişip, yzly-yzyna öýli-işikli bolşup gidipdiler. Birki ýyllykda kiçi gyzynyň çagalykdan öz ýanlarynda bolan gyzjagazy hem durmuşa çykyp gidipdi, şundan soň garrylaryň daşy gyşda deňiz boýunyň çolaryşy ýaly, has-da çolarypdy. Bu tebigatyň ynsan boýnuna birwagt goýan kada-kanunydy, jüýjeler ýetişmelidi, ýetişensoň uçmalydy, olary ekläp-saklanlara bolsa: «Nirede gezseňiz, aman-sag boluň, balalarym!» diýip galaýmak galýardy.

Şondan bärem töwerekleri gugaryp galan är-heleý deňiz boýunda «Balykçy we tylla balyjak hakyndaky» hekaýatyň gahrymanlaryna meňzäp ýalňyzlykda, ikiçäk ýaşaýardylar.

Ine, şeýdibem, ýeňil bolmadyk bir derdiň gelenligi, Umman mama üçinem, onuň goja kapitany üçinem ynjalygy bolmadyk selhä-selli günleriň başlananlygy belli boldy. Goja ilki kempirini oba lukmanlaryna görkezdi, soň şäher lukmanlaryna alyp gitdi, çagalaryna azar bolmajak bolup, onuň ugrunda hemişe özi ylgap ýörýärdi, nirä gitse-de, öz maşynynda alyp gidýärdi. Hemişekisi ýaly: «Ýanymda otur, keýwany, goý, görenler gelnaljydyr öýtsünler, bizi ýüzlerine sylsynlar» diýip, könäniň bagtly pursatlaryny ýatlap, oňa göwünlik bermäge çalşardy.

Derdi lukmandan gizläp bolmaýşy ýaly, ony çagalardan

hem gizläp bolmady. Birýola gojanyň agtygy Aman iş bilen bu ýere gelende, hemişekisi ýaly, ýene ilki enesidir atasyny görmäge howlukdy. Ol öýe gelende, gapy gulply durdy. Soň ol garrylar bärde bolaýmasyn diýip, goňşy obadaky aýal doganlarynyň öýünden habar aldy. Ol ýerdenem enesiniň indi bir hepde-on gün bäri şäher keselhanasynda ýatanyny eşidip, şol ýere howlukdy.

Aman gelip, palata gireninde, öňküsinden has garrap, has horlanan enesini gördi. Agtykdyr ene gujaklaşyp görşen wagty enäniň gözünden bir gysym gözýaş paýrap döküldi. Garaşman otyrka agtygynyň gelmegine, ony görüp, arkasy alnan ýaly bolan ene monça boldy.

Şol günüň ertesi enäniň ogludyr gelnem ýetip geldiler. Çagalarynyň şeýdip ýerli-ýerden gelşip, töwereginde pyrlanyşyp duruşlary enäni birde guwandyrsa, birde onuň sagalmaga, entejik öz mähribanlarynyň arasynda ýaşamaga bolan arzuwislegini artdyrdy. Birnäçe günden agtygy Aman: «Güýçli lukmanlar görseler, belki, ýagdaý has tiz gowulaşar» diýen tama bilen enesini Aşgabada äkitdi.

Bu ýerde oňa Aşgabatda ýaşaýan gyz agtygy Sonajemalyň adamsy hem onuň kakasy --ýurda belli lukmanlaryň biri professor Rahmanow dagy hossar çykdylar. Ene Aşgabada gelip ýörmedigem bolsa agtygynyň bu ýerde okanyndan, durmuşa çykyp, ýaşap ýöreninden habarlydy. Sonajemal ozal olary telim gezek öz öýlerine myhmançylyga hem çagyrypdy. Umman ene öňdenem bir maýy bolanda Aşgabada gelip, agtygynyň ýaňrak bolan gyz bäbejigini gutlap gitmegi, ony begendirmegi niýet edinip ýördi. Emma «hesip edeniň dälde, nesip edeni» diýenleri boldy.

Rahmanowlar Umman mamany ilki bir keselhana, soňra ýene bir keselhana salyp bejerdiler. Bir gezek irden Umman mama däri-dermanyň güýji bilen özüne gelip ugran

günleriniň birinde, häli-şindi öz ýanyna gelip, halyndan habar alyp duran oglany öňem bir ýerde görenine meňzetdi, içinden: «Öz-ä bir gowy ýigit ekeni, men muny nirede gördümkäm ýa agtyklarymyň ýanyna gelýän dostlarynyň dagy birimikän?» diýip oýlandy. Haçan-da lukman ýigit ýene bir gezek aýlanyp, öz halyndan habar almaga gelende, Umman mama ony tanarman boldy. Onýança lukman ýigit:

— Ýeri, ene, ýagdaýlar niçik? — diýip, mylakatly dillendi.

— Şu günler-ä hiç neneň däl. Agşamam gowy ýatdym.

— Bizem şol pikirde. Indi gowulaşarsyňyz.

— Belki, Hudaý!

— Men häzir öýe gaýtjak. Nobatçylygym gutardy. Size iýere-içere näme getirmeli, belki, «bolaýsa» diýip, iýesiňiz gelýän zat bardyr? — diýip, lukman ýigit içgin soran wagty, Umman mama bu ýigidiň, ozal pikir edişi ýaly, diňe özüne seredýän lukmanlaryň biri däl-de, agtygy Sonajemalyň adamsydygyny bildi.

— Wiý, huşum gursun! Sen Sona janyň ýoldaşymy ýa, oglum? Men adaty gelip, aýlanyp gidýän lukmanlaryň birimikäň öýdüpdirin.

— Hawa! — diýip, giýew ýigit gülümsiräp, biraz uýaldy.

— Maňa zat gerek däl, oglum. Sonama aýt, azar edinmesin! Ýöne meniň gojam bolmalydyr, şoňa biraz göz-gulak bolsaňyz. Syňsyrap ýörmez ýaly, öýe gitse-hä, has gowy. Gitse-hä, şony, oglum, Sonajemal bilen ugradyp goýberiň! Men indi gowy...

On-ýigrimi günden lukmanlardyr dogan-garyndaşlaryň ala-da-yhlasy bilen ýene-de enäniň ýüzüniň reňki ýerine gelip, nazarynyň durlanyp, bäri bakyp ugranlygy belli boldy. Taby gün-günden gowulaşyp barýan Umman mama keselhanadan, «hä» diýmän gojasy bilen öýüne ýetse, wagt geçip, däri-dermanlaryň ys-koklary endamyndan aýrylyşyberse, öz ýagdaýynyň has hem gowy boljagyna ynanyp, tamaly çykdy.

Aşgabat hassahanasyndan gaýdyp geleninden soň, ýene-de üç-dört aý Umman mamanyň saglyk ýagdaýy hiçneneň bolmady. Ol ýene-de içe-daşa girip-çykyp, özüniň güýji ýetdiginden öý-öwzar bilen baglanyşykly aladalara hem goşulyşyp ugrady. Onuň bu bolşy töweregindäkilerde ýagdaýynyň gün-günden gowulaşyp, kempiriň gutulyp gitjegine ynam döretdi.

Maý aýynyň başlaryna Umman mamadyr goja Balkanyň ýakynlarynyň aglabasy 9-njy maý — Ýeňiş güni öz atalaryny, uruş weteranyny Beýik Ýeňiş bilen gutlamak üçin onuň öýüne üýşdüler. Bu maşgalada Ýeňiş gününi şeýdip, öz-özüň bolup üýşüp bellemek öňden gelýän kadady. Indi birnäçe ýyldan bäri ýaýrawlar öňkülerden giňänsoň, ýakynlary — Balkan gojany diňebir ogul-gyzlary däl agtykdyr çowluklary, ogul hataryna gatylşan giýewleri hem — gutlardylar. Şeýdip, toý bahanasy bilen üýşüşmegiň hemişe lezzeti-de başgaça bolardy. Myhmanlar gelip, Umman mamadyr goja Balkanyň töwereginde gelin-gyz, gaýyn-gelneje, daýy-ýegen... bolşup, toý üçin niýetlenilen tagamlar çagalaryň guwandyryjy şowhuny astynda taýynlanardy.

Erkek adamlar hemişe egnine elsüpürgiç atan Elman başlyklaýyn çişlik bişirişip, gijäniň bir wagtyna çenli birbirleri bilen mesawy gürrüňler edişip, deňiz boýunda gezmeleşip ýörerdiler. Diýseň ýakymly duşuşyklar bolardy.

Bu gezegem Ýeňiş baýramçylygynda şeýle boldy, gojanyň uly agtygy Amanyň çagalary bilen gelen gününiň ertesi, Umman mamanyň özüçe: «Daş balam» diýip atlandyrýan Gazanjykda ýaşaýan uly gyzy hem çagalarynyň birnäçesi bilen gelip ýetdi. Günortanlar gelerine judabir garaşylmadyk gojanyň ogly aýalydyr Aşgabatdan gezmäge gelen gyzydyr lukman giýewsi, mamalaryna ilkinji gezek gezdirilmäge getirilen agtyjagy bilen goşulyşyp gelip, garrylary hasam

begendirdiler. Ine, saňa ýene-de kiçiräk toý!

Toý saçagynyň başynda agtyk-çowluklaryny daşyna üýşürip, biriniň başyny sypap, beýlekisiniň ýaňagyny ysgap, ýene birini gujagyna alyp, olar bilen mylakatly gürleşip oturan Umman ene häzir jüýjelerini daşyna üýşürip, däne çokmaga çykan ene towugy ýada salýardy.

Goja Balkany her gezek şeýdip çagalary Ýeňiş bilen gutlamaga gelenlerinde, Umman mama üçinem öz ýanlary bilen sowgat getirerdiler, atalaryny gutlanlarynda, onuň bilen enelerini hem bile gutlardylar. Şonda goja Balkan özüniň sowgat alanyna hoş bolup oturan kempirine gülümsiräp seredip: «A-how, çagalar, maňa-ha näme üçin sowgat ýapýanyňyz düşnükli. Biz bir Ýeňiş esgeri. Ýöne, eneňize näme üçin sowgat ýapýanyňyza men düşünemok. Ýeri, ol nirede, haýsy nemisi gaýtaranmyş, şoňa düşünemok?...» diýip, Umman mamanyň çetine degip geplärdi.

Her gezek gojasy şeýdip degşende, Umman mamanyň ýüzi göz ýumup-açasy salym göýä bulut kölegelän ýaly bolup üýtgäp giderdi. Şonda Umman mamanyň biraz uýalyp, ynjany belli bolardy. Ýöne ol ýene-de tiz özüni ele alardy hem öz heneginiň täsirini görüp, kempirine gop berenine monça bolup, ýeser ýylgyryp oturan gojasynyň jogabyny onuň öz hörpünde dessine nagt ederdi:

— Eý-ho, eý-ho, görüň-ä munuň hondanbärsi bolup, diýip oturan gepini!? Bolduň meniň başyma demir donly Görogly! Siz-ä gitdiňiz mundan «urşa» diýip, syrtyňyzy çalyp. Görer ýaly görgini yzda galyp, kim gördi? Biz gördük! Gämi baryny dolduryp, ýokdan bar edip, azyk-iýmit iber size, geýim-gejim iber size, iki keçämiz bolsa, şonuňam-a birini iberdik, özümiz bolsa işledik öleýin diýip, açlykdan çişip öldük. Aý, şol artyp urşam-a şonda-da gutarar ýerde gutarmady... Eger siz gaýratly bolýan bolsaňyz, heý, urşam şonça ýyla çekermidi? Size onda-

munda bukulyşyp, yzyňyzdan baran zatlary iýip, orsuň aragy bilen başyňyzy dumanladyp ýatan hanlar diýerler...

Özi-de Umman mama bu sözleri nazaryny töweregine aýlap, çagalarynyň, gelinleridir giýewleriniň hem özüne hä beriji nazarlaryndan beleň alyp aýdardy.

...Umman mamanyň derdi birbada aýrylyp giden ýaly hem bolsa, ol uzak gitmän ekeni. Tomsuň ahyrlaryna onuň «hyk-çoky» artyp, biraz sowluşan ýaly bolan aldajy derdiň ýene-de yzyna dolanyp gelenligi belli boldy. Sanlyja gündenem ýanyny ýere berip, onuň dertden azar iýýäni belli bolup, gün-günden horlanyp ugrady. Alaç ýok, onsoň ýene bir-salym eneleriniň gutulanyna begenişip giden çagalardanam ogryn-dogryn lukmanlara sygynmak başlandy. Goja ýene-de Aşgabady, agtygy Sonajemaldyr onuň uly lukman gaýynatasy Rahmanowy ýatlap, onuň ýanyna gitmegi pikir etdi, ýöne soň oýlanyp, ol ýerdäki bejerginiň hem bu derdi ymykly ýok edip biljegine juda ynanmady.

Umman mamanyň ýagdaýy häzir suwda gark bolup barýanyň hem halas bolmak üçin gabat gelen zada gol serip, penjäni urup, dalda gözleýäniň bolşuna meňzeşdi.

Syrkawy soramaga gelenleriň birnäçesi onda-munda ady eşidilýän lukman-tebiplere baryp görmegi maslahat berensoň, goja soňra onuňam ugruna çykdy. Ol kemprini ýanyna alyp, öz maşynynda nirede bir gowy tebip bar diýilse, şol ýerden çykdy, öýe gelibem şolaryň buýran emlerini maksadyna ýetirip, aýdyşlary ýaly edişdirmäge çalyşdy. «Çykmadyk janda umyt bar» diýleni-dä... Belki...

«Jaňňada» güýçli bir tebip gazak aýalyň barlygyny eşidip, onuň ondan-mundan salgyny alyp baran mahaly, Umman mamany gözden geçiren tebip aýal goja igendi... «Aý, sen, türkmen, tüýs «türkmeni dürtmeseň duýmazlary» ekeniňiz-ä, şu wagta çenli nirede bolduň ahyry sen? Keýwanyňy öňräk

getirseň bolmadymy, özüň-de bolsa, seniň golaýda, aýakýeter ýerde-de ýaşaýan ekeniň... Erkek garrasa, onuň mydary kempiri bilendir, heleý ýaşlykda-da gerekdir welin, ol gojalaňsoň has gerekdir. Heleýiň saglygynyň aladasyny etmek gerek, ol öläýse, görerin şonda, onsoň meni alaýmasaň, saňa heleýem tapylmaz» diýip käýindi.

Tebip aýal şol ýeriň özünde iki-üç sany ot-çöpden melhem ýasap berensoň, goja kempirine deňizden düwlen tutup getirip, onuň bagryny gyzgynjagy bilen, gany doňmanka, birki gezek çigligine iýdirmegi, Hudaý: «Her derdiň dermanyny, bendäm alsyn-ulansyn» diýip, onuň ýaşaýan ýeriniň töwereginde bitirýändigini, töwerekde bolsa näme kän, suw kän, deňiz bar, deňiz bar ýerde bolsa, düwleniň barlygyny aýdyp, oňa ýene-de bir em hem salgy berip goýberdi.

Balkan tebip aýalyň ýüzugra maslahat berip goýberen düwlen bilen bagly emine, onuň öz kempiriniň derdine em boljagyna şeýlebir ynanyp hem barmaýan bolsa-da, aýalynyň soňuna galyp: «Hä, şol gezek buýrulan emi edäýen bolsam, belki, beýle bolmasa-da bolmazdy...» diýip puşman etmezlik üçin, ol tebip aýalyň diýenine «hä» diýmeli boldy.

Goja şondan soň telim gün tora-sora düşen düwlen taparyn diýen tama bilen kenar boýundaky balykçylaryň arasynda sorag salyp aýlanyp gezdi. Ýöne, hany, saňa häli-şindi balyk bolup tora çolaşyp ýören düwlen barmy, onsoňam gereklenýän zat saňa aňsat tapylaýýarmy näme? Bary-ýogy bir gezek oňa baran ýerleriniň birinde öli ýatan düwleni görkezdiler. Oňa bolsa düwleniň garsa garnyny ýaryp, bagryny alyp beräýer ýaly, dirisi gerek. Ahyrsoňy goja düwleniň ugruna özi çykmasa, bu işiň aňsat bitmejegi belli boldy.

Şol günleriň birinde olar bir gün irden är-aýal bolşup nahar başynda otyrkalar, Umman mama özüniň indi telim bir wagtdan bäri öz derdi sebäpli ser-sepil bolup ýören

adamsyna nebsagyryjylyk bilen seredip: «...Sen indi maňa däri-derman gözlejek bolup azara galma, maňlaýdakyny görüberýäs... Indi alty-ýedi aýyň içidir, senem ser-sepil-ä şondan bäri, örän hor bolduň. Biraz özüňe seret, men gazak tebibiň şu ýasap beren dermanyny içibereýin, şeýtsem açy-laýjagam ýaly» diýdi.

Umman mama bu sözleri şeýlebir mähirdir minnetdarlyk bilen aýtdy welin, goja öz gadyrynyň bilinýänligine monça boldy. Şundan soň onuň kempiriniň derdine derman etmek höwesi has-da artdy. Soňra ol häli-şindi deňzi synlap, onuň tolkunlarynyň arasynda bir ýerlerde gezişip ýören, nakys murtluja düwlenleriň pikirini has köp edip ugrady.

* * *

Goja Balkan şol gün kenardaky öňden ýola taýynlap goýan gaýygynyň duran ýerine gelen mahaly heniz hem oňly agaryp ýetişmedik töwerek gijäniň çal-çul perdesiniň astynda bugaryp otyrdy. Bu pursat, hakykatdanam, Ýerdir Asmanyň öz dünýälerini biri-birleri bilen gatyşyp, gijäniň gara ýapynjasynyň aşagynda, çolaja ýerde galan gelindir ýigide meňzäp, gysmyljyraşyp, çolaşyp-çyrmaşyp, şöwür çekişip oturýan pursatlarydy. Dünýä her gün dag-u-deňiz, zemindir asman, çöl bolubam soňra, jümle-jahan ýagşy ýagtylandan soň bölünýärdi. Häzir töwerek diýseň asudady, deňziň üstünden şorumtyk suw ysly, edaja säher ýeli öwüsýärdi hem entek ýakyn günlerde deňziň ýüregine salyp bilen howsalasyny salyp, onuň agdar-düňder bolup basga düşüberjeginden habar berýärdi.

Goja deňze çykmagy ýüregine düwen gününden bäri mahal-mahal kenara --gaýygynyň ýanyna gelip, kempirinden ogryn-dogryn, eger bir hyýala münenini duýsa onuň: «Heý,

goja kişi, syrtyňy tana, segsene ser urup, deňizde düwlen kowalap tutmak indi seniň işiňmidir?!» diýip, özüniň deňze çykmagyna göwnemejegini ýatlap, gaýygynyň töwereginde gowadaklaýardy.

Ýola gerek boljak küreklerini, motora gerek boljak ýagyny, ýüpdür ilgençekli syryk taýagyny assyrynlyk bilen assaýuwaşdan gaýygynyň içinde jemleşdirýärdi.

Goja düwleniň ugruna ozalragam çyksa çykardy, ýöne ýele-yga sargyt edensoň, özi-de dermanlyk diýlensoň, töwerekden ony kimdir biriniň: «Ine, aga, dermanlyk diýip, sargyt eden ekeniňiz, meniň toruma çolaşypdyr, şony getirdim...» diýip ýa-da: «Kenarda güneşläp ýatan ekeni, ýeňsesinden gelip, ahmallygyny alyp, ele saldym...» diýip getirjegine tama edipdi. Ýöne tama edilen düwlen wagty bilen gelmändi. Ýogsam, «Dertlä derman» diýseň, gapysyndaky göz dikip oturan ýekeje çallyk akmaýasynyň owsaryny: «Al, beýle bolsa, em bolsun!» diýip, dileg salyp geleniň eline tutduryp goýberen halk-a bi...

Balykçy gaýygy tolkunlar bilen ýakalaşýan ýaly bolup, burny bilen öňünden çykan tolkunlary bölüp, ýüzüp barýar. Onuň yzyna berkidilen süňňi benzin ysly motor häzir joňkaýyp, eýesi bilen deňze çykanyna begenip oturan, guş-gaz atsaň, ony dessine özüni suwa urup, tapyp getirip berýän salpygulak ite meňzeýärdi.

Goja kenardan ýagşy saýlanýança gaýygyny kürekledi, şonuň üçinem häzir onuň gaýygy adaty bir gaýyga däl-de, birden bat alyp, suwuň ýüzi bilen ganat kakyp, asmana göterilip barýan haýsydyr bir guşa meňzedi. Gaýygyň motory saz işleýärdi, goja ony düwlen gözlegine çykmagy niýet edinen gününden bäri telim gezek yhlas bilen gözden geçiripdi, ýola çykanyňda ät goýaýjak şaýlaryny ýörite satyn alan şaýlary bilen çalşyryp, ony, balykçylar aýtmyşlaýyn, suw görse «Ýüzeýin» diýip dyzap duran edipdi. Ol guratdy, ýöne Balkan gojanyň il örmänkä motory otlan bolup, kenary alatapyrda öwrüp ili biynjalyk edesi gelmändi, esasanam, ol motor sesiniň öz dertli

kempirini alada goýjagyny pikir edipdi.

Öňem-ä goja öz kempirini hiçneneňsi görýän adam däldi welin, ol derde ulaşany bäri onuň ýanynda kempiriň gadyry hasam artypdy. Ýaşy birçene baran adamlaryň özleriniň telim ýyl bile ýaşap, çaga öndürip-ösdürip höwrügen, durmuşdaky taýy şeýdip, dert tapynyp peslände: «Bu gitse, men gugaryp ýeke galaryn-ow...» diýen aladaly pikiri indi ep-esli wagtdan bäri gojanyň hem başynda birsyhly köwsarlaýardy. Bir bolmasy iş bolaýjak ýaly bolup, onuň kalbyna wehim salýardy.

Iki-üç günlükde goja Balkan her gün birki gezek gelip, ejesi keselläni bäri öýlerinden habar alyp duran, goňşuçylykda ýaşaýan gyzyna hem howanyňam birgowy açyk bolan gününde awa-şikara çykmagynyň mümkindigini aýdyp, oňa hem özüniň haýsydyr bir hyýala münenligini mälim edipdi. «Sen ejeňe göz-gulak bolawer!» diýip tabşyrypdy.

Şonuň üçinem häzir ol: «Ýene birsalymdan gyzymam öýe gelip, özüm gaýdyp gelýänçäm ejesine eýe bolar» diýen pikirdedi. Ol gyzy bir sebäp bilen eglenen ýagdaýynda hem kempirine gerek bolaýjak iýer-içer ýaly zatlaryny, halaýan gara çaýy demlenen termosy bilen gaýtmazyndan ozal onuň elýeterinde birkemsiz jemleşdirip gaýdypdy. Şeýle-de bolsa onuň kempiriniň töwereginde pelesaň urup, umman depesindäki çaldöş çarlak bolup aýlanyp ýören pikirleri henizem aladalydylar.

Goja kenardan ýagşy saýlanyp gaýygynyň motoryny otlan mahaly, ol süýji uklap ýatyrka, jeňňelde atanlykda garnyndan basylyp ynjan ýekegapany ýatladyp, suw ýüzünde çaýkanyp, ot-elek boluberdi, soňundanam ol taýzarylyp ýola düşen mahaly ýaňy münüş öwredilýän sarç aty ýatladyp, jylaw çeýnäp, per bermän, ýyldyrym ýaly süýnüp gidibererli göründi. Howada bir pursat tanyş benzin ysy kükäp gitdi.

Deňiz birki gün mundan öňem, duşan ärinden göwni

bitmedik hyjuwly-hasratly gelne meňzäp, bir küpürsäp, çaýkanyp, bolubilenini bolup alypdy. Gazap bilen syçraşyp asmana göterilýän dälibaş tolkunlar öňlerinden gabat gelen zady gabşyryşdyryp, dünýä bilen tizden bellisini edäýjege meňzäpdiler.

Wagtal-wagtal şeýdip küpürsäp almak deňziň öňden gelýän belli häsiýetidi, has-da howada güýzüň dagy ysy peýda boldugy, bar, onsoň, ýöne, her gezegem ol apy-tupan bolup näçe kükrese-de, ýene-de bir hepde-bäş günden onuň özüni şol giňgöwrümli ümsümlik adasyna atanlygy her gezek hakykat bolýardy. Deňziň häzir hut şol imi-salalygyň, şol gowulygyň gujagynda meýmiräp oturan pursatydy. Onuň üstünden akjymak-çalymtyl, tutup ige salaýmaly alaýüň sapajyklar buruljyraşyp asmana göterilýärdiler.

Töwerege seredip, üns beren wagtyň, deňziň şol iki-üç günlükde gahar ugruna öz goparan harasady üçin töwerekden uýalyp, ýüze seretmäge utanyp, indi bolsa özüniň ýaşyl ýapynjasyny dişläp, ýaşmak edinip, ýere gözläp, sülmüreýän gelne meňzeýärdi.

Goja bu pursady birde öz ýanyndan soňky döwürde ýoň bolan tar-tar edilip öýleriň işiklerine tutulýan, oňa özboluşly gelşik berýän gapylyga meňzetse, ýene-de birde ony ummanyň öz töründe syrlar dünýäsini saklap oturan ymaratynyň boldan edilen tutusyna meňzetdi.

Şonda onuň göwnüne indi ol tutynyň aňyrsyndan tizden egni yzynda süýrenip duran uzyn, ak ýatyş köýnekli, sary saçlaryny egnine seçeläp döken Berta, onuň şol Bertasy, aňyrdan sahna çykan ýaly, çykaýjak ýaly bolup duýuldy. Heniz-henizlerem Berta, şol biçäre Berta ol her gezek deňze çykyp, töwereginiň giňişligini alanda onuň ýadyna düşerdi...

* * *

Uruş başlanan günleri Balkan eýýäm çagalykdan saýlanyp, on ýedini dolduryp ýören ýigitdi. Onuň obadan Krasnowodskä gelip, agasynyň öýünde bolup, gämi mehanigini taýýarlaýan tehnikumda okap ýörenine eýýäm üç ýyl dolup barýardy. Indi onuňam tiz wagtdan Krasnowodsk portuna degişli gämileriň birinde işe başlajak güni uzakda däldi. Alysdan ýüzüp gelýän äpet gämilere hemişe onuň gözi gidýärdi. Pikirinde käte ol özüni hem şol gämileriň biriniň ähli zady hemmeden gowy bilýän, hökmürowan, buýsançly kapitany höküminde göz öňüne getirýärdi. Agasy-da Balkanyň hem öz on-onki ýyllykda gaýda gark bolan kakalaryny ýatlap, kakalary ýaly gämi kapitany bolmagyny arzuwlaýardy. Agasy Balkana: «Kapitan boljak bolsaň, ilki tehnikany ele almaly, kapitanlyga soň, onsoň öser ýörersiň» diýip, ony özüçe ugrukdyrýardy, inisiniň ertirki ýetmeli derejesiniň aladasyny edýärdi.

Balkan her gezek şäherden özleriniň adada ýerleşen obalaryna, ejesiniň ýanyna görme-görşe gelen mahaly obadaşlary, onuň yzy ykjam duran goşa bagly, maňlaýy ýazgyly papagyna, egnine şaplaşyp duran deňiz-harby, matroslarça gelşikli geýim-gejimlerine guwançly, gözügidijilik bilen seredişerdiler. Ol her gezek şeýdip, obalaryna kiçijik kapitan bolup gelende, ony boýdaşlarynyň iki-üçüsi bilen baryp görmäge, onuň ejesine «Gözüň aýdyň!» diýip, mylakatly, guwançly sözler aýtmaga isleglileriň biri-de, Balkanyň klasdaşy, Umman gyzdy. Soňky gezek Balkan okuwyny tamamlap, Krasnowodsk gämi duralgasyna degişli gämileriň birine kömekçi ussa edilip, işe bellenen günleri heniz işe başlamazyndan bir hepde-on gün öň ýene-de ol oba ejesi bilen görme-görşe geldi. Wagtal-wagtal şäherden ada dükanyna haryt getirip gidýän gämi ony gijöýlänler obalaryna getirdi.

Dükanyň öňünde on-on iki adam, aýal-oglan-uşak bolşup hümerlenişip, üýşüp duran ekenler. Haýsydyr bir delräk

haryt geläýse «Menem ondan galmaýyn» diýip, dükanyň töwereginde üýşüşmek oba adamlarynyň endigi.

Balkan ululara salam berip, ýüküni göterip dükanyň duşundan geçiberende, mylaýym zenan gülküsini eşidip aýak çekdi. Haçanda ol ýeňsesine gaňrylyp gözlän wagty öz klasdaş gyzlary Aýtuwakdyr Ummanyň iki boýdaş bolşup, köpüň beýleräginde ýylgyryşyp, dükana gelen täze harytlaryň düşürilişini synlandan bolup, gözlerini balkyldadyşyp özüne höwesli seredişip duranlaryny gördi. Ol hem öz gezeginde gyzlary tananyny ýüzünde mälim edip, begençli ýylgyrdy:

— Hä, aýmamalar, sizmisiňiz?!

— Näme, oglan, indi: «iki gün obadan gitdim» diýip, bizi tanamajak bolduňmy? — diýip, saçynyň ujuny oýnap duran ýerinde, basan ýeriniň özüni saklajagyny-saklamajagyny anyklajak bolýan ýaly ikibaka ýaýkanyp duran Aýtuwak ilki jammyldady.

— Aý, şäherli bolan oglan-da, indi onuň bizi tanaýasy ýok! — diýip, Umman özleriniň hem hasapda bolmaklaryny kem görmeýänligini aňdyryp, boýdaşynyň ýaňsyly igenjiniň yzyny dowam etdirip goýberdi.

Balkan birbada garaşylmadyk wagtda degişmä salyp öz üstüne hüjüm eden klasdaşlaryna asla näme jogap gaýtarjagyny bilmedi. Ýöne klasdaşlarynyň ikisiniňem öňki görenindäkiden ýetişip, has görkana bolanlaryny welin, ol öz ýanyndan belledi. Hasam olaryň ýuka köýnekleriniň arkasynda gizlenip, indem şol ýerden, sähelçe açylan ýakadan jyklaşyp duran, Balkanyň gözüniň öňünde ýylba-ýyldan ösüp-ulalan gyz mämeleriniň ýetişip, ýumralanyşyp has täsirli bolanlygyny gördi.

— Eýle bolsa getir-dä, oglan, onyňy oba, bizem göreli-dä ony!

Balkana tötänden duşan klasdaşlary hamala ondan, öňden

alyp galan gepleri bar ýaly, kinaýaly ýylgyryşyp gürleýärdiler. Duran ýerlerinde sähelçe yraň atyşyp, gözlerini balkyldadyşyp, bu ýere dükana haýsydyr bir haryt almaga däl-de, öz boý-syratlaryny, gyz gözelliklerini ýörite göz etmäge gelene meňzeýärdiler. Häzir sorag berýänem, oňa öz göwünlerine gelşi ýaly, durmuşda bolaýmagy ahmal zatlaryň töwereginde köwsarlap: «Hi, oglan, öýlenmeli bolanyňda biziň bardygymyzy unudaýmagyn!» diýen äheňde jogap berýänem ýene olaryň özleridi.

Balkan bolsa henizem şol klasdaşlaryny görüp, aýak çeken ýerinde ýylgyryp, klasdaş gyzlary oýunlyga salyp näme diýseler: «Şu aýdýanyňyz-a ugrunda hem ýok däl...» diýýäne meňzäp, ýylgyryp durdy.

— Ol Tuwakmämmediň dyrjyn münjek ýaly bolup, hemişe çyzganyp ýören dogmasy, hemişe toý-tomguda küşt depende:

— Dostlar, men-ä ors aljak,
«Ýüzi-gözi aý ýaljak»

-diýip, wagyz edip, ahyrsoňy ol-a ors alyp oturyberipdir, gyz!

— Maksadyna ýetipdir-dä!

Gyzlaryň bu gürrüňleri bu toýy olaryň göwünlerine jaý edip bilmändiklerinden, ol öýlenen ýigidiň mylakatyna olaryň hem bellibir derejede garaşandyklaryndan habar berýärdi.

Aýtuwagyň-a jibrinse, jibrinmäge sebäbi-de bardy. Oba bireýýäm Tuwakmämmediň ogly bilen Aýtuwagyň bir-birlerine göwünlidiklerinden, olar öz ýanlaryndan bu duýgularyny näçe pynhan saklaýandyrysam öýtselerde, ondan habarlydylar.

Şol arada ol klasdaşlarça bälçiräp, Balkana tarap bir elini uzatdy:

— Hany, oglan, senem gelinligimiziň suraty bolsa görkez-dä ony bize-de, ol owadanmykan?

— Indiki gelenimde getiräýerin.

Balkan şonda bu sözi nädip diline alanyny hem bilmän galypdy.

Balkan bu gezegem öýlerine gelensoň, özüniň gelenini eşidip, gözaýdyňa gelenleriň içinde Ummanyň telwasly balkyldaýan gözlerini näçe göresi gelse-de, nämüçindir, ol gelmändi. Ýigidiň ähli göwün ýüwürdip oturany biderek bolupdy. Agşam düşeginde ýatyrka hem ol özüniň Umman bilen gabatlaşanyny ýatlap: «Näme, ol şol görenini gözaýdyňa geldigi hasap edäýdimikän? Belki-de, bir işi çykandyr, o-da indi köpüň adamsy bolan adam-a» diýip oýlanypdy.

Balkan indi birnäçe aýdan bäri Ummanyň oba sowetde, şol oba sowetiň başlygy bolup işleýän daýysy Gartagan aganyň hatdaty bolup işleýändigini eşidipdi. Soň ol ýene-de: «Men şonda bir zat diýip, ony gapydan garamaz ýaly eden bolaýmaýyn?» diýip, dükanyň gapdalyndaky bolan şol gürrüňçiligi ýatlapdy. Onda aýdylan sözleri aýyl-saýyl etmek üçin, olary pikirinde töweregine ýaýradyp, geýimleriniň birnäçesini öňüne ýazyp, indem şolaryň haýsy birini alyp geýende özüniň has görmegeý boljagy barada pikir edip duran gelne meňzedi. Iň soňunda hem oýurganyp, Umman gyzyň kükreginden iteräýjek sözi şol gürrüňleriň arasyndan gözläp tapdy.

— Suraty bolsa görkez-dä, oglan, göreli, owadanmykan?

— Indiki gelenimde getirin...

Soňra ol Ummanyň hemişeki özi gelende ýeňsesinden itip getirýän höwesiniň kükreginden iten gepiň hut şudugyna ynanypdy.

Ýöne gaýa-gopuz ýok ýerinden şol ýerde «orus gelinli gürrüňiň nähili bolup, nireden çykanlygyna, adaty deň-duşluk degişmesiniň garaşylmadyk öwrüm alyp, hakykata öwrülip barýanyna welin, ol näçe pikir etse-de, düşünip bilmedi.

Balkan öýlerine geleninden birki gün geçensoň, kakasyn-

dan galan balykçy torunyň eýlesine-beýlesine seredip, berkitmeli ýerlerini berkidişdirip, depjemeli ýerlerini depjeşdirip sazlansoň, deňze çykdy. Ol toruny atyp kenara gelen wagty ol ýerde deň-duşlarynyň biri Araz uzyna duşdy. Araz uzyn ýaňyrak münüp deňizden gelen gaýygyny kenarda gazyga baglap, ýany bilen egnine atyp öýlerine alyp gitjek, ütülen äpet guşuň ganatlaryna meňzäp duran kürekleri gaýykdan alyp, ýüp bilen gapjap daňyp durdy.

— Kapitan, geldiňmi? — diýip, Araz Balkany görende bir zady ýadyna düşüp, mesawy ýylgyrdy. Soň klasdaşlar kenarda, adaty duşulanda edilişi ýaly, saglyk-amanlyk soraşyp durdular. Araz klasdaşynyň egnindäki ýol-ýol matros maýkasyna, onuň sähelçe başyny gyşardybrak geýen ýeňse etegi goşa baglyja papagyna, bu zatlaryň oňa gelşik beryänini pikirinde belläp, gözügidijilikli seredip gürleşip durdy.

Araz uzyn hoşlaşan mahaly ýene-de şol duşan wagtyndaky ýaly köpmanyly ýylgyrdy. Soňundanam: «Hany, onsoň, toý haçan?» diýip sorady.

Birbada bu garaşylmadyk gepiň nireden çykanyny bilmän, Balkan geň galdy:

— Ol nämäniň «toýy»?

— Aý, bir gürrüň-ä meniň gulagyma degdi. «Kapitan öýlenýämiş, şol okap ýören ýerinde biri bilen halaşýamyş, tizdenem toý edýämişler. Balkan häzir şony ejesine geňeşmäge gelenmiş» diýýärler.

Balkan Arazdan eşiden gürrüňini ýatlap, ol aýdyp ugran mahaly dessine özi üçin bu gepiň nireden çykyp biläýjegini hem onuň haýsy depäni çaňadýandygyny anyklady. Bu gürrüň başga kimdir birinden däl-de, Balkany ilden gizlin halan, ony özi üçin ähli gyzlardan gabanyp ýören gyzyň aýdaýjak gepidi. O-da, elbetde, ilki bilen Ummandy.

Gep arasyna ors gelin bilen bagly aýdylan degişme

gürrüňiň indi öz-özünden aýlanyp-öwrülip, çyna ýazyp barýanyny görüp, Balkan böwrüni diňläp, munuň nämüçin beýle bolýanyna düşünip bilmän oýlandy.

Ol Umman bilen henize çenli ikiçäk, çola ýerde pynhan duşuşmadygam bolsa, onuň gyzgyn, ýakymly gyz demine ýüzüni çoýduryp görmedigem bolsa, bu pursadyň haçanam bolsa bir wagt bolmagynyň welin arzuwyndady.

Umman gyzyň özüne göwünlidigini ol indi bireýýämden bäri syzýardy. Şu gezeg-ä obadan gidende, gezip-okap ýören ýerinde hem Balkan Ummany öňkülerinden has köp ýatlapdy. Onuň adaty klasdaş gyz bolmakdan özüne has ýakyn adamlaryň biri bolup barýanynyň hem pikirini edipdi.

Aňyrdan gelýärkä hem ol özüniň oba barýanyny ýatlap, ol ýerde Umman gyzyň barlygyny, oňa şu gezek amat tapyp, öz hyrydarlygyny mälim etmek barada ýakymly pikirler oýlanyp, kalbyna ynamdyr höwes tolkunlaryny ýaýrada-ýaýrada gelýärdi.

Barybir, Balkan ýene-de tä dolanmaly gününe çenli Ummana duşaryn, ondan ösdüren gepiniň jogabyny soraryn, o-da: «Beýle zat ýokdur-la, oglan...» diýip, gaýynöýüniň bosagasyndan ilkinji ätlän gelne meňzäp, özüne uýatly, tolgunyp seredip, öz garagollugy üçin gelinlerçe ötünç sorar diýip, göwün ýüwürdip gezse-de, telim günüň içinde oňa hiç ýerde duşmak miýesser etmedi. Göýä Umman gyz indi özüniň şol ile ýaýan gürrüňinden utanyp, Balkana görünmän, bukulyp ýören ýalydy.

Balkan yzyna -- şähere gaýdyp barýan güni özüniň birsalymam bolsa Ummany görmese, gidip bilmejegine düşündi.

Ol ejesidir gelnejesiniň ugratmagynda gämi duralgasyna gidip barýarka, oba sowetiň jaýynyň duşuna ýetenlerinde, ol ýerde häzir Ummanyň işde oturanlygyny ýatlap, onuň bilen aýak üstündenem bolsa birki agyz söz alyşmak isläp aýak çekdi. Soňundanam elindäki goşhaltasyny gelnejesiniň eline berip: «Siz assa-assa baryberiň, oba sowete bir hat diýipdim,

şony men derrew alyp çykaýyn, iş ýerime gerek» diýip, ýadyndan çykan bu aladasyny häzir täzeden ýatlandan bolupdy.

Oba sowetiniň jaýynda Gartagan aga özüniň gowaldaň şempa telpegini stoluň bir gyrasynda güberdip goýup, birzatlar ýazandan bolup otyrdy. Ol duýdansyz peýda bolan Balkany görüp: «Sen bu ýerde näme işläp ýörsüň?» diýen manyda onuň ýüzüne seredip geň galdy:

— Aý, oglan-a, bu senmi?

— Näme, tanamajak bolduňmy, Gartagan aga?

— Tanab-a... seniň dädeňi-de, eneňi-de tanaryn men... Saňa sprawka gerekdir?

— Hä, hawwa...

Balkan oba sowet başlygynyň nädip öz pikirini bilenligini aňyp ýetişip-ýetişmänkä, ol ýene-de sözüni dowam etdirip, elini gapa tarap salgady-da:

— Aý, oglan-a, sprawka gerek bolsa, öňräk gelseň bolmaýamy? Ýaňyja Umman ýegen öz ýazan sprawkasyna maňa gol goýduryp, möhür basdyryp: «Gämiň gider wagty bolup gelýär, ol oglan sprawkasyny ýadyndan çykardy öýdýän, men şony yzyndan eltip bereýin, entek gämi ugran däldir-ä» diýip, gitdi elewräp... — diýip, Balkany yzyna ugratmaga howlukdy.

Balkan gyssagly dolanansoň, Gartagan aga onuň yzyndan seredip ýene dillendi:

— Hä-ä-ä, sprawka gerekdir saňa? Şu ýegen gyz hatdatkömekçi bolaly bäri sprawka alýan-a köpeldi özün-ä... Bähbit bolsun-da hernä...

Balkan ne Gartaganyň soňky sözlerini eşitdi, ne-de onuň ýeserlik bilen murtuny towlaşdyryp, köpmanyly ýylgyranyny gördi.

Balkan aňyrdan howlukmaç ylgaşlap gelen mahaly gämi duralgasyndaky şähere gitjek adamlar eýýäm elgoşlaryny göterişip,

özlerini ugradýanlar bilen hoşlaşyp, gezekli-gezegine gämä münüşip durdular. Umman hem öz getiren sprawkasyny gowşurmak üçin Balkany bu ýere ugratmaga gelen onuň ejesidir gelnejesi bilen bir çeträkde şol ugradýanlaryň biri bolup duran ekeni.

Gün bolsa eýýäm göwresini ilerik atyp, öýläne sanyp barýardy, ýöne, barybir, ol tomus günlerinde gyş günlerindäki ýaly bir görnen ýaly edip, soňundanam tapur-tupur batmaga howlugarly däldi. Tomusmy--durar ol hol bir çetde, kimdir birine garaşýan ýaly gadalyp, ot goýberilen tamdyryň agzyna meňzäp. Ana, onsoň, tä garaňky gatlyşýança howur alyp duran dünýäň bardyr!

Ummandyr Balkanyň nazarlary biri-birleri bilen kaklyşan mahaly, olaryň ikisem tolgunyşyp, gyzaryşyp-bozaryşyp, soňundanam öz kalplarynda gopan harasady töwerekde duran beýleki adamlardan gizlemäge çalşyp, nazarlaryny başga-başga ýerlerde gezdiren bolşup, oňaýsyz bir ýagdaýa düşdüler.

Balkan, elbetde, pikirinde Ummanyň soralmadyk sprawkany toslap ýazyp, ugur tapyp, özüni ugratmaga bahana arap geleni üçin, ýetişen uly gyza hiç bir hilesiz kimdir biriniň oglunyň yzyndan beýdip elewräp gelmegiň aňsat däldigini, bu ýere ony özüne bolan gyz yhlasynyň, höwes-duýgusynyň elewredip getirenini ýatlap, minnetdar boldy.

Hemme zat eýýäm belli bolupdy. Umman gyz özüniň bu hereketleri bilen özüniň söz bilen aýdasy gelen zatlarynyň barysyny aýdyp, kalbynyň haýsy perdeden gopýanlygyny mälim edipdi.

Balkan gämidäkileriň ugramak üçin bir özüne garaşýanlaryny görensoň, ejesidir gelnejesi, nazary bilen özüni delmuryp ugradyp duran Umman bilen hoşlaşmaga howlukdy.

Haçan-da Balkan goşhaltasyny göterip gämä münülýän ýanama köprüjigiň üstüne münen mahaly, ýene-de ýeňseden Ummanyň biraz aladaly, ýakymly sesi eşidildi:

— Wiý, oglan, Balkan! Men seniň şol soran sprawkaňy getirdim-ä...!

Umman eli sprawkaly, ony ýanynda durka gowşurmany ýatdan çykaranyny ýatlap, uýalyp, yzyndan ýeten mahaly olaryň nazarlary ýene-de biri-birleri bilen uçraşdy.

Häzir Ummanyň nazary onuň ýaňy aňyrdan gelende gören: «Hä, oýlanman gürläniň üçin seni nädäýdimkäm?» diýip, özüçe ar alanyna hoş bolup duran garagol gyz nazary däldi, indi ol gözler aýratyn bir mähir-muhabbet, hyrydarlyk duýgularyny, aýralyga gynanýanyny duýdurýan zenan nazary bolup oňa seredýärdi.

Gämi ýola düşensoň, häliden bäri hol beýlede topbak tutuşyp oturan çaldöş çarlaklar hem ýokary göterilişip, öz dillerinde jagyldaşyp, gäminiň ýokarsynda gaýda-gaýmalaşyk bolşup, gelnalyjy kesekleýän oba çagalaryna meňzediler.

Gäminiň üstünde henizem öz obalarynyň galan ýerine tarap hyrydar seredip duran Balkan ol ýerden ýagşy ara açansoň, saçlaryny deňiz ýeline sypaladyp durşuna Ummanyň yzyndan ýetip gowşuran, özüniň bolsa ony henizem gysymynda saklap duran hatyny ýatlady.

Oňa bary-ýogy ikije jümle hat ýazylan ekeni:

*SPRAWKA*

*Sprawka berildi 1924-nji ýylda doglan Balkan Çapak ogluna. «Balykçy» obanyň oba soweti, ýagny, bu ýoldaşyň şu obanyň adamsydygyna güwä geçýär.*

*«Balykçy» oba sowetiniň*
*başlygy G. Tuwakmämmedow.*

Sprawkanyň aşak etegine bolsa gol goýulyp, möhür basylyp, onuň berlen wagty görkezilipdir:

*12 iýul, 1941 ýyl.*

Balkan Ummanyň ýazyp getiren güwänama hatyna ýene bir gezek bilesigelijilik bilen ýüzugra göz aýlap tiz okansoň, ikinji gezek ony ýene okady, ýöne bu gezek gyzyň gelip hoşlaşmak üçin, soralmadyk sprawkany ýazyp, şeýdibem sep bildirmän gämi duralgasyna gelmäge şonuň öz-özüne mümkinçilik döredenini: «Şu gyzlarda oýun kän-ow» diýip ýylgyryp, kalbyna Umman bilen bagly ýakymly pikirleri çaýyp, howlukman okady. Öz ýanyndan haýsydyr bir işden sypynmaga mümkinçilik bolan wagty ýene-de tizara oba dolanyp gelmegi, gelibem güngeldikçe özge gyzlardan ilerläp, özüne eý görnüp barýan Umman bilen duşuşyp gürleşmegi, degişmedäki ors gelniň ornuna onuň özüni geçirmegi arzuw edip, şol pursatda onuň hasam owadan boljagyny göz öňüne getirdi. Ummanyň il içinde gürrüňi edilýän, juda görmegeý bolan Şirwan mamanyň neslindendigini ýatlap, gelin lybasyna çolansa dagy onuň has hem gözel boljagyny höwes bilen göz öňüne getirdi.

«Balykçy» obasynda Ummanyň daýy topary esasanam Şirwan mamanyň neberesi hökmünde tanalardy. Aýdyşlaryna görä, bu adyň döremegine öňräkki döwürleriň birinde bolan güýçli deňiz harasady sebäp bolupdyr. Döw ýaly-döw ýaly äpet uly tolkunlar döräp, ol Ogurjaly adasyny gujaklap, ony ýeňsä--kenara äkidip, pylçap urarly görnüpdir. Ýat gämini hem şol gezek hut şol tolkunlar getirenmiş. «Gämi» diýere ol gämi hem dälmiş, tolkunlar zyňşyp-gapyşyp onuň süňňünden derek goýmandyrlar. Deregi dagan gämiden Ogurjala diňe onuň sala meňzeş bir bölegi gelip düşüpdir. Şol sal-gäminiň üstünde hem bir goja kişi bilen on dört-on bäş ýaşlaryndaky bir gyz maşgala bar eken. Ogurjalylar betbagtçylyga uçranlara hossar çykyp, olary öz aralaryna goşup, öz biri-birlerine

öwrüpdirler.

Olar şonda özleriniň şirwanlydyklaryny, gämileriniň hem şol Şirwan ýurduna degişli bolandygyny gürrüň beripdirler. Soňra şol şirwanly gyza adada ýaşaýan bir ýigit öýlenipdir. Şirwan gyzy öz goşulyşan ýigidine soňra birkyýama özüne, ýene bir-de adamsy ýigide çalym edip duran oguldyr gyzlaryň birnäçesini öndürip-ösdürip beripdir.

Bu öwrede: «Garalyberseň saryýagyz düýeji gyzyna öýlen, agaryberseň garaýagyzdan gelen şirwan gyzyna öýlen. Ana, şonda öňki özüňe mahsus syrdam-sypaty saklarsyň» diýen gep hem hut şol döwürlerde döräpdir.

Ol hadysadan bäri indi esli wagt geçen hem bolsa, Şirwan mama diýip at alan dogumly, görmegeý aýalyň keşbi indi onuň agtyk, çowluk, ýuwluk, gowluk bolup ýaýrap dowam edýän neslinde ýaşaýardy.

Gartagan aga bilen Umman gyzyň ejesi hem şol belli Şirwan mamanyň bir oglundan ýaýran çowluklarydy. Şonuň üçinem Gartagan aganyň adyny oba, köplenç, onuň şirwanly mamasy bilen baglap, Şirwan obasowet diýip tutardylar.

Umman hem öz görk-görmegi, dogumlylygy, edenliligi bilen şo-ol özüniň geçmişdäki Şirwan mamasyny ýada salýan nebereleriniň biridi.

* * *

Balkanyň hä diýmän oba dolanyp gelmek arzuwy welin, wagty bilen hasyl bolmady. Ol heniz balykçy gämisinde işläp başlap-başlamankada köpleriň garaşmadyk, dünýäniň süňňüne sarsgyn beren uruş başlandy. Şundan soň mahal-mahal deňze çykyp, dünýäň giňliginde balyk tutýan balykçy

gämileri hem bada-bat öz öňki pişelerini unutmaly bolupdylar. Indi gämiler Astrahana, Kazana azyk harytlaryny alyp gidip, ol ýerden göçürilýän zawod-fabrikleriň gurnama şaýlaryny alyp, Krasnowodskä gaýdyp gelýärdiler. Şeýle-de indi gämiler aldymgaç howlukmaçdylar. Baran ýerlerinde uzak eglenmän, ýüklerini düşürip bolduklary ýene-de ýük alyp, tizara yzlaryna dolanmak bilen bolardylar. Nemes goşunlarynyň özleri görünmese-de, olaryň öňlerinden çykarylan SSSR-iň agyr goşunyny şatyrym-şallak edip, kowalap gelýänligi duýulýardy. Indi bu günler gämiler öz gujaklaryny dolduryp, Krasnowodskä ýaraly esgerleri daşaýardylar. Jany bokurdagyna gelen ýurt: «Stawaý, strana ogromnaýa!»[1] diýip, öz ogul-gyzlaryny kömege çagyryp bagyrýardy.

1942-nji ýylyň güýzünde Balkan eýýäm Uralyň Mýas şäherindäki tankçylaryň kiçi komandirlerini taýýnlaýan gysga wagtlyk okuwda okap ýördi. Nemesler Moskwadan yza çekilen ýalam bolsalar, eýýäm olar başga-başga ýollar bilen Stalingrady alkymlap gelipdiler. Öz ýeňişlerinden göwnühoş bolan nemes esgerleri şol günler stalingradly gelin-gyzlara joşgunly nama üstüne namalar gönderip, göwün hoşlaýardylar:

— My priýedem, damoçki,
Podgotowte ýamoçki![2]

Balkan dagynyň tankçylar polky hem şu günlerde galmyk sährasynda nemesler bilen darkaş gurmaga taýyn bolup duran goşun bölümleriniň biridi. Ýöne şol günlerde ady dünýä

[1] *Ägirt watan, aýaga gal!*
[2] *Biz barýas, gelinler, munda gelinler.*
*Beslenip hylwata taýyn boluňlar!*

dillerinde ýaň bolan Stalingrady, oňa öz pikir edişi ýaly, uzak goramak nesip etmedi. Onuň tanky hem şonda ilkinji hüjümde top okuna gabat gelip, sandan çykan tanklaryň biri boldy. Bärden gahar-gazap bilen dyzanyp baran sowet goşunlaryny saklamaga we soňra olary urşup yzyna gaýtarmaga nemes goşunlaryna bary-ýogy bir hepdä golaý wagt gerek bolupdy hem nemes şundan soň diňebir Wolga däl, ýene bir sürende Kawkaz nebitine, Hazar deňzine hem ýeterli görnüpdi...

«Stalingradda nemes generallary özleriniň elli müňe golaý esgeri bilen ýesir alyndy» diýen habar ýaýranda, Balkan Omskdäki harby hassahanalaryň birinde, tenine çümen snarýad böleginden dynyp ýördi.

Smolenskiniň eteginde, harby gospitalyndan öz bölümlerine dolanyp gelen leýtenant Balkan, tankçylar rotasynyň ýakynda söweşde wepat bolan komandiriniň ýerine bellenildi. Duşmany Stalingraddan, onuň öňüsyrasynda bolsa Leningraddan, Moskwadan güýç bilen serpikdiren, temegine alysdaky ýeňşiň mylaýym demi uran sowet tanklary bu günler nemeslere ýekegapan bolup topulyp, arslan bolşup asylyşyp, bat alýardylar. Sowet tanklarynyň Smolenskiniň köçelerinde nemes esgerleriniň my ygyny çykaryp ýenjip, kowalap ýetip mynjyradyp, guduz açyp ýörenini alysdan dürbüde gören general Manşteýn şol günler öz gündeligine hasrat bilen şeýle sözleri ýazypdy: «Indi ruslar Stalingrad ýeňşinden soň, diňe bir uruşmaga däl, Stalingrad ýeňşinden soň, ýeňiş gazanmaga hem endik etdiler...»

Şol günler öz tanklary bilen öňünden çykan duşman goşunlaryny depgiläp, Günbatara tarap tüwdürilip barýanlaryň arasynda uly leýtenant Balkanyň hem tanklary bardy.

# BERTA

1945-nji ýylyň ýazynda kapitan Balkan öz tankçylar batalony bilen Berliniň bary-ýogy 75--80 kilometrliginde aldymberdimli agyr söweşler alyp barýardy. Nemesler sowet goşunlarynyň Moskwanyň, Stalingradyň üstündäki söweşleri ýaly her daban ýer üçin diýseň gaýduwsyz garşylyklar görkezýärdiler. Ýogsam, oýun bireýýäm gutarypdy, Gitleriň bu gün bolmasa, erte aman diläp el göterjegi-de bellidi. Germaniýa başy alnan äpet a darha, onuň üçin häzirki iň soňky söweşleri alyp barýanlar bolsa şol a darhanyň henizem başynyň ýoklugyndan habarsyz o ýeri-bu ýeri diri tirpildeýän ýerlerine meňzeýärdiler. Howada däridir çaňtozanyň ysy bilen häzirki pursatda tutuş Germaniýada her sagatda patrap açylýan baglaryň gül yslary bardy. Berlin geçilmez günä iş edip, indem ahmallygyny aldyryp, özüni burça gabadan guduz möjege, onuň üçin hälki iň soňky söweşleri alyp barýanlar bolsa şol burça gabalan duşmany daşlap, taýaklap öldürmäge onuň daşyna üýşen gahar gazaply adamlara öwrülipdiler...

Apreliň ortalaryna Sowet goşun ýolbaşçylary Berlin üçin söweşýän birnäçe goşun bölümlerini söweşden gyssagly yza çekdi. Berliniň ýeňsesinden ýaran Amerikadyr iňlis goşunlarynyň ýetip gelenligi anyk bolupdy.

Emma Kremliň pikiriçe, Berlini haýsydyr bir urşa ýaňy giren başga ýurt däl-de, urşuň ähli keşigini çeken Sowet goşunlary eýelemelidi. Ýöne ýaran goşun bölümleri hem Berline Staliniň goşunlaryndan öz goşunlarynyň öň giräýenini kem görmeýärdiler. Bir ýoly tapylmasa, nemesleriňem öz baş şäherini SSSR alandan Amerikadyr iňlisiň alanyny kem görmeýändikleri üçin, gyssagly bir çäre görülmese, munuň şeýle boljagy, ikuçsuzdy. Sowet goşunlarynyň serkerdeleri öz ýeňişlerini özgelere ellerinden aldyrmazlyk üçin, Berliniň

daşyny goşun bilen halkalamaly diýen netijä gelipdiler.

Balkan dagynyň tankçylar polky hem şonda Berlin söweşinden yza çekilen goşun bölümleriniň biridi. Olar şol günüň özünde Berliniň daşyndan aýlanyp, onuň 75 kilometr ýeňsesinde öz salgy berlen orunlaryny eýelediler.

Balkanyň öz batalýony bilen eýelemeli diýlen ýer heniz top oky düşmedik, adaty nemes ussatlygy bilen sünnälenip gurlan şäherçeleriň birisi eken.

Uruş bu şäherçäni hem garry-gurtularyň, çagalaryň, erkek kişileri gözlerinden uçan söýgi höwesli aýal-gyzlaryň gonalgasyna öwrüpdi. Olar bu ýerde öz tanklary bilen süsňeşip gelen esgerlere müýnli hem gorky bilen seredýärdiler. Öz esgerleri Russiýany depeläp ýörkäler, olaryňam şol ýerde edip bilen zulumlaryny edendiklerini olar bilýärdiler. Şonuň üçin hem olar indi sütem etmekde Sowet esgerleriniň hem şol nemes esgerlerinden kem oturmajagyny, öz hökmürowanlyklaryna tabyn edip, halkdan ar aljakdyklaryny pikir edişip howatyrlanýardylar.

Esgerler bu nemes şäherçesinde, komandirleriň buýrugyna görä, töwerekdäki adamlaryň şol öz topraklaryny torç edip, depip-debsilän duşmanlaryň gönüden-göni ildeşleridigine seretmezden, ol ýere baryp duşmançylyk edenleriň arasynda bu adamlaryň bolmandygyny özlerine ýatladyp, talap edilýän sypaýyçylygy elden bermän ýaşamaga çalyşýardylar. Ýöne ýaralar täzedi, entek täzedi. Käte nemes şnapsyndan gähnän harbylaryň kellesi göçüp, özleriniň urşa aldyran mähriban adamlaryny elenip ýatlap, ýaraga ýapyşýany hem bardy:

— Siz faşistleriňmi... Siziň tohumyňyzy tüketseň hem azdyr... Siz gabyrdan başga ýerde dek ýatjak halk däl... — diýip, guduz açyp alýanlary hem bolýardy.

Şonuň üçinem bölüm komandirleri häli-şindi jylawy silkip, özleriniň garakçylar toplumy däl-de, akylly-başly Sowet esgerleridiklerini, şol nemesi kowalap, Berline getirip dykan Ýeňiş

esgerleridiklerini, ol esgerleriň nemes esgerlerinden öz edermenliginden başga-da, hakyky mertebeli ynsanperwerlikligi bilen tapawutlanmaly esgerler bolmalydyklaryny ýatladýardylar.

Şäherçäniň adamlarynyň ilkinji günlerde özlerini alyp baryşlary tokaýda bukulyp ýatan ýerlerinden tutulyp öňe salnyp, bu ýere getirilibem garaşylmadyk ýagdaýda bir gazan nahar: «Alyň, iýiň!» diýlip öňlerinde goýlan, indem şol nahar iýlip bolnansoň, öz başlarynda ne ykbalyň barlygyny biraz ynam, ýene biraz gorky bilen pikir edýäne meňzeýärdiler. Adamlar nemes esgerleriniň Russiýadaky etmişleri bilen gönüden-göni özleriniň bagly däldiklerine seretmezden, şol esgerleriň ildeşleri hökmünde biraz gorkuly, biraz müýnli alasarmyk bir duýgulary başdan geçirýärdiler.

Ýöne adam niredeligine, nähili ýagdaýa düşenligine, özüniň haýsy diniň, haýsy diliň adamsydygyna seretmezden, hemişe adam. Adamzat tebigatyna mahsus ähli zatlar şolbir wagtda onuň ähli perzentlerine hem aýry-aýrylykda mahsus bolýar.

Tizden esgerleriň adaty bolmadyk ümsümlige, töwerekdäki abadançylyga, gün-günden täsiri artyp, gül-gunça öwrülip barýan ýakymly ýaza, gapdaldan özlerini biraz müýnli, biraz höwesli synlaýan gyz-gelinleriň nazaryna öwrenişip, imrinişip ugrandyklary belli bolup ugrady. Indi göwünler söýgi küýseýärdi.

Telim ýyllardan bäri uruş ýollaryny söküp, ýolda bolup, zenan mähriniň nämedigini hem unudyberen, ony ýatlamaga mümkinçiligi hem bolmadyk esgerlere nemes gelin-gyzlary bu günler özleriniň galgyn göwüsleri, hyjuwly-hyrydar balkyldaýan owadan gözleri bilen lezzetli söýgi oýunlaryny ýatladýardylar.

Balkan Bertany ilkinji gezek öz syýasy işler baradaky orunbasary kapitan Astahowyň ýörite wagtyhoşluk üçin taýýarlan oturlyşygynda gördi. Astahow oňa, öň bir mümkinçili-

gi bolanda, şeýle oturşyk etmek meýliniň bardygyny aýdyp, şeýle içgili oturlyşyklardan hemişe özüni çeträkde saklamagy gowy görýän dosty Balkany hem oňa goşulmaga razy etmek başardypdy. Balkan şonda oňa: «Bolýar. Oturjak bolsak, men aýlanyp, eýelenen ýerleri ýene bir gezek gözden geçirip, hal-ýagdaýlary anyklaýyn, ana, onsoň, şondan soň barmaly bolsa baraýaryn» diýipdi. Soňundanam: «Ýöne ol ýerde artyk adam bolmasyn» diýip tabşyrypdy.

Astahow göwün küýsän oturşygyny öňi gül öwrümçeli, ozal kimdir biriniň göwün islegine görä ýaşanlygyndan habar berýän iki gatly jaýda gurnapdy. Iýlip-içiljek zatlar eýýäm bir-birden stoluň üstünde öz orunlaryny eýeläpdiler. Häzir ol zatlaryň üstünden konserwalara goşulyp taýynlanan haýsydyr bir datly tagamyň tamşandyryjy ysy burk urýardy.

Balkan hem köp garaşdyrman ýetip geldi. Ýöne ol gelip giren badyna içerde üç näzenin gelniň bezenişip-beslenişip oturyşlaryny görüp, diýseň geň galdy. Nahar stoly taýynlanan giňiş jaýyň töründäki diwanyň üstünde üç sany görmegeý ýaş zenan eginlerine durmuşa çykýan gyzlaryň ak toý ge-ýimlerini geýip, owsunyşyp otyrdylar. Elbetde, ol dessine munuň kapitan Astahowyň işidigine düşündi. Kapitan Astahow diňebir özüniň dilewarlygy, ugurtapyjylygy bilen däl, şeýle zatlary garaşylanyndanam ýokary derejede gurnamagy hem oňarýan ýigitdi. Balkan içerik giren dessine göz aýlap, bu ýerdäki ýagdaýy komandirlerçe özi üçin anyklady, soňundanam özüni görüp, duran-duran ýerlerinden köýnekleriniň synlaryny çekişip, harbylarça garşylan ýoldaşlaryna ýüzlendi:

— Bäh, beýdäýipsiňiz-ow, ýigitler!

— Ýürek şagalaň küýseýär, ýoldaş kombat! — diýip, Astahow hem duran ýerinde oňa göwnühoş ýylgyryp jogap berdi. Soňundanam öz garşysynda duran daýanykly, kelte boýly kapitana: «Şeýle dälmi näme?» diýýän äheňde, ýeser-

lik bilen bir gözüni gypyp goýberdi. Kapitan hem geplemän ýylgyryp, jogap ýerine murtuny sypalap goýberip, Astahowyň sözüni özüçe tassyklady.

— Ýoldaş kapitan, onsoň, biz kimiň toýuna geldik? — Bu sözleri Balkan gelinleriň oturan tarapyna seredip aýtdy.

Astahow bu gezek komandiriň soragyna jogap bermezden öň kalbyny towusdyryp, «häh» edip göwnühoş güldi, soňundanam:

— Ýoldaş kombat, hemmeler siziň geleriňize garaşyp otyr, hany bir stol başyna geçeliň, öýlenjek ýigidem, näme, onsoň tanalybir-dä — diýdi.

Astahow öz sözlerini diwanyň üstünde bakraýşyp oturan gelinlere tarap seredip, özüniň ýap-ýaňyja kombatyna aýdan sözlerini nemes dilinde gaýtalan mahaly, olar hem ýerli-ýerden gop berlen ýaly bolşup, zenanlarça uýatly ýylgyryşyp, onuň sözlerini göwünjeň makulladylar.

Şundan soň hemmeler agzybirlik bilen nahar stolunyň başyna geçdiler. Iýşip-içişip oturan gelinler öz biri-birleri bilen, ýigitler bilen ýylgyryşyp, mähirli nazar alyşdylar.

Balkanyň göni garşysynda Astahow dilewarlykda özünden kem oturmaýan inçesagt, uzyn boýly gelin Luiza bilen ýerleşipdi. Luiza häli-şindi gazyňky ýaly uzyndan gelen boýnuny güjeňleýän ýaly edip, bir oňa, bir muňa öwrüp oturyşyna, nazarynda beýleki iki tutulan guş ýaly bolşup gürlemeýän diýen ýaly, meýlise bap gelmeýän ýygralyga çolanyşyp gürlänlerinde hem öz gürrüňlerine üns hem berilmez öýdüşip, çekinişip-uýalyşyp oturan joralaryna-da: «Siz näme, girişiberiň-dä!» diýen äheňde seredip goýberýärdi.

Datly nemes şnapsyndan birnäçe gezek «Ýeňiş üçin!», «Hyjuw bilen kükräp gelen ýaz üçin!», «Dört ýyl içinde juda küýselen gyz-gelinler üçin» bada içilensoň, biraz resmiräk, biraz tutuksyrak başlanan şagalaň şundan soň öz-özünden

kem-kem möwjedi. Başlar dumanlap, şagalaň artdy. Ýaňky diwanda üç gelinligiň ortasynda oturan, sary saçlaryny seçelendirip toý köýneginiň egnine döken, gözleri bilesigelijilik bilen töweregine seredip balkyldaýan gyz indi onuň gapdalynda otyrdy. Ol gyzy ýaňy nahar başyna geçilen mahaly Astahow elinden tutup, getiribem öz gapdalynda oturdan mahaly Balkan bu tosunja gelinligi dostunyň gönüden-göni özüne niýetländigine düşünipdi.

Luiza ýeňillik bilen gopup, gapdaldaky stol üstünde duran patefony aýtdyran mahaly, içeri ýakymly saz bilen dolup, ýürekleriň ersip gideni belli boldy, şundan soň ýigitleriň hersi öz bildiklerinden patdyk-putduk nemesçeläp gepleşip, mylakat alşyp eräp-akyp oturan gelinlikleri bilen dyzanyşyp tansa çykdylar. Oturanlar şeýdişip ýene birsalymdan özleriniň haýsydyr adaty bir öýde däl-de, haýsydyr bir kenardan bölünip ýüzüp barýan giňiş salyň üstündediklerine ynandylar... Gelinler indi çilim tüssesi bilen ümürläp duran jaýyň içinde bol edilip tikilen ak köýnekleriniň eteklerini yzlarynda süýreşip, göwnühoş ýylgyryşyp, ýigitlere hyrydar seredişip, hyjuwlarynyň ýigitleriňkiden kem däldigini mälim edişip, sürnüşip, boýunlaryna gol salşyp tans edýärdiler.

Berta Balkanyň kükregine başyny goýup, onuň süňňünden göterilýän derdir temmäki ysyna eýlenen, her haçan zenanlary öz halyna goýmaýan erkek ysyna meýmiräp, gelerine arzuw edip, gelerine köp garaşan ýaryna duşan zenana meňzäp, ony gujaklap tans edýärdi. Gapdalda tans edip ýören iki gelin indi onuň bolşuny görüp: «Goýberme kapitanyňy, goýberseň, eliňden alarlar... ýa-da, gyz, uklaýdyňmy?» diýen manyda degşip, söz gatýardylar.

Bir gezek Berta şeýdip tans edip ortada aýlanyp ýörkä aýak çekip, biraz daraklygyna galyp Balkana ýüzlendi:

— Indi näme «gorka» diýlenok?

Balkan gelinliginiň göwnüne düşündi. Duran ýerinde ony kükregine göterip onuň ezmiljiräp duran gyrmyzy dodaklary höwesli öpdi.

* * *

Balkan endigine görä ertir ýene-de ir oýandy. Berta henizem şol uzakly gije torç edilen iki adamlyk giňiş düşegiň üstünde dünýäden bihabar süýji ukuda ýatyrdy. Içerde ýigitdir gelniň derçigişen bedeninden göterilen goýry, gül ysyna berimsiz ýakymly müşk ysy burk urýardy. Beýle müşk hemişe ýigitdir gelin höwesiniň bir-birleri bilen baldyr-da-saryýag bolup goşulyşyp ugran günlerinde bolýardy. Hemem ol hyjuw bilen par-patrak bolup gülläp ugran gülli ýorunjanyň hoşboý ysyny ýatladyp, ýaňy tapyşan ýigitdir gyz bedeninden göterilýärdi. Ýöne ol hem, umuman alanyňda, ýagyşdan soň asmanda görnüp, soňundanam uzak eglenmän ýitip gidýän älemgoşara meňzeş gowulyklaryň biridi. Şonuň üçin bolsa gerek, köplenç, bu pursady söýgüden serhoş bolup ýörenleriň özlerem duýman galýarlar. Häzir Bertanyň ýatyşy hem hut şol müşk-anbara beýhuş bolup ýatana meňzeýärdi.

Balkan geýnip, gulluk aladalarynyň ýumagyny düýrläp çykyp barýarka, ýene-de bir gezek gapynyň öňünde aýak çekdi. Berta tarap keltejik nazar aýlap «...Bir gowy bolubam ýatyr ekeni, men muny turuzsammykam-turuzmasam-mykam?..» diýip oýlandy.

Häzir Bertanyň gapdalynda düýnki egnine geýen hemem özüne biraz bol bolýan, şeýle-de bolsa toý köýnekleriniň bol edilip tikilýänligi üçin, ol bolluk gatybir duýdurybam barmaýan, görene: «Özüne laýyk tikilen köýnek ekeni» diýdirýän toý köýnegi, mahal-mahal deňiz tolkunlarynyň kenara getirip taşlaýan parça ak köpügine meňzäp, üýşmek

tutup ýatyrdy.

Birdenem ol golaýda özi bilen goşun sapynda bolup söweşip ýören türkmen oglanlarynyň birinden gürrüňçilik mahaly eşiden degişme äheňli gürrüňini ýatlap, özüniňem häzir halynyň bu meselede şol uly ile gep bolan sada ýigidiňkä meňzeşligini ýatlap: «Hih!» edip ýylgyryp goýberdi.

Ol gürrüňde telim ýyl uruş meýdanynda bolup, öýüne dolanyp baran bir oba ýigidiniň bir gije aýaly bilen ýatyp turansoň, ertesi çyny bilen oňa: «Taňryýalkasyn, Altynjemal!» diýip, diýseň minnetdar bolandygy ýaňsylanylýardy. Sebäbi bu günler esger ýigitleriň şol ýaňsylanýan ýigit ýaly, öýüne, söýgüli gyz-gelinlerine duşmagy halys ýürekden arzuwlap gezýän günleridi. Balkan biraz gapynyň agzynda köwejekläp duransoň: «Hany ugra senem taňryýalkasyn aýtmajak bolsaň!» diýip, özüni barýan ýoluna gyssady.

Kombat ştaba gele-gelmäne özünden kiçi çinli nobatçy komandiriň maglumatlaryny diňläp, gijäniň umuman parahat geçendigine göz ýetirdi. Nobatçy ikinji rotanyň birnäçe esgerleri gijäni frau-hanumalar bilen bögürişip-hahahaýlaşyp geçirdiler diýen jümlesi oňa Stalingradyň eteginde durkalar, Wolganyň o ýanyndan nemes esgerleriniň, göwünhoşy bolan gyz-gelinleriň säheri ýaňlandyran şady-horram seslerini eşidenini ýatlatdy. Şonda ol görmese-de, seslerden çen tutup, tokaý içinde aýakýalaň, başaçyk, ýukajyk köýnekli söýgi höwesli gelinleriň ikibir-üçbir bolşup, guýruk bulaşyp, köpeklerini yzlaryna düşürip aýlanyşyp ýörüşlerini göz öňüne getiripdi.

Balkan soňra bu bolýan wakalaryň biri-birine meňzeşdigini ýatlap: «Bä, türkmen aganyň: «Ýazan düşegiňde oturarsyň» diýen akyly, asyl, şu bolmaly-ow...» diýip oýurgandy.

Ýöne şol wagt Stalingradyň eteginde, hyrçlaryny dişleşip: «Öňe!» diýen buýruga garaşyp dyzanyşyp, namysa bogluşyp-

ýuwdunyşyp duran ýigitleriň köpüsi häzir bu ýerde ýokdy, olar öz topraklarynyň dürli ýerlerinde gabrystan bolup, Berline hemişe hüjüm edýänlere öwrülip galypdylar.

Bu waka ýene birnäçe ýyldan durmuş sahnasynda, nemes esgerlerine derek sowet esgerleri, rus gyz-gelinleriniň ýerine nemes gyz-gelinleri bilen orunlaryny çalşyp gaýtalanar diýen pikir welin hiç wagt onuň kellesine gelmändi.

Balkan ştabda umumy ýagdaý bilen tanyş bolansoň, bu ýerde uzak eglenmän, öz yzysüre ştaba howlukmaç gelip giren Astahowy hem ýanyna alyp, tanklaryň eýelän sepgitlerine tarap gitdi. Bölümiň tanklary şäherçäniň eteginde, gyrymsy tokaý agaçlarynyň arasynda ýerleşipdiler.

Balkan sepgide ýetensoň, özüni görüp, harsa öňünden çykan ikinji rotanyň togalakdan gelen dörtgyraň, gözleri gyzaryp duran komandiri jylksary uly leýtenantyň habaryny diňledi. Hakykatdanam, ýagdaýlar bu ýerde hiçneneň däldi. Esgerler ýeňşe garaşýardylar, uruşdan sogrulyp çykyp gaýdan tankçylaryň pikiriçe, Berlin eýýäm dyza çökmelidi, wagt bolupdy. Emma uruş welin henizem dowam edýärdi, ýöne onuň indi uzakda däldigi hem bellidi.

Balkan kombatlyga geçirilmezinden öň öz komandirlik eden 1-nji rotasynyň tanyş esgerleri bilen ot başynda mesawy gürrüň edişip, çilimleşip otyrka gürrüňler aýlanyp-dolanyp, ýene-de şol gijikdirilýän ýeňiş bilen bagly gep-gürrüňlere syrygdy. Worone li uly leýtenant, batalonyň iň goja esgeri hasaplanýan, worone li ozalky traktorçy Ýewgeniý Nowiçihin ýüzünde bir zat aýtjagyny mälim edip, ýaňyrak gazap syran çüri eňegini sypalap, kombatyň ýüzüne seretdi:

— Ýoldaş kombat, bu agza-dile gelen ýeňşiň ýaman syrty agyr boldy-la? General Çuýkowyň oglanlary henizem Berliniň eteginde, tekerleri batgalykda boş aýlanýan maşynlar ýaly, şol itinişip durlar-la bular?

— Her zadyň öz wagty bardyr. Biraz sabyr ediň! — diýip, Balkan köşeşdiriji sözler aýdan-da bolsa, onuň özem hut öz esgerleriniň pikirindedi. Şonuň üçinem onuň aýdyş hörpünde hem gazanylmaly ýeňşiň gazanylmaýanyna alada duýuldy.

— Belki, olara biz--tankçylaryň kömegi gerekdir? — diýip, agaja söýenip, elini-eline gowşuryp gürrüň diňläp duran Saşa Lisnýak hem özüniň mekdep mugallymlaryna mahsus bolýan mähirli, soranjaň gözlerini güldürip gürrüňe goşuldy.

— Gerek bolsa, çagyrlar — diýip, Balkan oňa hem gysgaça jogap gaýtardy, soňundan bolsa: «Aý, indi biziň ol ýerde judabir gerek bolup durasymyzam ýok-la» diýip, indi ýeňşiň uzak däldigine ynanýanlygyny mälim edip, öňki sözüniň üstüni doldy.

* * *

Uzakly gije bir düşekde bile bolnup, birek-birege mylakat bary edilip, söýgi oýunlary keýpden çykylyp oýnalan hem bolsa, muny wagtal-wagtal uruş ýollarynda duşuşylyp, aýal-erkek bolnuşyp, goşulyşyp alynýan, ot başynda bir pursat oturyp, ýylnyp soň ýene, turlup gidilýäne meňzeş adaty tötänlikleriň birisi hasap edeni üçin, ol Berta bilen ýene-de tizden duşuşjagyny pikir etmändi.

Emma ol özüniň bu meselede ýalňyşýandygyna tiz düşünip ugrady, asla Bertanyň pikiri onuň kellesinden çykmasa näme.!? Bir-de Berta onuň pikirinde, ýatyş düşeginiň üstünde, diwar taýa çekilip, üstüne ýeňiljek ýorgany çekip, çolanyp otursa, ýene bir-de ony toý geýiminde göz öňüne getirip, öz ýanyndan bu gyza bu lybasyň gelişýändigini belledi.

Indi bolsa onuň Bertany ýene-de göresi gelip ugrapdy. Ol şonda özi bilen hiç wagt beýle dolup-daşyp barýan duýgy-

nyň bolmandygyny ýatlap: «Bäh, men öz duşmalyma duşaýdymam öýdýän?..» diýip oýlananyny hem duýman galypdy.

Şol günüň ertesi Balkan giçlik ştaba gaýdyp gelende, oňa öýländen soň, bir gyzyň iki gezek gelip, sorap gidenligini: «Haçan geler?» diýen soragyna hem belli jogap alyp bilmän gidendigini aýtdylar. Balkan oglanlaryň gep saluwyndan onuň Bertadygyny bildi.

Şol günleriň birinde «Söýgi meýlisine» gatnaşanlaryň birisi--kapitan Astahow yzyndan gelende, Balkan öz otagynda herdemhyzmaty (ordinaresini) nahar getirmäge ugradyp, agşamlyk edinmekçi bolup otyrdy. Onuň bu ýere geleni bäri halap içýän al şerabynyň birnäçe çüýşesi hem häzir stoluň bir gyrasynda bir-birleri bilen boý deňeşdirip durdy.

Adaty harbylarça salamlaşykdan soň Astahow gülümsiräp, Balkana ýüzlendi:

— Ýoldaş kombat, size garaşýarlar!

— Kim?

— Baýramçylyk dowam edýär. Şol öňki ýerinde...

— Berta-da barmy?

— Hemmesi öňki başybitinlikde.

Bertanyň ol ýerde barlygy Balkanyň süňňüni ýeňletdi, ol onsuzam: «Berta ertir ýene meni sorap, ştaba gelse gerek...» diýip oturan ýerinde öý köwsarladyp otyrdy.

Balkan Astahowyň yzyna düşüp, gapynyň ýeňsesindäki papagyny ýüzugra kakyp alyp, aşyrma kemeriň aşagyndan çogup çykyp duran köýneginiň etegini düzedişdirip tertibe salyp barýarka, togalakkelle herdemhyzmat hem her eli bir nahar salnan kotelokly aňyrdan ýetip geldi. Ol komandiriniň geýnip çykyp barýanyny görüp, onuň ýene-de nahary gyzgynjaklygyna iýip bilmejegini ýatlap, lapykeç bolup çytyldy:

— Bilýän, ýene bir gyssagly iş çykandyr!

— Seniň özüň otur-da naharlanyber!

— Ýoldaş kombat, kaşany gyzgynlygyna iýmeli, sowasa, ol tagamyny ýitirýär...

Balkan bu sözleri öz herdemhyzmatynyň halys ýürekden aýdýanyna düşünip, öz ýanyndan onuň yhlasyndan minnetdar boldy. Oňa:

— Zeleli ýok, naharyň tagamy gaçmaz ýaly, meniň paýymam özüň iýip goýber — diýip hoşamaýlyk etdi.

— Ýoldaş kombat, esger bolup kombatyň naharyny iýmek maňa aňsatdyr öýdýäňizmi? Ýene-de, nätjek-dä, kynam bolsa, komandir aýdansoň, iýmeli bor-da — diýip, onuň yzynda eli goşa kotelokly samrap galdy.

Balkan bilen kapitan Astahow tirkeşip gelende, gyzlar bilen birinji rotanyň rota komandiri, kapitan ýigit şol gowulygy ýene-de öňki adamlar bolşup, dolulygyna gaýtalamak üçin olara garaşyp otyrdy.

Gelinleriň üçüsiniňem egninde ýene-de şol düýnki geýen toý köýnekleri bar eken.

Berta Balkany görüp, höwrügen ýigidini tananlygyny mälim edip, ýylgyryp ör turdy, soňra köýneginiň öň etegini bir eli bilen ebşitläp tutup, ýörände aýagyna çolaşmaz ýaly, biraz ýokary göterensoň, gözlerini balkyldadyp, onuň öňünden çykdy:

— Meniň kombatym!

— Edil şonuň özi!

Aňyrdan owsunyp gelen gyz Balkanyň ellerine öz näzik, tosun zenan ellerini berdi. Soňundanam başyny atyp, nämedir bir zatdan göwni galanyny mälim edip, müýnli gürledi:

— Kombat, maňa göwnüň ýetmedimi?

Bu soragyň näme üçin berilýänine, wagtynda şeýle-de yzyna köwlenmänligi üçin gyzyň özünden biraz göwün edenligine Balkan dessine düşündi.

Jogap ýerine ol öňünden owsunyp çykan gelni höwes bilen gujaga göterip öpdi.

* * *

Balkan indi şol soňky toý gününden bäri öz gijeleriniň köp bölegini Berta bilen geçirerdi, sanlyja günde bir-birlerine ýakyn adam bolup galanlaryny olaryň özleri hem duýman galdylar. Dogrusy, bu ilkibada asla şeýle bolaram öýdülmeýärdi. Hemmeleriň göz öňüne getirişi ýaly, ol adaty zenan küýsän ýigitleriň hemem ýigit küýsän gelinleriň duşuşyp, iýip-içişip wagtyhoşluk edýän bir pursady bolmalydy.

Dünýä baryp, ozalbaşda bir düşnüksiz ýaradylan zat-da bi! Onsoňam nireden tapyp, nirede ýitirjegiň—o-da belli däl. Ýogsam, dek düýnem birek-birek bilen ganym duşman bolnan ýerde, şu duşmançylyk sebäpli özleriniň iň ýakyn adamlaryny ýitirip, kalby sarsan adamlaryň arasynda bu ýakynlyk, bu birek-birege bolan isleg-höwes aslynda bolmajak ýalam welin, ýöne söýginiň henizem şol köne endigi bolsa näme, ol hakyky bolanda hemişe ähli zatdan bir gez ýokary göterilip, onsoň, şol ýerdenem täze sahypa bolup gidiberýän eken.

Berta özüniň ejesiniň dogany Melaniýa daýzasy bilen babasyndan galan, barly ýaşaýyş üçin niýetlenip gurlan, içinde, töwereginde durmuşa gerek bolan ähli mümkinçilikler döredilen jaýda ýaşaýardy. Häzir goldoly maşgala niýetlenip gurlan jaý, onda ýaşamaly adamlaryň aglaba köpüsiniň ýoklugy üçin, giňişden gelen boşlaň bolup görünýärdi. Bu jaýy giňiş görkezýän ýene bir zat-da onuň içindäki ähli zadyň rejelenip, nemeslere mahsus juda tertip-düzgün bilen goýulmagydy. Sowet esgerleri indi german topragyna aralaşanlary bäri bu ygtyýarlylygy görüp, ony özlerine hem arzuw edýärdiler. Bu tertiplilik barada hemişe kombatyň töwereginde onuň

berjek tabşyryklaryny ýerine ýetirmäge taýyn bolup ýören, judabir gerek bolmasa gepläbem ýörme-ýän herdemhyzmaty Kriçenko hem dillenenini duýman galypdy. Ol:

— Eý, öýüne, ýurduna şeýle tertip etmäge hötde gelen ygtyýar halkyň özüni tertibe getirip bilmän, ýeteniň üstüne düwläp topulyp ýörmesi geň... — diýipdi. Bu söz şonda hemmeleriň göwnüne diýseň jaý bolupdy, sebäbi ol bu ýere gelip, nemes häsiýetini, onuň saýhallylyk bilen bagly aýratyn yhlas siňen ygtyýarlygyny pikiriňde deňeşdireniňde döreýän pikirdi.

Öý eýesi Melaniýa kempir Berta ilki Balkanyň goltugyna gol geçirip, oňa eýemsiräp gelende ony halamandy. Gaşlaryny çytyp, boş otaglarda bir zat gözleýän ýaly bolup ýörşüne eşidiler-eşidilmez kineli hüňürdäpdi, ýöne soň ölçerip-döküp, köpigören zenan hökmünde ýagdaýa tiz düşünipdi, galybersede, Berta üçin onuň öz zenan höwesine goşulyp, kalbyna ýakyn adamdygyna, Balkanyň duşman bolan tarapynyň adamsydygyna seretmezden, onuň ar almak üçin kest edip durjak adam däldigine hem ol tiz göz ýetirdi.

Onsoňam bu ýerde düşünip-düşünmez ýaly zat hem ýokdy, Berliniň doly dyza çökmegine indi sanlyja gün galypdy. Gitler öz bunker-süreninde bu günler hä diýmän, sowet esgerleriniň öz boýnuna syrtmak atyp Staliniň öňüne süýräp eltjegini ýatlap, otly köýnek geýip, girere deşik gözläp elewreýärdi.

* * *

Balkanyň ştabynyň ýerleşen ýeri Bertalaryň öýlerinden şeýlebir uzakda hem däldi. Ştab şäheriň ortasynda howalanyp oturan, depesi asmana uzan iki sany temen görnüşli kostýolyň gapdalynda ýerleşipdi. Howalanyp oturan, töwerekdäki ähli öýlerden özüniň kaşaňlygy bilen tapawutlanýan bu kostýol

bulutlar ýagarman bolup şäheriň depesinde göç edýän günleri, özüniň din öýüdigini hem unudyp, asman bulutlarynyň joşgunly keýpine goşulyp, eteginde ýel köwsarladyp, pyrlanyp tansa göteriliberjege meňzeýärdi.

Sowet esgerleri bu ýeri üstünden daş-töweregi synlap oturmaga amatly bolany üçin saýlap alypdylar.

Balkan sypynsa, aýlanyp-öwrülip, az wagtlygam bolsa ýene bir gezek Berta bilen didarlaşmak üçin gelip-gidip durdy, hasam agşamlyk naharyny gelip bu ýerde edinenini kem görmeýärdi.

Urşuň ýoly özüniň ähli gabahatlyklary bilen bu şäheriň üstünden düşmedigem bolsa, uruş özüniň doýmaz-dolmazlygy bilen ony hem halys surnukdyrypdy, hemme ýerde bolşy ýaly, hasam iýmit-azyk meselesi bu ýerde hem bardy.

Herdemhyzmat Kriçenkonyň «Kombatyň şamlygyna» diýip, her gün bu öýe getirýän kaşasydyr mahal-mahal şineliniň jübülerini pökgerdip, birki buhanka nan bilen getirýän konserwalary hem bellibir derejede bu öýüň maňlaýyndan diräpdi.

Amerikan esgerleriniň özleri gelmese-de, soňky döwürde olaryň iýýän konserwalary eýýäm gelip ugrapdy. Herdemhyzmat esger her gezek olaryň birnäçesini gujaklap getirip, soňundanam olary sanaýan ýaly, bir-birden stoluň üstüne goýup durşuna intipis edip, olaryň daşyna näme diýip ýazylanyny bilmäge jan edip, hetjikläp, ol ýerdäki hatlary sesli okap durýardy. «Urdurylyp ýetip gelýär...» diýlen amerikandyr iňlis esgerleri bolsa wagty bilen gara bermändiler, olar soňam gelmediler.

Şäherçede hem indi ýerli halk bilen sowet esgeriniň arasynda bir-birege bolan raýdaşlygyň alamaty bolan gamyşköpri peýda bolupdy. Köpler eýýäm dek häzir sowet esgerlerine olaryň ahmallygyny alyp kast etjek bolup durmasaň,

diýleni edip, dek gezseň, olaryň hem ar almak maksady bilen özlerine sürnüşip durmajaklaryna ynanyp ugrapdylar.

Sowet esgerleriniň mahal-mahal gurnaýan aýdym-sazly şüweleňlerine höwes bilen gelýän nemes gelin-gyzlarynyň indi sany barha artýardy.

Nemes topragynda bolsa ýaz, öz süňňünde tanklaryň müňňüldeşip ýörendiklerine seretmezden, aýratyn bir höwes, ähli gözelligi, ähli güýç-gaýraty bilen kükräp möwç urýardy. Ýurt ýakymly Gün şuglalaryna, hoşboý ysly ot-çöp yslaryna çolanyp, uly höwes bilen täzeden dünýä inýärdi. Garagol ýaz gyz-gelinleriň gulagyna ýakymly, imrindiriji höwesler pyşyrdaýardy. Ana, onsoň, ynsan tolgunyp, owsunyp oturan tamaly gulaga öwrüler. Onsoňam ýazyň gyzlary öňküsinden has owadandyklaryna, ýigitleri bolsa olara mynasypdyklaryna, indi alynmajak galanyň bolmajagyna hemmeleri ynandyrandanmy ýa-da bu toprakda hoşboý ysly owadan gülleriň bollugyndanmy-nämemi, bu döwür söýginiň diýseň küýselýän pursady bolardy.

Galyberse-de, bu günler german topragynda dogumlydan ýerlikli rus sözleri bilen kesgitliden gatraw nemes sözleriniň bir-birleri bilen gatyşyp-garyşyp, bahar demi ýaly mylaýym ýaňlanýan bir döwrüdi. Ýaz heseri galtan seri dumanly toprak hem bu günler aşagyna kesindi atylyp, bugaryp oturan äpet gazanyň üstüne meňzese, ýene bir-de ýazyň mylaýym demine goşulyp, indem ýaryna onuň özüne meňzeş ogul dogurmak höwesine berlen hamyla gelne meňzeýärdi. Nemesler bu döwri: «Dulda ýatan azalyň meýdana çykyp, ýer sürmegi arzuw edýän döwri» diýip atlandyrýan ekenler.

*  *  *

Goşun ştabyndan: «Ertir sagat ona syýasy orunbasaryň bilen

gelmeli!» diýen buýrugy alan wagty Balkan: «Kombat özüne tabyn komandirleriň birnäçesi bilen aýal-gyzlaryň ýubkasyna çolaşyp ýör» diýen ýaly bir şugul habaryň polk komandirine ýetenligini, onuňam indi özleriniň ol ýere suwuna degmek üçin çagyrýanlygyny pikir etdi hem komandiriň öz bölümi bilen gije-gündiz arzuw eden Beýik Ýeňşiniň alkymyna gelenine, özüne millionlarça esgerlere nesip etmedik bagtyň nesip edenine öz ýanyndan begenip ýören polkuň komandiriniň ol ýerde gaharyny ýazaýjak gepleri pikirinde bir ýere jemläp oýurgandy. Pikiriniň arasynda polkownik Strelkowyň özüni erbet görmeýänligini hem ýatlady. Sebäbi ol: «Eger men söweşde agyr ýaralanaýsam ýa wepat bolsam, ýatlaň, polka ýolbaşçylyk etmegi şol pursatda, birinji batalonyň komandiri Balkan oňarar» diýip, oňa uly ynam edýän adamdy.

Üsti şemally ýeňil maşyn obajyklaryň deňinden, tokaý agaçlarynyň içinden, goragda duran tank birleşmeleriniň gapdaly bilen ýeňil galgap, ýüzýän ýaly bolup barýardy. Töwerekde gül-gunçalary patrap açylan miweli agaçlaryň indi hemmesi ak toý köýnegini geýen gelinlere öwrülipdiler. Tereň ýaz howasy bilen goşulyşan gül yslary diýseň ýakymlydy, olar hut sowet esgerlerini garşylamaga çykan anbar ysly, kalby telwasly ter çemenlere meňzeýärdiler.

Polk komandiri Balkandyr Astahowy olaryň öz pikir edişlerinden has açyk, has gadyrly garşylady. Ýigitleriň hersi bilen el gysyşyp, özüniň tebigatyna mahsusdygy henize-bu güne çenli bilinmeýän göwnaçyklyk bilen hal-ahwal soraşyp durdy. Başyna bireýýäm ak sepilen polk komandiri häzir şol öňki merdemsi, dyzanyp öz esgerlerinden talap edýän komandire däl-de, ýakyn günlerde öýüne ogly bilen goşulyşyp, birgowy bolşup, gelni geljek, şonuň bilen bagly bir-birinden ýakymly duýgulary başdan geçirmäge kalby guwançly ata meňzeýärdi.

Aýdylyşy ýaly, sagat ona polk komandiriniň ýörite çagyran ähli batalon komandirleri öz syýasy orunbasarlary bilen jemlenişdiler.

Polk komandiri gelenleri jemläp, olara diwiziýa komandiriniň özleri bilen duşuşmak islänligini aýdyp-aýtmanka, generalyň hem gelip düşeni belli boldy. Daşarda kimdir biri ony görüp, duran ýerinden haýkyryp buýruk berdi:

— Polk, galk, gönel!

Polk komandiridir onuň gapdalynda oturan iki orunbasary şundan soň ýeňillik bilen tarsa-tarsa ýerlerinden gopuşyp, generaly garşylamak üçin gapa tarap howlukdylar.

General ýeke däl ekeni, öz orunbasarlarynyň dördüsi, şeýle-de diwiziýa degişli bolan ýeneki tankçylar polkunyň üçüsiniň polk komandirleri onuň yzysüre gelip gapydan girdiler. Ähli ýokary çinliler toplanyşyp, wajyp bir mesele ara alnyp maslahatlaşyljaga meňzedi. Balkan oturan ýerinde öz töweregindäki maslahata gatnaşýanlaryň derejelerinden çen alyp: «Hany, ýigitler, tanklary yza öwreliň, ýogsam, biz barmasak, Berlin hezil bererli däl!» diýen ýaly täze bir buýruga garaşdy. Sebäbi alkymlap gelen ýeňşe sabyrsyzlyk bilen garaşýan tankçy esgerler, hamala, häzir ol ýerde özleri bolanlygynda Berliniň bireýýäm dyza çökjegine ynanyp, ony top bilen atyp däl-de, tank bilen süsüp-süsüp almagyň wagty gelenligini ýatlaşyp: «Bizi dolap, täzeden urşa salaýmazlarmykan?» diýen inçejik tama bilen gürrüň edýärdiler.

General Harçenko diýilýän altmyşdan bireýýäm geçen, urşuň ähli kesdi-hyýanatyndan öz hakyny alan, eginlekden gelen aksaç, saryýagyz, goýungöz adamdy.

Ol gele-gelmäne öz öňünde hajraw bolşup duran ýigitler bilen umumy salamlaşanyny az görüp, soňra olaryň bir başyndan, hersi bilen ýekeme-ýeke elleşip, nazarynda şeýle ýigitleriniň barlygyna guwanýanlygyny mälim edip, ýörite

aýlanyp görşüp çykdy.

Hemmeler ilki öz komandiriniň bolşundan çen tutup, ony başga bölüme işe geçirendirler, bu-da gitmezinden öň özleri bilen hoşlaşyp durandyr diýip çak etdiler. General häzir olaryň öňki gören: «Pylan ýere sürmeli, pylan ýeri eýelemeli!» diýip, aýgytly gepleýän komandirlerine asla meňzemeýärdi.

Soňundanam ol stol başyna geçip oturyp-oturmanka, şatyrdap düwlen ýumrugyny duýdansyz «tarkyldadyp», stol üstüne inderdi:

— Ýigitler... Ahyr duşman pälinden tapdy!... — Ýöne ol birden garaşylmadyk ýagdaýda bozulany üçin, sözüniň yzyny aýdyp bilmän, aşaky dodagyny sandyradyp hamsykdy...

Oturanlar generalyň näme diýjek bolýanyna birbada oňly düşünip bilmän, bir bolmasy iş bolandyr, Marşal  ukowa ýa-da Staline bir zat bolandyr diýşip pikir etdiler.

General suw guýlup, gapdaldan özüne uzadylan stakandan birki owurt suw owurtlansoň, ýene-de tiz özüni ele aldy:

— Ýigitler, bagyşlaň, goja ýürekler halys ýukalypdyr. Men size bir habar aýtmakçy, ýöne entek aýtmaly hem däl habar, ýöne aýtmanam durup bilemok. Öz ýanyňyzdan bilip goýuň. Emosiýa berilmäň! Iki gün mundan öň Berlin doly dyza çökdi...reýhtagynam. Düýn ýörite gidibem özüm ony gözüm bilen görüp gaýtdym. Biziň Gyzyl baýdagymyz Berlinde, Brandenburgyňam depesinde owsun atyp, pasyrdap duran ekeni... Indem ýakyn günlerde Moskwanyň ol Beýik Ýeňşi öz adyndan jar etmegine garaşylýar.

Şatlyk beýnä urdy. Hemmeler duran ýerinden guwanç bilen bir-birlerini garsa gujakladylar.

Balkan generalyň ejizlemegini: «Onuň öz süňňünden önen iki ogluna şu güni görmek miýesser etmänligini ýatlap bozulandyr» diýip oýlandy. Bu barada köpler bilýärdi. General uly ogluny mundan bir ýyla golaý öň, Smolenskiý azat edilende ýitiripdi. Onuň tankçy general Rybalkonyň aýratyn

bil baglaýan, gönüden-göni öz garamagynda saklaýan tankçylar polkunyň rotalarynyň biriniň komandiri, kapitan ogly bolsa ýaňy-ýakynda, apreliň başynda Kenigsberge hüjüm edilende gahrymanlarça wepat bolupdy. Ony general Rybalkonyň hut özüniň Moskwa iň ýokary döwlet sylagyna hem ýazyp berenligi eşidilipdi.

Balkanyň hem birkiýama kakasyna çalym berip duran togalak, murtluja ýigit ýadyndady. Ol bary-ýogy üç-dört aý mundan ozal Balkan bilen bilelikde general Rybalkonyň elinden «Söweşjeň Gyzyl baýdak» ordenini kabul edip alypdy. General şonda: «Wladimir Wasilýewiç Krawçenko mynasyp ogul ösdürip ýetişdiripdir» diýip, onuň kimiň ogludygyny hem ýatlap, taryp aýdypdy.

General şatlygyny bölüşip, birneme köşeşenem bolsa, indi ol şatlygyň öňünde oturan ýigitleriň kalbynda tüweleý bolup harasat turýanyny gördi, ýigitler gozgalaň tapyşyp, gözlerini nemlendirip, tolgunyşyp otyrdylar. Häzir olaryň daşary çykyp, telpeklerini göge zyňyp, asmana ok atyp, gujaklaşyp, ogşaşyp, bir-biregi telim ýyl sabyrsyzlyk bilen garaşylan Ýeňiş bilen gutlaslary gelýänligi bellidi. Ýöne ýap-ýaňyja öz şatlyk habaryny aýdanynyň yzysüre general ýigitlere ýörite döwlet habary bolýança bu şatlygy esgerleriň arasynda ýaýratmazlygy tabşyrdy.

General bir öwrümde öz nazaryny birnäçe sekunt göni garşysynda oturan Balkanda egledi:

— Oglum, sen nireden?

Balkan tarsa ýerinden turdy:

— Men, ýoldaş general, Türkmenistandan.

— Otur, oglum!

Soňra ol öz oturan hataryndaky polk komandiri — elek ýüzli, kirpisaçly podpolkownik Turdyýewe tarapa öwrülip: «Seni-de tanaýan» diýen äheňde oňa hem baş atansoň, gaý-

tadan öz pikirine öwrülip geldi:

— Hawa, biz faşistleri ähli sowet halklary bilen bilelikde ýeňdik. Ýogsam, ol bir halkyňa-iki halkyňa eýgertjek duşman däldi, şeýle-de ony Kawkazsyz, Orta Aziýasyz, Sibirsiz ýeňmek asla mümkin däldi. Gör, nemes halkynyň özi nijembir ýitgiler çekdi, halk ene ýalydyr, degerli perzent bolanda, ol oňa guwanýandyr, dälibaş perzentler bolsa, oňa ýamanlyk üstüne ýamanlyk getirýändir.

Bir paýhasly kitapdan şeýle sözleri okanym ýadymda: «Degme, degseň — deglersiň!» Okamasyna-ha bu kitaby Gitler hem okandyr, ýöne, paýhasa gulak salsa, Gitler bolýamy ondan?

Maşyn ertirki geçen ýoluny yzarlap giçlik dolanyp gelýärkä kapitan Astahow bu syr hökmünde saklamaly şatlygyny tizden kimdir birine aýdyp kalbyny egsäýmese, özüne agyr düşjegini aýtdy.

Häzir bu meselede Balkanyň öz ýagdaýam dosty Astahowyňkydan öwerlik däldi. Ol hem syr saklamagyň aňsat däldigi baradaky gadym rowaýatlardaky Isgender Zülkarneýniň saçyny syryp, onuň şahlydygyny göreninden soň, «aýtma» diýlen syry saklajak bolup azar baryny gören, ahyram guýa girip, hiç kim eşitmejek ýerde: «Haý, adamlar, eşidip goýuň-how, Zülkarneýniň şahy bar eken!» diýip, tüýdüge salyp, zowladyp içini sowadan ýigidi ýatlap gelýärdi.

Ýolda bir açyklykda durup aýak üstünden naharlanansoňlar, dostlar ýolboýy aýdyma zowladyp gaýtdylar. Astahow-a rus, ukrain dillerinde, Balkan bolsa öz bilýän türkmen aýdymlaryna gygyrýardy. Şeýdibem, guýa gygyran şol ýigide meňzändiklerini olaryň özlerem bilmän galdylar.

* * *

Tankçylar bu gelen ýerlerinde öz çak edişlerinden has köp durdular. Ýogsam, sowet goşunlary tarapyndan eýelenmeli Berlin bireýýäm eýelenilip, ýeňiş otlulary güle bürenişip ýurda dolanyp barypdylar. Ýeňiş toýunyň yzysüre esgerleriň arasynda: «Bizi indi Hytaýy halas etmek üçin, Ýaponiýa ugradýarmyşlar» diýenem bir gürrüň bolupdy, ýöne, barybir, ol gepiň-de soňy bolmandy, ýogsam, esgerler bu ýerdäki öz öňlerinde goýlan tabşyrygy doly ýerine ýetiripdirler, indi urup-ýaryp sowet goşunlaryndan öň Berline ilki girmäge geljek, SSSR-iň ýeňşini elinden aljak güýç hem galmandy. Arkadan gelmeli amerkanlardyr iňlisleriň hem telpeklerini göge zyňşyp, Elba, Oder boýlarynda sowet esgerleri bilen duşuşyp, gujaklaşyp, gazanylan ýeňşe deň begenişip ýörendiklerinden habarly esgerler: «Indi bu ýerde biziň geregimiz ýok» diýşip, Watana gaýdyp barmak bilen bagly oýlaryň töwereginde pikir ýöredişip gezýärdiler.

Gün-günden gowulanýan parahat durmuşa telim aýdan bäri öwrenişip ýören tankçy esgerleriň özleriniň hem indi bu ýerden judabir gopaslary gelmeýänleri hem az däldi. Ýerli halk hem indi özleriniň sowet esgerleri bilen bagly durmuşlaryna öwrenişipdir. Ilkinji günlerdäki gorkudyr ýigrenç indi ynama, arkaýynçylyga, dostluga öwrülýärdi. Halkyň içinde sowet tankçylarynyň hemişelik öz şäherçelerinde galmagyny, onuň göwnaçyk, syratly ýigitleriniň hem hemişe öz töwereklerinde bolup durmagyny arzuw edýänler-de bardy.

Berta hem şolaryň biridi, ol Balkany barha möwjeýän, barha birek-birege golaýlaşdyrýan zenan söýgüsi bilen söýýärdi. Ýanynda bar wagty onuň barlygyna begense, ýok wagty alada galyp, onuň geler ýoluny gözläp oturardy. Balkan aňyrdan görnen wagty bolsa, özüne haýsydyr bir eý görýän oýunjagy beriljek çaga ýaly owsunyp, ýürekden begenerdi.

Balkandyr Bertanyň ysnyşygy göräýmäge soňky döwürde bu töwerekde row bolan esgerdir frau-froýlin gatnaşyklaryna meňzese-de, ýöne ol ikitaraplaýyn bir-birege bolan höwesiň barha artýanlygy bilen, özüniň yhlasdyr yzygiderliligi bilen mese-mälim tapawutlanýardy.

Indi batalýonyň esgerleriniň Bertany kombatyň gelinligi hökmünde tanaýyşlary ýaly, azyk paýlanmaly bolanda, olaryň ýaşaýan öýüni hem öz hasaplarynda saklaýardylar. Muňa uruş ýyllarynda açlyk-horlugy çeken maşgala Balkandan minnetdar bolýardy. Komandir paýy gelip ugraly bäri maşgalanyň ýagdaýy mese-mälim özgerip, gowulanypdy. Munuň üçin garrylar öz agtyklary bilen çyndan ysnyşan Balkana minnetdar bolýardylar, indi ony her gezek gelende, ozalkylary ýaly atyljak ýaý ýaly dartylyşyp däl-de, öz ýakyn garyndaşlarynyň biri hökmünde güleryüz bilen garşy alýardylar.

Balkanyň belli gelýän wagty ýokdy, şonuň üçinem garrylar oňa islän wagty gelip-gidip durar ýaly, öýüň daşky, umumy gapysynyň açarlarynyň hem birini beripdiler. Ol giç gelse, gapyny özi açary bilen açyp, özleri üçin ýörite bölünip berlen otaga göni geçerdi. Onsoň birsalym ol ýerden uky arasynda Bertanyň, üstki geýimlerini bir-bir çykarynyp duran Balkanyň özgeleri oýadaýmazlyk üçin pyşyrdap gepleşýän gürrüňleri eşidilerdi:

— Sen entegem ýataňokmy?

— Sen gelmeseň, oňly uklap bilemok...

— Hümm... Ine, onda men...

— Gel onda, ornuňy eýele!

— Häzir, bir pursat tagapyl etseň, onsoň bolany.

— Sen açsyňam-a?

— Agşamlygy oglanlaryň ýanynda edinipdim.

— Aşhanada seniň nahar paýyň-a bolmaly.

— Işdäm ýok...

Şeýle mähir-aladadan doly är-aýal pyşyrdylary eşidilip ugransoň, beýleki bir otagda ýaşaýan iki garrynyň birisi turup, giýewleriniň gelenini bilmek üçin ýörite sähelçe açyp goýýan gapylaryny ýuwaşlyk bilen ýapyp, süýji pursadyň soňky pyşyrdylaryny olaryň özlerine galdyrardylar.

* * *

Ýazda sowet esgerleriniň öňünden gül bolup çykan nemes baglary indi miwe getirişip, almadyr ülje öwrülişip, töweregine datly miweler paýlaşyp otyrdylar. Tankçylaryň durmuşynda göräýmäge hiç hili üýtgeşiklik bolmaýan ýaly hem bolsa, ýöne duýlar-duýulmaz, ownukly-irili üýtgeşiklikler welin hemişe bolup durýardy. Iň uly, hemmeleriň gözi giden wakasy kiçi ser ant Feýferowyň Moskwada geçiriljek dabaraly Ýeňiş paradyna gatnaşmaga mynasyp görülmegi bolupdy.

Hemişe tankçylyk üçin saýlanyp alynýan keltepaýçarak saýlantgy ýigitleriň arasynda biraz uzynrak hem-de tagaşyksyzrak görünýän, tanka girende-çykanda hem onuň bir ýeri bilen «hütde-gütde» bolup süsüşip alýan ýigidiň bagty bu gezek, hakykatdanam, getiripdi. Uzyn boýuňam tanka gerek ýeri-de bar ekeni diýdiripdi. Feýferowyň boýy hut aňyrdan, parada gatnaşmaly esgeriň boýy şunça bolmaly diýen görkezmä gabat gelýärdi, galyberse-de, ol «Şöhrat» ordeniniň hem üç derejesini döşünde göterýän tankçylaryňam biridi.

Ol birsalkyn indi özi üçin urşuň doly tamamlananlygyny ýatlap, ýolşaýýny tutansoň, yzyndan ýörite gelen maşyna münüp, öz komandirlerine, bile bir-biregi goldaşyp söweşen ýigitlerine guwanç bilen seredip:

— Tankçy doganlar, arkaýyn boluň! Size deregem, tanklarymyza deregem özüm hemmäňizi ýatlap, Gyzyl

meýdandan mynasyp geçerin! — diýip, ýigitleriň ýüreklerini ersdirip, dabaraly hoşlaşyp gidipdi.

Kapitan Astahow bir gezek Balkana osobistiň mydama seňrigini ýygryp, ýakymsyz bir zadyň ysyny alan ýaly bolup, bäş deşigini bir ýere birleşdirip, hemişe ysyrganyp gezýän gotduja kapitanyny görkezip: «Kontur soňky döwürde biziň töweregimizde ysyrganyp gezýär» diýenine köp wagt geçmänkä, Astahowy duýdansyz batalondan goňşy şäherde ýerleşen polkuň ştabyna işe geçirdiler.

Astahow şondan soň bir gezek Luizasynyň yzyndan şäherçä gelen güni, özüniň bu ýerden gitmeginiň sebäbini «konturdan» görýändigini Balkana dosty hököminde mälim edip: «Senem şundan ägä bol!» diýip maslahat berdi. Soňundanam bir ýyla golaý mundan öň onuň: «Siziň araňyzda nemes goşuny gowy ýaraglanan, gowy uruşýar» diýip, müňkürlik edip, oglanlary yzarlap, sorag-ideg edip bizar edýän mahaly oglanlaryň ony ýeneki garma-gürmelikleriň birinde «duşman oky degdi» etmekçi bolanlaryny ýatlady.

Uruş mahaly käte yrsarap yzarlanylýan, özüniň hakyky edermenligi gümana alnyp kemsidilýän esgerleriň konturlar bilen şeýle hasaplaşýan ýerleri-de az bolmaýardy.

Astahow şonda kontury ýigitleriň «kim kakdy?» etmegiň ugruna çykanlaryny duýup, iş-işden geçmänkä, olaryň her birini ýekelikde çete çekip çilimleşip, beýle etmeli däldigini özüniň syýasatça mahsus süýji dili bilen hiç kime duýdurman, dostlarça düşündiripdi.

Ol indi şol gezekdäki boljak zady boldurmanlygyna, eden ýagşylygynyň bu günki özüne ýamanlyk bolup gaýdyp gelenligini, şol gezek görmedikden-eşitmedikden bolanlygynda ýüregi çişirilen ýigitleriň onuň tepbedini okandan boljakdygyny, ana, onsoň «konturyň» öýlerine: «Siziň ogluňyz duşmana garşy söweşde gahrymanlarça wepat boldy» diýip ýazaýmagyň galanlygy hakynda aýdyp, diýseň janagyrly, ahmyrly gepläpdi.

*   *   *

Batalýondaky şol üç kapitanyň üçünjisi, rota komandiri Nikolaý Gladyşew ilkinji söýgüsinden soň indi dykyzja, urşuň açlyk-horlugyndan bir özi aman galyp, bol-telki iýip-içip, gaýgysyz ýatyp gezene meňzeş, mawuş gözli gelin bilen mähriban bolşup ýördi. Ol gelin her gezek Berta bilen duşuşanda, ýürekden hal-ahwal soraşyp, hezil edip öz zenan gürrüňlerini edişip durýardy. Gelinleriň boý deňeşdirip, ýylgyryşyp mahal-mahal gaňrylyşyp, ýeňselerine gözleşip, öz kapitanlarynyň çilimleşip duran tarapyna göz aýlaşyp duruşlaryndan buýsançlydyklary, öz dünýälerine höweslidikleri duýulýardy.

Balkan kapitan Gladyşewi bu tyňkyja bilen ilki görende: «Sen bular ýaly boldumly baýtalçany nireden tapyp ýörsüň?» diýip degşipdi. Kapitan şonda öz kombatynyň bu sözi biraz ýaňsyrabrak aýtmak bilen: «Seniň öňki tirkeşen iki gelniň tyňkyjaňdan-a has görmegeýdiler, temeni sabyna çalşaýan-a dälsiň?» diýýänine düşünýärdi.

Tyňkyja gelin Gladyşewiň töwereginde iki-üç aýlykda Elbanyň üstünden geçilýän köpriniň ýanynda nemes gaçgaklarynyň birki sanysy bilen ikitaraplaýyn atyşykda ýaralanansoň peýda bolupdy. Gladyşew ilki beýleki ýaralananlar bilen goňşy şäherdäki gospitala iberilen hem bolsa, ol doly gutulman, bir hepde-on günden bölüme dolanyp gelip, bejergini indi şu ýerde, özüne juda yhlasly şol tyňkyja gelin bilen dowam etdirip ýördi. Şonda kapitanyňam kombatyna onuň özüne meňzäp jogap beresi geldi: «Ýoldaş kombat, meniňki ýaly boldumlyjasyny edinmegi, eger maňa gulak salsaňyz, size-de maslahat berýärin, ýataňda ýumşak düşek küýsetmez, onsoňam-how, ony göreniňde tüýs heleý görenem ýaly bolýaň». Soňundanam haýsydyr bir syr ýadyna düşüren ýaly, ol myssa ýylgyryp, gürrüňi dolap, Balkanyň öz üstünden

getiripdi:

— Ýoldaş kombat, bu meselede biz deňeçerräk bar bolmaly, men tyňkyjamyň torunda balyk bolup çyrpynýan bolsam, sizem-ä froýlen Bertanyň toý köýneginiň etegine ymykly çolaşana meňzeýäňiz!

Şonda Balkan:

— Hawa, Berta-da indi heleýlige barha uýgunlaşýar... — diýip, Gladyşew bilen göwünjeň ylalaşypdy.

— Indä-hä, froýlina Berta size iň gowy sowgady taýynlansoň...

Ýöne şol gezek howlukmaç gelen ýörite çapar habaryny aýdyp, iki kapitanyň özara ýakymly gürrüňlerini soňlamaga goýmandy.

Balkan telefonda polk komandiri bilen gürleşip bolansoň, pikirinde ýene-de täzeden ýaňky ýakymly gürrüňçilige dolanyp geldi. Sebäbi Gladyşewiň: «Froýlina Berta size gowy sowgat taýynlandyr» diýen sözi onda birbada: «O nähili sowgatka?» diýen pikiri döredipdi. Şolarada onuň henize çenli üns bermedik birki sany zadynyň bir-birleri bilen baglanyşygy bar ýaly bolup göründi. Bir-ä bir aýa golaý mundan öň Berta gep arasynda: «Indi biz seniň ýoluňa iki bolup seredýäris» diýip, bagtly ýylgyrypdy.

Şonda Balkan Bertanyň ilki gelende, özüni halamazlyk bilen turşaryşyp garşylan kempirleriň indi özüne ýakyn adamlarynyň biri ýaly seredýänine begenýändigini pikir edipdi.

Ýöne, beýle şatlykly ýylgyryşy Balkan şol wagt Bertanyň hemişeki özüni görende döreýän şatlykly ýylgyryşlaryndan tapawutlandyryp bilmändi.

Ýene bir gezek gelende, ol Bertanyň öz garrylarynyň jaýyndan olar bilen gygyryşyp, göwnüçökgün, aglajak-aglajak bolup: «Men öz islänimi ederin...» diýip, nägile bolup çykyp

gelýänini görüpdi.

Gladyşewiň gürrüňi Balkany ýakasyndan tutup, silkeläp özüne getiren ýaly etdi. Wakalary degşirip, nämäniň-nämeligine düşünen wagty, birden onuň kalbyna guwanç tüweleýi kürsäp urdy. Bertanyň şol gezek öz garrylary bilen hem çaga dogurmak niýetiniň üstünde dartgynlylygyň bolanyny, onuň şol gezek uzakly gije köşeşip bilmändigini ýatlady.

— Näme boldy?

— Aý, hiç-le.

— Onda köşeş!

— Eýýäm köşeşdim. Ýöne men, barybir, islänimi ederin, men isleýän!

— Nämäni?

— Seni! — diýip, Berta ýene-de gepini gutaryp-gutarmanka, öz daýzalary bilen şol hyňranyşygyň sebäbini düşündiresi gelmän, jogap ýerine Balkany gujaklady.

Balkan Bertanyň: «Biz seniň ýoluňa indi iki bolup seredýäs...» diýenine düşünensoň, häzire çenli öz ünssüzligi sebäpli bu şatlykdan çetde galyp gelenini ýatlap, çyny bilen özüne käýindi: «Tüýs türkmeni dürtmeseň duýmazlary-da» men...» Hoş habary aýdan gelni garsa gujaklap, onuň begenjine goşulmagyň ýerine, özüniň oňa seňrik ýygran ýaly bolanyna düşündi.

Herdemhyzmat ýigit bir iş bilen gapydan gelen mahaly ol öz komandiriniň gözlerini uçganakladyp bir zada begenip, nurlanyp oturanyny gördi.

* * *

Bir ýola Balkan Bertanyň ýanyna gelende, onuň ýüzüniň birhili aladalydygyny gördi, ol hal-ýagdaý soran mahaly Berta oňa biraz tolgunma bilen, ýaňrak bir ýat ofiseriň gelip,

sorag baryny berip, ilki özi bilen, soňra daýzalary bilen gürleşip gidenini aýtdy. Balkan Bertanyň gep saluwyndan bu gelip gideniň şol, hemişe esgerlerdir komandirleriň osal-ýagal kemçiliklerini gözläp gezýän «konturdygyny» dessine aňdy, öz ýanyndan: «Bu kümsük indi meniň töweregimde aýlanyp ugrapdyr-ow...» diýip oýurgandy. Dosty Astahowyň öz başga ýere işe geçirilmeginiň sebäbini «konturdan» görüp: «Şu melgundan habardar boluň, başarsa, ýamanlyk edýän milletdir bular...» diýip, ýöne ýere jibrinmän ekenligini hem ýatlady.

Berta Balkan bilen ikiçäk galan mahaly konturyň özüne beren soraglarynyň birnäçesini seňrigini ýygryp, halamazyk bilen ýatlady:

— Siz, onsoň, gören badyňyza tapur-tupur sowet ofiserine aşyk bolupsyňyz-da? — Özi-de ol özüni bu ýagdaýy makullaýan hökmünde görkezmek isleýän wagty samsyklaç ýylgyrýar.

— Ilkinji garaýyşda söýşülýän wagty azmy näme?

— Bolýan zat, seýregem bolsa... ýöne onuň sowet ofiseridir nemes gyzynyň arasynda bolmagy welin, gatybir ynandyryp hem baranok. — Onuň bu sözleri: «Iki duşman tarapyň adamlarynyň arasynda-da ikitaraplaýyn hakyky söýgi bolarmy?» --diýen äheňde ynamsyzlyk bilen aýdylýardy.

— Size edilen zorlugam ýok-da onda. Ýogsam, kükregine ýarag gezelende, döreýän «söýgi» hem az bolmaýar...

— Maňa edilen hiç hili zorlugam ýok...

— Siz, onda, muny maňa hata hem ýazyp bermeli bolarsyňyz.

— Size hat ýazyp bermegiň hökmanlygy ýok hasap edýärin. Onsoňam tassyklama gerek bolsa, çagyryň, men bar.

— Siz nemes gyzy bolup, sowet ofiserine heleý hyzmatyny edýäniňize şat-da onda...

— Men bagty başgaça göz öňüne getirip bilemok... Onsoňam bäş ýyllap sowet topragynda bolnanda, rus gyzlarynyň nemes ýigitlerini öz bagty hasap edenleri az boldymykan eýsem?

— «Ilkinji görüşdäki söýgi, köplenç, aldawçy-betbagtragam-a bolýar» — diýilýändir özün-ä.

— Görüberýäs onam...

Berta öz gürrüňleriniň Balkany oýlandyryp, onuň keýpini gaçyranyny görüp, oňa bu zatlary gele-gelmäne dälde, ol gitjek wagty aýdaýmanlygyna ökündi. Soňundanam: «Goý, sorasa sorabersin, menden kim sorasa-da hemişe şol jogaby eşider, men seni görenimden söýdüm-ä» diýip, onuň boýnundan gujaklap, kükregine gysmyljyrady. «Inede onuň subutnamasy...» diýip Balkanyň eliniň daşyndan gysymlap, ony indi togalanyp, ulalyp, äşgär bolup ugran garnynyň üstünde goýdy, özünde jemlän gowulyklary bilen öz söýgülisiniň başynda köwsarlaýan ümür-dumany kowmaka, ony şol öňki hyjuwly söýgüden serhoş ýigidine öwürmek isledi.

Şol günüň ertesi Balkan öz bölümlerine aýlanyp ýörkän «kontura» gabat geldi, onuň bilen ýüzugra bir oýnam gep alşyp geçdi:

— Ýoldaş kapitan, ysyrganýas öýdýän?

— Kärimiz şol-da! — «Kontur» endigine görä ýene-de özüniň ters yz çalýandygyny ýatladyp, öz alyp barýan gepleşiklerinden kombatyň biraz nägile bolýanyny görüp: «Edýänim şol-da...» diýýän manyda içýakgyç, keýpihon, syrly ýylgyrdy.

«Konturyň» gelip, Berta bilen gepleşip gidenine bir hepde bolup-bolmanka, polk komandiri öz garamagyndaky komandirler bilen geçiren bir ýygnanyşygyndan soň: «Birinji batalonyň komandiri, sen biraz aýak çek!» diýip, Balkany

saklady. Haçanda kabinetdäki adamlar çykyşyp, özleri ikiçäk galan wagty, ol biraz gaşyny çytyp, Balkana ýüzlendi:

— Ýoldaş kombat, wagtyňyzy şady-horram geçirýäňiz öýdýän?

— Ýeňen goşunyň keýpi-dä, ýoldaş polkownik.

— Dogry — diýip, polkownik makullamak bilen Ýeňşiň ýatlanmagy bilen kalbynda mylaýym duýgynyň çaýylyp gidenini mälim edip, sözüni biraz aladaly dowam etdirdi:— Ýöne, maňa berilýän maglumatlara görä, seniň oglanlaryňa ol ýerde söýgi ýoň bolup möwjänmiş. Tankyň üstünde hem o — tüki froýlin-gelinleriň ýalaňaç omuzlaryny güjeňleşip oturyberýämişler. Görýän weli, seniň eýelän şäherçäň gyz-gelinleriniň şory depesine çykyp, juda ärsirän ýerleri ýaly-la.

— Adam-da, ýoldaş polkownik.

— «Biz ýaly-da» diýjek bolýaňmy? — diýip, komandir hem onuň sözüni kesip, pikiri takyklady.

Hoşlaşylanda polkownik oňa bu zatlaryň ýeňiş joşgunydygyny ýatlap, ondanam habardar bolmalydygyny, düzgün-tertibi, harby häzirligi, öňki derejesinde «hä» diýlende, «me» diýmäge taýyn bolmalydygyny nygtap... Berta ikisiniň söýgüsi ýaly söýginiň häzirki döwür ýeke-iki däldigini, olaryň arasynda öýlenişip, goşulyşyp ýörenleriň hem bardygyny, munuň ynsan kalbynyň telwas oýnudygyny ýatlap, her bapda sowet esgeri hökmünde mynasyp bolmak bilen birlikde, gep-gürrüňdenem mümkin boldugyça daşrak durmagy atalarça maslahat berip goýberdi.

Bertanyň sowet ofiserinden agyraýak bolanlygy mälim bolansoň, birnäçeleriň hut syrtyna ot basylan ýaly bolany belli boldy. Ilki komandir diwiziýanyň ýörite iberen üç ofiserden ybarat toplumy gelip, Bertadyr onuň daýzasy bilen: «Size zorluk edilen bolaýmasyn?» diýen hörpde gürrüňler geçirdiler. Gyzyl haç we gyzyl ýarym aý jemgyýetiniň wekilleri

hossarsyrap, bu ýere alty-ýedi bolup geldiler. Olaryň topary amerkanlardan, iňlislerden, nemeslerdir rus milletiniň iki sany wekilinden ybaratdy.

Olar hem öz soraglaryna Bertadyr onuň ýakynlaryndan ýene-de munuň tebigy söýgüdigi baradaky şolbir jogaby eşitdiler.

Gyzyl haç we gyzyl ýarymaý jemgyýetiniň adyndan gelen adamlar gitmek üçin hoşlaşyp durkalar, häliden bäri edilýän gürrüňleri bir çetde aýaklaryny aýaklarynyň üstüne atyp diňländen bolan bolup, özi welin başga-başga zatlaryň pikirini edip oturan amerikan ofiseri ör galyp Balkanyň ýanyna geldi. Soňundanam onuň egnine dostlarça kakyp, gadyrly elleşdi:

— Ýoldaş kapitan, biz — esger, galyberse-de, Ýeňiş esgeri. — Ol bu sözleri öz töweregine: «Sizem şuny bilip goýuň!» diýen manyda: «Biziň ähli zada ýeňiji hökmünde hakymyz bardyr!» diýen äheňde guwançly aýtdy:— Dogrusy, saňa gözüm gidýär. Sen — söýülýän ýigit! Men bilemok, kime näme bu ýerde?.. Şatlanmak. Guwanmak gerek... Tizdenem indi çaga dünýä inmeli. Mundan ulam bir gowulyk bolarmy?! Şeýle gowulyklar üçin uruşmandykmy eýsem?!

Amerikan ofiseri Balkan bilen diýseň hoşamaý, ýürekdeş hoşlaşdy. Soňam garagolluk bilen: «...Elbaň o tarapynda hem diýseň gowy gelin-gyzlar bar, gel, tanyşdyraýyn!» diýip, ony myhmançylyga çagyryp, wäşilik edip gitdi. Şundan soň Balkana şu amerikan ofiseri aralarynda bolsa Gyzyl haç we gyzyl ýarymaý jemgyýetiniň ters yz çalyp, özlerine zelel etmejegine ynandy.

Bu döwür Sowet--amerikan gatnaşyklarynyň aýratynbir gerim alan dostlukly pursatydy.

Ýakynda Elbanyň boýunda Amerikan we Sowet goşunlarynyň taryhy duşuşygy bolupdy. Ilkinji bolup, Nor-

mandiýa tarapdan gelen Amerikan goşunynyň ofiseri Robertson bilen bärden baran Sowet goşunynyň ofiseri Seliwaşko ikisi duşuşyp, gujaklaşyp bir-birlerini ýeňiş bilen gutladylyr. Olaryň şatlykly gujaklaşyp duran, dostlugyň simwolyna öwrulen suratyny häzir ähli ýerde görmek bolýardy.

Balkan Gyzyl haç we gyzyl ýarymaý jemgyýetiniň abraýly toplumy gelip gidensoň, bu sorag-idegli kellagyrydan dyndymmykam diýse-de, ýöne aladaly günler ýene-de uzakda däl ekeni. Tizden ony dwiziýa komandiri bu mesele bilen ýörite öz huzuryna çagyrdy.

Balkan şonda generalyň şol Ýeňiş buşlanyndaky kalby joşgun-sarsgyn bilen möwç alyp duran adamlygyndan biraz düşüşip, ýene-de öňki parahat-kesgitli komandire öwrülenligini gördi.

Balkan generalyň ýüzüniň bir ýerde goýmaga niýetlenen ýörite heýkele meňzeş üýtgewsiz agyrlygyndan çen tutup, häzir bu ýerde özi üçin ýeňil bolmajak gürrüňiň boljagyny çak edip aladalandy.

Balkan häzir ol ähli zatdan beter meseläniň soňuny saýman, kesgitli buýruk hökmünde çürt-kesik, harbylarça çözülmeginden çekinýärdi. Eger mesele Balkanyň öz pikir edişi ýaly çözülse, onda onuň hem dosty Astahow ýaly ol şäherçeden çykarylyp, başga bir bölüme göçürilip goýberilmegi: «Nemes gyzynyň töwereginde garaň görünmesin!» diýlip talap edilmegi-de mümkindi. Ýöne uruş gutarypdy, parahatçylyk, onuň bilen bagly gowulyklaryň häzir barha artýan, ynsanyň arzuw eden adaty ynsan ýaşaýşyna tarap öwrülen döwrüdi.

General öňündäki zerur kagyzlara ýüzugra gol çekişdirip, gapdalynda ol kagyzlary alyp gitmäge häzir bolup duran uly leýtenantyň eline berensoň, ýene-de Balkana tarap öwrüldi.

«Oglum» diýip gürrüňe başlan mahaly, birden ilki onuň mizemez bolup görnen ýüzi hem herekete gelip, nurlanyp, bulutlaryň arkasynda aýlanyp ýören Aý birden, bir aralykdan görnüp giden ýaly boldy. Şundan soň Balkanyň kalbynda ýakymly gürrüňçiligiň boljagyna bolan biraz ynam döredi. Ol generalyň ýüzüne umytly seretdi:

— Seniň ol nemes gyzy bilen ýakynlygyň örän uzaklara aralaşan ýaly-la!.. Onsoň, bu seniň çynyňmy, ýoldaş kapitan?

— Çynym, ýoldaş general!

— Çynyň bolsa bolýar. Onda, başga sowal ýok saňa. Bolaýan-da hem söýginiň bar ýerinde onuň geregi hem ýok... Ýöne seniň bir etmeli zadyň bar indi, gadyrdan.

— Men taýyn, ýoldaş general.

— Toý etmeli, toý etmeli, gadyrdan!

Generalyň özi bu maslahatyň bir tarapynda bolansoň, Balkan bilen Bertanyň toý meselesi uzaklaşdyrylmady. Muňa has-da soňky döwürdäki sorag-ideglerden soň ynjalygy gaçan, mähribany elinden gaňrylyp alynjaga dönen Berta, onuň Balkan bilen ömürlik goşulyşyp bagtly bolmaklaryny hemişe arzuw edip gezýän mamasydyr daýzasy hem şundan soň özleriniň hem bolgusyz sorag-ideglerden hem halas boljaklaryny ýatlaşyp, begenişdiler.

Toý güni Bertanyň egninde ýene-de şo-ol, Balkan bilen ilkinji duşuşandaky äpet ak köpüge meňzeş hem şol wagt biraz özüne holpugrak bolan, häzir bolsa ol biraz doluşyp, togalanansoň özüne şaplaşyp duran, yzyndan süýrenip ýören boldan tikilen toý köýnegi bardy.

Ýöne ol bu gezek Balkan bilen orta çykyp tans edende howlukman, indi arada dünýä injek üçünjiniň hem bardygyny göz öňünde tutup, tümmeren garnyny buýsanç bilen Balkana sähelçe süýkeşläp mähirli ýylgyryp, özüniň dünýädäki iň bagtly gelinleriň biridigine halys ýürekden ynanyp tans

etdi.

Toýdan soň iki-üç aý geçip-geçmänkä Balkany öz bölümi bilen ol ýerden Berliniň etegindäki sowet goşunlarynyň Germaniýada galmaly edilen goşunlarynyň jemlenilýän ýeri bolan Karl-Hosda geçirdiler. Balkandyr Berta bu ýere gelip, üç-dört aý ýaşap-ýaşamankalar olaryň ilkinji perzentleri dünýä indi. Oňa ejesiniň Elba boýunyň gyzydygyny, kakasynyň hem Elbadan çykan sowet esgeridigini ýatlap, Elman diýip at berdiler. Gowulygam ýeke gelmeýän ekeni, 1946-njy ýylyň maý aýynda, Beýik Ýeňşiň birinji ýylynyň dabarasy mynasybetli bolsa Balkany goşunda bolmak möhleti tamamlananlaryň hasabynda gullukdan boşatdylar.

## DÜWLEN

Goja Balkan soňky döwürlerde deňze çykmagy, has-da kenardan alyslara gitmegi känbir halap-da barmazdy, dogrusy, häzirem onuň aladaň bilen süssenekläp asla ýola düşesi gelmändi, ýöne gitmelidi, düwleni tapmalydy, soňundanam şol gazak tebibiň salgy berşi ýaly, ony geçi getiren ýaly bagyrdyp öýe getirmelidi, onuň gany damyp duran, heniz ýylysy gitmedik bagryny şol bolşuna gowurman-bişirmän, dertli Umman mama iýdirmelidi. Şeýtmek ertirki gün Umman mama bir zat bolaýsa: «Hä, şeýdäýen bolsam, belki, kempirim diri galsa-da galardy? Düwlen bagry oňa em bolsa, bolar giderdi...» diýip örtenip, ahmyr etmezlik üçin, soňundanam öz ynsabyň öňünde böwrüňi diňläp, müýn çekmezlik üçin gerekdi. Belkäm, bendäm bendäme sebäp» diýleni, onsoň kempir assa-ýuwaş taplanyp, özüne geliberse nädersiň, ana, onsoň, ýene goja hyrydar seredip: «Dädesi...» diýen sözi mähir-höwes bilen,

gelin bolup aýdyp duran Umman periň bardyr-da!

Gojanyň öýünden alysa gitmäge gorkýanlygynyň sebäbi göýä erbetlik hemişe: «Häh, öý eýesi bir gidäýse bor!» diýip, beýleräkde amat peýläp ýatan, öý eýesi gidensoňam, pursatdan peýdalanyp, kürsäp towuk ketegine girýän ýalman şagala meňzäp onuň giderine garaşyp duran ýalydy. Ol agasyny özi öýde ýok mahaly, söwer ýary Bertasyny bolsa Baku, Astrahan, Mahaçkala diýip, alyslarda ýüzüp ýörkän ýitiripdi. Şol gezek ol Berta niýetläp hem oňa ak zadyň gelişýänligini, ak toý köýnegini geýendäki ýaly mähriban, näzenin gözele öwrülýändigini ýatlap, Astrahanda düşlänlerinde oňa şol ýeriň taryply sütükli, ak ýaglygyny alypdy. Beýle gowy ak ýaglygy atynyp Bertanyň begenjegini ýatlan mahaly, bu pursat Balkan üçinem diýseň ýakymly bolupdy.

Emma şonda düýbünden garaşylmadyk bir waka bolupdy. Balkan Krasnowodskide goş-golamlaryny alyp, öýlerine gitmek üçin, ýaňyrak alys ýoldan gelip, öz mähriban kenarynda labyr taşlan gäminiň üstünden düşüp gelýärkä, gämidir kenar aralygyna gerňelen agaç köpri-düşelgäniň üstüne çykan mahaly, garaşylmadyk ýagdaýda onuň sag elindäki hemişe ony-muny salmak üçin ýanynda göterýän çemedanynyň ilgençegi açyldy. Onuň içindäki zatlar bolsa dyrpytrak bolşup, «jülp-de-jülp» bolşup paýapyl köpriniň ikiýan gapdalyndan suwa gaçdylar. Suwa gaçan zatlaryň biri-de şonda onuň Berta niýetläp alan ak — Astrahan ýaglygy bolupdy.

Ýaglyk ilki suwuň ýüzüne ýazylyp, birsalym ol ýerde eremän galan ak gar bölejigine meňzäpdi, soňam towlanjyrap, heniz Balkan özüni dürsäp-dürsemänkä, ony şonda haýsydyr bir balyk aşagyndan gelip, guýrugyna çolaşdyryp, suwuň düýbüne alyp gidiberen ýaly bolupdy. Ol wagtal-wagtal şeýdip sere sypdyryp, ýazaýma «keseli» bar bolan çemedanynyň wagtynda ugruna çykyp, ony ussa oňardaýmandygyna diýseň gynanypdy. Has-da beteri-de ol Berta

üçin saýlap-seçip alan ak ýaglygyna gynanypdy.

Balkan öýlerine gelensoň bolsa indi ol ýaglygyň asla geregem däl ekenligini bildi. Ol gelende öýleri deňze balyk tutmaga gidip gark bolan Bertanyň ýasyny tutup otyrdy. Berta göwrelidi, ol ýene çaga garaşýardy, özi-de ol, öz çagalygyndaky ýaly, pişigi bilen oýnaşyp oturan mele saçlyja mähriban gyzjagazyň arzuwyny edýärdi.

Bertanyň jesedini onuň gark boldy diýlen ýeriniň töwereginden tapyp, adam şekilli ýere bermek üçin, ony oba adamlary bir hepdeläp gözlediler. Ilki üç günden ödi ýarylan adamyň çişip, suw ýüzüne çykýandygyny ýatlaşyp, tapylar diýip tama etdiler. «Tolkunlar göterip zyňan bolaýmasyn?» diýşip, kenary torç etdiler, goňşy obalara hem «gören-goýan bolsa» diýip, ýörite habar iberdiler.

Şol günler adamlar Berta bilen bir gaýyga münüp balyga giden Umman gyzyň ýüzüni gara ört edip, dymyp, doňňaradaşa öwrülip, özi bilen äkiden adamsyny tolkunlaryň talaňyna aldyryp gaýdanyna hasrat çekip oturanyny görüpdiler. Ol diňe Balkan ýanyna ýagdaýy anyklamaga gelende: «Ýüzügara boldum-eý...» diýip, möňňürip aglapdy.

* * *

Balkan şol gezek sapardan gaýdyp gelende, şäherdäki öýünden çagalaryny tapmandy, goňşulary oňa Bertanyň on-on iki gün mundan ozal: «Biziň-ä enemizi göresimiz gelýär, adadaky öýmüze gitjek, içe-daşa çykanyňyzda, biziňem öýe göz-gulak bolaweriň, kakasy geler uçurlarynda bizem ýetip geleris» diýip gidendiklerini aýtdylar. Balkanyň özem aňyrdan: «...Boşlag bolýan günlerim çagalaram oba äkideýin, ejem bendäniň gözi ýoldadyr... hasam agtygyny küýseýändir, bir bagryna bassyn» diýip, niýet edip gelýärdi.

Berta bilen Balkanyň ejesiniň gatnaşygy hem «gaýyn-

gelniň topragy bir ýerden» diýleni bolupdy. Ilkinji duşan günlerinden olaryň bir-birini sulhy alypdy. Otaga agtyk, ogul, gelin bilen bagly öz bagtyna guwanyp doýup bilenokdy. Bularyň hersi oňa özüçe mähribandy, gadyrdandy. Berta gaýynenesinden ürç edip türkmen edim-gylymlaryny, türkmen dilini öwrenýärdi, ol Balkan bilen türkmen dilinde gürleşip, oňa türkmen gelin bolup bermegi diýseň arzuw edýärdi. Balkanyň gelnejesiniň tikip geýdiren uzyn etekli köýnegem oňa halys gelşip durdy.

Bertanyň gark bolanyna bir ýyl geçensoň, Ummanyň gyz halyna telpegi agana durmuşa çykanyny adamlar onuň boý ýigide durmuşa çykmaly halynyň bolanlygyna seretmezden, Balkana durmuşa çykmagyny, şol nemes gyzy-türkmen gelni Bertanyň gark bolmagynda müýni bolany üçin, şonuň ornuny tutmaga onuň kalbynda talap bolandygyna ynandylar. Şeýle-de onuň öz zenan mähri bilen Bertanyň ýetim galan oguljygyny ýetimsiretmezligini isläpdiler.

...Goja şeýle-de deňze çyksa, onuň bilen ikiçäk galsa, özüni ýene-de Berta bilen duşurjagyny bilýärdi.

Balkan öňem onuň bilen gämide bir ýerden bir ýere ýüzüp gelýärkä, kapitan bolup töweregini synlap durka hem köp duşuşypdy, özi-de Berta her gezek gäminiň öňündäki, onuň badyna çolaşýan tolkunlaryň arasyndan: «Ine, men!» diýýän ýaly, gernip ýokary göterilerdi. Egninde-de hemişe onuň şol, Balkana ilki duşandaky uzyn toý köýnegidir.

— Meniň mähriban Bertam... — Goja ýüregini ezer...

— Meniň söýgim! Kombatym...

— Sen, näme, bizi—ogluň ikimizi taşladyň?

— Hakyň halanydyr-da...

Her gezek ol şeýdip göz öňüne getirmeden soň, ýene-de gözünden gaýyp bolansoň, Balkanyň göwnüne ony häzirki tolkunlary böwsüp barýan gaýygy öz çüňki bilen kükregin-

den itip, tolkunlara garyp goýberen ýaly bolýardy.

Goja kem-kemden munuň ozaldan öz maňlaýyna ýazylan ykbaldygyna, indi nädende-de Bertasy bilen duşuşmagyň ýoklugyna, onuň bolup-da bilmejegine ynanyp kaýyllyk tapypdy.

Goja şolbarmana ilki ozallar ol ýerde düwlen neberesiniň goýun-guzy ýaly mäleşip, ýere gurt düşen ýaly bolşup ýatýanlygyny, özüniň häzir hut şol «Garadaş» adyny alan adanyň gapdalyndan geçip barýanlygyny ýatlap, şol ýerden habar almak üçin gaýygyny günorta öwürdi. Ada görnenden, ol ýerdäki hemişeki bolýan nagdyn depilip-dykylan, janly gara haltalara meňzeş, güneşläp ýatan düwlenleri görmek üçin, boýurganyp gözýetimi synlady. Öňler düwlenleriň öz aralarynda hemişe bolýan «gyk-baklary» dagy allowarradan eşidilerdi. Golaý barybere niňdenem olar towsuşyp, togalanyşyp, bagyryşyp tizräk suwa girmek üçin düşerler bir gara güne:

— Eý-how, bir bela-ha süssenekläp ýetip gelýär.

— Ötüp barýan dagy dälmikän?

— Däriň ysa ýok ýaly-la?

— Onda onuň atmak niýet-ä ýok borly.

— Şoň üstünde oturan adammy özi?

— Adam özün-ä.

— Adam bolsa, sen adamy tanaňokmy, onuň, nä, aly-ýoly gytmy?

— Biziň töweregimizde aýlanýan bolsa, bizden tamasy bardyr.

— Tüpeňi bolmasa-da, tory bardyr.

— Gaçalyň onda. Tora düşmejek bolalyň! — diýşip, olaryň ýerli-ýerden suwa inip baryşlaryna, ýat atlyny gören oba itleri ýaly, janagyrly üýrüşip ugrajakdyklaryny ýatlady.

Düwlenleriň endamy bolsa şol wagtda ýag çalnan ýaly bolup, has-da ýalpyldar, kenary ýaplanyp ýatan — ýuwlan bir- topar gara daşra jan girip ýüzşüp ugran ýaly bolar.

Häzir ada diýseň boşlag ekeni, onuň günbatar eteginiň golaýynda, gadymy äpet adamlaryň çüýräp gopan dişine meňzeş gara daşlaryň ikisi bardy, hemişe-de düwlenleriň halap oturýan ýeri, nämüçindir, hut şu ýer, şu gara daşlaryň töweregi bolardy, häzir bolsa älem-deňiz, olaryň hemmesini nas atan ýaly öz tolkun-elleriniň aýasyny dolduryp agzyna atana meňzeş. Goja nazary bilen tanyş adanyň habaryny alyp, onuň çöl bolup ýatanyny görensoň, kenaryň golaýyndaky daşlar bilen gabatlaşmazlyk üçin, adanyň töwereginden oýtarylap-aýlanyp, ýene-de günbatara tutdurdy.

Goja uly gämide ýüzen günleri bu ýerleri kapitan köprüsinden synlap köp geçipdi, şonda onuň gämisi topragy agdar-düňder edip ýer sürüp ýören kuwwatly, tizdenem gözýetime ýetensoň, şol ýerden hyrra yzyna öwrülip düwläp gaýdyberjek traktora, töwerekdäki birsydyrgyn, sep-sep bolşup duran tolkunlar bolsa sürlen ýere meňzeýärdiler.

Töwerek asudady, deňziň ýokarsyndan mylaýym, öz süňňüne ençeme ýowşan, selin ýaly tanyş we nätanyş otlaryň müşgüni siňdiren şemal öwüsýärdi. Şeýle ýakymly ys hemişe öwüsgin demirgazyk-gündogardan — Garagum çöli tarapdan öwsende deňiz üstünde peýda bolýardy, onuň bu bol suwdan, depesindäki seleň-serginlikden uzakda däldiginden habar berýärdi. Krasnowodski şäheriniň deňiz kenaryna egele bolup oturan jaýlarynyň, şäheri eýemsirenip, onuň üç tarapyny gallap oturan çal dag gerişleriniň aňyrsyndan Gün göterilipdi. Häzir Günüň altyn saçlary deňiz tolkunlarynyň egnine dökülip, onuň gözelligini özüniň mylaýym, guwançly nazar bilen nygtaýardy. Bu gowulyk gojanyň eý görýän pursatydy. Ol şol barşyna ýene birsalym gaýygyny owsunyp oturan parahat deňziň üstünde aldymgaç galgadyp sürensoň, töweregindäki gowulygy ine-gana synlap garbanmak üçin, onuň badyny gaýtardy. Ol eýýäm, hakykatdanam, çaýsyrapdy, onuň kempiri bilen kiçi gyzy

aýtmyşlaýyn: «Iki dost» bolşup çaýlaşýan wagtlary bireýýäm geçipdi. Goňşuçylykda ýaşap, häli-şindi olary görmäge gelýän kiçi gyzy köplenç aňyrdan gelende: «Onsoň, şeýdip, iki dost bolşupjyk, hymmyldaşyp otyrmysyňyz?» diýip, degişme bilen ýylgyryp gelerdi. Goja kempiri bilen hamala wajyp bir işleri galyp barýan ýaly, sag bolsalar, hemişe ir turardylar. Umman kempir yraw-daraw ýöräp, aşhana baryp, gazpeje çaý goýup, ertirlik taýynlamagyň ugruna çykardy, goja daş çykyp, öýüň gapdalynda saklaýan bäş-on sany towuklaryny iýmlemegiň ugruna çykardy, itini naharlardy, käte bolsa ol itinem yzyna tirkäp, özüne ýoldaş edinip, deňiz boýuna baryp, şol ýerde oý-hyýala berlip oturardy. Şeýle bolanda, köplenç, ertirlik taýynlap garaşyp oturan Umman mamanyň ýeňseden eşidilen sesi onuň nirede oturanyny ýadyna salardy:

— Aý, dädesi, ol deňzi gözüň bilen iýip gutarmajak bolsaň, gel indi, çaý-nahary sowatdyň! — diýip çagyrardy.

Goja gaýyk ýagşy togtandan soň ýerinden turup, içi azykly goşhaltasynyň duran ýerine — gaýygyň ortam bilinde gurnalan oturgyç-köprüjigiň üstüne geçdi, goşhaltadan ilki biraz howlugybrak ozalagşam demläp goýan çaýly termosyny tapyp aldy, hiç zada üns bermänem demini alyp duran çaýdan bir käse içdi. Teşneligini biraz gandyransoň, uzyn, dyzyna düşüp duran gögüş-garamtyl, boldan tikilen köýnegiň üstünden wagtal-wagtal agyry-yza öwrülýän bili bilen tutuş gabsalyp gysby guşalan guşagyny gowşatdy. Diňe şundan soň ol käsesini ikilenç dolduryp, öň ýanynda goýan, gaýygyň süňňündäki maýda sarsgyna çaýkanyp, içindäki çaýyny «dökdüm-dökdüm» edip duran, käsesini döküp, binesip galaýmazlyk üçin oturan ýerinden usul bilen gernip öň ýanynda duran azykly goşhaltasyny iki dyzynyň üstüne aldy. Goja soňra wagtal-wagtal käsesindäki barha goýalýan, barha täsiri artýan çaýyndan owurtlap, ýany bilen göteren peýniridir

çöregine güýmenip, töweregini synlap otyrdy, häzir ol deňze çykyp, bir özi onuň ortarasynda çeňňegini suwa atyp, hükgerip, balyk tutup oturan balykça meňzeýärdi. Töwerekdäki epin-epin, mahmal-mawuda çolanyp ýatan tolkunlar bolsa häzir arzuw-höwes bilen çagasyny gujagyna alyp, guýma guşaklygyny gümmezlekledip, süňňüniň hyjuw-lezzete öwrülenligini mälim edip, sähelçe oýnakyrladyp ýanyn ýatan gelne meňzeýärdi.

* * *

Şolbarmana gojanyň nazary çep gapdalyndaky, Gün şöhleleriniň tolkun depejikleriniň arasynda oýnaklap, altynlaç öwüsýän ýerinde eglendi. Ol ýer häzir ýaz aýlarynda millionlarça çapraz balyjaklarynyň öz zerteň-zerbap teňňelerini ýalpyldadyşyp, süýji suwly derýa işbil taşlamaga çykýan mahallalaryndaky hyjuwly göz gamaşdyryjy çogluşmasyny ýatlatdy. Haçan-da ol şol lowurdap, altynlaç öwüsýän ýeriň bir böleginiň bölünip, özüne tarap topar tutup, ýüzüşip gelýänlerini gören mahaly, olaryň şol ýerdäki oýunlara gatnaşyp, indem gaýdyp barýan balyk sürüsidigine ynandy, olaryň agyzlaryny asmana tutuşyp baryşlary hersiniň Gün şöhleleriniň bir taryndan sähelçe aslyşyp, ony agyzlary bilen alyp barýana meňzäp, hondanbäri bolşup, dünýäni hasaba alman, gerinjiräp, ýüzüşip gelýärdiler. Aňyrdan owsun atyşyp gelýän topar gaýygyna golaýlan wagty goja olaryň öz çak eden çapraz balyjaklarynyň sürüsi däl-de, Gün çoguna baýrynyşyp, ýüzüşip ýören suwýylanlarydygyny gördi.

Dogrusy, goja olar araky bir hepdä çeken sowukdan soň bu jelagaýda galandyr öýtmändi. Şonuň üçinem olary görüp, geň galdy: «A-how, bularyň ýere girip ýitirim bolmaly wagtam-a bolan bolmaly». Soň ol bu günler ýene-de Günüň öz şöhlelerini jomartlyk bilen Ýere döküýänini ýatlap: «Bu ýylan zaluwatlar

şondan arka tapynan bolmaly, kimiň mundan gidesi gelýär? «Goýsalar bu ýagty jahan ýagşydyr» diýmänmi, nä, şahyr?» diýip oýlandy.

Goja ýolşaýyny kemsiz tutupdy, onuň ýanynda tory-da bardy, tora düşen aşa güýçli bolup, urnup, jana howp salarly bolsa, ony çişläp, gaňryp alar ýaly, ujy peýkam görnüşli, uzynsaply syhy hem bardy, ol: «Adamçylykdyr, belki, geregi deger?» diýip, goşa tüpeňi bilen on-onbäş oky hem ýany bilen alypdy. Ýylanlaryň gözleri ýok ýaly, gorkman-ürkmäni bilmän, nadaralyk bilen gaýyga ýakynlap gelýänini gören mahaly goja bulara göz görkezmek gerekdigine düşündi, aw tüpeňini goşhaltadan çykaryp, ýanynda häzirläp goýmanyna ökündi. Ýöne indi giçdi, ýylanlar ýakyn gelipdiler, olar ýene-de barha ýakynlaşýardylar. Goja iýip oturan hurşuny gapdala süýşürip, gerek bolanda ahmal galman ýylanlaryň depesinden inderäýmek üçin, gaýygyň düýbündäki kakaýmaga şap-bat bolup çemelenip ýatan kürekleriň birine elini ýetirdi. Onýança ýylanlaryň özleriniňem öňlerinde keserip duran gaýyga, onuň üstündäki, depesine göteren küregini indermäge çemeleşip, leňňer atyp duran goja ünsleri düşen borly—olar hem howlukmaç ýanyn taşlaşyp, gaýygyň hol beýlesinden aýlanyşyp, oýtarlaşyp geçdiler.

* * *

Köne maýagy nazarlap ýüzüp barýarka, ol ýene-de dertli aýalyny ýatlady, onuň gapdalynda taýyn edilip goýlan çaýly termosa tapdan düşen ellerini uzadyşyny, soňam ýanyn ýatyşyna ondan kynlyk bilen çaý guýnup alşyny: «Bu nirä gitdikän?» diýip töweregine gözleýşini, gapdalynda üýşüp duran, indi birwagtdan bäri juda ýeterlik täsiri bolmadyk dermanlardan alyp, her dermany ilki kepän dodagynyň üstüne, şol ýere

tikiljek ak ilige meňzedip goýup, ynamsyzlyk bilen: «Derman içene peýda boljak bolsa, maňa bolardy» diýip içişini, ýene-de doly üzülmedik «belki» diýen injejik tama bilen özözüne em edip oturşyny göz öňüne getirdi.

Umman mama soňky döwür-ä mese-mälim horlanypdy, ýüzi çekilişip, gözleri höwelenipdi, şeýle-de bolsa onuň şol öňki gollary batly, geýen geýimi egnine gelşip duran, öz görkgörmegi bilen, pynhan-pynhan zenan hyzmatlary bilen Balkana hemişe özüniň gelinleriň gowusydygyny nygtap hem subut edeede gelýän gelindigine şaýatlyk edýän şol gözlerdi.

Kempirini ýatlan mahaly gojanyň ýene-de onuň golaýynda bolasy geldi. Gojasy ýanynda mahaly ol, hamala, ajal gyssan mahaly gojasy ýetişip, özüni Ezraýylyň elinden alyp galaýjak ýaly arkaýyn duýýardy. Onsoňam, näme, ýene ýanyňda mährem hümürdi, elli ýyl bir gapydan girip-çykyp, bir düşegi depelän är-aýalyň ýanynda ýatlara zat gytmydy näme?

Balkan goja hemişe kempirine öz maşgalalary bilen bagly könäni ýatlamaga, ony ýene-de hyýalda bolsa-da öz bagtly gelin döwürlerine dolap eltmäge çalyşýardy. Gowulyklaryň arsyz wagt geçenden soňam ýatlan mahalyň ynsan kalbyny ekezlendirmek, oňa maza bolup çaýylmak häsiýeti bar. Şeýle pursatda Umman mama hemişe Umman gelne öwrülip, çagalarynyň töwereginde pyrlanyp, sapardan gelen äriniň mährine çoýunyp, bir salymam bolsa özüniň derdini unudardy. Goja oňa amadyny tapyp: «Heleý, öz gämimde äkidip, saňa Astrahany, Kazany görkezdim-hä... Şol gezek Gorkä-de degip gaýdypdyg-ow. Şu Bakuwa-da bir äkitjekdim seni pasyrdadyp... ha, ol ýerde özüňe meňzäp, gözlerini balkyldadyp duran bir syrtman-syrtman gelinleri görerdiň. «Sen dur, özüm ölem!» diýşip, süýji dil bilen janyňy alarlar. «Myhman dagy bolsaň, oturan ýerlerinden, hamala, ýagy gaýtarjak ýaly gygyryşyp: «Ha, Wahyt, gyzyl horazyň başyny kes!» diýip, gygyrýan

murtlak daýaw-daýaw, howasy belent adamlary hem görerdiň. Bakuwyň köçelerinde aýlanyp ýörkäň azaşyp, öz barmaly ýeriň salgyňy almak üçin, golaýda gabatlaşan gelinleriň birine ýüzlenýärsiň:

— Hala!

O-da saňa:

— Jana, bala! — diýip, gözlerini balkyldadyp, mähir bilen jogap berer — diýip, Umman mama ýarym oýun-ýarym çyn bilen süýjüdip, öz gören Bakuwynyň gürrüňini bererdi.

Goja köne maýagyň töwereginden taparyn öýden düwlenlerine heniz ol ýere ýetmänkä, onuň ýolunda duşdy. Ol dessine gaýygynyň motoryny öçürip, badyny gaýtardy, motory arlatsa, onuň öz ýakymsyz sesi bilen düwlenleri ürküzjekdigini ýatlap, aýak astynda ýatan kürekleri alyp, olary ýeke-ýekeden öz orunlarynda pugtalady.

Aňyrdan gaýygyny küreкläp, ýaňky düwlen tumşugy gözüne kaklyşyp giden ýerine aýlanyp gelen wagty, ol ýaňky ýerde bir däl-de, iki sany düwleniň suwdan sähelçe başlaryny çykaryşyp, özleriniň adam garanyň gara bermejek ýerine atanlaryna ynanyşyp, suw boýlaýana meňzeşip, gaýkyldaşyp ýüzüşip ýörenlerini gördi.

Düwlenler garaşylmadyk bir gaýygyň tolkunlaryny bagyrtlap, dyzanyp-dyzanyp özlerine tarap golaýlap gelýänini gören mahallary olaryň ikisi iki ýerden bir-birleriniň ýüzlerine: «Bu näme boldugy?» diýýän manyda soragly seredişip, geňirgenişdiler. «Hany, onsoň, näme bolarkan?» diýýän manyda aňyrdan kürek ýaýyp ýetip gelýän gojany bilesigelijilik bilen synladylar. Goja awa berildi. Öz ýanyndan: «Hudaý jan, bir işler ugruna bolaýady-da...» diýip dileg etdi.

Düwlenler suwuň badyna elenişip duruşlaryna ýüzugra öz aralarynda maslahat äheňli ýene iki oýnam gep alyşdylar:

— Dogrudanam, bu nireden çykd-aý?

— Görýäň-ä, gaýygyň üstünde adam otyr.

— Oňa näme gerekkän?

— Adam deňze çykan bolsa, belli zat, oňa ýa balyk gerekdir ýa-da guş...

— Görýän welin, oňa şu gezek balygam däl, guşam däl, biz gerek ýaly-la...

Goja aňyrdan düwleniň atyma geler amadyny peýläp, olaryň adamdan judabir gorkubam barmaýandyklaryny, mahal-mahal deňze çykylan wagtynda olaryň itlere meňzeşip, gapdaldan üýrüşip çykyp gaýyga erişýändiklerini hem ýatlap, olar nadaralyklaryna tutduryşyp, gaýyga süýkeniberenlerinde, kürek bilen gabat gelen biriniň kempaýyna berip, ony seňseledensoň öz gapdalynda, aňyrdan häzirläp gelýän, şeýle halatda suw ýüzüne ýaýyp, düwleni tora gabap almaga, soňundanam ony gaýygyň içine çekip almaga özüniň güýç-gaýratynyň ýetmejegini, onda-da aýak astyňda deňziňem beýdip çaýkanyp duran mahalynda, şol tory bilen tirkäp, haýsydyr bir ýana, aýak diräp bolar ýaly gury ýere aşyrmagy, soň hem şol ýerde düwleni seňseledip, gaýyga gapgarmagyň pikirini edýärdi.

Goja iki-üç ädim gapdalynda henizem özüni gözi bilen okap duran düwleniň geňirgenýän nazaryny gördi. Olaryň birini alyp gitmek üçin öldüräýmeli hem däldigini ýatlap, küregini elinde jaýlady, bir pursat gaýygy özbaşyna goýberdi. Özüniň düwlene barha golaýlaýanyna ynandy. Başbütin düwlenli pikire berildi. Howpy aňan düwlenleriň sesi howsalaly çykdy:

— Dogrudanam, bu biziň kastymyza çykan ýaly-la!

— Çüm, gaçdyk!

Düwlenleriň ilki birisi tolkunlaryň süňňüne goşulan ýaly bolup, duran ýerinde aşak çümdi, soňundan beýleki düwlen hem öňündäki tolkun depejigini süsüp goýberen ýaly edip, gürüm-jürüm boldy.

Goja tama bilen olaryň ýene bir ýerden tizara, zompa çykaryna garaşdy, küregi düwleniň depesinden indermek üçin ör galypdy, häzir ol sähelçe çaýkanýan gaýygyň üstünde küregini egnine atyp durşuna gaýyk baryp kenara burnuny urdugy, ylgap, onuň üstünden düşüp gidiberjege meňzeýärdi. Düwlen başyny görkezer diýen tama bilen, eserdeňlik bilen deňze seredýärdi. Barybir, deňiz çuňlugyna çekilen düwlenler soň dolanyp gara bermediler, bir ýerlerde ýüze galkanam bolsa, goja olary görmedi. Gaýygyň üstünde birsalym uzyn söm bolup duransoň, ol dodaklarynyň tebsiräp barýanyny duýup, suw içmek üçin egnindäki küregini öz bolmaly ýerinde berkidip, aşak oturdy. Suw gabyny alyp, ilki biraz ajan agzyny çaýkady, soňundanam kimdir birine şeýdip suw içip bilýänini mazamlap görkezýän ýaly, bokurdagyndaky tüňňi bolup, ýumralanyp duran düwni aşak-ýokary hereketlendirip, «gulk-gulk» etdirip, hezil edip suw içdi. Şypakerdem suwuň içegelerini yzarlap gidenligini duýdy.

Düwleni ele salmak üçin ilkinji edilen synanyşyk şowsuz bolan hem bolsa, goja bosagada bitäýmeli işiniň bitmänligini, tizara öz dert çekip ýatan kempiriniň ýanynda bolaýmaly mümkinçiligiň hem bolman galanyny ýatlap, biraz keýpi gaçan hem bolsa, ýöne pikir ýumagyny ýene-de aňyrlygyna çözläp, bolan-goýany deňeşdirip, paýhas edip, öz awuny indiki barjak ýeri bilen baglansoň, tiz özüni ele aldy.

Düwleni elindäki küregi bilen göwnejaý kakyp, ony seňseleden pursadyny pikirinde hakykat hökmünde göz öňüne getirip, şondan soň ony wagtynda tora dolamaga ýetişmese, onuň agramyna suwa çümüp, özüni mat goýmagynyňam juda mümkin ekenligini, onsoňam daş-töwerekde muň ýaly suwuň çaýkanyp-oýkanyp duran mahalynda düwleni ele salmagyň asla mümkin hem däldigini ýatlap, şowsuzlygy bähbide ýorup, özüne göwünlik berdi.

Gojanyň köne maýagy nazarlap, suwuň ýokarsyndaky tolkunlara sähelçe galtaşýan ýaly bolup dyzanyp barýan gaýygy öz şu bady bilen indi tizden, gözýetimiň öňüne gerlen çal-goňur perdesini böwsüp geçerli görünýärdi. Gaýygyň badyna köwsarlap göterilen ýel gojany künjege ykjam dykmak isleýän ýaly, alahasyrdy bolup onuň kükreginden iterýärdi. Gözýetimdäki suwuň derejesi bu ýerden ep-esli belent ýaly bolup görünýänligi üçin, häzir gojanyň gaýygy kem-kemden şol belentligiň üstüne aşyp barýana meňzeýärdi.

Köne maýagyň ýerleşen adajygyna goja öz pikir edişinden has ir geldi. Dyzanyp duran motorly gaýygyň ýanynda, eýsem, ýoluň gaçary barmy näme?

Bu maýak orus patyşalary Hazaryň günorta-gündogar eteklerine aralaşyp ugran döwürleri gurlan ilkinji maýaklaryň biridi. Soňra birzaman bu adada hem Krasnowodskdir beýleki barmaly kenarlara ýetmän hökmany saklanmaly bolaýanda, wagtlaýyn labyr taşlaýmak üçin gerek bolan çaklaňja gämi duralgasy bolupdy, ýöne maýak, esasan, hemişe aňyrdan gelýän gämilere çen-çak almaga mümkinçilik berýän ýolgörkeziji wezipesini ýerine ýetiripdi.

Köne maýagy gören wagty gojanyň biraz keýpi bozuldy. Onuň öňünde birmahal deregi tike-tike bolup dargap ugran maýak, häzir öz süňňünden gopan, birmahal bir ýerlerde ýörite bişirilip bu ýere getirilen goňras-gyzyl kerpiçleri bilen töweregini kesekläp, aňyny ýitiren goja meňzäp, eräp, oburylyp, inçelip otyrdy. Wagtyň ony ýene-de aňyrsy birnäçe ýylyň içinde halys talap-tozduryp, ýok zatlaryň hasabyna goşmagyň ugruna çykanlygy bildirýärdi. Goja özüniňem garrap, çagşan, şu oturan köne maýaga meňzäp ýörenini pikir edip, esli wagt bu ýere näme üçin gelenini hem unudyp otyrdy. Köne maýak, dogrudanam, häzir şol gojanyň göz öňüne getiren ykbalyna kaýyl bolup, muňalyp oturan goja

diýseň meňzeşdi... Onsoň, neneň oýlanmarsyň?...

Töwerek çolady, bary-ýogy bir gezek niredendir bir ýerlerden sapardan gaýdyp gelýän bir ak gämi suwuň içinde öz maýdalyna akyp ýören buz dagyna meňzäp, köne maýagy oýtarlap geçip gitdi. Bu gün çarlaklaram görnenok, olaram düwlenlere goşulyşyp, pynhan bir çolaja ýerlere çekilene meňzeýär, häzir olaryň şol ýerlerde üýşüşip, belki, ýene-de bir hepde-on gün mundan ozal güwläp-paglap, çaýkanyp, çöwrüläýjek bolan deňziň täzeden däli-porhan bolaryna garaşýandyrlar? Deňiz joşguny olary hem her gezek öz günlerine goýmaýardy. Çarlaklar şeýle günlerde deňziň depesinde pelesaň urşup, bolmajysy bolşup, bir aýlanmak aýlanýarlar welin, hamala, öz çuňluklarynda hars urup dörünýän deňiz, şolbarmana ol ýerden haýsydyr bir bahasyna ýetip bolmajak zady tapyp, ony segräp asmana göterilen tolkunlaryň eli bilen çarlaklaryň agzyna tutduryp goýberäýjege meňzeýärdi.

Bu ýerden her gezek sereden wagtyň töweregiň agyn suw bolup, çaýkanyp ýatyşy görünýär. Goja bireýýäm naharlanýan wagtynyň bolanlygyna seretmezden, ýene-de naharlanmaga howlukmady, onuň häli-şindi dodagy kepäp, agzy guraýardy, häzirem onuň diýseň çaý içesi gelýärdi, ol çaý içse başyndaky ýaňyrak döräp ugran ysmyk agyrynyň hem aýrylyp gitjegini bilýärdi, goja bu kellagyra beletdi, ol çaý içmeli wagtyňy geçiren mahalyň çaýsyzlygyň döredýän kelle agyrysydy. Jandurmaz diýleni-dä, onsoňam «Belki!» diýen inçejik tamada bar, özem gojanyň pikirine görä düwlenleriň bir ýerde boljak bolsa bolmaly ýeri şudy, bu ýerde düwlenlere agaýana çykyp ýatara kenaram bardy, içini çekip oturan ümsümligem.

Ol — Güne gölerişip ýatan düwlenler indi haçan duşsa duşaýmalydy.

Goja termosyny açyp, demini alyp duran çaýyndan aýak üstünden bir käse içensoň, ýene-de ýola düşdi. Deňiz ýakasyny

syryp, demirgazyga — adanyň barha beýgelip, suwuň ep-esli ýokarsyndan seredip oturan tarapyna gitdi.

Kenar diýseň gözilgiçdi, ol häzir Gün çoguna meýmiräp ýatan, öýe adamsynyň bir ýerden gaýdyp gelenini bilip, indäm süýji gernip, pallap, höwes bilen onuň öňünden çykjak gelne meňzeýärdi.

Wagtal-wagtal hol beýleden ýorgalaşyp gaýdýan adaja tolkunlar ymyzganyp ýatan gelin deňziň Gün çoguna ýalp berip ýalpyldaýan köýneginiň giňiş eteginiň aşagyndan çykyp gaýdana meňzeýärdiler, tolkunlar kenara ýetiberenlerinde biraz iki gapdalyna uzalyp, balykçynyň düýrülen toruny ýada salýardylar, şu pursatda ol toruň arasynda töwereginde sansyz balyjaklar öz tylla teňňelerini Gün çoguna ýalpyldadyşyp, keýpihon bökjekleşýäne çalym edýärdi.

Goja kenarda omalyşyp-omalyşyp ýatan äpet, kenary berkitmek üçin birwagt birýerlerden getirilip taşlanan garamtylgoňur daşlary uzakdan gördi. Häzir olar gara bürenişip, öz jigerbent ogullaryny, söwer ýarlaryny deňizde geçen harasada aldyryp, indem öýe sygman kenara gelip, ýer ýumruklaşyp, zar aglaşyp oturýan gözleri ýaşly, ýürekleri ýaraly zenanlary ýada salýardylar.

Goja her gezek deňizde gark bolanyň ýasynda bolanynda, deňiz çöreginiň adamlara ýeňil düşmeýänligi barada, onuň öz peşgeşi üçin olardan diňebir agyr zähmedi, sabyr-takatlylygy, irginsizlikdir ugurtapyjylygy talap etmän, mahal-mahal ynsanyň iň eziz zady şirin janyna hem dawa salyp, gurban talap edip durýanlygy barada oýlanýardy.

«Deňizçiniň öwlüýäsi ýeke bolmaýar» diýen gürrüň hem diňe şu deňiz eteginde ýaşaýan adamlaryň arasynda bardy hem ol ynam hökmünde ýaşaýardy. «Deňizçiniň iki öwlüýäsi bardyr, onuň birisi öz obalarynyň töwereginde ýerleşse, ýene birisi deňiz gujagydyr» diýilýärdi.

Gojanyň indi köpden bäri deňiz düýbündäki göz öňüne getirýän öwlüýäsindäki guburlaryň birisi onuň öz Bertasynyňkydy. Her gezek ol şol ýeri göz öňüne getirip ýatlan mahaly, onuň Bertasy öz tümmek bolup ýatan guburyndan bugaryp çykana meňzäp, sozulyp ýokary göterilerdi, egninde hem onuň ýene-de etegi giň şol toý köýnegidir, özem, diri ýaly, şol ilkinji gezek görenindäki ýaly buldurap, ýuwdunyp, tolgunyp durandyr.

Goja Bertasyny ýurdundan, dogan-garyndaşlarynyň arasyndan hamyrdan gyl sogran ýaly edip, ähli zady çeýelik bilen sazlap alyp gaýdanyna ilki-ilkiler öz ýanyndan begenen bolsa, ýöne ony bu ýerde «doýmaz-dolmaza» aldyrany bäri welin öz eden işine ökünýärdi. «Eger-de ony alyp gaýtmadyk bolanymda, Bertam onda häzirem ýaşap ýörerdi» diýip pikir edýärdi. Soňundanam ol: «Şeýdäýenem bar ahyry» diýip, özüne on-on bäş ýyllykda, uruş weteranlarynyň bir dabarasyna Aşgabada baranda duşan, özi ýaly, Germaniýada nemes gyzyna öýlenen tejenli tanşyny ýatlaýardy.

Şol gezek tötänleýin bu ýerde bir-birlerine duşan iki dertdeş, iki goja Germaniýany, öz söwer ýarlaryny ýatlaşyp, uzynlygije oturyp, bir-birleri bilen derdinişip, iç döküşdiler.

Tejenli, garaýagyzdan gelen daýanykly goja nemes gyzyna öýlenip, ondan üç çagasynyň dünýä inendigini, olara Arslan, Abadan, Gurt diýip, türkmen atlaryny-da dakyşdyryp guwanandyklaryny, aýalynyň işine ygtyýar, özüne yhlas bilen hyzmat eden zenan bolandygyny ýatlap, ýöne alty ýyldan ýurda gaýtmaly bolanda, aýalynyň özüne özelenipler: «Gal!» diýip ýalbaranyna seretmezden, Watany küýsäp gaýdanlygyny, onuň hoşlaşyp ugradan mahaly, goşhaltasyna içki eşiklerden, jalbar-beýlekilerden özüne niýetläp hersinden gat-gat edip, on-ondan salyp, telim ýyl geýjek geýimini hem ýany bilen berip goýberenini aýdyp, onuň yhlasyny nygtap-nygtap, in-

dem aýalyny, çagalaryny küýseýändigini mälim edip gürrüň beripdi.

Bertasyny ýitiren günleri, onuň säwlik bilen şol güne düşenine «wah» diýenem bolsa, barybir, aýdylan gürrüňlere şeýlebir ynanasy gelmändi, onda, birhili, çiglik bar ýaly bolup duýlupdy, ýöne bolan iş üçin kimdir birini günäkärlemäge-de hiç hili esas ýokdy. Şonuň üçinem ol her gezek pikirinde Berta duşanda, oňa özüniň kalbyndaky şolbir jogapsyz galan soraglaryny berýärdi. Häzirem Bertasy onuň ýanyndady:

— Bertam, mähribanym meniň! Ýeri, bu seniň näme etdigiň boldy ahyryn?!

— Şeýle boldy-da, nätjek... — Berta geplän wagty her gezek onuň şol mähriban sesi ýene-de bir gezek gojanyň aňynda ýaňlanan ýaly bolardy.

— Ýoo-ok... bir sebäp bolandyr-a? Ýa menden göwnüň galdymy? Ejemden ýa gelnejemden bir gep ýetdimi?... Hany, näme boldy, aýt ahyryn?

— Elbetde, bu ykbaldyr-da, Balkan, onuň ikimizi aýra salmak pikiri ozaldan bolan borly...

— Barybir, sen oňarmadyň, Bertam... Seniň ogluň Elman jan mertebeli adam bolup ýetişdi... Hä-ä, muny men saňa öňem telim aýdandyryn-a... Agtyklaryň bar, gyz agtygyň-a, birhili, saňa meňzäbem dur... Indi biziň biri-birinden mähirlije, süýjüden-süýji dört sany çowlygymyzam bar... Men-ä olaryň hersiniň elinden suw içip, köneleriň bagtly goja hasap edilýäni hem boldum, a sen, sen bolsa...

Her gezek diýen ýaly hem şindi gürrüň gutaryp-gutarmanka, gojanyň damagy dolup, onuň gözleriniň öňüni ýukajyk gözýaş perdesi tutardy. Şu pursatda, öz mähribanynyň ejizlänini görmek islemedige meňzäp, Berta hem gelşi ýaly, ýene-de duýdansyz gözden ýiterdi. Goja bolsa soňam bir-

salym ýas-ýaňy derdinişip, ýanyndan giden Bertasy dolanyp yzyna geläýjek ýaly bolup durardy.

Gojanyň garran süňkleri eýýäm ýadapdy, onsoňam indi köpden bäri, özem bir günüň dowamynda alys bir ýerlere gitmek bilen bagly arylyp-ýorulmaly şeýle ýol azaby onuň nirede gören zadydy? Onuň ýüzi ýadawlykdanam başga aladalydy, ol haýsydyr bir asla bitmejek işiň galasynyň töweregine at aýagyny salyp, indem oňa girmek üçin amatly bir girelge gözläp, dert-azar bolup ýörene meňzeýärdi.

Gojanyň göwnüne häzir özüniň aňtap, ele salmakçy bolup ýören düwlenleri özleriniň juda ýiti bolýan haýwan üşükleri bilen üstlerine abanyp gelýän gara howpy duýup, duran-duran ýerlerinden özlerini suwa urup, türkmen kenarlaryny taşlap, süri-süri bolşup Baku tarapa ýüzüşip giden ýaly bolup duýulýardy.

Ol soňra ýene birsalym öz yzarlap ýören düwlen bilen bagly pikirlerine halys berlenini hem duýman galdy: «Baku töwerekler-ä deňziňem hapa ýerleriniň biridir özün-ä, nebit böleklerinden suwuň ýüzi gaýmaklap, gaýkyldap duran bolmaly» diýip, mundan amatly mesgen gözleşip, el-hal diýşip ýüzüşip barsalar, ol ýeriň düwlenlere amatly bolup bilmejegini haýpygelijilik bilen ýatlady.

— Öň-ä balyklar, düwlenler, suw guşlary topar-topar bolşup, beýleki kenarlardan biziň arassa, Gün çoguna baý kenarlarymyzy küýseşip gelerdiler — diýip oýlandy.

Düwlen aladasy bilen adany terslin-oňlyn aýlanyp ýörkä, goja ýene-de öz dertli kempirini onuň ýolugan derdiniň, hamala, ary bar ýaly, ony asla gaýgyrman, özüniň ähli güýç-gaýraty bilen gabra tarap çekýänligini, Ummanyň gözi bilen kömek sorap, delmirip, töweregine seredip, naýynjar bolup ýatyşyny «ömrümiň soňunda somalyp, bir özüm galaýmasam ýagşydyr» diýen gorky bilen ýatlady.

Elbetde, gojanyň kempirine nebsi agyrýardy, näler onuň derdine tizden-tiz em edesi, onuň gözleriniň ýene-de özüne balkyldap, göwnühoş gelin bolup seretmegini, öňki halyna gelip, jüýjeli mäkiýan towuga meňzäp, agtyklaryny töweregine üýşürip, käkeläp oturmagyny isleýärdi.

Goja çaý-nahar edinip, biraz kuwwatlanyp, özüni tutmak üçin goşlaryny galdyran ýerine aýlanyp gelen wagty, naharlanýan wagty bireýýäm geçen hem bolsa, onuň: «Pylan zady iýsem» diýip, isläp duran işdäsi ýokdy, ýöne çaýsyrapdy, häli-şindi töweregine ot aýlap, böwrüni ýalna ýanap lakyrdap duran tüňçe ýadyna düşýärdi. Goja gaýygyny galdyran ýerine gelip, iki gatlap geýen geýimleriniň üstki bölegini aýryp, biraz ýeňledi, ol özüniň deňze çykýanyny ýatlap, gaýtmazyndan öň egnine judabir suwdur çygy ýüzüne hem alyp barmaýan geýimlerini saýlap geýişdiripdi, onuň egninde adaty plaş diýilýän sarymtyl-goňur, pasyrdap duran gaty matadan esger geýimleriniň biçüwinde tikilen penjek-jalbary, aýagynda hemişe deňze tor atmaga çykanda halap geýýän ýaglanyp, ýalpyldadylan gara ädigi bardy, eger başyndaky çöp şlýapasy bolmadyk bolanda, ol hasam esgerlere meňzeş boljakdy.

Goja guşagyny çözüp, ýakasynyň iliklerini ýazdyryşdyryp, ýene biraz giňänsoň, köýneginiň ýeňlerini gezekli-gezegine çyzgap, çommalyp oturşyna ýany bilen göteren birýarym litrlik ýelim çüýşeleriniň birinden howlukman, el-ýüzüni ýuwdy, her gezegem ol elleri bilen ýüzüni sypan wagty süňňüne çolanan ýadawlygyň bir gatynyň syrylan ýaly bolýanlygyny duýdy. Soňundanam ýenebir salym, aşakda iltelgi duran gaýygyndan üstaşyry birýerlere seredip, hamala hemişekisi ýaly, ýeňseden ýene-de keýwanysy: «Aýu, dädesi, sen nahar-çaýyňy unudyp durjakmy indi, şeýdip dikilgazyk bolup?!» diýip, gygyranyna garaşýana meňzäp durdy.

Nahardan soň gojanyň gözleri ümezläp, ukusy tutup ugrady,

onuň her gün günorta naharyndan soň garran süňklere, şeýdip talap bolan mahaly birsalymlygam bolsa rahatlyk bermek üçin, öýde öz ýatýan diwanynyň üstüne geçip, aýaklaryny uzyn salyp pinekläp alaýmasy bardy.

Köp halatda bolsa ol turup ýerine geçmäge hem ýaltanyp, şol naharlanan ýerinde çaý içen mahaly tirseklän ýassygyna ýaplanyndan uklap galardy. Şeýdip, meýmiräp ugransoň, ol ukynyň öz diýenini etdirmän goýmajagy barada oýlanyp, pallap oturşyna, gapdalyndaky duran ýerinde çykarylyp gidilen balaga meňzäp üýşmek tutup duran goşhaltasyny ýassyk edinmek üçin kellesiniň aşagyna çekdi, başyna ýany bilen göteren polotensasyny oransoň, gözüne Gün düşmez ýaly, onuň aşak etegini burnunyň üstüne çekdi.

Goja meýmiräp biraz ýatansoň düýş gördi, onuň telim günden bäri düwlenler barada edip ýören pikirleri hakykata öwrülip ugran ýaly duýuldy. Deňiz çyrpynyp tolkun atýardy, şolbarmana tolkunlaryň birisi segräp, beýleki tolkunlardan has ýokary göterildi-de, soňundanam şol ýerde, onuň gözüniň öňünde äpet bir düwlene öwrüldi. Ýerden bat alyp uçmaga hyýallanan mähnet gara uçaryň bar-da, iki gapdalyna tolkun ganat ýaýradyp, ýer depip, dyzanyp, öňünde duran ähli zatlary ýüzüniňugruna mynjyradyp geçerli howp bolup, gojanyň üstüne gaýtdy...

Goja beýle äpet düwlene duşub-a däl, hatda henize-bu güne çenli duşdum diýeni hem eşitmändi. Onda bu mazardat beýdip, nireden peýda bolup ýörkän aslynda? Ýa bu düwlenleriň bir wagt öz doganlaryndan öýkeläp-düwlüp küýzä girenler döwründen galyp, ulalyp-haňalyp, a darha-ýuwha çykyp ýörenimikän?... Goja ondan elheder alyp, janyny gutarmak üçin gaçarman boldy, ýöne hiç gaçyp bolanok, duran ýerinde aýaklary taýyp, gaçyp bilmän dur, düwlen ähli labyry bilen güwläp üstünden inen mahaly, goja hopugyp, kömek sorap,

mojugede gygyrdy...

Goja julk garadere batyp, ümürläp oýandy, ol gorkupdy, eger oýanmadyk bolanlygynda, ýene sanlyja sekuntdan eýýäm dag bolup depesinden inip gelýän äpet düwlen ony düýt-müýt etmelidi... Hälem kömek sorap gygyran öz sesi ony halas edipdi. Şundan soň goja ýetip gelýän howpuň öňünden gapdala sowulmaga ýetişen ýaly, özünde ýeňillik duýdy. Tüňçesinde galan sowuk çaýyny käsesine sarkyryp içip, biraz özüne geldi.

Ol gaýtadan gaýygyna münüp, ony ýola salan mahaly Gün eýýäm öýläne sanyp, ak öýläniň depesinden öwrüm berip geçip barýardy. Gaýyk töwerekdäki owunjak tolkunlara ýakynda özüne çalnan ýaşyl reňkini ýokdurjak bolýana meňzäp, süýkenjiräp ýüzüp barýardy. Agşamyň barha golaýlaşýandygy belli boldy. Ol öz gelen tarapyna gaňrylyp sereden mahaly Gün sallandygyça, arka tarapyň öňküsindenem ümürleýän ýaly bolup, garalýanlygy görünýärdi.

Bäri-bärde oljasy oňmasa, goja ýolugruna öz obalaryna sowlup, düwlen bilen bagly aladasyny garyndaş ýigitlere berip, şol ýerde birki gün-- tä düwlen ele salynýança myhmanlamagy hem aňyrdan niýet edinip gelýärdi.

Ol ejesi ýogalansoň obalaryna gelmegini mese-mälim seýrekledipdi, agasynyň maşgalasyny hem ol özi Krasnowodskde ornaşyp, işläp ugransoň, hossarlyk edip, ýanyna-- şähere göçürip alyp gidipdi, ondan bäri bolsa indi köp döwür-döwranlar geçipdi. Obada onuň dolananlarydyr babadaş-obadaşlaryndan başga ýakyn adamsy galmandy. Häzir onuň doglan öýünde hem agasynyň gyzynyň giýewleriniň biri ýaşaýan bolmalydy.

Herki zadyň öz wagty-pursady bolýan ekeni. Balkan goja hem indi keýwanysy bilen judabir hut özleriniň baryp görünmeli zerury bolaýmasa, aňsat ýola çykmazdylar, görlüp oturylsa, bu aladalar soň-soňlar öz-özünden ähli zatlaryň özünden soňkulara geçişi ýaly, çagalara geçýän zatlaryň birisi ekeni.

Dogrusy, bu ýagdaý barha gojalygyň törüne aralaşýan garrylaryň özleri üçin hem kem bolmandy, şeýle-de çagalarynyň ýerli-ýerden ene-ata bolşup, öz borçlaryny, orunlaryny bilip, olaryň ile goşulyp, iliňem gowularynyň birine öwrülip barýanlaryny görmek olar üçin ýakymly bolupdy.

Obalary hakynda oýlanyp ugransoň Balkan gojanyň ýene-de şol uruşdan soň öz obalaryna gelni Berta bilen bir-birege mynasyp goşa gumry bolşup gelişlerini ýatlady. Olaryň ellerinde bolsa bökjekläp oturan oguljyklary Elman bardy...

Bu pursat, elbetde, gojanyň ýadyna öňem mahal-mahal düşüp durardy. Tolgundyryjy pursat bolupdy. Bäş-alty ýyldan dogduk obaňa dolanyp gelmek, onda-da uruş atly sakar dowzahyň içinden dolanyp gelmek, galyberse-de, ýanyňa söýgüli gelniňi alyp, bagryňa söwer balaňy basyp gelmek bagt dälmidi eýsem?! Şol ýyllarda ogluny urşa ugradan eneleriň içinde, ol gaýdyp gelen mahaly: «Sag-aman geldiňmi, balam?» diýip gujaklamak diňe Otaga ýaly iki-ýeke juda bagty çüwen enelere miýesser edipdi.

...Balkan şonda uruşdan gelip, Krasnowodsk portunda çagalary bilen paromdan düşen mahaly dessine bu ýerde ýaşaýan agasydyr onuň maşgalasyny ýatlap, öz gelmegi bilen ilki olary begendirip, soňundanam oba-- ejesiniň ýanyna olar bilen goşulyşyp gitmegi niýet edinip, agasynyň ýaşaýan ýerine howlugypdy. Urşa gitmezinden ozal onuň agasy balyk zawodynyň golaýyndaky, ýörite zawodyň işçilerine niýetlenip gurlan jaýlaryň birinde ýaşaýardy. Bu ýer şäherde okap-işlän döwürleri Balkanyň özüniňem agasynyň maşgalasy bilen goşulyşyp ýaşan mesgenidi. Balyk kombinatynyň işgärlerine niýetlenilip gurlan bu jaý deňze keserdilip, ýakyn duran depeleriň biriniň üstünde gurlupdy, bu ýerden hemişe deňziň owsun atyp durşuny, çarlaklaryň gaýda-gaýmalaşyk bolşup, balyk ýükli gelýän gämileri, gelnaljy kesekleýän

çagalar ýaly bolşup uly goh bilen kombinata alyp gelişleri, porta gelip, ýüküni düşürip ýeňlän gämileriň ýene-de kenardan bölünip, deňze tarap, ýüzüşip gidişleri görünýärdi.

Balkan aňyrdan agasynyň maşgalasynyň özlerini görüp, begenişip uçaýjak boluşlaryny özüçe göz öňüne getirip, tolgunyp gelýärdi.

«Agam-a häzir öýde däldir, ýöne, gelnejem bilen jigilerim-ä öýde bolsalar gerek» diýip oýlanýardy. Gelnejesidir ýa jigileriniň biriniň gapyny açan mahaly, öz öňünde boýurganyşyp duran harby adamdyr eli çagalyja rus aýalynyň birbada öz gelnejeleri, öz jigileridigini bilmän, tanaman kürtdürişip, geň galyşyp seredişjeklerini, tanansoň bolsa maşgalanyň ýerli-ýerden gelip, özlerini gujaklaýyşlaryny, soňundanam jigileriniň duran-duran ýerlerinden agalarynyň uruşdan gaýdyp gelenini tizden-tiz kakalaryna hem eşitdirip-buşlamak üçin zawoda tarap ylgaşyp baryşlary barada ýakymly göwün ýüwürdip, göz öňüne getirip, tolgunyp gelýärdi.

Tanyş ýaşyl gapy kakylan mahaly ony düýbünden bir garaşylmadyk, otuz bäş-kyrk ýaşlaryndaky, zeberdes, elekýüz gazak aýaly açdy, soňundanam kükreginiň ýarysyny çykaryp, bir eli bilen açyk gapysynyň eltutaryna, beýleki eli bilen diwary tutup durşuna, näme-nämeligine-de düşünmän, gapysynyň öňünde goş-kötelleri bilen üýşüşip duran nätanyş adamlara geň galyp soragly seretdi:

— Size kim gerek?

— Şu ýerde öň Çapakowlar ýaşaýardylar... — diýip, Balkan ol aýala biraz özüni tanadarman bolup, mylaýymlyk bilen söze başlady.

Ýaňy, agasynyň jaýyndan çykan nätanyş aýaly gören wagty Balkan: «Agam uruşdan soň has oňaýlyrak jaýlaryň birine geçen bolsa gerek, bu aýaldan soraýyn, belki, onuň täze göçen ýerini salgy berer...» diýip oýlanypdy. Agasynyň

ýarawsyz hökmünde uruşdan boşadylanyny, ýene-de zawoda gelip, bu ýerde öňküsi ýaly balyk duzlaýjy bolup işläp başlanyny oňa bir ýyla golaý mundan öň hatda ýazypdylar.

Balkanyň soragy, nämüçindir, «içerik hiç kimi goýbermen» diýýän ýaly gapyny germeçläp duran aýala ýaramady, onuň ýüzi kiçelip, bitdik gözleri öçli, jel-jelläp hyrsyzlandy. Süňňüni saklap bilmeýäni mälim bolup, duran ýerinde saňňyldady:

— Men direktora aýtdym-a: «Çykman!» diýip?! «Çykman!» diýdimmi, çykman bar, ol bize hödürlän keteginde onuň özi ýaşabersin... Tapdyň sen näme diýseň, «hä» berip ýören egni howutly çarwa gazagy! Zawodda işleýäsmi, onuň jaýynda ýaşamaga biziňem hakymyz bar. Göçüribem bir görsün, men Aşgabada, ol bolmasa, Moskwa arz ederin...

Balkan agasynyň indi bir ýyla golaý wagt bäri bu ýerde ýaşamaýanlygyndan habarsyz bolşy ýaly, onuň jaýynyň üstünde beýle dawa bolup ýörenliginden hem habarsyzdy. Agasynyň uruşda gazanan şol agyr derdinden aýňalyp bilmän ýogalanyny, onuň çagalarynyň ýene-de oba gaýdyp baranyny, ony gynandyrmazlyk üçin, hatda ýazmandylar. Şonuň üçinem ol heniz-henizlerem agasynyň sag-aman öz ojaklaryna eýe bolup ýaşap ýörenligine ynanyp ýördi.

Zawodyň direktory ýakynda bu jaýy täze işe gelen bir ussa, onda wagtlaýyn ýaşamaga rugsat eden maşgalasynyň barlygyny hasaba alman, ygtyýar edipdi. Ýöne bu maşgala özlerine başga ýerden görkezilen jaýa gitmejegini aýdyp, gelen maşgalany uly goh bilen yzyna gaýtarypdy.

Öňünde duran ýanlary goş-kötelli maşgalany gazak aýalyň öz jaýlaryna direktor tarapyndan täze iberilen ýaşaýjylar hasap edeni belli boldy. Ol elini bulaýlap, barha batly gepledi.

Balkanyň özüniň jaý dawagäri bolup gelmändigini düşündirjek bolup eden synanyşyklarynyň bary biderek boldy, Şol bir aýdanyny iki aýdyp, asmandan bir zady ýolup alýana meňzäp elini ýokary uzadyp-çekip duran aýal wagty

bilen oňa gezek bermedi.

Onuň sesine: «Bu nä hikmet gopdukan?» diýen pikir bilen töwerekdäki jaýlardan hem birnäçe adam çozuşyp çykdylar. Şolbarmana gapa çykanlaryň arasynda Balkanlar bilen ozal goňşuçylykda ýaşan garryja aýal içgin seredip-seredip, ony tanady?

— Weý, bu Balkan jan ýalydaý, ballym! — diýip gelip, onuň bilen gadyrly görüşdi. Soňam birnäçe aýal gezekli-gezegine gelip tanyşlyk berşip, begenişip olar bilen görüşdiler. Ýerli-ýerden olara öz köne goňşudyklaryny ýatlaşyp, öz öýlerine çagyrdylar.

Balkan özüniň öýlerine ýetmäge howlugýanlygyny aýdyp, töweregindäki aýallar bilen aýak üstünde gürleşip, hal-ýagdaý soraşyp duran mahaly, häzirki topalaň baryny turzan aýalyň özüniň öte geçenini duýup, şol duran ýerinde äm-säm bolup geňirgenip duranyny gördi. Balkan öz duran tarapyna öwrülen mahaly ol aýal uýatly seredip, başyny egdi, soňundanam ýuwaşlyk bilen göwresiniň gapydan çykyp, kükräp duran bölegini aňry çekip, gapyny emaý bilen öz yzyndan ýapdy.

* * *

Balkan dagy ada-obasyna günortanyň jokrama yssysynda gelip ýetdiler. Bu wagta çenli Gün eýýäm göterilip-göterilip, ýetjek derejesine ýetipdi. Indi ol şol ýerden ot goýberilen tamdyryň agzyna meňzäp, howur alyp jyzyrdaýardy. Gaýygyň burny gelip kenara degen mahaly Balkan onuň üstünden ýeňillik bilen böküp düşdi-de, Bertanyň elindäki oguljygyny gujagyna alyp, beýleki elini uzadyp, oňa düşmäge kömek etdi. Töwerek çolalykdy, dükanyň gapdalynda onuň diwaryny kölegeläp iki sany goja kişi özara gürleşip otyrdy, boýurganyşyp seretseler-de, barybir, olaram birbada Balkany tanamadylar.

Harby geýimden, gaýykdan düşüp gelýän aýalyň geýnişinden çen alşyp, olary bu ada haýsydyr bir işe ugradylan rus maşgalasydyr öýtdüler.

Gapdaldan geçip barýarka Balkan aýak çekip, ellerindäki ýüklerini ýerde goýup, özüni tanaman duran tanyş gojalara salam berdi:

— Tagan däde, salawmaleýkim! Tuwak daýy, salawmaleýkim!

Häliden görüp, rus adamsydyr öýdüp oturan adamlarynyň tanap, öz atlaryny tutmagy gojalary ilki birbada geň galdyran hem bolsa, soňra üşerilişip içgin seredişensoňlar, olar hem Balkany tanadylar:

— Ahow, bu biziň orus hasaplap oturanymyz Otaganyň ogly ýaly-la!

Gojalar Balkanyň ýanyndaky aýaldyr çagany geňrägem görseler, ýerli-ýerden gelşip: «Gözüň aýdyň-da, gözüň aýdyň!» bolşup, begenişip onuň bilen görüşdiler.

— Gelen ýeriň bolupdyr, han ogul, eneň bende: «Uruş gutarsa-da, meniň oglum henizem gelenok» diýip ýördi.

Soňra olaryň ikisi iki ýerden boýurganyşyp duruşlaryna gözleri bilen töwerekden Balkanyň öýüne buşluga ibermäge ýeňil oglan gözlediler. Şolbarmana olaryň nazary ejesiniň yzyna düşüp gapdaldan geçip barýan tyrryk köýneklije gyzjagaza düşdi. Gojalar ony dessine el bulaşyp, ýanlaryna çagyrdylar, soňam oňa:

— Haý, gyzym, bar, Otaga neneňe buşla. Ogly uruşdan gaýdyp gelipdir!

Gyzjagaz özüniň näme etmelidigine düşünensoň, bir zatdan tazygyp gaçyp barýan ýaly bolup, obanyň günorta etegine tarap ylgap gitdi.

Balkan hoşlaşyp, çagalary bilen ýene-de ýoluna gönügensoň, gojalar olaryň yzyndan gözügidijilik bilen seredişip

galdylar.

— Ol heleýem aýalymykan? — diýip, eli hasaly, uzyn, arryk goja, gazakýüz, gözi bitdik, maňlaýy gasyn-gasyn bolup, gözlerini süzgekledýän ýoldaşyna seredip, seljerijilik bilen dillendi.

— Şeýledir! Ýogsam, ýeten heleý, beýdip, seniň yzyňa düşýämi?

— Ol, oglanjygam şularyňkymyka, naşyja zat eken özün-ä...

— Heleýiniň syrtynda-dama kiçi geýimi ýok ýaly-la onuň?

— Heý, orus maşgalalary kiçi geýim geýýänmidir, nä, eýsem?

— Onsuz keçede, iliň arasynda nädip oturjakkan? Otagaň öýünde stol-stulam-a ýokdur... Oň ýaly bolsa heleýligem-ä: «Ine, men» diýip, ýalçaýyp görnüp durar.

— Heý, munuň pikir edip ýören zadyny, kişiniň heleýiniň etegini ýapmak, gel-gel, indi saňa galypmy diýsene! — diýip, eli hasaly goja ýoldaşyny ýaňsylap igençli hüňürdedi.

Şol arada ýyrtyk donundan ýalaňaç egni görnüp duran goja, bir eli bilen şol ýerini görkezmejek ýaly bolup, ebşitläp tutup durşuna Balkan bilen bagly ýene bir eşiden gürrüňini ýada saldy.

— Eý-ho, gör, bu bolýan zatlary! Otaganyň ol ogluna şirwanlylaryňam-a bir gyzy, gudaçylyga geleni gaýtardyp, göwün besläp garaşyb-a oturan bolmaly.

— Şeýle diýen gürrüň meniňem-ä bir gulagyma ilipdi...

— Ol gyz şol gün maňa-da duşdy. Ýalpyldap, ýazgynlanyp ýetilipdir birkemsiz. Oňa Otaganyň ogly ýaly bir dadran ýigit gerek.

— «Deşikli daş ýerde ýatmaz: oglan oýnap, çöp ötir» diýlenidir. O-da birine barar.

— Onyňam-a dogry — diýip, gazakýüz goja hem öz

gürrüňdeşi bilen ylalaşdy.

Gojalar gijräk salkyn aransoň, Otaganyň öýüne gözaýdyňa gitmegi maslahatlaşyp hoşlaşdylar.

Şundan soň häliden bäri gapdalda gojalaryň hezil gürrüňini diňläp, özi gürrüňe goşulman duran garynlak dükançy hem geçip barýan atly görüp üýrmäge çykan ite meňzäp, ýene-de öwrülip yzyna girdi.

Şol gezek Balkan dagynyň gökden düşen ýaly bolup duýdansyz gelen gününiň ertesi, onuň ejesidir aýaly obanyň esasy gürrüň merkezine öwrülipdi. Oba aýallary indi oturan-turan ýerlerinde üýşüp-üýşüp gepden gep ýasaşyp, azdanköp ýasaşyp gürrüňler etdiler. Birisi:

— Heý-waý, doganlar, eşitdiňizmi, ol Otaganyň oglunyň yzyna tirkäp getiren heleýi, orus bolup orusam-a dälmişin...

— Onda kimmişin, ermeni-sermenädem-ä meňzemeýär ol?

— Hut agynja nemisiň özümiş-dä, gyz!

— Aý, goýa, nädaýdyň-a, Bibi nenesi, muny?

— Gördüň-ä özüň, gözaýdyňa baranymyzda, onuň towşan ýaly geň galyp, bakraýylyp, gaýyn kim-gabat kim bilmän oturyşyny?

— Hawa-la, gyz, häläm başyna-ha biri, mojap oturmaz ýaly ýaglyk atypdyr.

— Çagajyg-a gowuja gördüm.

— Hawa-la, gyz, bir mosalyja zat-laý özem, her gelen bir eline alyp görýär.

— Otaga-da begenipdir, ýüzüne nur çaýyp otyr. Eýýäm: «Göz degmesin!» diýip, agtyjagynyň goluna alaja hem dakypdyr.

— Öň gelim-gidimli öýüň çagasy bolup, terbiýe gören heleý-dä. Gadym babasy Kyýat han ýaly bolup, hemme zadyň aňyrsyny görüp otyr ahyryn ol heleýem.

— Weý, hawa, gyz, öňem ýat illeriň gyzlaryna öýlenmek bu tohuma kesel-ä aslynda. Bularyň Peterburgda orsa öýlenenlerini, Gazanda tatara öýlenenlerini-- haýsy birini aýtjak aslynda?!

— Ol Täçmämmet ýegeniň batalýona gidende getiren heleýi ýaly, bu-da bir aýdan-ýarym ýyldan «Ýaşasym gelenok» diýip, syrtyny çalyp gidibermese-hä.

— Aý, ondan-a sen arkaýyn bolaý! Otagaň ogludyr ol. Onuň eline bir heleý bolup düşeniň soňra aňsat yzyny ýatlamaga eli degmez. Işi dogurmak-da-ýugurmak bolar.

— Dogry, «Deryaň gowy ýerine balyk ymsynar, ýigidiň gowusyna—hatyn» diýlenidir.

— A, gyz, onsoň, ol, dogrudanam, nemismişinmi?..

— Hawa!

— Şu biziň ýurduň telim ýyl duşmany bolan nemislerindenmikän?

— «Hawa!?» diýdim-ä. Jaý ýerinden eşidemsoň aýdýan. Balkanyň gelnejesi goňşy aýallarynyň biriniň ýanynda: «Biz-ä şol uruşly kinodaky ýaly elimizi göterip: «Haýl, Gitler!» diýäýmesek, munuň diline hem düşünmeris» diýenmişin.

— Beýle zadam boljak eken-ä?!

— Gördüň-ä özüň.

— Aý, näme, hawa-da, biz-ä, aslynda, bu dünýä düşünmelem däldiris-dä.

— Bir görseň-ä, bular biri-birleri bilen gyr-da-pyçak bolşup urşup ýörler, bir görseňem, är-heleý bolşup, süýjeşip, birbirleri bilen bal bilen ýag bolşup gatyşyp-garyşyp ýörler.

— Onda bular şol köne zamanyň alamançylary ýaly, nemisiň ýurduny alyp, soňundanam ony oljalap paýlaşanlar bolmaly.

— Mümkin, hol Gyýanlydan biri geçen ýyl uruşdan geldi. Şolam iki halta konserwa gabyny alyp geläýipdir,

soňundanam ony obadaşlaryna kürüşge edip paýlapdyr.

— Onda Otagaň oglunyň oljasy has oňupdyr-da. Oňa myňňyldap duran mele gelin ýetipdir...

Üzlem-seplem bolup, nemes gelinli gürrüňler soňam ada obasynda köp aýlanypdy, emma yhlasy hasyl bolup, dilegi ýerine düşen Otaga töwerekdäki geňirgenmeleri, gep-gürrüňleri asla hasaba-da almaýardy.

Birkyýama ogly Balkanyň çagalygyny ýatladyp duran agtyjagyny söýüp, oňa guwanyp, doýup bilenokdy, şeýle bagty öz gujagyna bereni üçin ol gelnindenem ömürbaky minnetdardy. Onsoňam adam bagtly bolanda, ol hemişe gep-gürrüňden has ýokarda bolýar. Özüne gerekmejek sözden ýapyşyp galjak bolup, jan çekip, azara-da galyp ýörmeýär...

...Goja aňyrdan gaýygyny gitdinine goýberip, galgap özüniň uruşdan gaýdyp gelşi barada oý-pikirleri bilen ümürläp gelşine gijöýläniň öňüsyrasy öz obalaryna ýetip geldi. Kenary alkymlap geliberende, ol tarapdan gelýän birnäçe balykçy gaýyklary waz-da-waz bolşup, suw syçradyşyp, onuň gapdalyndan geçdiler, olaryň arasynda oba ýakynlap gelýän ýat gaýygy görüp, onuň üstünde oturan gojany tanajak bolup, oňa yzlaryna gaňrylyşyp, içgin-içgin seredişenler-de bolupdy, ýöne olaryň hiç biri-de bir wagt oblarynyň gözünden uçan gojany ýüzugra tanap bilmändiler.

Gapdalyndan geçip, deňziň jümmüşine tarap giden ýigitleri görüp, goja öz kenarýakasynda ýaşaýan obadaşlarynyň guş awlamak, balyk tutmak bilen bagly, özüne tanyş bolan güzeran-aladalaryny ýatlady. Içinden: «Ýigitler agşam gurawnyň toruny irgözünden atmagy niýet edinipdirler-ow» diýip oýlandy.

Bu pursat oba adamlarynyň öz awlarynyň ganly bolmagyna göwün çaglaşyp deňze çykýan mahalydy.

Goja aňyrdan münüp gelen gaýygyny kenardaky ozaldan duran balykçy gaýyklarynyň arasynda iltänsoň, gyzyklanyp,

hol beýleden gelýärkä ünsüne düşen, obanyň süňňünde peýda bolan özgerişliklere täzeden üns berdi.

Deňiz üstünden her gün öýländen soň bir ýerlerden tapylýan sergin agşam şemaly öwüsýärdi. Bu şol tomus günlerinde uzaklygün dünýäni ot goýberilen tamdyra öwrüp gyzan Günüň aşagynda yssynyň ezýetini çekip gezen adamlaryň arzuw edip ýetýän arzyly pursatydy. Her gezek şeýdip agşam şemaly öwsüp ugransoň, adamlar mäjum eden yssynyň elinden sypyp, özlerini jana parym seleň serginlige hemişelik ýeten ýaly duýýardylar.

Obada binýady betondan göterilen, öň görülmedik, iki gatly, seleňleşip oturan kaşaň ýaşaýyş jaýlarynyň birnäçesi peýda bolupdyr. Goja bulary görüp, uzur-arzuwy hasyl bolan ýaly ýürekden begendi. Sebäbi ol esger bolup uruş ýollaryny geçip ýörkän şeýle ýaşaýyş üçin salnan gelşikliden amatly jaýlary köp görüpdi, öz ildeşleriniňem şeýlekin öýleri gurup, beg bolup ýaşamaklaryny arzuw edipdi.

Berta hem ony hut şeýle depesi gyzyl çerepisa bilen örtülen iki gatly jaýlaryň biriniň öňünde garşylaýardy. Ol: «Gör, zaluwat ýigitlerimiziň jaýlaryny zynat berip ediberişlerini! Özem muny türkmen ýigitleriniň öz elleri bilen gurandyrlar, hemişe beýle işler orus ýa-da kawkaz ussasy bolmasa bitmäýjek ýalydy...» diýip, jaýlary synlap guwançly oýlandy.

Ozalam ada obasy öz görküni, bir asyr dowamynda ýatda galar ýaly edip, iki gezek dagy üýtgedipdi. Asyryň başynda adanyň ýaşaýjylary depesi keçe basyrylgy türkmen gurnama öýlerinde ýaşaýardylar. Beýle öýlerde ýaşamak deňiz joşup, äpet tolkun bolup üstüne sürnen mahaly, ony çözüp, başga howpsuzrak bir ýerde dikäýmek üçin amatly bolýardy. Ors gelensoň, obada agaç aýakly, götinläp suwa girip barýan leňňeç pisint, şemala hellewleşip oturan, eňterlip gelen tolkunlary aýaklarynyň arasynda birsalym çolaşdyryp, soňundanam ýene-

de yzyna ugradyp oturan agaç jaýlar row bolupdylar. Öňler obada deňiz häsiýetini hasaba alman gurlan bary-ýogy ýeke-je jaý bardy. Ony orslar bu ýerde haçan-da bu adany Krasnowodskiden ozal, öz gämileri üçin duralga edinen döwürlerinde gurupdylar.

Soňra adada syrtlaryny ýere direşip oturan jaýlaryň gurulmagyna hem hut şol bişen kerpiçden gunt düşen ýaly juda pugta edilip gurlan, köp ýyllap adada ýeke-täk jaý bolup oturanam, oba gelnende kabul edip alýan, gidilende ugradyp goýberýänem, balykçylar kolhozynyň ürç edip gelip-gidip duran ýerem şol jaý bolupdy.

Dükan jaýlarynyň gapdalyndan geçip barýarka, goja biygtyýar aýak çekdi. Suw ol ýyllardakydan has mesän borly, ol ozal beýik ýer hökmünde gurlan dükanyň alkymyna dykylyp barypdy. Irginsiz tolkunlar gollaryny häli-şindi dolap-dolap, onuň aşagyndaky topragyň eslisini öz aşagyna çekip alana meňzeýär. Jaý mese-mälim gyşaryp, bir gapdala eňňit atypdyr, ýeňsesinden sähel itilen wagty ol omman atyp, düňderilip gidiberjege meňzeýär.

Çolalyk. Häzir bu ýerde dükanam ýok, gämi duralgasyda. Daş jaýyň möwriti geçip, bazar-dükanynyň sowlanlygy mese-mälim görnüp dur.

Daş dükan gojanyň ýadynda bolşy ýaly, birçaklar onuň gapdalynda, ýigit çykyp ýören günleriniň birinde owsunyp duran hyjuwly ulugyz bolup ýetişen Ummandyr hem hemişe onuň bilen iki deňemik, iki jora bolşup tirkeşip gezýän ala gözli, şol günler özüne has yhlas bilen timar berýän tyňkyja, ýepelejik gyz hem onuň ýadyndady. Ýogsam, indi ondan bäri köp ýyllar tirkeşip geçipdiler.

Ýöne bu ýürek özi bilen bagly belli-belli zatlary welin tä ol özüniň urmasyny goýýança unutmaýan bolarly. Ýadyndaky pursatlar ýene bir gezek onuň göz öňünden gelip geçdi. Goja

gyzlaryň özüni görüp, biraz tolgunyşyp, keýerjekleşip, saljaýşyp, kakdyryp gep aýlaşyp, aýaklarynyň üstünde iki gapdallaryna sähelçe yraň atyşyp, tolkun bolup duruşlaryny, saçlaryny oýnaşyp, öz gyz mynasybetlerini buýsanç bilen nygtaýyşlaryny, gözleri bilen: «Biz-ä, ine, şeýdip ýetişdik, oglan, eger göwnüň bolsa-ha...» diýip seredişlerini gördi.

Bu duşuşygy ýatlan wagty hemişe gojanyň kalbyny, bir ajaýyp saz diňleýän ýaly, ýakymly duýgular eýeleýärdi...

Ol goja Şirwan oba sowetiň ozalky töweregindäki jaý-laryň hemmesinden saýlanyp, segräp depä çykan ýaly be-ýikde oturan jaýyny zordan tanady. Töwereginde belent, kaşaň jaýlaryň birnäçesi peýda bolansoň, häzir ol, birhili, täze, kaşaň jaýlaryň deňeşdirmesinde egninden basylan ýaly bolaýypdyr. Hemişe Şirwan gapdalyndaky galyň, bol tag-tadan edilen, üsti kölegeli tapçanyň üstüne keçe düşedip, şol ýerden oba synçy bolup çaý içerdi.

Goja öýe golaýlansoň, töweregine gözläp, özüniň habaryny alara adam tapmansoň, tanyş gapynyň has golaýyna bardy. Jaýyň içinde telewizoryň göçgünli sesi waň berýärdi. Ol gygyrany bilen, ardynany bilen bu telewizoryň sesiniň jaý-lary eýeläp oturan mahalynda öz habaryny alaýjak adamyň bolmajagyny pikir edensoň, öňündäki gapyny yzly-yzyna iki gezek dükge-dükge kakdy. Diňe şondan soň öňdäki gapy şarka açylyp, ol ýerde bir on üç-on dört ýaşly başy açyk gyzyň geriljiräp duran ýarym göwresi peýda boldy. Gojanyň habaryny hem şol aldy:

— Siz kimiň öýüni gözleýäňiz, baba? — Gyzjagazyň nätanyş myhmany öz öýlerine däl-de, başga bir ýere gelip, azaşyp, barjak ýerini tapman ýören adam hasaplany belli boldy. Goja welin gyzjagazy göreninden, onuň keşmeriniň şirwanlara meňzeýänligini öz ýanyndan belläpdi.

— Siziň öýüňize, gyzym! Şirwan oba sowet öýdemi?—

Gyzjagaz myhmanyň başga ýere däl-de, hut öz öýlerine gelenini anyklansoň ol: «Häzir!» diýdi-de, ýene-de gapyny şarka ýapyp içerik sümüldi.

Tizden içerden gyzjagazyň sesi telewizoryň sesine garylyp eşidildi:

— Ata, daşarda bir ýat adam-a bar, ol seni soraýar...

Içerden uly adamyň nägile sesi eşidildi:

— Peseldiň şol telewizory, gep-söz alyşdyranok.

Soňra onuň gyza käýinýän sesi eşidildi:

— Haý, saçy kesilen, geçiň öň aýagy ýaly bolup çykdyň, geleniň habaryny almak indi saňa galdymy? Baryň, myhman bolsa, gapyda saklamaň, çagyryň ony öýe.

Soňundanam ol sesiň özi lagyrdap, barha gapa golaýlady, tizdenem Şirwanyň daýaw göwresi gapynyň öňünde peýda boldy.

Şirwan hem myhmany öýe çagyryp, aýak üstünde onuň bilen birki agyz saglyk-amanlyk soraşyn-da bolsa, birbada gelen myhmany tanap bilmedi. Garyndaş-gatnaşyklar gezegini öz çagalaryna berenleri bäri olar duşuşmandylar. Şirwan «Gel!» diýip, öňräk habar edende gelmedik giýewiň beýdip sömeňňe, gökden düşen ýaly bolup duýdansyz gelip gapymy açar diýip, asla pikir etmändi.

Ol ilki şol çagyryp habar eden günleri gelmäni üçin, ondan biraz öýke eden hem bolsa soň: «Aý-how, o-da indi biziň yzymyzy basyp baran goja ahyryn, tursa oturmasy, oturs turmasy gaýgydyr. Göwün bar-da gaýrat ýok menziline ýetenkirländir-ä» diýip oýlanyp, bu günler kem-kemden ondan eden öňki öýke-kinesindenem öz ýanyndan ýazylyp ýördi.

Şirwan ony ilki goňşy obalardan saý-sebäp bilen düşen, öz ýatdan çykyşan tanyş-bilişleriniň biridir öýtdi. «Aý, belki, sorajak-goýjak zady bardyr?» diýip oýlandy. Myhmany hor-

mat bilen myhman otagyna çagyrdy. Goja hem şundan soň tanyşlyk beräýmese, Şirwanyň özüni tanap bilmänligini duýdy. Soňra ol: «Oba sowet aga, onsoň, içiň-daşyň, daýyçalar-daýzalar bilen sag-gurgun oturanmysyňyz? Özüň garrylyk bilen nädýäň?» diýip, içginsiräp hal-ahwal soraşyp ugrady. Şundan soň Şirwan öz myhmanyny ýüzugra, onuň tanyş gep uruş äheňinden derrew tanady. Begenip, birden tolgundy. Soňundanam: «Eý-how! «Kimkän?!» diýsem, bu, asyl, öz giýewimiz, Tumar ýegen dagyň dädesi bolsa näme?!» diýip, töwerekdäkiler hem eşitsin diýip buşlaýan ýaly göçgünli seslendi. Gojany gelip çöken ýerinden turzup, onuň bilen täzeden ýakynlarça gujaklaşyp, gadyrly görüşdi.

Garry atalarynyň şatlykly habaryndan soň, Şirwanlaryň ulusy-kiçisi—ähli öýde bary, öýlerinde hemişe guwanylyp, bagtly maşgala hökmünde süýjüdilip, köp gürrüňi edilýän garyndaş maşgalanyň atasy hökmünde gelip, onuň bilen gadyrly salamlaşdylar, öý bikesi aýal öz gelnidir uly gyzy bilen gelip, onuň aýalynyň, gyzlarydyr gelniniň, olaryň çagalarynyň hal-ýagdaýlaryny içgin soraşdylar. Soňra bolsa gyssanyşyp, öz gelmegi bilen tutuş maşgalany begendiren myhmana mynasyp hezzet-hormat etmek üçin agzybirlik bilen, ýerli-ýerden öz okara-çemçeleriniň daşyna geçdiler.

Şirwan kempiri ýogalany bäri, özüniň ýanynda galan keselbendräk uly oglunyň maşgalasynda ýaşaýardy. Indi onuň ogly hem birki ýyllykda altmyş ýaşap, pensiýä çykyp, gojalaryň hasabyna goşulyp ýören adamdy.

Şirwanyň özünden garry görünýän hyk-çok bilenräk gezip ýören ogluna nebsi agyrardy hem öz ýanyndan onuň özüne däl-de, alyp ejesine çekeni üçin tiz garranlygyny pikir ederdi. Käte bolsa: «Muny özüm barkam gojalyk bilen öwrenişdirmek üçin pensiýä ir çykardym, ýogsam, işlese bi entekler işläbem ýörmelidi» diýip, öz aladasynyň üstüni

degişme bilen örterdi. Emma Şirwanyň agtyklary özi ýaly süňkbaşy iri, syçraşyp duran, göze gelüwli, zähmetsöýer adamlar bolup ýetişipdiler. Şirwan olara içinden şükür edip, guwanyp buýsançly ýaşaýardy.

Gojanyň getirilen otagy adaty jaýlardan has giň edilip, toý-märekede bir bölek adamyň sygmagy niýetlenip gurlan myhmanjaýdy. Goja bu jaýda mundan öňem az bolmandy, ol obada ilki gurlan, uludan gelen giňiş jaýlaryň biridi. Şirwan, umumanam, giň oturmagy gowy görerdi. Indi diwaryň çep tarapynda adamboýy ýaly bolup, ýarpy göwresini diwaryň aňyrsynda galdyryp, gara gelniň somlanan buduna meňzeş, jaýy omuzlap duran golland peji ýokdy, oňa derek öýüň içinde häzirki döwürde has amatly hasap edilýän, suw, bilen ýyladylýan ýyladyş ulgamynyň ak reňk çalnan zowwam turbalary peýda bolupdyr.

Jaýyň ozalky töri bolan diwar ol hem indi aradan aýrylyp, uly jaý ondan aňyrdaky çaklaňja jaýy hem özüne birikdirip alypdyr. Sag diwara gerlen owadan, gara ýomut halysynyň ýüzünden üç sany tanyş ýüz surata öwrülip, içerini synlap otyr.

Olaryň sag tarapyndakysy Şirwanyň özi bilen altmyş ýyla golaý döwran süren, öýüň baş enesiniň oral heleý döwürlerindäki suratydy, ortada öýüň on alty ýaşynda ajala elinden aldyran ýigdekçe oglunyň güler ýüzli suraty bardy. Üçünji-- biraz könelişen, ýüz keşmeri Şirwanyň özüne çalym berip duran, onuň 1938-nji ýylda harby gulluga alnyp gidilen, dereksiz yzy ýiten, henizlerem ýakynlaryna arman çekdirýän inisiniň suratydy. Hemişe halynyň ýüzünde bir şol ýigidiň suraty bolardy.

Goja Şirwan bilen çaýlaşyp, ýadawlygynyň badyny alyp çygjaryp, sähelçe açylan ak gapydan gelýän hoşboý tagamly nahar ysyny alyp oturşyna, nahar ysyna berildigiçe özüniň

şonça-da ajygýanyny duýup, ondan ünsüni sowmak üçin pikirini azaşdyrmaga çalyşdy. Olar iki goja bolup galansoňlar öýüň içi hem, birhili, çolaran we tukatlanan ýaly bolupdy.

Goja jaýyň içine lagambir düşelen el halylaryna ýaňy gelende üns beripdi. Häzir ol giňişlikde olarda ünsüni jemlän wagty, ol halylaryň her ýazda ýeri örtýän gyzyl güllere meňzeşligini, özleriniňem häzir şol gyzyl gülleriň içinde oturandyklaryny pikir edip, Şirwanyň maşgalasynyň örän ajaýyp türkmen halylaryny dokap bilýändiklerini öz ýanyndan guwanç bilen belledi. Şeýle nepis zatlary ýokdan bar edip bilýän hünärli gyz-gelinleriň arasynda öz gyzlarydyr agtyk gyzlaryň hem ýoklugyny ýatlap bolsa kemsindi.

Myhman üçin ýörite bişirilen gyzyl balykly süzme palaw orta äberilen mahaly öýe tolkun atyp, ýakymly ysy ýaýrady. Şirwani özlerine ýoldaş edinmek üçin: «Hany, bu gelibermedi-le?» diýip, gapa seredip telim ýatlan agtygy hem bu mahala çenli eýýäm gelip ýetipdi, häzir ol ýap-ýaňy öz çekýän gije garawullygyna gidýänini aýdyp hoşlaşyp giden kakasynyň ornuny eýeläpdi. Ýigit ýaşulular ýerli-ýerden gollaryny çermäp, palawy el bilen iýeniňde onuň has datly bolýanlygyny ýatlaşyp oturan wagtlary bir zat diýjegini ýüzünden mälim edip, gojalara seredip ýylgyrdy, soňundanam rugsat soraýan äheňde, degişmä salyp dillendi:

— Ýoldaş komsomollar, eger oňlasaňyz, mende bir teklip bar!

— Gaty gowy bolsa, teklibiň oňlanaýmagam mümkin! — diýip, Şirwan agtygynyň gepsaluwyndan onuň näme diýjek bolýanyny sähelçe aňyp, ýüzugra ony goldap goýberdi.

— Şeýle gowy naharda, şeýle gowy duşuşykda, şeýle gowy aragyň bolup, onam içmeseň, külli günä dälmidir eýsem? — diýip, ol gepläp oturşyna öz ýeňsesindäki üsti telewizorly şkafjykdan iki çüýşe aragyň bir eli bilen bokur-

dagyndan tutup çykaryp oturşyna aýtdy. Soňundanam: «Muny özüm Astrahandan getirdim. Orsuň öz eli bilen ýasan aragy, garşy bolmasaňyz, şundan üç dost bolup biraz içeliň!»

Şirwanyň aragyny goýanyna indi ýedi-sekiz ýyl geçipdi, özi-de şundan soň asla ony aýlanyp, agzyna hem almakçy däldi. Ýöne bu ýerde onuň köpden bäri duşuşmagy arzuw edip ýören, «Gel!» diýende hem getirip bilmedik adamy gelip otyrdy. Galyberse-de, bu onuň öňden arzuw edip ýören, garaşan pursatydy. Balkanyň beýdip öz aýagy bilen gelmegi bolsa häzir Şirwanyň gökdäki dilegininiň ýerde gowuşdygy bolupdy. Onuň Balkana köpden bäri aýdaýyn-aýdaýyn diýip, çemeleşip, ýöne hiç atymyna getirip bilmän ýören, aýdaýmasy ýeňil bolmadyk bir gürrüňi hem bardy.

Muňa garga ýaly wehimli Şirwan tiz düşündi hem agtygynyň içgi bilen bagly, ilkibada biraz ýerliksizräk ýalam bolup görnen pikirini göwünjeň goldady:

— Hä-ä, orus ýasany diýsene... Eýle bolsa, ine, daýyňyzam gelipdir, içäýmeli bor-da onda.

Gojalar bir-birleriniň garşysynda, orta ýazylan saçagy aralap, özleri üçin ýörite ýazylan körpeçe düşegiň üstünde ýerleşipdiler hem häzir olar barha saçaga dykylyşyp, büküdişip, öteni-geçeni ýatlaşyp, gürleşip otyrdylar.

Şirwanyň agtygy Baky wagtal-wagtal öňündäki açyk çüýşeden gojalaryň egsilen bulgurlarynyň üstüni ýetirip, olara palawyň gapdaly bilen saçaga äberilen gaýnadylan towuk etinden, gowrulan balykdan mürehet edip, ýaşulularyň gürrüňine goşulman diýen ýaly ýylgyryp, hyzmatda bolup otyrdy.

Mahal-mahal ortada şakäsäniň depesinde çogup duran balyk işbilinden pyçagyň ýeňsesi bilen alyp, ony ýumşak çöregiň ýüzüne ýazyp, gapdaldan gojalaryň öňüne gadyr bilen süýşürýärdi: «Hany, şundanam bir iýip görüň, tagamy şol öňkümikän?» diýip, oturylyşygy özüçe höwesli golda-

ýardy. Aňyrdan gelip-gidip, gerek-ýarak zatlary äkidip, getirip duran on-on iki ýaşly oglanjyga hem gerek bolanda, gojalaryň hezzet-hormaty bilen bagly ýumuşlary buýruşdyrýardy.

Gojalar gijäniň gaýry bir mahalyna çenli gürleşip-ýatlaşyp, ýazylyşyp otyrdylar, gep bolsa enteklerem kändi, söz-söze köken salyp uzalyp barýardy. Ýöne ýatar wagty hem bireýýäm bolupdy, indi ýatmalydy, gözler ümezläp, ýumlup-ýumlubam gidýärdi. Ýumşa ýarap ýören oglanjygyňam uklap galany belli boldy, olam soňra görünmedi.

Baky goňşy otaga geçip, ol ýerden ýorgan-düşekleri gujaklap-gujaklap getirensoň, gojalaryň ýatjak ýerlerini ýekeme-ýeke üstüne ak örtük çekip taýynlap berdi. Soňundanam ol gojalaryň gürrüňleriniň entek-entekler gutarmajagyny, onuň düşege geçilenden soňam dowam etjegini göz öňünde tutup, saçagyň üstündäki, häzir birhowa gerek bolmaz diýen zatlaryny toplap, aşhana äkitmelisini äkidip, sowadyja salmalylaryny sowadyja salyşdyryp, kiçeldilen saçagy ýene-de amatly edip, gojalaryň elýeterinde täzeden ýazdy. Gije-girim gojalara gerek bolaýjak çaýdyr käseleri, suwlardyr stakanlary hem onuň üstünde jemledi.

Baky öz otagyna ýatmaga gitjek mahaly, mundan biraz öň bolan düwlenli gürrüňi myhman gojanyň ukyny arkaýyn almagy üçin, ony arkaýyn ediji äheňde ýene-de bir gezek ýatlady:

— Daýy, siz arkaýyn dynç alyň, hany, sag-aman ertire bir çykaýlyň, bibimize derman boljak bolsa, düwlenler Eýran aşanam bolsa, ony tapyp alarys. Oglanlara hem habar etdim, ertir säher bilen biz deňze dolarys. Gerek bolsa, til edip, goňşy obalaryň adamlarynam aýak üstüne götermiýäsmi?! — diýdi.

Ol çykyp gidensoň, gojalar hem kellelerine endikleri görä ýaglyk oraşyp, artykmaç üstki geýim-gejimleri çykarynyp, ýeňleşip, ýatmak üçin çyrany öçürip düşeklerine geçdiler.

Diwardaky al öwsüp duran haly şundan soň inedördül edilip, giňden gerlen birsydyrgyn gara keçä meňzedi. Bir ýerlerden haýsydyr bir adanyň gapdalyndan geçip barýan uly gäminiň basyksy, ýogyn sesi sogup eşidildi.

Gijäniň bir mahaly ara düşen ep-esli dymyşmadan soň, Şirwan: «Giýew, ukyň gaty tutýarmy?» diýip, soranjaňlyk bilen söze başlan mahaly, onuň sesi adatdakysyndan biraz aladady eşidildi:

— Indi wagtam bir çene-de baranam ýaly-la... — diýip, eýýäm uka berlip, ymyzganyp ugran goja Balkan öz etjek gürrüňini häzir edilmän, ertire goýlanyny kem görmeýändigini özüniň uka garyp beren jogabynda mälim etdi.

— Şeýledir özün-ä... — diýen wagty Şirwanyň sesi, birhili göwünsiz hem biraz hesretli eşidildi. Onuň öz aýtmakçy bolan gürrüňini ertire goýup durman, dek häzir aýdanyny kem görmeýändigi belli boldy. Balkan hem gürrüňdeşiniň gep-saluwyndan onuň häzir özüni diňledip bilmese, bady alnyp, göwni galan ýaly boljagyna düşündi. Ýogsam, ol eýýäm özi üçin düşelen düşegiň üstüne geçip, üstki geýimlerini aýryp, ýeňläp, her çykaran geýimini, soňra daş-iç çykmaly bolanda alaýar ýaly elýeterinde belläp-belläp goýup gyşarypdy.

Goja Balkan habarsyzdy, ýöne Şirwan welin hut şu pursada diýseň köp garaşypdy. Hatda ol: «Balkan giýew bir gelip gitsin!» diýip, birki ýyllykda oňa agtygyndan ýörite habar hem ýollapdy. Ýöne şol wagt: «Bir amaty bilen bararyn» diýen hem bolsa, Balkan wagty bilen gara bermändi. Ol ilk-ä Şirwandan çakylyk alan mahaly onuň ýene-de kellesine bir pikir gelendigini şoňa-da ýene özüni şärik etmek üçin ýanyna çagyrýanlygyny pikir edipdi hem oňa öz ýanyndan gaýybana igenipdi. «Saňa işini tükeden goja diýerler, indi oňa-muňa hat ýazyp başyny agyrdaýmasaň, başga-da bir eliňden bolsa gelýän zat-da ýokdur seniň!»

diýip, onuň dört-bäş ýyllykda öz ada-obalaryny taryhy ähmiýetli ýerleriň hasabyna goşdurmak üçin, ruslaryň Türkmenistana gelende ilkinji guran gämi duralgasy bolanlygyny ýatladyp, obany gelim-gidimli ýere öwürmek üçin, Aşgabadyny goýman, Moskwasyny goýman hat ýazanlygyny ýatlapdy.

Şonda ol: «Giýew kişi, sen bir urşa gatnaşan adam hemem bolsa öz obamyzyňam adamsy, siz — urşa gatnaşanlaryň sözi geçginli häzir ýurtda» diýip, Balkan goja hem öz ýazan hatlarynyň aşagyna goluny goýdurypdy.

Onsoňam şol günler Umman mamanyň derdi-dermany bilen bagly aladaly, selhä-selli ünjüli-ümürli günler başlanypdy. Eger şu düwlen bilen bagly aladasy ýüze çykmadyk bolanlygynda, Balkan entek-enteklerem öz obalaryna gelerli däldi.

Balkan gojanyň bu habarsyz-hatyrsyz, gökden düşen ýaly bolup duýdansyz gelmegi Şirwanyň, dogrudanam, gökdäki dileginiň Ýerde gowuşmagy bolupdy. Şundan gowy pursadyň indi gaýdyp aňsat bolmajagyny bilýänligi üçinem, onuň arsyz wagtdan bäri kalbynyň üstünde sowuk gara daş bolup, ünji-syra öwrülip ýatan gürrüňini häzir aýdasy gelýärdi. Bu bir dogry gelen pursat bolupdy.

— Balkan, meniň saňa ýörite aýtmaly, ýeneki gürrüňim hem bardyr onsoň... Biz bir bişen aş, Ezraýyl indi haçan gelip: «Ýör!» diýse gidibermeli... Özüňem wagty bilen gelibermäňsoň, men: «Bä, men indi şeýdip, içimi döküp bilmän — etmişimi gabryma özüm bilen äkitmeli bormykam?» diýip ünji çekip ýördüm... Hata ýazyp goýmanam bir pikir etdim. Gelmese, ölemsoň okar, biler diýip... Öz aýagyň bilen gelipsiň, indi sen meni diňlemeli bolarsyň, giýew kişi — diýip, ikilenç öz ozalky pikirlerine dolanyp gelen mahaly Şirwanyň gyryljyk-gatraw sesi indi has aýgytly hem janagyryly eşidildi.

Haýsydyr bir öz ýanyndan adaty gürrüňe garaşan Balkan goja: «Şirwan aga, aýdyber näme gürrüňiň bolsa» diýen mahaly hem ol: «Gürrüň mahaly uklap galaýmasam ýagşydyr» diýip pikir edýärdi.

Şirwanyň tutumyndan onuň aýtmakçy bolýan gürrüňiniň hele-bärde gutarmajagy belli bolupdy. Balkan goja şundan soň düşeginiň ileri başynda kellesini goýmak üçin jüpläp goýan ýassyklaryny ýanyna çekip tirsekledi.

Gürrüňdeşiniň özüni diňlemäge taýyndygyna göz ýetirensoň, Şirwan adaty öz gep saluwyna mahsus bolmadyk, hamala öz ikiçäk gürrüňlerini töweregiň eşitmegini isleme ýäne meňzäp, pessaý ses bilen gürrüňe başlady. Tizden adaty bolmadyk syr ýumagynyň duýdansyz çözlenip ugranlygy belli boldy.

* * *

Umman Balkan bilen arada duşuşanda göz bilen edilen hyrydarlykdan başga hiç hili ähti-peýman ýok hem bolsa, ony özüniňki hasap edip, ol uruşda mahaly kalbyny ezip, özgelerden ogryn onuň ýoluna gözlän gyz bolupdy.

Balkandan her gezek hat gelende, Umman ony oba sowetiň ýanyndaky poçtadan olaryň öýlerine begenip, özi eltip bererdi. Köp halatlarda ol haty Balkanyň ejesine okap berýänem ýene onuň özi bolardy. Urşuň öňüsyrasy häli-şindi çalşyp duran türkmeniň elipbiýi ýene-de üýtgäpdi. Balkanyň ejesi Otaganyň hem ähli öňki hata öwrenişenler ýaly, bu täze haty okaýşynyň ugry ýokdy. Şeýdibem, her gezek bu ýagdaý Ummana özüniň arzuw edip ýören öýünde eglenç etmäge mümkinçilik bererdi.

Otaga hem şol günler onuň yhlasyndan çen tutup içinden: «Hä, sen-ä, gyz, özüň-ä maňa ýöne ýerden-ä ýakynsyraýan

dälsiň, Balkan jan bilen bir gizlinje hatyň-petegiň bar bolsa gerek» diýip, gowy pursatlary ýatlap, kalbyna arzuw çaýyp oýlanýardy. Pikirinde Umman gyzy atlaz-parça dolap, gelin edip törüne geçirip, göwün çaglaýardy. Ýöne bu ýerde aňmaz ýalam hiç zat ýokdy, olar entek bir-birleri bilen birisi alarman, birisi bararman bolup, mylakatlaşmadygam bolsalar, oba eýýäm olary är-heleý hasaplap ýördi. Eger kimdir biri Ummanlara gudaçylyga barjagam bolsa, oňa beýlekisi: «Aý, şolara barmaýsaňyz-la, onuň Otagaň ogly Balkan bilen hat-petegi bar ýaly-la» diýlerdi. Onsuzam Ummanyň ejesi ýelden-ykdan hyrydar bolup, gudaçylyga gelýänleri: «Gyzymyz göwnänok» diýen bahana bilen gaýtaryp otyrdy. Bu ýagdaý-dan obada: «Ha, şu Otaganyň ogly Balkan deýýus, gelşikli matros geýimini geýen bolup, gyzy çolarak bir ýere eltip, onuň bilen «çägä agynaşyp aldylar gerek?.. Onsoň ol nädip başga barsyn?...» diýip, özleriçe many çykarýanlar hem bardy.

Şol günlerde Balkanyň yzyna eli çagaly aýaly düşürip gelmegi Ummana, duýman durka boýnuna ýylan çolanan ýaly, diýseň erbet täsir edipdi. Ol syr bildirmezlige çalyşsa-da, şol günler onuň ýüzi-gözi uzak horluk çekeniňki ýaly garört bolup solupdy.

Onuň şonda-da pikirinde goşulyşyp, duşuşyp bagtly bolup ýören Balkanyny gözüniň gytagy bilenem bolsa-da, diýseň göresi gelipdi, ýöne ony: «Barsam, ýüzümden syrym aňylar, köpüň arasynda uýada galmaly bolaryn...» diýen pikir şol gezek gözaýdyňdan goýupdy. Şirwan şol günler işde öz ýege-niniň owasy dolan ala gözlerini depesine dikip, perişan bolup oturşyny häli-şindi görýärdi. Nebsi agyrýardy. Ünsüni sowup, ony bu gara ümrüň arasyndan alyp çykmak üçin, adaty gündelik ýerine ýetirýän hat-petek işlerindenem başga onuň üstüne ile zaýom ýaýratmak, çaýdepderçä bellik etmek ýaly işleri hem yzly-yzyna buýruşdyrýardy...

Soňra bolsa garaşylmadyk bir ýagdaýda Umman gyzyň Balkana bolan gizlin söýgüsi hakynda hiç zat bilmeýän Berta bilen onuň ysnyşykly dostlugy başlanypdy. Ine, bir görseň, olar tirkeşip dükandan çykyp gelýändirler. Ummanyň gujagynda Balkanyň oguljygydyr, bir görseňem Bertanyň özi oguljygynyň elinden tutup Ummanlara oturmaga geler, olaryň hol beýleden gelýänlerini görüp, öňlerinden ylgap çykyp, oglanjygy gujaklap, ogşap-ogşap alýanam ýene Ummandyr.

Bertany mahal-mahal özi bilen deňze tor atmaga hem Umman gyzyň özi alyp giderdi. Ýöne aýallaryň güzeran üçin hem bolsa, deňze çykyp, tora-tolkuna çolaşyp, balykçylyk edip ýörmegi uruşdan ozal il içinde judabir halanyp barylýan zat hem däldi. Il içinde: «Heleý gämä çyksa, gämi şowsuzlyga uçrar» diýen bireýýämden ynam-taglymata öwrülip giden, parasatly adamlaryň öz nesillerini dowam etdiriji dogar-dözmezi bolan aýal-gyzlaryny deňiz gazabyndan, onuň azabyndan, howp-hataryndan goramak üçin döreden kada-kanuna öwrülen ynamy bardy. Özi-de bu ynamyň üstünden şu döwre çenli aňsat-aňsat ätlenilmezdi.

Ada obasynyň erkek göbeklileriniň uly bölegini, köne döwri gören nesli ýok etmegiň ugruna çykan Stalin: «baý-kulak», «ak patyşa guýrugy» diýip, orup-çapyp ýok edipdi. «Eýran» diýip gaçypdylar. Obanyň galan-gaçan erkek adamlary bilen täze ösdürimlerinem uruş turansoň, ol öz demine sorup alypdy. Güzeran gyz-gelinlerdir sandan galan garry-gurtularyň başyna galypdy.

Gapdalynda deňiz atly tolkun örtükli nygmat saçagy barka kimiň açlykdan ölesi geler? Oba gelin-gyzlary şol ýyllarda deňze belet gojalary öňe salyp, billerini guşap, gämilere atlanypdylar. Şondan bärem gyz-gelinleriň mahal-mahal deňze çykyp, tor çekip, balykdyr tolkun bilen ýakalaşyp ýörmegi ozalkylar ýaly şeýlebir geň görlüp ýörülen zat hem däldi.

Deňze çykan adamlar seýregrägem bolsa, alagöz, daýanykly Ummanyň, egnine söltüräk uzyn türkmen köýnegini geýen Bertanyň bir gaýygyň üstünde balykçylyk edip ýörenlerini görerdiler. Balkanyň ejesi hem ol günler öz gelni bilen Umman gyzyň dostlugyna guwanyp: «Gelnim balykçylykdan habarsyzam bolsa, Umman bilen bile gitse, her gezek bir güzeran itär getiräýýä bi» diýip, guwanyp gürrüň edýärdi.

Balkan ýene-de Krasnowodskide alys saparlara gidip, ýük daşaýan gämileriň birinde işe başlapdy, ol her gidende bir aýdan-ýigrimi günden yzyna dolanyp gelýärdi. Işleýän ýerinden ýaşaýyş jaýyny bermegi söz berenem bolsalar, ýöne entek ol jaýy bermändiler. Şonuň üçinem ol şäherden özüne «taýak gelýänçä-ýumruk» edip, kireýine bir otaglyja, wagtlaýyn düşelgejik edinipdi. Wagtal-wagtal çagalarynam ýanyna getirip, şu ýerde ýaşaýardy. Emma halys enesine göwün beren Elmanyň-da, Bertanyň özüniň-de amanady duýup, bu ýerde uzak bolasy gelmeýärdi. Olar her gezek diýen ýaly Balkany alys sapara ugratdyklary ýene-de oba dolanmak bilen bolardylar. Onsoň ýene-de Elman öýüň hörel ogluna, Berta hem uzyn köýnegini geýip, edaly türkmen gelnine öwrülerdi.

Bertadyr Balkanyň ogulјygy Elman obada uruşdan soň ilkinji peýda bolan, iliň küýsegli gowulygynyň alamaty bolup gelen çaga bolupdy, ony töwerek bolup eý görerdiler, gyz-gelinler gujaklap-ysgap özlerine-de şonuň ýaly mele gulpaklyjany arzuw ederdiler. Garry aýallar: «Otaganyňky ýaly bagty maňa-da eçilesiň, jan Allam!» diýşip, gören ýerlerinde ony ýüzlerine sylardylar.

Bir gezek Şirwan deňiz boýunda iki joranyň Elmany ara alyp, ony hersi öz ýanyna gele-gele edişip, «gujak-gujak» oýnaşyp, hezil edişip ýörenlerini görüpdi. Olaryň dost ana gatnaşygyna öz ýanyndan guwanypdy.

Ol günler ada-obasynyň hakyky gelni bolmagyň külkülüne düşen Bertanyň hem öý bikelerine dahylly ähli edim-gylyklary, görüm-göreldeleri ürç edip öwrenýän günleridi. Otaga ony, ýanynda oturdyp, özüne kömekleşdirip, balyk duzlamany, kakytmany, tüsse berip tagam bermegi, balykdan süýji tagamlar taýýarlamagy öwredýärdi.

Şol gezek Umman gyz Berta duşup: «Öýde iýer ýaly balygymyz gutarypdyr, bolmasa, deňze çykaýsak nädýä?» diýip sala salypdy, ol hem öz öýlerinde-de onuň azalanyny, sapara giden Balkanyňam entek gaýdyp gelibermejegini ýatlap, jorasynyň pikirine göwünjeň goşulypdy. Olar Otaganyň telim gün dümtünip, gözden geçirip, atyma taýýarlan, häzir bolsa düşdüşiň kerebi ýaly edip, diwara gerip goýan toruny ýanlaryna alyp, ugrap gidip barýarkalar onuň alada bilen: «Howadam-a hym baglaýar...» diýenine hem üns bermän, göwün ýüwürdişip deňze çykypdylar.

Deňiz üstünde ownujak tolkunlar bardy hem olar keýpihon balyjaklar ýaly bolşup bökjekleşýärdiler. Eýran tarapdan ösýän sörtük şemalda ýagşyň tanyş ysy bardy.

Umman haçan-da Berta gaýygyň üstünde dik durup, barha garalýan töwerek bilen gyzyklanyp, alysa seredip durka, ýene-de onuň garnynyň ulalyp, togalanyp ugranyna üns berdi, içinden: «Bä, bu heleý obada ýene nemisiň birini artdyrmagyň ugruna çykypdyr-ow...» diýip, halamazlyk bilen gysynyp oýlandy.

Şolbarmana hem birki günlükde jorasy Tuwakbibä duşanda, saglyk-amanlyk soraşan wagty, onuň gülkä garyp aýdan ýaňsyly, janadegiji sözleri onuň ýadyna düşdi:

— A, gyz, Umman, senem indi öz hakyňy nemise aldyraňdan soňam şeýdip, onuň bilen jora bolan bolup, gapdalyndan ymsynjak ýörjekmi, turup başga birine baraýsaň bolmaýamy? Ýogsam, oba seniň Balkanyň nemes heleýi

bilen tirkeşip ýörşüňi görüp: «Umman Balkana ikinji heleý bolup, ol nemis heleýe güni boljakmyş, hä diýmän ol äre çykmanka, size bir bäbejigem dogrup bersin» diýip gürrüň — edýär, gyz diýip, onuň ýüregini çişiripdi.

Umman şonda birden damarynda ot ýörän ýaly bolanyny duýupdy.

Göwreli aýallar hemişe owadan bolýarlar. Bu, belki, olaryň şu pursatda dünýä ikiniň mähri, ikiniň höwesi, ikiniň söýgüsi bilen seredýänligi üçindir?

Ýaňaklaryny ýakal tutan Berta indi hasam owadan bolupdyr. Onuň dünýäden bihabar gözleri häzir, pikirinde göwresindäki tizden dünýä injek çagajygy, ýüregini sogurdyp emdirýäne meňzäp mähirli balkyldaýardy.

Umman Balkan bilen bolan bu ýagdaýyň hemişe, indi öz ýarasyna duz berip durjagyny, bir alajyny etmese, onuň tä ölýänçä-de: «Seniň bagtyň meniň gujagymyň eýesi...» diýip gyjalat berjegini, zorlap özüni bu ýagdaýa kaýyl etjek bolup biderek alada galýanyny, barybir, öz kalbynyň uzagyna bu ýagdaý bilen ylalaşyp bilmejegini ol häzir has hem anyk duýdy. Şowly aw arzuwlap, göwün ýüwürdip, özi bilen bir gaýykda ýüzüp barýan gelin häzir onuň gözüne jellat bolup göründi.

Kemsinmekden, kemsidilmelerden dörän gurşun ýaly agyr, gara keçe ýaly gara pikirler gahar-gazaba öwrülip, barha onuň depelenen kalbyna wehim saldylar. Haçan-da Umman gaýygyň ortasynda düýrlenen toruň üstünde oturan Bertanyň adyny tutup, ony beýlesine öwren mahalynda, Berta kürek urup ýadan Ummanyň: «Gel, senem birsalym kürekle, men dynjymy alaýyn azajyk» diýen adaty gepine garaşypdy. Ummanyň kalbynda indi bireýýämden bäri köwsarlaýan özüne bolan gazap-harasadyň möwç alyp ýöreninden bolsa onuň habary ýokdy. Şonuň üçinem ol golaýlaşan mahaly küreklerin birini

eline alyp, ör turan Ummanyň gözleriniň gazap bilen otlukly köräp gidenine hem känbir üns etmedi. Onýança-da, sandyrap-sojap dälilik hetdine ýeten Umman, sen-men ýok, özüniň näme edýänini hem unudyp, dünýäden bihabar, aňyrdan özüne tarap öwrülen Bertanyň döşüne elindäki küregiň ujy bilen hütledip, ony duran ýerinde gaýykdan agdaryp urdy.

Berta serpmeden gaýdan ýaly bolup, gark bolup barýanyň aman dileýän düşnüksiz sesi bilen gygyryp, serpilip tolkunlaryň arasyna düşdi. Alasarmyk halda nämäniň näme bolýanlygyna asla düşünip bilmedi. Suwa çümşi ýaly hem ýene-de dessine zompa onuň ýokarsyna çykyp, hopugyp, janhowluna gapdalynda çaýkanyp, keserip duran gaýygyň gyrasyndan iki eli bilen ebşitläp ýapyşdy.

Onýança gözleri gyzaryp, agzy köpürjikläp, bireýýäm tüýsi üýtgän Umman ýene-de onuň üstüne hatdara boldy. Elindäki naýza öwüren küregini depesine göterip, ony häzir dert-azar bolup, herhili ýagdaý bolsa-da, ellerini gaýygyň erňeginden aýyrmazlyga çytraşyp duran Bertanyň depesinden indererli göründi.

Diňe şondan soň Berta rejäniň geň däldigini, Ummanyň duýdansyz rehimsiz bir duşmana öwrülenligini bilip galdy. Ol göwresiniň bir bölegini suwdan ýokary saýlap, boýur-boýur gözýaş döküp elenip durşuna, öz başyna ne söwdalaryň düşüp ýörenini bilmek isläp, gözýaş perdesiniň arasy bilen Ummanyň ümürli ýüzüne delmuryp seretdi:

— Sen näme beýdýäň, Umman?! — diýip, demi-demine ýetmän durşuna agy gatyşykly sesi bilen sorady.

— Eýsem, men öz hakymy elimden sen ýaly bir saýry kemçine aldyramsoň, näme etmelimişim? — diýip, Umman hem Bertanyň soragyna özüniň janagyryly sesi bilen jogap berdi. Soňundanam ýene gaýygyň gapdalynda ýaýkyldap, eňräp duran Bertany hamala öz nazary bilen gapdalyndan aýryp, hol

beýläk atyp taşlaýjaga meňzäp, ýamany bilen öjügip seretdi.
— Sen, heleý bar-a, hiç zady görmedikden, bilmedikden bolubam gaty sadasyramagynyňam. Meniň telimýyl göwün besläp, ýoluna göz dikip garan ýigidimi elimden alyp, gözüme basyp onuň bilen garylyp-gatylyp ýaşap ýörmegiňdenem, eýsem, habarsyzmyň sen? Elbetde, bilýänsiň! Obada bilinmeýän zat barmy näme, senem oba heleýi, baý, bilýänsiň-ä...

— Men hiç zady bilmedim, asla bilmedim — diýip, gark bolmakdan gorkan Berta ýene-de sandyrap gepledi. Içinden bolsa Ummany wagtynda tanamanlygyna gynandy. Munuň «Haýwan alasy daşynda, ynsan alasy içinde» diýleni bolanlygyna ahmyr bilen pikir etdi.

Elbetde, Berta Ummanyň hem bir wagt ýaşlykda obanyň Balkana höwes eden gyzlarynyň biri bolanlygyny daşgulakdan, ondan-mundan eşidipdi. Ýöne Berta şonda öz ýanyndan: «...Ýaşlykda höwes edilmeýän zat azmy näme, eýsem, ýöne soňundan ykbalyň özi serenjam berýär. Meni-de Balkana şol ykbalyň özi gowşurdy» diýip pikir edensoň, eşidişi ýaly hem eşiden gepiniň yzyna düşüp ýörmän, ony tiz unudypdy.

— Bilmeseň bilip goý, heleý, ikimize bu derede bile orun ýokdur — diýen wagty küküräp duran Ummanyň sesi has-da haýbatly eşidildi.

— Ýa sen başyňy alyp, şu ýurtdan gitmeli bolarsyň, ýa-da men seni-de, özümi-de gark edip, tolkun talady etmeli bolaryn...

Berta şundan soň ýagdaýa tiz düşündi. Asla indi bu ýerde düşünip-düşünmez ýaly zat hem galmandy. Gabanjaňlyk, kemsinmeklik, bäsdeşlik... ýaly birnäçe apy-tupan harasadyň bir çemini alyp, Ummany hop berip, gazap atyna ataranlygy belli bolupdy.

Ummanyň indi hä diýmän Bertany gark edip, deňiz düýbüne taşlajagy ikuçsuzdy. Onuň bozuk tüýsi, peträp ha-

nasyndan çykyp gelýän öçli ala gözleri öň asla görlen zat däldi.

Suwda durdugyça barha ysgyndan düşýän Berta, indi suwa çümse, soňundan onuň depesine göterilmäge rowgatynyň bolmajagyny howp edinip, duran ýerinden ýene aglap ýalbardy:

— Isleseň, men gideýin... yzymy gözlemän gideýin, ýöne gark etme. Meniň göwrämde ýene çaga bar...

— Sözüňde durmaly borsuň! Ýogsam, barybir, men seni heläklärin...

— Ýok, men gideýin, hemişelik gideýin. Ugrat meni. Ugrat, gideýin!

Zähresi ýarylan Berta, aman diläp, göwresinde göteren çagasyny halas etmek üçin ähli zada razylygyny mälim edip, tabynlyk bilen eňräp başlady. Umman oňa ynandy.

Gaýyk garaňkyny gatlyşdyryp kenara gaýdyp gelen çagy süllümbaý ezilen Berta onuň bir tarapynda balyga atylmadyk tory ýapynja edinip bir gysym bolup, aňyny gorky harasadyna aldyryp kiçelip otyrdy.

Umman ony kenarda bukurak bir ýerde birsalym goýup, oba sowediň jaýyna howlugyp giren mahaly, Şirwan henizem öz ornunda güýmenip otyrdy. Ýegenini gapyda gören mahaly, ol ony häli işden giden mahalynda bir zady unudyp gidip, häzirem şonuň yzyndan gelendir öýtdi. Umman gele-gelmäne daýysyndan Krasnowodski portundaky tanşy Alybeg aga: «Şu adama kömek etjek bol!» diýdirip, hat ýazdyryp aldy. «Sen bu haty näme etjek?» diýip daýysy soranda, şäherde bir tanşynyň dokumentlerini ýitirip, Bakuwa gidip bilmän ýörenini, özüniň oňa ol ýerde işleýän daýysynyň ähli işi oňarýan tanşynyň barlygyny aýdyp kömek bermäge söz berenini, häzirem onuň gyssagly bir gämi bilen gelip, öýlerinde şol hata garaşyp oturanyny, möhürli hatyň juda zerurlygyny

ýatlady. Düşnüksiz, öz howlukmaçlygyny duýdurmazlyga çalşyp gepledi. Soňundanam hasyr-husur onuň özem bir hat ýazyp, oňa hem möhür basyp, howlukmaç çykyp gidipdi. Şirwan şonda onuň alakjap deňze tarap barýanyny görüp: «Bu saçy-kesilen gorkmanam-ürkmänem bilenok, gör, gijäniň içinde elemtas bolup munuň bolup barşyny?!» diýip, onuň yzyndan seredip, içini gepledip galypdy.

Obada balyga diýip çykan iki ejiz maşgalanyň heniz bolubam gaýdyp gelmezlikleri, şonda ilki olaryň ýakyn dogan-garyndaşlarynyň ýüreklerini ýellendirip, ynjalykdan gaçyrypdy. Şeýle pursatda göwne gelýän pikirleriňem gowusy bolmaýan ekeni, üstesine-de, nämedir bir bolmasy işiň bolany, o-da belli, ýogsam, olar bu wagta bireýýäm yzlaryna dolanyp gelip, öýlerinde bolmalydylar.

Otagadyr Ummanyň ejesi öz töwerekleriniň birnäçe aýal-gyzlary bilen gelşip, kenarda deňze gözleşip, üýşüşip durdular. Köpleriň kalbynda entegem: «Olar ýene bir ýerden görnäýmesin?» diýen injejik tama bardy. Ummanyň Bertanyň kastyna çykyp, häzir deňiz içinde ot-garagan bolup ýöreninden hiç kimiň habary ýokdy.

Dogrusy, obada içen suwlary aýry gitmeýän iki jora hökmünde tanalýan Ummandyr Bertanyň arasyndaky gatnaşygyň beýle garaşylmadyk ýagdaýda ters öwrüm alyp, başgaça bolmagy asla garaşylan zat däldi. Häzir hem kenarda zowzuldaşyp duranlar: «Näme bolanam bolsa, olaryň ikisine-de bile bolandyr, bir ýerden görünseler, ikisem bile görnerler» diýen pikirdediler.

Daňdanlar töwerek biraz ýagtylyp, asman nire-umman nire belli bolansoň, oba adamlarynyň birnäçesi, adaty tor atylýan belli-belli ýerleriň töweregini gözlemek üçin, gaýyklaryna atlanyşyp, gyssagly gözleg salyp ýola düşdüler. Olar diňe günortanyň öň ýanynda, ol ýerden Bertanyň ýurdundan ge-

ýip gelen, gelşikli, kimdir biriniň toruna düşen köwşüniň bir taýyny tapyp geldiler.

Şol gün giç öýlänler Balkanyň işleýän ýerine habar ýetirmäge giden ada obasynyň bir gaýygy Krasnowodskiden yzlaryna gaýdyp gelýärkä, uzakdan bir üsti adamsyz gaýygyň öz peýwagtyna, tolkunlaryň arasynda ýaýkanyp ýüzüp ýöreni-ni gördüler. Haçan-da adamlar ol gaýygyň haýsydyr bir kenardan tazygan gaýykdygyny pikir edip, tutup özlerine tirkege almagy niýet edinip, ýakynlaşan wagtlary onuň içinde halys tapdan düşen Ummanyň uzyn süýnüp, mejalsyz ýatanyny görüpdiler.

Umman oba gowşansoň, çaý-suw berlip, biraz özüne getirilensoň, ol sulhup aglap oturşyna, töweregiň soragyna jogap edip, bary-ýogy iki-üç agyz gepläpdi:

— Hany Otagaň gelni nirede?

— Gije çörňeşige düşüp, gaýyk ýan berdi.

— Berta gelne näme boldy?

— Ol gark boldy. Halas edip bilmedim...

Oba adamlary gark bolan adamyň ödi ýarylansoň, köplenç üç günden suwuň ýüzüne galkaýmasynyň barlygyny ýatlaşyp, ony deňizden ýene-de telim gün gözlediler. Gözlegleriň hemmesin-de ýene-de netijesiz boldy. Bertanyň deregini üç günde däl, on gündenem, ýigrimi gündenem gördüm-bildim bolmady. Balkan sapardan dolanyp gelip, soňam telim gün oňa gidip-muňa gidip, Bertasyny gözläp, gözleg salyp gezipdi.

Ol gelende telim günden bäri hiç zat iýmän-içmän doňňaradaş bolup, kellesi üýtgän ýaly bolup, bir nokada seredip oturan Umman ony görüp: «Waý, ýüzügara boldum-eý» diýip möňňürip aglapdy. Ýöne Balkanyň gözüne welin gönüläp seredip bilmändi.

Balkan hem deňizde beýle-beýle hadysalaryň bolup dur-

ýanlygyny, gaýyk gaty ýan beren mahaly, tejribeli adam bolmasa, Berta ýaly deňze ýaňy çykyp ugran adama aljyraman, ondan baş alyp çykmagyň aňsat bolmaýanyny ýatlap, Ummanyň aýdanyna ynanypdy. Bertasynyň ýasyny tutup, hapa bolup gezipdi. Onuň ejesi Otaga şol günler, ejesiz galan agtygyny bagryna basyp: «Nemisem bolsa, türkmene berimsiz maýa gelindi. Wah, aýy-güni dolup gelýän balamam özi bilen alyp gitdi-leý...» diýip aglaýardy.

Bu köpleriň kalbyna leňňer beren: «Gark bolan göwreli nemis gelinli» gürrüňler birneme wagty geçip, könelişiberen döwürlerinde Şirwan aga Krasnowodskä bir baranda tanşy Alybeg aga gabat gelipdi. Köne dostlar gadyrly saglyk-amanlyk soraşyp durupdylar. Şonda Alybeg aga gepiniň bir ýerinde: «Aý, gardaş, seniň ol haýyşyňam ýerine ýetirendirin!» diýipdi. Şirwan şonda, ilki dostundan özüniň näme haýyş edenini ýadyna salyp bilmän geň galypdy. Oýurganansoň, diňe birhaýukdan, şol ýegençisine beren hatyny ýadyna düşüpdi.

— Mündürip goýberdim. Birazrak pulam berdim. Bakuwa aşansoň, kömek sorap ýüz tutar ýaly ýerem salgy beripdim, tanyşlary...

Haçan-da Alybeg aga: «Ol orus aýalam bolsa, ýöne orsuň dili, onam oňly bilmeýän eken, adyna-da «Gerta» diýdimi, «Berta» diýdimi — ermeni gelinleriniň adyna meňzäp duran bir zat, görsem, üstesine-de ol ikigatam ekeni bende, muňalap oturşyny görseň nebsiň agyrýar» diýende, Şirwan gürrüňiň kim hakda barýanyna düşünipdi. Içine zym gidipdi. Şondan soň ol Alybeg aganyň: «Gelne berdim» diýen puluny ýanyndaky gyzyl otuzlyklaryndan artygy bilen sanap berip, oňa minnetdarlyk bildiripdi. Soňundanam uzak dursa syry açylaýjak ýaly, onuň ýanyndan hoşlaşyp tizräk gitmäge howlugypdy.

Şol günler Şirwanyň Krasnowodskiden gaýdyp gelen ma-

haly, Ummanyň Balkana durmuşa çykansoň ýaňrak gelin bolup işe gatnap ugran günleridi. Telim günläp Otaganyň töründe, ýumşak körpeçäniň üstünde gelin bolup, Gün görmän sülmüräp oturansoň, onuň reňki ýaňyrak çaga dogrup azar gören gelniňki ýaly sargylt öwsüp, öçügsi görünýärdi.

Şirwan şol gelşine öýüne hem daraman, göni iş ýerine geldi, gelşi ýalam Ummanyň oturanyny görüp, gapyny içinden şatyrdadyp gurdy. Soňundanam dişlerini gyjap, elleri bilen Ummanyň tutdy bokurdagyndan şatyrdadyp:

— Ýok, seni meniň doganym dogran däldir! Seni, asla, adam dogran däldir! Biri öwretmese, bu seniň eden işiň asyl kellä geljek zatmy?! «Hywada adam satanyň bar» diýib-ä bir eşidipdik. Saňa, şol wagşy, garry arkasyna çeken deýýus diýerler — diýip gygyrypdy. Elinden sypjak bolup, bar-bar urunýan ýegençisini şonda onuň bogup öldüräýesi gelipdi. Oňa bolan-goýan ähli zatlary soňam zor bilen ýekeme-ýeke aýtdyrypdy.

Şirwan ilki bu ýagdaýy şonda haýal etmän ile aýan etmekçi bolupdy. Soňra, görse, bu gepiň aňyrsy baryp türmä direýär, haýyş edip Alybeg aga ýazan hatam ýadyna düşüp dur. Yzyna bir prokuror düşüp ugransoň, hany, onsoň, syp-da sen sypyp bilseň?! Taýagyň bir ujunyň öz başyndan injekdigine asla şübhe ýok. Onsoňam Balkandyr il-günüň öňünde-de şundan soň döw dursun! Bu öwrede pylankes bolup ýaşap bolmajagy-da öz-özünden belli. Şonda şu gorkular Şirwanyň ýakasyndan itip, ony Bertaly gürrüňi ile ýetirmek raýyndan saklanmaga mejbur edipdi.

Ine, şeýdibem Şirwandyr Umman ikisi daýy-ýegen bolşup, gabanjaňlygyň gazanan bu agyr degirmen daşyny ömürleriniň iň soňky günlerine çenli, jebrini çekip, syr hökmünde saklap gezmeli bolupdylar.

Gijäniň gara etegi bilen ýüzüni perdeläp gepiň gerimini alan Şirwan başyny ýerden götermän, mahal-mahal ýuwdunyp, gapdalynda çäýnege ýanap goýan çaýly käsesinden çaý

owurtlap, içki sarsgynyna basalyk berip gürläp, syr ýumagyny çözläp otyrdy.

* * *

Balkan ilki birki gezek dagam dyzyna galyp oňa: «Näme üçin beýle?..» diýip sorag hem bermekçi bolup synanyşypdy. Şirwan şonda: «Dur, Balkan, hany, menbir aýdyp bolaýyn, men bu pursada juda köp garaşdym» diýip, elini daldaladyp, badabat her gezegem onuň soraglarynyň öňüni alypdy.

Soňra Balkan asla geplejegem bolup azara galmandy, onsuzam tiz ähli zat öz-özünden aýyl-saýyl, magat bolup ugrapdy. Indi Şirwanyň gepine-gep suňşuryp, kerwen ýrandyryp aýdýan garaşylmadyk, asla ýadyňa-köýüňe hem gelmejek zatlarynyň döreden agyr duýgulary häli-şindi onuň ýukalan goja ýüregini hellewledip, damagyny dolduryp, geplemäge maý bermeýärdi. Balkan goja özi üçin ýazylan düşegiň üstünde hut dişleri bir-biriniň içine batyp galan ýaly, öz gulaklarynyň eşidýän gürrüňlerine ynanyp bilmän, hasrata öwrülip tüsseläp otyrdy.

...Indi bireýýämden bäri Berta onuň ýanyndady, bu gezek onuň hasam ýakyn geleni belli boldy, tanyş-mylaýym dem, her gezek Berta gujagyna dolanda bolşy ýaly, ýüzüne hem uran ýaly bolup gitdi, şo-ol basyksydan gelen mähriban zenan sesi ýene-de gojanyň gulagynyň agzynda pyşyrdady:

— Meniň mähriban kombatym, ine, şeýle boldy-da näme. Bile ýaşap, bile garramak, ogul-gyza, agtyk-çowluk, öz miwämize bile guwanmak ykbalda ýok bora çemli... Men gitdim... gitmeli boldum, men seniň balaňy halas etmäge gitdim...

Ýene bir-de bolsa gojanyň Ummanyň birmahalky, şol wagt özüne düşnüksiz bolan garaşylmadyk hereketleri ýady-

na düşdi. Umman mahal-mahal kiçijik Elmany gujaklap, bagryna basyp, ogşap, soňundanam aglardy. Şonda Balkan onuň bu bolşuny görüp: «Hä, bu-ýä jorasyny ýatlap bozuld-ow... ikisi gowy görşerdilerem-dä...» diýip oýlanardy. Soňra ol Umman enäniň näçe garyn göterip, ogla garaşsa-da, Hudaýyň oňa gyz berse-de ogul bermänligini, oňa bu eden etmişi üçin Taňry jezasy bolandygyny, beýle-beýle zatlary bendesi geçirse-de, Taňrynyň hiç wagt bagyşlamaýandygyny pikir etdi.

Ertir, irden daşary çykyp giden Şirwan yzyna dolanyp jaýa gelip giren mahaly Balkan gojanyň henizem atdan ýykylyp saňsar bolana meňzäp, şol oturan ýerinde äm-säm bolup oturanyny gördi.

* * *

Ýene-de: «Dertlä derman diýilse, gyşda alagarpyz tapylar» diýleni boldy, Şirwanyň agtygynyň aýaga göteren ýigitleri günortanyň öň ýanlarynda gojanyň gözläp dert-azar bolup ýören düwlenini ele salyp, ony gaýyga basyp, oba bögürdip alyp geldiler.

Goja özüniň ýola taýyn edilip goýlan gaýygynyň ýanyna gelende, eýýäm telim ýerinden ýüp aýlanyp, gaýyga berkidilen düwlen indi ol ýerde ep-esli gara depe bolup ýatyrdy. Saralan ýüplerini gyryp taşlajak bolup dyzaýardy, ajalyň golaýlaýanyny duýan ýaly, damagyna pyçak goýlan öküze meňzäp, wagtal-wagtal janhowluna bögürip-bögüribem goýberýärdi.

Goja öz dogduk obasy bilen, birhili, aladaly hem juda keýpsiz hoşlaşdy. Ýaňy duşundan geçip gelýärkä suwa eňňit atyp duran daş dükany hem özüne meňzedenligi üçin, indi ýakyn günlerde onuň kelemenläp suwa düňderilip giderli bolup duranyna görüp, müýnli hasratlandy.

Şirwandan agşamky eşiden gürrüňinden soň ol henizem oňly özüne gelip bilmändi, hasam oňa asla garaşylmadyk wakalarynyň ýokarsyna bulut bolup göterilen dagynyk pikirlerini jemläp, aýgyt etmek kyn düşýärdi.

Kenarda daň bilen deňze çykan düwleni gözläp, tapyp, güpledibem ony alyp gelen oba ýigitleridir özüniň oba geleni eşidip, saglyk-amanlyk soraşmaga gelen ilen-çalanlary bilen hoşlaşan mahaly goja gojalygyny edip bozulyp, biraz hamsykdy.

Töwerege jemlenen adamlaryň köpüsiniň ýüzi goja tanyşdy, olaryň birnäçesi onuň öz öýünde çaýlaşan, obany, tanyş-bilişleri soraşdyryp gürleşip oturan, Umman enäniň bişirýän tagamly naharlary bilen hezzetlän adamlarydy. Ýöne gerek bolaýan-da hem tutaýaýyn diýse-de, goja olaryň köpüsiniň adyny bilmeýärdi, käbirleriniň adyny bolsa keşmerinden çen alyp tutanda, ony şol adamyň kakasynyň ýa-da özünden uly agalarynyň biriniň ady bilen çörňeşdirýärdi. Gojanyň özi ýaly onuň könelişen ýat eleginiň gözleri hem bu wagta çenli mese-mälim giňelipdi, onuň tutup galýan zady az-az bolardy.

Köpler gojanyň bu bolşuna özleriçe düşündiler, onuň pikirinde, indi dogduk obasyna gelerinden gelmeziniň ýakynlygyny, bu duşuşygyň bolsa iň soňky — hoşlaşyk duşuşykdygyny ýatlap, hapa bolandyr öýtdüler. Baryp birwagtlar gurlan gapanyň gelip-gelip, şu günler «şarpa» göçeninden bolsa bu duranlaryň hiç biriniň habary ýokdy. Dogrusy, gojanyň özi hem munuň pikir edip aňyrsyna ýetip, beýle zadyň nädip bolup biljegine henizem asla ynanyp, aň edip bilenokdy.

«At-- ürken ýerinden, är-- gorkan ýerinden» diýleni, kenara gelensoň gojanyň özüniňem bu ýerde uzak eglenesi gelmedi, indi bu ýerde öz kalbynyň rahat tapmajagyny, durdugyça odunyň ölçerilýän ýaly bolýandygyny syzdy, geçen agşamdan bäri kalbynda köwsar urup aýlanýan harasadyň

entek-entekler hele-bärde köşeşerli däldigine düşündi.

Goja töweregindäki özüni görmäge gelen adamlar bilen baş atyp hoşlaşansoň, gaýygyna münüp, motor başyna geçdi. Gaýygyň töwereginde owunjak tolkunlar ýaýkanyşyp, ýaýraw tutuşyp ýördüler. Biraz iteklenip kenardan daşlaşdyrylan gaýyk motory aýlanyp ugran mahaly ol galkyp, duýman ýatyrka garnyndan basylan ite meňzäp, alawagyrdy bolup duran ýerinde ters aýlandy.

Goja gaýygyny birsalym haýsydyr bir elhençlikden elheder alyp, ondan gaçyp barýana meňzäp, özüniň niräk barýanyny hem ýadyna düşürmän, ýňan tarapyny ýol hasap edip ýüzdi.

Häzirem onuň başynda geçen agşamky Bertaly, Ummandyr Şirwan bilen bagly alasarmyk pikirler burugsap, tüsseläp durdy.

Berta onuň golaýyndady, ol geçen agşamky aladaly, ahmyrly gürrüňleriň aňyrsyndan çykyp geleni bäri bu ýerden heniz gitmändi. Häzirem ol gojanyň pikirinde eýemsiräp, onuň egnine başyny ýaplap, goja-da ony egninden gujaklap bagtyýar bolup otyrdy...

Bagtyýar bolmak üçin bu adam pahyra şeýlebir köp zat hem geregem däl ekeni, ol ýitiren bagtynyň soňra bir bölejigini tapsa-da kanagatlanyp, göwün çaglap, monça bolaýýan eken. Goja üçinem bu häzir hut şol pursatdy.

Şol harasat gopan gününden soň Bertanyň zenan mähriniň özi üçin tamam bolanlygy belli hem bolan bolsa, ol Şirwany diňläp, Bertanyň öz pikir edip ýörşi ýaly ýoklaryň däl-de, barlyň hasabynda bolup ýörenligi welin ony juda begendiripdi.

«Bertam, Bertam... Meniň Bertam! Sen bar ekeniň! Sen häzir, gör, nirelerdesiň? Belki, göwräňdäki perzendimizem aman galandyr? Bertam...» diýip, üzlem-saplam, tamaly oýlanýardy.

Hatda ol begenjine bir pursat Şirwandyr onuň ýegeni Umman enä-de, olaryň özüne eden hyýanatly-etmişlerini unudyp, Bertanyň sag-aman galany üçin olara halys ýürekden minnetdar hem bolupdy.

Ýöne goja öz ýanyndan näçe pikir etse-de, bu wakanyň beýle öwrüm almagyna, onuň nädipler beýle bolup biljegine, öz daşynda tor bolup, onam özüniň şu güne çenli nädip bilmän ýaşanlygyna asla düşünip, kalbyna laýyklap bilenokdy.

Goja ýene-de Bertasynyň gapdalynda oturşyna, häzir wagtal-wagtal owunjak, şorawja damjalary syçradyp mähir bilen ýüzüni sypalaýan şemalyň Bertanyň mele ýüpek saçlaryny galgadyp, seçelendirip, hezil edip ýüzüne döküpler oýnaýanyna ynandy. Şonda onuň öz kalbyna hemişelik lezzet bolup çöken bu Bertaly pursatda müdimi galasy geldi.

Haçan-da ol biraz ümürden saýlanyp, dagynyk pikirlerini jemlän mahaly, häzir özüniň Krasnowodskä däl-de, şol Bertany özüne alyp, ony töweregine gözledip, zar-zar agladyp äkiden uly gäminiň Baku diýip barýan tarapyna barýanyna göz ýetirdi. Goja gaýygynyň motoryny öçürip, onuň jylawuny çekdi. Ol aýňalan mahaly Berta eýýäm ýene-de onuň ýanynda ýokdy... Berta häzir türkmen kenarlaryndan barha daşlaşyp barýan gäminiň üstünde saçlaryny şemala ýaýyp, boýurganyp, gaýdan yzyna gözläp perişan bolup barýardy...

Goja pikirinde Bertasy bilen hoşlaşansoň, ony ýene-de şol barýan gämisine mündürip, dolanmak üçin gaýygyny täzeden otlady-da, onuň başyny günorta-gündogara-- öýüne tarap öwürdi.

Gün eýýäm günorta golaýlap barýardy, ol indi gojanyň maňlaýyndady, gaýyk häzir galdyrany bar ýaly suw syçradyp, deňziň üstünde howlukmaç ýüzüp barýardy. Günüň boldan atan altynsow mahmal matasy mymyldap, tolkun atyp, töwerege öz mynasybetini nygtap otyrdy. Häzir üsti düwlen

ýükli agramyny saldarlap barýan gaýyk bir görseň, şol mahmal matany parran iki bölüp barýana, yzyňa sereden wagtyň bolsa ol deňzi öz tumşugyna çolap, yzy bilen ony düýrläp-çekip alyp barýana meňzeýärdi.

Ortada — gaýygyň içinde gölerip ýatan düwlen, wagtal-wagtal şol ýatan ýerinden kimdir birini kömege çagyrýan ýaly özüniň boguksy, gyryljyk sesi bilen ah çekýäne meňzäp, süňňi bilen elenip, gygyryp-gygyryp goýberýärdi.

Obadaş ýigitler ýüküň esli ýola aşmalydygyny, onuň sähel böwşeňlik tapsa, urnup-owsunyp, gojanyň başyna tomaşa getirjekdigini birkemsiz göz öňüne tutan ekenler. Ony töweregine ýüp aýlap, halka çekip, düwün düwünläp, gaýyga şeýlebir pugta berkidipdirler welin, biçäre düwlene sähelçe baş göterip dem almaga maý galypdyr. Düwleni synlap biraz oturansoň, goja obadaş ýigitleriniň öz işlerini çig etmändiklerini, olaryň doganlary Umman enäniň dertden dynmagy üçin ellerinden gelenini edenini ýatlap, öz ýanyndan olara minnetdar boldy.

Gaýyk ýene-de birsydyrgyn hüňläp ugransoň, düwleniň ýüregi aram tapyp, ýene biraz köşeşdi. Janawaryň motoryň sazlaşykly sesine huwwalanýan ýaly bolan bolmagy hem ahmal. Belki-de, aňkasy aşandyr?! Onsoňam beýdip, ýüzüne şorawja deňiz damjalaryny syçradyp, üstüňe şemalyň çygdan dokan ýapynjasyny ýapynyp, özüňi ýene-de deňiz gujagynda duýmak ýaly ýakymly bir duýga eýe bolan bolmagy hem mümkindi.

Haçan-da goja kimdir biri tutup bermedik bolanlygynda, özüniň düwlen tutup bilmejek ekenligini, tutaýan-da hem ony biriniň kömegi bolmasa gaýyga aşyrmagyň mümkin däl ekenligini, diňe düwleniň özüniň towsup, gaýyga münüp, soňundanam şol ýerde çäşerip ýatyp: «Meni daň!» diýen mahalynda mümkinligini ýaňsylap, öz töwekgelçiliginiň üstünden

güldi. Soňundanam bir wagtky Kerhan aganyň düwlen tutuşy bilen bagly il içinde ýaşlykda gulagynda galan «Kerhanyň düwlen tutuşy» diýlip, ýaňsylanyp hezil edilen wakany ýatlady.

Kerhan balykçy şol gezek bir ýerden gaýdyp gelýärkä düwlen «toýlarynyň» birine gabat geläýen bolsa näme?! Bir görse, düwlenler gap-gara, degenek-degenek bolşup, ha onuň gaýygynyň eýlesine, ha-da beýlesine geçýärmişler, toplanyşyp-ýazylyşyp, edil toýlarda jahyllaryň göreş tutanlaryndaky ýaly bir-birleri bilen basalaşyp, harçaňlaşyp, oýun edişip, şowhun edýärmişler.

Balykçy düwlenleriň boluberişlerinden çen tutup şonda özüniň «Düwlen toýuna» gabat gelendigine düşünipdir, bu toýuň, umuman, nähili bolýanyny ýatlap, tizräk ondan sypyp gitmegiň gaýgysyny edipdir. Sebäbi ol şeýle pursatda düwlenleriň ozallar adamlara känbir ýörite ugruna çykyp kast edip ýörmeýän-de bolsalar, toý döwri, söýüşmek-süýnüşmek höwesi depesine çykan düwlenleriň dälibaş bolýanlygyny, öz höwes eden düwlen gelnini diňebir öz neberesiniň «ýigitlerinden» däl, deňiz tolkunlaryndanam, tötänden gabat gelen adamlardanam däli-porhan bolup gabanyp, garpyşmaga häzir bolup gezýän döwürleri bolýandygyny bilýärdi.

Nämäniň nämedigine göz ýetiren Kerhan balykçy bu ýerde uzak durmagyň gereginiň ýoklugyna düşünip, gaýygyny dessine täzeden otlap, gaçmak bilen bolupdyr. Şol arada töwerekdäki bir-birleri bilen harçaňlaşyp, segräp-segräp suwdan atylyşyp-atylyşyp çykýan düwlenleriň birisi bir gezek özüni asmana zyňanda patylap gaýygynyň ortasyna düşäýmezmi?! Al saňa gerek bolsa! Balykçy, görse, ine, bir murtlary syh-syh düwlen garşysynda gaýyga leňňer berip, äm-säm bolup, ýüzüne seredip, mäzerip otyr diýýär.

Balykçy ilki: «Gara dogan özüne gelenden meniň adamdygymy görüp, basga düşüp, gaýykdan aşyrym atyp gaçar

gider» diýip oýlanypdyr. Ýöne, görse welin, wagty bilen özgerip-üýtgeýän zat ýok diýýär. Gaýta, düwlen, hamala öz öýüne gelen ýaly, arkasyny gaýygyň ortasyndaky oturgyç-tagtalara oýkanjyrap: «Ha, şü-ýä bolaýdy, ahyr özümi jaýyma atdym» diýýän ýaly, ýaşulynyň ýüzüne bakyraýylyp oturylyşyna özi-de barha arkaýynlaşýamyş.

Balykçy soňam wagty bilen bu çagyrylmadyk myhmandan sag-aman, abraý bilen dynmagyň ebeteýini tapmandyr. Otyr diýýä deýýus, çaý içýäne meňzäp, gaýygyň bir gyrasyny tirsekläp, oňa: «Nätseňem, menden dynmarsyň, men indi seniň gelinligiň, alyp git!» diýýän ýaly. Içigip-içigip gyjalat bilen it bolup, üýrüp-uwlabam goýberýär diýýä.

Balykçy: «Gara dogan ýene-de gaýykdan düşmegiň ebeteýini tapman oturan bolmasyn» diýip, ýüzmegi bes edip, gaýygynyň badyny hem alypdyr. Gaýyk telim gezek töwerekdäki şalkyldaşyp, hallan atyşyp ýören tolkunlaryň gapdalynda keserip ýanalan ýaly, düşmäge amatly hem bolanmyş. Ýöne ýene-de, şeýle düşüp gidibermäge amatly hem bolanlygyna seretmezden, balykça nadara düwlenden dynmak başartmandyr.

Düwlen şeýdip gaýygy eýemsirenip oturansoň, balykçy soňra ondan heder edip, çekinibem başlapdyr. «Adam gezip ýörse, her belany görjek ekeni... Eý, toýdan çykan düwlendirdä, häzir munuň kellesiniň serhoşlykdan sämäp duran bolmagy hem ahmal... Ha, ýanyma arak alamok-da, ýogsam-a, bir stakan beräýsem, häzir kellesi ýerine geläýerdem welin munuň...» diýip, öz düşen ýagdaýyny ýaňsylap oýlanypdyr. «Serhoşuň bellisi bolmaz, bu düwläp üstüme gaýdybermedenem gaýtmaz» diýip, gapdalynda ýatan balyk sançýan ujy ýiti gaňyrçakly çişini hem bir eli bilen golaýyna, çemesine çekip, garpyşmaly bolaýanda ulanmak üçin taýynlap goýupdyr.

Soňra balykçy şol ýerde: «Türkmeni dürtmeseň duýmaz» diýen nakyly ýatlap, türkmeniň düwleniniňem bu meselede

onuň özüne meňzänligini pikir edip, şeýdip ikibir bolşup, deňziň ortasynda, dünýäniň suwuny töwereklerine aýlap oturyşlaryna, onuň bilen ylalaşyk gazanaryn diýen tama bilen gepleşik geçiripdir:

— Gara dogan, indi sen şeýdip, meniň maňlaýymy alyp oturjakmy?

— Aý, näme, gidibermeli ekeniň-dä. Çöl tarapdan öwüsýän şemal, gör, nähili ýakymly! Onuň ysy deňiz ysy bilen goşulandaha men şonda has gowy görýän.

— Sen gelmeli ýeriňe indi geläýenem ýaly-la!

— Aý, ýürege düşmesene, ýene birsalym şu bal howadan dem alaýyn...

Balykçy bu hörpdäki adaty gürrüňiň hem gürrüňdeşine täsir etmejegini görensoň, iliň: «Dogry gürrüňe düşünmese, öwüp goýber» diýen akylyny ýatlapdyr, öwgini hiç kimiň hem erbet görmeýänini ýatlap: «Şudur-da» diýip, soňundanam şelaýynlyk bilen gürrüňdeşiniň ugruny ýekeläp ugrapdyr. Ol ilki düwlenleriň Taňry ýalkan syratly jandardyklaryny, olaryň ýüzende dagy deňziň gelşigine gelşik berýändigini, şeýle halatlarda gabatlaşylanda, adamlaryň hemişe olaryň yzyndan: «Wah, menem düwlen bolsam bolmaýarmy, şeýle bolanly- gynda menem olar bilen ýüzüp giderdim» diýip, kemsinip galýandyklaryny çynaberimsiz edip aýdýar. Gürrüň edil şu ýere ýeten mahaly, düwlen gozgalaňa düşüp, bäş deşigini bir ýere toplap, özüniň gönümel öwgä judabir bolmaýanyny mälim edipdir:

— Kenarda Güne dagy çoýunyp ýatyrkalar, olar hasam owadan bolýarlar, adamlaryň ýadyna güne çoýunyp ýatan gelinleri salyberýärler. Ana, onsoň... — balykçynyň: «Gara gelin görseň» diýesi gelipdir, ýöne dessine-de «gara» diýilse, gürrüňdeşiniň gaty göräýmeginden, ähli azabynyň bulaşaýmagyndan çekinipdir. — Seniňem, onsoň: «Amanmy,

gelin?!» diýip, onuň gapdalynda süýnäýesiň gelýär» diýip, pikirini barha süýjedipdir.

Tizden düwleniň öwgä bolmaýanlygy hasam anyk bolupdyr ol: «Beýtmesen-ow, adam, meni, näme, özüňdir öýtdüňmi?» diýýän ýaly tutuş süňňi bilen sarsyp-saňňyldap: «Ýok, ýok...» diýýän ýaly, gözlerini jerreldip, başyny eýläk-beýläk howada gezdirip, soňundanam ýöne gygyryberipdir janawar.

Balykçy diňe şundan soň öz eden tagallasynyň ýerine düşüp, gala alyp gazanyp ugranyna düşünip begenipdir. Onýança bolsa öwgi hessesi ýeten düwlen lapykeç halda: «Aý, häsiýetiň gursun seniň, adam, ýoldaş bor ýaly çöp-ä däl ekeniň» diýip, nägile bolup gaýykdan özüni taşlapdyr.

Ana, onsoň, Kerhanam gaýygynyň motoryny howul-hara otlapdyr-da: «Assa gaçan namart» edip, basypdyr «atyna» jüp gamçyny...

Goja öňünde esli bolup süýnüp ýatan düwlene seredip ýüzüp gelşine, adamlaryň haýsydyrbir öň bolan wakany, köplenç, özleri şeýle ýagdaýa ýa-da şuňa meňzeş başga bir ýagdaýa düşenlerinde ýatlagyç bolýandyklaryny, özüniňem häzir şol düwlen toýundan öz gaýygyna ýolda ýolagçy alyp, onuň bilen bir gaýykda ýüzen Kerhan balykça çalym edýändigini pikir edýärdi.

Şeýle-de Kerhan aga soň-soňlaram deňze çykýanlary görse: «Biziň gara gelnimizem görseňiz, oňa salam aýdyň, seň yzyňdan geljeg-ä bolup, gaýygyny guratlap ýör diýiň» diýip, barýanlara degişme bilen, öz il içindäki düwlenli gürrüňini ýatladyp goýbermesi bardy.

Goja soň: «Bä, ýene-de şu şol gaýyga münüp öwrenen gara ýeňňemiz bolaýmasyn?» diýip, hamana görende ony tanaýjaga meňzäp, öňünde ýatan düwlene içgin-içgin seretdi. Yzysüre-de özüniň bu gürrüňi eşidenine eýýäm haçanlar

bolanyny, düwlenleriň munça ýaş ýaşamajagyny, onuň Kerhan balykça duşany üçin, indi adamlaryň gürrüňlerinde ýaşap biljekdigininiň pikirini etdi.

Goja ýene birsalym gaýygyny deňziň üsti bilen galgadyp, kem-kemden bat alyp uçup gidiberjek haýsydyr bir äpet suw guşuna meňzedip sürensoň, bir öwrümde özüniň gözleriniň öňüniň ümezläp, tapdan düşüp ugranyny duýup ugrady. Elbetde, ol muny, ozalam käte ajyganda hut şeýle ýagdaýa düşýänini ýatlap, açlygyndan gördi. Ol düýnki Şirwanyň öýünde naharlanany bäri agzyna zat almandy. Şirwan şol günüň ertesem saçagyň üstüniň naz-nygmatlaryny kem etmändi, ýöne agşamky eşiden agyr gürrüňinden soň, bir käse çaýdan başga onuň işdäsiniň alan zady bolmandy.

Onsuzam ol öz goja halynyň wagtly-wagtynda iýip-içip ýörenliginde, ukyny wagtynda alyp duranlygynda hiçneneň bolmaýanlygyny ýatlady.

Gaýyk haýsydyr bir zat ýeňsesinden aslyşana meňzäp, duran ýerine oýkanyp saklandy. Goja şundan soň ses-üýnüni çykarman, öň ýanynda dyňzap, gaýygyň egnine söýenibräk duran içi azykly haltasyny öz öňüne çekdi, ilki hiç zada üns bermän, ol ýerden içi demini alyp duran çaýly, hemişe ýola ýanynda göterýän termosyny sogrup aldy, käsesine ilki guýan çaýyny dodaklaryny ýakybrak howlukmajrak içdi, termosdan käsesini ikinji gezek dolduransoň ýene-de onuň üstünden birki owurt içip, biraz aşak eglip, ony düwlen urnup gaýygy çaýkan mahalynda hem dökmän alyp galaýmaga amatly bolar ýaly edip, çep aýagyna ýanabrak goýdy, yzysüre-de goşhalta elini sokup alan çörek bölegini iki bölüp, iýende dişlerine ýumşak boljagyny ýatlap, käsesine basdy. Görse, Şirwanyň maşgalasy onuň haltasyna salyp bilen zadyny salan ekeni. Üç litrlik banka bokurdagy bilen doly gara balyk işbili, goşhaltanyň düýbünde gyzaryp, bölek-bölek bolup,

süňňünden ýakymly ys kükedip ýatan tüssä bişirilen balyklary görüp, goja öz ýanyndan: «Dört-bäş kilo dagy arkaýyn bardyr, munça balygy salyp näme etjek diýsene, käşgä, men balyk-salygyň gytrak ýerinde ýaşaýan bolsam» diýip oýlandy. Soňra olaryň hersinden öz iýäýjegini bölüp-bölüp alyp naharlanmaga oturdy.

Goja şol naharlanyp oturan ýerinde iki budunyň arasynda saklap oturan içi gara işbilli çüýşeden çaýa basyp ýumşadan çöreginiň üstüne goýup, lommuldadyp-lommuldadyp işdämen iýdi. Bir wagtlar obada munuň ýaly işbili ýaňy öýlenen ýigitlere iýmegiň maslahat berilýändigini, munuň ol gelinler oral heleý döwürlerinde, soň-soňlaram şol günleri ýatlap: «Hä, dädesi, şol günler sen meniň halys enter-pelegimi aýlapdyň... süňňüme sary ýöredi-dä, ýöne mes iner bolup, kükrediň durduň-a...» diýip, hemişe süýjülik bilen ýatlap gezmeli pursat bolmagynyň islenip, şeýle edilýän bolmagy mümkin.

Ol ýeňiljek duz berlip, maksadyna ýetirilip, tüssä bişirilen gyzyl balykdanam, birneme çekeläbrägem bolsa howlukman, çakgysy bilen ondan ýukarak-ýukarak kesişdirip iýdi, hem onuň birwagtlar öz ejesiniň tüsse berip taýynlaýan balyklary ýaly tagamlydygyny öz ýanyndan belledi. «Henizem obada ejem ýaly, balygy ýerine ýetirip, beýle taýynlap bilýänler bar-ow!» diýdi. Umman mamanyňam käte şeýdip-şeýdip, oglunyň jaýynyň gapdalynda enjamlaşdyryp, ýörite taýynlap gurup beren jaýjagazynda gyzyl balyk böleklerini duzlap ol ýerde saklamasyny saklansoň, halkalardan asyp-asyp balyk tüsseledäýmesi bardy. Ýöne soňky döwürde onuň şeýdip taýynlaýan balyklary goja o diýen känbir ýarap barmazdy, olar, birhili, gereginden artyk duz berlene meňzäp, şorumtyk kakardy. Goja oňa: «Heleý, balygyň duzuna seret...» diýse-de, barybir düzelen zat bolmandy, ol henizem balyk tüssele-

dende öz isleýşi ýaly şortap edip taýynlardy.

Öňler, dogrusy, aragyň, piwäniň keýp edilip içilýän döwürlerinde balygyň şeýle şorawja bolmagy onuň özüne hem kem ýaramazdy.

Adam garradygyça, keşp-sypatynyň, höwes-häsiýetiniň özgerişi ýaly, onuň iýmit talaby hem üýtgeýän borly. Dört-bäş ýyllykda hem ol bir gezek Umman enä igenip: «Senem balyk tüsseledeniňde, ejemiň edişi ýaly, owuz ýaly diýdirýän edip taýynlaýsana!» diýende, ol adamsyna: «Sen henizem öz islän balygyňy iýjek ýörjekmi?» diýen terzde: «Meniň taýynlaýan balygymy seniň halamaýanyň bile, çagalaryň, agtyklaryň hemişe halaýar, agtygym Aman janyň gelni, ol şähere gaýdanda: «Geleniňde şol eneň taýýarlaýan şorawja, tüsse berlen balygyndanam getirewer» diýip sargyt etmänmi näme?» diýip, özüniň müň kerem mamladygyny buýsanç bilen mälim edipdi.

Her gezek ähli meselede diýen ýaly çagalar orta düşensoň olaryň tarapynyň mamla bolşy ýaly, şundan soň goja hem Umman enäniň iň gowy balyk taýýarlaýan aýallaryň biridigini unaýmakdan başga alaç galmandy.

Goja kümşüldäp oturşyna, howlukman, gaýykda ýatan düwlenden başga zada üns bermän, aňyrsyna zat düşdügiçe özüniň taplanýanyny ýatlap hem hemişe nahardan soň ukynyň basmarlamagyndan biraz heder edip iýýärdi. Düwlenem ýadan borly, üstesine-de, munça haltyldamak, munça görgi o janawaryň nirede gören zady, ýatyr, janawar, häzir sulhup-süýnüp. Motoryň sem bolmagy, ümsümligiň eteginiň aşagynda ýaşap ýören jandar bolanlygy üçin, oňa hem hoş ýakan borly.

Goja nahardan boldum edip, goşhaltasyndan çykaran işbilli çüýşesini, çörekdir çakgysyny ýygnaşdyransoň, termosyň düýbünde bir käse ýaly ajy çaý galanyny, ojagazam häzir guýup içse, suwsan wagty içere çaý tapylmajagyny pikir edip, şol

pursada aýap goýdy. Diňe çörege omyn edip, elini ýuwup süpürip otyrka, onuň ýene-de töweregine ünsi düşdi. Häzir deňiz agtygyny dyzynyň üstüne mündürip, ony guwanç bilen öňe-yza hallan atdyryp, pikirinde özüniň şeýle bagtyň goýry ýerine ýetenine şükür edip oturan buýsançly enä meňzeşdi.

Goja işdä bilen iýlen nahardan soň öz gözleriniň ýitelen, süňňüniň taplanan ýaly bolanlygyny duýdy, şeýdip özüni tutanyndan razy bolup: «Bir doýmak-- çala baýamak» diýmänmi, nä, köneler!» diýip oýlandy. Indi: «Niredesiň, öý?!» diýip, gapa seredip ýatan Umman enäni ýat edip, gaýygyny täzeden otlap gidiberse-de boljakdy. Gojanyň pikirine görä, eglençsiz gowy sürlende iki, iki ýarym sagatlyk ýol galypdy. Şundan çen tutsaň gaýyk soňra, ýatagyndan alysa giden ata meňzäp, ak öýlänler hokranyp obajygyň depesinden inmelidi.

Gaýyk ýola düşensoň, Berta ýene-de gojanyň gapdalyna geçip, öz ornuny eýeledi. Goja gaýygyny ýüzin saldyryp, gelnini Hazar bilen tanyş edip, buýsanç bilen oňa: «Gör, biziň nähili mähriban deňzimiz bar, jennet gujagydyr!» diýip gezdirip ýörene meňzedi.

Berta häliden bärem bardy, goja gaýygynyň badyny alyp naharlanmagyň ugruna çykan wagty, ol onuň ine-gana naharlanmagyny isleýäne meňzäp, gapdalyndan ýeňil gopup, gaýygynyň ol-bi ýerine aýagyny degrip-degirmän uçup-gonana meňzäp, onuň öňüne geçipdi. Goja naharlanýan wagty ol şol ýerdäki keseligine germeçlenen tagtanyň üstünde özüniň boldan tikilen köýneginiň etegini ak köpük edip öňüne döküp, hyrydar nazary bilen seredip, gözi bilen gepleşip otyrdy:

— Ajygypsyň-da, meniň mähriban kombatym?

— Men açlyga bolamok, sen ony bilýäň-ä...

— Sen söýgä gezek gelende hem hemişe açdyň...

— Heý, munuň ýatlap ýören zadyny, eýsem, seniň ýaly süýjäp barýan bal gelin ýanyňda mahaly dok bolup bol-

ýarmy?

— Naharyň tagamlymy?

— Dişiň bolup, çekeläp-çeýnäp bilseňmi?

— Meniň bişirýän naharlarymam sen halap iýip, meni begendirýädiň...

— Seniň eliňden tagam iýmegem bagtdy-da näme, sen naharyňy mähriňe, söýgi-höwesiňe garyp bermäni-de oňarýadyňam-da. Şeýdip berlen tagam ýaly bir lezzetli zat bolarmy?

Olar şeýdip düwleni orta alyp, süýjeşip özleriniň är-aýal gürrüňlerine gyzyşyp otyrkalar, gojanyň pikiriniň ýene bir bölegi, bu gepleşigiň ýeňsesinde bar bolan, hyýalda bir wagtda diýen ýaly peýda bolan başga bir gürrüňçilige alyp barýardy...

— Başyna agyr söwdalar düşen meniň mähribanym! Senem indi meniň ýaly garransyň, Görogly ýaly süýrenip, Ýyldyz dagyň gowagyna özüňi ataýmaly bolansyň, tanar ýalam bolan dälsiň, men-ä indi hut şol Puşkin şahyryň deňiz boýunda kempiri bilen gojasyna meňzän bir zat... Senem tanar ýaly bolanam dälsiň, haý, şol diwarda asylgy duran suratdaky tüňňimaňlaý kakaňa meňzän bolsaň gerek? Gyzlar, köplenç kakalaryna meňzegiç bolýarlar. «Gyz kakasyna, oglan daýysyna meňzese gowulyk» diýlip, munuň ynanç-yrym ediläýmesem bardyr. Mamaň saňa: «Kakasynyň gyzy» diýip nygtamagy hem şunuň üçin dälmidi, nä, eýsem... Seniň Elmanyňam indi bir bakyşda seni ýatladyp goýberýär. Öz çagaň-da näme! Hany, meniň ol göwräňde özüň bilen alyp giden balam nähili, oglanjyk bolan bolsa-ha, ol agasy Elmanyma meňzeýändir, gyzjagazam bolan bolsa, olam ähli garyndyly çagalar ýaly görmegeýdir hem birazam bolsa maňa çalym edýändir, öz garaýşy bilen, boý-syraty bilen meni seniň ýadyňa salýandyr...

Meniň ýene-de iki sany mähriban gyzlarym bar, olaram

syratly, görmegeý maşgalalar, olaryň ulujasy ejelerine meňzeş, körpäme bolsa: «Şu erkek jynsyna degişli bolaýanda, agynjak kakasynyň özi bolardy» diýip gürrüň edýärler.

...Sen aman galypsyň, bagtym, maňa şol bolýar. Seniň barlygyňy eşitmek, eýsem, bagt dälmi näme?! Taňrym seni öz penasynda saklapdyr, belki, ol meniň balamam aman saklandyr? Käte, öz pikir edişim ýaly, Taňrym meni erbedem görmeýän ekeni.

Ýöne bir zat düşnüksiz. Sen bar bolsaň, bizi-de, nirdeligimizem özüň bilýäň. Bir ýerden bir habar düşäýjegem ýaly welin, belki, bolan däldir-dä...

Durmuşa-zada çykyp, gowy ornaşan bolmaly, belki, Hudaý! Sen gowy ykbala mynasyp gelnem-dä, Bertam... Ha, ýöne bizden düwlüpsiň-dä... Bildim weli, arman, indi gaty giç-dä...

Gojany bu gezek özüne getiren zat, häliden bäri sarsman diýen ýaly ýatan düwleniň, garaşylmadyk wagtda, birden alatapyrdy bolup, otlanan motoryň sesinden beleň alana meňzäp, ýatan ýerinden gozgalaňa düşüp ugrabermegi: «Waý, gitdim!» diýýän ýaly mojuk-mojuk gygyrybermegi boldy. Ol özüni gerimlenip daňlan ýüpden sypjak bolup soňra şeýlebir dyzamak dyzanyp ugrady welin, gaýyk leňňer alyp, hä diýmänem düňderilip, gapak bolarly bolup göründi. Goja birbada nämäniň nämedigine düşünmedi, ýöne nämedir bir zadyň bolanlygynyň welin ujy iki däldi. Düwleniň bu bolşy onuň öz bendiliginiň hak manysyna, elhençligine diňe häzir has anyk göz ýetirene meňzeýärdi. Ol hamala bu boljak zatlara öňünden aň edip bilmänligi üçin, öz kellesinden ar alýana, ony ýaryp dynmagyň ugruna çykana meňzäp, ýatan ýerinde ony «gütde-gütde» gaýygyň düýbüne urýardy.

Goja ýagdaýy anyklamak üçin ýene bada-bat ýaňy ugrugyp

barýan gaýygynyň badyny aldy. Düwleniň bu basga düşmesini birbada kimden görjegini bilmän, häliden bäri ýolboýy öz obadaş ýigitlerinden ýumşuny bitirenleri üçin minnetdar bolup gelýänine hem seretmän, pikirinde olara igendi:

— Aý, zalywatlar, düwlen diýlende-de munuň ýaly madardadyny tutman, kiçirägini tutaýanyňyzda bolmadymy? Bu zaňňar kiçiräk bir öküzçerägem bar ahyryn -- diýip, bir pursat öz-özünden gulgula düşdi.

Her zat edibem bolsa düwlene gaýygy düňderdäýmeli däldigine goja ýagdaýdan çen tutup, dessine deňizçilerçe özi üçin aýgyt etdi. Deňagramlylygy saklamaga kömek etjegini ýatlap, ilki bilen gaýygyň içinde ýatan kürekleri alyp, olary haçan gerek bolanda ulanar ýaly edip öz ýerlerinde berkitdi. Düwlen gaty gidip zomap, gaýygy agdararly bolanda, onuň bilen şol ýatan ýerinde haklaşmak üçin, ujy gaňyrçakly çişini hem ýanyna çekip, hyzmata häzir edip, taýynlap goýdy.

Goja düwlene haýsydyr bir zadyň täsir edenini aňsa-da, ýöne onuň nämedigine wagty bilen düşünip bilmedi. Düwleniň bolşuna görä, onuň tutgaýlydygyny pikir edip, häzirem bir sebäp bilen onuň şol tutgaýynyň tutanlygyny pikir etdi. Ol häli parahat ýatyrka, murtlary syh-syh, pälwansypat, äpet bir adam çagasy gundalan ýaly gundagly ýatana meňzeýärdi.

Soňra düwlenleriň il içinde, köplenç, deňiz iti diýip atlandyrylýandyklaryny, olaryň bu ady öz ite meňzeşlikleri, ýakymsyz it häsiýetleri bilen gazanandyklaryny, adaty it häsiýetleriniň deňiz itlerine hem mahsus boljagy, it başynyň bolsa yssa bolmaýanyny, oba itleriniň yssy günlerde baş sokara deşik gözleşip, ikibaka elewreşip, kakynyşyp-silkinişiberýändigini ýatlap oýlandy.

— Bu zalywadam Güne bolmaýan borly, şeýdip ýalaňaç dagy ýatsaň, ýakybam barýandyr? — diýip, töwerekde duran güýz yssysynyň ýiti bolýanlygyny ýatlady.

Düwlene özüniň kömek etmelidigine ynandy. Ol soňra tüňçesini aldy-da, onuň bilen deňizden susup-susup alyp, düwleniň guran arkasyna, oňa köşeşmäge kömek etjegine ynanyp, şarpyldadyp suw sepmäge durdy.

Barybir, düwlen boşap gitmegiň ugruna çykana meňzäp, bu höre-köşe bilenem köşeşmedi, saralan ýüplerini ýolup taşlamak isläp, janyna jebir edip gygyryp, şol urundy ýatdy. Gojanyň ýadyna düwleniň obanyň çetinden «bar-bar bagyryp» barjagy düşdi.

Gaýygyň içinde hem suwdur gan gatyşykly çaýkanyp duran kölçe emele gelipdir. Şolbarmana gaýygyň biraz çep gapdala eňňit atan mahaly goja has-da birahatlandy, düwlene urna-urna gaýygyň ortasyndan onuň çep böwrüne has golaýlaşmak başardypdy, şonuň üçinem goja ol ýene biraz süýşse, onuň agramy bilen töwerekdäki bökjekleşip ýören keýpihon tolkunlary susup alarly, soňundanam şeýdip birýaňa agdarylyp giderli görünýärdi. Deňagramlylygy saklamak üçin ilki gojanyň özi oturan ýerinden gaýygyň sag gyrasyna süýşdi, soňra aýagynyň arasynda saklap oturan azykly haltany hem şol tarapa süýşürdi, aşakda eýläk-beýläk togalanyp, takyrdap ýatan, heniz daşyna mata oralyp ýygnalmadyk boş taňkany-da alyp, düwleniň indiki hereketiniň öňüni almak üçin, gaýykdyr oňuň erňegine tarap ýakynlaşyp gelen düwlen bilen aralyga direg edip ýerleşdirdi, soňundanam ol ýere goýaýar ýaly ýene näme barkan diýip, töweregine seredip, nazary bilen delalaty degäýjek ýene-de nämedir bir zatlar gözledi. Gaýygyň özünde gojanyň ýany bilen alan tory otlamaga taýyn edilip goýlan odun böleklerine meňzäp, üýşmek tutup durdy. Goja häzir ony gerek bolanda alaýar ýaly elýeterinde goýmanlygyna ökündi, häzir ol golaýda dagy bolaýanlygynda, oňa motory hem gaýykdan goparyp alyp, dolap agramlylyk edip sag tarapdan sallap bolaýjak ekenligini ýatlady. Ýöne şeýdibem bolsa az-kem-de

deňagramlylyk gazanylansoň, goja biraz arkaýynlandy, şundan soň oňa gaýygyň motoryny tora dolap, onuň sag ganatyndan agramlyk edip sallamagyň geregi hem bolmady.

Düwlen duýdansyz tebil alyp, telbelenip alşy ýaly hem ýene-de, duýdansyz rahatlandy. «Beýdip ýol almajagyny bilen bolmaly ýa-da tapdan düşüp, halys ýadady şi gara dogan, birsalym gidişib-ä aldy, zalywat!» diýip, goja şundan soň kanagatlanma bilen oýlandy. Başagaýlyk saplanansoň goja düwleniň töweregine aýlanyp, saralan ýüpüň ýaňy ol dyzan wagty telim ýerde dartylyp, onuň tenine batanyny gördi. Düwleniň biraz mundan öň özüniňki däl ýaly jalka-jalka, dözümlilik bilen gaýygyň düýbüne uran kellesiniň töweregi hem ganjarypdyr.

Şeýdip düwleniň öz kellesine, gözüne zeper ýetirenligini pikir eden mahaly, gojanyň tizden ony öýüne eltensoň, janawaryň janyna özüniň kast etmeli boljakdygyny hem ýatlap, nebsi agyrdy. Düwlene duýgudaşlyk bilen igendi:

— Beýdip däliremän, biraz ýuwaşrak bolaýanyňda bolmaýamy? Kelläniň-ä işini görüpsiň, urduň-da gaýgyrman tarpyldadyp-tarpyldadyp... aşaky gözüňe zeper ýetirdiň öýdýän. Şol ýerde gan koky bar...

Soňra goja düwleniň gapdaly bilen onuň göwnüne gulgula salman geçip, gaýygyň öňündäki tory düwlen ýeneki bir däliräp alanynda oňa kömek eder ýaly, onuň kellesiniň aşagyna süýşüresi geldi. Ýöne oýurganyp, düwleniň öz etmekçi bolýan ýagşylygyna başgaça düşünip, onuň tebil alyp, täzeden öz bulagaýlygyna başlamagyndan çekinip, ol pikirini ýene-de goýbolsun etdi.

Gaýygyň küreklerini uçjak guşuň ganaty ýaly galgadyp-galgadyp oturşyna indi assa-ýuwaşdan bu ýerden ugrap gitmegiň pikirini etdi.

Ýagdaý şeýdip biraz gowulanandan soň, goja ýeriň giňişligini

alyp, arkaýynlanyp, umumanam düwlen awlamagyň hiçneneň däldigi hakynda, onuňam balyk tutmakdyr guş awlamak ýaly, özi-de wagtal-wagtal aýal-gyzlar ýaly çakyp-taýdyryp duranlygyna seretmezden, adamzadyň uzynetegiň yzyndan galmaýşy ýaly, onuň hem yzyndan galmaýanlygy barada adamzat döräli bäri, herhili ýagdaýlaryň bolýanlygyna seretmezden adamyň aýaldyr awuň yzyndan galman gelýänligi, şeýdibem onuň dogry edenligi, ýogsam, adamzadyň bujagaz gününem tapmajak ekenligi hakynda ykbala minnetdarlyk bilen oýlandy.

Deňizde hemişe-de gowy pikirlenilýärdi. Onuňam alys bir ýere dynç almaga gideniňde indi bireýýäm ýatdan çykyşyberen tanyş-bilişleriňi ýatladyşy, onsoňam şol ýerden süýjedip hat ýazdyryberşi ýaly, edibermesi bardy. Ýatlamasy wajyp bolan, bireýýämden bäri ýatlanman, ýatdan çykyşyp barýan zatlaram şonda ýada düşerdi.

Şeýle-de goja deňzi synlap, aňsat terbiýeläp bilmedik ynsanlarynyň oýlanmagyna, dünýä düşünmegine kömek etmeklik üçin ony Taňrynyň şeýle syrly, şeýle köpmanyly edip döredenligini pikir edýärdi. Ýöne şol başda Taňrynyň diýenini etmän, heleýine gulak salyp, Taňrynyň iýme diýen miwesini iýip, hökmürowanyň akylyny alga alman Jennetden kowlanlaryň nesilleriniň hem irde-giçde düzeljekdiklerine, bu barada näçe pikir eden hem bolsa, ol asla ynanmaýardy. Şeýle-de bolsa deňizde pikirlenmek goja hemişe ýakymlydy we şonda gowy-gowy pikirler ýakymly bir saz bolup, lummurdap onuň kalbyna dolardylar.

Ýeňseden bir ýerden düwleniň tanyş sesi eşidilen mahaly, goja ähli zady unudyp, tisginen ýaly bolup, ýalta ýeňsesine öwrüldi. Ine, saňa gerek bolsa, şonda ol iki sany birmeňzeşje düwlen çagalarynyň nakys tumşujyklaryny suwdan çykaryp, gaýygyň töwereginde oýtarylyşyp ýüzüşip ýörenlerini gördi

hem diňe häzir düwleniň ýaňky tanapyna towsup guduzlamagynyň düýp sebäbine düşünip galdy. Ene düwleniň ýaňy öz yzy bilen gaýygy kowalap garama-gara gelýän çagalarynyň golaý gelenligini duýanlygy, onuň öz saralan ýüplerini gyryp, çagalaryna goşulasy gelendigi şonda belli boldy.

Şundan soň goja ýene-de, öňünde gölerip ýatan ene düwlene tarap öwrüldi:

— Ýeri-how, gara gelin, seniň neberäň, asyl, yzdan elemtas bolşup, kowgy bolup gelýänem ýaly-la. Olaryň öň-ä eýýäm göründi. — Goja bu sözi aýdanda öz ýaňky ýeňsede gören düwlen çagalaryny hyýalyna getirdi. — Sen şulaň ysyny alyp guduzlansyň, zaluwat! Saňa «samsyjak» diýse-de bolar, ýöne men «biçäre» diýäýeýin? Şol dogry bor. Beýdip şatyrdadyp daňlaňsoň seniň dyzap, bagyryp aljak galaň bolarmy? Kysmatdyr-da, nätjek?! Saňa indi diňe günüňe kaýyl bolup, şeýdip akyllyja bolup süýnüp ýatybermek galýar...

Goja gürrüňini hamala düwlen özüne düşünip, diňläp ýatan ýaly, ol dyzandygyça ýüpüň onuň tenine çümüp barýanlygyna gynanyp, ýaşuly bolup haýsydyr bir bulagaýlyk eden ýaş-ýeleňe maslahat berýän äheňde aýtdy.

Goja düwlen çagalaryndan çen tutup, indi bu ýerde eglenç etse, düwlenleriň dükana del haryt gelenini eşiden oba aýallary ýaly ygyp-tozup, ondan-da-mundan-da gelşip durjagyny, töwereginiň murtly düwlen tumşugyndan doljaklygyny pikir edip, gaýygyny sazlap, ýola düşmek bilen boldy.

Häzir töwerekde güýzüň tomsaberimsiz gurakdan gelen asudaja güni bardy. Hemişe şeýle bolanda bolşy ýaly, çogly Gün depede bolup, ýaý berip, ýeňsä çekilen gözýetimem häzir allowarradady.

Ýöne düwleniň biraz mundan ozalky döreden garaşylmadyk başagaýlygyndan soň, henizem oňly özüne gelip bilmän otu-

ran gojanyň bu gowulyga ünsi oňly düşmeýärdi. Ol henizem düwleniň döreden başagaýlygy bilen bagly pikirleriň arasynda bugaryp ýördi.

Gaýygyň badyna göterilen, pasyrdyly howlukmaç şemala kükregini, ýüz-gözlerini sypaladyp oturşyna dikanlap alysa seredýärdi, kalbyna giňlik berip, aladasyny egisýärdi. Haçanda goja özüne gelip, töweregindäki güýzi duýup, ol baradaky oý-pikirlere imrinip ugran mahalynda eýýäm düwleniň ýaňky bulagaýlyk edip alan ýerinden eýýäm ençeme menzil uzakdady, şeýle-de bolsa gojanyň öz atlandyryşy ýaly: «Gara doganynyň» täzeden bulagaýlyk etmejegine asla ynamy ýokdy, ýogsam düwlen häzir gününe kaýyl bolup sulhubam ýatyrdyla. Şeýle-de bolsa öýe baryp düwleni kenara agdarýançaň, ondan soňam, tä onuň damagyna pyçak goýýançaň hüşgärligi elden bermeli däldigi, beýtmegiň howpludygy hakyndaky pikirlerem gojanyň hemişe başyndady.

Goja güýzüň yhlasyna ylygansoň, ilki biraz onuň häzirki pursatda töwerekde gowulyk, dünýäň ýüregine giňlik bolup duranlygyny ýatlady. Onuň entekler şeýdip gowulyk bolup oturjagy hakynda, güýzüň barha öz welaýatynyň törüne golaýlaýanlygy hakynda, şeýle bolansoň onuň ýene-de tizden öýkelän tosun gelne meňzäp, depesine lemmer-lemmer gara bulutlary göterip, deňzi çaý-çanak edip çaýkap, gören zadyny gabşyryşdyryp, aňyrsy birsalymdan dünýäni ýumrup dynmagyň ugruna çykana meňzejekligini pikir etdi.

Ol, umuman, özi bilen gylykdaşrak görýänindenmi-nämemi güýzi özge pasyllardan ilerläbräk gowy görerdi. Onsoňam şeýle güýz hemişe gojanyň argyn kalbyna özboluşly rahatlyk bererdi, güýzüň sargylt-goňras parasat ýapynjasyny ýapynanlygyna ynanyp, pikir etmek onuň üçin hemişe ýakymlydy.

Soňabakan goja ýaňky düwleniň turzan harasady mahalynda duw-dagyn bolan pikirleriniň indi ondan-mundan

gelşip, çagalarynyň işlisiniň işinden, okuwlysynyň okuwyndan... agşamara öýe dolanyp gelişleri ýaly, kem-kemden olaryň hem ýene-de öz töwereginde jemlenişip ugrandyklaryny duýdy. Ol özüni gylyk-häsiýeti boýunça «ýoldaşly adamlaryň» birisi hasap edýärdi, o-da hemişe diýen ýaly gezen ýerlerinde öz iş-aladalary bilen bagly pikirleri bilen birlikde, çagalary bilenem içinden, käte sygman-da daşyna çykaryp öz-özi gepleşip gezerdi.

Keýpine görä, haýsydyr bir sazyň tabyna görä hiňlenen wagty hem aýdymyň sanamaly sözlerine derek, Elmanym, Tumarym, Tuwagym... diýip, sazlaşyga öz çagalarynyň atlaryny salyp, olaryň ýakymly çaga häsiýetlerini ýatlap, hiňlenip gezerdi. Haçan-da çagalar ulalyp, öý-işikli bolansoňlar, hiňlenmesiniň sanawynda ejedir kakalarynyň ýerini olaryň çagalarynyň mähriban atlary eýeläpdiler.

Şonuň üçinem ol: «Ýoldaşly adamlar bolýar» diýip eşideli bäri, özüni öz ýanyndan şolaryň birisi hasap edip gezýärdi.

Deňiz depesinde atgaýtarym meýdany tutup kesmekläp, tolkunlaryň gerşine atylan gara keçä meňzäp ýaýkyldap ýatan nebit galyndylaryny gören wagty, goja hamala töweregiň nebiti öz motoryndan uçgun alyp, labyrdap ýanyp ugraýjak ýaly, ýene-de dessine gaýygyň badyny aldy.

Suwuň üstünde bölek-bölek gara keçe bolşup ýaýkyldap ýören nebit galyndylaryna haýpygelijilik bilen seretdi. «Bu ýerde nebitiň beýdip ýatmagy nämedenkä?» diýdi. Çak bilen özüniň deňziň nirerägindedigini anyklansoň, ilki Krasnowodskiden gäbine, ne diýdiň nebit gähnän ýük gämileriniň ýakynda bu ýerden geçenligini, käte şolardanam şeýdip nebit önümleriniň galyp, ýagjaryp ýatýanlygyny ýatlady. Goja indi özüni bilip ugran oglan günlerinden bäri nebit daşaýan äpet gämileriň hemişe şu golaýdan Orsyýete sallanyşyp-sarkyşyp geçýänlerini görýärdi. Ýöne bu gezek welin töwerekdäki

harsaň baglap ýatan nebit önümleri hemişeki ýükli gämi geçende suwuň ýüzünde galýan ýok-ýolamyň çaky däldi, ol has gala görünýärdi.

Goja özüniň nebit gory bilen dünýä belli ýerleriň birinde duranlygyny ýatlansoň: «Hä, deňiz astynda, ýeriň gäbi bir ýerden yş beren bolsa gerek, ýogsam munça-da bir galyp-gaçan nebit bolarmy? Iki-üç aýlykda: «Ýer birküç bal goduklap aldy» diýipdiler welin, ýa şonuň-dagy täsirimikän? Onda bu nebit şondan bärem syzyp ýatan bolmaly, muny ol yşy gözläp tapyp, soňra partladyp-zat edip ony ýapýanlar dagy görmeýämikän, beýdip dursa-ha bi biziň arassaja kenarlarymyzam Baku kenarlaryna meňzeder. Hemişe gämi geçendäki galýan hele-küş zat bolsa deňiz ony bireýýäm çalyp-çaýkap öz süňňüne siňdirip goýbermeli ahyryn» diýip, ol gojalara mahsus biynjalyk pikirler bilen aladalandy.

Haçan-da pikir tüweleýi köwsarlap, ýene birýerlerden Bertaly ýatlamalary getiren mahaly, gojanyň tizden özüniň niredeligini unudyşy ýaly, töwerekdäki ýap-ýaňam haýpyny getiren nebit isripçiligini, öňünde ýatan düwleni, öýde gapa göz dikip ýatan Umman enäni... ähli zady unudyp, pikire batyp, ýene-de öňküsi ýaly, şol ýoldaşly adama öwrüldi.

...Bertasyz galansoň Balkan üçin ýakymy, tagamy bolmadyk hasratly, tukat durmuş başlanypdy. Onuň gelşikli zenan bedenine çolap geýen geýim-gejimleri, ellän gap-gaçlary, ol günler öýdäki ähli zatlar Bertany ýada salyp, ony örteýärdi. Has-da Elmanyň ejesiniň giden tarapyna, deňze eljagazyny uzadyp: «Ejeme gitje-geý, eý!» diýip aglap ugramagy onuňam, ejesi Otaganyňam ýüregini dilim-dilim edýärdi. Şeýle pursatda, köplenç, Balkan «hüw» diýip, öýden başyny alyp çykyp giderdi. Bertanyň «Gark boldy» diýlen ýerine gaýykly baryp, çilim çekip, pikirinde onuň bilen gürleşip oturardy:

— Sen bizi kime goýup gitdiň, Bertam?

— Şeýle boldy-da näme, meniň mähriban kombatym...

Şonda onuň ýene-de biraz derdi ýeňlän ýaly bolardy. Ýöne köplenç öýe gelende, özüni oguljygynyň «Ejem!..» diýen zaryn sesi garşylaýanlygy üçin, onuň hiç öýe aýagy çekmezdi. Oguljygyny köşeşdirmek üçin ony ejesiniň elinden alyp, özi bagryna basyp elenerdi. Eger şol günleriň birinde ykbal gözýetiminde Umman görünmedik bolanlygynda bu hasratly, hunabaly günleriň ýene-de näçe wagta çekjegi-de, soňunyň nähili gutarjagy-da belli däldi.

Bir gezek bolsa Elmana ony-muny görkezip, birsalymam bolsa güýmäp agtygyna ejesini ýatdan çykartmak üçin öýden çykyp giden Otaga dagy yzlaryna gaýdyp gelenlerinde, Umman bilen üç bolup gelipdiler.

Umman şol Berta gark bolaly bäri bu öýe gara bermändi. Ol bir işine baraýmasa, özge ýerlerde hem asla görnüp ýörmeýärdi. Hasrat çekip, özüçe jorasynyň ýasyny tutýandandy.

Elman bir gezek enesi bilen tirkeşip ýörkän oba sowetiň jaýynyň gapdalyndan geçip barýarkalar, öň bu ýere ejesi bilen Umman daýzasynyň ýanyna gelýändiklerini ýatlapdyr. Soňundanam şol ýere diýip, oba sowetiň jaýyny enesine görkezip: «Ýör, daýýa, daýýa bar» diýip, onuň elinden çekip goýmandyr.

Umman olary görenden tisginip, syçrap ýerinden turup, barybam Elmany gujaklap aglapdyr. Häzir ony, aýrylyşasy gelmän, bu ýere alyp gelenem şol Elman ekeni. Umman şol gezek Elman bilen oýnap, ony sallançagynda uçuryp, iýdirip-içirip, diňe ol uklandan soň öýlerine gaýdypdy.

Balkan Ummanyň horlanan ýüzüni, höwelen gözlerini gören wagty: «Bertam bizem-ä ýakdy welin, munuňam-a üstünden ahyrzaman inderipdir» diýip oýlanypdy.

Balkan Ummana öýlenen mahaly Elman indi bireýýäm-

den bäri ony özüne eje tutunyp ýördi, oňa kemsiz höwrügipdi. Gujagynda ýatanda-da, ejesiniň gujagynda ýatandakysy ýaly, onuň memmelerini süsüp-süsüp ýatýardy.

Birdenem gojanyň ýadyna iki-üç ýyllykda Aşgabada geçip barýarka Krasnowdskide özüne sorag salyp, öýüne darap geçen dosty Astahowyň aýaldogany düşdi. Goja ony görmändi, nesibe-dä, ol şol wagt kempiri bilen Gazanjykda agtygynyň öýleniş toýunda gezip ýördi. Bu dolmuş, rus aýalynyň adamsydyr iki agtygy bilen sorap, öýüne gelip gidenini, gojanyň maşgala bolup düşen suratyny sorap ýadygärlik alanyny, Elmanyň çagalarynyň suratlaryny öňüne goýlan albomdan görüp: «Baý, bularyň meňzeşje-meňzeşjediklerini, rus çagalary ýaly ekeni, seret, meniňem agtyklarym-a bulara biraz çalym bermänem duranoklar...» diýipdir. Soňundanam: «Wah, bu bagty doganym Astahow görmedi-dä, ol öz kombatyny, gör, nähili küýsäpdi» diýip hamsygypdyram...

Bu zatlary şonda, goja toýdan dolanyp gelensoň, ähli toýçularyň yzyna seretmäge öýünde galan kiçi gyzynyň adamsy gürrüň beripdi.

Şeýle-de bolsa goja dostunyň aýal doganynyň sesini eşitmek miýesser bolupdy. Goja myhmanlaryň Nebitdaglygam bir aladalarynyň barlygyny, olaryň ogly Elmanyňka-da darap, soň aňry--Aşgabada geçjek... diýenlerini eşidip, gelşine dessine oglunyňka jaň edipdi. Ine, nesibesine olaram şol ýerde bolup, heniz gaýtman ekenler. Şonda goja dostunyň aýal doganyny özüne derek oglunyň myhman alyp, hezzet-hormat edenine guwanypdy. Telefonda gepleşipdi. Ýöne ol aýalyň juda tolgunany üçin kän gowy gepleşip bolmandy. Ol: «Dostuňyz seni hemişe ýatlaýardy, Germaniýany ýatlaýardy hem seni söýýärdi, diýseň söýýädi... Ol hatda, maňa-da siziň diliňizi biraz öwretdi. Men seni juda söýýän» -diýip, gürrüňiniň arasynda başly-baradyrak türkmençeläbem goýberipdi.

— Seniň bagtyňy görüp, men şat boldum, meniň mähriban doganymyň dosty, gowy ogluň, gowy gyzlaryň, agtyklaryňam bar ekeni. Ýöne, gynansam-da, seniň bu bagtyňy dostuň-- kapitan Astahow görüp bilmedi-dä... Guwanardy... Ol seni diýseň eý görýädi. «Meniň mähriban kombatym!» hem diýipdi.

Ýöne goja soňra Astahowyň aýal doganydyr onuň giýewsine: «Krasnowodskä geliň, sizi bu ýerde özümem bir hormatlaýyn...» diýse-de, olar eýýäm özleriniň ýene iki sagatdan otly bilen Aşgabada ugrajak bolşup oturandyklaryny aýdyp, ol ýerdenem erte Moskwa uçmalydyklaryny ýatlaşyp: «Nesip bolsa, ýene geleris!» diýip, yzlaryna dolanmaga razy bolmandylar. Goja şonda soňundan: «Hä, dostum Astahowyň özi bolan bolsa-ha, ol meni görmän gitmezdi» diýip, onuň aýal doganyndan biraz göwnem edipdi: «Onda täze ýyl tomus maşgalaňyz bilen meniňkä dynç almaga geliň, meniň ýaşaýan ýerim deňziň etegi, tüýs dynç almaly ýer!» diýip, myhman zenan bilen hoşlaşypdy.

Ýöne Astahowyň aýal dogany, şol gezek soňra gelmäge söz berenem bolsa, ne täze ýylda gara beripdi, ne-de ondan soňky ýylda.

Goja ýene-de halys oýa berildi, ýagarman ýaz bulutlary ýaly kowçum-kowçum pikirler häzir ýene-de onuň başynda pelesaň urşup, aýlanyşyp ýördüler. Birde onuň göz öňüne öz tanklarynyň söweş meýdanynyň içi bilen Berlin diýşip, daýyrdaşyp baryşlary gelse, ýene birde-de ol hemişelik gözünde galan nemes şäherçesine, öz Bertasynyň huzryna barýardy. Astahowdyr beýleki esgerler ýene-de onuň ýanyna çilimleşmäge üýşýärdiler...

Şolbarmana haýsydyr bir zadyň ýada düşenligi belli bolup, goja oturan ýerinde leňňer alyp tisginip gitdi, onuň haýsydyrbir ozal asla ýadyna-köýüne düşmedik bir pikiriň

ýakasyndan ebşitläp tutany belli boldy.

Ol:

— Wah, ol: «Men Astahowyň dogany» diýip gelen meniň öz Bertam bolsa näme! — diýip, ellerini şarpa iki dyzyna uranyny hem duýman galdy — He, he-heý, özi türkmen dilini bir oýnam bilmeýän Astahow doganyna nädip türkmençe öwredip bilýämişin eýsem?! «Men seni söýýän, bagtym!» «Men seni söýýän, kombatym!». Eýsem, bu meniň Bertamyň eý görüp, gujagymda, özüniň gyzgyn demini demime garyp, boýnumdan gujaklap diýýän sözleri dälmidi näme?!

Alaçsyzlykdan gojanyň gözleri gubarlandy, ýene-de töwerek ümür gaplap, tüsseläp durana döndi.

Goja birsalymdan özüni alyp, haltasyndaky suwly gabyny ýatlap, ony bir eli bilen sermeläp tapyp, bir owurt suw içen mahaly suw bokurdagyna tekge bolup duran agy düwnüni hem aňyrlygyna syryp giden ýaly boldy.

Hälki segreşip-segreşip tolkun bolşup asmana göterilen pikirleriň ahyrsoňy gaýnagynyň biraz gaýdyşan mahaly goja häliden bäri gaýygyň ik-üç gulaç golaýyna gelşip, suwdan boýunlaryny çykaryşyp ýören iki düwleni gördi. Olaryň ikisi-de hemişe bol-telki iýşip-sypanyşyp özlerine timar berşip ýören gelinler ýaly, ikisi iki ýerden ýalp berýärdiler. Goja düwlenleriň beýdip boluberişlerinden hasap tutup, olaryň şol ýaňy gaýygyny gaty sürüp, özüniň yzda galdyrdym edip gaýdan düwlenleridigine düşündi. Baş atyp, olary gürrüňdeş edindi:

— Hä, gara doganlar, onsoň, şeýdişip, telim tirkeş bolup-da gelýäsmi?... ozalynda-ha bize bir düwlen gerekdi, indi sizem gidermen bolsaňyz, onda, ýörüň, ýöräbereliň, bärden tirkeşip barsak: «Biziň deňizden bir düwlen algymyz bardy, sen bolsaň bulaň üçüsini getiripsiň» diýip, bizi yzymyza kowan-a bolmaz...

Düwlen çagalary eneleriniň gölerdilip ýüklenip alnyp

barylýan gaýygynyň töwereginde, ondan aýrylyp bilmän, çümşüp-çykyşyp, bir onda-bir munda görnüp, wagtal-wagtal gygyryşyp, bir-birleri bilen öz dillerinde gepleşýän ýaly bolşup pelesaň urşup ýördüler. Özleri-de olar hemişeki adam gördükleri: «Ýamandan — ýaý boýy...» diýşip duran-duran ýerlerinden tebil alşyp, gaçyp gidýän düwlenlere-de känbir meňzemeýärdiler, aňsat gidermenem däldiler. Ýöne tyňkyja düwlen çagalarynyň ikisiniňem enelerinden jyda düşeris öýdüp wehim edýändikleri, şolbir wagtda hem: «Belki, enemizi bir ýol bilen halas edip bolar, onsoň biz ýene-de bagtly bolarys...» diýen tamalarynyň hem barlygy duýulýardy.

Goja düwlen çagalarynyň elewreşip, enelerine janköýerlik edip boluberişleriden çen tutup: «...Indi bular gaýyk oba ýetip kenary süsýänçä biziň yzymyzdan galmasa gerek» diýip oýlandy.

Düwlen çagalary gojanyň özleri barada oýlanyp, onuň eräp ugranyny duýan ýaly, goşa ýumruga meňzeş nakys tumşuklaryny syh-syh bolşup duran, özlerine judabir gelşip-de barmaýan murtlaryny görkezmäge gelýäne meňzeşip, hasam gaýyga ýakyn geldiler. Goja olaryň gözünde gözýaşa meňzeş nemiň buldurap gidenini hem gördi. Öz ýanyndan:

— Adam: «Aglasa enem aglar, galany ýalan aglar!» diýýärem welin, enelerine bir zat bolsa, çagalaram olardan kem örtenmeýän bolarly. Magtymguly aga hem aýtmanmy näme:

Bir güýçli duşmana duşsa mekejin,
Jojugyny gizlemeýen bolarmy?

Aý, hawa-da, aýralyk ýüki gerdene düşende, eýsem, onuň haýwanda-ynsanda sarsgyn bermeýän ýeri barmy?

Şeýdip, häzir deňziň ortasynda, öz gaýygynyň töwereginde durmuşyň bu guran sahnasy goja birkyýama, Bertanyň birmahalky düşen gara gününi bilmezden ýatladýardy.

Onuň ýene-de gözüniň öňünde şol eşideli bäri ýatlap-

ýatlap, henizem hiç göwnüne jaý edip bilmeýän wakasy janlandy... Ýap-ýaňyja Ummanyň elindäki küregi hütläp kükregine degen mahaly onuň badyna gaýygyň üstünde saklanyp bilmän, arkan serpilip, pa yldap suwa düşüşi, indem onuň bu garaşylmadyk hereketine asla düşünip bilmän, ör gökden gelen, çümmän suwuň ýüzünde saklanjak bolup gaýygyň ha o ýerinden, ha bu ýerinden ýapyşmaga synanyşyp, elenip gan eňreýän, ýöne entegem öz kastyna çykylanyna ynanyp bilmän, Ummanyň ýüzüne aman diläp seredýän Bertanyň biçäre keşbi janlandy. Gaýygyň üstünde bolsa häzir gany depesine urup, özüniň näme-näme edýänini halys unudan Umman elindäki uzyn saply «naýzasyny» gaýgyrman, Bertanyň kükreginden indererli bolup durdy...

Berta aýaklaryny debşenekledip, ýüzüp gelip, özünden ýap-ýaňyja biraz ürken ýaly bolup ýeňsä tesen gaýygyň bir gyrasyny gujaklapdy. Gark bolup barýanyny mälim edip hopugyp dem alýardy.

— Ýeri, Umman, bu seniň näme etdigiň ahyryn?..

— Sen, aslynda, näme üçin şu ýurda geldiň, faşist?! Ärsiränsiň... Hä, saňa öz iliňde tapylmadymy är? Ýa ol faşistleriň hemmesini gutardymy biziňkiler paýhynlap?

Bu pajygaly wakany Balkan ilkinji gezek şeýdip, Şirwanyň öýünde onuň gürrüňlerini diňläp, aňk bolup otyrka göz öňüne getiripdi. Soňundanam ol wakanyň bolanyna, geçenine indi ondan bäri är ömrüniň geçenini unudyp, dek şol pursadyň özünde gaýygyna atlanyp, Bertasyny halas etmäge gidesi, ýetişip, onuň golundan çekip, suwdan garbap alaslary gelipdi. Içinden: «Gör, men seni kime ynanan ekenim?!» diýip, öz-özüne käýinipdi. Harasady içine sygman, gaýnaýan ýaly bolup: «Oh-ho-how...» diýip, gözýaşyny saklap bilmän, sessiz aglapdy.

Şolbarmana hem ol töwerekdäki gözleri gubarly düwlen

çagalarynyň haýsydyr bir haýwanlar däl-de, olaryň şol Ummanyň gaýygynyň töwereginde aglap aman dileýän öz Bertasydygyna ynandy. Gojanyň kalby leňňer aldy.

Goja goşhaltasyny täzeden dörünip, ondan çakgysyny gözläp ugran mahaly, onuň haýsydyrbir hyýala müneni belli boldy. Indi salan ýeriňden şarpa kesýän tyg gerekdi. Kütek tygy dara-direlikde süýkäp-itinip oturmaga mümkinçiligiň bolmajagy bellidi. Ýöne goja öz ýanyna göteren tygynyň judabir alga alarlyk hem däldigini bilýärdi, onuň deregini tutaýjagam başga-da bir ýitije tygam ýokdy, şonuň üçinem bary bilen bazar eýlemek galýardy.

Ol çakgysyny tapyp alansoň, ilki onuň keserini az-kemem bolsa ganymatlaşdyrmagyň ugruna çykdy, ýaňrak termosyndaky iň soňky çaýyny sarkyryp içen käsesini aldy-da, ony dyzynyň üstünde düňderdi, sebäbi ol käsäniň düýbüne çalnan tygyň şeýdeniňde öňküsinden biraz ganymatlaşýandygyna beletdi. Içinden bolsa häli kenarda wagty, suwuň deňziň düýbünden çykaryp taşlan daşlarynyň amatlyrak birini alyp, ony özüniň: «Geregi deger» diýip, gaýygyň düýbüne oklamanlygyna ökündi.

Goja ýitiläp göwnüne jaýlan çakgysyny syryp, haram soýjak ýaly elleriniň ýeňlerini çalyp-çyzgap ör galan mahaly gaýyk haýsydyr bir jandar suw içinden gelip sähelçe süsüp goýberene meňzäp, çaýkanyp gitdi.

Töwerek häzir asmandaky Günüň batar ýerine ýakynlap, onuň şöhleleriniň deňze gytaklaýyn düşýänligi üçin, töwerekdäki nebit galyndylarynyň üsti garaňkyrap, ýörite gara toprakdan taýynlanan suwuk suwag palçygyna meňzeýärdi.

Şonuň üçinem häzir töwerekde bu «palçyga» bulanyp, ýüzüp ýören düwlen çagalary adaty düwlenlerden has garaýagyz hem has ýagjymak bolup görünýärdiler.

Goja indi gaýygyna ýükläp alyp barýan düwleniniň ykbalyny adaty bir aw hökmünde tutulyp ele salnan bendi

düwleniň ykbalyna däl-de, öz ýanyndan ony Bertasynyň düşen gara gününe meňzedenligi üçin, ony şundan soň aňyrlygyna, özi bilen äkidip bilmejekdigine düşündi. Eýýämhaçan ýüküň öz gelmeli ýerine gelenligi-de belli bolupdy.

Düwleni ýüpden boşadyp ugramagy ol ilki öz golaýyndan, onuň guýrugyň töweregine öwrüm berlip aýlanan ýüpleri kesişdirmekden başlamakçy boldy. Ýöne şol barmana-da ýene-de dessine, şeýdäýen mahalynda düwleniň öz boşap giňligini alan guýrugyny bulap, soňra özüne beýleki ýerlerdäki ýüpleri kesmäge maý bermejegine anyk düşündi. Ozalky pikirini üýtgetdi. Düwleni ýüpden boşatmagy ilki şol ýerden başlamagy niýet edinip, usul bilen, urnup-urnup ýasýaňy biraz rahatlanyp ýatan düwleniň gapdaly bilen gaýygyň burun tarapyna aşdy. Işe girişmezinden ozal bu pikirini ýene-de kimdir biri bilenem geňeşäýenini kem görmeýäne meňzäp, öwrülip töweregine gözledi. «Şeýdäýsem kem bolmasa gerek?» diýip oýlandy.

Gün gyzaryp, öz göwresini ýagşy aşak sallan eken.

Bu ýerde halkalanyp boýnuna salnan ýüp düwlen sypmak üçin dyzansa, ony has beter gysar ýaly edilip pugtalanypdyr. Goja ilki ýeňillik bilen şol ýekegat ýüpi kesdi. Indi ortada dört tarapa germeşdirilip çekilen ýüpleri özünde birikdirýän, düwleniň gerşiniň üstünde ýumruk ýaly bolup duran düwün bardy. Häzir düwlen özüniň boşadylandygyna doly ynanyp, dyzanaklap ugramanka harsa şony kesmelidi. Goja şondan soň gerimli ädimläp, ortaky düwnüň alkymyna geçdi.

Düwlen özüniň süňňünde dörän az-da bolsa sähelçe böwşeňligi syzyp ugrana meňzäp, munuň şeýledigini häzir öz süňňi bilen barlap görýän ýaly, gaýyga sähelçe leňňer berip ýatan ýerinden gozganjyrady.

Goja şondan soň şol iki tarapdan çekilişip duran, gelibem

ýene düwne birigýän dört sany tanapyň birini aňsatlyk bilen kesip taşlamak başartdy. Düwlen bolsa henizem garaşylmadyk bir ýagdaýda, hamala gojanyň häzirki özüne etmekçi bolýan ýagşylygyna düşünip rahatlanana, oňa bu ýagşylygy tizräk etmäge maý berýäne meňzäp sulhup ýatyrdy. Has takygy bolsa onuň häliden ýolboýy dyzana-dyzana endamjanyny awy-yza dolduransoň, saralan ýüplerine süňňüniň telim bir ýerini ganjardyp batyransoň, häzirki sähel-mähel ýazylgançylygy duýmaýan bolmagy hem gaty ahmaldy. Goja-da geregi şoldy.

Indi haýal etmän, düwlen özüniň saralgy ýüpleriň kesilýänligini duýmanka, beýleki galan üç ýüpi hem şarta-şarta kesip taşlamalydy. Hatda, iki gapdaldan gelýän tanaplaryň indi ikisini kesibem bolsa, elbetde, bu şol esasy düwnüň eýýäm abraý bilen aradan aýryldygy boljakdy.

Goja düwnüň gapdalyna has golaý süýşüp, ymykly aýak üstünde durmak üçin, çep goly bilen çemesindäki ýüpden ýapyşansoň, düwne gelýän ýüpleriň ýene birini emgenmän kesip taşlamaga mümkinçilik boldy. Indi ýene-de ýüpleriň hatda ýeke birisini hem şeýdip kesip bolaýsa, elbetde, bu edilmeli işiň esasy bölegininiň edildigi boljakdy. Onsoň düwleniň aýagujuna gerimli ädimläp, bir geçip bolsa, onuň guýrugyny ýüplerden boşatmak o-diýen, şeýlebir kynam düşmejek ýalydy.

Ýöne ýüpleriň üçünjisini kesmäge welin, süňňüniň töwereginde peýda bolan böwşeňligi aňyp ugran sarç düwleniň ýol bermejegi belli boldy. Ol öz-özünden tebil tapyp, göwresiniň ähli bölegini boýnunyň ýanyna toplaýjaga meňzäp, düýrügip-ýazylyp ugrady, soňundanam bagyryp, alagoh bolup, özüni zyňdy segräp asmana, tas heniz ýüpden boşamadyk, iki gapdala sereşlenip, sübsä meňzäp duran guýrugyny hem galdyryp, bidir giderli göründi.

Goja birden çaýkanan gaýygyň badyna entirekläp barybam, onuň motor berkidilen ýerine uruldy, awundy. Jany ýanyp, düwlene käýindi:

— Haý, mazardat deýýus diýsänim, saňa aslynda ýagşylyk ýaraşmaz diýerler! Men-ä muny boşatjak bolýan, bu-da şeýdip işi bulaşdyrýar. Ýene biraz tagapyl edende bolaýjagam weli... onsoň boşabam gitjeg-ä sen...

Ýöne goja henizem düwleniň düşen gününi öz Bertasynyň düşen gününe meňzedýänligi üçin, ony tiz bagyşlady. Biraz özüni ele alyp, entireklän wagty elinden gaçyran çakgysyny gaýygyň içinden, düwleniň guýrugynyň töwereklerinden bir ýerlerden tapyp alansoň, ýene-de ony boşatmagyň aladasynda boldy. Aşyrma kemer ýaly bolup düwleniň daşynda galan çeki ýüp, düwne gelýän beýleki iki ýüp kesilensoň, indi ýagşy halparypdy, eger düwlen sähel üşük etse, onda ýüpüň aşagyndan göwresiniň ol bölegini hem özüne tarap çekibem alyp biljekdi. Ýöne welin guýrugyň daňlyşy juda berkdi, goja ol ýerdäki ýüpleri kesişdirensoň, dogrudanam, ortadaky kesilmän galan ýüpi kesmegiň asla geregi-de bolmady.

Düwlen ikinji gezek özüni asmana zyňan mahaly, oňa öz göwresini jemläp, onuň uly bölegini gaýygyň çep erňeginden aşyrmak başartdy. Gaýyk düwleniň badyna birbada bir gapdala eňňit atyp, agdararly göründi. Öz ähli agramyny garşylykly tarapa atan goja zordan düňderilmän galmak mümkin boldy. Şundan soň düwlene öz süňňüniň orta bölegi bilen, ganjaryşyp ezmiljireşip duran guýrugyny hem öz isleýşi ýaly ýüpden boşadyp, ýygnap almak kyn düşmedi. Ol: «Biz-ä gitdik onda, sizem aman galyň!» diýýän ýaly aşyrym atyp barşyna, guýrugyny howada galgadyp goýberdi.

Birsalym onuň özüni suwa başaşak uran ýeriniň ýokarsynda gan bölekleri çaýkanyşyp halka ýasaşyp duransoňlar soňra olaram tiz töwerege goşulyşyp ýitip gitdiler. Diňe birha-

ýukdan goja öz gerekli daşlaryny gola salan düwlen çagalarynyň şatlykly gygyryşyp, hol beýleden eneleri bilen üç bolup, ýag alan arkalaryny Güne ýalpyldadyşyp ýüzüp barýanlaryny gördi.

Goja «el-hal» diýşip özünden daşlaşyp barýan düwlenleri gözi bilen ugradyp guwanyp durşuna, ýene-de nebsagyryjylyk bilen onuň gan öýen şikesli guýrugyny ýatlady. Ýöne düwleniň özüne gerek iň esasy zady gazananyny, onuň yzysüre bolsa orslaryň: «Toýa çenli biter gider» diýen kellä gelen akylyny ýatlap, ony deňziň — lukman enäniň öz müňbir derde derman şor suwy bilen ýalap-sypalap tiz wagtda bitirip goýberjegine ynandy.

...Berta töwerekdedi. Goja häzir onuň özüniň edýän ähli hereketlerini gapdaldan synlap duranlygyna ynanýardy. Onuň boldan tikilen şo-ol toý köýneginiň tolkunlaryň depesinde akjaryp gidýänini hem goja görýärdi...

Biraz mundan ozal Bertanyň nazary goja: «...Bu janawary indi sen, şeýdip, meniň günüme düşüräýjekmi, söýgüli mesgeninden, bala-çagalaryndan aýraýjakmy?» diýip hasratly sereden bolsa, indi ol düwlenleriň şadyhorram bolşup, ýüzşüp baryşlaryny görüp, makullaýjylyk bilen: «Goý, gitsin... Her kim öz ornunda bolanda, şonda gowudyr!» diýip, gojanyň ýüzüne aýratyn bir buýsanç hem minnetdarlyk bilen seredýärdi. Dogrusy, häzir bu mesele, Berta ara düşensoň, asla başgaça bolup hem biljek däldi.

Goja gaýygynyň motoryny täzeden otlansoň, öýüne ýetmäge howlukdy. Ýene-de onuň ýüzüni mylaýym, çyglyja deňiz şemaly ýelpedi.

Onuň ähli küý-köçesi henizem Berta bilendi.

Bertanyň, ozalky özüniň pikir edişi ýaly gark bolman, onuň ýoklaryň däl-de, barlaryň hasabynda barlygy belli bolansoň, goja indi özüdir Berta bilen bagly zatlaryň hemmesine hut

gözleri açylan ýaly bolup, täzeçe seredip ugrapdy. Onuň ogly Elmanyň öýünde, Astahowyň aýal dogany myhmançylyga gelende olar bilen goşulyşyp aldyrylan ýadygärlik surat asylgy durdy. Şeýle suratlaryň ýene birisini bolsa myhmanyň özüniň alyp gidenligini hem eşidipdi. Ol aýal suratda Elmanyň çagalarynyň hersini bir eli bilen gujaklap, bagtly bolup ýylgyryp durdy.

Elbetde, ol aýalyň Astahowyň aýal dogany bolmaga hiç hili haky ýokdy, onuň hereketleri hem öz yzynda Elman ýaly ogly, goja ýaly söýgüli söwer ýaryny galdyryp giden jana-jan zenanyň edäýjek hereketleridi ahyryn. Onsoňam, galyberse-de, dosty Astahowyň: «Aýal doganym bar» diýeni onuň ýadyna düşenokdy...

Galgap barýan gaýygyň üstünde kükregine şemal urduryp, howlukmaç barýan gojanyň häzir oglunyň öýündäki şol surata tizräk ýetesi, ondaky ähli neberesini töweregine üýşürip duran gözi äýnekli, gartaşan, dolmuş aýaly täzeden üns bilen synlasy gelýärdi. Barybir, onsuzam goja eýýäm suratdaky agtyklaryny mähir bilen gujaklap, çagalarynyň üstüne ganatlaryny geren ene guşa meňzäp duran ol aýalyň başga biri dälde, onuň hut şol-ol öz mähriban Bertasydygyna ynanypdy.

***Aşgabat,***
***1999--2000-nji ýyllar.***

# NOWELLALAR

# DOGAN

Men ol günler deň-duşlarym bilen öz oýnamaly oýunlarymy oýnap ýetişip bilmez bir gara gündedim. Deň-duşlar bilen bäsleşilip, basdaşlyk edilip oýnalýanyndan bolsa gerek, oýunlar bolsa şonda bir-birinden hezildiler. Aşyk utmalydym. Düýn Töre meniň telim gün daşa süýkäp-ýylmap gyýpy eden gowy görýän gyzyl aşygymy utup alypdy.

Enem öýüň içinde oturan ýerinden her gün telim gezek maňa käýinip gygyrýar:

— Nirä atlandyň-uw!

Enemiň gulagy jam ýalydyr. Meniň eşegimi dikgirdedip barýanymy eýýäm eşidendir görseň.

— Eşegimi suwa ýakyp geljek.

— Heý, güýzde-däm bir eşek gün içinde iki-üç gezek suw içermi?

Dogrusy, meniň üçin eşegiň suw içip-içmezlige şeýlebir geregi-de ýokdy. Ýap-ýaňyja biz oglanlar bolup gumak ýolda eşek çapyşygy gepleşipdik.

Eşegi suwa ýakmak, maňa ony öýden alyp çykmaga bir bahanady. Ýogsam sygyrlaryň ýatagyny arassalap, goýunlara ot-suw berýänem, enesiniň «kömek ogly» od-a men-laý... Şonda-da häli-şindi eşegimi äkidip, ony Göroglynyň Gyraty hasap edip, garadere öwrüp, çapyp ýörenimi enem halanok.

Onsoňam men öýde ýeke oglan hem däl, öýde ýene-de mendenem başga bir Babageldi diýibem alty ýaşyny doldurup gelýän «ini» diýenem bir azar bar. Onuň-da bar işi mendirin. Bir ýere ugranyňy görse bolany, «Menem!» diýer-

de, düşer yzyňa. Aýtmaýyn diýsem, hut baran ýeriňe baryp, giren ýeriňe girip, yzyňa düşüp ýören itiň bar-da. «Sen gal!» diýseňem, çyrlap tutar bir nadaralygyna. Onuň sesini eşidişip, onsoň enemdir ejemiň ikisi iki ýerden: «Hä, näme boldy, balam?!» diýşip, hamala ony kimdir biri byçgylap, kesip duran ýaly, ylgaşlaşyp çykarlar hersi bir ýerden. Inimem ýarym-ýaş bolup aglap, arzyny aýdar-da durar:

— Meni özi bilen äkidenok — Ana, onsoň enem ugumy ýekeläp, maňa ýalbaryp ugrar:

— Oglum, sen akylly ahyryn. Jigiňdir. Onam oýnadaý özüň bilen. Uly bolsaň, jigiňem oýnatmalydyr...

— Ol oýnap bilenog-a...

— Öwretseň o-da oýnar, oglum...

Şu arada enemi köp ýalbartmaly däldigi ýadyma düşýär. Ýogsam, onuň gaharlanyp: «Hany, onda bile oýnamajak bolsaňyz, ikiňizem öýden butnamaň!» diýäýmegem mümkin. Düşünýän, enemiň diýenini etmekden başga alaç ýok.

Egninden siltäbräk çekip, öýkeli: «Ýör onda» diýýärin. Babageldiniň ýüzi gül bolup açylýar. Diýenini gögerden kişi-dä!

Ýadymda, bizi bu gezek «ar ýoluna» ataran bir gezek enemiň ýanyna görme-görşe goňşy obadan gelen aýal—enemiň gowy görüşýän jorasy bolupdy. Men jigim bilen enemiň gapdalynda üç sany aşykda «üç-üçem» oýnap otyrdym. Enem ol aýalyň gelenine begendi: «Wa, gyz, sen nireden çykdyň?» diýip, ony gadyrly garşylady. Öz-ä, dogrudanam, hiçneneň aýal hem däl ýaly, ol gele-gelmäne bize-de guwançly seredip, eneme biz baradaky ýaraýjak sözleriň birnäçesini aýdyşdyrdy:

— Tüweleme, agtyjyklaryn-a ýaş ýigit çykypdyr. Ikisem agyn kakalarynyň çagalygy-da, keşmer berşip durlar...

Ol aýal jigimi dagy has gowy gördi öýdýän, saçyny sypanynam az görüp, soň ony gujagyna göterip hem ogşady.

Enem iki aýal — iki jora bolşup, könäni dörüşip, çaý içişip, nahar iýşip otyrkalar, enem myhman aýalyň, alty-ýedi aýlykda durmuşa çykan aýal doganymyzyň obada goňşuraklarydygyny ýatlap, olaryň hem öýleriniň sag-gurgunlygyny sorady. Doganymyz ýatlananda, onuň mähriban keşbi biziň göz öňümize geldi. Sebäbi ony menem, jigimem gowy görýärdi. Şu günlerem häli-şindem ony göresimiz gelýärdi. Doganymyz öňler öýde biz bilen bile ýaşaýarka, ol joralarynyň ýanyna oturmaga, keşde çekmäge gidende ýoldaş edinip, ýany bilen meni, soňky döwür bolsa hemişe Babageldini äkiderdi. Indi bolsa ol gaýyn öýlerinden öz öýümize gezmäge gelende, bize derek «baldyzym» diýip bir hü ük saçly, ýortmançа gyzy yzyna düşürip gelerdi. Umuman, uly gyzlaryň «durmuşa çykdy» diýlip, gidibermegi meniň göwnüme jaý däl. Belki, şonuň üçindir, soňra «giýew» diýilýän garyndaşam men känbir halap baramok. Onsoňam men ol giýewi näme üçin halamalymyşym?! Törüňdäki guwandyryp, begendirip, öýe gelşik berip oturan doganjygyňy alyp gider-de...

Enemiň: «A, gyz, biziň gyzam görýänsiň-dä?.» diýip, beren soragyna myhman aýalyň biraz ýüzüniň üýtgemegine ilki men birbada düşünmedim. Yzysüre ol eneme bir ýakymsyz habary aýtjagyny mälim edip, boldumly ýüzüni el ugruna hamala ol ýerdäki pikirini bozýan ýaly edip sypalaşdyrdy:

— A gyz, aňyrdan: «Aýtmaýyn, ýüregiňi bulamaýyn» diýip gelýärdim welin, ýöne, soraňsoň, indi aýdaýaýyn. Özümä gözüm bilen göremok welin, ýöne ýakyn goňşulary görenmiş. Gyzyň giýew bilen känbir mäşi bişişmeýän borly. Giýewiň hol gün onuň ýaňagyna çalaýypdyram öýdýän...

Enemiň ýüzi könelip, üýtgese-de ol birbada «Hümmden...» başga söz diýmedi. Soňra onuň ýüzi: «Bazara gitsem, ony alsam, muny alsam, pulumam munça...» diýip, içinden hasap ýöredýäniň ýüzüne meňzedi. Ol diňe birhaýukdan özüne gelip, öz gepini myhman aýal obasyna dolanyp baransoň, şol

ýerde ýatlasyn diýýäne meňzäp gepledi. «Ejizlerine şarpyk çalnanyny eşitseler, doganlar-a halamaz...» diýdi. Soňra pikirinde kakama baýrynyp, Babageldi ikimiziň ýüzümize: «Entek bularam bardyr» diýýän äheňde buýsanç bilen seredip goýberdi.

Enemiň aýdýan sözleriniň hemişe dogry bolşy ýaly, bu gezegem dogrudy. Bu habar maňa-da ýaramady, gowy görýän adamsynyň bir ýerlerde ynjaýanyny eşitse, adam asla öz haly bilen bolmaz ekeni. Şol günüň ertesem bu gürrüň telim gezek ýadyma düşüp, göwnüme degdi. Enemiň: «Türkmen ejizine zulum edilse-hä, halaýan däldir özün-ä...» diýen nägile sözleri telim gezek gulagymda ýaňlandy.

Men ahyrsoňy oýlanyp ölçerip özümiň ejizimiň arkadagy-hossarydygymy ýatlap, çemini tapyp ar almaly diýen karara geldim. Şol günüň ertesi men Gün görnene mähetdel eşejigimi gaňňalap, bir amaty bolanda enemiň gözüne sap atyp, öýdäkilere syr bermezden goňşy obadaky giýewiň üstüne ýöriş etmäge taýynlandym. Gün çykyp duranam bolsa, howanyň çigregi bardy. Penjegimiň üstünden geýen güpbimiň jübüleri daşdan doly, tümmerilip durlar. Hany bir goňşy oba ýeteýin, onsoň bu daşlaryň öňünde giýew dursun! Bu daşlary men düýn ar almaga gitmegi ýüregime düwemden soň gaýramyzdaky daşly ýola gidip, şol ýerden saýlap alypdym. Hiç kime görünmäýin diýip, ýeriň pessi bilen uly ýola çykanymam şoldy welin, ine, jigim Babageldem bir ýerden «Gyg-gyg» diýip, «dörtýüzlük» welosipediň bir tekerini öňüne salyp, sürüp-kowalap geldi. Ine, saňa gerek bolsa! Men-ä şu göräýmesin diýip, köwejekläp, öwrüm edip, şundan gaçyp barýan, bu-da öňümden çykýar! Soňam hut şol öňki pikir edişim ýaly hem boldy-da.

Tigirini gapdala taşlap: «Menem!» diýdi. «Ýok!» diýseň-ä boljak däl, çabalanyp, turuzjak bir gohy. Onsoň hiç ýere gitmejegiň bes-belli. Nädeýin, elimi uzadyp, elinden tutup,

aýagymyň daraklygyna basgançak edip basdyryp, onam ýüzugra eşegiň syrtyna gondurdym. Ýogsam enem dagy duýsa, asla goýberýämi nä bu ýola meni?

Barmaly ýerine ugrugan eşek daşly ýoluň gyrasyndaky gumak ýol bilen dikgirdäp barýar. Babageldi, diýşim ýaly, eşekden ýykylmazlyk üçin geýen güpbimiň daşyndan gujaklap, eşegiň syrtynda, arkama ýaplanybraga-da otyr. Ýolda men oňa bu gezek doganlarymyzyňka öňküler ýaly enemiň ugradan bir zatlaryny dadyrmaga ýa-da haýsydyr bir ýetirilmeli habary ýetirmäge däl-de, ar almaga barýanymyzy, jübimdäki daşlary görkezip düşündirdim, baranymyzda giýewleriň öýlerine atyp salaýar ýaly oňa hem öz daşlarymyň iki sanysyny berdim. Babageldi nirä barýanymyzy bilensoň, dessine ol ýerdäki öz duşmanyny ýatlady: «Şolaryň çal horazlaram bardyr, men şonam urjak...» Çal horaz ol, şol Babageldi enem bilen doganlarymyzyňka gezmäge baranymyzda, onuň üstüne zyňan horaz bolmaly. Gorkuzany üçin, inim ondan öňem ahmyrlydy.

Men şondan soň inimiň hem ar almak höwesiniň özümiňkiden pes däldigine düşündim. Ýürekdeş ýoldaş bolanda adam özüni öňküdenem güýçli duýýar ekeni.

Gün bolsa depede bulutlaryň arasyna girip-çykyp ýör. Biraz ýörelensoň, ýalazy meýdanyň birneme çigreginiň barlygy duýuldy. Ýöne bizi «ar almak» maksadymyz biraz ýylydýardy. Barmaly obamyz, biraz üşänimiz üçin, öňküsinden biraz daş ýaly bolup göründi. Biz ahyr günortanyň öň ýanlary az ýöräp, köp ýöräp öz gelmeli ýerimize gelip ýetdik. Giýewleriň gapysynda eşegimizi keserdip durus. Giýew çykaýsa, daş ýagdyrjak, ýöne wagty bilen öýden çykan adam bolmady. Görsek, gapylarynda ullakan bir gulpam asylgy dur. Gör-ä nesibäni? Olaryň gapyny gulplap, bir ýere gideni belli boldy. Şol barmana biziň sesimizi eşidip, bir saryýagyzdan gelen inedördül adam goňşy öýden ýaýkanyp çykdy.

Gözüni süzgenekledip: «Bular kim boldugykan?» diýip dikanlady. Jigim ony giýewdir öýdüp, elindäki daşy atyp salmak üçin oturan ýerinden gozganjyrady. Öň gepleşişimiz ýaly, doganymyzyň göwnüne degen giýew göründigi, biz oňa ýerli-ýerden daş ýagdyrmalydyk. Ýöne jigimiň eli biraz galsa-da, onuň daşly, juda üşän ýumrugy açylmady. Onýança sary adam golaý gelip, bize ýüzlendi: «Eý, ýigitler, siz Nazar aganyň ogullarymy?» diýdi.

Ol biziň kimligimizi ýaňy doganymyzyň adyny tutup gygyranymyzdan çen eden bolmaly.

— Hawa.

— Nazar aganyň ogullary bolsaňyz, gaty gowy, hany atdan düşüň, özüňizem üşäpsiňiz, öýe girip ýylynyň, myhman bolup gidiň! Bibi ejeňiz dagam ýokdur, olar şu gün irden «togalaklar topbagy bilen» diýleni bolşup, şäherdäki gyzlary gelin edinýär, şoňa gitdiler. Toýy sowmanam gelmeseler gerek.

Men kän üns bermändirinem welin, Babageldä gaty üşän ekeni, görsem, onuň dodaklary sandyr-sandyr edýär. Ýaňy gelýärkä ýeňsämde bir şakyrdy bardy welin, men inim ellerindäki daşlaryny şakyrdadyp, özüni oba ýetenimizden soňky boljak söweşe taýynlaýandyr, diş gyjaýandyr öýdüpdim, onuň bolsa üşäp, dişleri şakyrdaýan ekeni.

Biziň Nazar traktorçynyň ogludygymyzy eşidip, hoş bolup myhman alan adamyň ady Aky, lakamy «sary» ekeni. Biz oňa Aky sary diýilýänine «ar alyşdan» dolanyp gelenimizden soň eşitdik. Görüp otursam, ol kakam öz traktory bilen şu obada ýer sürende, Aky sary hem onuň ýanynda kömekçi bolup, traktor sürmäni öwrenen ekeni.

Aky sary jigimi eşegiň üstünden göterip alyp içersine girdi, eltibem ony ýylyjak pejiň gapdalynda oturtdy. Men ondan ýeňseräkde oturdym. Onsoň saçak ýazyldy, onuň bizi naharlajagy belli boldy. Biziň öňümize tabakda bişirilen

heýgenek geldi. Aky sary ýanymyzda: «Alyň, iýiň!» diýip, bize iýdirip, özem kätebir tabaga elini uzadyp, iýenden bolup otyr. Jigimiňem iýşiniň ugry ýok, ol bir elini henizem jübüsinden çykarman otyr. Men onuň bu bolşuny gelşiksiz görüp, elini jübüsinden çykartdym. Ine, şu ýerde-de biziň syrymyz öz-özünden açyldy.

Babageldi biraz ýylan elini açan mahaly, ol ýerde meniň beren daşlarymyň biri bar ekeni. Men onuň häliden bäri üşän elini açyp bilmän oturanyny diňe häzir bildim.

Aky sary jigimiň aýasyndan çykan daşa seredip: «Bu näme?» diýip, atyp salaýmaga amatly daş bilen gyzyklanan-soň, men oňa ar almaga gelenimizi aýtmaly boldum.

Meni diňlän Aky sary ilkibir agzyny ýokary tutup, hezil edip güldi. Ol gülen wagty gözi ýaşaryp, sary ýüzi gyzyl ýüze öwrülýän ekeni. Soň ol gülküsini gülüp gutarman, iç girip-daş çykyp ýören aýalyna gygyrdy:

— Aý, heleý, eý, soýdur horazlaryň birini, ogluňam çagyr, käşir köwläp gelsin, palaw atar!

Nämüçinligini bilmesem-de men öz sözümiň Aky sara ýarangylygyny, onda özümize guwanç duýgusyny döreden-ligimizi bildim. Ol bizi ýylyndyryp, ululara hezzet-hormat edilişi ýaly, hezzet-hormat edip, guwanç bilen ugratdy.

Atlanyp doganymyzyň öýüniň gapysyna ýetenimizde, men ýene-de bir salym eşegi sakladym. Meniň şonda atyp salan daşym «taňk» edip olaryň gapysyna degdi. Inim menden mergen ekeni, onuň atan daşy penjirä degip, ony kül-uşak etdi.

Biziň gidenimizi bilmeselerem, dolanyp yzymyza geleni-mizi welin bada-bat bildiler. Eýsem, onça egleneňsoň, syr galarmy diýsene?

Aky saryň süýji diline, tagamly palawyna meýmiräp esli oturan bolsak näme? Gelsek, enem bilen ejem öýme-öý goňşulara baryp, bizi gözläp ýören ekenler.

Bize nirä, näme üçin gidenimizi boýun alaýmakdan başga alaç galmady.

Enem meni diňläp: «Şu sowukdamy?» diýip, sözüniň yzyny aýdyp bilmän, hamsygyp, jigimi gujaklap aglady.

Diňe birhaýukdan biz öýe girip, üstki geýimlerimizi çykaryp, ýyljak pejiň gapdalyna geçenimizsoň, enem ýene-de bizi eý görýän, hemişe arkamyzy alýan mähribanymyza öwrüldi. Soň bizi mähir bilen gurşap gepledi:

— Heý, bularyň şeýle aýazda digdireşip, bolup ýörüşlerini?! Otursaň-tursaň ýadyňa düşjek zatmy bu? Arsyz ýola gidip, nämemiş, Görogly bolup, ar alyr gelenmişler! Size ar alyp däl-de, üşäp, doňup gelen çagalar diýerler... Onsoň «güjümiň» daşyna üç mertebe at aýlap, ondan sary ýaýyň okuny hem geçirip, nyşan goýubam gaýtmaly ekeniňiz-dä...

Enem käýinse-de, hüňňürdese-de, indi onuň gep saluwynda, ýaňky aňyrdan gelen mahalymyz eşiden gahar gatyşykly alada ýok, gaýta, oňa derek, niredendir birýerlerden gelen garaşylmadyk buýsanç duýulýar.

Enemiň gepiniň arasynda Görogly begi ýatlamagyna, inim-ä bilemok, men-ä derrew düşündim. «Görogly» biziň öýde köp okalýan kitap. Onda Görogly gidip, ýaş wagty agladyp ýeňňesini alyp giden Arap Reýhandan ar alyp gaýdýar. Ol Bibijany atyň syrtyna alansoň, Arap Reýhanyň aşagynda ýatan güjüminiň daşyna: «Turansoň görsün» diýip üç mertebe at aýlap, güjüme ok urup — nyşan goýup gaýdýar. Biziň ar alşymyz hem eneme şol Göroglynyň ar alşyny ýatladan borly. Gep arasynda ýylgyrybam goýberýär.

# WELOSIPED

Men bolsam ikinji ýa-da üçünji klas okuwçysydyryn, kakamyň jigisi Göwher bolsa şol günler eýýäm onunjy klasy gutaryp barýan ulugyzdy. Ol ýetişipdi. Okuwa gidende özüne has-da timar bererdi, egnine ýaşyl mawutdan gysbyrak edilip tikilen ýakasy keşdeli köýnegini geýse, başyna kakamyň Aşgabada gidende getiren ortasy gyrmyzy gülli owadan ýaglygyny halap daňnardy.

Boýnundanam ýeňilräk gülýaka dakynyp, saçlarynam örüp, nogta ýaly edip bir öňüne goýbär welin, ana, onsoň owadany görseň, şony gör!

Soň görüp otursam, şeýdip, zer-zerbap geýnip, seýkin basyp ýöremek ulygyzlaryň özleriniň näzenin gelinlik bolup ýetişendiklerini deň-duş ýigitleriniň öňünde nygtamak ýaly bir zat ekeni.

Bir tapgyrda okaýan günlerimiz men, köplenç, okuwa Göwher bilen tirkeşip bile giderdim.

Bir ýola mekdebe ýetiberenimizde Göwheriň goňşy obadan welosipedli gatnap okaýan klasdaşy Sähet hasanaklap yzymyzdan ýetdi. Ol biziň bilen deňleşensoň, welosipedini birnäçe minut gapdalymyzda saklady-da: «Göwher, şu depderiňi düýn sen klasda galdyran ekeniň» diýip, bir küti gök depderi sumkasyndan çykaryp, oňa uzatdy. Nämüçindir, gürlän wagty Sähediň sesi, birhili, sandyrap eşidildi.

Göwher hem şundan soň ogurlykda tutulan ýaly, ýüzüni boz-ýaz edip, bir maňa-bir töweregine seredip, Sähediň uzadan depderini aladaly aldy. Sähet gelşi ýaly hem biziň duşumyzdan howlukmaç geçip gitdi. Soň görüp otursam, şol wagt bularyň arasynda söýüşýänleriň özara hymy-symy gürrüňjikleri başlanan ekeni. Oglan ekenim, şol gezek Sähediň welosipedli yzymyzdan ýetende depderiň arasyna salyp, uzyn

gije ýatman ýazan söýgi hatyny berenligini aňşyrmandyryn.

Galyberse-de, ol döwürler ýigitdir gyz bir-birlerini sulhy alşyp-söýşenlerinde hem bu ahwalaty toýa çenli ilden gizläp saklamaga çalşardylar.

Ýene bir gezekde bolsa men gaýramyzdaky derekligiň içinde olaryň iki deňemik bolşup, boý deňeşdirip gürleşip duranlaryna hem gabat geläýdim.

Sähediň ol obadan bolubam nämüçin häli-şindi biziň öýmüziň gapdalyndan welosipedli geçýäniniň sebäbi hem şundan soň maňa belli boldy.

Nämüçindir, men Göwher bilen keseki bir ýaş ýigidiň duşuşyp, gürleşip durmagyny halamadym. Gabandym. Entek çaga hasap edilýän-de bolsam, meniňem özüme ýeterlik, öýmüziň mertebesi bilen bagly duýgularymyň barlygy belli boldy. Şol günüň ertesi men Sähetden ar almagyň ugruna çykdym. Bir arakesmeden soň jaň bolup, hemmeler klasly klasyna girensoň, biraz özgelerden yza galdym-da, welosipedleriň goýulýan ýerine baryp dessine Sähediň welosipedini tanap, onuň tekeriniň ýelini boşatdym. Okuwdan soň bolsa onuň hasylap, dert-azar bolup, welosipediniň tekerlerini ýelläp oturanyny görüp, ar alanyma öz ýanynymdan monça boldum.

Bu hadysa üçünji gezek gaýtalanan güni Sähet welosipedini ýelläp otyrka, gapdalyndan geçip barýarkam: «Haý, garagol-eý!» diýýän manyda meni tanap ýylgyryp goýberdi.

Maňa şundan soň onuň bu işleri meniň edýänligimden habarlydygyny, ar almagy dowam etdirmek üçin başga ýol gözlemelidigim belli bolupdy.

Sähediň ýylgyrmasy köpler üçin düşnüksizem bolsa, meniň üçin welin ol düşnüksizem däldi, tötänleýinem.

Tomus düşüpdi. Göwher dagy depelerinde Güni jokradyp, ot basan pagtalaryny otdan çykarýardylar, men her gün bir gezek, ýaltanmasam iki gezek eşekli baryp, onuň otag otap, pagtanyň içinden çykaran hapa-haşal otlaryny eşegime ýükläp,

näçe ot berseňem asla doýrup bolmaýan gara sygrym üçin alyp gaýdýardym.

Bir gezek Göwheriň ýanyna ota barýarkam köpriniň aşagynda bukurak ýerde ýene-de şol tanyş welosipedi gördüm. Sähet göz öňüme geldi. Bu şoldur! Ol Göwher bilen duşuşmaga gelendir. Ýene-de gabandym. Eşegimden hasyr-husur düşdüm-de, welosipedi alyp, ony jaryň aýlanyp-öwrülip hokanak ýasap batly akýan ýerine eňterdim. Yzyndanam onuň suwa gidenini bilmez ýaly, biri alyp gidendir diýip pikir eder ýaly, gapdalyndaky birki sany buýany döwüp, sübse edindim-de yzlary süpürişdirdim.

Pagtaly kartanyň gyrasyna gelip, eşegimden düşen wagtym, meni tanan Göwher dagynyň ýanyndan gaýdan ak köýnekli Sähet oýtarlap, hol beýlämden meni görmeýän, tanamaýan ýaly bolup geçdi. Men onuň yzyndan seredip: «Görmedik bolsaň, gör hany, welosipediň-ä goýan ýeriňden tapaýmasaň gerek, häzir seniň ol welosipediňi suwuň düýbünde gurbagalar münşüp çapyşýandyrlar» diýip hezil etdim. Ýüpe çykjak otlarymy atyzdan gyra çykyp ýörkäm, Sähediň welosipedini gözläp tapman, kösenip ýörişi telim gezek göz öňüme geldi. Hezil edindim.

Ilki gelende: «Siz bilen garyndaş bolmaga geldim» diýip gelen çalsaç, hortaň aýal, ahyr alyp ýatdy. Pagta ýygymyň öňüsyrasynda biz Göwheri durmuşa çykardyk. Ony bir gün üsti bezenip-beslenen gyz-gelinli gelen gelnaljyly «Gaz-51» maşyn atlaz-ýüpege çolap alyp gitdi. Ýene-de bir zat, meniň şonda deňduşlarym bilen Göwheriň gelnalyjysyny kesekläp, öz aramyzda: «Meniň aýlap salan julk ýumurtgam bir adamyň maňlaýynda ýaryldy, meniň aýlan kesegim bir çişik heleýe degdi...» diýşip, göwün çaglaşyp galanymyz hem ýadymda.

*   *   *

Uniwersitetiň üçünji kursunda okam ýörkäm, haýsydyr-bir baýramçylyk mynasybetli gurlan ýygnanyşykda bir nätanyş gyz: «Siz Myrat dälmi näme?» diýip, meniň ýanyma geldi.

— Hawa, Myrat.

— Siz meni tanamadyňyzmy?

— Ýok.

— Wiý, men-ä sizi gören badyma tanadym. Öňler Göwher gelnejem bilen size köp barardym. Men şonuň baldyzy-da.

Ýadymda, ilki-ilkiler Göwher gelin wagty ol her gezek öýe görme-görşe gelende, onuň ýany bilen bir söte ýaly gyz hem gelerdi. Görüp otyrsam, ol hem şol gyz ekeni.

Şol gezek ýanyma gelip, Jennet maňa garyndaşdygyny ynandyryşy ýaly, şol ýylyň özünde ol maňa özüniň dünýäde iň görmegeý, iň mähriban gyzdygyny hem ynandyrdy.

Açmaly gapylaryny salgy beremsoň, indi bireýýämden bäri meni öý-işik etmegiň kül-külüne düşüp ýören ejem ýanyna hem goňşy aýallardan birini alyp, düwünçegini goltuklap, dessine gudaçylyga gitdi.

Ikinji hepde diýlende bolsa kakam dogan-garyndaşlarymyzyň ýene bäş-altysyny alyp, Jennet ikimizi geleşdirip, el göterişip, täze durmuşa ak pata bermek üçin olara gitdiler. Adatça, gelin boljak gyza gerek zatlar bilen bagly alynjak galyňyň möçberi hem şol gün gepleşilerdi.

Olaryň sanawy öýe gelende menem, ýeser ýaly, oňa seredäýmenmi?! Görsem, onuň bir ýerinde «welosiped» diýlip ýazylypdyr. Dogrusy, geň galdym. Soňundanam ejeme: «Buça bolanyna görä, eje, gudalaryňa «bir tank» diýip hem ýazdyrmaly ekeniňiz» diýip, olary ýaňsyladym. Ejem şonda:

— Aý-eýý... ony alnyp-goýulmaly zatlaryň sanawy düzülen

mahaly iň soňunda öz Göwherimiziň adamsy Sähet goşdurdy. «Bu näme boldugy?» diýenimizde bolsa, birhili, göwnühoşluk bilen düşnüksiz gülümsiredi-de: — Ol giýew boljak garagola men gaty beletdirin, sorasa, «Sähet muny goşdurdy» — diýip aýdaýyň, özi düşüner...» diýdi diýip, gürrüň berdi.

Maňa şundan soň şol birwagtky jara eňteren welosipedimi ýatlap, ýylgyrmakdan başga alaç galmady.

# ENE

***«Aglasa enem aglar...»***

Ýigidiň jesedi indi iki günden bäri derýanyň aňry etegindäki, keseki ýurda degişli bolan ýerde gara depe bolup gölerip ýatyr.

Marçak obasy derýa ýeňsesindäki Owgan obalarynyň biri bilen bir derýany orta alyp, bary-ýogy alty-ýedi ýüz ädim aralykda «onda sen, munda men» bolşup oturan goňşy obalaryň birisi. Ýigidiň yzyndan düýn şol ýerde owgan pelteňiniň (pelteň — esger) atan ýekeje oky ýetipdi. Ol indi şol ýatan ýerinde emedekläp derýa ýetip gelýäne meňzäp ýatyrdy. Pelteňleriň ikisi şondan bäri ýigidiň beýleräginde garawulçylyk çekip otyrdylar.

Ýyl gurak gelipdi. Üstesine, ýurt içi hem bulaşykdy, kimse baý diýlip türmä salynsa, ençemeleri maşgalalary bilen zir-zöwran edilip, alysdan-alys ýurtlara sürgün edilipdi. Hemişe gabahatlyk bolan ýerden göterilişi ýaly, bu obadanam rysgal ymykly göterilipdi. Ýigit dek mundan iki gün ozal, ýanynyň iki sany ýoldaşy bilen, öýden tapan-tupan, bir put-iki put dänä çalşyp bolaýjak goşa bilezikdir haly düşekçesini

alyp gidipdi. Alyş-çalyş bu iki goňşy obanyň arasynda ozalam edilmeýän zat däldi. Diňe orus ýurdy alyp, «mundan bäri meniňki, ondan aňry seniňki» edensoň, gatnaşyk selçeňleşipdi.

Ozallar derýanyň ilersi onuň gaýrasynda ýaşaýanlaryň arzuwly ýeridi, köplenç, derýanyň gaýrasynda ýaşaýanlar mal-gara sürüp gelip, ony bu ýerde bol bolýan bugdaýdyr mekgejöwene çalşyp, eşek, düýe ýüklenip giderdiler. Goňşy berekedinden peýdalanardylar. Täze hökümet gatnaşyk edilmegini islemeýän-de bolsa, barybir, henizem ogryn-dogryn baryş-gelişler galmandy. «Açlyk näme iýdirmez...» diýleni, soňky döwürde derýanyň ilersindäki marçaklylar derýanyň gaýrasyna ogryn-dogryn alyş-çalşa gatnamaly bolupdylar.

Merhumy öýüne ýygnamak, ony öz topragynda ýer-jaý etmek üçin owgan pelteňlerbaşy bilen edilen ilkinji synanyşyk netijesiz bolupdy, ýogsam, oňa ýörite derýanyň iki tarapynda hem tanalyp-hormatlanýan ahun adamy öňe salyp, ýüz tutup görüpdiler.

Soňra ýigidiň doganoglan agasy bir öküzi yzyna düşürip getirip toraňňylykda, owgan pelteňlerine görünýän ýerde daňyp, olar bilen gepleşik geçirmäge çalşypdy. Pelteňler öz aralarynda it ýakalaşan ýaly wagyrdaşyp näçe maslahatlaşsalar-da, wagty bilen anykbir netijä gelip bilmändiler. Ýigit bolsa henizem derýanyň aňyrsynda ýapynyň ýüzünde şol ýatan ýerinde ýatyrdy...

Öýde oturyp, erkekleriň ol ýerdäki balasynyň jesediniň getirilmegine garaşa-garaşa halys bolan ene ahyr karar tapman, birki sany aýal bilen gijöýlänler derýanyň boýuna geldi. Bu ýerde depäniň üstünde oglanyň garyndaşlary üýşüşip, öz keseki ýerinde ýatan jesetlerini gözleri bilen garawullaşyp, örtenişip otyrdylar.

Enäni görüp, onuň goňşy obadan gelen dogany alada galdy:

— Sen oturybermeli ekeniň-dä...
— Oturyp bolýarmy?
Ene ýüzugra oňa guraksy jogap berdi-de, ot ýakyşyp, maslahat edişip oturan hossarlaryň gapdalyndan geçip, depäniň eňňidine ýetip aýak çekdi.
Bu ýerden ýigidiň ýatan ýeri has gowy görünýärdi, aşakda guduman derýa aýlanyp-öwrülip akyp ýatyr, ýigidiň ýatan ýeriniň aşak etegi on-ýigrimi ädim töweregi ýaýylyp oturan eňňit, derýa tolkunlary şol eňňidiň etegini ýalap, süýkenişip akýarlar.
Ene bu görnüşi synlap, ilki: «Hä, balam derýa-ha ýetiberen ekeni, oňa bir özüni zyňyp bilen bolsaň-a, tolkunlar seni öz kenarymyza aşyrdy» diýip oýlandy. Soň bolsa suwuň batly akyşyndan çen tutup: «Bu ýer şeýle çuňam bolmaly däl...» diýip pikir etdi. Soňam ene derýanyň öz kenarlaryndaky başlaryny suwa egşip, haýsydyr bir aňyrdan ýüzüp gelýäne kömek bermek üçin uzyn-syryk gollaryny uzadyşyp duran toraňňy şahalaryndan wagty bilen gözüni aýyrmady. Pikirinde, aňyrdan gaçyp gelýän ogluny şol toraňňy şahalaryna ýapyşdyryp, bu kenara geçirdi.
Ene birsalym derýa arkasyny synlap, bagry birýan-gözi girýan bolup duransoň, bile gelen aýallaram alyp yzyna dolandy. Ot ýakyp oturanlaryň tarapyna seretmän, öňe — birýerlere seredip, olaryň gapdalyna geçdi. Gele-gelmäne-de, öýüň bir duluna çekilip, üstüni köne don bilen bürenip, gabra meňzäp ýatdy.
Garaňky düşensoň depede gözegçilik çekip oturanlar hem biraz ýylynmaga, ol ýerde ýatan merhumy almagyň maslahatyny täzeden giňişlikde etmäge öýe ýygnandylar. Nädilende nä boljagyny ölçerişip-döküşip, pikir basyşyp oturdylar.
Gijäniň bir wagty — ene aýak ýoluna çykan wagty hem goňşy öýde henizem adamlaryň hümürdisi bardy.

*   *   *

Daň saz beriberende ýeňsede birden oba itleriniň gowurdysy artdy. Kim-de bolsa bir ýat adamyň töwerekde peýda bolany belli boldy. Onýança kimdir biriniň aňyrdan aldyrany bar ýaly, itleriň öňi bolup ylgap gelýäni göründi. Merhumyň garyndaşlary bu mahal ýene-de depä gidip, merhuma gözegçilik edip, ony almagyň täzeden ugruna çykmagyň pikiri bilen otyrdylar. Aňyrdan ylgap gelen adam gapynyň öňüne hümerlenişip çykan adamlary görüp, demi-demine ýetmän: «...Ol ýere baryň, derýa boýa baryň!» diýip, bir bolmasy işiň bolanyny öz howlukmaç hereketi bilen mälim etdi. Adamlar som-saýak bolup, ylgaşyp derýanyň boýuna baran mahallary, öz öňlerinde süllümbaý ezilen enäniň kuwwatdan düşüp, yzy bilen beýleki kenardan süýräp gelen toraňňy salynyň iki-üç ädim öň ýanynda ýüzin düşüp ýatanyny gördüler. Toraňňy salyň üstünde merhum ýigit dem-düýtsiz ýatyrdy.

Derýanyň o başynda bolsa häzir ahmallygyny aldyran, başlary seleň selleli, ak balak, sölite ak köýnekli pelteňler ahmyr edişip, bir-birleri bilen büküdişip, ellerini salgaşyp, gaharly wal-wallaşýardylar.

Adamlar ýerli-ýerden gelip, goltugyndan göteren mahaly, surnugan ene dişinden syzdyryp eşidiler-eşidilmez dillendi:

— Alyň-da, indi ýer-jaý ediberiň!

Adamlar merhumy alyp ugran mahaly jahan henizem oňly ýagtylmaga ýetişmändi. Ýüzüne gara çeken sag kenar, çep kenardan daşlaşyp barýan toparyň yzyndan düşnüksiz seredip galdy.

# TÄZE ÝYL HESERI

Täze ýylyň öňüsyrasynda, Garagumuň çola gollarynyň birinde gözleg-barlag işlerini geçirip ýören geologlar toparynyň ussasy Öwez Aşgabatdaky aýal doganyndan garaşylmadyk ýagdaýda gyssagly habar aldy. Onda aýal dogany Öweze: «Jigim jan, ahyr azabymyz ýerine düşdi, saňa mynasyp gelinlik tapdyk. Täze ýyl agşamyna ýetişip geljek bol. Siziň Täze ýyly bir ojakda goşa bolup garşylamagyňyzy isleýäris. Bir ortamyýana, salyhatly, görmegeý maşgala, «ýalp» berip otyr...» diýip ýazýardy.

Öwezi şundan soň, Täze ýyl heseriniň galtanlygy belli boldy. Ýogsam ýas-ýaňyja-da onuň kellesinde ne bir ýere gitmek pikiri bardy, ne-de höwesi.

Täze ýyly hem ol şu ýerde, işdeş ýoldaşlarynyň arasynda geçirmekçidi.

Ol, galyberse-de, bu günler uzyndan-uzyn turbalary birbirine kebşirläp, onuň depesine özüniň galaýydan ýasan okarasyny oturdyp, Täze ýyly şol öz höwes edip gurnaýan telewizorynyň öňünde garşylamakçydy. Düýn bolsa oňa ahyrsoňy howadaky teletolkunlar bilen arany sazlamak hem başardypdy. Geologlar agşam naharyny mawy ekranyň öňünde oturyp edinipdiler.

Habar düşmezinden bir sagada golaý öň geologlaryň maşyny baýramçylyga gerek zatlary getirmek üçin, golaýdaky şäherçä ýörite gidipdi. Eger habar biraz öňräk gelen bolsa, belki, Öwez hem şol maşyna ýetişse-de ýetişerdi? Indi bolsa giç, ony on-on bäş kilometrlikdäki demirýol menziline taşlap geläýer ýaly goşda häzir başga bir ulagam ýok. «Gideniň habary özi bilen» diýleni. Giden maşyn bolsa yzyna dolanyp, kim bilýär, indi haçan geljek?

Bu ýerde geologlar on-on bäş günden iki tapgyrda işleýärdiler. Her onbäş günden bir topar gidip, onuň ýerine beýlekisi gelýärdi. Öweziň ýoldaşlary mundan on gün ozal iş nobatlaryny tabşyryp, dynç alşa gidipdiler. Indi olar Täze ýyl baýramçylygyny öýde — maşgalalarynyň arasynda geçirip gaýdyp gelmelidiler. Öwez sallah bolup, ol öýünde-de bir ýoluna göz dikip, garap oturanyň bolmanlygy üçin, giden bilen gidip, gelen bilen geljek hem bolup ýörmezdi. Dynç günlerinde, islese, çöle aýlanardy, maşyn gitse gidip, şäherçä baryp gaýdýardy. Gerek bolsa, işleýänlere kömek ederdi. Şeýdibem, ol onbäş günüň nähili geçenliginem duýman galardy. Has dogrusy, aýaly bilen aýrylyşany bäri indi iki ýylyň içidir, Aşgabada onuň aýagy çekmeýärdi. Hamala, barsa, şol agzala durmuş täzeden ýene-de gaýtalanaýjak ýaly ýakymsyz duýgulary başdan geçirerdi.

Ol ymgyr çölüň içi bilen gönüläp, demirýol badalgasyny nazarlap, töweregine üns bermän, gyssanybrak, derçigip ýöräp gelýärdi. Onuň häzir ähli küý-köçesi Aşgabat otlusyna ýetişip, oňa münmekdi. Ol otlynyň näwagtda badalga gelýänini anyk bilmese-de, çen bilen bilýärdi we badymy gowşatman ýöresem, oňa ýetişerin diýip tama edýärdi.

Ol ortadan uzynrak boýly, daýanykly ýigitdi. Durmuş tolkunlary özüni kenara atyp uran hasap edýän-de bolsa, ol heniz otuzam ýaşamandy. Ýigit goşlaryny goşhalta salyşdyryp, olary müňder edip, arkasyna alyp, özüne hallan atybrak duran örküç hem edinipdi. Onuň aýagynda işleýän wagty geýýän, özüne biraz ulurak bolup, gorsuldap duran ädigi bardy. Dynç alyşda geýýän ajarly köwşüni ol otla münensoň geýmek üçin dolap, goşhaltasyna salypdy.

Töweregi gyş aýlarynyň birisiniň eýemsirenip oturanlygynyna seretmezden, howa sowuk däldi. Umumanam, indi birki ýyldan bäri gyşyň Täze ýylda juda garaşylýan gary wagtynda ýagman, ile: «Tebigat-a üýtgäp ýör-ow, Täze ýylda

dagy ýagmaly dälmi, gurbany gitdigim, ýer gar bolup ýatsa bolmaýarmy?» diýdirip, arzuw edilýänine seretmezden, gaýmazak tebigat añsat gaýmaýardy.

Bu ýylam gyşa geçip, howa sowap, ýere birnäçe ýagyn düşen hem bolsa, heniz gar ýagmandy. Ýöne ýigidiñ göwnüne bu gezek Täze ýyl akja gara çolanyp, akja bäbek bolup geläýerli görünýärdi.

Düýnki gün bulut gelip, asmany gara keçe bilen lagambir ýapaly bäri tebigatyñ bir hyýala münüp, diş gysyp, çyglyp-çytylyp ugrany hem anyk duýulýardy.

Ýigit ýola şaýlanyp durka howanyñ öwzaýyny synlap: «Täze ýyla bir ýagaýady, asman-zemin agaryp, bar zat täzelener ýaly, ýöne ýagsa-da, men demirýola ýetip, otla münenimden soñ başlasyn, şonda Aşgabada gary yzyma düşürip, özüm alyp baranym ýaly bolar» diýip höwes edipdi.

Ol töweregiñ depelerine, olary aralabrak dörän, häzir ümsümlige öwrülip, garalybrak oturan jülge-saýlara, onda-munda okaralaryny sereşleşip, asmanyñ nemine göwün ýüwürdişip oturan gelinbaldyr keýigokaralara-da üns bermän, özüniñ yzynda küregenledip gar ýagdyryp Aşgabada barşy hakda, ak gary basgylap, täze tapylan gelin bilen ýöräp barşyny pikir edip, töweregine üns bermän, gümralyga berilýärdi.

Howanyñ ýyly däldigine seretmezden, ýigit biraz ýöränsoñ derçigip, onuñ egnine geýen köýneginiñ öñünde-arkasynda bölek-bölek ýerleri tenine ýelmeşip ugrady. Süññünden ýeñiljek bug göterildi. Ýigit ädimini haýallatmady.

Birsalymdan çölüñ arkasyny sypalaýana meñzäp ösýän aram şemal birýerlerden goýun ýüññüniñ ysyna gatylan ýiti çör ysyny getirdi. Tizdenem golaýdaky göbek bolup oturan depäniñ üstünde añyrdan otlap, depäniñ güneý tarapyna agyl berip agyp gelýän goýun sürüsi göründi. Öwez, belki, onuñ çopan-çolugyny tanasa-da tanaýandyr. Sebäbi geologlar bu

öwräniň çopanlarynyň köpüsi bilen tanyşdylar, gatnaşykdadylar. Ol sesýetimlikde süriniň töwereginden oýtarlap, çopan taýagyny biline kese basyp, onuň her ujundan bir goluny geçirip, uçmaga ganat ýasanan ýaly bolup ýören çopany görse-de, häzir oňa üns bermedi, ýogsam çölde gowy görülýän zat dünýäde ýeke galan ýaly bolup ýörkäň, kimdir biri bilen duşuşyp, gümür-ýamyr etmekdi, şeýle pursatda adam hamala ýene-de köpe goşulan ýaly gönençli-- özi üçin ýakymly bir duýgyny başdan geçirýärdi.

Häzir onuň hatda bu gowulyga saklanmaga-da wagty ýokdy. Indi birmahaldan bäri ýetişip münmeli otlusy onuň pikirinde, her menzili bir basyp, Kösäniň Bozdumany ýaly güpürdäp, howlugyp badalga ýetip gelýärdi.

Häli-şindi ol özüni gözli-başly etmek üçin alada galyp ýören aýaldoganydyr giýewsini, janköýerlik edýändikleri üçin, täze tapylan gelinligiň pikiriniň ýany bilen minnetdarlyk bilen ýatlaýardy. Ol gelinligini heniz görmedik-de bolsa, ony öz höwes edişi ýaly eti-gany ýerinde, ortadan ýokarrak boýly, ýüzi hoşroý, gözastyndan özüne hyrydar seredýän maşgala hökmünde göz öňüne getirýärdi. Täze ýyly mele gelniň huzyrynda garşylaýşyny özüçe süýjülik bilen ýatlaýardy. Öwez indi bireýýämden bäri beýle ýakymly duýgyny başdan geçirmändi.

Onsoňam, Täze ýyl her gezek şeýdip golaýlap gelende ýürekleri ersdirip, adamlary depesi şemally arzuw-höwes atlaryna ataryp, ýeldirgedip alaýmasy bardy. Täze ýylyň öňüsyrasynda ýene bir has ýiti duýulýan zat — o-da ýalňyzlykdy. Adam şeýle pursatda dünýäde özüne ýer tapanok. Öwez ýoldaşlary dynç alşa gidende hem öýünde özüne garaşýan şu ýekelikden elheder alyp, Aşgabada gitmän, çölde galypdy. Gör, bu durmuşyň oýunlaryny! Täze ýylyň heseri galtan ýigit heniz özüne taý boljak gelni görmedigem bolsa, onuň yşgyna berlip, aýagy ýere degmän, ýeňil gopup, çöl söküp barýar.

Ýigit ýöne näçe arzuw-islege berlip, özüni ganatlandyryp

ýörän-de bolsa, barybir, otla ýetişip bilmedi. Onuň badalganyň sesýetimligindäki bir depäniň üstüne çykanam şoldy welin, ol hatar gurup ugrap barýan otly kerweniniň soňky wagonlaryny görüp galdy. Indi bolsa ol hol, barýar temegine ýel alan taýçanak ýaly taýzaryp. Eden azabynyň ýerine düşmänligine Öwez diýseň lapykeç boldy. Ol şol duran ýerinde kejigip, goşhaltasyny gapdalyna atyp, derini sylyp, özünden güýçli ýaga duşan it ýaly, lapykeç lampa aşak oturdy. Otlynyň bu ýerden juda seýrek geçýänligini ýatlan wagty bolsa, ol hasam kejikdi. Derini sylyp, hyrçyny dişläp oturşyna, bolmanda, on bäş minut, ýarym sagat öňräk deprenmänligine diýseň öküňdi. Ýigidi ät goýan otly tizden gözdenem sumat boldy.

Bu ýerde demirýol badalgasyna eýeçilik edip ýören bir gazak maşgalasynyň barlygyna ol ozaldan beletdi. Ötende-geçende otlulara degişli baýdajykdyr çyrajyk görkezip, olary ugradyp-garşylap duran gojany hem ol telim gezek görüpdi.

«Belki, gitmäniň ýene-de bir mümkinçiligi tapylar» diýen inçejik tama Öwezi ruhlandyrdy. Ol badalga jaýyna golaý gelen wagty, onuň alnynda bilet satýan jaýyndan çykyp gelýän bir demirýolçy lybasyndaky gelin maşgala peýda boldy. Ol gijä galyp gelen ýigidi görüp, kürtdürip durdy-da, biraz geňirgenmek bilen:

— Otla geldiňmi? — diýip sorady.

— Hawa.

— Ol ýap-ýaňyja gitdi-dä! — diýip, gelin başyndaky papagyny çykaryp geýip, alada galanyny mälim edip, otlynyň giden tarapyna öwrülip seretdi.

Onuň halyna göwündeş gopmaga çalyşdy. Ýigit keseribräk durşuna o gelni gözastyndan siňňin synlady.

Gelin orta boýly, boldumly maşgalady. Onuň biraz göwresine darrak bolýan penjegi gelni has sarç, täsirli görkezýärdi.

Töwereginiň giňligini alan şemal çöl ösümlikleriniň, ýag siňen demirýol salnanlarynyň ýanyksy ysyny getirýärdi, onda gar ysam bardy.

Duluň gözüne zenan bolup ilerligi barmy? Öweziň öňünde duran gelne syny oturdy. «Hä, sagrysyny sypaýmaly gelin ekeni...» diýip, höwese beslenip oýlanybam goýberdi. Pikirinde Aşgabatda özüne garaşýan gelniňem şeýle hoşroý bolmagyny arzuw etdi.

— Sen geolog bolsaň gerek?— diýip, ýene-de gelniň özi hamala, otludan galanyny başga birinden görýän ýaly nägile bolup duran ýigide ýüzlendi.

— Hawa, şolardan. Guşluk töweregi Aşgabatdan habar aldym. «Gel» diýipdirler...

— Sen geolog bolsaň, bilmel-ä haçan bu ýere otlynyň gelýänini? Siziňkiler onuň wagtyny mendenem sorap, alyp gitdiler-ä. — Ýigidiň düşen ýagdaýyna berlip, gelin birden janygyp ugranyny hem duýman galdy.

— Indiki otly haçan gelerkän?

— Giç, ertir daňdandan bäri indi ýolagçy otlusyny görmersiň. Ýük otlulary bar, olaryňam diňe birisinden başgasy bu ýerde durman, okkessirim geçýär. Ol birem sagat on bire geler. Şonuň maşinistleri bilen dagy gepleşip, bir adam, ýarym adam aldyrmak mümkin. Onda-da maşinisti bir gowy adam bolsa. Ýogsam: «Kada görä gadagan» diýer-de, ýüzüni kese sowup bidir gider.

Ýigit soňraky hereketiniň nähili bolup biljegi barada aýgyt edip bilmän biraz üýşendi. Eňegini sag eliniň syňragy bilen gapjap, gözlerini süzüp, birhowa oýlandy. Golaý-goltumda gatnawly garaýoluň hem ýoklugyny lapykeçlik bilen ýatlady. Bu ýerde kiçijik wokzal jaýyndan başga bir bara-ýara, garaşyp wagt geçiräýere oňaýly ýeriň hem ýoklugyny ýatlap, hasam lapykeç boldy. Onam, ine, gazak gelin gulplap, ýygnanyp, öýüne gaýdyp barýar. Nä, indi şundan dolanyp, yzyňa gitjekmi? Eýsem-de bolsa, bäri-bärde geologlar düşelgesi barmy saňa?! Şol barmana-da ol nähili ýagdaý bolsa-da, özüniň yzyny gaýtmak islemeýändigine tiz düşündi.

Soňra ol ýene-de bir zat sorasy gelenini bildirip, gelniň ýüzüne seretdi. Başardygyndan başga perdeden gopmaga çalyşdy.

Özüniň zenan durkuna erkek kişiniň hyrydar synynyň düşenini duýan gelniň hem şundan soň nazaryny gizläp, uýalyp biraz gozgalaňa düşenligi belli boldy. Onsoňam nirede gören zady gelniň munuň ýaly hyrydar seredip, gurt deý ýalmanyp duran ýigit?

— Kelinşek! — diýip, ýigit bildiginden gelne has düşnükli bolar ýaly, öz sözüne bilýän gazak sözlerini hem garyp geplemäge çalyşdy — Men ol otla şu ýer-de wokzal jaýynda garaşsam näderkän?

Gelin garaşmadyk soragyna birbada näme jogap berjegini bilmedi. Bir wokzal jaýyna, birem ýigidiň ýüzüne seretdi.

Ol pikirini jemläp ýetişip-ýetişmänkä, Öwez ýene-de sözüni şol öňki hörpünde oýun hasap edilse oýun, çyn saýylsa onda çynyňam hilesiniň ýok däldigini mälim edip gepledi:

— Eger öýüňize çagyryp, ýyly ýerde myhman alsaňyzam, men garşy däl. Ýogsam, men bu ýerde nirä baraýyn? Eýýäm gar hem uçganaklap ugrady — diýip, töweregine garandy.

Bu badalganyň töwereginde demirýol ugrunda işläp, mal bähbidini arap, töweregiň giňişligini alyp ýaşaýan iki-üç sany gazak maşgalasy bardy. Gelnem şol maşgalalaryň birinden bolup, ýaňrakdan bäri hem ol öz goja kakasynyň ýerine badalga işgäri bolup işläp başlapdy.

Gelin zordanrak ýesersiremäge çalyşýan ýigide gözastyndan nazaryny aýlap goýberse-de, ýöne oňa bada-bat jogap bermäge howlukmady. Öweziň göwnine bolsa ol yzyna erkek adam düşürip barmagyň zenan maşgala gelşiksizligi barada, adamsynyň özünden: «Munyň nämaý?» diýip, nägile boljagy hakda oýlanana meňzedi. Gelin soňra zenanlarça sypaýyçylykly gülümsiräp, ýigidiň pikir edişinden has merdemsi hereket etdi:

— Ýörüň onda, bizde garaşaýarsyňyz!

Beýle nagt jogaba garaşmadyk Öwez gelin şeý diýen mahaly onuň ýaňagynyň al öwsüp gidendigini hem gördi we oňa gelin durdugyça tapmaça öwrülip barýan ýaly bolup duýuldy.

Garalyp-bürelip duran töwerek bu wagta çenli hyrsyzlanyp, hyrra yzyna öwrülerli, kellesi bulutlaryň aňyrsynda bir ýerlerde barlygy duýulýan, görülmedik bir äpet jandaryň göwresine meňzäpdi. Garaňky düşüp gelýän ýaly, töwerek kem-kemden garalýardy.

Özüniň oýunlyga salyp aýdan gepiniň çyna bitenini gören Öwez hem şundan soň, ýat öýe judabir barasy gelmeýänem bolsa, gelniň yzyna düşübermekden başga alaç galmady.

Gyzy aňyrdan bir nätanyş bilen tirkeşip gelende, öýüň enesi — aksaç aýal Täze ýyl agşamyna niýetlenip bişiriljek bäşbarmagyň ugruna çykyp, onuň etini bir gazanda ataryp, indem oňa soňra atyljak hamyryň ýugrumyny ýetirip otyrdy. Gyzynyň geler wagtynyň bolanyny ýatlap, ene oňa özüne kömek berdirmek üçin garaşybam otyrdy. Ýöne ol soňky döwürlerde, göýä öýe aýagy çekmeýän ýaly, işde köp eglenerdi. Ejesi: «Eglendiň-le, gyzym?» diýse-de, oňa: «Iş köp boldy» diýip, göwünsiz, gysgaça jogap bererdi. Işe gidende-de öýden irräk çykaýanyny kem görmezdi.

Gelin demirýolçy bolup, ýaňyrak işläp başlapdy. Goja öz ýerine bu işlere belet, çagalykdan bäri işlerine kömek edip ýören gyzyny geçirip, arkaýynlaşypdy. Gelin iki-üç ýyllykda ejesidir kakasynyň soňra giç giýew edinäýme niýeti bilen peýlän ýigidine durmuşa çyksa-da, olar öň bir-birleri bilen halaşmasa-da, bir düşekden örüp ugransoňlar, ysnyşyp giderler öýdülse-de, soňra ol tama-da çykmandy. Almata okuwa giden ýigit soň dolanyp, şol giden ýylam, ondan soňky ýylam gelmändi. Bir ýyla golaý mundan ozal, Kenjekeý ondan iň soňky haty alyp, adamsyndan tamasyny doly üzüpdi.

Ýigit oňa: «Kenjeke, sen gowy maşgala, tüýs demirýol ýassanyp ýaşajak gazagyň aýaly. Meniň bolsa ol durmuşda seniň ýanyňa-da aýagym çekenok, bilemok näme üçindigini. Maňa garaşma, Kenjeke! Bagtly bol!» diýip, bellisini edipdi. Şondan bärem ol durmuşda höwessiz, keýpsiz ýaşaýardy. Garrylar hem öz ýeke çagalarynyň düşen halyna gyýlyp-gynanyp ýaşaýardylar. «Senem, gyzym, şähere okuwa git» diýip, onuň şol ýerde öz hyrydaryny tapyp, bagtly boljagyna göwün ýüwürdip, oňa maslahat hem berýärdiler. Kenjekeýiň düşen gününe ejesi has-da ýanyp-bişýärdi, gyzynyň ýalňyzlygyny ýatlap, mahal-mahal ol öýde ýeke galanda hiç kime görünmän, Hudaýa ýalbaryp aglaýardy. Häzir ol Täze ýyla hemişeki endigine görä taýynlanyp oturan hem bolsa, öýde baýramçylyga mahsus şagalaňyň bolmajagyny, iýlip-içilensoň, gyzynyň otagyna gidip, özüniňem irgözinden ýatyp galjagyny pikir edibem kemsinýärdi. Gyzy ýaş wagty Täze ýyllaryň soňky ýyllardakydan has höwesli, has şatlykly bolanlygyny gowulyk hökmünde kalbyna ýylylyk çaýyp ýatlaýardy.

Daşky gapy açylyp, bir hümürdi gulagyna ilende, ene işinden başyny göterip, gapa tarap seretdi, şonda ol gyzynyň bir adam bilen aňyrdan tirkeşip gelenligini gördi. Şol pursatda ene geleniň kimligini oňly görmäge ýetişmedigem bolsa, onda hamala gyzy öz taýyny tapyp, şonuň bilen gelip giräýen ýaly duýgy döredi. Ol: «Ahyrsoňy!» diýip, uludan bir demini alyp, maňlaý derini eliniň tersi bilen sylyp goýberenini hem duýman galdy. Onýança-da ýigit aýak çekip, başy ak başatarly zenana biraz uýalybrak salam berdi. Ene ýigidi aýnada görlen ýaly tanamak isläp, salam alyp, ony aýratyn bir yhlas bilen siňňin synlady. Onýança-da habaryny berip, Kenjekeýiň özi dillendi:

— Şeşe, men myhman getirdim!

— Gelen — rysgal, geçiberiň!

— Ol şu töweregiň gözlegçi-geologlarynyň biri. Ýaňy

otludan gijä galdy.

— Haý, bolmandyr. — Garry ene birbada ýigidiň düşen haly barada oýlanyp, oňa nebsi agyrdy.

— «Otla çenli bizde oturyber» diýdim.

— Gowy edipsiň. Geçiber töre. Kakaňam maňa geçini soýup berensoň: «Mallara aýlanyp geleýin» diýip gidipdi. Indi o-da uzak eglenmez, geler.

— Garam ýagyp ugrady.

— Onda indi meýdanda uzak eglenmez, malyny ýataga gabar. Sen myhmany öz otagyňa geçirip, bir käse çaý ber... Men Täze ýyl saçagynam, giňräk görüp, seniň jaýyňda ýazandyryn.

Bu sözi ol myhman geljeginem aňypdyryn diýen äheňde aýtdy. Kenjekeýe «Bolupdyr» diýip, myhman bilen öz otagyna geçdi.

Soňra ähli zat myhmanly öýüň adatyna görä boldy. Törüne myhman gonansoň, gelniňem ýüzi açylyp, diliniň süýjäp ugrany belli boldy. Ol myhmanyna oturmaga ýer görkezip, çykyp gidensoň iş geýimini çalşyrynyp, özüne gelişýän uzyn etekli köýnegini, geýip başyna owadan ýaglyk baglap, gözleri balkyldap duran görmegeý gelin bolup geldi. Soňundanam Öweze süýtli çaý hödür etdi. Onsoňam gazak gelinleri ol çaýam öz elleri bilen özleri guýup bermeseler, göwünlerine jaý etmeýärler. Şol barmana-da gelin myhmanyna heniz oňly tanyşlyk bermänini ýatlap, sähelçe aşak bakyp uýatly ýylgyr-dy:

— Meniň adym-a Kenjekeý, seniň adyň näme?

Öwez içinden: «Kenjekeý, Kenjekeý. Türkmeniň «Kemjekerdem däl» diýen gepi bilen utgaşyk eken-ow» diýip, garagol pikir bilen oýlanansoň: «Menem — Öwez» diýip, gelne olam öz adyny aýtdy.

— Öwez, bu gazakda-da ýörgünli atlaryň biri.

Şol barmana-da gelniň bu adyň manysy barada oý ýöre-

denligi belli boldy. Ol:

— Bizd-ä Öwez at, köplenç, ýitgisi ýatlanylyp, şonuň deregine gelen çaga dakylýar.

— Bizde hem şeýleräk öýdýän — diýip, çaý içip derçigip oturan Öwez oňa öz adynyň manysy hakda henize çenli oýlanybam görmänligini duýdurmazlyga çalyşdy. Kenjekeý pikire berlip:

— Men bolsa seniň adyň Garlymyka öýtdüm. Sen gar ýagdyryp geldiň! — diýdi.

Öwez şol barmana gelniň gep saluwynda duýlar-duýulmaz henek gatanjynyň hem barlygyny duýdy.

Çaý başynda Öwez, dymyp oturmazlyk üçin, on-ýigrimi kilometrlikdäki özleriniň geçirýän gözleg-barlag işlerini ýatlady. Indi iki ýyldan bäri şol ýerde gözleg geçirýändiklerini gürrüň berdi. Kenjekeý ony diňläp:

— Siz gözleýän zadyňyzy henizem tapaňzokmy? — diýip, soňundan köpmanyly, ýeser ýylgyryp goýberdi.

— Siz, näme, gözleýän zadyňy tapmak şeýle aňsatdyr öýdýärmisiňiz, eýse? — diýip, gelniň gepiniň söz öwrümine düşünen Öwez hem dessine myssa ýylgyryp, oňa öz hörpünde jogap berdi we garşydaşynyň muňa özüçe düşünip, gyzaryp-bozaryp gidenini gördi.

Kenjekeý biraz oturyp, birki oýnam gep alşyp, myhmany bilen saldarlaşyp görensoň, Öweziň ýanynda özüniň ärini gören heleý ýaly, birhili, düşnüksiz halda höwese berlip, süňňüniňem goram-gowşak bolup barýanyny duýansoň, syr bildirmezlik üçin, bahana tapyp turmak bilen boldy.

— Men eneme-de biraz kömek edeýin — diýip, ejesiniň taýynlyk işlerine kömekleşmek üçin beýleki otaga geçdi. Telewizoryň öňünde Öweziň birsalym bir özi galdy.

Öwez içinden: «Gazak gelinleri degişgen bolýar» diýip, eşiden gürrüňini ýatlap: «Bu gelinde-de görýän weli, «Oýun kän-ow!» diýip küýlendi.

Her ýylyň ynsany ýakymly hyýala düşürýän Täze ýyl şemaly onuň gelmezinden iki aýa golaý dagy öňünden öwsüp ugrardy. Bulut gelip, dereleri duman alyp, meýdanlary gyraw örtüp, dünýä höwesli güýzärdi. Şolbir wagtda hem bu adamlaryň Täze ýyl bilen bagly pikirleriniň döräp, isleg-arzuwa öwrülip, ýaýrap ugran pursady bolardy. Ine, şonda-nam onyň Täze ýylda ýazasy gelýän toý saçagynyň başynda özüniň görmek isleýän adamlaryny mahal-mahal pikirinde üýşürip-çaşyrmak möwriti başlanýardy.

Birsalymdan eginlerine, depesine gar alyp, garaşylýan goja hem samyrdap, aýaklaryny bosagada, tarp-tarp kakyp, gapydan girdi:

— Haý, bu gurbany gitdigimiň ýagaýşyny? — diýip, gapynyň öňünde duran ýerinde ýapbaş telpegini başyndan çykardy. Soň öwrülip, egnine geýen güpbisiniň eginlerindäki garyny kakyşdyryp durdy. — Görýän welin, birki ýyllap dagy Täze ýylda ýagmansoň, ýagasy gelip giden ekeni munuň! Penje-penje torgaýlap küregenleýär...

Şol barmana-da onuň nazary gapynyň beýleräginde jüplenip goýlan del ädige düşdi. Begendi.

— Tümen-ä gelen däldir-dä? — diýip, geläýmegi ahmal garyndaşlarynyň biriniň adyny tutdy.

Kenjekeý aňyrdan gelip, kakasynyň çykaran güpbüsini asaçdan asmaga kömek edip durşuna:

— Ata, bizde myhman bar! — diýip, ony ýagdaý bilen tanyşdyrdy.

— Myhman bolsa, ol Hudaň halanydyr. Otludan dagy galan bolsa gerek?

— Hawa, otludan galan.

Bu sözi aýdan mahaly gojanyň gyzynyň biraz gyzaryp-bozaranyna ünsi düşmedi.

Ol garyň ýagmagyndan yrym tutup, şeýle günde myhmanyň gelmegine ýetip gelýän bir gowulygyň alamaty hök-

münde öz ýanyndan begendi.

Aňyrdan gelşine-de öz öýüniň töründe oturan myhman bilen şolbir wagtda onuň nähili adamdygyna çen urma bilen iki elini uzadyp, mylakatly salamlaşdy. Aýal maşgalanyň yzyna düşüp geleni üçin biraz öýde müýnlüräk oturan Öweze gojanyň açykýüzlüligi ýarady. Gojanyň parahat ýüzi, şöhlesi gaýdyşyp ugran ýakymly, boldumly ýüzüne mahsus nazary bardy. Öýüň içi ýylydy, ýakymlydy. Myhmanyň gapdalynda oturyp, goja ýaňybir onuň bilen soraşyp-ideşip ugran mahaly, edil ýeňse ýanynda damja şytdyldysyny eşitdi. Ol şol ýana öwrülende jaýyň üçeginiň iç ýüzünde çyg düwmeleri-niň örüp, indem ownujak damjalara öwrülip, iki-ýekeden damyp duranlygyny gördi. Bu gojanyň gurbaga kölüne kesek oklap, keýpini aldy. Onuň geçen ýyl şol ýerden çyg geçende, bir ussany tapyp, şol ýeriň döwük şiferini täzeledeýin diýip pikir edeni diňe häzir ýadyna düşdi. Unudyp, onuň wagtynda aladasyny etmänligine ökündi. Garyň diňe bir ýagman, mundan soň onuň assa-ýuwaşdan ýeriň pessi bilen eräp ugranlygy hem belli boldy.

Üçekden iki-ýekeden damýan damjalar eýýäm poluň ýüzüni ýalpyldadyp, oňa düşelen düşegiňem bir bölegini ezmäge ýetişipdi. Goja ony görüp, adyny tutup, dessine gyzyny ýanyna çagyrdy.

— Kenjekeý, munda gel, balam! Taz bilen esgi-de alyp gel. Gar eräp, damyp ugrady!

Kenjekeý atasynyň sesini eşidip, oňa goňşy otagdan «hä» berensoň, eline taz bilen bir bölek mata alyp içerik girdi. Soňra ol orta ýazylan toý saçagyny biraz ýeňseräk çekmeklerini erkeklerden sorap, özi dessine, poly ezen ýagyş damjalaryny esgä siňdirip ýygnamagyň ugruna çykdy. Poly mazaly süpürensoň, her daman damja şyt-şytlap, ýürege düşüp durmaz ýaly, legeni ol ýere goýup, onuňam içine daşary äkidip sykyp gelen esgisini ýerleşdirip, ýaýraw alyp barýan çygyň

öňüni aldy.

Öwez seretmäýin diýse-de, iş edip oturan gelniň ak bileklerinden, ygtyýarly hereketlerinden nazaryny sowup bilmeýärdi. Ol ýagdaýy görüp şol oturşyna öz ýanyndan howanyň maýyl günleriniň birinde ýoldaşlarynyň biri bilen gelip, gojanyň öýüniň üçegini bejerip bermegiň pikirini etdi.

Kenjekeý myhmanyň ýüzüne uýalybrak seredip: «Şeýleräk ýagdaýymyz bardyr» diýensoň, ýene-de içerini tertibe salyp, ýeňil gopup, ýylgyryp çykyp gitdi. Daşarda bolsa ak bilen gara garylyp, dünýä barha goýalmak bilendi.

Goňşy jaýda mylgyryp bişip duran etiň tamşandyryjy, ýakymly ysy otaga dolupdy.

Nahar taýyn bolansoň, maşgala hiçneneňsi bolmadyk köne ýyly ugratmak niýeti bilen, pikirinde alysda mongalap gelýän mähirli çaga şekilli Täze ýyly garşylamak üçin myhman otagyndaky giňden ýazylan saçak başynada jemlendi. Bu wagta çenli içler syrylyp, ýagşy ajygylypdam.

Hoş bolup, bir zady ýadyna düşürip, turup giden goja ol ýerden bir eli dombraly, beýleki eli bir çüýşe arakly gaýdyp geldi. Ol dombrany öz oturjak ýeriniň gapdalynda goýansoň, getiren çüýşesiniň boýnundan tutup, ony gökden düşen ýaly edip, mazamlap, saçak üstünde goýdy.

— Mimanga aýap ýörgen şölmegim[1]...

Kenjekeý kakasynyň bolşuny myhman birhiliräk görer öýtdümi-nämemi, gözastyndan ony synlap uýaldy.

Ilki olar bu ýylyňam özleri üçin hiçneneňsi ýyl bolmanlygyny, adaty guragrakdan gelen parahat ýyl bolanlygyny ýatlap, köne ýyl bilen hoşlaşyk hökmünde ilkinji badany göterdiler. Öwez munuň özüni ýat ýerde oňaýly duýmak üçin hiç neneňsi bolmanlygyny gönençlik bilen oýlady. Içginiň goja hem kemje-kerdem bolmanlygy belli boldy. Ol şundan soň özüniň selçeň geçi sakgalyny selkildedip, nahara has

*[1]. şölmek - (gazakça) - çüýşe*

işdämen ýapyşdy. Kenjekeý ak bilegini eýläk-beýläk uzadyp, myhmana, özüniňkilere nahar-şordan mürehet edip, saçaga beýemçilik edip otyr.

Öweziň şol barmana gelniň şargara saçlaryny gerişläp, gelşikli edip ýeňsesine düýrleşine ünsi düşdi. Ýakasy giň, uzyn köýnegem oňa gelşip galypdyr. Gelniň gözleriniň otlukly köräp, höwesli bulduraýanlygy hem onuň ünsünden sypmady. Kenjekeý ilki myhman ýigidiň indi maý tapsa, özüne içgin seredesi gelip durmagynyň sebäbini onuň kakasy bilen çakyşdyryp içýän içgileriniň täsiridir öýtdi: ol kakasynyň özi barada bir gadyrbilmeze duşup, gadyrdan gaçyp galanyny oňa gürrüň bereninden habarsyzdy. Goja muny ýaňy gep arasynda ýüregine sygdyryp bilmeýän derdi hökmünde, gyzy içerde ýok wagty, ondan gizlin, gyzynyň şeýdip hyrydarsyz oturanyna ata hökmünde özüniň biraz kemsinýänligini mälim edip, ýaňy ýigit bilen soraşyp-ideşip tanşyp otyrka, köräp gürrüň beripdi.

Gelin ýigit nazarynyň özüni atymyna getirmek üçin kem-kemden golaýyna çekip barýanyny syzsa-da, birbada onuň hyrydarlykdygyna-da, oýundygyna-da düşünip bilmedi. Dogrusy, gelniň öz ýagdaýam häzir Öweziňkiden öwerlik däldi. Ol ýüzlenip, hödür edip, ol-bi zat barada gerek bolanda gysgaça dillenip oturyşyna syny oturan myhman ýigidiň ýolagçydygyny, onuň tizden ugrap gitjekdigi barada biraz alada bilen ynjalykdan gaçýardy. Täze ýyl gijesinde dagy ýekeligi Hudaý görkezmesin!

Hezil edip iýip-içip, baýramçylyk keýpine berlip oturan goja birsalymdan derini gapdalyndaky süpürgijine süpürensoň, höwes bilen dombrasyny eline aldy. Içerden oýmur-oýmur bulutlar göterilip ugran ýaly duýgular döräp ugrady. Uçgyryksyz gazak sährasy bilen at ýorgaladyp barýanlar oturanlaryň göz öňüne geldi. Bu saz Kenjekeýiň göwnüni göterip, gazaklaryň «Ýetip bilseň, posa al!» atly ýigitdir ýar höwesli

gyzyň at üstünde gaçyşyp-kowşup, heziller edip oýnaýan söýgi oýunlaryny göz öňüne getirdi. Ol birazdan özüni näz bilen posa bermejekden bolan bolup gaçyp barýan gyzyň keşbinde, Öwezi şol yzyndan kowup gelýän ýigidiň ýerinde göz öňüne getiren wagty, hamala, höwesinden dörän bu gizlin pikir töweregine-de äşgär bolan ýaly, zenanlarça uýalyp, sülmüräp aşak seretdi. Adamlaryň şeýdibem ýakymly sazyň jadysyna berlip ugranlygy belli boldy. Goja soňra özüniň gyryljyk sesi bilen ýokarsyna gözläp, hamala dodagy bilen ol ýerden bir zat gözleýäne meňzäp, çygjaryp, aýdym aýtdy. Öwez saçak başyndan biraz çekilip, aýdym diňläp, gussaly oýlanyp otyrdy.

Içeriniň gyzgyny göterilýän hem bolsa, daşarynyň howasynyň tenini gataldyp, sowaýanlygy belli boldy. Indi ýaňky üçekden damýan damjalaryň dammasy barha seýrekläpdi, soňra ol dammasyny düýbündenem goýdy. Üçege düşen gar eremez ýaly doňan bolmaly. Onsuzam ol «şyt-pyt» bir gapdalrakda bolansoň, indi oňa üns berýänem ýokdy.

Otly ýaly süýnüp geçip barýanlygy göz öňüne getirilen, gezegini geçirip, älemden hoşlaşyp gidip barýan köne ýyly saçak başynda oturanlar aýdym-saz, hoş sözler bilen gapdalyndan çykyp ugradansoňlar, onuňam Öweziň ýaňky münüp bilmedik otlusy ýaly, gapdaldan geçip barýanlygy belli boldy. Ýa-da onuň geçip barýanlygy ýatlananda ol şuňa meňzeş bir duýgy döretdi.

Bireýýämden bäri gözleri bürlüp, ukusy tutup oturan garrylar telewizoryň şowhunyna goşulyp, Täze ýyly öz ýagşy niýetleri bilen Aşgabada goşulyp garşylansoňlar:

— Siz indi Moskwaňam Täze ýylyny garşylaman ýatmarsyňyz. Biz-ä halys uky bürdi, indi gidip ýataýmasak, halys bolar ýaly däl — diýşip, ýerli-ýerden gozganjyraşyp turşup, öz otaglaryna gitmek bilen boldular.

Goja donuny gysymlap turan wagty myhman ýigidiň daňdanky otly bilen gitmelidigini ýadyna saldy, soňam ör

galyp, özüni ugradyp duran Öweze ýüzlendi:

— Ana, onsoň gitseň, senem sag bol! — Pikirinde bolsa: «Biziň öýe bir sen ýetmeýän ekeniň, oglum!» diýip oýlandy. Köpden bäri Täze ýyly şeýle göwnejaý garşylanym ýadyma düşenok? — diýdi.

— Menem şeýle?— diýip, özüniň bu öýde ak ýürekden myhman alynmagyndan göwni biten Öwez hem goja bilen hoşlaşyp durşuna mähirli ýylgyryp, onuň bilen bir perdeden deň gopdy.

— Geolog bolsaň, golaýda hem ekeniň, ýoluň düşse, bir gazak atam bardyr diýip ýatlap gelip dur. Özüň-de seniň şyragym bolýan ýigit-de ekeniň.

Ejesini otagyna ugradyp, aňyrdan gelen Kenjekeý kakasydyr Öweziň iki çüýşedeş bolup, bir-birlerinden aýrylyşaslary gelmän, henizem hoşlaşyp duranlaryny görüp, başyndaky ýaglygyny düzedip, olara düşünmek bilen göwnühoş ýylgyrdy. Şol gelşine-de baýramçylyk, şatlyk-şagalaňyndan ýaňa ýarylaýyn diýip, uly şowhun bolup duran telewizoryň burmasyny burup, onuň şowhunyny biraz peseltdi.

Soňam gapdaly bilen ýöräp, kakasynyň dombrasyny göterişip, ony öz otagyna uzadyp geldi. Ol yzyna dolanyp gelen wagty Öweziň öňki oturan ýerinde oýurganyp, pikire berlip, sus oturanyny gördi. Kenjekeý gelip, saçak başyna täzeden geçensoň, Öwez: «Eneň-atań bolsa, gör, nähili gowy!» diýip, uludan demini aldy. Onuň özüniň dünýeden ir giden ene-atasy barada oýlanandygy belli boldy. Kenjekeý gelip, Öweziň golaýynda atasy üçin atylan ýumşak düşekçäniň üstünde oturansoň, mylaýym ýylgyryp, ýene-de myhmanyna saçagyň üstündäki näz-nygmatlardan hödür etdi:

— Nämedir bir zat iýip otursana, myhman!

— Beýle-de bir iýmek bolarmy?! Köp iýdik, süýjem bolupdyr.

Gelin saçak üstündäki boşan arak çüýşesine göz aýlap

goýberensoň, myhmana bir käse çaý guýup uzatdy:

— Onda bir käse çaý içäý!

— Çaý — başga gürrüň? — diýip, Öwez gelniň uzadan çaýyny göwünjeň aldy.

Käsäni uzadyp süýnen wagty ýigidiň ýyly demi haplap gelniň ýüzüne urdy. Soňra gelni erkek adamyň howurly deminiň öz halyna goýmanlygy belli boldy. Kenjekeý ýüreginiň urgusynyň güýçlenip, agzynyň balyk iýeniň agzy ýaly taplap, kepip ugranlygyny syzdy. Şeýle-de bolsa, ol syr bermezlige çalyşdy. Öwez käsäni boşadansoň, gelne hyrydar gözläp, ony gaýtadan uzatdy:

— Gowy çaý bolupdyr. Ýene bir käse guýup goýber! — Soňra-da ol gelne seredip, taryna kakyp görmek üçin henek atandan bolup gürledi. — Munuň ýaly gowy toý saçagyny taýynlap, demini berip, şunuň ýaly türkmeniň halaýan çaýynam demläp bilýän bolsaň, men-ä gitmenem sizden! — diýdi. Ýylgyryp söz diňläp, käsä çaý guýup oturan gelniň jogaby şundan soň duýdansyzdan nagt boldy:

— Seni gidirjek bolýan barmy?!

Bu gep Öweze dilden aýdylan däl-de, ýürekden çykan seda bolup eşidildi. Kenjekeýiňem häzir hut öz höwesinde, öz pikirinde oturanlygyny syzdy. Şundan soň, ol öz haly bilen bolmady-da, höwese berlip dünýäni unudyp, gelniň goşaryndan harsa tutdy-da, ony özüne çekdi...

Gelin birhaýukdan bir zat ýadyna düşüp: «Men häzir» diýdi-de, onuň golundan zordanrak sypyp, diwardaky her gözi düşende ýigidiň gitmelidigini ýatladyp duran sagady ornundan göterip aldy-da, gidip ony goňşy jaýa eltip geldi.

Bu wagt eýýäm moskwalylar telewizoryň sahnasyny toýhana öwrüşip, bir-birlerini Täze ýyl bilen gutlaşyp, uly şowhun, uly päl bolşup, hezil tapyşyp otyrdylar.

* * *

Täze ýyl gijesi ýagan gar birki gün ýatansoň eräp, zemin ýene öňki kaddyna gelip ugrady. Şol günleriň birinde geologlaryň maşyny iş saparyndan boşanlary otly badalgasyna alyp gelende Täze ýyly Aşgabatda garşylamaga giden öz kärdeşleriniň biri Öweziň golaýdaky demirýolçy gazagyň jaýynyň üstüne çykyp, ol ýerde üçek düzedip oturandygyny, bir nurana gelniň aşakdan gerek-ýarak zatlary alyp berip, oňa kömek berip duranlygyny gördüler.

# INER ÝÜKI

Ýaşulular, olaryň içinde hem has-da synçylary baý durmuş tejribelerine, tebigy duýgularyna daýanyp, özleri bilen gatnaşykda bolup, iş salyşýan ýaş-ýeleňleriň geljekde nähili häsiýete, nähili hünäre eýe boljakdygyny öňünden aňýarlar, «akyl kädisinde» «şygyrdysy» özboluşly hem ýakymly «heň edýänlere» guwanýarlar, köpi görüp, «gözleri açylar ýaly» mümkin bolan ýagdaýda, olar bilen eýläk-beýläk bile-de gidýärler.

1967-nji ýylyň güýzünde Aşgabatda Türkmenistanyň ýazyjylarynyň köp adamly, uly ýygnagy boldy. Şoňa Marydan gelen şahyrlar Çary Gurbangylyç, Akmyrat Çaryguly—Erkin dagy bilen salamlaşmak üçin arakesme wagty idäp, olaryň ýanlaryna bardym. Ortadan sähel uzyna golaý boýly, goýungözli bir nätanyş ýigide hem gabat geldim.

Çary aga adaty degişgenligine salyp, gepe şüwlüm bermek maksady bilen, artdyryp aýtmak endigine görä:

— Bu oglan Tagtabazaryň sergin çölünde burnuna ýel düşen bugurçy ýaly bolup Mara gelende, eýýämden agzyndan ak köpük saçyşy göwnümize ýarady, onsoň muny höre-köşe bilen tutup, bärik alyp gaýtdyk — diýdi.

Akmyrat aga daşdan aýlap durmady, gylygyna görä, düşnükli bolaryny etdi:

— Muňa Agageldi Allanazarow diýýärler.

Men bu iki ýaşulynyň ikisiniň-de özüne aralyk bolar ýaly edip gürledim:

— Bugurçymy, inerçemi, ine-ganalykda göreis. Topbagymyz bilen çaýlaşmaga gideliň.

Jaýdan çykan ýerimizde halypa ýazyjy Hydyr Derýaýew duşdy. Hormatlap, ony-da ýanymyza aldyk.

Çaý başynda ýaşulular birek-biregiň hal-ahwalyny soraşdylar, geçmişi ýatlaşdylar. Gep arasynda men Agageldiniň Marynyň ýörite orta bilim berýän mugallymçylyk mekdebinde okaýandygyny, goşgy ýazýandygyny özünden sorap bildim. Aňrujy mümkinçiligi bolsa, ýokary okuw mekdebine okuwa girmegini, eger çeper döredijilige baş goşjagy çyn bolsa, düýpli ylym alyp, gözýetimini giňeltmäge

hökmany zerurlyk derejesinde üns bermegini, özümiň-de durmuş tejribämiň onçakly baý däldigine garamazdan, garaz, ýeri gelensoň, akylym kesişinden, oňa maslahat berdim.

Biz Agageldi bilen ýygy-ýygydan duşuşyp, döredijilik hem durmuş babatda pikir alşyp durmagy arzuw edip sagbollaşdyk. Emma uzak wagtlap görşüp bilmedik. Agageldi mugallymçylyk mekdebini tamamlap, alan ýörite orta bilim hünäri boýunça başlangyç synp okuwçylaryna sapak berip başlaýar, bir ýyldan harby gulluga gidýär, gaýdyp gelibem, Moskwanyň döredijilik işgärlerini ýetişdirmäge ýöriteleşdirilen A.M.Gorkiý adyndaky Edebiýat institutyna okuwa girýär.

Şol institutda 1974-nji ýylyň ilki aýynda ýaş edebiýat tankytçylarynyň bütinsoýuz seminar-maslahaty geçirildi. Oňa Türkmenistandan hem meniň bir özüm gatnaşdym. Şol wagtlar Moskwada Ýazyjylar birleşiginde türkmen edebiýaty boýunça geňeşiň jogapkär kätibi bolup işleýän ezber kyssaçy dostum Atajan Tagan alada galyp tabşyran eken, Agageldi Domodedowo aeroportunda öňümden çykyp, garşy aldy. Edebiýat institutynyň umumyýaşaýyş jaýynda özbaşdak otagda ýerleşmäge kömek etdi.

Seminar-maslahatyň işe başlanyndan bir hepde soň bizi edebiýatçylaryň Merkezi öýüne dabaraly duşuşyga çagyrdylar. Duşuşykda görnükli ýazyjylaryň, zehinli ýaşlaryň çykyş etjekdiklerini aýtdylar. Höwes bilen topar tutup bardyk. Uly sahnanyň töründe azy ýaran ýazyjylaryň arasynda Agageldi Allanazarowa gözüm düşdi. Institutyň dördünji ýyl talyby bolsa-da, onuň epeý ýazyjy hökmünde öz türkmen ilimiziň edebi abraýyny goraýşyndan begenjimden iki bolup bilmedim, biygtýar Agageldiniň adyny tutup gygyrdym. Duşuşygy alyp barýan dünýä belli aýdymçy-şahyr Lew Oşanin meniň bu oňaýsyz hereketimi gowulyga ýordy oturyberdi, ýaş türkmen şahyrynyň döredijiligini ykrar edip, hormatlamadan bir nyşan diýip yglan etdi. Bir-iki ýyldansoň bolsa onuň özi «Edebiýat we sungat» gazetimize ýöriteläp, Agageldiniň goşgularynyň öňünden öwgüli hödürnama hem ýazdy, türkmen şägirdiniň goşgularyndan ybarat diplom işine ýolbaşçylyk hem etdi. Şol diplom işiniň resmi opponenti—synçysy bolmak maňa ynanyldy. Döwlet synag komissiýasy uçurym talybyň döredijilik işine ýokary baha berdi.

Men bu zatlary ýatlamak bilen, Agageldi Allanazarowyň edebi döredijilige baş goşup ugranyndan uly halypalaryň-da, ýönekeý

okujylaryň-da ünsüni özüne çekip bilendigini nygtajak bolýaryn. Şemal bolmasa, çöp başy gymyldamaýar. Her bir şygyr ýazana hem beýle içgin üns berlip durulmaýar. «Boljak oglan bolşundan belli», Agageldi Allanazarow çeper döredijilikde turuwbaşdan öz ýüzüni görkezmäge çalyşdy, öz sözüni aýtmagyň ebeteýini gözledi, öňki torç edilen ýoldan gitmegi aňsadyna bakmak diýip düşündi. Çarkandagam bolsa, özbaşdak ýol-ýoda ugruna çykdy. Çarkandak ýerde owadan ädim urmak kyn bolýar. Käte antak-mantak hereket etmegiň-de mümkin. Agageldi Allanazarowyň goşgularynda, hususan-da, ulular üçin goşgularynda, göýä tekizlenen ýeriň käbir pytradylman galan bajaklary ýaly, käbir gödekleç setirleriň gabat gelmegini hem şu hili ýagdaýa syrykdyrmak mümkin. Emma bir zady welin bek bellemeli. Agageldi Allanazarow goşguda boş gürrüň etmeýär, serişdesiz, maglumatsyz geplemeýär. Oňa dekleratiwlik ýat. Serişdeler, maglumatlar goşgulara özboluşly beýanaty (epiki) häsiýetini hem berýär, bu ýagdaý durmuşy delillendirip, dogruçyl sypatlandyrmagy hem aňladýar, bu ýagdaý onuň durmuşy giň meýilnamada, uly möçberde görkezmek üçin kyssa tarap imrindirip gitmegini hem aňladýar.

Geldi-geçer döwrüň höküm sürýän aňyýet syýasatyna zoraýakdan laýyklaşdyrjak bolup, sungatda ýalan sözlemek juda aýyp hasap edilýär. Ýöwsellemek aýak tibirdisinden diýlip düşünilýär. Gorkup awa çykyp bolmaz. Edebiýat meýdany gorkagyň, ýöwseliň, iki ýüzli ýalançynyň ýeri däl. Batyrgaý döwüş gurup bilmeseň, nä körüň bar ol meýdanda?! Döredijі sözüniň manydaş sözi (sinonimi)— batyr. Döredijі adama batyrlyk hökmany şert. Agageldi Allanazarowyň döredijiliginde batyrlyk bütin aýdyňlygy bilen ýüze çykýar.

Beýik Watançylyk urşy hakynda köp ýazyldy. Tüýs sungat eserleri hem döredildi. Agageldi Allanazarow «Meniň Andy akgam» diýen goşgusynda gazaply uruşda nemes ýesiri bilen ýüzbe-ýüz bolan türkmeniň gürrüňini ýumarlaman, şeýle diýýär:

Syr saklady, asla syryn açmady,
Dyza hem çökmedi janyny diläp,
Jogap berdi soraglaryň baryna:
«CC men» diýip, şol bir sözi gaýtalap.

Komandiriň jany dagy ýanaýdy,
Atdy şonda ony it atan ýaly.
Meniň bolsa oňa nebsim agyrdy—
Bardyr ahyr çagalary, aýaly.

Bu ýerde urşuň ýowuz hakykaty, adamlary biri-birine garşy jellada öwrüşi, ynsanlyk ynsaby bolanyň muňa biperwaý garap bilmeýşi şygry (liriki) gahrymanyň pikirleniş özboluşlylygyna, gepleýiş äheňine laýyklykda berilýär.

Agageldi Allanazarowyň sungatdaky dogruçyllygy barada gürrüň barýanlygy üçin, özümiň şaýatlyk etmegimde onuň bilen bagly hakyky bolup geçen durmuşy bir wakany ýatlamak artykmaçlyk etmese gerek. Ýöne öňünden aýdyp goýaýyn, ol waka ýagdaýa görä desbi-dähillikde edilen zoňtar hereketiň netijesi, ol hereketem türkmeniň milli häsiýet özboluşlylygynyň ýylmanmadyk görnüşde ýüze çykmasy ýaly bir zat. 1994-nji ýyldaky şol seminar-maslahata gatnaşýanlaryň arasynda asly başga ýerli, alçaksy bir edebiýatçy bardy. Bir gün ol agşam meniň otagyma geldi. Agageldi hem ýanymdady. Iýildi-içildi. Dilleriň jähegi ýazdyryldy. Ýaňky alçaksy edebiýatçy on ýyla golaý mundan öň institutda okanda, aralaryndaky talyp türkmen gyzyny ýürekden gowy görendigini, ol gyz bilen tirkeşip, oňa-muňa-da gidendigini, emma ol gyzyň özüne baryp bilmejekdigini, aýlaman-dolaman, göni aýdandygyny, özi welin ýöne aýdybam goýaýman, gyzan kelläň ynyna heserlenip, ýanjap-ýanjap gürrüň berdi. Bir görsem, Agageldi ony ýakasyndan tutup, zöwwe galdyryp, sykaja salyp barýar. Olary abaý-syýsat bilen aralaşdyrdym. Ertesi ol ýigidiň özi gelip, mendenem, Agageldidenem ötünç sorady, hiç hili öýke-kine saklamaýandygyny, milli häsiýete gaty seresap çemleşmelidigine şu wakada has aýdyň göz ýetirendigini, türkmenleriň göräýmäge äwmezekdigine, üstesine-de açyk göwünlidigine seredip, öz aňryňda erbetlik nyşany bolmasa-da, olaryň ýanynda gömelteý bir zat diýip goýbermeli däldigini, şunlukda, türkmeniň juda namysjaň halkdygyna buýsanýandygyny aýtdy. Galdyr-bassyrsyz ýüregini açan ýoldaşymyz bilen ýene-de dostana gatnaşykda bolduk.

Agageldi Allanazarowyň «Iner ýüki» diýen powestinde namys bilen bagly ýaka tutuşykly bir waka Beýik Watançylyk urşy döwründe adaty türkmen obalarynyň birinde bolup geçýär. Üç dogany fronta gidensoň, uly öýüň garamaty gerdene düşen ýetginjek Ýazly powestiň baş gahtymany bolup, orta çykýar. Agyr durmuş ony taplaýar. Şonuň üçinem ol agy-garany tiz saýgarýar, özüniň durmuşdaky ornuna düşünýär. Onuň pikiriçe, bütin maşgalanyň mertebesini, namysyny erkek kişi hökmünde gorap saklamaly. Ýazlynyň ýaş başyna götermeli iner ýüki, ine, şu. Kişi kimin göterýärem. Ol ýeňňesini ite ýardyryp, gorkuzyp aşaklyk bilen onuň namysyna tokunjak bolaýana meňzeýän adamyň özüniň-de, bütin maşgalasynyň-da mazasyny alýar, itin-ä urup süýndürýär, öýünem otlajak bolýar. Ýazly gyzmalyk edip, üstesine-de dogumyna bäs gelip bilmän, gatyragam gidýär. Namys meselesi ara düşensoň, onuň mejburlykdan eden bu çökder hereketi okyjyny öz ygtyýaryna goýmaýar, onda içki agdar-düňderilişik döredýär, hatda nähilidir bir hili kanagatlanma ýaly duýgynam oýarýar.

Bir gezek gürrüňden-gürrüň çykdy-da, Moskwada bolup geçen waka bilen şondan ep-esli wagt soň ýazan «Iner ýüki» powestindäki wakanyň ilteşiginiň bardygy-ýokdugy barada Agageldiden dikanlap soradym. Ol iki wakanyň arasynda matlap-many taýdan hem, käbir kesgin hereket taýdan hem ilteşigiň bardygyny inkär edip bolmajakdygyny ýaňzytdy. Ýazyjy halkynyň ädehedi şeýle. Ol hemme zady bolşy ýaly uly ile peçen edip aýdyp durmaýar. Eserinde käbir zady üm bilen düşüner ýaly edip goýýar. Ondan özüňçe netije çykarmaly. Ýazyjy haýsydyr bir matlaba, pikire ömrüniň durkuna «göwreli» bolup gezýär. Agageldi Allanazarowyň hem kalbynda türkmeniň namysy, şol esasda hem, umuman, mertebe meselesi hemişelik orun tutup, dürli durmuş wakalarynyň täsiri bilen eserinde ol ýa beýleki bir görnüşde ýüze çykyp durýar. Gozgalýan mesele hakyky durmuş wakalarynyň çeper beýana (sýu ete) laýyklaşdyryp siňdirmegi bilen herekete gelýär. Laýyklaşdyrmak durmuşdan daş düşmek däl. Şeýle bir zady deňeşdirip göreliň. Käbir adam täze jaýa göçüp baranda, onuň asylky taslamasynyň ýerine ýetirilişindäki bejergilere, öwüşgin-şekillere, tanalmaz derejde bolmasa-da, öz islegine görä, belli bir özgertmeler girizýär. Ýazyjy hem çeper beýany (sýu eti) düzende, hakykatda bolup geçen durmuş wakalaryna özgertmeler girizýär. Şeýdýär-de, durmuşylyk çeperçiligiň ülüşlerine

öwrülýär. Durmuşylyk bilen çeperçilik biri-birini şertlendirýän zerurlyk hökmünde berjaý edilişi babatda eseriň häsiýetini kesgitleýär. Eseriň häsiýeti bolsa, öňdäki gysgaça degşirmelerden hem mälim bolşy ýaly, ýazyjynyň öz ruhy dünýäsiniň belli-belli taraplary bilen utgaşýar.

Muny başga bir maglumatyň üsti bilen-de düşündirip bolar. Diýdimzorluk döwründe harby gulluga çagyrylan türkmen ýigitleriniň lellimdigi, gowşakdygy hakynda gum sowrup, küpürsäp, köp gürrüň edildi. Agageldi Allanazarow welin «Ýedi däne» atly ilkinji powestinde hem, beýleki kyssa we şygry eserlerinde hem diýlişi ýaly däldigini subut edýän şekilde türkmen esgerleriniň dogumly, gaýratly hereketleri bilen, oňaýly häsiýetlerini açyp görkezdi. Özüni milli buýsanjyny bir öwrümde hem, şeýdip, ýüze çykardy. Ýa-da bolmasa, onuň çagalar üçin ýazan eserlerini alyp göreliň. Körpe gahrymanlar, hususanda oglanjyklar daşdeşenjedir. Olar degişmegi, gülüşmegi gowy görýärler. Umuman, Agageldi Allanazarowyň çagalar üçin eserlerinde ýumoristik häsiýet güýçli duýulýar. Bu ýagdaý körpelerde durmuşa söýgi döretmäge has netijeli täsir edýär. Agageldi Allanazarow çagalara niýetläp ýazan şowly eserleri üçin Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň baýragynyň, Türkmenistanyň Ýazyjylar birleşiginiň Hajy Ysmaýylow adyndaky baýragynyň eýesi boldy.

Agageldi Allanazarowyň kyssa eserleri, olaryň içinde-de «Sürgünler», «Düwlen» romanlary waka hem hereket babatda geriminiň giňligi, olaryň ýaýraw meýdanynyň düzlügi bilen, many-mazmun babatda pikir öwüşgünleriniň köplügi, şol bir wagtda-da çugdamlygy bilen häsiýetlenýär.

«Sürgünler» romanynda, bellibir derejede adyndan aňlanylyşy ýaly, taryhyň emrine görä, ýat ýere sürülip äkidilen türkmenleriň agyr ýagdaýlarda, kyn şertlerde: «Adam başy daşdan gaty» diýleni, hakykat ýüzünde amal edip, ykbal ýolunyň egremlerinden, öwrümlerinden töwekgellik, tutanýerlilik bilen geçişi görkezilýär. Şol ýoluň esasynda ýazyjynyň özüniň ata-babalarynyň hem hupbatly durmuşy ýatyr. Bu ýagdaý romanyň resminamalaýyn (dokumental) häsiýetdäki ynandyryjylyk äheňini güýçlendirýär. Ynandyrmagyň hatyrasyna ýazyjy öz gahrymanlarynyň gatnaşýan wakalarynden soňky ykballary barada çykgytda gysgadan degerli maglumat berýär. Elbetde, käbir gahrymanlar babatda şeýle edilýär. Sebäbi ähli gahryman babatda şeýle etmeklik çeper eseriň häsiýetine laýyk gelmeýär. Eger

ylmy iş bolsa, onda başga gep. Emma çeper eseriň ylmylyk häsiýetiniň bolmagyny-da inkär edip bolmaz. Çeper eserdäki ylmylyk döwrüň ruhunyň edebeiýatyň anyk taryhylyk ygtykaty (prinsipi) esasynda şöhlelendirmgini aňladýar. «Sürgünler» romanynda hem şu möhüm ygtykata eýerilýär.

Eserde XX asyryň otuzynjy ýyllarynyň başynda bolup geçen, zorlukly wakalaryň adam ykballaryna eden täsiri ýowuz hakykata laýyklykda çeper suratlandyrma arkaly berilýär.

Ol döwür SSSR-iň döwlet dolandyryş ulgamynda adamlary synpy nukdaýnazardan toparlara bölüp häiýetlendirmegiň güýçli depgin almagy üçin zorlukly çäreleriň işjeň görnüşe geçen döwrüdi. Öz gara zähmeti bilen günemasyny aýlap ýören hojalyklar hem tutuşlygyna ýa-da bölekleýin kulakçylyga çekilip, Sibire, Gazagystana, Özbegistana, garaz, hossar aýagy çekmejek ýerlere, türkmen aýtmaýyşlaýyn, «Gümgidene» iberilýärdi. Bu ýagdaý Murgabyň boýunda, Pendiniň düzünde azarsyz-bizaryz küren tutup oturan goja Kymyşyň maşgalasynyň üstünden hem apy-tupan bolup inýär. Gojanyň öý-işikli iki ogly-da çagalary bilen Gazagystana, Özbegistana sürgün edilýär. Romanda Kymyş gojanyň maşgalasyna aýratyn üns berilýär. Birinjiden, ýazyjy bir maşgalanyň ykbalynda tutuş taryhy döwrüň hasratyny, bu hasrat zerarly ýüze çykýan adam häsiýetini edebiýatyň çeper umumylaşdyrma (tipleşdirme) ygtykaty esasynda görkezmegi niýet edipdir. Niýetine görä amalam edipdir. Ikinjiden, şunuň bilen, gahrymanlaryň hereket çugdamlygyny üpjün etmäge üns beripdir. Elbetde, romanda şu maşgala bilen ilteşigi-gatnaşygy bolmadyk garymanlar hem çykyş edýärler. Hiç bir adam daşky dünýä bilen baglanyşyksyz bolmaýar. Hatda ol ýeke bolaýanda hem jemgyýetçilik durmuşda ýekebara bolmaýar.

Wakalar, olara gatnaşýan adamlar görnüşleri, häsiýetleri, matlap-maksatlary taýdan juda özboluşly aýratynlyklarynyň bardygyna garamazdan, ýazyjynyň dolandyrmagynda, eserde öňe sürülýän esasy many-mazmuny aýdyňlaşdyrmaga hyzmat edýärler. Netijede, eser bitewilik häsiýetini alýar.

«Sürgünler» romanynda öňe sürülýän esasy many-mazmun babatda nazara alynmagy zerur bolan üçünji bir ýagdaý pelsepewi (filosofiki) düşünje röwüşli öý-ojak meselesidir. Öý-ojak mukaddesdir. Kymyş gojanyň maşgalasy, bu mukaddeslige sarpa goýmak bilen, taryhy

durmuşyň çylşyrymly bir pursadynda ruhy taýdan berkemek çärelerini (prosesini) dogum-gaýrat bilen başdan geçirýär.

Kymyş goja we onuň maşgalasy taryhyň şaýady hökmünde barha we barha kämil derejä ýokary göterilýär. Taryhyň şaýady bolmak bilen, has dogrusy, taryhy dörediji bolmak halk bilen kybapdaş bolmagy aňladýar. Nygtap aýdýarys, «Sürgünler» romanynyň esasynda halk ykbaly ýatyr.

Şahsyň we halkyň ykbaly bu bütewilik Agageldi Allanazarowyň «Düwlen» romanynyň hem many özenini düzýär. Bu özen, ýagny esasy many-mazmun şahsy söýgi gatnaşyklarynyň mysalynda berilýär.

«Düwlen» romanynda beýan edilişine görä, Beýik Watançylyk urşunyň ody bilen tutaşyp lowlan söýginiň, gelip-gelip, parahatçylyk döwürde päsgelçilikleriň döredilendigine garamazdan, ynsan kalbyna ýylylyk berşi, şol ýylylykdan hem mähremligiň emele gelşi yzarlanýar. Eýsem-de bolsa söýgi gatnaşygynyň gözbaş alyp gaýdýan döwri beýle duýgy bilen gümra bolmagyň döwrümidi? Onda-da ömür bilen ölümiň ýüzbe-ýüz garpyşýan ýerinde. Söýgi — beýik duýgy. Beýikligi üçinem ol hiç bir galypa girmeýär. Agageldi Allanazarow galplaşdyrmakdan gaça durmak bilen hak edipdir. Bu—bir, ikinjiden, hakyky söýginiň ýurtlaryň serhetlerinden geçmek tebigylygyna üns beripdir.

Munuň özi romanyň beýan ýordamyndan (sýu et), liniýasyndan belli bolşuna görä, eseriň tebigylygyny aňladýar. Türkmen ýigidi Balkan Jahan urşuny başlan ýurduň özünde—Germaniýanyň jümmüşinde söweş böwşeňlikleriniň birinde nemes gyzy Berta bilen tanyşýar. Onuň bilen durmuş gurýar. Olaryň ogly-da bolýar. Göräýmäge, olar ömürleriniň durkuna bileleşip-de, bir ojagyň oduna ýylanyp, ýaşaşjak ýaly. Emma durmuş başga bir akym bilen gidýär. Balkan öz dogduk iline gaýdyp gelensoň, obadaş gyzyna öýlenmeli bolýar. Türkmen gelni Ummanyň gabanjaňlygy zerarly, söýgi odunyň howruna indi has beter ýangyna öwrülýär. Umman gelin hatda Bertanyň başyna ýetmegiň ugruna çykýar. Bu gazap onuň öz zenan mertebesini goramaga gönükdirilen okgunlygyny aňladýar. Berta, nähili-de bolsa, başganyň bagty üçin, yza çekilmgi makul bilýär. Emma göwün beren adamy Balkany-da, ondan önen ogluny-da ömürha unutmaýar. Özlerine duýdurman, olardan habaram tutýar. Näme üçin «duýdurman?» Söýginiň syry kän. Birinjiden, şonuň üçin, ikinjiden,

ozal göwün berendigine garamazdn, Balkanyň maşgala durmuşynyň bozulmazlygy üçin.

Romanda ynsanperwerlik düşünjesi bir öwrümde, şeýdip, ýüze çykýar.

Balkanyň özi hakynda aýdylanda bolsa, onuň Berta bilen gatnaşygynda hem, Umman bilen durmuş gurmagynda hem ikiliksiz, jerhetsiz häsiýeti nygtalyp görkezilýär. Umman garrap, agyr derde duşanda, Bertanyň özüniň-de ruhy azap çekişi şolbir ynsanperwerlik düşünjä baryp syrygýar.

Bu düşünje düwlen bagry Ummanyň derdine em bolar öýdülip, onuň gözleginde alada bary edilip ýörkä bütin aýdyňlygy bilen ýüze çykýr. Düwlen awlamak başa barmaýar. Sebäbi awlanjak bolunýan düwlen ene düwlen, onuňam çagasy bar. Bu ýerde ynsanperwerlik, tebigata bolan söýgi, ony gorap saklamak baradaky düşünje bilen utgaşyp gidýär. Beýik söýgi ýekebara däl. Ol ähli zady öz içine alýar. Onuň beýikligem şonda. Romanyň hem ady ýöne ýerden «Düwlen» däl. Ol iki manyda gelýär. Birinjiden, jandar adyny aňladýar. Ol jandaryň simwoliki keşbinde her bir zadyň öz ornunyň, öz hyzmatynyň, öz gözelliginiň bardygy nygtalýar, ikinjiden, başga birine zyýan bermeklige baryp ýetýän öz şahsy meýillerinden durmuşyň emri bilen el çekip, düwülmek, has dogrusy, özüňe erk etmek düwlen jandarynyň mekany, romanda görkezilişine görä, Hazar deňzi—ýaýlyp ýatan uly durmuş. Şol ümmülmez giňişlikde öz ornuny tapmak—ýaşamagy başarmak, munuň üçin dogumly, gaýratly bolmaly, okgunly hem dürs hereket etmeli.

Şu pikir Agageldi Allanazarowyň ähli eserleriniň içinden hem eriş-argaç bolup geçýär. Şu pikir çeperçilik taýdan umumylaşdyrylan adam häsiýetini, hususan alnanda, ýazyjynyň öz häsiýetini hem aňladýar. Aslyýetinde jemgyýetiň häsiýeti halk durmuşynyň jümmüşinde kemala gelýär. Durmuş bolsa döwre görä üýtgäp, özgerip durýar.

Garaşsyz hem Bitarap Türkmenistan üçünji müňýyllygyň birinji on ýyllygy ortadan geçende, Täze Galkynyş eýýamy ady bilen adykdy. Bu eýýam ýazyjydan täze döredijilik üstünliklerini talap edýär. Möhüm talaby ödemekden ötri, Agageldi Allanazarow döwrebap täze eserleri döretmek höwesi bilen has-da joşýar.

Ýeri gelensoň şuny aýdyp goýalyň. Agageldi Allanazarow ukyply, guramaçy edara işgäri hökmünde hem özüni tanatdy. Ol 1976-njy

ýylda Moskwanyň A.M.Gorkiý adyndaky Edebiýat institutyny gutaryp, Aşgabada gelşine, «Türkmenistan» neşirýatynda işe başlady. Biraz wagt Türkmenistan Ýazyjylar birleşiginde hem Türkmenistanyň Metbugat baradaky döwlet komitetinde jogapkär wezipelerde işledi. Soň ýene-de neşirýata gaýdyp geldi. Bu iş bilen utgaşdyryp, Kitap palatasynyň ýüküni hem gerdenine aldy. Nirede işlese-de, adamlara ýakyndan kömek bermek bilen, gulluk borjunyň ynsanperwerlik ygtykatyna ygrarly boldy. Özüniň «Iner ýüki» powestiniň simwoliki ady bilen häsiýetlendirilse, Agageldi Allanazarow döredijilik işinde hem, resmi, köpçülik işinde hem şu hili ýüki götermek başarnygynyň bardygyny subut edip bildi. Bir mahal Çary Gurbangylyç halypasynyň şol bugurçy diýýäni iner çykdy. Türkmen aga aýdýar: «Hatarda ner bolsa, ýük ýerde galmaz».

Kakajan Durdyýew,
Ýazyjy, dosent, Türkmenistanyň ussat mugallymy, Türkmenistanyň Ýazyjylar birleşiginiň Berdi Kerbabaýew adyndaky baýragynyň eýesi.

## MAZMUNY

**Ýazyjydan** .......... 5

**Sürgünler.** Roman .......... 9

**Düwlen.** Roman .......... 442

**Nowellalar** .......... 592

Dogan .......... 593

Welosiped .......... 601

Ene .......... 606

Täze ýyl heseri .......... 610

Iner ýüki . K. Durdyýew .......... 629

**AGAGELDI ALLANAZAROW**

**OJAK**

***Romanlar we nowellalar***

| | |
|---|---|
| Redaktorlar | N. Kakalyýewa, G. Gulbaýew |
| Suratçy | G. Okaýew |
| Dizaýn | R. Bazarow |

A - 40510. Ýygnamaga berildi 20.09.2006.
Çap etmäge rugsat edildi. 4/06 - 2008. Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy.
Hasap neşir listi 22.40. Çap listi 40. Sany 1000.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky
Ylym we tehnika baradaky ýokary geňeşiň
«Ylym» neşirýaty. 744000, Aşgabat,
Bitarap Türkmenistan köç., 15.

«Hatdat» hususy çaphanasy. Magtymguly şaýoly, 192A.